Aryş içre mekan tutan ajap dessanym bar meniň.

Magtymguly-Pyragy.

Meniň sözlerime düşün, şonda oňa ynanarsyň, Hudaýyň sözlerine ynan, şonda oňa düşünersiň.

Awgutsin AWRELIÝ.

# BIGIR PIKIR

Asman bilen zeminiň, geçmiş bilen geljegiň arasynda durmuş atly bimöçber umman möwç urup, çar ýana çaýkanyp ýatyr. Ýaşaýşyň ýokary başynda Biribar, aşak başynda melgun, alnynda ömür, ardynda ölüm bar. Külli adamzat perişdeler bilen mahlukatyň, aýan bilen pynhanyň, günä bilen sogabyň, ýalan bilen çynyň, haýyr bilen şeriň, hakykat bilen hyýalyň, ýagşylyk bilen ýamanlygyň, toý bilen ýasyň, uruş bilen parahatlygyň, adalat bilen jahalatyň, dowzah bilen uçmahyň arasynda müň bir dilde Hudaýa mynajat aýdyp, müň iki dilde çarhypelege, dünýä, barlyga gargap, müň üç dilde sögünýär, söýünýär, ýigrenýär, uruşýar, ýaraşýar, toý toýlaýar, matam tutýar, ölýär. Garasaý, dürs dünýä tersin inen beşerler ýeriň tersine aýlanyp, çakdan aşa çuň ylahy parasat esasynda gurlan bu owadan dünýäde ýaşamakdan başga ähli pişäni başarýar. Taryhdan aňyrdaky gadym-gadym Geçmişden tükeniksiz Gelejege tarap suwlunyp barýan ýaşaýyş asmanyň astynda gugaryp ýatan harabalary, ýeriň üstünde gabrystan-lary galdyryp, jesetlerini tohum deý ekip gidip barýar. Alla bilsin niräk! Dünýä döräli bäri çyrpynyp gelýän ýaşaýşyň hek heňňamyndan başlap top-tüpeň eýýamyna çenli dürli-dürli gerdanlary, heňňamlary, zamanlary garym-gatym bolup garyşypdyr. Çarhypelek ýaňyja gowakdan çykan daşy adampisint, içi mahluk adamlardan, beýnisi gara daglar ýaly egri-bugruly hemizaman (häzirki zaman) akyldarlaryna çenli ähli eýýamlaryň il-uluslaryny garyşdyryp-gatyşdyryp dürşde edip taşlapdyr. Halklar-halaýyklar, milletler, tireler, taýpalar, uruglar, diller, dinler bulam-bujar bulaşypdyr: göwnüňe bolmasa, beýik Biribaram bulam-bujar dünýäsinden baş çykaryp bilmän, başy ölümli adamlary ýowuz kysmatyna taşlap gidäýen ýaly…

Million ýyl bäri dünýäniň dürs hem çöwre ýüzünde ýaşap ýören adam-zat nireden geleninem, nädip peýda bolanynam, näme maksat bilen ýaradyla-nynam, hanjak barýanynam bilmän yklymlara aýlanyp, aslyny agtarýar, geljegini gözleýär,taryhyny toslaýar. Dünýäniň gursagynda ýapyşak çaga ýaly galan Wyjdan, zeminiň hak eýesi ýaly Melgun bendelere azar ýamanyny berýär. Dinler, dindarlar: Adam ogly, sen asmanda ýaradylansyň, seniň ataň beýik Hudaý diýse, zeminiň jemendeleri rastdyr diýýär! Alymlar, ylymdarlar: Adamzat, sen gowakdan çykdyň, seniň ata-babaň maýmyn diýse, zeminiň san-sajaksyz jemendesi rastdyr diýýär!

Asmanda Allanyň ak palçykdan ýaradan Adam atamyzyň— pygamberimiziň perzentleriniň müňýyllyklaryň içinden geçip, ýarym adam, ýarym mahluga öwrülenini synlanyňda ýakyn gelejekde o bedibagtlaryň ýene-de maýmyna, hyrsa, bijine öwrüljekdigine ynanýarsyň! Eger ylmyň öwredişi ýaly, adam maýmyndan dörän bolsa, onda adamzadyň kämilleşip-kämilleşip, tükeniksiz gelejekde ýagşyzada öwrülip, asmandaky uçmahy zeminde amal etjekdigine ynanýarsyň!

Aslynda söýgüden önen Adam ogullary söýýär, söýülýär, sebäbi bu owadan dünýäni, uçmaha gaýra dur diýdirýän jahany söýmezlik mümkin däl, emma her kim özüniň ynsan, iman, ynsap, duýgudar ýürek, pähim-paýhas derejesinde söýýär-dä! Dogry, adamlaryň zandynda ýowuzlygam, wagşylygam, haamlygam, kelesaňlygam, mahluklygam bar. Nätjek-dä, Adam ata dünýä enesiz gelip, ene mährini, terbiýesini, edep-ekramyny görmedik-dä! Onsoň onuň nebereleri hem inkubatoryň jüýjeleri ýaly bor-da!..

Allanyň azyzlan akyldar-aryflary bolsa tükeniksiz ýollarda, can-sajaksyz illerde, arşu-kürsüň arasynda sepilu-sergezdan bolup, Haky gözläp, Hakykaty agtaryp, ölüp nämälim älemlerde Hudaýa garylsa, läheň şahyrlar, akyldarlar, dana-danyşmentler jümle-jahandan ýaşaýşyň düýp manysyny agtaryp, dünýä, özüne, adamzada, döwrüne akyl ýetirjek bolup kelle döwýär. Dindarlar gümmi-sümmisiz Hudaýa bitip, kalbyna aram, köňlüne kanagat, o dünýäsine iman baýlygyny agtarsa, ýagşy adamlar ýagşylyk edip sogap gözleýär. Beýleki mygyllyk mähelle bolsa sozan-guýruk, ber-başagaý bolup, jümle-jahanyň dürli-dümen baýlyklarynyň, pulunyň-malynyň, genjiniň-hazynasynyň daşynda topalaň turuzýar…Umuman, ýaşaýyş diýmek gözleg-dä!

--Eý, Adam ogullary, kaýdan gelip kaýan barar siz?

--Eý, Adam ogullary, siz Hakdan gelip, ýene Haka barýaňyzmy?

--Eý, Adam ogullary, siz nämälimlikden gelip ýene nämälimlige barýa-ňyzmy?

-Eý, Adam ogullary, eger siz özüňize akyl ýetirip bilseňiz, syrly dünýä size pynhan gapysyny açar!

--Eý, Adam ogullary, siz näme üçin dünýä getirileniňize,näme diýip ýaşaýanyňyza akyl ýetirseňiz, näme üçin ölýäniňize düşünersiňiz!

Emma Ýer bilen Gögüň arasyna sygman garagyny gara guma gapdyryp gelýän apy-tupan nireden gelip, nirä barýanyny kaýdan bilsin?!

Bu tükeniksiz älemlerde aýlandyrylyp goýberilen dünýä-hä aýlanyp-öwrülip ýörşüne kaýdan gelip,kaýan barýanynam unudypdyr!

Dünýäniň ezizligi onuň pynhan-pynhan syrlylygynda, beýikligi bolsa onuň düýp manysyny açyp bolmaýanlygynda.

Adam ogly tükeniksiz älemlere seredip, oňa akyl ýetirjek bolýar, emma ylahy, arşaýy paýhas esasynda gurlan çylşyrymly dünýä ynsan paýhasy bilen akyl ýetirip bolmaýar.

Gündiziň çöwre ýüzi gije, ömüriň çöwre ýüzi ölüm, ynamyň çöwre ýüzi şübhe, barlygyň ol tarapy ýokluk, perişdäniň ol tarapy adam, adamyň ol tarapy mahluk, bakylygyň ol tarapy ötemenlik. Başy ölümli, ömri sanalgy Adam ogly Bakylyga ymtylyp, Jawudanlyga azm urup, wagtlaýyn dünýäde baky galmak—mukym (ölmezýitmez) bolmak isläp, sozan-guýruk bolup gelejege barýar, emma hä diýmän geçmişden çykýar. Adam ogullary dünýäniň manysyny agtaryp ölümini tapýar, aýan dünýäde ýaşap, pynhan dünýä gidýär, mawy asmana ymtylyp, gara ýeriň gujagynda jaýlanýar. Bir zamanlar toprakdan Adam ýaradan Ýaradan indi adamdan toprak ýaradýar!..

Bu niçik dünýä? Adam ogly, senden dünýä geljekmi-gelmejekmi diýip soraýan ýok. Sen garyp maşgalada, baý maşgalada ýa şa maşgalasynda ýaşajak-my, sen dünýäniň haýsy ýurdunda, haýsy eýýamynda, haýsy milletde, haýsy dinde, haýsy mezhepde gyz bolup, ogul bolup doguljakmy diýip sala salýanam ýok. Senden nädip ýaşajak, näçe ýaşajak, ýaş öljekmi, garrap öljekmi, keseliň penjesinde jebri-jepa çekip öljekmi diýýänem ýok. Ölümli, zulumly gara başyňdan näme inse kaýyl bolaýmaly! Kaýyl bolmasaňam, çyk Allanyň mülkünden! Onuň mülkünden çykmaga bolsa ýer ýok! Sen ýüz müň-ýüz müň tötänligiň biri…

Emma dünýäde tötänlik ýok, tötänlik, gudrat, keramat ylahy dünýäniň ynsan dünýäsine aralaşan arş hakykaty. Ýok, sen dünýä tötänlik zararly inen dälsiň. Seniň kalbyňda, seriňde, zandyňda--maňzyň, maksadyň, matlabyň bardyr, kim bolup näme iş bitirjegiň ozaldan çözlüp goýlandyr. Sen dünýä inen günüň geçmiş gutaryp, hemizaman başlaýar, sen ölen günüň hemizaman gutaryp gelejek başlaýar. Seniň ömrüň zeminden asmana, ynsandan Haka uzalan ýoldur.

Dinler köneleninde beýik Biribar zemine täze pygamberi ýollap, Adam ogullarynyň ynamyny mizemez eýleýär, eýýamlar köneleninde zeminde ulug şahyrlaryny, akyldarlaryny döredip, ynsanlaryň ruhy älemini, pikir-paýhas dünýäsini täzeläp, jahana täze dünýägaraýyş, täze ideýa, täze pikiri—bigir pikiri –ýyldyrym ýaly jümle-jahany ýagtyldyp, serleri seňseledýän pikiri, täze hörpi, çasly çaý ýaly sarç duýgulary, apy-tupan ýaly owsarsyz ruhy bagş edýär. Beýik Allatagala älemiň sowuk hem tükeniksiz tüm boşlugyny san-sajaksyz ýyldyzlardan dolduryp, jana getirişi ýaly, zemine beýik aryflary (mistiki ylym), ulug şahyrlary, akyldarlary getirip, olaryň jiger-bagryny ýakyp-ýandyryp, Geçmiş bilen Geljegiň arasyndaky tükeniksiz sowuk hem tüm boşlugy ýyladyp, ýagtyldyp ýaşaýşa many berip, Taryhy döredýär. Ol ulug şahyrlaryň orbitasy apogeýde beýik Biribara golaýlasa, perigeýde Melgun bilen galtaşýar. Olaryň birniçesiniň gubury sejdegäh öwrülse, birnijesi zabun unudylma dünýäsinde atsyz-sorsuz ýitip gidýär, birnijesi ölmeýen dünýäniň ykbalyna, halkyň kalbyna girip, Jawudana öwrülip Geljege gidýär! Meniň bu diwanym Geçmişde ýaşap, şahyrlygy pygamberlik derejesine göterip, goşgyny-şygry aýata-doga, keramata-sena öwürip, dünýä leb hem dem degmedik, entek ynsan dahanyndan çykmadyk, ýagy süpürilmedik, goýnuna girilmedik BIGIR(täze)PIKIR bagş edip, Gelejekden ölmez-ýitmez şuglasyny saçyp duran ýagşyzadalaryň ulusy, beýik Biribaryň welisi Allamyl—Allanyň pynhan syrlaryna aralaşyp, Akly—Gula-- Biribaryň absolýut parasadyna azm uran Magtymguly Pyragy

barada!

…Butparazlar Buddan alsa myradyn,

Hajatyny Hakdan dilän almazmy?..

…Müňkürler jem bolup ýykdy Käbäni,

Ýezit gitdi agaçlaryn satmaga.

…Ol ýigitler görde ýagşy,

Başy gowgaly bolmasa…

Göge azym ursaň Ýerde ýatar sen…

…Är tapmadym gulluk edem, ýol tapmadym Haka gidem…

…Gargyşym daglary mum deý erider,

Pür-pudak ýaýradar alkyş kylanym..

…Her nersäni bir wejh(dert) ile ýykar sen,

Daglary gar, jülgeleri sil bilen…

… Pygamber ornunda oturan kazy,

Para üçin elin aça başlady…

…Saýa bolar bir mähtäje nan berseň,

Hülle bolar bir garyba don berseň,

Bir ajy doýurmak hajdyr, ýaranlar…

…Häkim bolsaň halky Gün kibi çoýgul,

Öserde—ýol, ýa akarda suw bolgun…

.

..Hiç kim syrym bilmez özün öldürse-de…

…ÝA bir merde duş et, ýa-da Hudaýa,

Bende işi baş tutmady, art oldy…

…Sag gözüm sen diýseň, etmez sol gözüň…

…Bir musulman gaçsa iki kapyrdan,

Kellesine saňsar daşy gerekdir…

diýýän şahyr müňlerçe-müňlerçe aforizmli, pelsepewi aksiomaly, dartgyndan ýaňa zarňyldap duran ýalaňaç nerwleri, uçgunlary çabrap duran ýiti manyly aýdymlary, ýyldyrym ýaly sarç duýgulary çyrpynýan şygyrlary dünýä beren Magtymguly kim sen?

Dünýäde genial şahyr, beýik akyldar şahyr, keramatly aryf şahyr kän. Magtymgulynyň belentligi bolsa onuň düýbi ýok syrly pelsepelerine, gudratyna, keramatyna, ylahy dünýä sapyp gidýän pähim-parasatlaryna düşünip, onuň ylahy paýhasa, asman pikirlerine garylyp gidýän beýikligine çykyp, asyrlar geçdigiçe röwşenlenýän, çyraglanýan, datlanýan, ylahy oduna otlanýan poeziýasyna doly akyl ýetirip bolmaýanlygynda. Indi üç asyr bäri türkmen halky onuň pynhan syrly, jadyly, gudratly, keramatly poeziýasyna bendiwan bolup: “Magtymguly adammy?” diýen sowala jogap agtaryp, ömürboýy onuň aýdymlaryny diňläp, öwran-öwran goşgularyny okap, ýat tutup Magtymgulynyň adam däldigine ynanýar. Eýse adamdan beýik näme bar?

Şahyrlykdan şa şahyrlyga, zemin parasadyndan asman parasadyna, Ynsan paýhasyndan Ylahy paýhasa göterilen Magtymguly, men seni Geçmişden agtardym, seniň owazyň Gelejekden gelýär! Men seni Zeminden agtardym, seniň ýaňyň Arşy-aglada ýaňlanýar! Men seni adamlaryň arasyndan agtardym, emma sen ýagşyzadalara goşulyp giden ekeniň!

## KERWENIŇ IMANY

Magtymguly ýonaçy gurgun adamdy. Oňa dädesinden ýonahana bilen ýonaçy lakamy galsa-da, ol ýomudy, gökleňi baglan eýer ussasydy, barjamly adamlar, hanlar-begler üçin kümüşdir zer-zerbap bilen at eýer-esbaplaryny ýasardy. Atasyndan galan ýonahanany onuň ortanjy agasy ýörederdi. Ýonahananyň, umuman eýlenen gönüň ysy ýakymsyz bolýar, şonuň üçin olar obanyň ýokary başynda ýaşaýardylar. Ýonahana bolsa obadan hem bäş-alty ýüz ädim ykdady.

Ýonaçyňyň dört ogly bardy, hersiniňem arasy dört-bäş ýaşdan. Onuň uly ogly Döwletmämmet on bäş ýaşyna çenli oba mekdebinde, soňra köp ýyllar Bagdatda okady. Döwletmämmedi ylma bagş eden ýonaçy ikinji ogly Selimberdi Magtymgulyny öýerdi, agtyk gördi. Ýaşy bir çene baran uly ogly Döwletmämmedem öýerermen bolup gidenden-gelenden hat-habar ugratsa, ol «ynha ýaz çykdygy barýan, ynha, güýz düşüdigi barýan» diýip hat-habar ýollaýardy, emma özüniň deragty ýokdy. Ahyry sabyr käsesi synyp, gahry gelen Magtymguly ýonaçy Gürgenden Bagdada ugraýan söwda kerwenine dakylyşyp oglunyň yzyndan gitdi. Gürgeniň şol kerweniniň goragbegisi gerkezleriň hany Atanyýaz Kadyrdy, onuň otuz atlysy bardy. Ol hem atyň aýagyny ýazaryn, hem ýurt görerin, howamy täzelärin diýen niýet bilen alys ýola ugrapdy.

Asyl Döwletmämmet gelerden geçen ekeni. Ol erfana baş goşup, aryflyk ýoluna ymykly düşüp, pir çykan bolsa nätjek. Magtymguly ýonaçy oglunam, oglunyň keramatly pirinem ynjydyp, Döwletmämmedi erfanyň gujagyndan sogrup, ýene Gürgeniň kerwenine dakylyşdy. Gulydepeliler on bäş ýaşda okuwa gidip, otuz ýaşynda Gulydepä dolanan epeý pyýadany synlap haýran galdylar. Döwletmämmet ýaşlykda şohdy, şahandazdy, dilewardy, suhangöýdi, degişgendi, ynha indi bolsa dymyp ýör, hamana ýat illerde dilewarlygynam, şahandazlygynam, dilinem ýitirip gaýdan ýaly. Gulydepeliler entek beýle ýaş, beýle dana piri görmändiler. Döwletmämmet piriň kitaplary türki dünýä ýaýrap elden ele geçip okalýardy. Türk atamyzyň neberesiniň bolsa örlemedik örüsi, labyryny goýbermedik suwy barmy?!

Gulydepelileri ikinji haýranda goýan waka -- Magtymguly ýonaçy Bagdatdan ogluny alyp gelip, Atanyýaz han bilen guda boldy oturyberdi. Ýomudyň, Ahalyň, Sarahsyň han-begleriniň sawçylary ýagyp durka tamam gerkeziň hany Atanyýaz Kadyryň Aýdan ary, Günden nurly han gyzyny garamaýaga bermeginiň hikmeti nämekä, syry nämekä, sebäbi nämekä? Gulydepeliler şunça kelle döwseler-de, onuň aňyrsyna ýetip bilmediler...

Döwletmämmet Bagdatdan geläýen uçurlary şeýle waka boldy. Safawy Miraly Azamat han agyr leşger dartyp gijäniň içinden parran geçip, gökleňleriň-gerkezleriň üstüni duýdansyz basyp, döwüş etmäge gelýärkä, daňdanlar ýerden çykan ýaly agyr ýygnyň öňünden ak selleli, ak donly, goly hümmet hasaly, peşeneli nazarkerde kişi çykdy. Gyzyl-ot bolup gyrgynçylyga barýan goşunyň howalasyndan gurt-guşuň, yns-jynsyň gaçyp janyny gutarýan çagy haýsy akmak gana suwsap barýan leşgeriň öňünden çykyp biler?! Içinde jany, başynda märýek akyly bar kişi heý beýdip janyny töwekgellige salarmy?! Elbetde, ol kişi ýa aklyndan azaşan diwanadyr, ýa Allanyň alamatydyr!..Her hal agyr goşunyň ruhy tebil tapdy, birnije kişiniň endamy tisginip, birnijesiniň sandygynda nämälim heder bilen gorky peýda boldy. Ak peşli,ak donly kişi bolsa gollaryny gerip:

--Musulman doganlar, saklanyň! Eger siz musulman doganlaryňyza gylyç salyp, döwüş kylsaňyz arşy-aglada Allatagalanyň, zeminde pygamberleriň, ýagşyzadalaryň duşmany borsuňyz!—diýip gygyrdy. Azamat han ony aklyndan azaşan diwanadyr öýdüp:

--Gökleň han-begleri ata çykmaga gorkup, garşymyza däli-diwana, molla-müfti ugradar boldumy?—diýip, ýaňsylap güldi.

Diwana kişi:

--Hezreti Azamat han, töwellamy alda derhal yzyňa dolan! Ýogsam şu seniň soňky gezek ata çykyşyň bolar!

--Hah-hah-ha! Ölerinmi? Baý gorkuzdyň-ow!

--Ek, ölmezem-gülmezem bolup, galan ömrüňi ýer sermäp geçirersiň!..

Azamat hanyň ýanyndaky gylyç gemren serkerdeleri agyr goşunyň ruhuna zarba urup duran diwanany gürziläp, gamçylap öldürdim edip, ýüzlerçe ata-gatyra basgyladyp geçip gitdiler.Üstünden uruş geçip giden peşeneli kişi Döwletmämmetdi.

Dili senaly ýaş piriň aýdany boldy. Gökleňleri-gerkezleri duýdansyz gürpbasdy edip, talamaga barýan Azamat hanyň agyr goşuny duýdansyz halda üstüni basdyryp, dowul alyp, ibaly söweşibem bilmän, ala basgy bolup gaçdy. Gyrmaga barýan goşun gyryldy, olja almaga barýan ýygyn olja boldy. Agyr ýygnyny pürreledip gaçyp barýan Azamat hanyň aty düz ýerde büdüräp, özem tüwdürilip, başyndaky mis tuwulgasy ullakan daşa urlup, han essinden gidipdir. Garasaý, bir hepde on gün geçip-geçmän Ysmaýyl hanyň gözi gapylyp başlaýar. Ilki bir gözi, soňam ikinjisi!..Bu howp-hatarly,hikmetli habar dessine ile ýaýrady!

Diýmek, şol daňdan duşan diwana hökman Allanyň ýagşyzadasydyr! Sebäp onuň janyndan syzdyryp aýdan sözleriniň ählisi boldy. Elbetde, ol ýagşyzadadyr, ýogsam heý köp goşun az goşundan ýeňilermidi, ýogsam heý duýdansyz söweş etmäge barýan goşun duýdansyz gabawa düşermidi! Elbetde, ol kişi ýagşyzadadyr, ýogsam heý Azamat hanyň goşuny gökleňlerden ýeňilermidi! Elbetde, ol kişi ýagşyzadadyr, heý ýogsam atdan ýykylan pil ýaly Azamat hanyň garaklary gapylarmydy!..

Hawa, ibaly söweşibem bilmän, bosguna öwrülip, siňek ýaly gyrlan goşuna düýpli bahana gerekdi, sebäp gerekdi, özlerini aklamaga tutaryk gerekdi! Ýeňlip masgara bolan ýygyn: « Elbetde, ol kişi ýagşyzadadyr, heý ýogsam olaryň urup-enjip, öldürip, ýüzlerçe ata basgyladyp giden maslygy dirilermidi?!» diýen jümläni tutaryk edip ile ýaýdy. Şeýlelikde, Döwletmämmet ýatlaryň arasynda ýagşyzada saýyldy...

Maslyk bolup ýatan ýigidi haýsydyr bir çekene çopany tapyp, oba getirdi. Hekimler-tebipler bir aý-kyrk günde ony zordan aýak üstüne galdyrdylar. Gulydepede söweşde ýaralanyp, ýesir düşüp, yzyndan öwez-tölegi gelýänçä garaşyp ýatan bendiler kändi. Olar peşeneli Döwletmämmedi görüp, oňa gorky hem heder bilen tagzym kylyp başladylar. Azamat hanyň garaklarynyň gapylanyny eşidensoň-a görgüliler, Döwletmämmedi gördügi, tagzym üstüne tagzym kyldylar, ony Allanyň keramatly kişisi saýdylar... «Elbetde, ol syýrdam peşeneli kişi ýagşyzadadyr, ýogsam heý ol gerçekler gökleňlere ýesir düşermidi?!»

Il-ulus gudrata zar! Il-ulus asmandan-zeminden gudrata garaşýar! Sebäbi gudrat bar bolsa, olaryň ýalançy pany dünýäsi many tapýar, baky dünýäsi çyn, şübhesem hakykat bolýar! Şeýdip Döwletmämmet gudratly-keramatly kişä öwrüldi oturyberdi!

Dili dogaly, zybany senaly keramatly Döwletmämmet pirde pygamber adalaty, afzal danyşment parasady bardy. Ol mydam adalatyň, hakykatyň tarapynda, diýmek pukara halkyň tarapyndady. Ol akyllydy, onuň aýdýan dana sözleri nakyla öwrülip, dilden-dile, ilden ile geçip ýurda ýaýraýardy. Onuň ymam bolup oba metjidinde geçiren ilkinji wagzy- derhal Gulydepä, soňra tamam Türkmensähra ýaýrady. Döwletmämmet:

--Halaýyk, eger obada aç-gallaç, pakyr-pukara bar bolsa...eger obada agzalalyk, bibaşlyk, bulagaýlyk bar bolsa...eger obada azgynlyk-haramylyk bar bolsa...eger obada ogurlyk-orramsylyk bar bolsa, hummar oýnalyp şerap içilip, ýaramaz keýpler edilýän bolsa, onda ol obanyň hany han, kethudasy kethuda, ymamy ymam, mollasy molla däldir, begleri beg, aksakallary aksakal, baýlary baý däldir. Her oba, her il, her taýpa, her millet ullakan bir maşgala bolýar. Döwletli maşgalada biri iýmäge çörek, geýmäge eşik tapmasa, ondan döwletli maşgala bolmaz. Keremli Allatagala agzybir ile rysgal-döwleti ýedi esse artyk berýändir, perişdeler arassa saçaga gonýandyr, sylagly-sarpaly agzybir ile döwlet ýagýandyr!—diýip, gijäniň ýaryna çenli wagyz-nesihat kylypdy.

hhh

Magtymguly ýonaçynyň üçünji ogly Kerimberdiniň ýörgünli ady Kynyş begdi. Ol çagalykdan agasy Döwletmämmediň diwanlaryny, aýratynam hekimlige, attarlyga degişli kitaplaryny elinden goýman okaýardy. Şeýde-şeýde ol tebipçilik-hekimçiligiň, däri-derman ot-çöpleriň yşkyna düşüp, melhem serişdeleri ýygnamak, mumyýa tüpeňlemek işini kesp edinipdi. Eýranda - Turanda onuň barmadyk daglary, syrmadyk jülgeleri, görmedik sähralary-çölleri az-azdy. Kynyş beg Türkmensähranyň, Astrabadyň ençe-ençe attar dükanyny mumyýa, gyt melhem ot-çöpler, dermanlyk serişdeleri bilen üpjün ederdi.

Kynyş beg ençe gün ýol söküp, Eýranyň iň beýik dagy bolan Elburz dagynyň ýabany jülgeleriniň birinde düşläpdi. Ol aslynda depesi ala garly, degresi injirli-narly daglaryň aşygydy. Daglaryň howasy başgady, howalasy başgady, hümmeti başgady. Gara başy bulutly asmana girip gidýän dag gerişleri göwnüňi, göwräňi özünden has beýge göterip kalbyňam, şähdiňem açýardy, ruhuňam, keýpiňem galkyndyrýardy! Daglar, tüýs göwün ýüwürdip, arzuw-hyýallara çümüp oturmaly daglar! Seslenseň sesiňe seda berer, aýdyma gygyrsaň, ýaň bilen aýdymyňy gaýtalar... Kynyş beg daglara geleninde

ýaňadan dünýä inen ýaly bolýardy. Ol aslynda dünýewi adamdy, metjide gidip namaz okanyndan, Hudaýýň ýaňyja ýaradan owadan daglarynyň goýnunda namaz okanyny, keramatly ýerlere zyýarat edeninden, adam aýagyny basmadyk sähralara zyýarat edenini gowy görýärdi. Ol öz ýanyndan "metjidi adamlar salýar, bu daglary-jülgeleri bolsa Hudaýjan bina edipdir ahyry" diýerdi.

Kynyş beg heserli gelin ýaly jülgäniň goýnuna girip, howalaly daglaryň gujagynda gijäni geçirdi. Gara daňdan ýuwunyp-ardynyp, çaý-çöregini iýip, attar dogasyny okap Ataşakan ag gerşiniň arçaly-kerkawly jülgesindäki ýalçy gaýany ýeke göz dürbisi bilen dürbüledi. Uzyn gije howanyň çaňy-kirşeni çyg bilen ýuwulyp ýere düşensoň, Günüň ilkinji göz gamaşdyryjy şuglalary Ataşakan dagynyň gündogar ýüzündäki ýylçyr gaýasyna zer çaýdy. Uçut gaýa şeýle bir beýikdi, telpegiňi tutman ýokarsyny görjek gümanyň ýokdy. Kynyş begiň oljasy oňupdyr, ol häli-şindi oho-ho-ho diýip gözünden dürbini aýyrýardy, ýene ýalaň gaýany dürbileýärdi. Eýesiniň kesbine ökdeläp giden iti Aždaram ýalçy gaýany jaýryp, gaýnap çykan mumyýalary görüp, eýesine bakyp üýrdi.

Kynyş beg:

-- Oho-ho-ho!... Oho-ho-ho!... Päheheý, Aždarym, senem oňa haw-haw diýen bolýaň! Görmeýämiň o tamdyr ýaly-tamdyr ýaly mumyýalary! Onça baýlygy göreniňde dikine towsarlar!-- diýip, itiniň başyny sypady. Köpek ýaňadan ýalçy gaýa seredip, soňam kellesini biraz gyşardyp, Kynyş bege geň galyp tiňkesini dikdi, Kynyş beg onuň akylly hem düşbi nazaryndan utanyp-- Bolýala-how, ýöne ýalançy etjek bolup durmasana. Tamdyrça bolmasa, ojakça-ha bar şol!—Ajdar ýene oňa tiňkesini dikip üýrdi.—Aý, köpeý ogly, sen indi Görogly soltanyň bajasy, Jahan şanyň körekeni Kynyş begi ýalançy etjek bolýamyň? Ojakça bolmasa topazça-ha bar şol!

Kynyş beg atynyň, itiniň diline, aty bilen iti Kynyş begiň diline düşünýärdi, bir-birine ysnyşan mährem dostlardy. Ol ýylçyr gaýanyň on-onbäş gulaç aşagynda basgançaklap duran dilkaw kertiň üstündäki onbäş-ýigrimi sany ululy-kiçili arçany, ýaşyl öwüsýän dürli-dürli ot-çöpleri dürbiledi. Birden onuň nazary birhili ösümlikde saklandy. Ýekegöz dürbüsini tutup synlady, dürbisini aýryp synlady. Boýnundaky ýolýyrtan ýaglygyň çowlary bilen gözlerini süpürip ýaňadan synlady. Kärine werziş it bolsa iki ýana gatnap, gaýa bakyp üýrýärdi. Kynyş beg itine bakyp, hoşhal ýylgyrdy.

-- Aý, köpeý ogly! Gör-ha, saňa şa Apbasyň genji-hazynasy duşýar, sen bolsa aşyk ýaly mumyýa görüp, oda-köze düşýäsiň... Bolýa, seniňem göwnüň galmasyn... -- diýip, Kynyş beg iňlis tüpeňiniň nilini düýe ýaly ullakan daşa goýdy. -- Aždarym, atmak meniň bilen, tapmak seniň bilen! -- ol çugudyp oturyp ýylçyr gaýadan gaýnap çykan mumyýany nyşana alyp, mäşäni gysdy. Aždar gaýanyň aşagyna ylgady. Tüpeňiň elhenç gümmürdisi dar jülgä sygman, garşydaky gerşe urlup, soňra ýaňadan ýylçyr gaýa urlup, eýmenç ýaňa öwrülip, gulaklary gapyp gitdi. Aždar aşyk ýaly mumyýany dişläp getirip, Kynyş bege berip, ýene yzyna eňdi. Tüpeňiň güllesiniň uçuran mumyýalaryny çöpläp, torbasyna atan Kynyş beg Bozdumanyna münüp, itini yzyna düşürip, Ataşakan dagynyň gerşine uzaýan awçy ýodasyna düşüp, kötel-kötel ýerlerden aýlanyp, günortanlar dagyň gerşine çykdy.

hhh

Oho-ho-ho! Bir garadangaýtmaz keleňgir gerçek Magtymguly hakdaky pelsepeli eserimize urdurylyp girdi gitdi. Gözsüz batyr guduman zaňňara eser näme, entek ol tüweleýläp Merkezi Aziýany, Eýrany, Hindistany agdar-düňder eder, sebäbi ol guduz açan ar-namysdy! ýüzüne tüýkürilip, kalbyna garkyrylynan, wejera edilen wyjdandy, ynsanperwerlikdi! Ýigrendigi han-begler, galadar-weliler bolan Nedir entek namys atyny arladyp, adalat tuguny parladyp, ýalkymly pikirlere-ideýalara atlanyp, Eýrany çar ýanyndan basyp alan duşmanlary ýer bilen ýegsan eder, Eýrana-Turana, araba-ajama, taryha apy-tupan bolup aýlanar!..

Häzirki Kaka etrabynyň Bawert—Arapgala obasynda dünýä inen Nediriň ejdady hem Döwletmämmet kethudanyň ata-babalary ýaly ýonaçydy, dädesi Ymamguly aga deri eýlärdi, possuntoz edinip, içmegem tikerdi. Nediriň ykbaly keç gelip, şindi ýaş ýetginjekkä ejesi bilen Hywa hanynyň basybalyjylaryna olja boldy. Ol ýaşlygyna garaman ýaradar aýy ýaly duşmanlaryna topuldy, duşmanlar maňlaýyndan gylyç salmaga derek, taýak salyp, özünden gidirip, gollaryna işgil, aýaklaryna gandal urdular. Namysjaň ýetginjek meni öldüriň diýip dyzady, emma ony öldürmän, öldir ýaly dürrelediler, sebäbi Hywa maslyk däl-de, gul gerek, gul! Wah, onuň özi owarram, hanha naçar ejesi gyrnak bolup ýat illere sürülip barýardy! Onuň eziz ejesi, jigeri-jany, mukaddes kyblasy, keramat Käbesi, zemin Hudaýy -- gyrnak bolup barýardy! Gollary gandally ýaş Nedir bolsa ne öldürip bilýärdi, ne ölüp! Ol Hywanyň soňsuz ýolunda gandalyny-zynjyryny şakyrdadyp, tümmegu-kümmet bolup ýatan pirlere, ýagşyzadalara, pygamberlere ýalbarýardy! Gözlerinden ataş syçradyp gijesi-gündizi Biribara mynajat kylýardy. Emma ne arşyň, ne perşiň delalaty degdi. Onuň gursagyndaky bugdaý nany ýaly ynsanperwerlik, Haweran düzlügi ýaly mähribanlyk,dine, ýagşyzadalara, pirlere-periş-delere, pygamberlere, Hudaýa bolan ynam çabalana-çabalana jan berdi. Dat, pelek! Heýhat pelek! Onuň mähriban ejesi gyrnak bolup barýardy! Ar-namysdan ýaňa Nedir garaklary eräp-akar öýtdi, eremedi! Ar-namysdan ýaňa dälirärin öýtdi, emma däliremedi!

Wejera edilen ar-namys, gandally gulçulyk ýaş ýigdekçäniň kalbynda ajdarha ýaly wagşyýana guduzlygy oýardy. Ol ejesiniň alnynda, öz alnynda, Hudaýyň alnynda duşmanlardan ar almaga, olary ýeriň ýüzünden süpürip taşlamaga, ýerjugun etmäge, ant içip äht ile kasam edýärdi.

Nediriň gursagyna şum ajal atylypdy, emma ony ajal alman ölmezem-gülmezem derdine uçratdy. Onuň beýnisine dälilik tohumy atylypdy, emma ol däliräbem bilmän, ölümden aňyrky masgaraçylygyň ençe ýylyny dişlerini gaýrap, ýumruklaryny düwüp, ar almak hyjuwy bilen gözlerinden ataş syçradyp geçirdi. Ahyry tebigatyň adatdan daşary gara güýç, pähim-parasat beren gerçegi gulçulykdan gaçyp, başga bir wagşyýana Nedir bolup dogduk mekanyna geldi. Onuň ýigrendigi han-begler, duşmany häkimler, weliler, galandarlar (gala häkimleri) boldy! Sebäbi olar salgyt ýygnamaly bolanynda iki paý, ýurduň içinde han bolup horazsyrap gezmeli bolanda on iki paý, ýurda duşman çozanynda bolsa kimsi çöle-daga gaçyp gara başyny gorasa, kimsi duşmanlara ýapja bolup, başyny satyn alyp, ilini-gününi talaňa beripdi. Ýok, eziz ejesi bilen Nediri duşman oljalamandy, ýurduň emelsiz han-begleri diňe ejesi bilen Nediri däl, tutuş halky basybalyjylara olja beripdi. Gursagynda gara ýer godukladýan wagşy guduz güýç namysjaň ýigidi ata atardy. Gözel ýurdy, ar-namysy, mertebesi basalanýan ilde duşmanlaryň eden-etdiligine çydaman ýören içi ýangynly gerçek-gerçek ýigit kändi, Nedir olardan daşyna nöker ýygnady. Beýik Biribar geljekki serdar ogluna nazarkerde kaddy-kamat, özüne bent ediji nurana mähir,göze gelüwli görk-görmek, demirden erk beripdi. Ol ot bolup, ataş bolup şir ýigitleri ýygnap, sähel salymda müňe golaý nöker edindi. Görogly ýaly garadan-gaýtmaz, töwekgel, zirek akyl-paýhasly, emma çakdan aşa ynanjaň, ýyldarma Nedir ýigitleri bilen emelsiz hanlaryň depesinden apy-tupan bolup indi. Ol söweşde-jeňde gorkyny-ürkini, ölenini-galanyny bilmeýärdi, sebäbi onuň käbesi, kyblasy—eziz ejesi toprak astynda däl-de, masgaraçylygyň astynda jeset bolup ýatyrdy! Onuň özi bolsa gara ýeriň üstünde däl-de, wejeralygyň, depelenen namys-aryň üstünde söweşip ýördi!..

Dünýä merdi-merdana, adalat gylyjyny syrýan serdar ýigide zar!!! Bir gezek Nedir han Tähmasyp şanyň goşunbaşysyka duşmana garşy gurt oýnuny görkezen şir ýigidi ýanyna çagyryp:"--Ýurdumyzy duşmanlar basyp alanynda sen nirdediň?"—diýip sorapdy. Ol gerçek:" --Men şol mahalam söweşýärdim, emma seniň ýaly serdarymyz ýokdy! "—diýipdir.

Howa, dünýä merdi-merdana, adalat gylyjyny syrýan serdar ýigide zar! Ýurt, watan, keramatly toprak agyr güne düşeninde halasgärini, howandaryny doguryar! On sekizinji asyryň birinji çärýeginde duşmanlaryň aýak astyna düşen Eýran-Turan beýik serdaryny taryhy arena getirdi. Onuň daşyny gerçek-gerçek ýigitler gallady. Nedir han bir haýkyrsa, iki müň ýangynly ýigit onuň emrine taýýardy!

Tamam Eýran basybalyjylaryň ganly penjesindedi, dumly-duşdan ýurda bosan zalym ganhorlardan halky, ýurdy, watany halas etmelidi. Nedir han iki müň atlysy bilen keramatly şäheri—Maşady gul eýlän duşmanlaryň üstüne hüjüme geçdi. Watan üçin, ýurt üçin söweş onuň manysyny ýitiren ömrüne many, hyjuwyna, hyrujyna gylaw berdi. Ol pajygaly kysmatyny hakydasyna atyp, Watanyň,ýurduň, halkyň ykbalyny gerdenine aldy. Ol Maşady duşmanlardan arassalap, ýene müň atlyny ýygnyna goşup, Mazenderana ugrady. Yspyhan gabalanynda Eýranyň şahynşasy namart Soltan Hüseýin janyny bereninden jygasyny bereni ýagşy görüp, duşman ýygnynyň içine baryp, şahynşalyk täjini owgan basybalyjylarynyň serdary --Mir Mahmyda geýdiripdi, şazada Tähmasyp bolsa abaýyny tapyp gabawdan gaçyp, özüni Mazenderana atypdy. Şazada täze güýç, täze ýygyn ýygnaýardy. Astrabadyň beglerbegisi Pethaly han ençeme ýyllar bäri safawy şalaryna boýun sunman, garaşsyz hüküm sürýärdi, her hal ol Tähmasyp şazada arka durdy, emma şazadany gurjakdan enaýy görmeýärdi. Öz ýanyndan özüni täze Eýran şahynşasy hasaplaýan Pethaly hany hut Hudaý ýalkapdy: ederini bilmez emelsiz Tähmasyp şazada ejiz düşüp, onuň sürenine gelipdi. Indi Pethaly han sag eli bilen şazadanyň başyny sypalap, sol eli bilen göwher jygany alyp, öz başyna geýäýmelidi...

hhh

Çommat aganyň aýaly Ýazbibi eje daşarda ýüň saýgylap otyrdy. Küme ýaly çakdan-aşa daýaw Ýazbibi eje hamana ýüň saýman, gara ýerden aryny alýan ýaly, saýgyçlary gezek-gezegine gürpüldedip, şeýlebir dergazap inderýärdi weli, hatda ýeri göterip duran sary öküziň endam-jany syzlaýardy. Öýden çykýan goh-galma-gal barha güýjäýärdi, Ýazbibi eje üşerilip, dem salym ýüň saýmasyny goýup, diňşirgendi. Gapydan bedähet daýaw Perman pil atylyp çykdy, yzynda-da jübä atyp gidäýmeli Çommat aga. Ol hakyky daýhandy. Gije-gündiz mülkünüň içinde sermenip, bagtyny-baýlygyny ýerden tapan kişidi. Emer-damaryna çenli daýhan Çommat aganyň perzentleriniň bolsa, daşy kepäni nöker boljak, gulam boljak, beg boljak!

--Eşşekejeli eşşek, nöker boljakmyş! Doňuzdaýyly doňuz serheň boljakmyş! Meniň başym dik bolsa, sen Babadaýhanyň nökeri borsuň!—diýip, Çommat aga gygyrýardy.—Sen mülkde sypahsa-serkerde borsuň!

--Däde, giderin, näme etseňem giderin!—Bedähet daýaw ýaş oglan jetine tutýardy. Çommat aga ýylgyryp oturan aýalynyň saýgyçlarynyň birini alyp, ogluny kowalap urup başlady. Perman pil jaýyň arkasyna gaçdy. Halys jany ýanan Çommat aga abşanaklap gaçyp barýan oglunyň küpesinden saýgyç yzyna saýgyç inderýärdi. Ogluny kowalap jaýyň daşyndan aýlanyp, gapysyna golaýlanynda ýoldan geçip barýan Selim Magtymgulyny görüp gygyrdy. Selim zergär Magtymguly ýonaçynyň ikinji ogludy.

--Selim beg, Selim beg, şu eşşekatalyny wurup bersene!

Selim zergär apaň-apaň basyp, Çommat agalara ýönelip:

--Perman beg, hany munda gel—diýip, daýaw oglana algyr nazaryny saldy. Perman ýöwselläp Selim begiň ýanyna bardy. Beg dergazap halda:

–Näme diýip dädeňiň diýenini etmeýärsiň, Perman ýegen?—diýdi.

--Dädem maňa noýba ekdirjek bolýar-ow!

Daýaw aýal Ýazbibi eje oglunyň tapan gepine ýylgyryp otyrdy.

--Dädeň noýba ek diýse, noýba ekersiň, sogan ota diýse, sogan otarsyň! Ol seniň ataň! Ol seni dünýä getiren Hudaň!

--Wah, Selim beg, wursana ol doňuz ogluny! Ol bir kepe-söze düşünýän dogma däl!—diýip, Çommat aga saýgyjy oglundan saldy. Permanyň Selim begden göwni galdy, ol dädesiniň saýgyçlarynyň awysyna ýygrylyp:

--Dädem meni daýhan etjek bolýar-ow, Selim däde!--diýip, arz etdi.

--Dädeň daýhan bol diýse, daýhan borsuň!

--Men daýhan borunmy?

Permanyň gaty gahary geldi, ol Selim begiň bilinden tutup, çaga göteren ýaly göterip, jaýyň üçeginde oturtdy. Jany ýanyp oglunyň depesinden saýgyç yzyna saýgyç inderýän dädesiniňem bilinden tutup, Selim begiň gapdalyna gondurdy.

--Wah, wurmalydyň-da eşşekejdatlyny! Indi güw gider nöker bolmana!

--Onda bi iki ara noýba nireden geldi? Perman beg nökerlige gidýän bolsa, ony saklamaň näme?

--Wah, ol dogman geçen dogmanyň on ýedi ýaşam dolanok-da…

Permanyň ejesi adamsy bilen Selim zergäre gözüniň gyýtagyny aýlap ýylgyryp, buýsanç bilen oglunyň yzyndan garap galdy.

Dünýäde uruş gidýärdi, Eýranda-Turanda ulug uruş gidýärdi. Tamam Eýran daşary ýurt basybalyjylarynyň ganly penjesindedi. Aty bar urşa gidýärdi. Nedir han abşar azatlyk baýdagyny parladyp duşmanlara garşy göreşýärdi.

hhh

Ataşakan dag gerşi gadymy dünýäde daşa dönüp galan örän äpet dino-zawr ýaly keserip ýatyrdy, onuň ýalçy taýy ýylçyr gaýaly düýpsiz uçutdy. Şemal tarapy bolsa selçeň tokaýly eňňit. Aňyrda bolsa başy çal duman-ly has beýik daglar görünýär! Daglar daglara çykyp beýgelýär! Kynyş beg uçut gaýanyň gyrasyna gelip, aşakdaky dilkaw gaýanyň üstünde gül-çeçek bolup ýaşyl ýapraklaryny ýaýyp oturan keremli serkeremlerden gözüni aýryp bilmän synlady,duýgulary tüweleýläp, kalby heýjana geldi:

--Eý, Allam! Şol ot! Serkerem, melhem ot! Dünýäde diňe ady hem lukmançylyk, attarçylyk kitaplarynda suraty galan serkerem oty!--Kynyş beg ömründe serkerem otuny görmändi, diňe attar kitaplarynda suratyny synlap, ony iru-giç özüniň tapjakdygyna-da ynanýardy. Baryp-ha şa Apbas zamany «serkerem otuny tapana müň tümen baýrak» goýlup gözlenilen, emma tapylmadyk oty gel-gel Kynyş beg tapýar!-- Hahaý, Kynyş beg, Hudaýym seni şalaryň genji-hazynasyndan arzyly bagta, baýlyga, mertebä duş eýledi. Hudaýjan, minnetdarow, minnetdar!

Ol ýekegöz dürbisi bilen ilerdäki-gaýradaky depesi dumanly daglary synlady. Daglar howalasy, belentligi, tebigylygy, gözelligi bilen attary bendiwan eýledi. Onuň howalaly gursagy bürgüt ýaly ganatlaryny kakyp, Kynyş beg pelläp göge göterilip,haýsydyr bir goşgudan gygyryp birnäçe setir okady:

Hak bar bolsa—daglar Haka golaýdyr,  
Hak ýok bolsa—daglar Hudaň bolaýdyr!  
Sogabym bir penje, günäm lomaýdyr,  
Ýör gardaşym, gara daga dada bar.

(Magtymgulydan başga şahyrlaryň şygry kursiwde berler).

Ol daglaryň arassa howasyndan gursagyny dolduryp, hamana perişde-leriň mesgenine gelen ýaly töweregine buýsanç nazar aýlap, gözlerini gönendirip, göwnüni dokundyrdy. Seredip-synlap doýup bolmaýan daglara bendiwan bolup içinden «Özüm-ä Hudaý bolan bolsam, şu ýerlerde ýaşardym, baý-baý, ajaýyp ýerler» diýip oýlandy. Elbetde, şeýle keremli, keramatly, gud-ratly daglar ýöne bolmaly däl diýen netijä geldi. Heý, ýöne-möne daglarda serkerem oty boljakmy!Attar ilki çaý-çörek iýmekçi boldy, emma sabyry suw bolup barýardy. Ol serkerem otundan üç-dört düýbüni alyp gelip, onuň ýapraklaryndan iýip, keýpini tirläp, soň çaý-çörek iýmegi müwessa bildi. Ol atynyň eýerinden horjunyny düşürdi. Donuny çykaryp, horjunynyň üstünde epleşdirip goýdy. Kynyş beg uzyn tanapyny atynyň boýnundan daňyp durşuna:

-- Bozdumanym, gaýt diýemde gaýdarsyň, dart diýemde dartarsyň!-- diýip, tanapyň bir ujuny biline daňyp, uçutdan sallanyp, on bäş gulaç çemesi aşakdaky dilkaw gaýanyň üstüne düşdi. Attar bilindäki tanapy çözüp, ujuny arçanyň bir şahasyna berk daňyp, serkerem otyny synlady, sypa-lady, ýapraklaryndan iýip gördi. Serkerem! Adamzadyň ýitiren bagtyny Kynyş beg tapdy! Serkerem -- bahasyz baýlykdy, möçbersiz bagtdy. Ol gülläp oturan serkeremiň gaşynda dyzyna çöküp, eýjejik güllerini ysgady, gözlerini lezzet bilen süzüp, gögüne seredip şowhun bilen gygyrdy:

--Aý, Allajan-ow! Bakyp oturan baggoýnumy Hudaýoly berýän-ow!

Bir salymdan garşydaky gaýada, çuň jülgede owazy şeýle bir dury ýaňlandy weli, hatda öz owazyny özi gördi. Kynyş beg garşydaky gaýa, jülgä howatyrly garap:

--Bolýar, siziň diýeniňizem bereýin! Emma gapyňyzda mäleşip duran malyňyz bolmasa gaýdyp, meniň hasabyma sahylyk satmaň!—diýip, ozalka görä ýuwaş aýtdy. Ýaň onuň sesini çalaja hem düşnüksiz gaýtalady.—Hä, sesiňiz damagyňyza gidäýdimi? Gygyryň-da gaýratyňyz bolsa!--ol ýene gögüne seredip—Allajan,bularyň aýdanynam berýän.Iki goýun menden Hudaýoly!

Eňňitdäki tokaýdan horjundaky gowurmanyň ysyny alyp, timisgenip iki sany tilki geldi. Şindi beýle batyrgaý tilkileri görmedik Aždar gitdi olary kowalap tokaýa garşy, ala goh turzup. Kynyş beg serkeremiň ýapraklaryndan, gülünden çürtüp iýip, begenjine ýene gygyrdy. Indi ol serkeremiň tohumynyň ýitip gitmezligi üçin näme etmeli bolsa eder! Näme etmesiz bolsa-da eder! Ol şatlygyny gursagyna sygdyryp bilmän uzynlygy iki ýüz elli, ini kä ýerde ýedi-sekiz ädim, kä ýerde on-ýigrimi ädim dilkaw gaýanyň üstüne aýlanyp, dürli ot-çöpleri synlady. Serkerem otunyň elli ýedi düýbi bar eken!

--Päheheý, Garagaý ogly Kynyş beg!Hah-hah-ha! Bagtyň çüwdi Kynyş beg, adamzadyň ýitiren bagtyny sen tapdyň! Attarlaryň ýitiren baýly-gyny sen tapdyň, zaňňar diýse! Sen şatlykdan ýaňa şu uçutdan uçsaňam ölmeýäň!

Ýokarda goýlan horjundaky gowurdagynyň ysyny alyp, ýene iki-üç sany şagal geldi. Ajdaryň bolsa şol gidişidi. Bozduman toýnak kakyp, horguryp şagallary gaçyrjak boldy, şagallar açdyr-da, Bozdumanyň haýbatyndan gorkman, gowurdakly horjuna golaýlady. Gahary gelen Bozdu-man gulaklaryny ýapyryp eňdi şagallaryň üstüne! Atyň zarbyna çydaman aşakdaky arçanyň şahasy döwlüp, tanapyň dilkaw gaýadaky ujy gitdi dag gerşiniň üstüne! Arçanyň döwlen şahasy bilen Kynyş begiň ýüregem sogrulyp gitdi!Görgüli galyberdi dilkaw ýabany gaýanyň üstünde ýalňyz!..

Hawa, ullakan bagtyň ullakan uçugam bolýar-da!

Kynyş beg hopukdy, aljyrady, bir demde gara der bolup, ýüregi dowul alyp, girdi süri-süri sögünçleriň bir ýanyndan. Indi onuň sögünäýmek-den, gargynaýmakdan başga çäresem ýokdy. Indi onuň kesbine werziş atyn-dan-da, itinden-de peýda ýokdy… Otuz ýaşap ýören, köpi gören üşükli attar çykalgasyz ýagdaýa düşenine ymykly göz ýetirdi. Ýokaryň on-onbäş gulaç ýylçyr gaýa, suwlugan bolsaň-da, suwlunyp çykjak gümanyň ýok. Aşagyň üç-dört ýüz gulaç ýylçyr uçut gaýa, düşdüş bolsaň-da sallanyp düşjek gümanyň ýok! Indi özi ýaly dagda-düzde entäp ýören awçy-şikargär üstünden geläýmese, ýylkyban-sylkyban sataşaýmasa ölüp gidibermeli serkerem otuň bile, bahasyz baýlygyň bile, bimöçber bagtyň bile!

Kynyş beg:

-- Ahyry gelmeli menziliňe geläýdiň öýdýän Kynyş beg. Nurje-malam «Senem il ýaly daýhançylyk ýa ýonaçylyk ediber. Dünýäde bir dag bolsa kaňkap ýörşüňe, bir ýerde ölersiň, maslygyňam üç aýdan tapylar diýen bolýar-a!» Kynyş beg, bu ýerde maslygyňy üç ýyldanam tapjak bolmasa gerek!—diýdi.

Pakyr içinden özi ýaly entäp ýören şikargär-saýýadyň geljegine ýürekden ynanýardy. Iman bilen Ynam tä ölýänçä adam oglunyň hemrasy bolýar-da! Kynyş beg hyýalynda Nurjemal bilen gürleşip başlady:

--Nurjemal gelin, ýaşmakdan çykmankaň dul galmajak bolsaň, ýapyş Hudaýa!..Kynyş beg, nowjuwan Nurjemalyňy dul goýmajak bolsaň, alaç agtar zaňňar! Çykalgasyz zat bolmaz, işlet kelläňi, telpekgeýeriňde çärýek akylyň bolsa!

Birden onuň açlygy, suwsuzlygy ýadyna düşdi. Çaý-çöreginem iýmän gaýadan sallananyna puşeýman kyldy: bir düýp serkerem otunyň ýaprak-laryny, baldaklaryny çürtüp iýdi. Serkerem oty-da! Keremli ot-da! Bir salymdan onuň keýpi çaglanyp, kellesi dumanlap, endamy mollanyň mesisi ýaly ýumşap, ruhy göterilip, dünýäsi giňedi gitdi. Ol Bozduman bilen Ajdarynyň göwnüni göterip, atyna, itine lak atyp, öz göwnüne göwünlik berip aýdyma gygyrdy, görgüli öz ýanyndan töwerek-daşda adam-gara bolsa sesini eşidip geler öýdýärdi. Emma onuň sesini eşidýän diňe aty bilen itidi. Janawerler aram-aram uçut gaýadan aşak seredip perişan bolýardy. Çar ýanyňdan alaçsyzlyk bilen ajal garap ýatyrka, serkerem oty-da uly keýp berip bilmedi. Birden onuň ýüregi üzülip, şuwlap gaýtdy gara daş bolup! Görgülini şagga der basdy.Ol gaýga batdy, ynha, agşam düşer. Maňlaýyňy garaldyp gara gije geler. Bu ýabany jülgelerde möje-gem köpdür, gaplaňam!..

--Aý akmak, Kynyş beg! Seniň akmaklygyň zerarly atyňy gaplaň atar, Ajdaryňy möjekler düýt-müýt eder!—Ol dagyň gerşinden özüne habar gatyp üýrýän Ajdarynyň, gaýanyň ýokarsynda horgurýan Bozdumanyň bitakat sesini eşidip, agysy tutdy. Bendäniň öz ölümi ýadyndan çykdy. Ol kema-kyl ölüme mynasyp, emma, emma janawer Bozduman bilen Ajdaram ölüp gitmeli! Ol şindi dirikä iki sany söwer dostunyň ölümine tomaşa etmeli!..Attaryň ýüregi gyýym-gyýym gyýylyp, ýetim çaga ýaly kemşerip, ýzlap başlady.

Näme etmeli?! Kynyş beg oýlandy, pikir kyldy, gaýanyň depesinde eýesine seredip duran Ajdara habar gatdy:

--Ajdarym, sen men ýaly altmyş aňkawdan akylly, düşbi, ugur-el tapyjy. Sen meniň dilime düşünýäň. Sen Bozduman bilen öten agşamky ýatan jülgäňe düş, bir gije ýatan ýeriň beýleki ýerden eziz bolýandyr. Nämede bolsa jülgede men seni, Bozdumanymy görer duraryn. Didarlaşyp durarys! Bardy-geldi ölsek-de biri-birimize ärligimizi görkezip öleris—diýip ýalbardy. Aram-aram ynjyly horgurýan atyna-da ýalbardy, emma akylly-da bolsa at at bolýar, it it. Kynyş beg agşama çenli her edip hesip edip ot ýakynmagy müwessa bildi. Ol basgançaklap duran dilkaw gaýanyň üstüne aýlandy. Gaýanyň depesinde onbäş sany mähnet, bäş-alty sany ýaş arça bardy. Mähnet arçalaryň üç sanysyny ýyldyrym urup guradypdyr. Gaýada ýyldyrymyň çabrap ýakan ýerem bildirýär. Odun bar, indi ot alyp bilse bolany. Kynyş beg agşama çenli odun taýynlady, tutaşdyrlyk edindi. Atyna, itine lak atyp, göwünlik berjek boldy, emma ne atyň sesi bar, ne itiň! Ol göwnüni ýagşy umytlara gaplap, ilkidurmuş ýabany adamy ýaly bolup, ýumruk ýaly daşy daşa urup, ahyry odam aldy.

Oda ýöne ýere oraz diýilmeýär.Ody ýönelige gadymy ata-babalarymyz Hudaý sanmandyr. Ot Kynyş begiň göwrümini, garaňky gijäniň goýnuny giňeltdi. Ot ýanyp dursa, adam pakyryň ýüregi ýylaýar. Ot ýanyp dursa wagşy, ýyrtyjy haýwanlaram gelip bilmeýär, oduň ýagtysyny görüp, tüsse-siniň ysyny alyp. Ol Bozdumany bilen Ajdaryny küýsäp ençe gezek gygyrdy, emma olardan ses-selem ýok. Kynyş begiň sandygyna uly howp doldy: Bozduman bilen Ajdara näm bolduka? Janawerleri gündiziň güni gaplaň ataýdymyka?..Mähriban atyndan, itinden jyda düşen Kynyş begiň jiger-bagry persala bolup, özüne, pelege hüjüre-hüjüre sögünji paýratdy.

Gün ýaşyp-ýaşmanka uzyn jülgeden ygym-sagym bolup gelen ümür ýuwaş-ýuwaşdan jülgäni tutdy. Ol oda garap gam-gussa batyp alaç agtarýar-dy, alaç bolsa ýokdy. Ýassynlara çenli onuň oturan ýerinem ümüru-duman aldy.Birden ümür-dumanyň içinden Ajdaryň sesi hamana halasgäriň sesi ýaly eşidildi. Bozduman haýkyryp kişňedi. Ses agşamky ýatan jülgesin-den gelýärdi. Kynyş beg atylyp ýerinden galyp:

--Bozdumanym! Adyňdan aýlanaýyn Bozdumanym! Janym saňa sadaga! Akyl-paýhasyňa gurban bolanaýyn Ajdarym, aýtmadymmy siz Kynyş beg ýalyň alty ýüzünden akyllysyňyz diýip! —diýip, ol şowhun bilen gygyr-dy. Ýene Bozdumanyň horguryp kişňeýşini eşidip, attar tas uçupdy… Bozduman bilen Ajdar eýesinden jyda düşüp uçudyň ýokarsynda karar tapman, biri hokranyp, kişňäp, beýlekisi çyňsap, üýrüp ahyry dagyň depesinden jülgä düşüpdiler, sebäbi bir gije ýatan ýeri ýatak, iki gün bolan ýeri gara ýatak, üç gün bolan ýeri öý bolýar. Akylly janawerler agşamky ýatan ýerine gelip, biri-birini höwür edinse, Kynyş beg olaryň ikisini höwür edindi. Ol başyny ýaýkap-ýaýkap:

-- Ozalam bir garyp şahyr şeý diýenmiş:

Hanha, bu dünýäň-ä syrty göründi,  
Eýdip-beýdip ýaşamasyn ýaşadyk,  
Sag-aman ölmekde iş bardyr indi.

Kynyş beg, sen bolsa ýaşap görmän ölmeli bolaýdyň öýdýän—diýip, gama batyp kiçijek oduň golaýynda şumluga garaşýardy, garaşyşy ýalam boldy. Gijäniň ýary Ajdar ýabşynyp, enteşip gelen möjeklere üýrüp başlady. Bozduman janawer horguryp, haýkyryp ses edýärdi.Kynyş beg dilkaw gaýanyň depesinde otly kesindini bulap, jynssyz gygyryp, Ajdary möjekleriň üstüne küşgürip, zybyrdadyp otly kesindileri, ýumruk ýaly daşlary oklaýardy. Ol aşakda jülgäniň saman-sypal bolan otlarynyň ýanjagyny hem möjekleriň sandygyna gorky saljagyny bilýärdi. Onuň çaklaýşy ýalam boldy. Attar haýkylyklap, gykylyklap uçutdan otly kesindileri, ýumruk ýaly çagyllary ýagdyrýardy. Jülgäniň ala-bulut ýaly bölek-bölek sary sypal bolan otlary ýandy. Göze dürtme garaň-kynyň, gara dumanyň içinde asmandan ataş ýagýar-ot ýagýar, daş ýagýar, möjekler wagşam bolsa pynhan howpdan-- asmandan şuwlaşyp-şuwlaşyp inýän belalardan, Kynyş begiň gaýalarda ýaňlanýan jynssyz haýkylygyn-dan heder edip, Bozdumany awlap bilmedi. Ajdaram Ajdarlygyny etdi. Gündogary al-elwan öwüsdirip görnen Günüň salgymy attaryň ýüregini ýerine getirdi. Gün göge göterilensoň, ümür-dumanam eräp gitdi. Ol Bozduman bilen Ajdaryny synlap, jiger-bagry parça-parçalap gözlerini ýaşlady, sebäbi ol uçmahdan çykan atynyň hem adamdan akylly itiniň alnynda günäkärdi…

hhh

Perman beg Tugun atyny ýorgasyna goýberip barýar nirdesiň Maşat diýip. Alty hokgalyk (on sekiz kg) tüpeňini ganjyga baglap, alagaýyş guşagyndan gylyjyny-hanjaryny asyp, özüni Isgender şahly saýyp, tüweleýläp barýar zaňňar. Goçanda golaýlanynda ol Hydyr ata ýaly gözege-lüwli nazarkerde pyýadanyň yzyndan ýetdi. Oba edebini alan Perman beg atyndan düşüp elleşip salamlaşdy. Tanyşdylar. Asylzadadan salyhatly Jawat aga yklymy baglan ussa eken. Ol Perman begiň kaýdan gelip kaýan barýanyny sorady, Perman beg Nedir hanyň gullugyna, söweşe barýanyny aýtdy.

--Gel, oglum, ýaňadan görşeli!—diýip, Jawat aga Permany gujaklady, ençe gezek tarpyldadyp ýagyrnysyna kakdy.--Haý, berekella! Haý-haý Rüstem oglum, Suhrab oglum! Alanyň gala, gaçyranyň bela bolsun! Hakyky gerçekler döwüş güni bellidir. Otur oglum, men saňa haýyr patasyny bereýin—diýip, didesini gubarladyp, doga okap ak pata berdi.—Aslyň türkmen gerek?

--Beli, türkmendirin atam.

--Taýpaň näme?

--Sakgardyryn atam.

--Asyl garyndaş diýsene! Gaýylar tamam türkmeniň agasydyr! Men gaýy oglum. Allaha şükür, iki oglum Nedir hanyň ordasynda söweşip ýör. Men şu şäherden, ýör oglum, seni bir gije myhman alaýyn, oňardygymdan zyýapat edeýin.

Perman beg ussany atyna mündürjek boldy, Jawat aga:

--Tüweleme, atyňam at jan ekeni, özüňem atyňa mynasyp gerçek ekeniň. Alys ýoldan aryp gelýän atyň dynjyny alsyn, hanha, şäher, ikindinara öýe ýeteris. Ýokuş görmeseň, men saňa oglum diýibereýin.

--Diýiber atam.

Olar hemsöhbet bolup şäheriň çetinden girdiler. Jawat aga Perman begi ýoluň ýakasyndaky kaşaň jaýa alyp bardy. Olary iki ýetginjek garşy aldy. Jawat aga:

--Haý, ogullarym, myhmany ylgap garşy alsaňyz bolmaýarmy? Görüň-ha, bakyň-ha! Är ýigit, şir ýigit şeýle bolýandyr! Permanjan Nedir şaga nökerlige barýar. Döwşe barýan gerçege şa zyýapatyny edeliň! –diýdi. Ýetginjekleriň biri Tuguny teblehana alyp ugrady.—Dal bedewe päkize körpe bilen ýuwulan arpa beriň!—Jawat aga öýleriň birinden çykan oral aýala-- Näme nahar bişirdiňiz?

Aýala derek ýetginjek:

--Näme nahar diýseň bardyr babam--diýdi.

Ikinji ýetginjek olaryň el-ýüzüni ýuwduryp, jaýa saldy. Jawat aga:

--Dessine nahar çekiň, onsoňam ol nemedenem birini getiriň!--diýdi.

--Nämeden babam?

--Beg ýigitleriň edýän keýpinden.

Döwür-döwür, kimiň döwri1 Perman begiň döwri! Jomart Jawat ussa ”haý ony getiriň, haý muny getiriň” diýip buýrup ýatyr, iki ýetginjegem getirip ýatyr. Başda Perman beg içmejek boldy. Jawat aga:

--Oglum, sen toýa baraňok! Ýurt üçin, il-ulus üçin, watan üçin döwşe barýaň. Urşa mes bolup girilýändir!—diýip, bir pyýala arak içirdi. Datly nahar bilen içilen arak ýaş ýigidiň ruhuny göterdi, ussa Perman begiň dabarasyny-waspyny ýetirdi. Ömründe arak näme, buza-da içip görmedik Perman beg mühbaşy bolanda Arap Reýhan ýaly sermest bolup ýatyp galdy. Ertesi günortanlar ukudan oýandy. Perman begiň kemakyl kellesi sämäp durdy. Ol töweregine garandy. Jawat aganyň düşegi boşdy. Ol daş çykyp, ojagyň başynda çaý-nahara güýmenip duran oral aýala:

--Jawat agam nirede?

--Kim Jawat aga?

--Öý eýesi Jawat aga? Siziň adamyňyz Jawat aga?

--Waý, meniň adamymyň ölenine on ýyl boldy.

Onýança jaýdan düýnki hyzmat eden ýetginjekler çykdy. Perman beg soragyny gaýtalady. Ýetginjekleriň biri:

--Ataň gara daňdan atyna atlanyp, tüpeňini-gylyjyny alyp, awa-şikara gitdi. “Keýik, käkilik, sülgün awlap döwşe barýan ogluma zyýapat edeýin” diýip. Ataň seni çaksyz gowy görýän eken.

--Ol meniň atam däl.

Aýal gürrüňe goşuldy:

--Düýn sen oňa atam diýip durmanmydyň?

Ýetginjekleriň biri gürrüňe goşuldy:

--Düýn ol saňa oglum diýip durmanmydy?

Asyl Jawat aga ony mysapyrhana alyp gelen eken, Perman bege iýdirip-içirip, lül serhoş edip, daňdanam onuň atyny- ýaragyny, ädigini-telpegini, horjunyny, goş-golamy bilen puluny, äkidip neressäni jüllükgöten goýupdyr. Içi juwlap giden Perman beg guşagyny barlady, köýneginiň içinde guşalan guşakda ejesiniň beren puly bar eken. Zandy arassa Perman beg uzak gün Jawat aga garaşdy, Jawat aga gelmedi, ertesem garaşdy. Neresse ähli iýlip-içilen nahar-nowa bilen jaýyň kireýini töledi. Başy açyk, aýagy ýalaň oglana dözmän oral aýal pul uzatdy:

--Oglum, bazardan aýagyňa aýakgap, başyňa telpek al—diýdi.

--Ek, ene, bi kelle telpege, bu aýak köwşe mynasyp däl—diýip, Perman beg üçünji gün ýola düşdi. Ol şäherden çykyp, asmana bakyp gygyrdy:

--Dünýä sen jikge ýatsaň-da üstüňde mendirin, bükge ýatsaň-da üstüňde mendirin! Pelek, sen çarhyňy dürsüne aýlasaň-da, Perman beg beg bolar! Tersiňe aýlasaň-da Perman beg beg bolar! Hudaý ýol berse, men arşda Allama, ýerde Nedir hana gulluk ederin!

Başy tahýaly, aýagy ýalaňaç Perman beg Kelata ugrady.

hhh

Her gün agşam düşdügi jülgäni, dag gerşini ümür-duman, Kynyş begi gaýgy-gam basýardy. Açlyk dagy suwsuzlygyň ýanyna hiç zat eken, Kynyş beg suwsuz ölüp barýardy, gijeler ymyzgandygy düýş görüp, ak gelin ýaly dumanyň ak göwsüni sokjap-sokjap emýärdi, emma düýşünde-de teşneligini gandyryp bilmeýärdi. Irden bolsa daňyň çygy düşen serkerem otlaryndan iýýärdi, beýleki otlaryň çyglaryny aýasyna toplap içýärdi. Her gijäni bolsa Kynyş beg asmandan ot oklap, at aşly kesindi oklap, daş atyp geçirýärdi. Haýkylyklap, gykylyklap sesi gyrlypdy. Bozduman aram-aram horguryp, hokranyp, Aždar hol asmanda magallaklap duran dilkaw gaýadaky eýesine hawhawlap habar gatýardy. Kynyş beg gün geçdigiçe entäp ýören awçy-şikargäriň üstünden gelmejegine ynandy. Göwrümini näçe giň tutandan bolsa-da, ol nalaç ölmelidi! Haçana çenli asmandan atyňy-itiňi gorap, otly kesindi oklap çykarsyň! Oduňam öz zady ýok, alany özüniňki, näme atsaň kül edip taşlaýar. Hanha, eýýäm ýyldyrymyň guradan arçalaram gutaryp barýar. Ol öz ýanyndan «Haý, Kynyş beg, otursaň-tursaň, Allajan, durmuşym näçe agyr bolsa bolubersin, ölümimi bir ýeňil edeweri diýip, Hudaýyňa akyl bererdiň. Ynha, zaňňar saýlaber, gijäniň birinde saraňgaty doňup öljekmi, aç-suwsuz öljekmi ýa gije uklan bolup, togalanyp ýeňil öljekmi?» diýip özüne käýinýärdi. Ölüm bir erbet zat, onda-da ýüzüňe ajalyň aýaz demi, awy demi urup durka!

Kynyş beg horlanýardy, ençe gün bäri içýän zady ýok, iýýän zady ýok. Ozalam kakçekge agajet pyýada geýim-gejimli süňk-saňka öwrülip barýardy. Ajalyň howsalasy, howly, dowly ajaldan eýmenç. Ol ajal gelmezden ozal ynamyňy, ygtykadyňy, ruhuňy öldürýär. Ajal golaýlanynda adam pakyr özünde özüni öldürip, öz ölümine tomaşa edýär. Ony bilýän Kynyş beg göwnüni, göwrümini giňden tutýardy, ýöne bendäniň ykbaly petige diräpdi. Ol ölesi gelse-de ölmelidi, gelmese-de ölmelidi! Islese-de ölmelidi, islemese-de ölmelidi! Özem akmak ölümdi, masgara ölümdi... Bozdumanam, Aždaram eýesini taşlap gitjek janawerler däl! Bu gije ölmese-de, erte agşam gagşap-gagşap öläýmelidi, bu gün ölmese-de, erte-birigün suwsuz öläýmelidi! Ýaşu-garry, gedaýu-şa, aýalu-erkek bol, parhy ýok, ýeriň ýüzünde näçe ýaşasaň-da barybir bu dünýäden armanly gidilýär: her kim bu owadan dünýäniň jadyly didaryndan ganyp bilmän, ýagty jahanda süýjüje-süýjüje arzuw-hyýallaryny, datlyja-datlyja oý-pikirlerini, durmuşa geçirip bilmedik röwşen maksat-myratlaryny galdyryp, ahmyr bilen gözlerini ýumýar. Bu owadan dünýä million-million ýyl bäri milliard-milliard adamlaryň jahanda ýetim hem namyrat galan owadan arzuw-hyýallarynyň, süýjüje-süýjüje maksat-matlaplarynyň jemi ahyry! Şonuň üçinem şum ajalyň aýazlap duran demi ýüzüňe uran çagy, bu dünýä ýüz esse, müň esse gözelleşip,ezizlenip, dem alýan howaňa çenli süýjeýär! Ömür süýjeýär, Ezraýyl ýardam edäýmese, özüň ölip gidibiýr ýaly dünýä däl! Ýeri bu uçmahdan owadan jahanda nädip ölüp bilersiň? Seniň halyňa dözmän oturan tanyş-biliş Ezraýylyň bolaýmasa, nädip ölüp bilersiň?!

Emma Kynyş beg özüniň aladasyny edenokdy, ol Bozduman bilen Ajdaryň nahak ölüp gitmeli bolanyna gynanyp, jiger-bagryny para-laýardy!

Attar daň atardan Gün batara çenli jülgäniň ýoluna seredýärdi, gam-gussadan, umytsyzlykdan gaýry gelýän närse ýok.Biçäre gam gussa gark bolýardy, Kynyş beg indi otuzam ýaşaman ölüp gidibermeli boldumy? Dädesi Magtymguly ýenaçam altmyş ýaşaman jahandan gaýdypdy. Ol içinden:

«--Eý, Alla, mende atamyň tohumy tükener ýaly näme muzzur iş edäýdimkäm?!»--diýdi. Ol dünýä gelip adam ogluna aňyrrak otur diýip azar beren kişi däl, berse sadaka berdi, etse ýagşylyk etdi. Kynyş beg aslyn-da elem, dilem, köňlem açyk, tüýs Hakhalar, halkhalar haýyr-sahawatly ýigitdi! Dädesi Magtymguly ýonaçy onuň hakydasynda janlandy: Ol bir gezek öýlänara tamam ýonaçylaryň garrysyny-ýaşyny, erkegini-aýalyny, çagasyny-çugasyny dükanyna çagyrdy. Ol ýygnananlara birlaý nazar aýlady, soňam ýuwaşja:

«--Ogullarym, gyzlarym, maňa oglankam «dälibaş» diýerdiler, »tüweleý» diýerdiler, »garagaý» diýerdiler, garaz lakamym-adym kändi. Ýaşkam çakdan aşa gudumandym, uruşgandym, düpbozandym, ýöne ýadyňyzda bek saklaň, men nirede urlan bolsam, haýsydyr bir ejiziň, biçäräniň arkasyny alyp urlandyryn, kimi, nirede, nähili uran bolsam, adalatyň hatyrasyna urandyryn, nirede topalaň turzan bolsam, pakyr-pukaranyň, mömininiň-mazlumyň goragynda pitne turzandyryn. On ýedi ýaşym dolan badyna-da nöker bolup, ilime, ýurduma, patyşama gulluk etdim. Gazaply söweşlerde kowandyryn, emmaki gaçan däldirin, şan-şöhrat gazanandyryn, emmaki at ýitiren däldirin! Ýöne pelek çarhyny tersine çalyp, täleýim ýigrimi üç ýaşymda meni şu dükana oklady, şondan bärem ata çykyp, serdar bolup, han bolup gylyç syryp ýörmeli Magtymguly han özüçe ýoklara eýer ýasady, güzeranyny dolady, Neberelerimden birden biri serdar çykar diýip, ýadanymam-aranymam bilmän işledim… Magtymguly han eýer ýasaýar! Tüf, seniň ýüzüňe pelek!.. Emma bilip goýuň: men şu ömrümde ata-babalarymyň ruhyny ynjydar ýaly, ogullarymyň-gyzlarymyň, geljekki neberelerimiň ýüzüni ýere salar ýaly ýaramaz iş eden däldirin! Men özümi perişde ýaly päkdirin diýip biljek däl, emma asmanda Allanyň alnynda-da, ata-babalarymyň alnynda-da, adamlaryň alnynda-da size garasy ýokar ýaly günäm ýokdur! Men zerarly ýonaçylar tohumynyň ýüzi gyzarmaz, düşündiňizmi!—diýdi.Tamam ýonaçylar bir agyzdan «düşündik» diýdiler.— Ogullarym, agtyklarym näçe ýaşasaňyz-da är kibi, şir kibi ýaşaň! Eşegiň kysmaty gulanyň düýşüne-de girýän däldir, gulanyň erkinligi eşegiň oýuna-hyýalyna-da gelýän däldir!.. Gyzlarym, gelinlerim çeşme-çaý ýaly päkize ýaşaň, arassa suwda hatda hapa tüýküligem erär gider, hapa suwda hatda halal çöregem harama çykar! Düşündiňizmi?—Enaçylar bir agyzdan düşündik diýdiler.--Düşünen bolsaňyz, baryň gaýdyberiň, işli-işiňiz bilen boluberiň»

Döwletmämmet:

«--Däde, bu zatlary näme diýip aýtdyň?»--diýip sorady.Magtymguly ýonaçy:

«--Soň aýdyp bilmezmikäm diýip aýtdym, oglum»--diýdi pakyr. Aýdyşy ýaly üç günden soňam dükanynda işläp, eýer ýasap otyrka, dag gaýdan ýaly diňarkan gaýdýar. Döwletmämmet, oba tebibi, hekimi dessine gan alyp görýärler, mümkin bolan emi edýärler, emma nepagasy bolmaýar. Pakyr özüne gelmän daňdana çenli ýatdy, daňyň öňýanam gözüni açyp, neberesine bir laý nazar aýlap, birki owurt çaý içip, zordan gürledi—Perzentlerim! Eger o dünýäde elimden bir iş gelse, meniň ruhum hökman siziň goragyňyzda durar!.. Magtymguly ýonaçy ölýär diýip, maňa bolsa gynanyp, aglaşyp-eňreşip ýörmäň, men bu dünýä pul berip gelmedim, bergä batybam gidemok! Men bu dünýä ýalbaryp gelmedim, ýalbarybam galjak bolman!--» diýip, neberesi bilen hoşlaşyp jahandan gaýtdy…

Agyr oýa batyp oturşyna Kynyş begiň perzentsiz ötüp barýanam ýadyna düşüp hapa boldy. Öz ýanyndan «hiç bir ýazygymyz bolmasa, mende atamyň tohumy tükenäýmeli bormy Allajanlarym» diýip dymdy.Onuň ýadyna agasy Döwletmämmediň aýdan dana sözleri düşdi. Ol:

«--Unutmaň, mydama Adam oglunyň depesinden Allatagala, arkasyndan ata-babalary, alnyndan geljekki neberesi seredip durandyr!»--diýipdi. Kynyş beg gögüne garady. Aňyrsyna göz ýetmeýän mawy asman oňa biparh garaýardy. Gö
Görgüli alnyna, arkasyna, iki gapdalyna umydygär seretdi--Howa olar seredip dursa durandyr, emma delalata eýleýäni ýokdy. Kynyş begiň gözlerine gussa doldy. «Nädip, nä ýüzüne Kynyş beg dädesiniň ýanyna barýar. Özem men diýen ýaşynda, hepbesiz galjaňlygy, kemakyl ýalňyşlygy zerarly. Üstesine-de ýetimejik maşgalasy Nurjemaly hem ýowuz takdyra taşlap»… Kynyş begiň ýüregi ezilip, esli salym gözlerini balkyldadyp oturdy. Ol al asmana seredip depesinde ençe maslykçy guşuň gaýmalap uçup ýörenini gördi: ukudan oýanan ýaly tisginip gitdi, şol dem onuň ejizlän kalbyna Magtymguly ýonaçynyň ruhy tüweleýläp girdi. Kynyş beg silkinip ýerinden galyp:

--Aý, Kynyş beg, maslygyň başynda agyňy agladyňmy? Agladyň! Bessir! Sesi öleňsoň edersiň!.. Eýse sen nä dünýä tohumlyk diýip baky getirilipmidiň? Ölseň ölüpsiň-dä! Emma şindi dirikäň ejizlär ýaly sen näme heleými!—diýdi. Kynyş beg özüne akyl bermäge, özüne sögmäge, gygyrmaga, özi bilen henek etmäge ussatdy. Birdenem özüne başga hörpde gygyryp başlady--Haý-haý, Depegözüň dogman geçeni, Bedähet begiň berebekgeýi Kynyş beg ölüp gidiberjekmiş! Akmak, Allajan uçmah ýaly şu owadan daglaryny seniň haram maslygyňa hapaladarmy! Heý, şeýle owadan daglarda-da ölmek bolarmy! Heý nowjuwan Nurjemal gelnem dul goýup, ölmek bormy! Oýlan, otuz ýyl bäri gara garnyňy otaryp ýallap ýörün men seni! Pikir kyl, otuz ýyl bäri haram maslygyňy göterip ýörün men seniň! Oýlan, çuň oýlan!..

Ol ýylgyrdy. Birki ýyllykda Döwlet dädesi bilen bolup geçen waka ýadyna düşdi. Bir ýagyşly-ýagmyrly gün Döwletmämmet aganyň ýoly Ak gojuk, Gara gojuk atly iki doganyň üstünden düşýär. Iki ekiztaý dogan äpet kerkaw agajynyň aşagynda ullakan çukur gazan eken. Olar:

«--Döwletmämmet däde, biziň jedelimizi çözüp ber! Şu taýa häli ýalaw ýaly ýyldyrym girip gitdi. Men ýyldyrym göwherden diýsem, Garabeg altyndan diýýär.

Döwletmämmet sallançakdan gaçan ekiztaýlara:

--Siziň jedeliňizi diňe ýyldyrym çözer, agtaryberiň!—diýýär.

--Wah agtardykla, emma tapmadyk!

--Yhlas edip çuň gazsaňyz taparsyňyz—diýip, kethuda ýylgyryp gaýdýar.Telberäk, tentegräk doganlar gazýar, çuň gazýar. Ahyry çukurdan altyn-kümüşli hum çykýar. Şondan bäri hajygowşanlylar «Çuň gazyberseň, ýyldyrymyň altyna öwrülýän ýerinem tapyp bolýar» diýip gülýärdi. «Humdaky altyn kän ekenmi diýen» sowala-da, «Kän bolmaly, sebäbi şondan bäri ekiztaýlaryň güni bir bolsa urşy iki «diýen ýetimejik gülküli sözem yzyna tirkeldi. Obadaşlaryny ýatlan Kynyş begiň göwrümi giňäp, ozalky Kynyş bege öwrüldi:

--How, Garajaryň gara doňzy Kynyş beg, entäp ýören awçy-saýýat geldimi? How, Hardejjalyň agzy gara eşşegi, saňa akyl geldimi? Ýok! Hany sen daragtyny ýakyp, kölegesini alyp galýan kişidiň-le! Hany sen ýumurtga bilen daş döwýän goçduň-la! Hany sen düýäniň şahy bilen gula-gyňy gazaýan gerçekdiň-le! Keremli daglaryň goýnunda azaşan doga bidöwletem aç-suwsuz, alaçsyz ölýän däldir! Sen zaňňar, Allanyň alnynda, ata-babalaryň alnynda, geljekki nebereleriň alnynda şeýdip akmaklygyň zerarly ölüp, atañ Garagaýyň ýanyna nä ýüzüňe bararsyň! Asmandan bakyp duran Allam, heý, bendesini çykalgasyz güne salarmy?! Sen bir gaýratly gerçek bolaňda Günüň şöhlesinden tanap iýşerdiň, dagyň daşyndan urgan bükdürerdiň! Bulutlara münüp jülgä inerdiň! Ýellere ýapyşyp ýere gonardyň!.. Eý, akly telperje Kynyş beg, Hudaýa uý-da, uçutdan towsup goý-ber!—diýip, dälirän ýaly duran ýerinden atylyp, towusdy gaýa tarap! Hatda aşakdan eýesini synlap duran itiň-de zähresi ýaryldy, emma Kynyş beg henek eden eken. Dogry, ol gaty bat bilen uçuda garşy towusdy, ýöne uçut gaýa däl-de, ýokarylygyna, çakdan aşa töwekgel hereketinden ýaňa gorkusyna tas jany agzyndan çykypdy! Ol entiräp-tentiräp gaýadan yzyna çekilip, Janyna:

--Päheý, Janym, şirin Janym, men seni beýle gorkak, beýle namart, beýle bigaýratsyň öýtmändim. Ýeri, uçutdan towussam kül-uşak bolýan men, ölýän men, sen bolsa entek gaýadan towusmankam tas agzymdan çykyp gaçyp-dyň-aý! Haý-haý, amanat janlygyňy etdiň-ä, bigaýrat! Gör-ha, men seni heziller etdirjek, göwnüňi görjek, keýpiňi göterjek bolup ýabany daglar-da, uçmahy jülgelerde sepil-sergezdan bolup, entäp ýörün!—diýdi.

Ol ýene oýa batdy. Adam pakyr çykgynsyz günde galdygy dessine onuň aňyna, ýadyna, hyýalyna Hudaý gelýär, her demde Hudaýa sygynýar, Hudaýa bil baglaýar, sebäbi adam pakyr gyzykly dünýäniň işlerine çörňeşip, mahal-mahal Hudaýyny unutsa-da, Hudaý unutmaýar. Bir akyldar «çar tarapyň bagly bolsa-da, umytdan düşme, Alla tarapyň, asman tarapyň açykdyr» diýmeýärmi? Her kes alaçsyz halda ajalyň penjesine düşeninde beýik Biribar oňa golaýlap, bilniksiz halda çykalgany kalbyna salýar…

Kynyş beg dilkaw gaýanyň üstünde ösüp oturan arçalary synlady. Olaryň birnäçesi ejizje ýaş arça, galanlaram çakdan aşa daýaw, göwdesi gulaç ýeterden-de ýogyndy. Birden Kynyş begiň nazarlary ýşyrap, ýüzüne ýylgyryş çaýylyp gitdi.

--Haý-haý, Görogly soltanyň bajasy, Jahan şanyň körekeni, begler begi Kynyş beg! Gökdäki tyllaýy Güni alagada seniň döwletlije kellaňe jyga edip geýdiräýmelidir-le! Aýtmadymmy Allajan bendesini synap görer, emma ki çykalgasyz güne salmaz diýip!

Ol hyýalynda ýaş arçalaryň ähli pürli şahalaryny goparyp guşagy, köýnegi bilen göwresiniň daşyna daňyp towusýar ýylçyr gaýanyň gerşinden aşak! Emma…hanha, aşakda beýnisi çar tarapa pytrap ýatyr!.. Kynyş beg gamlandy…Ene-de Kynyş begiň ýüzüne şatlyk çaýyldy, ol ullakan arça özüni daňyp uçutdan towusýar. Şahalary, pür-pudaklary gaba mähnet arça agajy howada howalanyp, gaýyk ýaly ýüzüp, emaý bilen jülgä gonýar.Şum ajaldan çykalga tapan Kynyş beg uçaýjak boldy.

Emma mähnet arçany nädip çaparsyň?

-- Kynyş beg, dost kepini menden eşit! Saňa akmagyň akmagy diýerler! Seniň kellebaşaýagyňy lowurdap duran Güne sokaga-da oda gorsaýmaly-dyr! Heý mumyýagärem gaýadan sallananda paltasy bilen teşesini taşlap gaýdýanmydyr! Heý öküz öz şahlaryny ýük görýänmidir! Çyg süýt emen mahluk! Saňa şunça ýyllar iýdiren çöregim haýp, iýen ýalyňa degmez dum-bula! Ýanyňa hanjaryňy alanam

bolsaň beýdip haram ölmezdiň! -- diýip, özüne sögündi, hamana ene görgüliler göwsüni ojaga goýup süýdüni bişirip bermeli ýaly!

Akyl dişiniň hemme dişden soň çykyşy ýaly, adam oglunyň akly hem mydama giç gelýär. Döwletmämmet aga köplenç "Eý Allam,adamlaryň giç gelýän akylyny maňa ir berewer" diýerdi. Kynyş begiňem giç gelýän akyly geldi, emma palta, teşe, hanjar, iň erbedi suwly meşik bilen çörek-li horjunam gaýanyň ýokarsyndady, ýaşaýyş bolsa üç-dört ýüz gulaç aşakda…

Kynyş beg soky daş ýaly daş bilen uçuda golaý ýerde ösüp oturan mähnet arçanyň düýbüne urup başlady. Suwy ýetik agajyň düýbi ýenjilip barýardy. Ol ajaldan çykalga tapanyna ynanyp, begenjinden ýaňa ýaňadan gygyryp itine, atyna lak atdy. Onsoň basganjaklap duran dilkaw gaýanyň üstüne aýlanyp bir tarapy gyýçak daşlardan palta, erez-erez daşlardan byçgy edinip, agajyň düýbüni çapmanyň kül-külüne düşdi. Ol öz-özüne:

--Kynyş beg, Kynyş beg, bek belle, gaýdybam ýadyňdan çykaraýma! Seniň aklyň bäş gün yzyňdan gelýän eken!—diýip, özüne sögündi.--Ýöne entegem giç däl! Bozdumana rehmiň gelsin! Ajdaryňa ýüregiň awasyn! O janawerleriň ganyna galmajak bolsaň, dirjenege gal! Damja ýaly damja gök daşlary deşeninde, sen zaňňar şu arçanyň düýbüni çapyp bilmezmiň indi? Başga näme pişäň galyp durmy, otur gijäniň, gündiziň depesinden gütlet-de daş urup!

Giç gelen akyl zerarly Kynyş beg on sekizinji asyrdan gadymy dünýä düşüp, ilkidurmuş adamyna öwrülip, diýseň äpet arçanyň düýbüni daşlamaga durdy, emma nije günüň açlygy-suwsuzlygy zerarly görgülide ragwat ýokdy. Garasaý, Kynyş beg gündiz daş bilen arçanyň düýbüni ýenjip, ýenjilen ýeri erez daşlary bilen byçgylap çykdy. Gije bolsa ygyp gelýän möjeklere garşy otly kesindi oklap,gykylyklap,damak ýyrtyp, söweş kyldy.Şeýlelikde, ol iki günde mähnet arçanyň düýbüni ýenjip, halys haýyny aldy. Serkerem otunyň on düýbüni ýerden çykan ýerinden ýolup, boýnundaky ýaglyga düwüp, köýneginiň içine saldy. Ol düýbi ýenji-lip-enjilip öserine barlyp, haýy giden arçanyň tas orta biline çykyp, guşagy bilen özüni pürlek arça mäkäm daňyp, telpegini çümre geýip, mähnet agaja leňňer berip gördi. Äpet arça agajy çalaja şatyrdady. Keýpi çaglanyp, ruhy galkan Kynyş beg:

--Aý, Allajan, seni Allam ýalkasyn-ow, aňsatja alaç tapyp beregaýdyň-a! Ahaw, Aždarham, ahaw Bozdumanym! Hah-hah-ha! Tomaşa kylyň, Tüweleý hanyň agtygy, Jahan şanyň körekeni, Görogly soltanyň bajasy Kynyş bege tomaşa kylyň! Kynyş beg uçýar! Asmandan zemine uçýar!.. Janja-gaşym, senem beg bol, ýeg bol, bigaýratlyk edäýme!.. Nurjemal jan, aç gujagyňy, häzir gerçek ýigidiň arşdan seniň uçmah goýnuňa düşýär!- diýip,uly uçuşa taýynlandy. Atyny, itini, owadan jülgäni, mawy asmany soňky sapar nebsewür synlap,uludan dem alyp, arçany bagryna basyp, agaja leňňer beriberdi, ahyry äpet arça agajy nagra dartýan ýaly mojuk ses edip, jomrulyp gaýtdy dik gaýadan kelemenläp. Kynyş begiň göwnüne ýaşyl bulut ýaly mähnet arça howada howalanyp uçaýjak ýalydy, emma arça agdar-düňder bolup gaýtdy magallaklap! Ajaldan gorkmaýan Kynyş beg, Görogly begiň bajasy Kynyş beg düýpsiz uçutdan gaýdanynda jynssyz gygyra-nynam duýman galdy. Jynssyz sesiň yzy bilen huşy-da gitdi, jany-da! Alla bilsin niräk! Üç-dört ýüz gulaç dik gaýadan şuwlap gelýän Kynyş begiň arçasy gaýanyň düýbüne urulyp, soňam eňňit bilen togalanyp, ahyry jülgä düşdi. Kynyş beg ýa gorkudan, ýa urgudan, garaz özünden gidipdir. Wepaly Bozduman bilen Ajdar pürlek arçanyň şahalarynyň arasyndan eýesini tapyp, biri horguryp, beýlekisi çyňsap, ýüzüni-gözüni ýalaşdyryp, ahyry özüne getirdiler. Kynyş beg dem salym asmany synlap, jülgede ýatanyna ynanyp, ölmändigine hoş bolup Ajdaryň gazan ýaly kellesinden gujaklap, hahahaýlap gygyrdy.

hhh

Ýonaçylar baga öweç öldüripdi. Goňşy-golam, dogan-garyndaş üýşüp, öwejiň şar-şurundan teýli nahar edinip, gürrüňleşip, çaýlap otyrdylar. Obanyň ygynda ýerleşen ýonahananyň ýanynda alaý atly göründi. Olar gaýymgalaly düpbozanlardy. Baýak akdan-garadan, arakdan-meňden gaýtmaýan Küremiş han hemşerileri bilen meý-mes içip otyrka kellelerine ajap bir pikir gelipdi. Hudaýy-- gylyç-gürzi, pygamberi-- top-tüpeň, dini-- alaman-talaň hepbesizler türkmensähraly, etrekli, garrygalaly pirlerde gudratyňam, kerem-keramatyňam ýokdugyny subut etmegiň, has dogrusy, ulamalary masgara etmegiň kül-külüne düşdüler. Şu günem guşluklar Küremiş han, Ärbasan beg dagy Şirbasan begi meňden-neşeden gähnedip, yzyndan esli çakjagunduz maňzyny iýdirdiler. Ozalam adamdan mahluga, sagatdan seňsä ýakyn Şirbasan beg boldy bir gyzyl däli! Olar Döwletmämmet piri synamaga gelýärdiler. Imansyz bidöwletler asyl matlabyny bukup, Şirbasan begiň dälirändigini aýdyp, Döwletmämmet pire ýykyldylar. Pir:

--Begler, däliniň-jynlynyň piri Selim magtym! Siz hassa begiňizi Selim piriň bimarhanasyna äkidiň—diýdi. Küremiş han:

--Pir agam, biz inimizi gurbany boldugym, Selim magtym piriň bimarhanasyna eltdik. Selim pirimiz Şirbasan begi göreninden "Begler däliňiz maňa baş berjek däli däl" diýip elewräp, "Beg ýigidiňizi Baky pire äkidiň!" diýdi. Baky pirem inimizi göreninden, "Ýigidiňiziň derdini Döwletmämmet möwlana dep edäýmese, biz başarmaýas" diýip, siziň dergähiňize ýollady.-- Biz siz diýip geldik! Eger bizi biz diýseňiz, kerem-keramatyňyzy, gudratyňyzy görkezip, dälimizi açyp beriň. Genji-känimiz siziňki!

Döwletmämmet pir Şirbasan begiň nirede, nädip, nä halda zyýan tapynany sorady. Ärbasan beg doganynyň zyýan tapynyşyny, birki hepdäniň içinde zynjyrlaýmaly däli bolşuny gürrüň berdi. Ýaş pir oýurganyp, Şirbasan bege synçy nazaryny dikip kän oturdy. Küremiş han bilen Şirbasan beg halys ýürekden ýalbardy.

—Şirbasan begiň däliligi ötüşipdir. Munuň derdini dep etmek maňa-da başartmasa gerek, ýöne synanyp göreýin, dert beren Biribar dermanynam berendir!—diýip, Döwletmämmet pir Şirbasan begiň gözlerine dikan bakdy, zyr dälem bolsa onuň howy basyldy, gözlerini sowjak boldy, emma başarmady. Garasaý, Döwletmämmet pir okap başlady, bir sagada ýetip-etmänem Şirbasan däli uklap galdy. Myhmanlara nahar, düýe çal, süzme çal, çaý çekildi. Nahar iýlip, çaý içilensoň Döwletmämmet pir Küremiş hana "hassanyň el-aýagyny boşadyp, ukudan oýaraýyň" diýdi, Küremiş hanyň içi gülýädi, sebäbi çakjagunduz iýdirilen däli üç-dört sagadyň içinde dälilikden açylýardy. Ärbasan beg inisiniň işgilini, gandalyny aýryp, ukudan oýardy.

Küremiş han töweregindäki hajygowşanlylara nazar aýlap, pirden ötünç sorady:

--Pir agam, ahun agam, biziň dag ýaly günämizi dary ýaly edip geçireweri, arada biz jedel etdik: Şirbasan bege bir gysym çakjagunduz maňzyny iýdirip, ondan ýalan däli ýasap, ady-awazasy yklyma dolan pirlere eltdik. Şirbasan beg däli däl! Hezreti Baky pirem, Selim pirem, sizem çakjagunduz maňzyny iýen kişi bilen dälini seljerip bilmediňiz. Şeýdibem, biz ahun-pirlerimizde keramatyňam, gudratyňam ýokdugyny, asyl olaryň sagat bilen dälini hem aýyl-saýyl saýgaryp bilmeýänini subut etdik.—diýip, ýoknasyz güldi. Hajygowşanlylaryň gany depesine urdy, jahyllaryň gursagyndaky gahar-gazabyň tüweleýläp, başlanyny duýan Döwletmämmet pir:

--Ýigitler, hatyrjem oturyň! Biz näme, imansyz mynapyklar pygamberlerem, ulug-ulug ulamalaram synap görendir!--diýdi.

Ärbasan beg äm-säm bolup oturan Şirbasan begi silkeledi. Ukusyna garjaşan Şirbasan beg gözlerini elek-çelek edip, töweregine gorka garady. Agasy Ärbasan beg tirsegi bilen onuň böwrüne dözümli gütüledip goýber-di, emma inisi ukudan aýňalarly däldi. Küremiş han lahlah gülüp, käsesindäki sowan çaýy äm-säm bolup oturan Şirbasan begiň ýüzüne serpip goýberdi. Zähresi ýarylan Şirbasan beg allaniçiksi tisginip, sen men ýok Küremiş hanyň gulagynyň düýbüne doňdurdy! Oho-ho-ho! Däli zaňňar asyl ony Hudaý uran ýaly edip, ýere çyrşady! Soňundan jyn ýaly atylyp turdy-da, ýere ýazylyp ýatan Küremiş hanyň içine bir çöwdi weli, hanyň ters tarapyndan towşan-torsugyň ýüregini ýarjak zarply ses oturanlary tisgindirdi, ýürekbulanjy ys bolsa namazhonlaryň täretini täzelemeli etdi. Ärbasan beg inisine ýapyşdy, emma Şirbasan beg onam pygamber uran ýaly etdi, oýnuň çyna ýazanyny aňan Ärbasan beg gaçdy, däli bilen ite-de geregi şol, kowdy Şirbasan beg ajal bolup agasynyň yzyndan. Däliniň öňünden gaçyp gutuljak gümanyň barmy? Şirbasan beg agasyny tutup, onuň " men agaň, men doganyň!" diýip bozlaýanyna bakman, tultuk suw edip ýençdi. Döwletmämmet pir nurana ýylgyryp oturşyna jahyl ýigitlere ümledi. Jahyllar Şirbasan begi gübürdedip basyp, ellerine işgil, aýaklaryna gandal urdular.Küremiş han zordan özüne gelip:

--Pirimiz, bi näme boldugy? Şirbasan bege nä döw çaldy?—diýip, gözlerini erew-berew etdi. Döwletmämmet pir:

--Bolan zat ýok, han! Däliňiz maňa-da başartmady, ony derhal güýçli pire äkidiň! Ol zyr däli!—diýdi.

--Ol däli däl, biz oňa meň çekdirdik, çakjagunduz iýdirdik. Biz oýun etdik!

--Hawa, siz oýun etdiňiz, perişdelerem oýnuňyza omyn diýdi… Onyňyz däli, gyzyl däli!..

--Hudaý bar, Şirbasan beg däli däl!—diýip, Küremiş han birde Döwletmämmet pire, birde güýlünip ýatan ýerinde urunýan gyzyl dälä seretdi. Bada beg Küremiş hanyň alkymyna dykylyp:

--Küremiş han, sen Gaýymgalanyň ulug hany gerek? Menem seniň neneňsi handygyňy synap göreýin!—diýip, onuň eňeginiň astyna bir doňdurdy, ömründe beýle ýowuz urgyny görmedik Şirbasan däli gorkusyna jynssyz uwlady, Küremiş han bolsa ýere çyrşalyp, dem-düýtsiz ýatyr. Celim beg Ärbasan begiň ýanyna bardy, beg özüniňem ýere çyrşaljagyny bilip dessine iki dyzyna çökdi.Selim beg boýnundan penjesini urup:

--Ärbasan beg, saňa bir ýumruk bergim bardyr, öz öýümde uwladyp durmaýyn, haçan mes bolaňda ýadyma düşürersiň!—diýdi. Wakany synlap oturan goja Mirhaýdar aganyň gahary geldi:

--Päheý, Selim beg, beg halyňa, ýonaçy halyňa bergidar bolmaga utanmaýamyň-aýt? Ýalançy dünýäde bergidar gezmezler! Ine bergiňi men berýän-- diýip, hasasy bilen berdi Ärbasan hanyň

küpesine! Ýagyrnysyndp taýak pytran Ärbasan beg dyzanaklap Döwletmämet piriň alkymyna baryp ýalbarjak boldy.   Selim beg:

--Ärbasan beg, derhal däliňi-dolyňy al-da Giňjaýdan çyk!—diýdi.

Mirhaýdar beg:

--Ysyňy-kokuňam, balagyňdaky pohunam alyp derhal göteril, wanaşyň biri wanaş!—diýdi. Ärbasan beg ýaňadan Döwletmämmet aganyň aýagyna ýykyljak boldy, emma Bada beg onuň ebşidinden tutup, atyna tarap südürledi. Birhaýukden özüne gelen Küremiş han  baş ege, baş ege  atyna ýumlukdy. Hajygowşanlylar Şirbasan  dälini bir ata kese basyp, eýi ýeten Küremişiň han dagynyň, yzyna it salyp obadan kowdylar…
Maňňyşlakdan Käbä haja barýan kerwen Hanharabanyň ýanynda düşläpdi. Olar daň saz bereninde örüp, ýuwunyp-ardynyp, namaz okaýany namazyny okap, onlarça oduň başynda ertirlik edinip otyrdy. Kerwençileriň keşbi-keşmerinde galagopluk bardy: olaryň kerwenbaşysy kesselläpdi. Haja barýan kerweniň kerwenbaşysynyň kesellemegi, gowy alamat sanylmaýardy.  Ýaşulylar Padymanyň daşyna jem bolup, kerweniň tebibi oňa sowan çaý bilen melhem içirýärdi. Entek kyrkam ýaşamadyk, gallawdan berdaşly  Padyman bolup ýatyşyna müýnürgäp:

-- Hezreti pirimiz, kerwenbaşynyň takdyry şeýle: kerwenbaşy ýolda ýaşaýar, ýolda garraýar, ýolda-da amanadyny tabşyrýar. Kerwenbaşy dert tapyndy diýip, munça adamy haj sogabyndan goýmak bolmaz!  Meni bir düýä atyň, itjanlydyryn! Ölmen! Ölsem-de Hajyň ýolunda ölýän ahyry! - diýdi. Ak sakgally peşeneli pir:

-- Karkara baý, seniňem-ä bilmeýän ylmyň bolmaly däl! Padymanyň  derdini dep edip bilmeýämiň? -- diýip, iki goluny hasasyna söýget edip dik duran kempire seretdi. Kempir başyny yrap:

-- Padymanyň göwrümiňi giň tut-da, Hudaýa ýykyl! -- diýdi.

--Mömin doganlar, öňümizden çykan ilkinji oba baryp göreliň. Güýçli hekimi bardyr, tebibi bardyr -- diýip, pir karara geldi. Kerwenbaşy  mejalsyz halda:

--Doganlar, bir ädim ätsek-de keramatly Käbä tarap gideliň! Haja tarap, sogaba tarap! -- diýdi. Kerwen ýola düşdi, bir sagat çemesi ýol ýörelensoň, olaryň öňünden uly oba çykdy. Karkara kempir tulparyny saýgylap, kerweniň öňünden barýan atly piri ýetdi.

--Sahawetdin, bu oba sowulmak bolmaýar! Görmeýäňmi, oba ýas tutup, matam dartýar!

Pirem, öňden barýan ýaşulylaram oba seredip, obada ýas-pata alamatyny görmediler. Pir:

-- Biz-ä ýas tutup, matam dartýan göremzok-- diýip, ýaşulylara seretdi.

--Görmeýän bolsaňyz görýäne gulak goýuň! -- diýip, Karkara kempir piriň gapdaly bilen gidiberdi. On-onbäş minutdan  olar obadan çykyp barýan gölegçileri gördüler.  Ýarym sagat çemesi ýol geçen kerwen  bir ullakan obanyň üstünden bardy, emma Karkara kempir -- Bu oba-da sowulmak bolmaýar, sebäbi oba kiçijik! -- diýip, aýgytly netije çykardy. Pirem, ýaşulylaram ullakan obany synlap:

-- O nähili kiçijik? -- diýdiler.

-- Ibaly hekimi, tebibi ýok oba kiçijik oba bolýar!

-- Sen ony nireden bilýäň?

--Meniň bilmeýän zadym barmy, Sahawetdin? Siz gowusy bilýäniň yzyna düşüberiň -- diýip, Karkara kempir kerwenkeşiň gapdaly bilen tulparyny ýorgaladyp honda barýar. Hezreti pir, hudaýhon ýaşulylar Karkara kempiriň diýenini etjek däl, emma köpçülik Karkara kempire ynanýar, sebäbi ol Maňňyşlagyň  meşhur müneçjimi, gurrandazy, bilgiji, hekimi, tebibi. Maňňyşlaklylaryň aglabasy Karkara kempiriň tersokan, jadygöý, dogagöý, seýirkeşdigine-de ynanýardy, ýogsa ol ýyl orazasyny tutup, bäş wagt namazynam sypdyrman okaýardy. Karkara kempiriň öňdengörüji welidigine, ynanýan az däldi. Sahawetdin piriňem, ýaşulylaryňam gahary gelýärdi, ýöne kerwençiler “bilmeýän zady ýok tersokan kempiriň” pynhan ylym-bilimine bil baglaýardy. Kerwen bir salym ýöränsoň, olara malynyň yzyndan barýan eşekli çopan duşdy. Kempir çopana ýagdaýlary düşündirdi…

--Yzyma düşüň doganlar. Hanha, biziň Gulydepe obamyz. Men sizi ilimiziň  kethudasynyňka alyp baraýyn. Döwletmämmet agam alym, aryf, hekim, pir  kişi… -- diýdi.

Gulydepe bag-bakja basyrylyp oturan  örän uly  obady. Obanyň ileri başyndan derýa akyp ýatyrdy. Müň ýaşan äpet-äpet çynarlar, howalaly hozlar, peýwendi erikler, almalar, asmana şahalaryny pürküşip duran hurmalar, narynç, turunç  daragtlary ýaşaýşyň ýaşyl tugy ýaly  şemala  owsun atyp, alyslardan aryp gelýän myhmanlara  albaý bulaýardy. Baryp-ha faraonlar-pyrgawunlar  döwründen bäri, Eýranyň-Turanyň aglaba  welaýatlary toprak bilen bagryny badaşdyran çomrylardy. Türkmensähranyň topragy hakykatdan-da Allanyň ýalkan ýeridi. Ýere tohum atyp bilseň boldugy, nobur gazyp, ýap çekip suwarmagyň geregi ýok,  aram-aram ýagýan ýagyşlar suwarýardy, Gün nury bilen «dökünini» berýärdi, Hazar deňzi, keserip ýatan dag gerişleri ekinzarlygy tomusda ot-ýalynly epgekden, gyşda gazaply sowuk ýellerden goraýardy. Türkmensähra ýöne ýere «Biribaryň rysgal-bereketli desterhany» diýilmeýärdi. Ol tüýs çomry halkyň ýurdudy. Kesewiňi dürtseň gögerdýän hümmeti zor boz topragy bardy. Ata-babalary atly daýhan Çommat aga bir gezek:

--Eýranyň-Turanyň topragy nädip rysgal-döwletli, baýlyk-bereketli bolmasyn. Dünýä döräli bäri Eýranda-Turanda patyşalyk eden set-müň, set müň şalaryň hazyna-depinesi, genji-käni gurbany boldugym şu ýerleriň aşagynda ýatyr ahyry—diýipdi. Sekiz-dokuz aýlap nurana Günüň astynda bozugyp ýatan toprak mesliginden ýaňa kibir atyp ýatyr ylla mele nan ýaly! Ýüzüne mesge çalyp iýibermeli. Ýere atan bir dänäň müň bir bolup gaýdyp gelýär. O dünýäniň barlygam bir gowy zat: ýogsam bu toprakda gömülen ölüleriňem gögerip çykjagy hakdy. Bu Hydyr gören toprakda bolsady ekseňem pajarlap gögerip, käşkädem bol hasyl berýärdi. Çomry halklar ýaşaýan ýerini—düz ýerleri, baýyrlary, källeri, saýlary gülzarlyga,  bagy-bossanlyga, uçmaha öwürýär, olar topraga kök urup, toprak bilen bagryny badaşdyryp, mukaddes topragyň perzentleri bolup, kämil çykyp, dünýä beýik siwilizasiýalary  berýär, çarwalar  bolsa  malynyň yzyna düşüp,  ýyllaryň dowamynda özlerem mahluklaşyp gidýär.Olar mydam at üstünde, olar mydama taryhyň, ýaşaýşyň depesindäki apy-tupan, gurman ýumurýar, ekmän gemirýär, kök urman ýaşaýar.

Gaýry illerden kerwen gelse, dessine ulus-il üýşýär. Hassany Döwletmämmet  özüniň giň jaýyna saldy. Pir hem iki sany ýaşuly Padymanyň  ýanynda galdy. Kerweniň ýaşuly adamlaryny Selim Magtymguly myhman aldy. Gartaşan aýallaryň birnäçesini bolsa Kynyş beglerde ýerleşdirdiler. Beýlekilerem baý-barly adamlar dörtden-bäşden bölüşdi. Selim Magtymguly iki sany janly kesip, kerwençilere günortanlyk naharyny taýynlatdy. Maňňyşlakda dünýä döräli bäri çarwa ýaşap ýören kerweniň adamlary ömründe görmedik nazy-nygmatlaryny, iýr-iýmiş-lerini, miwelerini, olaryň kişdelerini iýip haýran  galýardylar. Bir goja çopan mylgyrap bişen şetdalyny iýip oturşyna:

--Pahaý, bize süri-süri malyň yzyna  düşüp mala öwrülip giden mahluk diýerler! Görüň-ha,uçmah Türkmensährada eken-ä!—diýdi.

Döwletmämmet  entek kyrkam ýaşamadyk berdaşly ýigide:

-- Padymanyň,  seni Alla ýalkapdyr. Ynha, meniň myhmanymy synla, tamam  Semnan welaýatynyň atly hekimi  Emirhüseýin hekim, seniň bagtyňa biziňkide myhmançylykdady. Anha, Agahan tebibem obamyzyň uly tebibi… Seniň, hekimiň, tebibiň duşdy -- diýdi. Padyman mejalsyz halda:

--Doganlar, men bütin ömrüme kerwen çekdim, iliň gullugynda durdum… iliň hyzmatyny etdim. Gynanýan, gynanýan iliň öýünde-de amanadymy tabşyrmaly boldum… -- diýdi. Döwletmämmet  mährem ýylgyrdy:

-- Padyman, ölüm nireden geldi bi iki ara! Emirhüseýin hekim bi derdiň piri  ahyry!

-- Wah, dogan, jan eýesi bilýäle… Men gidip barýan…

--Goý, goý, küpür geplemäňi. Ýene birki hepdeden kerwen çekip, haja-da gidersiň, hajyň başlanmagyna ýene iki aý dagy bar!-- diýip, Döwletmämmet  gaty ynamly gepläp, hassanyň gursagynda umyt uçgunyny köretdi.

Emirhüseýin hekim, Döwletmämmet hekim, Agahan tebip gijesi-gündizi çirim etmän Padymany bejerýärdi, ýöne gitdigiçe kerwenbaşynyň ýagdaýy agyrlaşýardy.  Hekimler Padymanyň tut ýaly sagalyp gitjegine ynanýardy, emma haja barýanlaryň ynamy synyp gidip otyrdy. Hekimler melhemleriň ýagşysyndan ýagşysyny saýlap, Padymana  içirýärdiler,  daş tabakda dürli-dürli derman otlary

tütedýärdiler, nahilidir bir ýagy hassanyň bedenine çalyp owkalaýardylar. Emirhüseýin Çynmaçynda çynly hekimlerden öwrenip gelen altyn iňňelerini hem urýardy. Sahawetdin pir bilen Maňňyşlakly iki ýaşuly bolsa içinden doga okap, Biribara sygynyp, mynajat edýärdi. Döwletmämmet olara myhmanjaýa geçip dynç almagy ündeýärdi. Emma pir şol oturşyny hem üýtgetmän:

--Siz nije gün bäri gijesi-gündizi çirim etmän hassamyzy bejerýärkäňiz, biz hossary bolup, Taňrygulyny taşlap gidip bilmeris!-- diýip, jogap berýärdi.Döwletmämmet:

--Dertliniň hossary hekim bolýandyr, pirimiz—diýdi. Olar pessaýja gürleşip başladylar:

--Ahyrzamana ýakyn gelip ýörmi, Döwletmämmet, görülmedik, eşidilmedik keseller, derdi-belalar köpelip gidip otyr—diýip, pir nadyl gürledi.—Türkmenem ownap ýörmi, bilmedim. Biz oglan döwrümiz türkmen ähli derdinden-keselinden burçlyja unaş içip açylar ötägiderdi.

--Türkmen ownap ýörmi, biljek däl, ýöne gadym zamanlarda ata-babalarymyz gije ýassygynyň astynda gylyç - hanjar goýup ýatypdyr, soň-soň gurhany ýa kelamy kitaplary goýar ekenler, indi bolsa ýassygynyň astyn-da pul goýaýmasa bu adamlar ýatyp bilmese näme!

--Howa-da, namaz okap otyrka-da, pul sanaşyp oturan kişilere döwürdeş bolduk!

hhh

Dert ýeke gelmeýär diýen gep rast bolup çykdy.

Düýnden bäri agyraýak Arazgülüňem aram-aram burgusy tutýardy, emma toý tutulyp garşy alynjak bäbejik dünýä inäýmeýärdi. Sagatsaýy Arazgül görgüliniň haly teňleşýärdi. Obanyň güýçli tebipleri Enar ene, Ogulsabyr eje haýran: hemme zat kadaly, çaga dünýä inäýmeli! Emma…

Mirhaýdar aganyň aýaly Keýik eje dört-bäş ýaşly Abdyllany, iki ýaşan Mämmetsapany, Selim Magtymgulynyň ogullary Arslany, Hanjary howlusynda oýna güýmeýärdi, emma eýýäm aga-gara düşünen Abdylla öýleriniň töweregindäki perişan aýal-ebtatlaryň, erkek kişileriň suslugyndan elhenç bedibagtlygyň gelenini duýýardy, häli-şindi Keýik ejeden gaçyp, jaýa urdurylyp, ýorgan-düşekli ýatan ejesini gujaklap gözýaş edýärdi, Mämmetsapa bolsa möňňürip aglaýardy. Arazgül ýatan ýerinden gözmonjugy ýaly iki ogluny gujaklap bozulýardy: eýse indi ol balalaryny ýetim-esir galdyryp ölüp gidibermeli bormyka?! Ol çagajyklaryny ogşap, ezizläp, göwünlik berip, bagryna basýardy.Ene görgüli neýlesin, balalarynyň perwana bolup ýörşüni gören Arazgül eje, heý gözýaşyna ygtyýar edip bilermi, heý jigerinden ganly ýaşyny akdyrman bilermi?!. Çaga—enäniň göwresinden daşda gezip ýören jany ahyry!

Karkara kempir, birki sany gartaşan aýal bilen Kynyş beglerde ýerleşipdi. Ol uzak gün jaýyň diwaryna arkasyny berip oturardy. Aram-aram dodaklaryny kümşüldedip içinden doga okardy ýa özi bilen gürleşerdi. Gijeler palçyk sypada ýassygyny iki epläp ýassanyp, ýyldyzlary patraşyp duran asmana sereder ýatardy. Onuň haçan ýatyp, haçan turýanyny bilýän ýokdy. Näme nahar goýulsa, duz dadyp, iki agyz iýerdi, bolany. Ýassy namazyndan soň Sahawetdin pir sypada asmana seredip oturan Karkara kempiriň ýanyna bardy:

--Sen Maňňyşlakda maňa “Hudaý bilen baş dalaşdyrmamy, müneçjimligimi goýaýyn, meni haja alyp git” diýip ýalbarmanmydyň?

--Ýalbarypdym, ýöne entek biz gurbany boldugym Mekgä ýetemzok, haj edemzok…Musulmanlar, biz bir bagty çüwen umma, beýik Biribar keramat kitabymyzy--Gurhany arşy-agladan inderipdir.Emma men Hudaýyň zemine ýollamadyk keramat diwanyny—san-sajaksyz ýyldyzly asmany okaýan. Synla, synla hanha, san-sajaksyz ýyldyzlar pyşyrdaşyp maňa syryny aýdyp dur!..Sahawetdin, sen maňa päsgel berýäň, git-de mynajat kyl.

Guşluklar tebip-hekim aýallar zowzullaşyp başlady. Biri öýe girse, ikisi daş çykýardy, gitdigiçe Arazgül gelniň haly agralýardy. Tebip aýallaryň biri Döwletmämmedi daşaryk çagyrdyp:

--Döwletmämmet, Gülefrus mamany getirtmesek bolmaýar—diýdi.

--Hany oňa adam ugratmanmydyňyz?

--Ugradypdyk, paýtunly adam ugradapdyk. Ýene bir kişini ugradaý! Gülefrus mama çaltdan-çalt gelmese bolmaýar.

Sypada oturan syrly Karkara kempir:

--Gerek däl, Arazgül gelniň tebibi bar—diýip, ýerinden galyp, gapa ýöneldi. Ogulşeker Arazgül gelniň heläk bolup ýatan jaýyna del adam saljakmy? Emma Karkara saklap bolýan kempirlerden däldi! Ol jynssyz ýşykly nazaryny Ogulşekere dikdi weli, hökmürowan Ogulşeker nädip gapynyň öňünden aýrylanynam duýman galdy. Karkara kempir Arazgül gelniň iki dünýäniň çatrygynda urunyp ýatyşyny synlap, Nurjemal gelne:

--Gyzym, bir käse suw al, gelne köşeşdiriji melhem bereýin—diýdi.

Şum kempiriň bisorag jaýa girenine gahary gelen Enar ene:

--Myhman, bu mahal gelne köşeşdiriji melhem bermek bolmaýar, sebäbi…

--Sebäbi?-- diýip, Karkara kempir Enar enä seretdi.

--Aýy-güni ýetik çaga, haçan dogulsa doglaýmaly…Gelin-de bolsa ysgyn-deramat ýok.

Ogulsabyr eje:

--Biziň hasabymyz boýunça çaga iki gün mundan ozal dünýä inmelidi, emma pelek çarhyny tersine çalyp durda -- diýdi.

--Çaga näme diýip iki gün mundan öň dogulmady, sebäbini bilýäňizmi? – diýip, Karkara kempir soragly nazaryny aýallara aýlady. -- Çaga ertirem, birigünem dogulmaýar, onuň sebäbini bolsa men bilýän!

--Ýeňňe, biz bu gelniň hak hossary, sebäbini bize-de düşündir.

--Men hemme bilýän zadymy düşündirip bilemde pygamber bordum— diýip, Karkara kempir Nurjemal gelni görkezdi-- Şundan başgaňyz öýden çykyň, dynjyňyzy alyň, gerek bolaňyzda çagyrdaryn!

Gulydepäniň atly tebipleri bu şum kempiriň eýemsiräp durşuna gaharlandy. Ogulsabyr tebip:

-- Ýeňňe, siz hekimmi, tebipmi? Kim? -- diýip, sowal berdi.

--Men Karkara kempir! - diýip, ol aýallary daşaryk çykardy, ýantorba-jygyndan dürli-dürli derman çykaryp Arazgül gelne içirdi. Az salymdan Karkara kempiriň berýän melhemleriniň nepagasy degdi. Nije wagt bäri ölüm bilen ýaşaýşyň serhedinde bitakat urnup ýatan Arazgül gelin sähelçe ynjalyp ymyzgandy, ýagdaýy el-hallaşdy. Karkara kempir Nurjemalam jaýdan çykardy, sebäp indi Arazgüle rahatlyk gerekdi.

Ikindinara Nurjemal alysdan adamsynyň aty Bozdumanyň kişňeýşini eşidip, öýüne ýumlukdy. Begsiräp dikgije oturanyna garamazdan Kynyş begiň bolup gelşi gaty egbardy, bir menzilden açlygy, ýadawlygy görünýärdi. Nurjemalyň öýden atyň iýmli torbasyny alyp, teblehana ýönelenini gören Kynyş beg «bir kesemen çöregem alyp gel» diýdi. Kynyş beg atdan düşüp eýerini aýyrýança Nurjemal iýmtorbaly, çörekli ýetip geldi. Attar irişmäni aýryp, tas ýarty nany üç bölüp, birini atynyň, birini itiniň agzyna tutdurdy, birine-de özi agyz saldy.

Nurjemal:

-- Ýuwunyp-ardynyp iýäýeňde bolmaýamy? – diýip, adamsyna bakdy.

--Aý, Jahan şanyň körpe gyzy, türpe jenanym, bi adamlar ýaňyja arşy-agladan düşdi, ýaňyja perişdeler «Agaýunus periniň uýasy Nurjemal gelin saňa kakmaç edip garaşyp otyr diýip» suw akydyp elimi ýuwduryp goýberdiler. Ýolda-da bir derýanyň, ýedi çaý-çeşmäniň üstünden geçdim.

--Daşyň-a gyşda-ýazda ýagyşda-ýagmyrda galyp görene-de meňzänok.

--Daşym çaňjaryp dursa-da, içim päkizedir.

-- Nije gün bäri agaň seni gözläp gara heläk.

-- Ony näme maňa wagtynda aýdaýmadyň? Men pakyr bolsa Ataşakan dagynyň ýalçy ýüzünde heý şalaryň-soltanlaryň toýuna-tomgusyna, begleriň meýlisi-bezmine çakylyk-sakylyk bolmazmyka diýip gözüm ýoldady.

-- Şeýlemi? -- diýip, adamsyna mähir bilen ýylgyran Nurjemal -- Men bolsa seni Tähmasyp şaga wezir bolansyň öýdüp ýördüm!

Görmegeý gelniniň henegine gözleri çyraglanyp giden Kynyş beg ýylgyrdy. Onuň niýetini aňan Nurjemal:

-- Gelnejeň gaty heläk bolup ýatyr... Agaňlara gelen kerwenbaşy gaty heläk bolup ýatyr... -- diýdi. Kynyş beg Nurjemalyň ýüzündäki perişan hasraty, Döwletmämmet dädesiniň howlusynyň içindäki-daşyndaky gama batyp duranlary görüp, rejäniň geň däldigini bildi. Düwünçegi ýanyna alyp, çöregini çeýnäp, Döwletmämmet agasynyňka ýöneldi. Ol agasynyň jaýdan çykanyny görüp, agzyndakyny zordan ýuwudyp, çöregini goltugyna salyp, onuň käýinäýmeginden heder edip, düwünçegi açyp, kethudanyň ýanyna bardy. Salam berdi. Döwletmämmet Kynyş begiň elindäki düwünçegiň otuna tiňkesini dikip kän seredip, haýranlar galdy. Birki sany guran ýapragy alyp ysgap, iýip gördi. Elini ýuwup gelýän Emirhüseýin hekimem Döwletmämmediň elindäki ota nazaryny dikip, göni olaryň ýanyna gaýtdy. Olam otdan birki til alyp ysgap, oty mazaly synlap Döwletmämmediň ýüzüne bakdy.

-- Aperin, Allajan! - diýip, görgüli lampa çökäýdi. Bolsa-da Kynyş beg bilen Döwletmämmet ony saklap ýetişdi. Emirhüseýin hekim ilki Döwletmämmedi, soňra Kynyş begi gujaklap, çaga ýaly şeýle bir begenmek begendi, penjesindäki oty ysgap—Şol otmy? Serkerem gerek?.. Serkerem!..—Ol Kynyş begiň baş atanyny görüp, düwünçegi alyp öýe ýumlukdy.

Nije gün bäri ajal bilen darkaş gurýan Padyman halys usurgap kä özünden gidýärdi, kä özüne gelýärdi. Neresse ýene özüne gelen bolmaly, gaty yzaly ýňranyp, jan ýşygy öçen gözlerini zordan açdy. Şol mahal begenji gursagyna sygmaýan Emirhüseýin hekim bilen Agahan tebip uçganaklaşyp jaýa girdi. Agahan tebip hassanyň başyny göterip, ýassygyny beýgeltdi.Ol ussatlyk bilen eňek atyp ýatan Padymanyň agzyny açdy, Emirhüseýin hekim elindäki melhemli käseden onuň agzyna guýup durşuna:

-- Iç bradarym, iç! Seni Allam ýalkady... Döwletmämmet pir aýtmadymy seniň hekimiň, tebibiň duşdy diýip... Gör-ha, nije ýyllar bäri tohumy ýitdi diýilýän ot tapyldy seniň bagtyňa! -- diýip, ol gyssanman pyýaladaky melhemiň ählisini Padymana içirdi -- Döwletmämmet aýtmanmydy entek sen haja-da gidersiň diýip... Döwletmämmet Allanyň dili dogaly azyzy ahyry! Ol Azady ahyry! Ol Hakyň aryfy ahyry!

Içinden doga okap oturan pir ýalta Emirhüseýine seretdi. Ol dogasyny tamamlap, töwir edensoň:

-- Hekim, Döwletmämmet şo-ol «Behiştnamany»,»Melhem diwanyny» ýazan kişimi? -- diýdi. Hekim baş atdy. Agahan tebip ýerinden turup, tekjeden Döwletmämmet Azadynyň kitabyny alyp pire uzatdy. Pir kitaby ýüzüne sylyp durka, gapydan Döwletmämmet aga girdi. Çahawetdin pir:

-- Döwletmämmet, garyndaş, gel ýaňadan görşeli! -- diýip, ol Döwletmämmedi gujaklady, soňra ýatdan Döwletmämmediň goşgysyndan bir bent okady:

Ynsan göwni-köşkdir!
Ony guran Hak!
Eý, kişi! Bir bendäň göwnün ýykandan
Ýagşydyr müň ýola Käbäni ýykmak!

-- Döwletmämmet, asyl sen meniň gaýybana tagzym kylyp ýören ussadym ekeniň-ä -- diýip, pir ony ýene gujaklady. Ol Döwletmämmediň kitabynyň ýanynda duran kitabyň özüniňkidigini tanady, ýöne ýagşydan-ýamandan hiç zat diýmedi.Taňryguly aýak üstüne galansoň, Döwletmämmet hezreti piriň tamam Maňňyşlagyň uly piri Sahawetdin Omar Goçgar atadygyny biler, olar gardaş bolarlar.

Padyman biraz ynjalyp, maňlaýyna çalaja der gelip, uklady...

Emirhüseýin pire, aksakallara melhem otuň ýekeje tilini görkezip:

--Ynha, tohumy ýiten melhem ot. Men altmyş bäş ýaşymda şu oty birinji gezek görýän! Munuň tagamy gaty üýtgeşik bolansoň, jana şipa beriji keýpi bolansoň, aam halk tohumyny tükedäýipdir-dä... Padymany Alla ýalkapdyr!-- diýdi...

hhh

Jaýlaryň birinde Gürgenden gezelenje gelen Arazgülüň garryja ejesi Ogulbeg daýza bir gysym bolup jiger azabyny çekýärdi. Atanyýaz hanyň aýaly çykyp barýan jan ýaly gözgynydy, ol Nurjahan enäniň göwünlik berýän sözlerini eşitmeýärdi. Uly jaýy dolduryp oturan aýallar, hatda Arazgülüň ejesi Ogulbeg daýza-da dünýä inmeli çagadan geçipdi, indi olar Arazgülüň özi sag-aman galsa-da Alladan müň kerem razydy. Arazgül gelin bolsa gabryň gyrasynda gör azabyny çekip, çalajan ýatyşyna özüni gaýgy etmän, gursagyndaky çaganyň aladasyny edýärdi. Aram-aram içinden «--Eý,Allajan, meniň şirin janym gursagymdaky balama gurban bolsun!.. Meniň şirin janym balama sadaga bolsun!.. Men ölsem ölüp geçeýin, gursagymda däbşenekläp ýatan balam jahanda aman galsa bolýar!.. Eý, Allajan, gursagymdaky balamy özüm bilen alyp gitmeli bolaýsam, o dünýä-bu dünýä yrza däldirin!» diýip ajy ýaşlaryny ýaňagyndan akdyryp, Allasyna ýalbarýardy...

Eý,keremi çoh Allajan, sen enelere nähili ýürek bagyş eýlediň! Gör-ha, ýaş ene ajalyň penjesinde öz şirin janynyň aladasyny etmän,eziz janyny balasyna sadaga eýläp ýatyr!..Arazgül gelniň käbesi bolsa, agtygyndan geçip, öz balasy Arazgülüň sag-aman galmagyny dileýär!

Her bir ene bäbejigini dünýä indereninde ölýär, hakykatdan-da ölýär! Ene öz janyny çagajygyna berýär! Dünýä inen çagajygynyň çirkin agysy bilenem ene ýaňadan jana gelýär! Eneler ölüp öz şirin janyny perzentlerine berýär, a biz perzentler,ony haýsymyz bilýäris, eger biz ony bilenimizde ejelerimizi zemin HUDAÝÝNYŇ derejesine göterer dik!..

Eltisinden gözüni aýyrman, hasrat çekip oturan Nurjemal birden gorkup ugrady. Ençeme gün bäri ejir çekip, süňk bilen ham bolup galan Arazgül gelniň ýüz-keşbi hut Nurjemalyň gözüniň öňünde nurlanyp, mähirlenip barýardy. Ol gözlerine ynanman, eltisine ýakyndan seretdi. Gözüne dagy däl. Arazgül gelin onuň gözleriniň alnynda görklenip, gözelleşip barýar. Birden Nurjemalyň imany uçdy, ol garry aýallaryň «käbir adam ölmezinden ozal ynjalyk tapyp, görklenip, ýüzi-gözi nurlanýar» diýip gürrüň edenlerini kän eşidipdi. Eý-ho! Indi onuň jan ýaly eltisi ölüp gidibiýrmikä? Nurjemalyň göwnüne bolmasa Arazgülüň doga görmegeý keşbi hakyýt nur saçyp başlady.

Gijäniň ýaryndan soň hasasyny tyrkyldadyp, Karkara kempir şatlyk bolup öýe ýöneldi. Ol begenjini kalbyna sygdyryp bilmän, içinden samrady:

--Nurjemal, dessine gerek-ýaraklary taýynla -- diýdi.

Daşarda tamam Gulydepäniň halky, maňňyşlaklylar bütin ömrüni Haka hem halka bagyşlan Döwletmämmediň, onuň maşgalasynyň derdini çekişýärdiler. Şatlyk-şowhun paýlaşdygyňça köpelýär, gaýgy-gussa paýlaşdygyça azalýar!

Halkyň doga-dilegi ýerde ýatmady. Daňyň atmagyna bir sagat çemesi galanda öýden çykan çirkin çaga sesi,eziz jägildi söm bolup, ahy-pygan bolup, pajyga bolup, jansyz jeset bolup şöwür çekýän adamlaryň gursagynda ýyldyrymlap, olara jan berip, gam-gussasyny, ahy-efganyny ýakyp-ýandyryp goýberdi. Öýden şady-horram halda çykan Karkara kempir asmanda patraşyp duran ýyldyzlara garap, pyşyrdady:

-- Eý, gudraty güýçli Allam, sen meni rast ýola salypsyň, sen meni bi oba rast getiripsiň, men rast ýaşapdyryn, ömrümi rast işe bagş edipdirin! Edeniňe şükür, Allajan! -- Ol ýarym-ýaş bolup, sessiz aglap asmana bakdy durdy.

Magtymguly aglap dünýä inip, müňlerçe adama şatlyk, şowhun, bagt paýlady. Magtymguly dünýä geldi! Onuň dünýä gelenini dünýä bilmedi. Ol entek düýrmegi bilen dünýäni söýer, dünýä-de ony söýer. Ol entek düýrmegi bilen Allany söýer, Alla-da ony azyzlap gudratly, keramatly beýik akyldara, ýagşyzada aryfa öwürer. Ol musulman dünýäsinde, aýratynam, Gündogarda halys ylahylaşdyrylan goşgulary ynsanlaşdyryp, howaýy, asmany goşgulary zeminleşdirip, dünýä poeziýasynda deňsiz-taýsyz öwrü-lişik eder.Onuň ýüreginden çykan sözler halkyň ýüregine, aňyndan çykan paýhaslar halkyň aňyna genji-hazyna bolup barar. Magtymguly tükeniksiz älemleriň, ýeriň-gögüň pynhan syryna, beýik Biribaryň keramat syryna, gudrat syryna ýetjek bolup, derwüş-diwana bolup Eýrany-Turany, dünýäniň yklymlaryny aýlanyp, onuň özi jahanda pynhan hem keramatly beýik syr bolup galar.

Magtymguly, bu dünýäniň manysyn,
Ýygyp-düýrüp ýele berdim hamysyn (hemmesin).
Pikir derýasynda( deňzinde) aklym gämisin,
Batyrmyşam, çykabilmen neýläýin!

Beýnisini agdar-düňder edip, jiger-bagryny paralap, ahyry ol Pikir Ummanynyň aňyrky kenaryndan—gudratlar,keramatlar, hikmetler, hümmetler kenaryndan çykar. Tutuş türkmen halky üç ýüz ýyllap onuň sena ýaly aýdymlaryny aýdyp, doga ýaly şygyrlaryny okap, Magtymgulynyň derejesine golaýlar, Magtymguly bolsa ýagşyzada aýlanyp, beýik Biribaryň dergahyna barar. Ol gaflatda ýatan gapyl adamlary ukusyndan oýaryp, dürs dünýäde ters ýaşap ýörenlere rast ýoly görkezer.Ol keramatly şahyr bolup türkmeniň ýüreginde, gudratly akyldar bolup serinde, pitneýi pikirli tüweleý bolup ruhunda ýaşap, turkmen halkynyň Bakylygynyň aýdymyna öwrülip ýyldan ýyllara, dilden dillere, asyrlardan asyrlara, nesillerden nesillere, eýýamlardan eýýamlara, halklardan halklara geçip ebedi ýaşar! Ýyllar, adamlar, asyrlar geçmişe, emma Magtymguly Geljege gider! Ol arşy aglada Hakyň aryf şahyry, zeminde halkyň halk şahyry bolup gudrat görkezer! Hanha, häzir bolsa ol akja arlygyň üstünde iki ýumrujagynam berk düwüp aglap ýatyr. Ol bir penjesine bu dünýäni, beýleki penjesine Ylahy dünýäni alyp, bütin ömründe iki dünýäniň arasynda aglap geçer!!!

hhh

Nije günläp iki dünýäniň arasynda şum ajal bilen darkaş gurup ýatan Padymanam sag-aman aýak üstüne galdy. Ejesine gabyr azabyny çekdiren çaga-da sag-aman dünýä indi. Döwletmämmet aga — üçünji ogluna atasy Magtymguly ýonaçynyň adyny dakdy. Myhman hassanyň sag-salamat gutulmasynyň, üçünji oglunyň dünýä inmesiniň hormatyna Döwletmämmet aga Gulydepe obasynyň ilatyny çagyryp ullakan sadaka berdi.

Sahawetdin ibn Omar Goçgary pir giň meýdanda döwra gurup oturan aksakallara:

--Musulman doganlar! Garyndaşlar, biz siziň keremli obaňyza agyr hassaly geldik, Allaha şükür, sagat Padymanly barýas. Biz siziň obaňyza ýat bolup geldik, dost-dogan, garyndaş bolup haja barýas!.. Mömin doganlarym, oýlanyp, pikir edip görüň: kerwenbaşymyz hassalanda daşymyzda bäş-alty oba barka, ala-böle siziň obaňyza gelmegimiz, siziň obaňyzda ýagşyzada ýaly alym hekimler Döwletmämmediň, Emirhüseýin hekimiň bolmagy, ençeme ýyllar bäri tohumy ýitdi diýlip ýören serkerem otunyň tapylmagy tötänlik däl...-- diýip, pir säginende, aýallaryň arasynda oturan Karkara kempir:

-- Meniňem şu kerwene daklyşyp gelmegim tötänlik däldir! -- diýdi.

Sahawetdin pir Karkara kempiriň sözüni bölenini halamady, her hal:

--Elbetde tötänlik däl. Olaryň aňyrsynda beýik Allatagalanyň gudraty, hikmeti bar!--diýdi.-- Ýok, dünýäde tötänlik ýok. Eger dünýäde tötänlik boldumy—ýalkanjak kişiniň işine Biribar gatyşýar.— Sahawetdin pir sözüne dyngy berip, märekä nazaryny aýlady --Aslynda haj parzynyň manysy näme? -- ol özüne sowal berip, özem jogap berip başla-dy.-- Haj parzynyň manysy ozalkyňdan has gowy, has päkize, has ynsanperwer, has kämil adam bolup, adamlara, Hudaýa has ýakynlaşmakdan ybarat. Biz gulydepelileriň bize--ýat adamlara bolan hormatyny, aladasyny, söýgüsini synlap, Allanyň gudratyny gözümiz bilen görüp, ozalkymyzdan has gowy, has päkize, has kämil, Hudaýa has wepaly adamlara öwrüldik! Adamlar, men Maňňyşlagyň piri Sahawetdin ibn Omar Goçgary pir, biziň hajymyz kabul boldy, gije-gündiz çirim etmän Padymanyň derdine em eden adamlaryň hajy kabul boldy! Men bu dünýäde adamlaryň öňünde-de, o dünýäde keremli Allatagalanyň alnynda-da şu sözlerime kepil geçip biljek!!! Goý, meniň şu sözümi beýik Allatagala gollasyn!.. Doganlar, hajyňyz kabul boldy! Omyn! Indi biz hajjaj bolmaga ýola düşeris.

Oturan mähelle-de el göterdi. Pir ardynyp :

--Adamlar, men Döwletmämmet piriň abraýynyň, hezzet-hormatynyň gaty belentdigini gördüm, ýöne onuň alymlaryň, aryflaryň, aýdyňlaryň, umuman ylym dünýäsindäki adynyň-abraýynyň nähili uludygyny siz bir bilsediňiz!... Döwletmämmet dirikä dirisine, jahandan gaýdansoň mübärek guburyna zyýarat edilýän kerem-keramatly kişi! Eý, pespäl beýik alym, eý kiçigöwün ulug ulama Döwletmämmet, eý ady-owazasy ýedi yklyma dolan Emirhüseýin hekim, Agahan tebip, bize eden ýagşylyklaryňyzy keremli Allatagala size müň edip gaýtarsyn...

Sahawetdin pir minnetdarlyk aýdyp ýerine çökdi. Aksakallaryň arasynda oturan ulug pir Selim magtym ýerinden galyp, märekä ýüzlendi.

-- How, halaýyk, sakaldaşlar, ogullarym, gyzlarym! Gadamy mübärek, dili senaly hezreti Sahawetdin ibn Omar Goçgary pirimize men Hudaýa ynanan ýaly ynanýan! Ulug pirimiz hut biziň obamyzda ençe-ençe adamy hajy diýip yglan etdi. Siziň hajyňyz Allanyň dergähinde kabul bolandyr garyndaşlar! Şonuň üçin biz hem Gulydepe obasyna Hajygowşan obasy diýip at beräýsek niçik bolar?

Agyr märeke bu habara hoş bolup,ýerli-ýerden makullady. Şol mahal Nurana ene akja arlyga dolanan Magtymgulyny alyp aksakallaryň döwra gurup oturan ýerine getirip, hezreti Sahawetdin pire berdi. Pir çagany ýokaryk göterip:

-- Magtymguly, bir giden halaýygyň hajy kabul bolan güni dünýä gelen Magtymguly, adyňy weliler berdi, ýaşyňy, at-abraýyňy, ryskyňy beýik Allatagala bersin! -- diýip, dessur boýunça çaga ak pata berip, ýagşy doga-dilegler etdi.

Märekä nahar çekildi, şirin-şerbet berildi. Naharyň töwürini eden hezreti Sahawetdin pir Hajygowşan obasyna, hekimlere ýene taňyrýalkasyn aýdyp:

-- Hajygowşanly doganlar, rugsat berseňiz biz ertir irden ýola düşýäs -- diýdi.

Karkara kempir ýerinden galyp, agyr märekäni synlap:

-- Hezreti pirimiz, alnymyzda ýyldyz bar! Alla ýol berse kerwen ýene dört günden ýola düşer -- diýdi.

--Karkara baý, bizem ýyldyz bilýäs, nesip bolsa ertir ýola düşeris.

--Hezreti pirimiz, alnymyzda siziň bilmeýän ýyldyzyňyz bar!

Sahawetdin pir degişmä saldy:

--Karkara baý, güne üç wagtyna päkize çekdirmäni, hezreti palawy iýip, çäşerip ýatmany bizem ýagşy görýäs, ýöne bize keramatly Käbe garaşýar... Adamlar, goş-golamyňyzy taýynlaberiň, ertir säher-säher ýola düşeris...

hhh

Nije gije-gündizi şum ajalyň howsalasynda gara basma halynda geçirip halys surnugan adamlar gije şeýle bir rahat, şeýle bir süýji uka batdylar. Şol gije hatda şemalam öwüsmedi,gökde ýyldyzlaram pyşyrdaşmady. Ejesine ençe-ençe gün jebri-jepa çekdiren oglanjygam iňňä-iňňäläp görgülini bimaza etmedi. Şol gije itler üýrmesini, atlar kişňemesini unudyp, tamam Gulydepe -- Hajygowşan obasy eşretli imisalalyga gark boldy. Akmaýadan sallançak asynan zemin Hazaryň şipaly ýeline çalaja üwrelip, tutuş Hajygowşanyň ilaty şirin uka batdy.

Daňdan ýaşulylar namaza turanynda sypanyň üstünde asmana, balkyldaşyp duran ýydyzlara bakyp, ýylgyryp ýatan Karkara kempiri görüp aňk boldular. Karkara müneçjim amanadyny tabşyrypdyr, emma ol bu dünýäde öz etmeli işlerini birme-bir berjaý edip, keýpiçag halda Hakyň dergähine barýan ýaly bagtdan ýaňa ýylgyryp ýatyrdy. Sekiz-dokuz müçäni arka atan goja aksakallaram ömründe ilkinji gezek hoşhal ýylgyryp ýatan jesedi synlap haýran galdylar.

Karkara kempir ýene mamla bolup çykdy. Kerwençiler Hajygowşanlylar bilen bile müneçjim kempiri depin edip, üçüni berip, dördünji gün niredesiň Arabystan diýip ýola rowana boldular.

## ÝALAN DÜNÝÄNIŇ ÇYNY

Sapar Köse Görogla "adamyň ulusy köwek bor" diýmeýämi. Perman pil ýöne-möne köwek däldi, bedähet köwekdi! Iki ýylyň içidir, neresse bir çoçgardan boşasa ikinji çoçgara çolaşyp, ýedi ýesere duşdy. Iki ýylda ata tarapy gul zaňňaryň saçy-sakgaly güwläp galyp Ýolbarslynyň jeňňeline döndi, has takygy ol gije saçyny ýazynyp, sakgalyny ýapynyp ýatýardy. Ýüzüni ýuwansoň saçyna-sakgalyna süpürinäýýädi. Paza ýaly aýaklary garry ýekegapanyň kellesindenem äpetdi. Geýim-gejimlerem sal-sal. Ahyry ol maksadyna sataşdy: hanha Nedir han gelýä, ýanynda ýigrimi-otuz sypahsa-serkerdesi, yzynda dört-bäş müň ýygny. Perman pil ylgady Nedir hana tarap. Hanyň janpena—keşikçileri ony tas tüpeňläpdi. Perman pil hana golaýlap, tagzym kylyp, Görogly beg bolup haýkyrdy.

--Nedir agam, han-haanan agam, men siziň adyňyza-owazaňyza aşyk bolup,iki ýyl bäri sizi agtaryp, Eýrana üç ýola aýlandym. Meni nöker alyň, serdar agam.

--Seniň atyň-ýaragyň ýok.

--Bi näme?—diýip, Perman tommaýly taýagyny görkezdi.-- Agam, meni bir urşa salyň, atam taparyn, ýaragam. Wah, atymam bardy, ýaragymam bardy… Aldyrdym-da.

--Heý ýigidem gara başyny bermän, atyny-ýaragyny aldyrarmy?!

--Wah, şah agam, men aýak biteli bäri türgenleşe-türgenleşe, söweşmäni, uruşmany öwrenip, ýaşamany öwrenmändirin. Türkmensähradan çykalym bäri, duş gelen gurrumsak meni aldady. Atam gitdi, ýaragam, pulam.

--Maňa atyny-ýaragyny aldyryp ýören serheň gerek däl!

--Şahynşah agam, rehmiňiz gelsin, men şu bedähet göwräm-gabaram bilen daýhan bolaýynmy, hä? çopan bolaýynmy, hä? Agajan, meni bir duşmanlaryň üstüne goýberip görüň! Muňa serediň, sizi gözläp aýaklarym düýäniň dabanyna döndi gitdi— ol töweregime esewan etse, beýleräkde üç-dört düýp hajraw ýandak bar eken. Perman pil aýakýalaňaç ýöredi ýandaklaryň üstünden eýläk-beýläk .

--At münüp bilýämiň?

--Wah soltan agam, men türkmen ahyry. Ýalaňaç atda dürsüne oturyp, tersine oturyp çapýan!

Nedir han Permanyň niredendigini, obasyny-ilini sorady, Perman pert-pert aýdyp berdi. Han Çowdur hany tanaýan eken, ony-muny soraşdyrdy. Çoňra Nedir han sag golunyň süýem barmagy bilen burnunyň gapdalyny gaşady, sol gözüni ýumup sag didesi bilen ýigidi synlady. Permanyň gahary geldi:

--Nedir şahynşah agam, men şu yhlasym bilen iki ýyl Hydyr atany agtaran bolsam tapardym! Hydyr ata meni baý ederdi. Şu yhlasym bilen iki ýyl abyköwser suwuny agtaran bolsam tapardym. Ölmez-ýitmez bolardym. Siz ýa meni nökerlige alarsyňyz, ýogsa-da men size garşy uruş yglan edýän! Ynha, Alynyň ala meýdany! —diýip, Perman pil tommaýly taýagyny egnine atyp gazaba mündi.

Nedir han lahlahlap güldi-de:

--Yzymyza düşüber--diýdi. Heý, Perman pil olaryň yzyna düşermi, gorduryp barýar zaňňar goşunyň öňüne düşüp, şahynşanyň şatyry ýaly. Günortanlar goşun haýsydyr bir derýanyň ýakasynda düşledi. Perman pile-de nahar-nowa berdiler. Bir az dynç alansoňlar oňa ýalaňaç ata atlanyp çap diýdiler. Pah, göreniň Perman pil. Bedew atyň doganoglany! Çapdy, atyň üstünde her hili oýun görkezdi. Keýpi dag ýaryan Perman beg ýalaňaç janaweriň üstünde ters ýatyp, aýaklaryny atyň boýnundan çilşirip, bedewiň ýagyrnysyna şapbat çaldy. Sarç at ok bolup gitdi. Perman pil bagyrtlap ýatyşyna atyň bilinden gujaklap şowhun turuzýar. Nedirem, onuň han-beglerem gülüp-gülüp kese ýykyldy. Soňra oňa serkerdeleri bilen göreş tutdurdy, zaňňar garşysyna çykany ýere çyrşaýar!..

hhh

Magtymgulynyň oglanlygy şowhun-şagalaňyň, şady-horramlygyň, ýakalaşyň-basalaşyň içinde geçdi. Çaganyň dünýäsi -- oýun, dünýä—çaganyň oýny. Çaganyň jany özüne zor gelip, damarlarda nowjuwan gany at salýar. Jan çaganyň gursagyna, çaga dünýäniň gujagyna sygmaýar.

Uzyn boýly, atanak ýaly atan-satan ýaşajyk Magtym (çagaka oňa köplenç Magtym diýerdiler) deň-duşlary bilen boz alalarda çapyşyp, taýçanaklary kowalap tutardy, dälije ýelleriň deňinden öterdi, guş kimin uçup göwnüniň yzyndan giderdi. Oglanlar bilen pozzam oýnap, ýaý atyşyp, sapan atyşyp, çapyşyp şyr takyrlaryň demirtikenlerini dabanlary bilen çöplärdi. Ýaşyl gyrtyçlaryň arasynda ýylgyryp ýatan mährem ysmanaklary, ýeri güberdip jyklap oturan gelin kömelekleri bagt tapan ýaly tapardy. Derýanyň ýakasynda kemala gelen ýaş oglan suwuň balyklaryna ýüzmäni öwredip, sakarbaraklardan çümmäni öwrenip, erteki ýaly çagalygyň keýpi-sapasyny görýärdi. Magtymguly ýellere öwrülip, dünýäniň daşyna aýlanasy, jowur ak bulutlara atlanyp, mawy asmana seýli-seýran edesi, ummanlaryň depesinden ýöräp, pynhan syr bolup ýatan gözýetimden aňyrky owadan ýerleri göresi gelýärdi. Onuň göresi, bilesi, akyl ýetiresi, öwrenesi gelýärdi, hyjuwy, hyrujy tüweleýläp, gursagyna ýerleşmeýärdi. Magtymguly ulalmaga gyssanýardy, hatda gijeler uklan çagam ösýärdi, boý alýardy. O mahal onuň gündizleri waharman ýaly, gijeleri gyzyl garpyz ýaly datlydy. Owadan dünýä ejesi kimin ezizdi, dädesi kimin mähribandy. Deň-duşlary bilen oýnap, lüti çykyp,sütüni süýnüp gelende ejesi başyndan sypadygy ýadawlygy aýrylar giderdi. Garry enesi Nurjahan ene «ýadadyňyzmy balalam?» diýse:

--Enejan, heý oýnabam ýadap bormy?--diýip, Magtymguly ýylgyrardy. Ol oglanlykdan enesine höwrügipdi. Aslynda Nurjahan ene Hakyň nurundan ýaradylan ýaly ezizdi. Onuň agtyklaryny söýüp ezizleýşi başga-dy, ol:

--"Balalarym, ýaranyňyz ýagşyzada, piriňiz perişde, howandaryňyz Hak Alla bolsun!.. Balalarym, Allanyň welisi, ulus-iliň ulusy bolasy-ňyz-da hernä!" diýerdi. Käýinende bolsa"--Haý, aparanyňyz altyn-kümüş, goparanyňyz lagyl-göwher bolsun, bezzatlar!. Getireniňiz alkyş, ýitireniňiz günä, eşdeniňiz sena bolsun, düpbozanlar!.." diýerdi. Hajygowşanlylar "Hajar ejäniň söýünjinden Nurjahan ejäniň gargynjy has eziz" diýip gülüşerdiler. Entek Magtymgulynyň dünýäsi oýundy. Entek:

Bu dünýäni göçüp bargan göç bildim,
Işini bet aňdym, özün puç bildim,
Öňün oýun gördüm, soňun hiç bildim,
Tirik eken, öli bolup galyp men.

diýen goşga çenli arada san-sajaksyz eşretli-ezýetli ýyllar ýatyr. Agalary Abdylla bilen Mämmetsapany, Selim Magtymgulynyň ogullary Hanjar, Arslan, Janaman dagy eýýäm bäş-alty ýaşynda Magtymgulyny sarç-sarç bedewe mündürip, kä ýalaňaç ata ataryp çapmany, at üstündäki ýönekeý oýunlary öwrederdi.Tir-keman, sapan atmak, gürzi zyňmak, gylyçlaşmak, naýzabazlyk etmek ýaly pişelerem o zamanlar çaga oýnudy. Sekiz-dokuz ýaşan oglanlar eýýäm ata münüp, gylyçlaşyp, gürzüleşip ýörendir. Abdylla, Hanjar, Arslan, Mämmetsapa, Janaman dagy Magtymgulynyň hem özleri ýaly dogumly bolmagyny isläp:

--Ata ajal bolup ýapyş! Ata erk edip bilmeseň, erteki gün eşek bilen harman döwüp, öküz bile künde sürmeli borsuň! Gorkma, atdan ýykylyp ölen türkmeniň mazary ýok! Sen beg bolmalysyň, babamyz ýaly beýik han bolmalysyň! --diýerdiler. Magtymguly çagaka birnäçe gezek atdan ýykyly-bam görüpdi, bijaý awunan saparam bolupdy. Şonda Abdylla:

--Atdan ýykylyp görmedik kişi, ýykylsa, öläýjek ýalydyr! Görseň, atdan ýykylanyň bilen Ýerem ýykylan däldir, gögem sökülen däldir-- diýip, olar Spartany bilmeseler-de, birek-birege Spartan terbiýesini berýärdiler. Sebäbi durmuş gazapdy, olar özlerini ýowuz durmuşa taýýarlaýardylar. It bilen söweşjek bolsaň, hiç bolman, möjek bolmalydy. Onsoňam ýonaçylaryň neberesiniň ählisinde diýen ýaly Magtymguly ýonaçynyň göçgünli, tüweleýli, howalaly, garadangaýtmaz ruhy bardy.

Gijelerine töweregiň çagalary üýşüp göreş tutardylar, ýakalaşyp-basalaşyp keýpden çykardylar, ýadanynam-suwsanynam,ajygyp-surnuganynam bilmän, "içegesini süýräp oýnardylar». Arazgül eje gijäniň bir wagtyna çenli alagoh gygyryşýan çagalaryna gatyrganyberjek bolsa, Döwletmämmet aga:

--Arazgül, degme oýnasynlar, bu mahal olaryň keýpi-sapasy oýun, bu mahal olaryň dünýäsi oýun, goý, oýnap göwün solpusyndan çyksynlar, ynha aga-gara düşünip, durmuşyň bir gyrasyndan girerem weli, olary dünýä oýnap başlar—diýerdi.

Ýylan hinini ýeriň çuňundan gazýar, sebäbi onuň çagasy ýaşaýşa bagry bilen süýşüp-süýrenip çykmaly. Guş höwürtgesini belent agaçda gurýar, sebäbi onuň jüýjesi ganatlaryny ýaýyp, ýere ýetmänkä uçmany öwrenmeli. Adam oglam çagalaryna öz akyl-paýhas, sowat derejesinde terbiýe berýär. Rysgal-döwletli Döwletmämmet aga başda perzentleriniň ählisini molla berip, başlangyç mekdepde olaryň yhlasyny üns merkezinde saklaýardy: Göwni okuwdamy—okasyn! Göwni at-ýaragdamy—aty bilen bolsun! Göwni güzerandamy— hanha pil-kätmen, hanha mal-gara!..

Abdylla, Mämmetsapa, Magtymguly dagy ýakalaşyp, basalaşyp ulalansoň biri-birine basdaşdy, şol sebäplem Abdylla bilen Mämmetsapa mekdepde nämäni öwrense, ol hem öwrendi, olar näme ýazsa Magtymgulam ýazdy. Şeýlelikde, ol alty ýaşynda okuwa baranynda ýedi ýaşlylar bilen, ýedi ýaşynda dokuz-on ýaşlylar bilen sapakdaş boldy. Ol zamanyň mekdebi şeýledi, sapagyňy bişirdiňmi-- ýokary ýaşlaryň toparyna geçibermelidi. Magtymguly dokuz ýaşyndaka murty garalan gödekler bilen okady, şol ýylam onuň üýtgeşik ýadynyň üsti açyldy. Magtymgulynyň fenomenal ýady bar eken, Döwletmämmet aga ilki ony göz ýadydyr öýtdi, soň görüp otursa, ol beýni hem göz ýady eken. Magtymguly islendik kitaby ýat tutmak islese, aýratyn üns berip okaýardy, soňam kitabyň ýeke sözüni sypdyrman aýdyp berip bilýärdi. Magtymguly hakykatdan-da depesi ýyldyzly çagady. Uzyn-uzyn gyş gijeleri bolsa Nurjahan ene ýonaçylaryň ýaş neberelerini daşyna üýşürip, ertekidir rowaýat, tymsaldyr, geň-enaýy wakalary gürrüň bererdi. Nurjahan enäniň bolsa bilmeýän ertekisi, rowaýaty, eşitmedik geň-taň wakasy ýokdy…

hhh

Uly döwleti synyp, Pethaly hanyň penjesinde galan şazada Tähmasyp üç müň atlysy bilen baran Nedir hany Allatagalanyň bagş edäýen halasgäri hökmünde gujak açyp garşylady. Boz toprakda hyrawa biten Nedir ömründe ilkinji gezek şazada gördi. Şazada sadadan ynanjaň, batyrdan buýsanjaň Nediri gören badyna tanady. Obaly serdar ýigide arkaýyn janyňy ynanyp boljakdy, Nedir bagty küle çöken şazadany azy ýaryp, ajdarha çykan Pethaly handan gorap biljekdi. Şazada Tähmasyp desbi-dähil Nedire belent han adyny berip, alyp baran ýygnyna kanuny goşunbaşy belledi. Pethaly han bilen Nedir han bolsa goşunyň öňünde Tähmasyp şazadany Eýranyň şasy diýip yglan etdi. Gaçyp-tezip ýören şazada bagt ýylgyryp, geljegine, şahynşa boljagyna ynam döredi. Ýöne daşy gülüm-ýalym, içi hüjüre-hüjüre hile-ally Tähmasyp şa Pethaly handa-da, Nedir handa-da täjine-tagtyna tamakinleri görýärdi. Ulug köşkde azy ýaran wezir-wekillerden pirim-pyrryldagy öwrenip sapagyny çykan şazada işe girişdi. Ol Nedir hany derhal pajyny-hyrajyny bermän ýören Türkmensähra ugramagy, ony türkmenler bilen duşman edip goýmagy makul bildi. Ady-abraýy dag ýaryan Pethaly hanam bu pikiri iki elläp goldady, sebäbi Pethaly hanam Nediri göreninden tanapdy. Nedir han onuň tagta barýan ýoluna böwetdi. Oňa-da dabarasy dag aşan Nediriň türkmenler bilen duşman bolmagy gerekdi!

Çowdur hanyň permany bilen gökleňler, gerkezler, ýomutlar ata atlandy. Pirler, aksakallar ak pata berdi, Çowdur han müň, Hanaly han müň çemesi ýygyn bilen duşmana garşy ýörişe ugrady. Çowdur han hiç haçan ätiýajy elden bermeýärdi. Onuň buýrugy bilen Döwletaly han müň atlysy bilen Gürgen derýasynyň ýakasy syryp duşmanyň solundan, Buzly polat müň atlysy bilen sagyndan urmalydy. Begenjaly serdar bolsa müň atly bilen Nedir hanyň arka tarapyndan gelmelidi. Birki persah ýol geçip-geçmänkä Nedir hanyň leşgeriniň sanjagy-tugy göründi. Bir salymdan iki goşun biri-birine garşylaşdy. Nedir hanyň üç müň ýygnynyň yzy bilen Tähmasyp hanyňam iki müň ýygny ýetip gelýärdi. Sarç atyny dabradyp Nedir han iki serdary bilen öňe çykdy. Çowdur han, Hanaly han, Muhammadaly han olaryň garşysyna bardy. Nedir han:

--Haýsyňyz kethuda?—diýdi. Döwletmämmet kethuda:

--Nedir han, sen biziň ilimize ýygyn dartyp geldiň! Seniň bilen indi kethuda däl-de, serdar gürleşer!

--Bolýar, serdar bilen gürleşmeli bolsa, serdar bilen gürleşeris!—Ol ortada duran ak atly Çowdur hany serdar sandy— Men Nedir han, Tähmasyp şanyň goşunbaşysy!—diýdi. Çowdur han:

--Nedir han, biz seniň at-owazaňy eşidýäris, emma Tähmasyp diýeniň kim bolýar? —diýip, sowal berdi.

--Tähmasyp şazada mundan buýana Eýranyň şasy!

--Eýranda şa-da ýok, şahynşa-da! Eýranyň şahynşasy Süleýman Hüseýin basybalyjylaryň hany Mir Mahmydyň başyna jygasyny geýdirip, tagtyny, halkyny, ýurduny duşmanlara bagş etdi. Tähmasyp şazadany kim şahynşa saýlapdyr?

--Biz saýladyk! Tähmasyp şanyň goşunbaşysy Nedir han bilen Astrabadyň beglerbegisi Pethaly han! Çowdur han, biz Türkmensähradan salgyt almaga geldik!

Çowdur han ýylgyrdy.

--Türkmensähra Tähmasyp şanyň şahynşa atasyna-da, babasyna-da paç bermeýärdi! Gel-gel indi biz täjini-tagtyny, ýurduny duşmana berip, gaçyp-tezip ýören awara kişä salgyt bererismi! Nedir han, şa şekilli şa ýygyn dartyp paç-hyraç ýygnaýan däldir!

--Çowdur han, men bir dikýeňse türkmendirin!

--Dikeňse türkmen, sen bize-de gulak sal! Näme diýip ulug eýrany çar ýanyndan bosan duşmanlar basyp aldy? Heý, ulug Eýran basylyp alynýan ýurtmydar? Emma iki ýüz ýyllap safawylardan bizer-peteňi çykan Eýran halklary “Kim ýurdy basyp alanynda hem safawylardan gowy tor!” diýip, halk basybalyjylara garşy göreşmedi. Biz ýurduny-täji-tagtyny duşmana elin eltip beren safawy şasyna paç-hyraç bermeýäris.

--Siz paç bermeseňiz söweşmeli bor!

-- Türkmene türkmeniň üstüne ýygyn dart diýseň-- baý-baý göhi gelýän-dir-ä!

--Diýmek, salgydyňyzy berjek däl-dä!—Çowdur han başyny yrady—Onda han Türkmensähra gan çaýkadarsyň!

--Näme diýip? Türkmeniň gowy harby däbi-dessury bar! Gel, başa-baş söweşeli, sen ýeňseň, salgydy aňry ýany bilen alnyňa eltip bereris! Ýeňilseň bolsa, gidersiň nalajedeýin şazadaňy yzyňa tirkäp…

Tähmasyp şazadanyň jany gitdi, sebäbi ýekme-ýek söweşde Nedir han öläýse, görgüli ýaňy arka tapynan serkerdesinden dynýardy, bar umydyndan aýrylýardy. Eger onuň keç ykbaly Pethaly hana galaýsa, ol neneň günlere düşjekdigini bilýärdi. Ol:

--Başa-baş söweş gerek däl! Urşa gireli Nedir han!—diýip, yzdan gygyrdy. Nedir han ýamany bilen alarylyp yzyna seretdi. Şazada dymdy—Başladykmy Çowdur han?

--Urşuň geňeşi ýok!

Iki är ýigit garpyşdy, iki şir ýigit garpyşdy. Gylyç galkana degdi… Ykbaly, şalygy hummara goýlan Tähmasyp şa pursatdan peýdalanyp, üzeňňä galyp, gylyjyny syryp, yzyndaky leşgerlere “Çozuň! Hüjüme geçiň!” diýip zowlatdy. Ol goşunynyň känligine buýsandy. Çowdur han bilen aldym-berdimli başa-baş söweşe giren Nedir han garşydaş goşunlaryň garpyşanyny wagtynda aňşyrybam ýetişmedi. Tähmasyp şa çozmaga perman beren badyna puşeýman kyldy: ol yzyndan- -Mazenderan tarapdan tozan turzup gelýän ýygny görüp, jany gidip Hudaýyna ýapyşdy. Emma dünýä geleli bäri keýpi-sapanyň goýnunda döwran süren şazadanyň “dadyna” sol tarapdan müň atlysy bilen Döwletaly han, sagyndan müň atlysy bilen şowhun turzup gelýän Buzly poladyň goşuny ýetişdi. Turdy bir uruş, gopdy bir jeň! Giň meýdanda göterilen tozan-çaň, gerdi-gubar asmandaky perişdeleri demikdirdi. Goh-galmagal, atlaryň kişňemesi, gerçekleriň haýkylygy, ýaralananlaryň nagrasy asman-zemin arasyna doldy. Söweş on-onbäş minuda çekdi. Birden gaýra tarapdan çykan toplaryň gümmür-gümmür-gümmürdisi asmanyň oňurgasyny syryp-syndyryp gitdi. Pethaly han ak atynyň üstünde ak baýdak bulaýardy. Onuň yzyndaky iki ýüz atlysam pöwhe-de-pöwhe asmana atýardy. Ençeme düýäniň howudynda gurlan kiçi toplar ýene gümmür-gümmüre başlady. Beglerbegi Pethaly hanyň ak baýdak bulaýanyny görüp, uruş togtady. Nedir hanyň, Tähmasyp şanyň goşunam türkmensähralylaram yza çekildi. Giden ala meýdanda läş-läşe, ýaradar ýaradara kaklyşýardy. Çowdur han, Nedir han şindem ak baýdagyny bulaýan Pethaly hanyň ýanyna ugrady, Tähmasyp şa-da olaryň yzyndan ýumlukdy. Iki tarapdan onlarça-onlarça ýigitler ýaradarlaryň ýanyna baryp, her tarap öz ýigitleriniň ýarasyna melhem ýapyp, bejerip başlady. Ençe ýyllap otda-suwda taplanan atly-abraýly Pethaly han ortalyk pikiri tapdy. Ol:

--Begler, hanlar! Ýurt orramsylara olja bolan çagy bize uruşmak uslyp däl. Türkmensähralylar salgydyň ýerine biziň bilen ýurdumyzy duşmanlardan arassalamaga giderler!—diýdi. Elbetde, Pethaly han bu pikiri ozalam aýdyp bilýärdi, emma aýtmandy, sebäbi oňa Tähmasyp şanyň Nedir hany türkmenler bilen duşman etmegi gerekdi. Şol mahal goşunyň içinden bir ýigit olaryň ýanyna geldi. Ol Nedir hanyň alkymyna baryp:

--Nedir däde, men Hakberdi awşar!—diýdi. Nedir ony içgin synlap:

--Hakberdi awşar? –Ýigit baş atdy. Nedir atyndan düşüp ýigit bilen gujaklaşyp görüşdi.—Asyl siziň araňyzda meniň doganoglanym hem bar eken-ä!—diýip, hoş boldy. Begenjaly serdar:

--Nedir han, türkmen bir bir göt-de-çat halk, soraşyp—ideşiberseň doganyňam, daýyňam, ýegeniňem tapylar--diýdi. Serdarlar, hanlar gülüşdi. Türkmensähraly serdarlar, hanlar maslahatlaşyp Nedir hana müň nöker bermek kararyna geldiler. Hanaly gökleň bolsa müňbaşy bellendi.

hhh

Janaman Magtymgulynyň dostydy, doganoglanydy, dilewardy, ýerin-den gelme bezzatdy, hokgabazdy,özem iki ýaş uludy. Bir gezek şeýle waka boldy: Kynyş beg daşarda nahar edip ýördi. Mydama derman ot-çöp ýygnap, meýdanda ýabany ýatyp-turup ýörensoň,ol tagam taýynlamaga ökdedi, elem diýseň süýjüdi. Ýonaçylaryň goňşusy Şaraly şeýtan onuň ýeňsesin-den gelşine kire serlen gyňajy Kynyş begiň başyna atyp:

--Kynyş bibi!.. Kynyş bike!..— diýip, wahahaýlap güldi.—Erkek garrasa hatyn, heleý garrasa batyr bolýandyr, allanäme heleý bolupsyň! Mundan buýana Nurjemalyň kirinem ýuwuber, kilimini kakyp, külünem atyber!..

Şaraly şeýtanyň ýoknasyz oýnuna Janamanyň gahary geldi . Namysjaň oglan Kynyş dädesiniň üstünden gülýän şum şeýtandan ar almagyň kül-külüne düşdi. Ertesi gara daňdan ullakan haltany alyp girdi saman kepbä. Kepbäniň ýokarky pürsünde saryja arylaryň ketegi bardy, günebakar kellesi ýaly.Göreniňiz Janaman, haltany ary ketegine geýdirip, burup goýberdi. Ketegiň arylary örüp ýetişmänkä haltanyň agzyny bogup, Şaraly şeýtanyň derwezesiniň iç ýüzünde goýdy. Tapan hokgasyna hoş bolup, teblehana dulanyp jyklap başlady. Saba-säher ukudan oýanan Şaraly şeýtan derwezäniň iç ýüzünde duran täzeje haltany gördi. Bilesi-gelijilik gursun! Haltanyň içinde näme bardygyny görjek bolup, maýyp aýagyny uzadyp, haltanyň agzyny açdy. Ketegi ýumrulan dergazap arylar çozdy çolak görgüliniň üstüne! Şaraly şeýtan maýyplygynam unudyp, sesden ýedi esse ýokary tizlik bilen gaçdy, gaçdygyça-da arylar öç aldy. Janaman guran hokgasyna heziller edip, “ýonaçylara degseň, almytyňy alarsyň” diýip teblehanalaryna bardy. Görse, eýýäm Magtymguly atyny eýerlän eken. Janamanam atyna atlanyp ikisi at çapyşmaga gitdi. Guşluklar Magtymguly bilen öýe geldi. Öýde bolsa oňa başga tomaşa, Kynyş beg bilen Selim zergär garaşýardy. Selim zergär gaty gazapdy:

--Janaman, munda gel—diýdi. Janaman gypynç etmän bardy. Selim beg oglunyň gulagyndan burup tutdy.— Şaraly şeýtanda köýüp ýatan aryň barmydy, eşşek!

--Hä, näme bolupdyr däde?

--Aý, akmak, maýyp bendäni arylar çakyp öldüren bolsa nätjek!

--O nämäniň arysy? –diýip, Janaman bilmediksiräp mönsüredi.

--Senden başga kimiň kellesine geler daň bilen ary ketegi halta salyp, Şaraly şeýtanyň gapysynda goýmak—diýip, çygar çybyk bilen bäş-alty ýola oglunyň ýagyrnysyna ýelmedi. Şol pursat Şaraly şeýtan daşaryk çykdy. Bendäniň iki goly gapdalyna gerlip durdy, ýumruk ýaly gözleri ýumukdy, dodaklary goçuň böwregi ýaly daşyna çöwrülip, gulaklary tutaja dönüpdir. Şaraly şeýtany mazaly synlan Janaman:

--Däde, ýene bäş-alty çybyk ýelme—diýip, ýagyrnysyny tutdy.—On-onbäş gamça degýän hokga eken!

hhh

Ulug Eýrany Hywa hany, Buhara emiri, osman soltany, orslar, seýistan hanlary çar ýanyndan basyp alyp talap tozdurýardy. Yndarma Nedir han Tähmasypguly han adyny alyp duşmanlara gelegurt oýnuny görkezýärdi. Alla ugruna salyp her ýörişi ýeňiş bilen tamam bolup, ady-owazasy Eýrana dolup, halklar-halaýyklar oňa ýurduň halasgäri höküminde buýsanýardy. Tähmasyp şa-da onuň gadyryny aňyýany bilen bilenden bolýardy, ýöne wagt geçdigisaýy şanyň sepi açylýardy. Ol Nedir hanyň çak edişi ýaly merdi-merdana ýigit däl eken: Nedir han Tähmasyp şanyň saman astyndan suw goýberip, ýer astyndan edýän pis pyssy-pyjurlyklaryna göz ýetirip ugrady: ol çawy ýedi yklyma dolan Nedir hany ilki Türkmensähra çozduryp türkmenler bilen, soňra gajarlaryň hany beglerbegi Pethaly han bilenem duşman etdi. Sebäbi Tähmasyp şa goşunbaşysy Nedir handanam, san-sajaksyz gajarlaryň meşhur hany Pethaly handanam gorkýardy, çünki güýç, at-abraý, goşun olaryň ygtyýaryndady, ikisi hem yklyma meşhur serdardy, ikisi hem şahynşa tagtyna mynasyp beglerdi, üstesine-de tutuş eýranlylar safawylaram, Tähmasyp şanam itden beter ýigrenýärdi...

Ençe ýyl köşkde terbiýe alyp, köşk emeldarlarynyň hile-alyny, pirim-pyrryldagyny, pislik-pidullygyny kemsiz öwrenip melgun çykan Tähmasyp şa Mir Mahmydyň goşuny gabalanynda perman berip, düýnki arkadagy Pethaly hany öldürtdi, onam hamana Nedir hanyň görkezmesi bilen öldüren şekilde ile ýaýdy. Nedir han bolsa o mahal ençe ýyl bäri Eýran şahynşasynyň jygasyny başyna geýip, ýurdy talap-tozduryp ýören Mir Mahmydyň goşunyny pürreläp ýördi. Garadangaýtmaz Nedir han ahyry ýurt duşmany Mir Mahmydyň ýygnyny kül-peýekun edip, tylla jygasynam, kellesinem aldy. Ençeme ýyl bäri gylyç syryp Eýrany basy-balyjylardan halas edip ýören Nedir han pidul şazadany tanapdy. Tähmasyp şa bolsa uly duşmandan dyndaran serkerdesine-- Nedir hana uly baýlyk, sowgat-serpaý ýapyp sypjak boldy. Nedir han:

--Maňa serpaýyň, baýlygyň geregi ýok. Halkymyzy, hiç bolmanda, üç ýyl san-sajaksyz salgytlardan boşat!—diýdi. Tähmasyp şa gulagyna ynanmady, gözlerini höwlendirip:

--Men ýygnymyň hakyny tölemäge pul tapamok. Halky salgytlardan boşadyp, ýurdy gedaý goýjakmy?—diýdi.

--Safawy şalarynyň ähli ýalňyşam şondan başlaýar. Hakyna tutma goşun hakyna tutma goşun bolýar. Hakyna tutma goşun, elbetde, duşmanlar bilen söweşýär,emma ol her söweşde diri hem galmaly! Ýurdy baknalykdan çykarmak üçin bolsa, watan üçin şirin janyny, dinini-imanyny goýup ata çykan şir ýigitler gerek! Halk galkynmasa, halk ýaraga ýapyşmasa, diňe goşun bilen Eýrany basybalyjylardan halas edip bolmaýar.

--Ýok, men hiç kimi salgytdan boşatman.

--Onda maňa ýurt ber! Horasany, Mazenderany, Seýistany, Kermany maňa ýurt ber! Men saňa salgytdan boşan halkyň gudratyny görkezeýin!

Nedir hanyň gaty çynydy. Onuň haýyşynyň aňyrsynda ýalaňaç gylyç durdy! Neýlesin, Tähmasyp şa serkerdesi Nedir hana Horasany, Mazenderany, Seýistany, Kermany ýurt bermäge mejbur boldy. Tas ýurduň ýaryny alan Nedir han öz adyna pul zikgeletmegi hem talap etdi, garasaý, ol indi goşunbaşy däl-de, Eýranyň ikinji şasydy. 1732-nji ýylyň başynda Maşatda uly mejlis geçirip, ençe ýyl baknalykda talap-tozdurylan Horasan, Mazenderan, Seýistan, Kerman halkyny üç ýyllap san-sajaksyz salgytlardan boşatdy, kethuda- aksakallara ,hanlara-beglere şalyk serpaýlaryny ýapyp, sowgat paýlap, nije-nije görnükli adamlara tarhan-hat berdi. Halkyň göwnem galkdy, göwresem. Nedir han Mir Mahmydyň dogany Eşrefi hanyňam goşunyny çym-pytrak edip, owgan sülsatlaryny ýurtdan çykardy, soňra demirgazyk-günbatar welaýatlara osmanlylara garşy söweşe gitdi. Gün geçdigiçe Tähmasyp şanyň dünýäsi daralyp, kalbyny gulguladyr dowul aldy: ol indi basybalyjy owganlardan, osmanlylardan, özbeklerden, orslardan däl-de ady arşa çykan Nedir handan gorkýardy. Gursagynda dowly köwsar urýan şa ýurdy Nedir hana bereninden duşmanlaryna berenini amat görüp, derhal osmanlylar bilen nalajedeýin şertnama baglaşyp, olara birnije welaýaty-etraby berdi. Petr Birinjä arz edip, kömek sorady. Ors imperatory Tähmasyp şaga osmanlylar bilen söweşde ýakyndan kömek etmäge wada berdi. Şa bolsa Eýranyň iň baý welaýatlary— Gilýany, Mazenderany, Astrabady orslara bagş eýledi. Sebäbi Osman soltany bilen Ors imperatory arkasynda dursa, ol şalygyny ýitirmez, entek galkynyp güýç toplar, eýder-beýder bagş eden welaýatlaryny yzyna alar! Emma Nedir şa onuň täjine-tagtyny alaýsa, işiniň gaýtdygydy, bagtynyň ýatdygydy!..

Tähmasyp şanyň baglaşan nalajy şertnamalaryny eşiden Nedir hanyňam, beýleki goşunbaşylaryňam, serkerde-sypahsalaryňam gahar-gazaby ýetjek derejesine ýetdi: Tähmasyp şa olaryň çemçeläp ýygnany çanaklap döküp, gyrmyzy ganyny saçyp alan welaýatlaryny duşmanlara mugtuna paýlap ýör. Tutuş halkam ederini bilmez gorkak Tähmasyp şanyň Eýranyň uçmahy welaýatlaryny duşmana berenini ýazgardy, ýigrendi, näletledi. Nedir han ýurduň çar ýanynda basybalyjylara garşy söweşip ýören serkerdeleri, ýygynbaşylary, beglerbegleri, hanlary, häkimleri çagyryp, näletsiňmiş osmanlylar, orslar bilen masgaraçylykly şertnama baglaşyp ençe welaýaty duşmanlara bereni üçin nalajedeýin Tähmasyp şany tagtyndan düşürip, ornuna onuň sekiz aýlyk ogly Abbas safawyny şahynşa diýip yglan etdi! Serkerdelerem Nedir şany Abbasyň atalygy belledi.

hhh

Magtymguly geplemsek däldi, ol ýaş başyndan özi bilen--içki meni bilen gürleşmäge endik edipdi. Diwan yzyna diwan okaýan synçy oglana bimany durmuşy gürrüň edeninden özi bilen bilen gürleşmek gyzyklydy. Ol saman-sypal geplerden, köz çykmaýan gürrüňlerden gaçyp, özi bilen, gadymy aryflar, akyldarlar, läheň şahyrlar bilen, tebigat bilen, dünýä bilen gürleşýärdi. Şol sebäplem daşyndan

dymma hem gedem görünýärdi. Magtymguly dädesi öýde çagy onuň dana gürrüňlerini diňläp doýup bilmeýärdi. Dokuz-on ýaşlaryndaka dädesi ony uly adam saýyp, deň-duşy bilen gürleşen ýaly gürleşýärdi. Bir gün Döwletmämmet aga:

--Men saňa hezreti Sokratusyň söhbetdeşliginden gürrüň bereýin. Ynha, ulalarsyň, ylymlaryň atasy, pähim-parasadyň piri Eflatunyň diwanlaryny okap, Eflatuna, Sokratus halypa, Arastu halypa göz ýetirersiň. Hezreti Sokratusyň şägirtleri gaty kän eken, emma ol şägirtlerine-okuwçylaryna söhbetdeşlerim diýipdir, pakyr garybam bolsa, okadýany üçin pul almandyr, sebäbini soranlarynda "men bulary okadamok, men bular bilen söhbet edýän" diýer eken. Her bir ylymdar dananyň bilýän zady kän, ol seniň näme bilmek isleýäniňi bilmeýär, şol sebäplem pähim-paýhasly, parasatly kişi boljak bolsaň, soramaly, pikir alyşmaly, söhbetdir jedel etmeli. Söhbetdeşlik ot bolýandyr, oda her tarapyndan jagrama goýup dursaň, heziller edip ýanar. Şonda ol parlap menem, senem mazaly çoýar. Eger oda diňe men odun atyp otursam, hatar goýulan odunlar ibaly ýanmaz... Oglum, pyçagy pyçaga çalyp ýiteldýändirler! Daşy daşa urup ot alýandyrlar. Hany sen maňa aýt: meýdandaky ýabany biten üzümler, üljeler, armytlar nähili?

--Turşy, iýer ýaly däl.

--Sebäbi näme?

--Olara seredýän ýok, düýbüni depip, dökünini ýetirip, suwuny berip, hasylsyz aýanak şahalaryny kesişdirseň, olaram bal ýaly datly miwe getirer.

--Anha, üstünden bardyň. Adam ogly hem şeýle. Çagalykdan özüňi beden, ylym-bilim, akyl-paýhas, edep-ekram taýdan terbiýelemeseň, hasylsyz aýanak "şahalaryňy kesişdirmeseň" miwäň kiçijek, turşy, umuman ýabany bolar. Her bir çaga öz özüniň seýisi, türgeni, mollasy, halypasy, ussady bolmalydyr. Mollaň saňa öz bilýän zadyny öwreder,emma sen diňe mollanyň bilenini bilmeli däl, dünýäde seniň öz bilmeli närseleriň bar ahyry. Beýik Biribar ýagyşlary-garlary tohum eýläp, topraga, tebigata dürli-dürli ösümlikleri, ot-çöpleri ekýär, a sen adam: Biribaryň ekeninden geregini alyp, gerekmejegini soguryp, özüňe geregini ekmeli!—Döwletmämmet aga bir pursat dymyp, Magtymgulyny synlady—Oglum, dünýäde göwnüň küýsän zadyň bardyr, emma nadanlykdan gaýry ählisi azapdan, zähmetden aňyrdadyr: süýjüje ýaşajakmy—ajyja deriňi dökmelidir! Melgun boljak bolsaňam, ilki perişde bolmalydyr!..

Döwletmämmet aga:

--Magtymguly, "aý, ýalan dünýädird-ä diýerler", emma ýalan dünýäde çyn ýaşagyn.Mydama içiňem-daşyňam, päliňem-niýetiňem, oý-pikiriňem, arzuw-hyýalyňam päkize sakla, sebäbi dünýä Allanyň metjidi. Ine şonda sen bu dünýäniň ýalan dünýä däl-de, gudratlar, keramatlar, syrlar dünýäsidigini görersiň—diýdi. Dädem, beýik alym boljakmy, dana akyldar boljakmy—ýaşaýşy oka! Köne dünýäde ýüz müň ýyl bäri ýaşaýyş hakda ýüz müň kitap ýazylandyr... Eger beýik şahyr boljakmy—onda git daglara-derelere, deştlere-sährala ra, ummanlara-ýaýlalara! Akyl-huşuňy çaşyryp barýan owadan dünýä, göwnüňi heýjana salýan gözellikler şahyrlaryň diwanydyr. Şol diwany oka!

--Däde, ylahy gudratlar, keramatlar dünýäsi diýýäler, emma Allahyň gudratyna ýa keramatyna duşdum diýýän ýok-la?

--Hany Allanyň gudratyna, keramatyna duşmaga mynasyp adam barmy?—diýip, ol oglunyň soragyna sorag bilen jogap berdi.—Oglum, oglum, Ýaradanyň ýalpy-ýaz dünýäsinde hemme adam ýagşyzada ýaly bolaýsady, gudrat näme, Allatagalanyň özem adamlaryň arasyna gelip,buýsanyp giderdi!

Magtymguly pikire batdy, Döwletmämmet aga:

--Didäm, gudraty güýçli Allatagala Adamy arşda ak palçykdan, mähir-muhabbetinden,ylahy nurundan, rahmetinden, gudratyndan-keramatyndan, söýgüsinden-yhlasyndan ýaradyp, hezreti Adam atamyzy pygamber kylandyr. Onuň nebereleri hem zeminde pygamberlik edendirler.Emma Adam atadan gözbaş alyp gaýdan halk set müň-set müň ýyllarda, ýaşaýyş üçin göreşlerde, garaňky-gaflatly eýýamlarda gudratyny, keramatyny, hatda adam diýen mukaddes adyna çenli ýitiripdir. Ýöne islendik adamyň gursagynda beýik Biribaryň yşkyndan bir ülüş yşk, gudratyndan bir parça gudrat, keramatyndan bir bölek keramat bardyr. Bagşy-sazandalaryň çagalykdan ürç edip aýdym-saz öwrenişi ýaly, pälwanlaryň oglanlykdan göreş tutup, ýakalaşyp-basalaşyp bedenini seýisleýşi ýaly, çagalykdan kalbyňdaky ruhuňy kemala getirmeli, seýislemeli, kämilleşdirmeli, ösdürmeli! Ruh-- ynsan bedeniniň şasy.Ruh Alladandyr, Ruhuňy bedeniňe şa eýläp ezizläp kemala getirseň, gursagyňdaky gudratam, keramatam kemal tapyp kämil çykar. Ýaradan uçgun berdimi? Ot almany özüň oňar! Oglum, ylym-sowadyňy alaňsoň kämil çykyp bilmeseň, ömrüňi aýan bilen şübhäniň,haaslar bilen aamlaryň, ýagşylar bilen ýamanlaryň, perişdeler bilen mahluklaryň arasynda ýaşap geçersiň! Şonda Hudaýýňam BAR bilen ÝOGUŇ arasynda ýerleşer... Birde Biribaryň barlygyna ynanyp adam bolmaga ymtylsaň, birde peýdaň, bähbidiň zerarly onuň ýoklugyna ynananyp, melgunyň yzyna düşersiň! Oglum, gadym zamanlarda merdi-merdan ata-babalarymyz gije ýassygynyň aşagynda gylyç – hanjar--gezlik goýup ýatypdyr, soň-soňlar gurhany ýa kelam kitaplaryny goýar ekenler. Indi bolsa ýassygynyň astynda pul goýaýmasa bu adamlar ýatyp bilmese näme!.. Oglum, biz namaz okaýan çagam pul sanaşyp oturan kişileriň döwürdeşi bolduk. Gork-gork, imansyzlardan gork!

Magtymguly ýene birnäçe sowal berdi, dädesi düşündirdi, soňra:

—Magtymguly, kärizgenler kärizi nädip göni gazýarlar?

--Yzynda çyra goýup.

--Dogry. Kärizgenler ýeriň astynda kärizi göni gazmak üçin yzynda çyra goýýarlar. Olaryň yşykdan ugur alşy ýaly alym, aýdyň, akyldar boljak kişiler geljege dürs gitmek üçin özünden öň ýaşap geçen akyldarlardan ugur alýar, emma geçmişiň akyldarlaram ýalňyşyp bilýändir!

--Akyldarlaram ýalňyşýanmydyr, däde?

--Käte-käte ýalňyşýar, alym ýalňyşanynda älem ýalňyşýar—Döwletmämmet aga köpmanyly nazar bilen ogluny synlady.--Bir akyldar "adamyň gözleri daşyna garadyp goýlandyr, ol özünden gaýry närsäni görýändir" diýipdir.Akyldar bolasyň gelýämi -- gündizler gözleriňi dünýä tarap, gijeler özüňe tarap, kalbyňa tarap gönükdir. Dünýäniň pynhan syrlary, nämälimlikleri gözýetimden aňyrdan albaý bulaýar, şol syrlaryň açary sendedir! Gör, synla, akyl eýle, akylyň ýagşysy gözden girýär! Diňle, gulak goý, senalaryň ýagşysy gulakdan girýär! Oýlan, kelle döw, jümle-jahanyň pynhan syrlarynyň çözgüdi saňa berlendir! Çöregi näçe köp çeýneseň, şonça-da süýjär. Hamyry näçe köp eýleseň, şonça-da çöregi tagamly bolar. Pikir kyl, beýniňi gaýnat, eger süýt bolsaň gaýmagyň çyksyn! Eger suw bolsaň, hapaň çyksyn, päklenersiň. Synla, seret: ýagşy adamlary göz, ýagşy dostlary ýürek, ýaramaz duşmany dil tapýandyr. Pikirlenýän adam şübhelenýändir. Şübhelen, täzeden derňe, täzeden pikirlen...Akyl eýle, göz özünden başgany görer, burun edil alkymynda ýerleşen öz agzynyň erbet ysyndan gaýry ysy alar, adam özünden gaýryny tanar. Özüňe ýakyndan–daşdan, aşakdan-gapdaldan syn kyl, aw agtarýan bürgüt ýaly ýokardan ser sal.Sebäbi diňe özüňi tanap, özüňe akyl ýetirip, dünýä akyl ýetirilýän ýola düşüp bolýar. Şonuň üçinem könelerimiz "Özüni bilen weli!" diýendirler. Maňzyň ajy bolsa, barybir etiňe çykar, daşyň hapa bolsa iru-giç içiňe çöker. Sen dünýäni aç, dünýä seni açar! Sen özüňi söý, emma özüňe aşyk bolaýma, özüňi eziz saý, emma duşmanyň ýaly berk dara! Beýik Biribaryň bu ýalan dünýäsine diňe görüp, eşidip, okap, paýhas bilen synlap akyl ýetirip bolýandyr, emma Biribara barylýan ýola Paýhasyňy ýok edip aralaşylýar.

Döwletmämmet aga Magtymgula dikan bakyp:

--Oglum,çaganyň göbegini näme diýip,doglan ýerinde gömýärler?—diýdi. Magtymguly:

--Her bir çaga göbegi gömlen ýer bilen bagryny badaşdyrsyn, şol ýere örklensin, gömlen göbek çaganyň aňynda, ruhunda, süňňünde watan duýgusy bolup gögersin diýlen niýet bilen gömülýän bolsa gerek!—diýdi.

--Dogry. Biziň her birimiz şu toprakdan bina bolup, ýene şu topraga barýas. Oglum, müňlerçe ýyllar bäri türkmen ogullary gämileriň labyryny ummana goýberşi ýaly, ata-babasynyň jesedini şu toprakda dulandyrlar, eýýamlaryň aýlanyp, zamanlaryň geçmegi bilen bu eziz toprak mähriban ata-babalarymyza öwrülip gidipdir. Men seniň ataň, sen meni görüp dursuň, emma meniň atam bolsa,ynha şu toprak,çünki meniň ähli ata-babalarym şu toprakda ýatyr!..

--Däde,Ekber Hojam nähili adam?

--Ekber Hojamy sen niçik gördüň?

--Beýik gördüm, däde.Ekber agada asylzada, hupbulwatan adamy gördüm.

--Şeýlemi? Synlaber, öwreniber, dünýäniň, durmuşyň ýüregine aralaşyber. Durmuşdan uly molla-müderris ýokdur.

Golaýda Hajygowşana Ekber Hojam diýip bir kişi göçüp gelipdi. Görgüli pakyrdan pukara, garypdan gallaç eken. Ähli goş-golamy aýaly bilen bir eşegiň üstündedi, özi bolsa örän asylly, tolgundyryjy rowaýata atlanyp gelipdir. Ekber Hojam ümmülmez çagaka, takmynan üç-dört ýaşyndaka ony ogurlap, alys-alys illeriň kerwenine satypdyrlar. Pakyr ýaşynam, milletinem, obasynyň, iliniň nirdediginem bilenok. Diňe ejesi bilen dädesi düýş-dil ýaly, salgym ýaly çala ýadyndamyş. Ýyllar geçýär, Ekber Hojam Hudanyň gudraty bilen gulçulykdan halas bolup, düýrmegi bilen Hakyň ýoluna, pygamberiň ýoluna berilýär. Öýlenýär, illenýär, emma perzendi bolmaýar. Köp ýyllar ýat illerde mysapyr ýaşan Ekber aga ahyry ata-baba ýurdunyň,il-ulusynyň gözlegine çykýar. Onuň pikirine hem berk ynanjyna görä, ýüregi, ruhy, kalby, üç ýüz altmyş emer-damary, süňňi-süýegi göbegi gömlen dogduk depesini tanaýmaly, duýaýmaly, syzaýmaly, aňaýmaly!.. Düýe janawer köşeginiň öldürilip gömlen ýerini on ýyldan soňam tapýar! Eýse adam adam bolup göbeginiň gömlen ýerini, ene-atasynyň mazar bolup ýatan topragyny tapmazmy? Mukaddes Watanam gudrat ahyry, keramat ahyry, ol mysapyr Ekber Hojama hökman bir alamat berer! Allajan keremdir, ahyry ony ýalkap, öz iline, diýaryna duşurar! Ýogsam ol biwatan ýaşabam bilenok, biwatan ölübem bilenok!

Mukaddes watanyny, keramat ilini-ýurduny agtaryp ýören Ekber Hojam Magtymgula asylzadalygyň, ynsanperwerligiň, hupbulwatanlygyň beýik nusgasy bolup göründi! Ol mysapyr kişide özüne ýakynlyk duýýardy. Ekber aga ýedi yklyma aýlanyp dogduk depesini, ata götenini agtarsa, Magtymguly zeminden ýaşaýşyň manysyny, asmandan Biribardan alamat gözleýärdi. Aslynda mysapyr Ekber agany gowy görmezlik, söýmezlik, sylamazlyk mümkin däldi. Keşbi-keşmeri gaýgy-gamdan, gözleri ajy ýaşdan, göwresi perişan hijrandan bina edilen mysapyr Ekber aga her gün diýen ýaly Hajygowşanyň daş-töweregine aýlanyp, böwrüni diňläp, watan zaryny, il perýadyny dartýardy, öýleden soň bolsa gonamçylygyň başynda çöňňelen gözleriniň ýaşyny suw-sil akdyryp, doga okar oturardy tä iňrik garalýança. Hajygowşanlylar ony barly edip bildi,emma bagtly edip bilmedi... Nirede bähbidi bolup,haýsy ilde garny doýsa, gapjygy gabarsa, şol ýerini mesgen tutýanlaryň köpelip barýan döwründe watanyň zaryny çekip, gözlerinden ajy ýaşyny döküp ýören hupbulwatan Ekber Hojam Magtymgula tas keramatly kişi bolup görünýärdi. Ol uludan demini aldy. Magtymguly entek ýaşdy, owadan dünýäni, ýagşyzada ýaly, perişde ýaly, eteginde namaz okabermeli, mähirden-nurdan ýaradylan adamlary söýýärdi, olara ýagşylyk, ýardam, peýda, delalat etmek isleýärdi. Magtymguly ýazar:

> Girýany görmeýän gözlem kör olsun,
> Il derdin eştmeýän güwşüm (gulagym) ker olsun.

Ol entek söýgä ýigrenç, ýagşylyga ýamanlyk, peýda zyýan bilen gaýtargy berilýänini, berýäniň eline tüýkürip, urýanyň elinden ogşalýanyny bilmeýärdi. Magtymguly entek bu dünýäniň duz iýen saçagyna hyýanat edip, suw içen guýysyny pohlap ýörenleriň dünýäsidigini bilmeýärdi. Ol entek "Şahym, kellämi özüň aljakmy ýa tylla mejimä salyp özüm eltip bereýinmi?" diýýän paşmakçy ýaranjaňlaryň, kiçijik beg kürsüsine mündügi adamçylykdan çykyp, kürsiniň bähbidinden geçip bilmän, syrtyndan geçýänleriň dünýäsidigini bilmeýärdi. Magtymguly entek bu dünýäniň ýumurtgany deşmän jüýjesini iýip, oda girip suw, derýa çümüp ataş getirýän ýeser-eser kişileriň dünýäsidigini bilmeýärdi. Ol entek çeşmäni başyna çekip, ardyndan ajdarha çykarýan, ýaşaýşy iýip, ajal guzlaýan ograşlaryň dünýäsinde ýaşaýandygyndan bihabardy. Magtymguly entek bu dünýäde çynyň bahasynyň ýarym, ýalanyň bahasynyň bir apbasy-dygyndan bihabardy, ol entek Ýaradanyň ýagty ýalançysyna Melgunyň Hudaý bolanyndan bihabardy. Magtymguly durmuş atly pynhan syrly owadan ümmülmez ummanyň ýaňy bir gyrasyndan giripdi...

1735-nji ýyl ahyrlap barýardy. Nedir hanyň çaparlary, çakylyk-çylary, ýörite wekilleri Eýranyň ähli welaýatyna aýlanyp, atly-abraýly kethuda-aksakallary, ulamalary, pirleri, ýerli han-begleri, serdarlary, Mugan çölünde boljak uly gurultaýa çagyryp başlady. Ol Türkmensähra-da çapar ýollap, Döwletmämmet kethudadan başlap ähli pirlerdir ulamalaryň, Çowdur handan başlap ähli hanlaryň, serdarlaryň adyny ýazdyryp nama iberipdir. Eýran başga, Türkmensähra başga! Emma uly hanyň halk gurultaýyna Türkmensähranyň atly adamlaryny ýörite at tutup çagyrmagy geňdi, sebäbi ol Türkmensähradan Çowdur handan başga hiç kimi tanamaýardy. Onuň bilenem başa-baş söweşipdi. Aksakallar, hanlar-begler geňeşdiler, «Çagyrylan ýere irinme, çagyrylmadyk ýerde görünme» diýen nakyla wepaly Türkmensähra türkmenler wekil ýollamagy makul bildi. Atla aý ýarymlyk, iki aýlyk ýol bolan Eýrandan gurultaýa ýigrimi müň wekil bardy.

Eýranyň bu gurultaýyň ýurduň demirgazygynda bolup geçmesiniňem öz sebäbi bardy. Gaýry ýurt basybalyjylarynyň golastyndan ýaňy çykan Eýrana Rum osmanlaryndan hem demirgazyk tarapdaky isaýylardan gaýry howp salyp biljek güýç ýokdy. Nedir han şolara göz edip bu gurultaýy Muganda geçirýärdi. Meger, entek Eýranam beýle uly, beýle tutumly, beýle dabaraly halk gurultaýyny gören däldir. Bu gurultaý—gurul toý, hakykatdan-da tamam Eýranyň gurulyş toýuna aýlandy. Mugan sährasyna gelen wekiller ýaşar ýaly gamyşdan-gajardan içi-daşy suwalyp ýasalan jaýlaryň sany ýigrimi-ýigrimi bäş müňe bardy. Täzeje al-ýaşyl, ak, gara, goňur çadyrlaryň, Omar Haýýamyň atasyndan galan köne çadyrlaryň hem sany-sajagy ýokdy. Jaýlar köçe-köçe, syrgyn-syrgyn bolup, her welaýatdan gelen wekilleriň düşlemeli, ýerleşmeli ýerleri aýratyndy. Teblehanalar, kerwensaraýlar, bazarlar, onlarça hammamlar gurlupdy. Ýüzlerçe ýerde gazan atarylyp, gelenlere hezzet edilýärdi. Mugan wagtlaýyn gurlan uly şäherdi, gurultaýa gelen wekilleriň üstüne şol ýerdäki goşunam goşsaň, Mugana ýüz müň adam jemlenipdi...!

Gyşyň soňky aýynyň başyna her iliň wekilini şahynşa çadyrynyň alnyndaky giň meýdana çagyrdylar. Eýran welaýatlarynyň beglerbegileri, goşunbaşlyklary, serdarlar, pirler-ulamalar, aksakal-kethudalar, şäher wezirleri, galandarlar (gala häkimleri), il hem taýpa hanlary giň meýdançada aý berip otyrdy. Rumdan gelen osman soltanynyň ilçisine, ors patyşasynyň wekillerine hem görnükli ýerden orun berlipdi. Nedir han ortadady, onuň arkasynda söweşjeň serdarlar, janpenalar naýza ýaly dim-dik durdy. Dumly-duşda Eýran sanjaklary-tuglary pasyrdaýardy. Howa ala bulutdy, maýyldy. Jemagat Nedir hany Eýranyň bagtyna arşdan inen ýagşyzada saýyp buýsanç hem guwanç bilen synlaýardy. Çakdan aşa daýawdan berdaşly, gözleri ýanyp duran Nedir han nazarkerdeden görmegeý kişidi, mazaly çal sepen sakgaly timarlydy. Ol oturanlara mährem nazaryny aýlap, ýerinden turup söze başlady:

--Halaýyklar, beýik Allatagala meni goldady, menem şan-şöhratly goşunym bilen mukaddes watanymyzy, ýurdumyzy, halkymyzy duşmanlardan, baknalykdan, bulagaýlardan, tozgunçylykdan halas eýledim. Siz-- halk wekilleri, indi bu beýik döwlete patyşa saýlamak siziň mukaddes borjuňyz!!!—diýdi. Tutuş märeke Nedir han özüni patyşa saýladar öýdýärdi, emma tersine bolup çykdy. Halk wekilleri Nedir han "at oýnadýan bolaýmasyn", "eşek näzini edýän bolaýmasyn", "synap görýän bolaýmasyn" diýip ony içginden içgin synlaýardylar, emma onuň çynydy. Şaýy ulamalarynyň arasynda iki-eke safawy neberesinden pylany şahynşa bolaýsa diýenem tapyldy, emma safawylardan ýaňa halys bogaz bolan köpçülik olary diňlemedi. Halk wekilleri ýurduň halasgäri durka, ýigrimi bäş ýyl ýurt üçin gylyç syryp, jan alyp jan beren serdar durka, heý başga adamy şahynşa saýlarmy?! Nedir han tüýs ýurduň halasgär, döwletiň howandary, halkyň hossarydy. Ol hakykatdanam halk gahrymanydy! Safawylaryň emelsizliginden ýaňa dargan ýurdy ýaňadan berkarar eden rowaýaty serkerdedi!

Garasaý, wekiller bir agyzdan Nedir hany şahynşa saýlamagy müwessa bildiler. Nedir han arkan gaýyşdy. Ol arkan gaýyşdygyça ýalbardylar-ýakardylar, töwella etdiler, sebäbi ulug Eýrany şondan başga adalatly dolandyryp biljek hem, gorap biljek hem ýokdy! Wekiller ýerli-ýerden onuň şahynşa bolmagyny tekrarladylar. Nedir han halk wekilleriniň çynydygyna göz ýetirip, eger özüni şahynşa saýlajak bolsalar, üç sany şertiniň bardygyny aýtdy. Oňa şertiňi aýt diýdiler. Onuň şertleri şeýledi: birinjiden, ol Eýrana şahynşa bolsa, erteki gün safawy nebereleriniň birisem (eger diri galan bolsa... Sebäbi mundan on dört ýyl ozal Eýranyň şahynşasynyň täjini başyna geýen Mir Mahmyt safawy şalygynyň üç ýüz wezir-wekilini, sypahsa-serkerdesini, emeldaryny nahara çagyryp, zyýapat eýläp, haýynlyk bilen hemmesini öldüripdi. 1725-nji ýylda bolsa ol tagta tamakinleriň ýeguna çykmak üçin şahynşa Soltan Hüseýin bilen onuň iki oglundan başga safawylaryň erkek göbeklisiniň ählisini gylyçdan geçirip, pürrälepdi.) tagta tamakin bolmaly däldi, ikinjiden, mundan beýläk diňe Nedir hanyň nebereleri şahynşa saýlanylmalydy. Halk wekilleri bu şertleri iki elläp goldadylar. Onuň üçünji şerti: Eýranyň şaýy halklary ymam Japar Sadygyň mezhebine, ýagny sünnileriň ykrar edýän mezhebine geçmelidi. Japary mezhebini Yslamyň bäşinji mezhebi diýip kabul etdirmelidi! Nedir han ýene orta çykyp:

--Halaýyk, jemagat! Beýik Allatagala arap halkyny azyzlap, olara pygamberleriň möhüri--Muhammet pygamberi berdi. Beýik Allatagala arap halkyny arzylap, röwşen yslam dinini berdi. Allanyň resuly Muhammet pygamber ýigrimi ýylda dünýäde iň uly ummaty döredip, Yslam dinini rowaçlandyryp, yslamy dünýäniň beýik dinine öwürdi. Emma onuň ornuna tagta çykan halyflar ýigrimi ýylda musulman ummatyny, pygamber ummatyny ikä bölüp, biri-birine ganym duşman şaýy hem sünni diýen bölünişigi döretdiler. Müň ýyl bäri şaýylar-sünnüler hamana ganym duşmanlar ýaly gyrlyşyp gelýär. Akyl-parasatly adamlar—"pygamber dinini iki ummata bölen araplara Hudaýam gargady, pygamberem gargady" diýýärler! Meger, şol gep rastdyr! Serediň, dünýäniň iň uly ýurdy bolan Arabystany indi çem gelen şa basyp alyp ýör!—diýdi. Nedir han giň meýdany dolduryp, göze hem gulaga öwrülip oturan san-sajaksyz jemendäni synlap, sözüni dowam etdi:

--Jemagat! Ulug Eýran döwleti ençe müň ýyldan bäri dünýäniň iň uly, iň kuwwatly, iň beýik döwleti bolup, mydama jahanyň gylla ýaryna hökümini ýöredip gelendir. Eýran şahynşalary özüni Hudaý sanýan pyrgawun, ýunan, rum kaýsarlarynyň üstünden hökmürowanlyk sürüp gelendir. Emma soňky ýüz ýyllykda nähili boldy? Ulug Eýran döwleti aýak astynda galdy! Özbek hanlary welaýatlarymyzy basyp alyp ýör! Hah-hah-ha! Özbek hanlary! Owgan hanlary, osmanlylar,orslar ýurdumyzy talap-tozduryp ýör! Sebäbi näme? Sebäbi safawy şalary ulug Eýran halkyny-- şaýylary sünniler bilen gyrlyşdyryp, araplaryň bedibagtlygyny Eýrana getirdi. Eger-de meni ulug Eýranyň tagtyna göterjek bolsaňyz, şaýy hem sünni diýen bölünişigi ýok edip, hezreti ymam Japar Sadygyň mezhebine girip, bir ummat bolmaga razy boluň, ýogsa-da başga adamy şahynşa saýlaň!

Elbetde, şaýy ruhanylary ör-gökden geldiler. Safawylar hanedanlygyny Ysmaýyl Hataýy esaslandyrypdy. Safawylaryň taryhçysy Isgender beg Türkmen öz diwanynda ony jikme-jik beýan edýär. Ysmaýyl Hataýynyň nebereleri iki ýüz ýyldan gowrak wagt Eýran şahynşalary bolupdy. Olar Ardebilde ýaşap geçen şeýh Safaweddin piriň hormatyna özlerini safawylar diýip atlandyrypdy. Safaweddin pir şafy mezhebinden eken, onuň aňyrsy bolsa şaýylaryň ýedinji ymamy Musa Kazymdan gaýdýarmyş. Şeýdibem safawylar özlerini hezreti Alynyň neberelerine çatýardy. Emma olaryň dili türkidi. Azerbaýjanlylar Ysmaýyl Hataýyny öz nusgawy şahyry hasaplaýar... Safawylar şaýy mezhebini Eýranyň döwlet dini edip, on iki şaýy ymamynyň hormatyna sellelerine gyzyl zolak mata oraýardylar. Şonuň üçinem olara gyzylbaşlar diýlen at berilipdi.

Nedir han sözüni dowam etdi:

--Eger biz şaýylar-sünnüler birleşip bilmesek, Eýrandaky agzalalyk, dawa-jenjel,şaýy-sünni uruş-jeňi hiç haçan ýatmaz! Eger biz şaýy-sünniler birleşip bilmesek, hiç haçan Eýrany beýik, berkarar, bagtyýar döwlet edip bilmeris! Tamam Eýranyň halky bir dogan bolup, bir agza bakmasa biziň alan galamyz, gaýtaran belamyz bolmaz!

Emma barybir şaýylaryň iň uly hem abraýly ulamasy mollabaşy Nedir hanyň pikirini oňlamady. Ol din işine şalaryň-soltanlaryň garyşyp-gatyşmaly däldigini aýtdy… Içinden ot-ýalyn geçen Nedir han çep gözüni süzüp, sag gözüni mollabaşa dikip dowamly synlady, soň ýerinden galyp, sesine has nazym berip:

--Halaýyklar, aýdyň, biz şaýylar-sünnüler birleşip, ýaňadan jümle-jahana hökümini ýöredýän beýik döwlet bolalyňmy ýa safawylaryň ata-babalaryna halyflyk berilmäni üçin sünnüler bilen gyrlyşyp ýitip gideliňmi?—diýip gygyrdy. Müňlerçe ses “Beýik döwlet bolalalyň” diýip, Nedir hanyň sözlerini al asmana göterdi. Mollabaşynyň jany gitdi. Nedir han ýene mähellä seredip:

--Eý, Allanyň ary halky –eýranlylar, biz ýaňadan Jemşit şanyň, Sasany şanyň, Dere şanyň ýoluny ýöredip, beýik halk, beýik döwlet bolalyňmy ýa özbeklere, owganlara olja bolalyňmy?—diýip gygyrdy. Tutuş märeke “Beýik döwlet bolalyň!” diýip gygyryşdy.Nedir şa:

--Halaýyklar, näme diýip meniň goşunym şan-şöhratly ýeňilmez goşuna öwrüldi? Sebäbi meniň ýygnymda sen şaýy, men sünni, sen pylan taýpa, men pylan millet diýlen gürrüň ýok! Meniň onbaşylarymdan onmüňbaşylaryma çenli ählisi söweşde edermenlik görkezip, ýurt üçin, watan üçin, ulug Eýran üçin jan berip jan alyp, beýik derejä ýeten gerçekler!.. Jemagat, eger meni şahynşa saýlajak bolsaňyz ertire çenli oýlanyň, anyk netijä geliň! –diýdi.

Şol gije mollabaşyny öz çadyrynda bogup öldürdiler. Mollabaşy bilen ret pikirem öldi. Nedir şa ýigrimi bäş ýyl Eýrany gaýry ýurtly basybalyjylardan halas etmek üçin göreşipdi, mydama-da ýeňipdi, sebäbi onuň goşunynda hakykatdanam sen şaýy, sünni dawasy, milletparazlyk ýokdy. Mahmyt Gaznaly Hindistany basyp alyp beýik döwlet gurup, täze ortak--urdu dilini döredeninde, seljuk soltanlary Bizansy syndyryp, beýik şadöwletini esaslandyranda heý Nedir han iki din duşman ummaty—şaýylary-sünnüleri birleşdirip, Eýranda dünýäniň iň kuwwatly döwletini döredip bilmezmi?! Biler!

Ertesi ýene düýnki ýagdaýda maslahat başlady. Nedir han birki sany şaýy, kürt, buluç ulamasyna, soňra türkmen ulamasy Döwletmämmet pire söz berdi. Döwletmämmet pir ozalky ulamalar ýaly ortadaky boş ýere geçip, gyssanman söze başlady:

--Jemagat! Biziň her birimiz mukaddes ýurdumyz ulug Eýran üçin, keramatly halkymyz üçin, sahawatly topragymyz üçin gara başymyzy orta goýmaga taýýar adamlar! Allaha şükür, Alla-da bize mynasyp serdar beripdir!..—diýip, ol başyny sähelçe gyşartdy—Hanha, daglaryň gaýasy ýaly bolup oturan serdarymyz Nedir hany öňe salyp gideliň Arabystana! Gideliň Geçmişe! Müň ýyldan aňryk geçip, Hakyň resulynyň ornuna--halyflyga göz diken Abu Bekirem, Omaram, Osmanam, omeýýalaram pürreläp, pygamberiň ornuna hezreti Alyny oturdalyň!--Ulamalaram, sypahsa-serdarlaram, hatda Nedir han-da ozal beýle gürleýişi eşitmedik borly, hemmeler nazaryny Döwletmämmet pire dikdi. Ol:

—Adamlar, biz geçmişe, taryha gidip bilýäsmi? Biz ylgap, towsup, gudrat-keramat bilen müň ýyldan aňryk geçip bilýäsmi?—Birniçe adam ýok diýip gygyrdy.—Elbetde, ýok! Biz näçe çabalansak-da, çalynsak-da, gije-gündiz aglap mynajat kylsak-da, özümizi öldürsek-de geçmişe gidip taryhyň hatasyny, ýalňyşyny düzedip bilmeýäris! Müňýyllykdan geçip hezreti Alyny pygamberimizden soňky halyf edip bilmeýäris! Onda näme biz geçmişe gidip şol ataşy-ýalny çabyrap duran duşmançylygy getirip, şaýylar-sünnüler bir-birege ganym duşman bolup gyrlyşyp ýörüs?!—Ol ulug suhanwerler ýaly aram-aram nutugynyň arasyny bölüp, göze-gulaga öwrülip oturan jemagaty synla-ýardy. Döwletmämmet piriň aýdan sözleri Nedir hana-da çaksyz ýaran bolmaly, edehädine görä süýem barmagy bilen burnunyň gapdalyny dyrmap oturşyna ondan gözüni aýyrman diňleýärdi. Pir ýene söze başlady – Aýylganç hakykat: geçen müňýyllykda sünnüler şaýylaryň ýetmiş iki ymamyny şehit ganyna boýady, olaryň ählisiniň müberek gubury, kaşaň kümmeti jahana nur saçýar. Olar kimler? Olar hezreti Aly Murtazanyň ogullary, agtyklary, çowluklary, nebereleri… Olar Muhammet pygamberimiziňem agtyklary, çowluklary… nebereleri. Söweşjeň, gaýduwsyz şaýylaram sünni serwerleriniň ýüzlerçe-sini şehit kyldy! Eýse, ol şehitler kimler? Pygamberimiziň atasy Abdyl Mutallybyň, pygamberimiziň hem hezreti Alynyň, Abbasyň ogullary, agtyklary, çowluklary, nebereleri! Geliň, indi pikir öwürip göreliň! Biz şaýylar- sünnüler bolup pygamberimiziň, hezreti Alynyň, olaryň ýagşyzada atasy Abdyl Mutallybyň neberelerini gyryp, pürreläp, paýhynlap ýörüs! Biz pygamberimiziň tohumyny tükelläp ýörüs! Ýeri, Hakyň dergähinde hezreti pygamberimiz, Allanyň şiri Ymam Alymyz nähili güne galýandyr?!.

Ömrüne metjitde, il-içinde wagzy-nesihat edip ýören dana Döwletmämmet pir halys ýüreginden gürleýärdi, halys ýürekden çykan sözler ýüreklere baryp, paýhas-parasatdan doly jümleler oturanlaryň aklyna zamlaşýardy. Döwletmämmet pir Nedir hana bakdy:

--Hezreti Nedir han, siz hakykatdan-da ullakan ýurdumyzyň halasgäri, mukaddes watanymyzyň howandary, halklarymyzyň hossary! Siz bütin ömrüňizi Eýrany, ýurdumyzy, halkymyz bakna edip, abadan ýurdy weýran kylyp, talap-tozduran basybalyjylara garşy göreşe bagş edip, gylyç syryp, jan alyp jan berip Eýrany ýaňadan beýik döwlet eýlediňiz. Müňýyllyk içre Eýranda agzalalygyň ojagy bolup gelen sünnüligi-şaýylygy birleşdirip, yslamyň bäşinji mezhebine öwürmek, lap etdigim däl, bir pygamberlik iş!..

Jemagat dykgat bilen diňleýärdi. Nedir han sol gözüni ýumup, sag gözüni giňden açyp, ýene Döwletmämmet piri nyşana aldy. Ol ömrüne ýaý atyp, tüpeň atan handa harbylykdan galan endikdi. Pir sözüni dowam etdi:

--Bir şahyr: “Men yslam dini üçin başymy gurban edip biljek, emma mukaddes Watana gezek geleninde men dinimi hem, imanymy hem, başymy hem gurban ederin!”—diýipdir… Hezreti Nedir han! Eger Eýranyň dürli dilli halklaryny ymam Japar Sadygyň mezhebine geçirip bilseňiz, siziň ornuňyz Taryhyň töründe, ýürekleriň töründe bolar! Sizi arşdan Alla ýalkar, ýerde üstüňizden halklaryň alkyşlary ýagar, pygamberimiziň, ymamlarymyzyň ruhlary hoşal bolar! Ulug Eýran bolsa ýaňadan taryhy belentligine göterilip, jümle-jahana ýaň salýan beýik hem berkarar döwlete öwrüler! Ulus-illeri birleşdirýänler Hakyň dosty, bölýänler Melgunyň dogany!.. Siz täze bir eýýama, pähim-parasatly Ylahy eýýama gapy açdyňyz! Bu mukaddes işde biz siziň arkaňyzda!

Döwletmämmet pir ornuna geçdi. Onuň ýüreginden aýdan sözleri Nedir hana-da, agyr märekä-de ýarady. Han ulamalaryň arasynda oturan mürzesi Mähdi hana ümledi. Mähdi han baş atyp, depdere bir zatlar ýazdy. Döwletmämmet pirden soňam şol hörpde kän adam gürledi. Netijede şaýy hem sünni ulamalary Nedir hanyň üç şertine hem razy boldylar. Gurultaýyň wekilleri - beglerbegiler, serdarlar, häkimler, hanlar, begler, ulamalar bir agyzdan Nedir hany tamam Eýranyň şahynşasy saýlap päkize halyda oturdyp, ýerli-ýerden göterip, ony Eýranyň patyşasynyň tagtyna çykardylar. Ulamalar owazyna howala berip, Nedir şanyň adyna, şahynşalyk hutbasyny okady. Şol pursadam kyrk top, kyrk zembirek, kyrk gumrak kyrk ýerden atylyp, täze Eýran döwletiniň dabarasy jümle-jahana ýaň saldy. Safawylaryň depesinden uçan döwlet guşy Humaý awşarlaryň—Nedir hanyň depesine gondy.

Şeýlelikde, mürzeler Nedir şanyň, şaýy hem sünni ulamalarynyň adyndan osman soltanyna şertnama taýýarlady. Namada Halk Gurultaýynda Nedir şanyň Eýrana şahynşa saýlanandygy osman soltanyna habar berip, Halyf hökmünde ony ykrar etmegi: ikinjiden, Eýran şahyn-şasynyň ähli şaýy raýatlarynyň hezreti Ymam Japaryň mezhebine geçýändigini, şonuň üçinem şol mezhebi diniň bäşinji mezhebi diýlip kabul edip, mukaddes Mekgede sünnüleriň dört mezhebiniň dört sütüniniň ýanynda bäşinji sütüni dikeltmegi: eýranly haja barýan zyýaratçylary Emir-ul-hajyň ak pata berip ugratmagyny: Eýran şahynşasynyň köşgünde osmanly wekili, Osman soltanynyň köşgünde Eýran şahyn-şasynyň hemişelik wekili işläp, olara harby ýesirleri alşyp-beriş-mek borjy ýüklenilmegi teklip edildi. Nama şahynşa möhüri goýlup hormat bilen Osman soltanynyň ilçisine gowşuryldy. Gurultaýa gelen beýleki ilçilere hem serpaý ýapyp, öz iline ugradyldy…

Aslynda Nedir şa dindar adam däldi, barja ynamy hem eziz ejesi bilen gul-gyrnak bolup barýarka ölüpdi. Ol sünnülige-de, şaýylyga-da biparh garaýardy. Oňa Eýran halkynyň agzybir, dost,dogan halk bolmagy zerurdy. Ol ertesi öýlänler ýaňadan şaýy hem sünni ulamalaryny jem-ledi. Hemmäniň nazary şahynşadady, hemme onda gelejjeki baý, beýik, berkarar, kuwwatly Eýran döwletini görýärdi. Nedir şa oturanlary birlaý nazaryndan geçirip, metjitleriň, medreseleriň, birnäçe ulamalaryň wakf ýerlerinden gelýän girdejiniň näme edilýändigini sorady. Baş ulama:

--Wakf mülklerinden gelýän girdejileri metjitleriň, medresele-riň hajaty üçin peýdalanýarys. Ulamalara aýlyk-günlük berýäris, sebäbi biz gije-gündiz siziň hakyňyza, Eýran döwletiniň berkarar bolmagynyň hakyna doga okaýarys—diýdi. Nedir şa:

--Eger siz Eýranyň beýik döwlet bolmagynyň hakyna gije-gündiz doga okaýan bolsaňyz näme diýip ýurdumyz elli ýyl bäri owgan, özbek, osman, ors basybalyjylaryna olja bolup geldi! Hä, näme diýip?!—Hiç kimden ses-seda çykmady. Nedir şa sözüni dowam etdi.-- Beýik Biribar Eýranyň beýik döwlet bolmagy üçin siziň aýatyňyzy-dogaňyzy däl-de, meniň gylyjy-gürzimi, şan-şöhraty arşa baran ýeňiji goşunymy saýlady! Ýurdy aýat-doga bilen berkarar edip bolýan bolsa, külli arap iki ýüz ýyl bäri memluklara, osmanlylara bakna bolmazdy!—diýdi.

Şaýy-sünni ulamalary aňk bolup şahynşany diňleýärdi, şahynşa bolsa ýagşyzadaňam, keramatly piriňem bilmeýän şekillidi. Ahyry ol safawy şalarynyň san-sajaksyz ulamalara-pirlere, metjit-medreselere bolluk bilen paýlan wakf mülkleriniň bir bölegini alyp, ýersuz-suwsuz adamlara ömürlik kärendesine paýlamaly diýip perman çykardy. Şeýdi-bem Nedir şahynşa düýnki täze eýýama açan gapysyny özi ýapdy oturyberdi. Ulamalar serpmeden gaýtdy, nadyl-närazy boldy, emma perman ýüz müňlerçe halkyň göwnünden turdy. Döwletmämmet aga tagtynda oturan şahynşahy içgin synlap, onuň näme üçin şeýle perman berenine düşü-nip bilmän, kelle döwdi. Nedir şanyň yslam dinindäki öwrülişigini durmuşa geçirmeliler, gollamalylar esasan şaýy ruhanylarydy, olaryň ençemesini ynjydyp beýle tutumly öwrülişigi edip bolmajakdy. Nedir şa ýerinden turup, agyr märekäni bir laý nazaryndan geçirip:

--Halaýyk, men perman bilen ulus-iliň dini ynanjyny, mezhebini, ygtykadyny üýtgedip bolmaýanyny bilýän, emma perman berdim, sebäbi men Beýik Allamyň alnynda, geçip giden müňlerçe pygamberlerimiziň alnynda, adamzadyň alnynda, geljekki neberelerimiziň alnynda ýurduň şahynşasy hökmünde borjumy bitirip, rast ýoly görkezdim. Halaýyk, men arşda Allama, ýerde Adalata, ulug Eýrana, Eýran halklaryna gulluk edýä-rin! Eger baý hem abadan ýaşaýyn diýseňiz, berkarar hem kuwwatly döwletli bolaýyn diýseňiz, ulug Eýranyň ady-owazasynyň dünýä dolma-gyny isleýän bolsaňyz hezreti Ymam Sadygyň mezhebine, bäşinji mezhebe geçeliň!—diýdi.

Düýnki ýonaçynyň ogly, garamaýak ýigit Nedir dünýäniň iň uly döwletiniň patyşasy boldy. Şahynşa tagtyna çykan Nedir şahynşa-da gysganmady. Gadymy şalaryň-soltanlaryň edähedini ýöredip beýik beglerbegilere, häkimlere-hukgamlara, uly hanlara, serdarlara, beglere zer-zerbap şalyk serpaýyny, dürli derejeleri sahylyk bilen paýlady. Uly aryflara, ulamalara, meşhur şahyrlara, il kethudalaryna tarhanhat berdi. Tarhanhat berlenleriň arasynda Döwletmämmet Azady hem bardy… Baýdak-baýdaga, sanjak-sanjaga kaklyşýan Mugan çölünde Nowruz aýy toý-dabara bilen Eýran täze bir eýýama gadam basdy…

hhh

Magtymgulynyň göwni al-asmandan, göwresi zeminiň depesinden uçup, hyýallary syrly gözýetimiň aňyrsyndaky nämälimlikler dünýäsinde perwaz urýardy. Ol goýny uçmahdan zyýada aklyňy çaşyrýan daglara däl-de, gözelligiň şahyry Magtymgula barýanyny bilmeýärdi. Attar Kynyş beg inileri Magtymguly bilen Janamany alyp, Hasar dagyna melhemlik ot-çöpleri ýygnamaga barýardy. Dogry, Kynyş beg Magtymguly bilen Janamanyň syrtyna ýer ysgatman, Gün dogaryndan Gün bataryna çenli işlederdi, ýöne uçmah ýaly owadan ýerlerde balalaryň gülden-güle gonup bal toplaýşy ýaly, melhemlik ot-çöpleri ýygnamak ýaş oglanlaryň hoşuna gelýärdi. Magtymguly özüni bileli bäri Hasar dagyny görmek arzuwy bilen ýaşaýardy, häzir bolsa çüwen bagty ony owadan arzuw-hyýallaryna sary alyp barýardy. Kynyş beg nämedir bir zady gürrüň berýärdi, Magtymgulynyň bolsa iki gözi töwereginde: ýabany tokaýlary ümürsin atyp ýatan jülgäni synlap gözlerini gönendirip, göwnüni dokundyryp lezzet alýardy. Jülgä ýabany diýilmeginiň sebäbi, onda arly ýyl akyp ýatan çeşme-çaý,il-oba ýokdy. Gyşdan tomusa çenli, güýzden gyşa çenli daglara ýagan gar eräninde, çasly çagba, baran ýaganynda bu jülgeden kä bulaklap,kä sil bolup ýagyş suwlary akardy, şol sebäplem daş-töwerek howalaly çynar diýermiň,hoz diýermiň, arça-kerkaw, senuber-jenewüt diýermiň—sümme jeňňeldi. Bulaklar, däli siller aşagyna päkize jyglym daş düşenip akýar: silleriň jyglym daşdan paýandazy Akmaýanyň ýoly ýaly agaryp, siliň gelerine garaşyp ýatyrdy. Howalaly daragtlaryň goýry kölegeleri garşydan öwüsýän şemala edaly hallan atyp, ýüzüňi ýolpäp, kalbyňy gozgaýardy. Owadan ýabany jülgede asylky tebigatynyň goýnuna düşen Ajdar sümme jeňňelden kükeýän del yslaryň, datly yslaryň yzynda ser- sepil bolup, böwürslenleriň aşagyna tumşugyny sokup awuny hem TEBIGYLYGYNY agtarýardy. Entek kellesi ojak ýaly türkmen köpegini görmedik imisalalyk Ajdardan gorkusyna böwürsleniň aşagynda kirpi ýaly düýrüldi, köpek ümsümligi ysgady, ýöne onuň ysynam, özünem halaman başga ýana seňkildäp ugrady. Ýabany tokaýlyga bürenip oturan jülgäniň gaýra başam, ileri başam beýik-beýik baýyrlaç daglyk-dy. Gaýradaky baýryň ýüzünde biten arçalar suw almaga aşaklygyna inip gelýän ýaş gelin-gyzlara, ilerdäki baýryň ýüzündäki arçalar bolsa suw alyp jülgeden ýokarlygyna çykyp barýan ýaş gelin-gyzlara meňzeýärdi. Jülgede ýyl boýy akyp ýatan çeşme ýegam bolsa, häzir Magtymgulynyň göwnüniň uçup ýören belent-liginden aşak seretseň, garşydan öwüsýän şemala owsun atyp, ýaşyl tokaý ýaşyl ýaşaýyş bolup, ýaşyl derýa bolup akyp ýatyrdy.

Gün günorta bolup ýördi. Jülge gitdigiçe daralyp, awçy çarany belent-lige dyrmaşýardy, gitdigiçe jülgäniň ümürsin tokaýy gürelýärdi, gitdigiçe Magtymgulynyň göwni howalanýardy. Janaman:

--Kynyş däde, halys lütümiz çykdy, düşläýsek näder?—diýdi.

--Pahaý, garagenjimler, men-ä sizi gurbany boldugym Hasar dagyna alyp barýan, siziňem lütiňiz çykýamyş!

--Gaýrat gutardy-da, Kynyş däde.

--Pahaý, Janamanjan, gaýratyň gutaran bolsa, men seni gaýrata getirjek nama gaçyryp beräýerin…Elkyssa,--Kynyş beg dessana başlady-- Görogly beg Öwezjany Gyratyň ardyna alyp, nirdesiň Çardagly Çandy-bil diýip atyny tüweleýledip gelýär. Öwezjan y zyna garap:

--How, Görogly aga, yzymyzdan kowgy gelýär,kowgy!--diýdi.

Göroglynyň piňine-perwaýyna däl:

--Öwezjan,ol daglaryň ümür-dumanydyr.

--Aý, aga, başyňda mysgal akylyň bolsa, meni taşla-da gaç. Hanha, Mustapa beg müň atlysy bilen ýetip gelýär,ol indi asmana uçsaň aýagyňdan, ýere girseň gulagyňdan çekip alar.

--Haý, Öwezjan, atam Jygalybeg maňa bir-ä gorkmany, birem gaçmany öwretmändi-dä.

Öwezjan gözlerini höwlendirip:

--How Görogly aga, gaçmany hem biri öwretmeli boldumy saňa! Allany çagyryp, Gyrata çalyberseň gamçyny, Çandybile çenli gaçmany öwrener-siň-dä—diýdi.

--Öwezjan, gaçmany, gorkmany öwrenip barsam kim meni Çardagly Çandybil galasyna salar?! Her gören tozanyndan gaçyp ýörse, menden Görogly bormy!

Kynyş beg “Görogly” dessanyna tutduranynda bagşylaryň aýdyşy ýaly aýtman, islän ýerinden başlabererdi, özem isleýşi ýaly üýtgederdi. Ol gamçysyny dutar edinip Göroglynyň namasyna tutdurdy:

“ Yzymyzdan ganym ýetse,

Daglara bar,daglara bar.”

Aýdymy tamamlap, ýüzüni-gözüni süpürişdirip, töweregine garandy. Asyl olar buljum jylgada oturan Gerdan gatyryň külbesiniň üstünden barypdyrlar. Gerdan aga jahyl çykan üç ogly bilen ýabany daglarda tohum goýun itlerini ýetişdirýärdi. Onuň itleriniň dabarasy Horasa-na,Türkmensähra,Etrege,Garrygala dolup, baýlar onuň her gazankelle köpe-gini, ganjygyny dört-bäş goýna çalyşýardy. Lap etme beýlede dursun, sypaýylaşdyryp aýdanyňda Gerdan gatyram, üç oglam orangutandan daýawdy, şimpanzeden bedroý, bethüýdi. Diňe daş sypaty däl, olaryň mazmunam mahluklaşypdy. Olar daglarda-sähralarda gapan gurup möjek, gaplaň awlaýardy. Gapana gaplaň düşse, hamy Yspyhandan çykýardy, möjek düşse janaweriň bagty küle çökýärdi. Hanha, ol ýene bir möjek tutupdyr, janaweri külbesine getirip, kendir halta salypdyr. Agzyna agyzdyryk urlan gurduň kellesi haltanyň daşyndady. Kynyş beg dagy salam berdi, ol salam aldy. Magtymgulynyň haýýady göterilip, gany hem gahary çyrpynyp gitdi. Gerdan gatyryň atagzysyny gören Kynyş begiňem zähresi ýaryldy:

--How, Gerdan, o janaweriň dişini sogurjak bolýamyň? Sen-how, gök böriniň keramatly janawerdigini bir bilmeýämiň? Belki, ol Oguz hanyň öňüne düşen gudratly börüdir.—diýdi.

--Erteki-sertekä ynanyp ýörmezler Kynyş beg…

Magtymgulynyň gözlerinde gahar-gazap uçganaklady. Ol arşdan gelen gök(ataş-ot) böriniň Oguz han atamyza ýol görkezen gudratdygyna-da, kowum mazarda dünýä inen bäbejik Göroglyny emdirip, kemala getirendigine-de ynanýardy. Bu mahluk bolsa keramatly böriniň dişini sogurjak bolup dur… Gerdan gatyr:

--Sen munuň näçe gan döküp, näçe goýun gyranyny bilýämiň? Iýýäni günde bir hokga et, emma sürä daranynda on-ýigrimi goýny parçalap gidýär! Kişi malyny iýseň dişiňi sograrlar!

--Dişini sogursaň janawer öler-dä!

--O nähili ölermiş? Men muňa nije däri-derman içirdim.

Gerdan gatyr atagzy bilen böriniň ýalaw ýaly dişiniň birini sogur-dy. Möjegiň eýmençden eýmenç uwwuldysy çym-gyzyl hanjar bolup Magtymgulynyň ýüreginden parran geçip, pajygaly görnüş hakydasyna ömürlik ýazyldy, Kynyş beg başyny ýaýkap gaty käýindi.

--Haý-haý, Gatyr, ýoluň göni dowzaha barýar-ow! Heý, beýlede zalym ýowuzlyk bormy?

--O nämesi ýowuzmyş?..Kynyş beg Gerdan däl-de, dünýä ýowuzdyr, pelek ýowuzdyr!.. Ynha, seret—diýip, ol iki-eke dişi somalyşyp duran kempik agzyny açdy. Onuň kirli dişlerini, köp güjükli ganjygyň garny ýaly düwürtik-düwürtik ýüzüni synlan Magtymgulynyň aňyrsy bärsine geldi.—Zalym pelek dişlerimi ýeke-ýekeden sogurdy, özem däri-derman bermän!.. Gahba pelek tüýs eje-däde gerek çagty azylarymy sogran ýaly ejemi-dädemi sogurdy gitdi. Tüýs daşymda direnişip duran aga-ini gerek çagty gardaşlarymy sogurdy gitdi…Allanyň dünýäsi ýowuzdyr,Kynyş beg!

Pes kişi özüniň aklawjysy, beýik kişi özüniň garalawjysy!

Kesbine ussat Gerdan gatyr janaweri uwladyp-uwultyradyp iri dişlerini sogurdy. Ýanyndaky jamdan melhem alyp, eli bilen möjegiň gara gan agzyna çalyşdyryp pelsepe satdy:

--It—şol bir möjek, onda näme diýip möjekden ýeňilýär? Sebäbi ol adam bilen ýaşap, adamdan gorkmany öwrenipdir. Men ýortmança köpekle-rimi dişden-dyrnakdan aýrylan börüler bilen uruşdyryp,itleriň ýüregindäki gorkyny öldürýän…

hhh

On sekizinji asyryň birinji ýarymy…Entek dünýä çakdan aşa ulydy, entek Ýer şarynyň daşyna bir sagatda aýlanyp boljakdygy hakda pikirem ýokdy. Entek adamlar asmandan Isanyň geljegine, ýerden Mätiniň çykjagyna, ajaýyp zamanyň boljagyna ynanýardy, göge garap uçýan okara garaşýan ýokdy. Ullakan dünýäde ýaşaýan ilat häzirkiden on-on bäş esse azdy, uçmah ýaradylmyş dünýäniň-- entek gyz päkligini, näzenin tebigy gözelligini saklan, gujagyna girilmedik, ak inişinden iýnilmedik ýabany jülgeler kändi. Owadan tebigat olaryň şähdini açyp, göwnüni galkyndyrypdy. Birden atlara tebil tapdyryp, ýolagçylaryň ýüregini gopduryp gür ot-çöplükden gyzyl-elwan ýalyn ýaly guş göterildi. Magtymguly:

--Päheý, janawer, ýürekleri gopduryp uçanyňa görä gonmaly ýeriňi bilme-diň-dä—diýip, damagyna ejiz Janamany odukdyryp, kinaýa etdi-- Kynyş dädemiň gazanyna gonaýsaň, döwletli guş bolardyň-da.

Janaman ör-gökden geldi:

--Aýyrsanaý Magtymguly atylmadyk käkiligiňi,ütülmedik sülgüniňi! Kynyş dädemiň horjunynda gelnejemiň duzlap, burçlap, ýöne ataraýmaly eden üç sany jüýje horazy bar-ow! Ýaňy sesi süýjänje!—diýip, dodaklaryny şapbyldatdy.

--Hä, garagenjimler, jüýje horazyň şorja çorbasyny küýseýäňiz-mi?—diýip, öňden atyny ýorgasyna goýberip barýan Kynyş beg yzyna garap ýylgyrdy. Janaman Kynyş beg bilen deň-duşlarynyň, dost-ýarlarynyň degiş-mesine beletdi, onuňam şeýle degşesi, henek edişesi geldi:

--Kynyş däde, iňlis tüpeňiň atýan bolsa, meniň iküç ýerimden gyltyzrak-gyltyzrak atsana!—diýdi. Kynyş begiň ýerine Magtymguly Kynyş begiň äheňinde hamana çagajyk bilen gürleşýän ýaly:

--Sesinden gorkarsyň—diýdi. Kynyş beg  henege hoş bolup güldi.

--Onda maňa üç-dört ýola dürre çekäýsene! Ýagyrnymyň gözüne çawlap goýbersene dädemjan, ýogsam saňa şalar şasy Kaýsar şa diýesim gelip ölüp barýan-da! Böwrüm byjyklap, böwregimden Melgun gyjyklap, saňa Jahan şanyň körekeni, Görogly soltanyň bajasy diý diýip öldürip barýar-da!

--Diýiber, Janamanjan, sen ýurdumyň tarhanysyň!—diýip, atyny ýorgasyna goýberip, äwmän gidip barýar. Janaman ýene-de:

--Kynyş däde—diýdi. Kynyş beg:

--Janaman, Kynyş dädeň bumat özüne akyl berip barýar, azar berme—diýdi.

--Wäh, agajan, aklyň egsikdigini nädip bildiň?

Kynyş beg sen-men ýok, atyny debsäp, üzeňňä galyp saldy gamçyny, ýylan ýaly hüşgärden çalasyn Janaman agasynyň urjagyny öňünden duýup, dürreden gaçyp sypdy.

—Bedähediň berebekgeýi, Depegözüň dogman geçen dikdüşdüsi! Gurrumsagyň biri gurrumsak! Kynyş dädesi bilen degşesi gelýämiş!

Magtymguly kinaýaly ýylgyrdy:

--Kynyş däde,beýdip Janamany öwüberme, birden ýol urduraýmasyn!..

Kynyş beg dünýäniň ýazyndan, adamyň janyndan ýasalan ýaly mähriban, aga diýäýesiň gelip duran eziz adamdy. Päkize geýnerdi, ter gara sakgaly-murty mydama timarlydyr. Hemişe öýlenjek ýigit ýaly keýpi çag, özem onuň şatlygy pallama ýaly ýokançdy. Dostlary oňa “Heňňamyň saçy agarar, deýýusyň içi agarar,emma Kynyş begiň saçam agarmaz,sakgalam” diýşip henek ederdi. Sakgal hakda gürrüň edilse, ol sakgalyny sypalap, ýalpy-ýaz ýylgyryp: ”Urşanymyzda Nurjemala ýapyşmaga gerek! Iller Alla ýapyş-sa, Nurjemal sakgala ýapyşýar” diýerdi. Selim Magtymguly “Kynyş begiň gülüşem dünýä malyna degýändir” diýip ýönelige aýtmaýardy…

Gün öýlä agyp barýardy. Ýaş oglanlar ýadap-ýorulypdy. “Uzak ýola türkmen aty bilen türkmen göti çydar” diýleni rastdy, emma oglanlar entek ýaşdy. Janaman:

--Kynyş däde ýaman ajykdyg-ow, ýaman ýadadyg-ow! Bir ýerde düşläp nahar-şor bermejek bolsaň Gerdan gatyr ýaly sogur Allanyň beren dişle-rini—diýdi.

--Gyssanma, Kynyş dädem saňa daş sykyp şerbetini, suw ýaýyp gaýmagyny alyp berer—Magtymguly ýylgyrdy--Hany, agzyňy  aç Janaman-jan!— Ol agzyny hatap ýaly açyp ilki, Kynyş bege, soňra Magtymgula bakdy. Magtymguly--Baý-bow, ýapaweri, asyl açlygyňdan ýaňa o tarapyň görünýär!--diýdi. Kynyş beg jaýdar söze agzyny ýokary tutup, lahlahlap heziller edip güldi, Janaman Magtymgulynyň jogabyny berjek bolup, dodaklaryny müňküldedip ugranyndan Magtymguly:

--Janamanjan, gürläýme, bu aýtjak bolýan jümläň ýalan dünýä dagy dözer ýaly pikir däl! Baý-bow, dana başyňa gurban bolaýyn!—diýdi. –Kynyş däde synla, Janaman gürlemese nähili akylly-paýhasly, danyş-ment ýigit bolýan eken!—diýdi.

--Eý-ho! Janaman Selim ogly,asyl sen gürlemeseň görmegeýleşip, şazada öwrülip barýaň!

Janaman wajyp görnüşe geçip, salyhatlysyrap:

--Bor agalar! Men ölsem öleýine urup, tutuş ýarym sagat geplemeýän, ýöne dessine düşläp, garnymy otaryň! Ýogsam-da ynha paýradýan patar-rakyny!

Olar gülüşip äpet çynaryň golaýynda düşlediler. Howalaly han çynar-da! Dört-bäş ýüz ýaşan goja çynarlara ýaşuly adamlar “Gurbany boldugym, bular çynar däldir, öwülýädir!” diýýändir. Han çynaryň goýry kölegesi düýbünde özüne öý edinip, hiç-hili ot-çöp gögertmän, sergezdan şemal bilen aşagyny syryp-süpürip, kölegesini ýazyp, olary arzyly myhman ýaly garşylady. Oglanlar dessine goş-golamy düşürip, atlaryň eýerini-irişme-sini aýryp, ota kowdular. Janaman bilen Magtymguly agasyna kömekleşjek boldy, emma elleri işe gelşip duran gallaw Kynyş beg:

--Maňa päsgel bermeseňiz—kömek etdigiňiz, baryň, daş-töwerege aýlanyp, aýaklaryňyzyň gurşugyny ýazyň—diýdi. Janaman dessine oýlugyny goýry kölegä ýazdy. Kynyş beg horjundan daşy ykjam dolanan tal çanagy çykaryp, gurtdan çal etmäge başlady. Janaman:

--Haý-ha! Keýikli-aýrakly, käkilikli-sülgünli jülgede çal bilen çörek iýmeli boldukmaý —diýip, öýkeli gürledi—Höregem serdaryňa görä bolýandyr-da…How, beglerbegi Kynyş dädem, daglaryň ajdary ýaly inileriň seniň bilen seýli-seýrana çykdy, sen olara hiç bolman bäş-on sany käkilik awlap zyýapatam etmejekmi? Ýanyňa-da toňkatar göterip?..

--Hahahaý inim, sen gara garnyňy otaryp, dürsüňden-tersiňden gägir-jek diýip, Garagaýyň  agtygy, Görogly begiň bajasy Kynyş beg Hudaýyň mülküne girip, käkiliklerini gyrgyna salarmy?!

Janaman düşege geçip, aýagyny uzyn salyp ýatdy.

--Kynyş däde, aýaklaryň gurşugy şeýdip ýazylýandyr!..Aga jan sen arkaýyn çaý-nahar taýynlaber, men seniň dynjyňam alyp bererin! Asyl heziller edäýersiň!..

Magtymguly ýylgyryp:

--Haý-haý, Janaman han, sen bir Allanyň ýalkan ýigidi. Görha, saňa derek dädem at-abraý, Selim dädem baýlyk-genç toplaýar. Kynyş dädem nahar-şor taýynlasa, men seniň ýeriňe pikir edýän. Sen bolsa bize derek iýip-içip, gähnäp, aýagyňy uzyn salyp, samahyllap ýatmaly!—diýip, ýaşyl bulut bolup zemine gonan tokaýyň içine seýle ugra-dy. Kynyş beg goş-golamdan iýer-içer çykaryşdyrypdy. Ýeser Janaman agasynyň gürrüňe güýmäp, kişdeli-kişmişli, maňyzly haltany ýanyna alyp, ýanawuçlap kişmiş iýmäne başlady.

--Kynyş däde, sen dagda-düzde adampisint äpet goňur aýyny gördüňmi?

--Gördüm, o ýyl janawer bile tokaýda pete-pet gabat geläýdik, emma Hudaý sowdy, ol läheň bela meni görmedi.

--Wäh, pete-pet gabat gelip, o nähili aýy seni görmeýär?

--Aýy neneň görsün, men şol demde ädigimiň gonjuna girip gidip-dirin! Aýy Kynyş begiň ädigini gördi!—Ol lahlahlap güldi.

--Kynyş däde, Hanharabada şaýly gelin barmyş diýýäler, şol çynmaý?

—Hanharabanyň şaýly gelni şaýly gelin dagy däldi! Pah, pah, uçma-hyň hüýr-meleginden zyýada şaýly gelin--aşaky gabagyňa gara çalaýmasaň, gözleriňi gamaşdyryp taşlaýýardy! Emma sen gijä galdyň! Sen sünnete ýatyrlan ýylyň Garaş göhert Aýdan ary şaýly gelne öýlendi. Haý-ha, albassylar şeýle bir toý tutupdyr, Garaş göhert heziller edipdir…

--Soň näm boldy?

--Soňmy? Garaş göhert alty aý Selim piriň bimarhanasynda ýatdy…

Janaman Selim Magtymgulynyň ogludy, Magtymguly bilen dostdy. Janaman ýonaçylar ýaly uzyndan agajetdi, ýöne daýylaryna çekip, atýüzdi, bitgin burunlydy. Daglaryň päkize howasy dagly perzentlerine tenekär howadan hakyny alar ýaly ullakan burun bagş eýleýär. Dagly daýylary Janamana dartyklygy bilen boldumly burnam peşgeş beripdir. Onuň burny beýle gözeilginç däldi, ýöne Janaman-da, gören ýerine burnuny sokuberýärdi. Oglanlar onuň burnuna dil ýetirse, ol ”meniň burnum uly däl, goýlan ýeri beýik” diýip ýylgyrardy.”Ýigit gowusy burunlak, köpek gowusy erinlek” diýibem yzyna goşardy… Janaman deň-duşlarynyň ýanyna baranyndan: ”Kimiň göwnüni ýykmaly, kimiň gulaktözüne çekmeli!” diýip, göwni ýetýän oglanynyň gursagyna oýun edip patladardy. Oglanlar “Janamanyň oýun edip uranyndan Baýjanyň çyny bilen urany ýagşy!” diýerdiler. Ol nirä barsa derhal gürrüňe goşulyp gidibiýrdi. Bir söz bilen aýdanyňda, göreşde ýykyp tokly alyp, öweç öldürip toý berýän ýonaçylaryň keleňgir ýaş gödeklerindendi.

Kynyş beg nahar ataryp, Janamana tarap seretdi, görse ol, kişdeli haltany gapdalyna alyp, päkize Gürgen kişdesinden, maňzyndan, Şahrut kişmişinden ýanawuçlap aňyrsyna gapgaryp ýatyr. Olaryň on gün çaý başynda iýjek kişde-kişmişini tamamlaberipdir. Ol Janamanyň ýanyna baryp:

--Bi nädip otyrsyň?—diýdi. Janaman mönsüräp, çekgesini şarpyga çemeledi:

--Agajan, gowyja bahana tapýançam birki şarpyk ýelme!

--Selim dädem saňa bilip janawer diýýär—diýip, gözüni ýumup oturan Janamanyň ýaňagyna ýelmedi –Mahal-mahal halynyňam tozanyny şeýdip kakýandyrlar! Sen haçan adam boljak!

Janaman ör-gökden gelip, atylyp ýerinden turdy:

--Kynyş däde, men saňa näme ýamanlyk edipdirin? ÝA arpaňy ham ordummy, ýa genji-hazynaňy urdummy?..Eger maňa aga boljagyň çyn bolsa, baý bol diý, beg bol diý, sypahsa-serkerde bol diý, ýöne gaýdyp adam bol diýiji bolaýma! Päheýde weli! Agajan, adam bolmak meniň maksadymda-matlabymda-da, oýumda-hyýalymda-da ýok! Janaman Selim ogly baý bolar, dünýäniň iň gowy birnäçe gyzyna öýlener, göwün isleýşiçe ýaşar, keýp çeker!

Kynyş beg hahaýlap güldi:

--Akly kem Nurjemal gelnejeň şol haltadaky kişde-kişmişler gurtlapdyr, gurçuklapdyr diýip zyňjak bolýar-a! Menem “kişde-kişmişleri zyňyjy bolaýma! Nesip bolsa, gurduna-gurçugyna bakman, olary janawer Janaman garnyna gaplar” diýdim. Iýiber, inim, iýiber!

Janaman ýüzüni turşardyp, Kynyş dädesine, soňam eline alan kişde-sini seretdi-de, içýakgyç:

--Päheý, asyl munuň içinde etden hurşam bar diýsene, Kynyş däde!—diýip, ýanowujyny dolduryp atdy agzyna…

Bu mahal Magtymguly gözellige teşne göwnüniň yzyna düşüp, goýry kölegelerini düşenip oturan gojaman daragtlaryň arasyna aýlanyp, aýagyny ýazýardy. Dünýäde ýaşyl tokaýlar ýaly kalbyňy heýjana salýan gözel-lik ýok. Ýaşyl bulut bolup ýabany jülgä gonan tokaý dürli-dürli janly-jandarlaryň owazyna, pelegiň ötemen şemalyna meýmiräp başyny iki ýana edaly yraýardy. Ol gögüne seredip, agaçlaryň hellewleşýän buýra başlaryna syn edýärdi. Dik depä çykan Günüň şuglalary daragtlaryň depesinden çar-para urlup, pür-pudaklaryň, ýapraklaryň arasyndan tylla hanjar kimin zemine sanjylýardy. Magtymguly tyllaýy tyglardan-şugla-lardan edilen çadyryň içinde duran şazada ýalydy. Goýry kölegeler çalaja hallan atyp, guş-gumursylaryn owazyny diňleýärdi. Ol guran äpet daragtyň ýanyna bardy, gynandy. Gojaman daragtyň aşagynda durup gögüne seretdi, ýapraklary dökülen san-sajaksyz şahalaryň, pür-pudaklaryň ýokarsyndaky mawy asman ylla çat açan ýalydy. Gury agajyň şahalarynyň gür ýerinde haýsydyr bir äpet guşuň höwürtgesi daragtyň ölen ýüregi ýaly bolup, Magtymgulynyň kalbyny gyýdy. Ol derini çalyp aşak seret-di, gury daragtyň şahalarynyň kölegesi möýüň kerebi ýaly ýere ýazylyp ýatyrdy. Agaçlar ölüp ýanýar, adamlar ýaşaýan çagy!

Magtymguly gür tokaýyň jümmüşine aralaşyp barýardy, dünýä döräp adam garasyny görmedik tokaý oňa hüşerilip, ýadyrgap seredýärdi. Ýaşulylaryň gürrüňine görä ýaňy-ýaňylaram bu jülgelerde äpet-äpet aýylar, läheň-läheň adamsypat bijinler, maýmynlar, piller, toklytaýlar, düýeguş-lar, tawusguşlar süri-süri eken, emma indi olar ýok! Janawerler adam atly howpdan gaçyp rowaýatlara, awçylaryň çyna berimsiz warsakylaryna,ýalana berimsiz hekaýatlaryna, gojalaryň gyzykly gürrüňlerine girip gidipdir-ler. Ol oýlanyp barşyna haýran galdy. Onuň dumly-duşundan balarylar uçup geçýärdi, olar jülgäniň daga sapýan ýerinde adam boýy bir dagjymak gerşiň üstüne gonýardylar, uçýardylar. Şol gerişde kerkaw agajy howa-lanyp otyrdy, biline adamyň gujagy ýeter ýaly däl. Magtymguly amatyny tapyp, gerşe çykdy, görse, agajyň aşagynda bir ýaş zemzen ölüp galypdyr. Janawer ýylan bilen darkaş guran borly. Balarylar zemzeniň maslygynyň daşynda perwaz urup, uçup-gonup bazar gurupdy. Magtymguly ençeme asyryň külpetlerini başdan geçirip garrap giden daragtyň daşyn-dan aýlanyp ykjam synlap başlady.Eý-ho,garry agajyň aňyrsynda günorta bakyp duran dagyň dik gaýasynyň ýüzünde äpet tebigy gowak bar eken, şonda-da balary maşgalasy mekan tutupdyr. Äpet agajyň çogdam-çogdam bolup çar-ýana uzaýan san-sajaksyz şahalarynyň pür-pudaklaryndan, ýapraklaryndan ýaňa siňe-siňe seredäýmeseň gowagy görmek mümkin däldi. Arylaryň keç bagtyna zemzen şolaryň keteginiň aşagynda ölüpdir. Ol beýleräge çekilip, Kynyş beg bilen Janamana çagyrdy. Olaram aýlaw ýodadan ýöräp kertiň üstüne çykdylar. Kynyş beg bilen Janaman zemzeniň maslygyny, onuň daşynda uçup-gonýan balarylary synlady. Magtymguly başyny ýaýkap-ýaýkap durşuna:

--Haý-haý kysmaty ýeser janawerler-eý! Bir haram mahlug-a ölmeli, bu görgüliler hem onuň porsy maslygyny jaýlamaly! Bularyň iň garry-synyň iki aý ýaşy ýok,emma bilýä!—diýdi.

--Nämäni bilýä?—Janaman sorady.

--Seniň adam bolup bilmeýän zadyňy bilýä!

--Oh-ho! Men adam bolup nämäni bilmeýämişim?

--Bilýän bolsaň hany aýt: balarylar zemzeniň maslygynyň daşynda perwaz urup näme edýär?—Janaman iki kibtini gysdy.—Balarylar zemzeniň maslygyny mumyýalap ýör! Zemzen bu yssyda iki-üç günden porsaýar, janawerlerem balyny gorajak bolup, zemzeniň jesedi porsamaz ýaly daşyny mumyýalaýar. Allajan, pähim-parasatdan gurlan dünýäňe aklym haýrandyr! --diýdi. Zemzen bolsa ýatyrdy Müsür pyrgawuny ýaly hiç bolman maslygyny bakylaşdyrjak bolup…

Janaman:

--Balarylar onuň daşyny mumyýalasa,zemzen porsamazmy?

--Kyýamat ahyra çenli şol durşuna durar! Gör-ha,janawerler ýyl boýy toplan ballaryny munuň pis ysyndan gorajak bolup, ölerini-galaryny bilmän işleýär! Janawerleriň özlerem pidaýy! Zemzeniň daşyny mumy-ýalap,meýletin ölüp gitmeli! Hapa işde işlän janawerler soň maşgalasyna-da goşulyp bilmeýär, gülden-güle gonup balam toplap bilmeýär! Meýletin ölmeli!—Magtymguly başyny ýaýkady.—Bularda adam oglunyň serine sygmaýan parasat bar.

Kynyş zemzeniň guýrugyndan tutup, oglanlaryň öňüne düşüp goşa gaýtdy. Ýolda zemzeni bir sürene süssürip, ädikli aýagy bilen süreniň agzyny opurdy. Olar goşa dolanyp geldi. Janaman elini ýuwup oturan Kynyş bege:

--Kynyş däde, baý-baý ýaňkylaryň süýji ballar-a bardyrow!—diýdi.

--Ajyja zäheriň aňyrsynda—diýip, Kynyş beg ýylgyrdy.

--Baý-baý süýjüjedir-ow!

--Ýaman-ýaman süýji, özüň iýip gören ýaly maňa ynanaý!

--Nämäý, şu adamlar balam iýip gören däldir öýdýämiň, Allaha şükür, käýarym arybalam iýýäs.

--Bolupdyr-da käýarym iýýän bolsaň! Günde-günde arybal iýer ýaly sen nä Hüňkar soltanyň kellesinigetirdiňmi!—diýip, Kynyş bag lahlahlap güldi.—Şagalyň müň-de bir ertekisi bar, ählisem towuk hakda. Seniň gara garnyňdan ýokaryk çykmak pikiriň ýokmy?

--Gara garyndan ýokaryny Magtymguly oňarar.

Magtymguly kinaýa bilen ýylgyryp:

--Gara garyndan ýokaryny Magtymguly oňarar, Janaman han bolsa gähnäp-gähnäp iýmeli, içmeli, ertirki gün asmanyň buludyny kellesine geýip, daglaryň jülgesini ýolbegeý alyp, Kemerli dagyny biline guşap, gögüň gümmürdisini gulagyna dykyp, ýyldyrymy gylyç, asmanyň Aýyny galkan edinýän bedähet köne türkmeniň täze nusgasy bolmaly!—diýdi. Janaman hondanbäri gerindi-de, sorag berdi:

--Gögüň gümmürdisini näme diýip gulagyma dykmaly?

--Söweşe çykyp duşmanlary paýradyp, pürreläp ýörkäň olaryň ahy-nalasyny, dady-perýadyny eşitmeziň ýaly!

--Kynyş däde, synla, kellesine şar gara buludy geýip gelýän iniň Janamany!—diýip, ol gomalyp gabardy.—Kynyş däde, eger geljekde wezi-ri-agzam bolaý diýseň, häzirden meniň göwnümi awlap elin iýdirip-içiriber. Nesip bolsa, Janaman şa Isgender şahlynyň, Mahmyt şahsy-zyň alyp bilmedik dünýäsini alyp, Magtymgulynyň öňünde goýar-da: "Ynha, öwren-de otyr dünýäni! Ilki dünýäni alman, ony öwrenip bilmer-siň!" diýer. Agajan, dünýäniň eýesiniň weziri bolaý diýseň aýrak-keýik awla-da, maňa ýaranyp başla!..

Kynyş beg Janamana tiňkesini dikip dowamly synlady:

--Janamanjan, beýnisi gyşyk goýlan begler, ine şeýdip telpeginem, buludam şahyna geýýändirler!--Ol inisiniň bagana telpegini şahyna geýdirdi.—Bar indi gazan galasyna söweşe çykyber!—Janaman öýkeledi-- Boljak oglan ýaşlykdan ile meňzejek bor, bolmajagy her hili nysak geýip, ile meňzemejek bolar.

Janaman çyny bilen:

--Kynyş däde, dogrudanam men samsyga meňzeýänmi? Mydama meniň üstümden gülüp ýörsiňiz—diýip, nadyl gürledi. Magtymguly ony içgin synlap:

--Ek, asla samsyga meňzäňok! Beh, seniň samsyga meňzemän, nädip beýle samsyk bolup bilşiňe aklym haýrandyr!—diýdi, soňundanam—Janamanjan, sen Göroglynyň kyrk däli beginiň biri! Arman wagtyndan giç doglupsyň-da!—diýdi.

--Eşitdiňmi Kynyş däde,Magtymgulynyň diýýän sözlerini! Wadaryg, Görogly beg bilen ýurt sorap ýörmeli Janaman beg attar agasyna ot-çöp ýygşyp, garyn otuna işläp, gün-güzeran aýlaýar!

hhh

Ertesi Kynyş beg, Magtymguly, Janaman üçüsi säher-saba atlanyp, guşluklar howalaly Hasar dagynyň çür depesine çykdylar. Jülgeleriň otlary-çöpleri bir eýýäm saman-sypala öwrülipdi, Hasaryň depesinde bolsa ýaşyl maýsaly ýaz parç bolup ýatyrdy. Hasar dagy şeýle bir belentdi, läle-reýhan ýaz oňa dyrmaşa-dyrmaşa birki aýda zordan çykypdy. Magtymguly däli dünýäniň gudratyna haýran. Hanha, aşakda genji gara bag jülgede tomus jokrap ýatyr, Hasaryň depesinde bolsa maýsalar paşyrdap, penje-penje güller heser bilen pyşyrdap, ýaşyl ýaz heýjana gelýär. Gözüňe söweýin, Hasar dagy lemmer-lemmer bulutlaryň mesgeni. Daglaryň ýaşyl baýyrlaram lemmerlenip, Magtymgulynyň göwnüne bolmasa, arşy agla sary uçup barýardy. Onuň şähdi açylyp, keýpi çaglanyp, göwün guşy al asmanda perwaz urýardy. Ýaşyl ýeller, näz-kereşme edip owsunýan läle-reýhan maýsaly ýerler, hoşboý atyr ysly howa şeýle bir päkizedi, hatda arassa sözem bu päkize howany hapalaýjak ýalydy. Müşki-enwer heserli ýeller gös-göni Allanyň arşy agladaky uçmahyndan gelşine, Magtymgulynyň kalbyny heýjana getirip, boýnuna öýme ýaglyk ýaly dolanýardy.

Zandy şahyr Magtymgulynyň ilkinji oglanlyk söýgüsi aklyňy çaşyrýan tebigy gözelliklerdi. Dünýä, aýdym ýaly dünýä juwan Magtymgula ýalpy ýaz ýüzüni, minewwer nur ýüzüni, jadyly ýüzüni, datly ýüzüni, owadan kaddy-kamatyny, heserli kalbyny görkezýärdi. Dünýä Magtymgula jadyly husnyje-malyny güjeňläp, gözelligi bilen jadylap,hak aşygyna, bendiwanyna aýlapdy…Emma entek ol bu owadan dünýäniň allaryna aldanyp, ýollaryndan çürkenip, illerinden göwni geçip:

Dünýä zendir, oýnaşy köp, äri bir,
Bir öpüşde etiň-ganyň sorubiýr,
Ölenden soň şahu-geda bary bir,
Munda her kim boldujagyn goýr gider(eden işini goýar gider)--diýip. janyny ýakyp ýazar… Magtymguly entek dünýäni söýýärdi, läle-reýhan ýazlary pajarlaýan Hasar daglary şeýlebir owadandy, näzenindi, duýgudardy, päkizedi: iniň-süňňüň, päliň-pyglyň, ýüregiň-kalbyň päkize bolmasa ynsap edip aýak basar ýaly däldi. Kynyş beg ýaşyl maýsalary tolkun atyp ýatan zenanbeden baýyrlary synlap, bu ýerler ýagşyzadalaryň gezýän ýerleri diýdi! Görogly beg bolsa bu ýerlere erenleriň-pirleriň mekany diýýär! Magtymguly daglaryň gözelligine buýsanyp, tüýs nazarlaryňy gezdirip ýörmeli keramatly ýerler diýdi! Owadanlyga aklyňy aldyryp, heýjana gelýän göwnüňi gezdirip ýörmeli gudratly ýerler diýdi!.. Kimem bolsaň bu gözellikler kalbyňdaky duýgularyňy joş urduryp ýagşyzada öwrüp barýardy. Magtymguly öz ýanyndan "Meger, Hudaýym Hasar dagyny gaty golaýdan synlap durandyr, ýogsam bu keremli daglar, baýyrlar heý şeýle eziz, şeýle mähriban bolarmydy, ýogsam bu aklyňy çaşyryjy gözellikler şeýle jadyly bolarmydy!" diýip oýlanýardy. Owadan tebigat ylahy poeziýa, ylahy fantaziýa ahyry.

Hasar dagy zandy şahyr, kalby şahyr,ruhy şahyr Magtymgula howalaly beýikligini bagş eýledi. Dünýäniň depesine çykan Magtymguly ýaradylmyş gyz päkligini saklap ýatan uçmah ýerlere aýlanyp, Allanyň arşy-aglasyna golaýlady. Daglar Magtymgula tebigy näzenin päkligini, arşaýy tämizligini, heýjanly duýgularyny bagş etdi. Hasaryň heserli owadanlygy, howalaly gözelligi, dälije ýelleri, ýerden-gökden ýaňlanýan aýdym Magtymgulynyň kalbyna sygmady. Onuň göwni goşgy ýazmak isledi, emma ol äpet asmanyň astyna sygman ýatan ajaýyp dagy goşga salyp, mertebesini peseltmegi oňlamady. Hasar dagy Allanyň ýazan ajaýyp nama-sy ahyry!

Dünýä-de owadandy, durmuşam. "Terje hyýar ýaly, ýaşyl ömürleň barybir ahyrynyň ajy gutarýandygy barada" entek pikirem ýokdy, sebäbi onuň kalby söýgiden, höwesden, hyjuw-hyruçdan, bilesigelijilikden püre-pürdi. Ol gögüne seretdi: göwnüne bolmasa asmandan Allatagala Magtymgulyny synlap duran ýalydy. Magtymguly gaňrylyp ýeňsesine seretdi, göwnüne bolmasa, pynhan geçmiş onuň arkasyndan seredip ýatan ýalydy. Alyslardaky gözýetime seretdi. Ol ýerden, nämälimlikler dünýä-sinden kämil Magtymguly özüniň çagalygyna seredýän ýalydy. Onuň ýigit çykasy gelýärdi, kämil çykasy gelýärdi: günleriň, hepdeleriň, aýlaryň, ýyllaryň içinden ylgap parran geçip, gözýetim-däki nämälimlikler dünýäsiniň pynhan perdesini syrasy gelýärdi, al asmanyň mawy atlaz köýneginiň ýakasyny açyp, dünýäniň ýüregini göresi gelýärdi. Sebäbi ol gözelligiň şahyry Magtymgula tarap barýardy.

Günleriň bir güni Çaňly:

--Magtymguly, sen mydama daglara gatnap näm edýäň?—diýip sorady.

--Aňk bolýan, soň bir zaman dünýäni aňk eder ýaly…

Magtymgulynyň göresi gelýärdi, kitaplarda okan ýurtlaryna syýahat hem zyýarat eýläp, Sagdynyň, Rumynyň, Ferdöwsiniň,Jamynyň, Bidiliň, Dehlewiniň, Gazalynyň waspyny eden diýarlaryna barasy

gelýärdi. Segparazlar ýurdunda bolup, olaryň jesedi otlamasynyň sebäbine düşünesi, bütin ýylyň bir gije hem bir gündizden ybarat ýerini synlasy, ýarym-ýalaňaç hindileri, kölegeden ýaradylan ýaly gara hebeşileri, saklap,bulgur, Çyn-maçyn ýurtlaryny aýlanasy gelýärdi. Şu ýaşyna çenli pasyllar onuň üstüne gelýärdi, emma indi ol pasyllaryň üstüne baryp görmek isleýärdi. Ol aşykdy,ol owadan dünýä aşykdy,näzenin jahana bendiwandy,zandy şahyr oglanyň ilkinji söýgüsi Türkmensähranyň gözellikleridi, jadyly dünýä-de nowjuwan Magtymgula ýaz ýüzüni, näz ýüzüni, gyz ýüzüni, heserli husnyjemalyny görkezip, gözelligi bilen onuň aklyny çaşyrýardy. Ol "Peri mekan näzigärdir" diýen setirlerini gaýtalap, uçýardy,Allanyň arşy-aglasyndaky uçmahyndan aşyrym atyp gelýän al-elwan ýellere, müşki-enwerli ýellere, husurly-heserli ýellere atlanyp, ganat ýaýyp uçýardy.Toýnuk gurup barýan durnalaryň owazyna göwni göterilip uçýardy, ýyldyrymlara, gök gümmürdilerine münüp gelýän çagbaly bulutlar bilen uçýardy, sebäbi beýik Biribaryň beren zehini heý ony uçurman goýarmy?!

Elbetde, bu gözellik başda Janamanam heýjana getiripdi, emma tebi-gaty başga, degirmeni çaýa--suwa gurlan ýigdekçe ýaşyl ýelleri neýlesin?! Ol beýhuda aýlanyp ýöreninden hepbik, çirtmek gurup käkilik awlanyny amat gördi.

Magtymguly Hasaryň beýik gerşine çykyp, hol aşakda ümezläp ýatan genji gara bag jülgäni synlady,erden goýry kölegesini süýräp barýan bölek-bölek jowur ak bulutlara tomaşa etdi. Ol haýran: lemmer-lemmer jowur ak bulutlaryň gara kölegesi, lemmer-lemmer şar gara bulutlaryň ak çagbalary bolýar, küpürsäp ýatan gara ýerden ak bugdaý önýär!.. Hanha, guş-gumrylaryň, tamam perrendeleriň soltany äpet bürgüt jülgäniň depesin-de, emma ol Magtymgulydan has aşakda pelpelläp uçup ýör. Ol her demde özüniň dünýäniň depesine çykanyny duýýardy. Hasar dagy Heser dagyna öwrülip, Magtymgulyny süýr depesine göteripdi. Ullakan dünýä onuň aýagynyň astyndady.Ene birnäçe ýyldan Magtymguly ýazar:

> Ýigitlik paslyny gyşa ýetirdim,
> Kämillik kiştisin derýa batyrdym,
> BEÝIK PIKRE GALDYM,aklym ýitirdim,
> Il içinde däli bolup galyp men.

Magtymguly pasly baharlarda, goşa ýazly güýzlerde Hasar daglarynda şar gara bulutlaryň owsunyp, ýyldyrymlaryny çakdyryp, ýerleri-gökleri gümmürdedip, çasly çagbalaryň köp ýagýandygyny bilýärdi, onuň göwnüne bolmasa bu owadan gül-çeçekler, läle-reýhan ýaz şol ýyldyrymlardan, älemgo-şarlardan ýasalan ýalydy,aýagyňy basjak ýeriňde gökleriň howalaly gümmürdisi bukulyp ýatyrdy, birden ýalňyşyp üstünden basaýdygyň gümmürdäp galkaýjak ýalydy. Hanha,ýaşyl ýaýlada bir süri garaköli goýun ýatan ýaly goýry kölege ýazylypdyr.Magtymguly:

--Ependi bolsaň tüýs puluňy bukup ýörmeli kölege eken—diýip ýylgyrdy. Wah, häzir gara deňze giren ýaly buludyň saýasyna girseň diýip ol göwün ýüwürtdi.. Dumly-duşunda ot-ýalyn bolup ýanyp duran gyzyl, sary, melewşe, gara çigillemleri ýolmaga dözmän, ýanynda oturyp synlady.Bir salymdan şol bölek buludyň kölegesi üstüne saýa saldy, saýa onuň janyna hoş ýakdy. Magtymguly bir zaman şeýle buludyň pygamberimiz Muhammet aleýhes-salama saýawan bolandygyny ýatlady...

Magtymguly agşamara goşa bardy. Janaman hepbik bilen, çirtmek bilen iki sany käkilik awlap, nahar edipdir. Bir ýerlerden Kynyş begem ýetip geldi, aýdyma hiňlenip. Ol daglaryň bukusynda eken serkerem otlaryny görüp gelipdi, serkerem otundan iýip gelipdi. Kynyş beg ýylym atyp ýylgyryp ýördi.

--Kynyş däde, niräk ýitip gitdiň-äý?

--Haý, beglerim, haý beglerbeglerim, menden ýurt soraň! Janamanjan, Hindistany bereýinmi täji-tagty bilen ýa Rumystany? Haý beglerbegim Magtymjan, Süleýman pygamberiň howada uçýan tagtyrowanyny bereýinmi, ýa uçmahy açaryny? Hah-hah-ha! Şumat meniň aýdanym bolýar, diýenim gelýär!

Janaman agasynyň alkymyna baryp gözlerine dikan seretdi, agzyny ysgady. Bagtdan ýaňa uçganaklap ýören Kynyş begiň şeýlebir keýpi çagdy, asyl söz bilen beýan eder ýaly däldi.

--Beglerim,göwnüňiz näme küýseýär? Diýen zadyňyzy dessine bitirýän.

--Kynyş dädem, meni şu demde on ýedi ýaşa elt!

--On ýedi ýaşda körüň barmy?

--Meni on ýedi ýaşa eltip bilýämiň ýa ýok?!

--On ýedi ýaşap näm etjek?

--Öýlenjek!Nedir şanyň körpe gyzyna öýlenjek.Şahynşanyň köre-keni boljak. Ýaňyja on alty ýaşap ýören türpe jenan Hoşhaljan perimiş, peýkermiş. Hoşhaljany aldygym, şahynşanyň tagtyny aldygym!

--Pahaý, arzuw etmänem oňarmaýan pöwhe peläket!

Orta ýazylan ýaglygyň üstüne çörek, çally jam, börtmeli okara goýuldy. Kynyş beg Janamana:

--Bar eliňi ýuw!—diýdi. Janaman ýokuş gördi. Mantymguly ýylgyrdy:

--Howa bilen teýim edäýsene!

Käkilik börtmesi şeýle bir datlydy,asyl iýip doýar ýaly däldi. Janaman heziller edip, keýpine dilini-dodagyny şapbyldadyp, lezzet bilen iýýärdi. Kynyş beg:

--Şapbyldaman iýsene—diýdi. Janamanyň:

--Şapbyldaman minnet iýilýändir,şapbyldaman tötek iýilýändir Kynyş däde! Heý käkilik börtmesinem şapbyldaman iýip bormy?.. Janaman-han onuň şapbyldysynam şapbyldadyp heziller edip iýýär!—diýdi. Bir salymdan Kynyş beg bilen Magtymguly çekildi. Janaman bolsa golunyň göterdiginden aňyrsyna atýar.

--Boldy edäý indi.

--Pahaý, Kynyş däde, men entek düýnki, öňňünki ýarymaç gezen günlerimiň kazasynam iýemok.

--Iýiber eliň garraýança.

--Nähili? Käkilik börtmesi süýji bolupmy?

--Kes iki gulagymam Kynyş däde, wäk diýsem çek gulagymyň düýbüne! Walla, ömrümde şeýle datlyja, süýjüje börtme iýip görmändim—Janaman aýratyn lezzet bilen sözlerini süýjetdi.

--Baý, baý datlyjadyr-a,süýjüjedir-ä! Sebäbi näme?—diýip Kynyş beg Janamana seretdi, ol eginlerini gysdy. Magtymguly:

--Sebäbi ol käkilik janawerleň süýjüje jany-da!—diýdi.

--Anha, Janaman han, sebäbini Magtymgulydan eşt!—diýip, Kynyş beg uludan dem aldy.—Günämizi Biribaryň özi geçirewersin-dä!..—Ol başyny ýaýkady.—Adam atly mahluk, wagşy, ýyrtyjy, nadan süýjüje ýaşajak bolup janly-jandarynyň şirin janyny öçüriberýär-dä!..

--Nätjek-dä, al-asmanda uçup barýan ak guwlary, gök durnalary synlap ýerde ok-ýaý ýasan adam ogly-da biz!

Kynyş beg Magtymgulynyň aýdan sözüne aňk bolup, köp wagt tiňkesini dikip durdy. Onýança Janaman:

--Çynmaçynyň ilaty howada uçýan, ýerde ýöreýän,suwda ýüzýän ähli janly-jandarlary iýýämiş, şonda-da ol ýurduň halky şeýle bir hormuş, görgüli-lerde çybyn çakmaga-da gan ýokmuş. Hindistanyň

halky bolsa hiç bir janly-jandaryň janyny öçürmeýämiş,miwe-siwe,iýr-iýmiş bilen kör-oňňut ýaşaýa-myş, horlugyndan ýaňa kölegesi ýere düşme-ýämiş—diýip hekerdi. Magtymguly:

--Hudaý ýokdan bar edýär,adam bardan ýok edýär.

Söz Allanyň adama beren peşgeşi hem bahasyz baýlygy: emma haasu-aam onuň gymmatyny bilmän, ýele sowrup ýör. Magtymguly ýaşlykdan ylla tüpeň oklan ýaly her bir jümläni manydan-maňyzdan, pähimden-paýhasdan oklamaly-dygyna akyl ýetiripdi. Boş söz, palak-pak jümle gögermeýär, pagtabent jümle nyşana degmeýär! Ol oýlanyp:

--Serediň, Biribar gara garny doýurmak üçin ýekeje ýyrtyk—diýip, garnyna, soňra serine barmak çommaltdy –bu gara kelläni doldurmak üçin bolsa dört sany ýyrtyk: iki çyragly göz, iki eşitgir gulak goýupdyr. Gara garny doýurmaga el ýaly çörek ýeterlik, emma telpekgeýeri doldurmak üçin uzyn-uzyn ömürem gysga bolýar—diýdi.

--Käkiligiň şorja börtmesinden soň eşiden gepiň akylly bolup dur-aýt— Janaman keýpihon gägirdi. –Kelamy—kibar, kibary—kelam est, kepläber Magtymguly—diýdi. Kynyş beg:

--Gören zadyňyzdan, eşiden zadyňyzdan netije çykaryp atyberiň gara başyňyza,iru-giç geregi çykar! Emma adam bolýar gara garnynyň ugrunda hallan atyp, hars urup,bütin ömrüni ýekeje ýyrtyga pida edýär, adam bolýar, bütin ömrüne gara başyny ylymdan-bilimden,pähim-paýhasdan doldurjak bolup azap tartýar. Ynha, Janaman han,sen birneme akyllanaýmasaň, ömrüňe garynotuňa işläp geçjek janawerlerden bolarsyň—diýip, Janamanyň başyny sypalady. Magtymguly:

--Kynyş däde, bi many gepleri nireden tapýaň-aý? Walla, sen melhem ot-çöpüň deregine many-many,dana-dana kep ýygnaňda, hezreti Eflatuna şägirt bolup bilerdiň—diýdi.

--Men nähili manyly,parasatly zat aýdyp bersem,ony Döwlet dädemden eşidendirin, nähili gyzykly zat aýdyp bersem, ony Selim dädemden eşidendirin.

--Atam Magtymgulydan eşiden gyzykly gürrüňleriň ýokmy?

--Bar, gaty bir gyzykly, iru-giç siziň bilip goýaýmaly bir wakaňyz bar, emma men ony size aýdyp bermeýän.

--Näme diýip?

--Sebäp dädem pakyr hiç ýerde,hiç kime aýdyp beräýme diýdi-dä!

--Kynyş däde, Hudaý çapsyn, men senden şeýle bir öýkelärin, ynha, seret şeýdip öýkelärin, mundan buýana seniň keýik kakmajyňam, käkilik çorbaňam, kömelek gutabyňam, gelnejemiň edip berjek dogramasynam iýmeýän! Mundan buýana seniň beren gürrüňleriňem,hekaýatlaryňam diňle-meýän, men ýüz esse öýkelesem,Magtymguly senden müň esse öýkeleýär!

--Hah-hah-ha! Ikiňizi nädip öýkeledip bilerkäm diýip görgä galyp ýördüm, bü-ýä allanäme bolaýdy!—diýip,Kynyş beg çyny bilen güldi.—Men size bir wakany aýdyp bereýin.

Kynyş beg oglanlary hasam gyzykdyryp, Döwletmämmet aganyň ýaş mahaly Bagdatda, Rumda, Şamda,arapda-ajamda okaýşyny,ýigrimi bäş-ýigrimi alty ýaşaýança öýlerine-de gelmändigini, ahyry dergazap bolan Magtymguly ýonaçynyň Gürgeniň kerwenine goşulyp Bagdada gidişini, hezreti piri ynjydyp, ogluny zor bilen alyp gelşini gürrüň berdi.

--Ýüz-ýüz elli düýeli kerwen Arabystanda bir köse dagyň jülgesi bilen gelýärkä, ýetmiş-segsen atly-ýaragly galtaman dökülýär kerweniň üstüne! Kerweniň goragçysy Atanyýaz hanam müň bir jeňňe-jüňňede için-den ot-ýalyn geçen serkerde, otuz-kyrk beginem, atam bilen Döwlet dädemem, süregçilerinem alyp göterýär ökjäni: tüpeňlisi, ýaýlysy söweşen bolup, iki-eke galtamany atyp…kerweniň bar baýlygyny,hany-manyny taşlap… Galtamanlar onuň kerri-per söweş täridigini bilmän, züwwetdin gorag-çyly kerwene duşanlaryna hoş bolýar. Şeýlelikde, galtamanlara galyber-ýär dünýäniň baýlygy, genji-hazynasy. Zaňňarlar kerweni yzyna dolap güw gidýärler, olar dar derbentden geçip, buljum, buky ýerde aňsat ele düşen oljany, maly-dünýäni paýlaşmaga başlaýar, özlerem alagoh, her kim köp baýlyk aljak, her kim tüçjar baý boljak! Bedibagt alamanlar elliniň eliniň, aýaklynyň aýagynyň baýlyk bilen duşalýanyndan, gözlüniň gözüni, gulaklynyň gulagyny baýlyk bilen gapdyryp awlanýanyndan bihabar borly. Olar ummasyz köp baýlygy bölüşip bilmän,biri-birleri bilen dawa-jenjele başlap, ber-başagaý bolan çaglary Atanyýaz han atlylary, süregçileri bilen dagyň gädiginden geçip, çozýar olja paýlaşýan galta-manlaryň üstüne! Hah-hah-ha! Baýlyk paýlaşýan galtamanlar ýaragly-ýaragyny tapyp, atyna atlanýança zaňňarlary pürreleýärler, gaçany gutulýar, gaçyp ýetişmedigi tutulýar. Şonda Tüweleý dädem bilen Döwlet dädem şeýle bir söweşip duşmana tomaşa görkezipdir, hatda ömrüni jeňňe-jüňňede geçiren tamam gerkeziň hany Atanyýaz Kadyram, onuň beglerem aňk bolaýypdyr. Garry ýabyly dädemiň, hümmet hasaly pyýada Döwlet dädemiň haçan, nädip päkize arap atyny, Dymşyk gylyjyny,suw ýaly iňlis tüpeň-lerini edineni görübem ýetişmändirler. Garasaý, olar ençe galtamany ýesir alyp, şol ýurduň patyşasyna tabşyrýar. Kerwen Gürgene gelýärkä Atanyýaz han :

--Magtymguly aga, dagarman serdar ogluňy, serkerde ogluňy ylma nahak beripsiň-dä—diýip gynanypdyr.

Sag-aman Gürgene gaýdyp gelensoň Atanyýaz han dädem bilen, pir çykan Döwlet dädemi myhman alýar. Dädem iç–daşa çykanynda Atanyýaz hanyň ýetişen sahypjemal gyzyny görüpdir. Asylly, maýa-maňyzly gyz oňa diýseň ýarapdyr. Göreniňiz, dädem Garagaý-da! Dördünji gün serdar olary ugradarman bolanynda:

--Atanyýaz han, oňlasaň,ene bir hepdeden guda geljekdirin—diýipdir. Atanyýaz hanyň gaşlary çytylypdyr.

--Enaçy, garamaýaga berer ýaly gyzymyz ýokdur!

--Atanyýaz han, men oglumy ylma nähak beripdirin! Döwletmämmet han çykmaga mynasyp gerçek,özem pirlige ýetişen ýigit!

Uzak ýolda bütin ömrüni ylma-bilme bagyşlan salyhatly ýigidiň özüni alyp barşy, galtamanlara garşy söweşde arslan ýaly arlap,döwüş kylşy Atanyýaz hana gaty ýaran eken! Gerkeziň hany aýalyna maslahat salýar, aýal gyzyna maslahat salýar. Gyzam, ejesem Döwlet dädemi gören eken. Asyl-ha şa kaddy-kamatly dagyň gaýasy ýaly serdar ýigide sahypjemal gyzyň syny oturyp, sulham alan eken! Garasaý, şeýdip Magtymgulyjan han ganly, han babaly bolmaly boldy. Anha Garagaý ýonaçynyň ediberşi!

--Baý-bow, tutuş oba Atanyýaz han nädip han gyzyny ýenaça berdikä diýip, geň galyp ýördi weli, asyl syr munda eken-ow!—diýip, Janaman ýylgyrdy. Kynyş beg:

--Synlaň, Döwlet dädemi! Iki gulaç boýly, şasuwar kaddy- kamatly, zirek paýhas-parasatly Döwlet dädemi hanlar beýle-de dursun, şalar köreken edinmeýämi!—diýdi.—Sizem Garagaý, Tüweleý ogullarysyňyz! Howalaňyz arşda, gözüňizem han-begleriň gyzynda bolsun!—Kynyş beg eline tüpeňi aldy.—Şol galtamanlardan dädem Magtymguly ýonaçynyň olja alan tüpeňi! Döwlet dädemiňki bolsa sizde, Selim dädemlerde!

--Obada atamy göreşde ýykan bolmandyr diýýäler, dogrymy şol Kynyş däde?—Magtymguly sorady.

--Kim onuň bilen göreşe çykyp biljek! Dädem şeýlekin bethaýbatdy, bedähet daýawdy. Onuň äpet göwresi—apy-tupanyň mesgenidi, owazy bilen ýer sürübermelidi. Dergazap bolup haýkyranda haýkylygy gökde ýyldyrymlap, kölegesi ýerden jaýryk bolup geçer giderdi.. Apy-tupan ýa gara ýol geleninde adamlar “Mazalyja synlaň, o bela apy-tupan bolman Magtymguly ýonaçy gelýän bolaýmasyn”-diýip gülüşerdiler.Ýaş oglanlar tüweleý geleninde “içinde jyn-arwah bolýar!” diýip, pyçak, hanjar zyňardylar. Degişgen wäşiler “Haý, peläketler,tüwelee hanjar zyňyjy bolaýmaň, içinden Magtymguly ýonaçy çykyp gulagyňyzy keser” diýip, henek ederdiler. Çagaka Magtymguly ol henekleri gaty görerdi,indi bolsa dälibaş atasyna-da, lakamlaryna-da buýsanýardy.

Kynyş beg tüpeňini alyp, nämedir bir zady nyşana aldy. Ony synlap oturan Magtymguly:

--Tüpeň atjak bolaňda sol gözüň näme diýip ýumulýar, Kynyş däde?—diýdi, özem öz soragyna jogap berip uludan dem aldy.--Sag gözüň etjek bolýan etmişini görmejek bolup!

Olar dürli-dürli datly gürrüňlere gümra bolup, ýassynlar düşege geçmez-den ozal Kynyş beg Janamanyň ýagyrnysyndan saldy gamçyny. Ol allaniçiksi halda honda towsup düşdi:

--Näme urýaň-aý, Kynyş däde?

--Şu günki eden bezzatlyklaryň üçin.

--Men bu gün bezzatlyk etmesem nä Kynyş däde?

--Aý, keleçöw, uzak gün bezzatlyk etmän, sen näme molla dogmasy boljakmy?—diýip, Kynyş beg gamçyny ýaňadan saldy, emma sarç Janaman towsup gamçydan aman sypdy. Olar gülüşip düşege geçdiler. Magtymguly gögüne garap ýatyşyna haýran galýardy, ol heserli Hasar dagynyň depesinde däl-de, göwher ýyldyzlary patraşyp duran asmanyň gujagynda, ertekiniň goýnunda ýatan ýalydy. Gije ýaryma golaýladygyça ýyldyzlar parlaşyp ýanýardy, gijäniň şemaly çigredigiçe, gözleriňi gamaşdyryp, çym gyzyl, gök-ýaşyl köreşip, Magtymgulyny keramatly arş oduna çoýýardy. Käte-käte imisala gijä ot berip ýyldyz süýnýärdi, onuň dünýä saçýan ýalkymyny Magtymgulynyň sypalaýasy gelýärdi. Ol ýyldyzly asmanyň gujagynda ýatyşyna, goluny uzadyp islän ýyldyzyny eline alyp synlaýardy. Jadyly dünýä! Gudratly dünýä! Göwher damjasy ýaly balkyl-daşyp duran ýyldyzlaryň pynhan-pynhan pyşyrdysyny dodaklaryndan okap oturmalydy. Ýyldyzly asman ynsanyň aklyna sygmaýan Ylahy aýdymdy.Magtymguly:

--Baý-baý ýyldyzlar owadan süýnýär-ow!—diýdi.

--Atam pakyr "Perişdeler zemine saňsar daşyny atýar!" diýerdi.

--Kynyş däde,ömrüň uzak bolsun! Sen attar bolmanyňda biz şeýdip ýyldyzlary parlaşyp duran asmanyň gujagynda ýatyp bilmezdik—diýdi.—Asman şalygynyň genji-hazynasynyň goýnunda ýatyp bilmezdik.Allanyň bu dünýäsi şeýle owadan, şeýle ajaýyp, onsoň onuň uçmahy dagy nähilekä?

Magtymgulynyň şahyr bolmazlyga çäresi ýokdy…Ol entek aklyňy heýjana salýan otly gözelliklerden ot, datly gözelliklerden dat, heserlije ýellerden baat alýardy. Onuň arzuw-hyýallary gökde pelpelläp, göwni telwas urup, hyjuwy-hyrujy çyrpynyp, gözelliklere benidiwan bolup owsunýar-dy, bir şahyryň "Maňa tebigat uçganaklap duran ullakan bagt berip, ony näme etmelidiginem aýtman goýberipdir" diýşi ýaly, Magtymguly gursagyndaky heýjan urýan bagtyny, baýlygyny, ylhamyny, sarç-sarç duýgularyny kalbyna sygdyryp bilmeýärdi, olary näme etmelidigini bilmeýärdi, ýaş gelýärdi…

Magtymguly ýelleriň sypalap,asmanyň apalap ýören ýaşyl baýyrlarynyň içi bilen barýardy.Ýaşyl maýsalara tolkun atdyryp olaryň üstünde ýazyň ýadan ýelleri ýatypdyr. Maýsalar şeýle bir ýaşyl,asyl ýaşyl ýeşasy endamyňa ýokaýjak ýaly, ýaşyl maýsalar şeýle bir ýaşyl, asyl gözleriňi ýaşardyp barýardy. Onuň öňünden häli-şindi güsürdäp al-ýaşyl ot ýaly käkilikler ýüregini gopduryp, duýgularyny tisgindirip göge göteril-ýärdi. Magtymguly alysda albaý bulap howalanyp oturan ýaş çynar agajynyň golaýyna bardy.Çynar hakykatdan-da ýaşdy, bolaýsa ýüz-ýüz ýigrimi ýaşyndadyr.Eý, Alla, dünýäde daragt ýaly, onda-da çynar daragty ýaly owadan närse barmyka? Gör-ha,ýaşaýşyň ýaşyl tugy ýaly,zeminiň ýaşyl aýdymy ýaly ýalňyz özi parlap-pajarlap otyr.Ýalňyz çynar ýaşyl şowhun bolup, zeminiň joşgunly, möwçli ýaşyl şagalaňy-şatlygy bolup asmana atylyp dur.Owadan çynar bir desse çemene meňzeýär.

-- Görogly beg ýaly bedähet gerçek bolsaň, bir desse serçemen edip Agaýunus perä beräýmeli—diýip, Magtymguly ýylgyrdy.

Eý-ho, çynaryň göwdesiniň owadandygyny! Ol gözelligiň aşygy Magtymguly gelip synlar diýip, daşky gabyklaryny—geýimlerini sypyryp-dyr, çynaryň gögümtilden ak öwüsýän ýalaňaç göwdesi kalbyňy heýjana salýardy. Depesi al asmanda howalanýan çynar ýolsiz ýerden ýol tapyp dünýäniň lezzetinden lezzet alyp, hamana ajaýyp aýdym diňleýän ýaly iki ýana yranjyraýardy. Ýok, ol goýry saýasynda oturan Magtymgulynyň ýüzüni ýolpeýärdi, kölegesini sallançak edip, geljegiň beýik şahyryny üwre-ýärdi.Tomusda daragtyň saýasyndan ajaýyp miwe bolmaýar. Onuň ýadyna bir rowaýat düşdi. Gadym-gadym zamanlar iki baý gardaş bolupdyr, ikisem uly maldar eken. Olar Oguz (Öküz) ýyldyzy dogan badyna ýazyň yzyna, demir-gazyga barýan durnalaryň yzyna düşüp üç-dört aýlap şemal tarapa gider ekenler, Oguz ýyldyzy ýaşanynda güýzüň durnalarynyň yzyna düşübem gyşlagyna geler ekenler. Şeýdip ýaşap ýörşüne, bir gyş güni inisi ýere bir nahal ekjek bolýar.

--Ekme, biz maldar ahyry.

--Aý,aga, daragtdyr-da,goý gögersin.Belki,miwe-de berer.

--Haý,inim ýalňyşýaň, sen ahyry şol agaja baglanarsyň.

Agasynyň aýdany hem bolupdyr. Dört-bäş ýyldan ýaňky nahal ullakan daragt bolup, miwe getiripdir. Inisi hem şol baga baglanyp,ömürlik oturymly bolup galypdyr.(Bag sözi şeýdip döränmiş) Şondan bäri oturymly çomrular obasynyň içini bagdan doldurýar.Her kimiň bagy--onuň ýaşaýyşdaky tugy! Türkmen aga gadym-gadym zamanlardan bäri mazarynyň baş ujuna bir, aýak ujuna hem bir jür oturdýar.Şol jürem hökman çynardan, derekden ýa taldan edilýär, sebäbi olar köksüz gögerýär. Gadym zamanlarda her ölen türkmeniň başujunda bir, aýakujunda bir daragt älemini pasyrdadyp oturypdyr…

Magtymguly saýalap oturşyna töweregine seretdi. Eý-ho!.. Owadan dünýä--jadyly aýdymdy, näzenin dünýä--ylahy ertekidi! Hanha, saý ýerde çaýkanyp ýatan kölüň ýakasyna bir süri ýabany kepderi gelip gondy. Häzir-häzir kepderiler gür-gür silkinip, bir bölek peri-peýkere öwrülip suwa düşer! Ylahy erteki jana, göwünler heýjana geler! Gudrat görmäge bendiwan Magtymguly uzak wagt olara syn etdi. Onuň göwnüne owadan ýabany kepderiler häzir-häzir rowaýatlaryň hüýr-perilerine öwrüläýjek-öwrüläýjek ýalydy. Kepderilerem Magtymgula nazar aýladylar, olar ýa oglany ýaş gördüler, ýa-da köli telper gördüler, garasaý, olar perizada-da öwrülmedi, suwa-da düşmedi!..

Magtymguly çynaryň üstüne çykyp, töwerek-daşyna syn etdi. Eý-ho! Hanha bäş-alty sany keýijek baýryň eteginde peýwagtyna otlap ýör. Serdar keýik bolsa şahlyja başyny her ýana öwrüp töwerege eserdeň bakýar. Janawerleriň gözelligini beýan eder ýaly däl. Olary synlap duran Magtymgulynyň birden gamhor göwni gyýyldy. Bu pähim-parasatdan ýaradylan owadan dünýäde käkilik, sülgün, ýaşylbaş sona, guba gaz, şeleplije durna ýaly perrendelere, keýik, aýrak,boz maral ýaly derrendelere beýik Ýaradan gözellikden, owadanlykdan,ezizlikden gaýry ýarag bermän ýyrtyjydan, wagşydan, gözlerem aç, garynlaram aç mahluklardan doly dünýä getiripdir! Ähli ýyrtyjy haýwan,adam ogullary olaryň ganym duşmany! Akyl-paýhasy, beýnisi gara garnynda oturdylan, manysy ardyndan çykýan adam atly mahluk mukaddes gözelligi bilýämi, ylahy owadanlygy bilýämi, günäni-sogaby bilýämi?!.

Magtymguly töweregine garandy, çynaryň gaýra tarapynda uzynlygy iki-üç kilemetr, beýikligi otuz-kyrk gulaç dag gerşi ýaşyl umman bolup owsunyp ýatan baýyrlykda daşa dönüp galan mähnet dinozawra meňzäp ýatyrdy. Gerşiň başlanýan ýeri, endigan beýgelip, o başy uçuda baryp direýärdi. Magtymguly şol gerşiň etegi bilen gelýän Kynyş begi, Janamany görüp zähresi ýaryldy, ol allaniçiksi halda:

--Gaçyň! Gaçyň! Yzyňyzdan gaplaňlar kowalap gelýär—diýip jynssyz gygyrdy. Janaman Magtymguly henek edýändir öýdüp güldi. Birdenem yzdan gelýän harryldyny, hassyldyny eşidip, ýeňsesine seretdi. Kynyş begem yzdan tüweleý bolup gelýän bethaýbat peleňleri gördi. Ikisi-de berdi paýyrdyny. Gorky başa çykyp, jan aýaga geldi! Emma heý iki aýak bilen dört aýakly wagşylardan gutularmyň? Heý ýeriň tanapyny dartyp gelýän ýyrtyjylar agzyna gelen awuny sypdyrarmy?.. Magtymgulynyň janynda jan galmady, Janamanam janajygyna eýmenç gygyrdy, emma owazyň ornuna jany çykdy. Magtymguly dünýä gelip şeýle pajygaly ýagdaýy görmändi. Onuň jandan eziz agalarynyň yzyndan ajal alarlap gelýär. Eşek ýaly mähnet peleňler gitdigiçe arany ýygyrýardy. Ol eýmenç-den eýmenç gygyryp pelekleri gorkuzjak boldy, emma olar heý gykylykdan-haýkylykdan gorkjakmy? Bolsa-da, Janaman bilen Kynyş beg gaplaňlara ýetdirmän çynaryň astyna geldi. Magtymguly uzyn ellerini uzadyp, ilki Janamanyň golundan dartdy, has dogrusy wagşyýana güýç bilen tas onuň goluny sogrupdy, soň ikisi Kynyş begiň golundan-egninden çekip çynara zordan çykardy, emma olary kowalap gelýän gaplaňlar çynaryň bäş-alty ädim gapdalyndan ala şuwwuldy bolup geçip gitdiler. Olar haýran galdy. Görseler, dag gerşiniň gaýra ýüzünden iki-üç sany dag goçy ýol bolup gaçyp barýar eken. Asyl, gaplaňlar Kynyş beg dagyny kowalaman, dag gerşiniň o ýüzünden gaçyp barýan daggoçulary kowalap, olar uçuda ýetmänkä öňünden çykjak bolup barýar eken. Gaplaňam gaplaňdyr weli, daggoçam Allanyň dury akyl bilen ýaradan janaweri! Olar ýöne ýere ýük edip burum-burum äpet şahlary göterýän däldir! Janawerler gaçybatalgasyny bilýän eken! Daggoçular ok bolup barşyna keserip ýatan gerşiň gutarýan ýerindäki uçutdan towusdylar aşak! Gaýa belentdi, gaplaň-lar bökmäge ýürek edip bilmän, gyllygyny akdyryp, ät galyp gitdiler ýüzüniň bakyp duran tarapyna. Kynyş begiň, Janamanyň bolsa jany, reňki-peti gidip, dili-zybany ýitip, gara der gelipdi. Magtymguly:

--Kynyş däde, sen nirede?..Kynyş däde, Kynyş däde, sen kaýda?—diýip, çyna berimsiz gygyryp, soňra henek edýänini bildirip güldi-- Aý-how, Kynyş däde, asyl sen telpegiňe girip gidipsiň-ä!

Janaman:

--Men bolsa gorkyma o tarapymdan çykyp gidipdirin!—diýip, çyny bilen penjesini urup, balagyny barlaşdyrdy, birdenem düýpden başga hörpde--Aý alplar alpy Alp Arslan soltan-ow! Aý, Görogly soltan-ow! Görogly soltan halyňa iki sany garry pişikden gaçyp çynara çykmaga utanmadyňm-aýt?Bilip goý, gaplaňlaryň ata-babasy pişiklerdendir! —diýip, Kynyş bege degsindi. Kynyş beg çym-gyzyl gyzaryp:

--Jygaly beg Görogla gaçmany öwretmändi. Kynyş beg, Kynyş beg, sen kimden öwrenip ýörsiň gorkmany.

Magtymguly çyny bilen asmana bakyp:

--Eý, keramyl-kätibeýin, bir petde sogaby Janamanyň adyna ýazaweriň! Gör-ha, ol ýonaçynyň agtygy halyna iki sany peleňiň hamyny alman aman goýberdi!—diýdi…

Agşam ýene milliard ýyldyzly asmanyň goýnunda,owadan düýşleriň gujagynda, arşy-agladaky Akmaýanyň ýolundan ýasalan sallançagynda ýatan Magtymguly dagy säher-säher ümür-dumanyň, lemmer-lemmer çygjymak pamyk ýaly bulutlaryň gujagynda oýandy.

--Kynyş däde, melhem ot-çöpi-hä ýygnap bolaýdyk öýdýän.

--Dessine, ýuwunyp-ardynyň, men gowurdak gyzdyryp, çaý demläp goýdum, döwüm-dişlem garbanalyň.

Magtymguly giç oýananyna gynanyp:

--Daň bilen turup agasyna çaý-nahar etmedik ýüzüň nämesini ýuwjak?—diýdi.

--Ümürli günüň öýläni ýalbyrap gün çykmasa,hatynym talak diýenmiş Çommat aga.

--Onda Çommat agam küme ýaly heleýsiz galýa şun! Ümürmi şüý? Biziň üstümize lemmer-lemmer bulut çöküpdir. Görmeýämiň, atanagyň bolsa sümekläp egrip oturmaly! Ýassygyň bolsa penjeläp-penjeläp dykyp oturmaly! Ganaryň bolsa gapgaryp, dolduryp oturmaly pamyk…

Bulutlar dür damjalary bilen olaryň ýüzüni ýuwdy, pamykdan ýumşak bulutlar ýüzüni süpürdi. Olar ak bulutlara garyp çörek iýdiler, bulutlaryň göwsüni sokjap ak süýt emdiler.

Howa Çommat agany hatynsyz goýmajagyny duýdurdy,eýýäm guşluklar lemmer-lemmer ak bulutlar ýukaldy. Hanha, Magtymgulynyň kellesi lemmerlenip duran ak bulutlardan ýokarda,asmandan bolsa Gün lowurdap tyllaýy nuruny saçýar. Gözüň ýagyny iýip barýan jowur-ak bulutlar Günüň çoguna burugsaýar, gaýnaýar, tüsse kimin towlanýar. Magtymguly ömründe birinji gezek jowur ak bulutlaryň depesine çykyp, bulutlar bilen uçup gördi…

Olar ençeme gün Hasar dagynyň depesiniň ýazyny ýazlap, Kynyş begiň görkezen gülleriniň, gaýry ot-çöpleriniň tohumyndan halta-halta ýygnap, haýsydyr bir jülgäniň tomus gujagyna düşdüler. Kynyş beg bu jülgede hem birki gün bolup, melhem ot-çöpleriň tohumyndan ýygnamagy müwessa bilipdi.

Maýsalaryň sary saman bolandygyna garamazdan jülge owadandy, görüp doýup bolmaýan gözellikdi, Janaman Magtymgula seretdi, ol başga dünýädedi, ony soňsuz oý-pikirleri, akly alyp gaçypdyr. Kynyş begem dürli gülleriň tohumyndan ýygyp ýör. Gepläýmese içindäki gepi güjükläp barýan Janaman işine gümra Kynyş bege degsindi:

--Kynyş däde, näme dymdyň?

--Pikir edýän,inim,pikir edýän.

Janaman gözlerini höwlendirip, hamana Kynyş beg aýtmasyz bir mojuk zady aýdaýan ýaly:

--Aý, ýedi yklymyň soltany Kynyş däde-mow, waý, Iskender şahly aga-mow, direnişip duran iki sany gerçek iniň ýanyňdaka sen nämäniň pikirini edýärsiň! ÝA ýonaçynyň ogly halyňa güzeranyň pikirini edýämiň? Hä?…Kynyş däde, sen bu dünýä soraşyp geldiňmi, arz edip, ýalba-ryp-ýakaryp, geldiňmi ýa para berip geldiňmi? Rast Biribar saňa sala salman dünýäsine getiripmi: getiripdir,baý eklär-ä!—diýip, dädesiniň köp aýdýan jümlesini aýtdy-- Aýagyňy uzyn salyp, garnyňa suw sepip, arkaýyn ýat, Kynyş däde! Mydama saňa derek Janamanjan ýatyp, dynç alyp ýörmelimi?! Jümle-jahanyň keýpini görüp, kölegeden kölegä geçip ýat! Perwerdigär keremdir, eklär! Perwerdigär eklemese, hanha Magtymguly eklär!—diýdi.Kynyş beg Janamana seredip ýylgyrdy:

--Pikirim güzeranyň pikir-ä däl inim!

Janaman ör-gökden geldi:

--Aý-ho! Eý-ho! ÝA senem indi oň ýaly,--kellesi bilen Magtymgulyny görkezdi-- dünýäniň aladasyny edýämiň? ÝA senem Magtymguly ýaly dünýä akyl ýetirjek bolýamyň? Pahaý, janly-jandaryň hamyny eýläp ýören ýonaçylaryň işi gaýdypdyr! Bir ýonaçy-ha tagta çykyp, dünýäni basyp aljak bolup, at segredip gylyç syryp ýör, beýleki ýonaçylaram şol dünýä akyl ýetirjek!..

--Kynyş däde, sen Janamany halys depäňe çykarypsyň,ol how saňa näme diýesi gelse diýip dur-la!

--Magtymguly, Janamandan hiç haçan hiç zady gaty görmeli däldir!

--O näm üçin?

--O ýyl çynmaçynyň kerweninden Selim dädem bilen Şeker gelnejem ogullary öýersek gerek bor diýip on-onbäş sany daş çäýnek satyn aldy, şeýle bir owadanja, ýöne synlap, ýöne sypalap oturmaly çäýnekler! Emma çynmaçynly täjir çäýnekleriň owadanlygy bilen olaryň gözlerini gapyp, moýly, kemli bir çäýnegem sokup goýberipdir! Hah-hah-ha!.. Alla-janam ýonaçylara Hanjar beg, Arslan beg, Abdylla beg, Muhammetsapa beg ýaly gerçek ogullary berip, arasynda Janamanam süssürip goýberipdir, kyrkyň içinde akmagyny bileslerem ýok diýip.

Gowy gürrüňe hezil edip gülüşdiler.Janaman çyny bilen:

--Magtymguly bir dana jümle karzyna bersene,menem Kynyş dädemi bir duzlaýyn-la!—diýdi. Magtymguly başyny yrady.—Onda sataý-how!..

Magtymguly:

--Aýtmasyny oňarmarsyň—diýdi. Ýene gülüşdiler.

Adam uzak mahallap tämiz tebigatyň goýnunda ýabany ýaşasa asylky zandyna, tebigatyna aralaşyp, ýaradylmyş dünýäsine golaýlap, özüni düýbünden başgaça duýup başlaýar eken. Magtymguly ses-selemsiz imisalalygyň ýol ýaly özüne süýkenişini, wagtyň sary saman-sypaly sypaşdyryp geçip barşyny görýärdi. Howalanyp oturan agaçlaryň ýapraklarynyň sesi,çeşmäniň owazy oňa Bakylygyň pyşyrdysy bolup eşidilýärdi. Guşlar oňa guş dilinde, ýeller ýol dilinde habar gatýardy. Magtymguly oýlanýardy hem haýranlar galýardy: dünýäde howada uçýan, suwda ýüzýän, ýeriň üstünde-astynda ömür sürýän sanýetmez janly-jandarlaryň her biri-niň özgäniňkä mezemeýän daş hem iç keşbi, gurluşy, görnüşi, sypaty, mazmuny, tagamy,zerurlygy bolup, hersiniň aňyrsynda beýik Allata-galanyň parasadyndan-paýhasyndan dörän ähmiýet, borç, perman, hikmet, pähim ýatyr. Herki ot-çöpler, ösümlikler,dal-daragtlar, janly-jandarlar dünýäde nämedir bir zady iýýär, nämedir bir zadam dünýä berýär, nämedir bir zada hem aw bolýar.Anha, ähli ähmiýet her närsäniň dünýä berýän zadynda: eger ähmiýetiň, dadyň-tagamyň bolsa towugyň ardyndan gaçsaň-da, iýerler, peýdalanarlar,eger ähmiýetiň, dadyň-tagamyň bolmasa, perişdäniň agzyndan gaçsaň-da gereklän bolmaz!..

Magtymguly şeýle oý-pikirleriň ýumagyny çöşläp gelejege barýardy. Has dogrusy, nowjuwan Magtymguly ýyllaryň aňyrsyndaky Gimalaý daglary ýaly syrly akyldar Magtymgula tarap barýardy! Ol pikirlerini külterläp bir öwrümden öwrülen badyna gözlerini höwlendirip sakga saklandy. Köp mahal synlap durdy, soňam ýeňsesine gaňrylyp ýşarat bilen Janamany, Kynyş begi çagyrdy. Magtymguly bir zada duşandyr öýdüp, ikisem ýetip geldi. Olaram agyzlaryny açyp, gözlerini mölerdip doňup galdylar… Ýylky, düýe, sygyr ýaly asylly janawerler sürüsinden arany açyp, görer gözden gaçyp köpelýär. Ynha,bu janawer sygyram ýabany ýere gelip tanalapdyr. Gölesini ýaňy birki ýola emdirip, aýaklandyran çagam haýsydyr bir aç möjek gelipdir. Ýaşajyk göle üçin aldym-berdimli söweş bolupdyr. Sygryň ýüzi, boýunlary, endam-jany daraw-daraw, persalady. Möjegiň penjesini uran ýerlerinden gan akyp, lagta-lagta doňup, gurap galypdyr. Ahyry sygyr janawer möjegi abaýyna getirip, şahla-rynyň birini onuň aç bykynyndan geçirip, duşmanyny arkasyndaky ýalçy kert gaýa süssüripdir! Janawer dört aýagynam mäkäm ýere diräp, möjegiň arkasyndaky daşdan gaýanam agdarjak bolýan ýaly, dyzap durşuna ölüp galypdyr. Wakanyň birýarym-iki gün mundan öň bolany doňan ganlardan bildirip durdy. Möjegiň iki öň penjesi howany dyrnaçaklap, doňup galsa, sygryň gözleri açyklygyna galypdyr. Janaman:

--Sygryň ýüregi ýarylypdyr! Möjegi bagyrdadyp gaýa basan janawer ony sypdyraýsa, gölesini iýer öýdüp, dört aýagynam ýere mäkäm diräp ölüpdir! Ýogsam ýadardy, aýagyna dynç berjek bolardy, garasaý,möjegiň ölenini bilerdi…—diýip, netije çykardy. Kynyş beg:

--Allanyň gudratyny görüň, janawer ölensoňam gölesini emdiripdir, ýogsam bular ýaly jöwzaly tomusda ýaş göle ýarym gün enesini emmese ölýär gidýär—diýip, göläniň ýanynda oturyp ýüzünden sypalady. Magtymguly içinden:

“—Çaga jandan eziz diýleni-dä! Eý,Allam! Bu janawer sygra ajaldan rüstem, gorkudan uly, ölümden beýik nähili güýç-gudrat berdiň!”-- diýip pikir öwürdi.Şol pursat olaryň ählisini aňk eden hadysa boldy.Gölejik yra-dara ýerinden turup, sygryň ýanyna baryp, sokjap emip başlady. Olary has aňk eden zat: sygryň süýdi bardy. Göle emip bolansoň Kynyş beg baryp, sag eli bilen sol owujyna azajyk sagyp gördi, sagylyp dur, dadyp gördi. Ol hakykatdan-da gudratdy, sebäbi janly janawer ölen badyna damardaky gany doňýar, endamy doňýar.Janawer sygryň ölenine bir gün dagy bolupdyr. Doňan

ganlar şaýat,emma Hudanyň gudraty bilen öli halyna gölesini emdirýär!

--Hudaýym,gudratyňdan aýlanaýyn-eý! Diri malyň süýdi ýaly süýt! Janaman, ýet Bozdumany alyp gel!

Janaman dessine Bozdumany alyp geldi. Kynyş beg Bozdumanyna atlandy,Magtymguly göläni göterip, öňüne berdi.

--Siz işiňiz bilen boluberiň, şu taýda Han obasy bar, bu merdana sygryň gölesini bir halas edeliň!—diýip, Kynyş beg jülgäniň içini syryp, atyny ýorgasyna goýberip güw gitdi.Magtymguly Kynyş begiň perişan pajyga bolup barşyny, perzentsizligi zerarly görgüliniň ýüre-ginde galmandygyna gamlanyp, agasynyň yzyndan garady durdy…Şol pursat birden onuň ýadyna geçen ýyl bolan bir waka düşdi,ol waka Kynyş begiňem, Magtymgulynyňam abadan dünýäsini agdar-düňder edipdi. Şol elhenç waka aram-aram ýadyna düşeninde hem Magtymgulynyň beýnisi sarsyp,şahyrana kalby gyýym-gyýym bolýardy…

Ol öten ýyl Kynyş beg bilen Daşguýy obasynyň iler tarapyndaky tokaýlygyň içinden dermanlyk ot-çöpleriň tohumyny ýygmaga barýardy. Tokaý beýle gür däldi. Aga-ini at ýanaşdyryp sürüp barýaka olaryň burnuna ýakymsyz ys urdy. Kynyş beg töweregine garanyp, gyrymsy garak-laryň aşagynda şagallaryň sürenini gördi:

“--Ýaradar bolan bir janawer şagal ýa tilki sürenine gelip ölüp galan borly! Haý, pelek,pelek,ynsu-jyns dünýä inen tüneginde aýagyny uzyn salyp ölmäni eziz görýä-dä”-diýip, şagallaryň çala görünýän süreniniň ýanyna bardy, birden Kynyş begiňem,Magtymgulynyňam depesinden gaýnag suw guýlan ýaly, erbet tisginip, allaniçiksi boldular.Süreniň bäş-on ädim aňyrsynda biýz kepeni ýyrtyk-ýyrtyk bäbejik ýatyrdy. Haýsydyr bir orramsy-ograşdan bolan mahluk dünýä synalary kemli inen çagasyny öldürip, ak biýze dolap, gije gömüp giden borly. Ogry syrty müýnli diýenleri, netikaza gyr-gyssag bolandyr-da, bäbejigi geregiçe çuň gömmändir, şagalmy,tilkimi –belli däl, haýsydyr bir meýdan möjegi läş ysyny alyp, neressejigi gazyp çykarypdyr,emma mahluk ýaly mahlugam bäbejigi parçalamaga, iýmäge dözmän-dir.Toprak-toza bulanan kepende ýatan çagajy-gyň ýüzüni-gözüni garakly bolup görer,ýürekli bolup sereder ýaly däldi. Bäbejik adamzadyň pynhan etmişini asmana aýan eýläp, eräp akan gözlerini göge dikip ýatyrdy.Şonda perzendiň dyrnajygyna zar Kynyş beg gözüni ýaşlap:” Uçmahyň akja guşjagazy, haýsy wenezzyna seni beýdip taşlady!” diýip aglapdy… Magtymguly şol elhenç wakany unutjak bolup Kynyş dädesiniň yzyndan uzak wagtlap seretdi durdy. Birden Janaman:

--How, how, Magtymguly,sen göz ýaş edip, aglap durmuň-aý?--diýip zowzuldady. Magtymguly tisgindi, ýöne barybir gözleriniň owasyny dolduran ýaşyny gizläp bolmajagyny bilip, ajy gürledi:

--Janamanjan, dünýäniň hapa tarapyna seredip, gözlerimi hapalaý-dym-da! Aglamok,gözlerimi ýuwýan…

Janaman ilki bir eli,soňra iki eli bilen sygry itiberip gördi, sygyr ýykylarly däldi.

--Ynha,muňa erkek ölüm diýerler!

Olar ýene melhem otuň tohumyny ýygyp başladylar. Magtymguly ýaňky ýatlan pajygaly wakasyny unutjak bolup, bäş-alty günlükde gören bir düýşüni ýatlady. Ýokarda aýdyşymyz ýaly, Magtymguly Nurjahan enesinden, dädesinden köp-köp dini rowaýatlary eşidipdi,okaýan diwanlarynyň aglabasy dini kitaplardy, şonuň üçin onuň görýän düýşleriniň galabasy çaganyň görjek düýşi däldi. Magtymgulynyň düýşünde Allanyň şiri hezreti Aly biserhet sähralyk bilen Düldülini maýdalyna sürüp barýar-dy, birden ol alnynda arkasy horjunly goja kişini görüp, atyna gamçy çalyp, onuň yzyndan ýetjek boldy. Düldül ýüzin salyp,ýeriň tanapyny çekip barýar,emma pyýada goja bilen Allanyň şiriniň arasy daşlaşmasa ýakynlaşmaýardy. Hezreti Aly bu ýerde bir hikmetiň bardygyny bilip, Allany çagyryp Düldüline gamçyny dözümli çaldy. Düldül ýyldyrymlap uçup, bir salymdan gojanyň yzyndan kowup ýetdi.Hezreti Aly haýran galdy: egni agyr horjunly horyda baba atanak egrip,hiňlenip barýan eken. Allanyň şiri salam berdi,goja salam aldy.

“--Atam, gel ata mün, siz ýaly aksakal baba pyýada barýarka,bize atly barmak uslyp däldir.

--Ýok,oglum,men dogup-döräp ulaga münen däldirin.

Hezreti Aly baba köp ýalbardy, emma goja Düldüle münmekden ýüz öwürdi. Ýüregi ýuka, ynsanperwer Şahymerdan:

--Babam,hiç bolman, horjunyňy bir ber—diýdi.Baba myssa ýylgyryp, egnindäki doly horjunyny ýerde goýdy.Allanyň şiri eglip, horjuny atyň ardyna aljak boldy, emma horjuny ýerinden gozgabam bilmedi.Hezreti Aly ýoňsuz güýji-kuwwaty bilen dergazap bolup horjuny ýaňadan çekdi. Düldüliň aýaklary dyzyna çenli ýere girip gitdi, emma horjun ýerden galmady. Şahymerdan namys edip ýaňadan nagra dartyp, dergazap bolup horjuny dartdy, Düldül janaweriň garnyna çenli gara ýere girdi, emma barybir horjun ýerindenem gozganmady.Baba hezreti Ala ýylgyryp syn edip durşuna:

--Bu ýüki götergenler götersin,oglum—diýip,horjuny horja goly bilen göterip egnine atdy.

Bu rowaýaty Magtymgula dädesem aýdyp beripdi, enesi Nurjahanam. Rowaýat ýokarky ýaly gutarýardy, emma Magtymgulynyň düýşünde rowaýat dowam etdi. Hezreti Aly:

--Babam, Allaň şirine götertmez ýaly horjunyňda näme bar?—diýdi.

--Oglum hezreti Aly, maňa Çarhypelek baba diýerler.Meniň bu horjunymda memleketleriň halklarynyň-halaýyklarynyň sogaby bilen günäsi bar.

--Babam, goja halyňa sen ol horjuny nädip göterip bilýäň? Onuň hikmeti, syry nämedir?

--Hikmetimmi? Men günäni sogaba, ýigrenji söýgä, ýamanlygy ýagşylyga, ýalany çyna, namartlygy mertlige, nadanlygy akyla, haramzadany ýagşyzada… göterdýän” –diýip, atanagyny aýlap, ýoluna rowana boldy…

Magtymguly Çarhypelek babanyň düýşünde aýdan sözlerini huşun da gaýtalady: “günäni sogaba, ýigrenji söýgä,ýamanlygy ýagşylyga, namartlygy mertlige, nadanlygy akyla, haramzadany ýagşyzada göterdýän..” Şeýlelikde rowaýat düýbünden başgaça rowaýata öwrüldi. Magtymguly gaty begendi, sebäbi Hak Alla oňa düýşünde başga bir kämil rowaýaty bagş edipdi…

Olar on birinji gün Hasar dagynyň etegine düşdiler, atlaryň her birinde ullakan horjun, sagrysyna bolsa,kiçeňräk ganar kese basylandy. Bu sapar Kynyş beg diňe melhemlik otlaryň tohumyny ýygnadansoň, ýükleri beýle agyr däldi. Janaman:

--Kynyş däde,atlarymyzyň ýüzüni sallaşyp barşyny synla, janawerler namys edýär ýaba-baýtala ýük uran ýaly ýük uranymyza—diýdi.

--Peläketler,men näme sizi Şa Abbas şanyň toýuna alyp gaýtdymmy, münerler agta ýabylaryňyzy—diýip, birden Kynyş beg ot alan ýaly bolup ganjyga berkidilen tüpeňine ýapyşdy. Magtymguly bilen Janaman onuň aw görenini aňyp, dessine daş-töwerege göz gezdirdiler. Dag eteginiň boldumly otlary sary saman bolup ýatyrdy, onda-munda iki-eke agaç hellewläp otyrdy.

--Haý,agajan, päliňden gaýdawer, seniň dag tekesi diýip didiwana mündürip duranyň çekenäniň gär geçisi.

--Mazalyja synlaň! Entek beýle närsäni gören dälsiňiz--diýip, Kynyş beg dowamly nyşana aldy.Magtymguly dykgat bilen seretdi,görse äpet bir zemzen uzyn hem kuwwatly guýrugy bilen gär geçiniň art aýaklaryny duşap, emjek bolup janaweri mugyra getirýärdi. Äpet zemzeniň göwresi geçiniň art aýaklaryna ýakyn bolansoň, Kynyş beg tüpeňläp bilmedi. Oglanlar ozal zemzenleriň, ýylanlaryň geçi emýänini kän eşidipdi, ine ýöne zemzeniň geçi emişini ilkinji gezek görýärdiler. Bir salymdan geçi kysmatyna kaýyl bolandyr-da, gerlip emdirmäge durdy, zemzen ine-gana sokjap-sokjap emip başlady…Tüpeň sesinden dünýäni tutup ýatan ümsümligiň zähresi ýaryldy. Kynyş beg okunyň degenini bilip, atyny gorduryp geçä tarap ýelk ýasady, Magtymguly bilen Janamanam atlaryna gamçy çaldy. Geçiniň aňyr ýanyndaky saýdan on üç-on dört ýaşly çopan oglan çykyp atlylara salam berdi. Kynyş beg salam aldy. Äpet zemzeniň iç-aşy çogup ýatyrdy, emma ýyrtyjy şindem geçiniň emjegini goýbermän,iň soňky deminde bar güýjüni edip sokjady,süýt gyrmyzy gana goşulyp, onuň ýyrtylan içegesinden çogdy.
Olar tas bir gulaja golaý zemzeni synlap köp durdular…

Magtymguly agasynyň edip oturan işine haýran galyp synlady: Kynyş beg kendir haltanyň üstünde ýaýylyp ýatan ýarym hokga töweregi käşir tohumyny bişen kerpiç bilen kendire owýardy. Hamana ham eýleýän ýaly bar güýji bilen kerpiji ýöredip, zire-zire tohumlary “eýleýärdi”.

--Näme diýip käşir tohumyny owup-eýläp oturanymy bilýämiň?—diýip, ol inisinden sorady, Magtymguly başyny yrady.--Tohumyny şeýdip mazaly owup ekseň, her bir käşir edil hyýar ýaly iki tarapy deň, bir ölçegdäki owadan hem datly käşir bolar. Süýjiligem aýdyp diýer ýaly däldir. Tohumyny owmasaň erkek käşir getirer.

Şol mahal öýden Nurjemal gelin öýden çykan ýüwürjisini ýanyna çagyrdy.

--Gel didäm, şu gursakçany geýip gör.—diýip, gursakçany Magtymgula uzatdy. Assary nah matadan, ýüzi gyrmyz donluk ibrişimden edilen gursakça agajetden syrdam Magtymgula şaplaşaýdy. Gelnejesi begendi—Bar, toýda tozdur, Magtymjan.

Şol wagt alamanlar ordasy ýaly bolup syganlar döküldi. Olaryň biri Kynyş begiň ýanynda saklanjak boldy, emma ol:

--Baryň, baryň, obada "heý amatlyja aldanyp bolmazmyka" diýip agzyny açyp, aňkaryp oturan akmak aýal kändir—diýdi. Syganlaryň biri Nurjemalyň, biri Ogulşekeriň ýanyna baryp, ellerinden tutup, esentanyş ýaly doga-dileg edip, pal atmaga başlady. Beýleki syganlar jaýlaryň arasyna siňip gitdiler. Ýarym göwün Nurjemal görgüli, gapydan gelen gedaýy, dilegçini boş goýbermezdi. Ol öýden iki sany kümüş pul getirip, sygana berdi. Emma sygan aýal ýa puly az gördi, ýa ony halallajak boldy, garasaý:

--Dogan, saňa näme diläýin?—diýip sorady.

--Näme dileseň diläý--diýip, Nurjemal göwnibir halda aýtdy.

--Näçe çagaň bar?--diýip, sygan aýal Magtymgulynyň başyny sypalady, ol ony Nurjemalyň ogludyr öýdüp, gelniň simlän ýarasyndan basdy. Şol pursat Kynyş begiňem, Nurjemalyňam ýüzleri gamaşdy, sebäbi özüni asanyň öýünde ýüpüň, gark bolanyň öýünde derýanyň gürrüňini edip bolmaýşy ýaly, bu garyp çatmada hem çaga gürrüňi olaryň ozalam ýaradar ýüregini persala edýärdi. Sadaka, doga, dilege perzent berilýän bolsa, bu öýüň jagyl-juguly ýetik bolmalydy. Nurjemal gelin çaltrak başyny gutarjak bolup, ýene:

--Näme dileseň diläýsene dogan—diýdi. Ömrüne aýallar bilen iş salşyp, aýyrha çykyp giden sygan kemmagal naçara duşanyny bildi.

--Çagaň ýok bolsa, çaga dilederler gelin!

Ýarasyna basylan Nurjemal gelniň gahary geldi.

--Doga-dilege berilýän bolsa, berlerçe boldy.

Sygan aýal gözläp ýören kişisiniň üstünden düşenine kemsiz ynanyp, öz-özünden joşup, sesini gataldyp:

--Hä, sen meniň doga-dilegim Ýokarkynyň ýanynda kabul bolmaz öýdýämiň, ýa saňa bereýin diýse, Hudaýda perzent ýokdur öýdýämiň, ýa sen perizat kaddy-kamatyň bilen üç-dört sany sümüklä mynasyp dälmiň?!—diýip, Nurjemaly alarladyp barýar. Magtymguly gözüniň gyýtagyny aýlap, Kynyş begiň turup gidenini, ojagyň başynda biş-düş edip duran ejesiniň aňyrsyna bakyp, gözýaşyny sylanyny gördi. Sygan aýal bolsa:

--Häzir men seniň täleýiňe bakyp näçe perzendiňiň bolýanyny aýdyp bereýin--diýdi. Nurjemal ýüregini mundan artyk ýaralatmajak boldumy, ýa töweregindäkilerden utandymy, garasaý, ýene esli pul getirip, sygan aýaly zordan ugratdy. Magtymguly başyny aşak salyp obadan çykyp, ýonahana tarap barýan Kynyş beg aglaýandyr öýdüp, ýüregi gyýym-gyýym boldy. Gelnejesem agyr derdini zordan göterip dessine öýüne girdi. Magtymguly bilipjik dur, göwni ýarym, ýürejigi ýaradar gelnejesi şu mahal tördäki penjiräniň öňüne baryp, ses-selemsiz aglaýandyr, mellekdäki noýbalaryň arasyna kölege bolsun diýip seýrek ekilen mekgejöwenler bolsa ýaş gelinler ýaly her biri gujagyna ikiden-üçden mele gulpaklyja, gundaglyja bäbejigini-golçuryny bedibagt Nurjemala güjeňleýändir…

Magtymguly agyr haşlap dem aldy. Kynyş beg bolsa hanha barýar agyr başyny aşak salyp. Dünýäniň derdini göterip ýören agasy perzentsizlik derdini göterip bilmän, gaýgy-gam, hasrat bolup barýar. Ataş külüň, adam gaýgy-gamyň astynda ýok bolýar!..

Magtymgulynyň ýadyna dädesiniň aýdyp beren rowaýaty düşdi:

"--Gadym-gadym zamanda bir täjir bolupdyr, ol hakyna kany, adamyň jany ýaly gowy adam eken. Ol bir gün Allatagala bilen raz aýdyşmaga barýan Ybraýym pygamberiň öňünden çykyp, zar-zelil aglap, özüniň kyrk ýaşap barýandygyny, perzendiniň bolmaýandygyny aýdyp, Alladan özüne bir perzent diläp bermegi haýyş edip ýalbarýar. Ybraýym pygamber hoş diýip gidýär, yzyna gelýärkä hem Hudaýdan täjir üçin perzent diländigini, emma täjiriň ýazgydyna perzentsiz geçmelidigi ýazylanyny aýdyp beripdir. Täjir pakyryň umydy ölüp, dünýä sygman başyny alyp daglara gidýär, gözleriniň ýaşyny sil kibi akdyryp, jiger-bagryny paralap hünübiryan aglaýar. Ynha şol pursat gökleri gümmürdedip, gykuwlap bulutlaryny kowalap Burkut baba gelýär, ol täjirden dady-peryat edip aglamasynyň sebäbini soraýar. Täjir özüniň garamaňlaý ykbalyny aýdyp berýär. Göreniňiz Burkut diwana, göni gidýär Allatagalanyň ýanyna! Ol Alladan täjire perzent dileýär. Beýik Biribar oňa-da Ybraýym pygambere aýdanyny aýdýar. Burkut diwana bolsa öz-özünden ot alyp:

--Aý, Hudaýym, seniň Hudaý bolanyň nire, bir ýagşy täjire üç sany ogul bermäniň nire?!

--Täjiriň takdyryna perzentsizlik ýazyldy.

--Eý, Allajan, seniň Alla bolanyň nire, takdyrda ýazylany bozup, ýaňadan ýazyp bilmezligiň nire! Sen täjire üç ogul, ýok alty ogul bilen bir gyz ber ýa ol bedibagt täjire perzent bermäge ygtyýaryň ýokmy ýa perzendiň tükenip durmy! Eý, Allam, sen Hudaý bolup bir ýagşyzada ýaly täjiriňi bagtyýar edip bilmezmiň!—diýip, Allatagalany gününe goýmandyr. Ýyllar geçýär. Bir gün Ybraýym pygamberiň ýoly täjiriň öýüniň üstünden düşýär, ol geň galýar. Täjiriň öýüniň içi-daşy jagyl-da-jugul, ýöne çaga bolup durmuş. Ol täjirden bu wakanyň hikmetini soraýar, täjir gürrüň berýär. Ybraýym pygamber Hudaý bilen raz aýdyşmaga baranynda:

--Eý, Allajan, men pylan täjire ýekeje perzent dilänimde bermän, Burkut diwana dileg edeninde bolsa ýedi perzent beripsiň, gel, gel indi Ybraýym pygamberiň hatyrasy bir diwananyňkyça-da bolmadymy!—diýip, gaty öýkeläpdir. Şonda Hudaý:

--Sen täjire perzent dilediň, menem onuň takdyryna zürýatsyzlyk derdiniň ýazylanyny aýtdym, sen gaýdyp söz diýmediň. Men saňa aýdanymy Burkut diwana-da aýtdym, emma ol diwanalygyny edip, meni halys günüme goýmady, bir eýlämden gelip, bir beýlämden gelip, gözlerini ýaşlap bagyrdy durdy—diýipdir. Döwletmämmet aga rowaýaty tamam edip, metjitdäki jemagata ýüzlendi:

"—Adamlar-- daragty topragyň, dünýä bolsa-- adamlary Yhlasyň, Ynamyň, Erjelligiň, Tutanýerliligiň üstünde oturdýar. Adam ömrüniň binýady ynamdyr, yhlasdyr, tutanýerlilikdir, erjellikdir, umytdyr…"

hhh

Bagdada! Magtymguly Bagdada barýar! Dädesi Döwletmämmet Azady bilen! Magtymguly begenjinden ýaňa uçaýjak bolýardy. "Däli göwni dagda-düzde" diýilýän ýaş oglany gözýetimden aňyrdaky gözellikler çagyrýardy. Onuň göresi, synlasy, öwrenesi gelýärdi. Tamam Arabystanyň paýtagty, dünýäniň iň uly şäheri Bagdadyň ady dillerden düşmeýärdi. Bagdat –gadym-gadym zamanlarda ertekileriň dörän mesgeni, rowaýatlaryň, dana hekaýatlaryň galkyp, dünýä göterilen mekany, siwilizasiýanyň sallançagy, ylmyň-bilimiň gözbaş alyp köküni taryha uran şäheri. Bagdat rowaýata dönen beýik Halyflaryň mesgeni. Ikinjidenem ol dädesi bilen ýolboýy ine-gana gürleşer, üçünjiden, Magtymguly ýedi yklymyň keramatly, gudratly piri Haal Zaman Kaýseri piriňkä ak pata almaga barýardy.

Bagdat ýoly uzakdy, emma ýadawlyk Magtymgulynyň golaýyndanam gelmeýärdi. Çuň manyly söhbetler, gyzykly hem ähmiýetli gürrüňler uzyn ýoly gysgaldýardy, agyr ýoly ýeňledýärdi. Magtymguly:

--Däde, sen metjitde wagyz-nesihat edeniňde örän täsin tymsallary, çuň manyly rowaýatlary, gyzykly hekaýatlary, ýiti pähim-parasatlary aýdyp berýärsiň, emma olary näme diýip diwanyňa ýazmaýarsyň?—diýdi.

--O nähili men ýazmaýamyşym?

--Men seniň ähli diwanyňy okadym, emma…

--Oglum, men obamyzyň kethudasy, metjidimiziň ymamy, mekdebimiziň ahuny, ilimiziň piri. Ymamyň diwany metjitdäki jemagatdyr. Men dana tymsallary, çuň manyly rowaýatlary, ýiti pähim-parasatlary maňa gulak asyp oturan jemagatyň ýüregine, aňyna, ruhuna, hakydasyna ýazýan. Wagt diýilýän rehim-şepagatsyz närse, ol kagyza, göne, demire, daşa ýazylan ähli zatlary öçürip goýberýär. Emma halkyň ýüregine, aňyna, ruhuna ýazylan pähim-parasatlar halk bilen ýaşap, olara Allanyň ýagşy dünýäsinde ýagşy bolup ýagşy ýaşamaga, päklenmäge, kämilleşmäge, hakyky adam bolmaga ýardam edip, nesilden nesile, asyrdan asyra, halkdan halka geçýär. Diwanlaryň ýagşysy—jemagatyň kalbydyr.

Dädesiniň sözleri Magtymgulynyň maňzyna batdy.

--Magtymjan, hakyky akyldarlaryň diwany halkdyr, ýaşaýyşdyr, owadan tebigatdyr. Ol kitap ýüz müň ýyl bäri ýazylyp, ýüz müň ýyl bäri okalyp, ýüz müň ýyl bäri şol kitabyň içinde ýaşalyp ýör. Şahyr boljakmy, dana boljakmy, şol kitaplary okamany öwren!..

Magtymguly dädesi bilen ýolda gudratly waka duşdy, ol waka onuň bütin ömründe kalbynda, aňynda, ruhunda, ýadynda ýaşady.

Gyşdy. Gijara Magtymguly dädesi bilen at ýanaşdyryp Argamak obasyna golaýlapdy. Olar jeňňeligiň içinden geçýän ýol bilen gidip otyrdy. Bir salymdan jeňňellik sabap, ýol ýapa çykdy, töwerek-daş iňlär siňeksiz ýabany ýerlerdi. Ýoluň sag ýanynda bir zaman göçülen ýurduň san-sajaksyz harabaçylygy gugaryp ýatyrdy. Göçülen ýurt, ýykyk-ýumruk harabalar örän ýürekgyýgynç hem gorkunç bolýar, sebäbi harabaçylyk bir zaman ölen ýaşaýşyň gabrystany! Türkmen aga uruş-ýowda çakdan aşa gyrylaýmasa, obasyny-kendini terk etmeýär. Elhenç gyrgynçylykdan galan sülsat göçmäge mejbur bolsa, obasynyň, öwlüýäsiniň, dagynyň, derýasynyň adynam alyp gidýär… Göçülen ýurtda ahy-pygan, gam-gussa ýaşaýar, ýyllaryň geçmegi bilen gugaryp galan harabaçylykda jyn-arwah,iblis-al mekan tutýar. Ataly ogul tükeniksiz ýoldan, soňsuz gürrüňlerden ýadap, öz pikirlerini külterläp barýardy. Gyşyň aýazly howasy ýuwaş-ýuwaş süňňüňe aralaşýardy. Gün ýaşyp barýardy. Birden peýwagtyna barýan atlar hüşerilişdi. Magtymguly ýalta harabalyga seretdi. Gör-ha, onuň ertekilerde eşiden şaýly gelni messan-messan basyp, harabalykdan çykyp gelýär. Ýaş oglagyň endam-jany jümşüldäp gitdi, ýöne o gyz ertekilerdäki ýaly şaýlam däldi, gelnem däldi. Sallanjyrap gelýän gyzyň başynda tahýasy, tahýasynda gupbasy, gupbasynda-da üç-dört ýelek gyssyrylan owadan otagasy, bir golunda-da gol boýy taýagy bardy. Magtymguly ony jyn-arwah saýyp, üşerilip, dädesine seretdi, emma köpi gören Döwletmämmet aganyň piňine-de däl. Otagaly owadan gyz olaryň golaýyna geldi.Magtymgulynyň ini düýrükdi,emma Döwletmämmet aga «Gyzym, gurgunmyň?» diýip gara gadyr. Magtymguly heder etse-de gyzdan gözüni aýranokdy, asyl ondan gözüňi aýrar ýaly däldi. Durşuna syr bolup gelen görmegeý gyzda özüne çekiji, bendiwan ediji üýtgeşik mähir bilen zybalyk bardy. Gyz mähriban ýylgyryp:

-- Agam, oba çenli menem size ýoldaş bolaýaýyn -- diýdi. Döwletmämmet aga ýukajyk ýüpek köýneginiň üstünden daraýy don geýen gyza:

-- Gyzym, heý bi aldajy sowukda beýle ýeňil-elpaý geýinerlermi? Al, meniň possunymy egniňe at, gabaralam bolsa, agyr däldir -- diýip, nar gabygyna eýlenen naryňç bagana possunyny çykaryp gyza uzatdy, gyz possuny egnine atdy.--Gyzym,oba çenli entek esli ýol bar.Hol haýata ýanaga-da, Magtymgulynyň atyna mün, ol atyň ardyna süýşer.

Gyz başyny yrady. Magtymguly dädesine siňe seretdi, dädesiniň näme diýip bi gyzyň ýöne gyz däldigine üns bermeýänine haýran galdy.

-- Ýöräsim gelip gidipdir agam, men pyýada ýöräbereýin.

-- Gyzym, obadan daşa gaýdypsyň, ýalňyz halyňa ýabany çöl-beýewanda gorkmaýaňmy?

Gyz ýylgyryp başyny yrady. Magtymguly haýran-serasime bolup gyzy synlaýardy. Iňrigiň garalýanyna garamazdan görmegeý gyzyň ýüzi-de, sol ýaňagyndaky peşehordasynyň yzy-da, syh-syh kirpikleri-de aýyl-saýyl görünýärdi. Gyz hamana howadan ýasalan ýaly, heserlije ýol ýaly şeýle ýeňil ýöreýärdi. Magtymgulynyň göwnüne bolmasa gyzyň aýaklaram ýere degmeýän ýalydy. Ol dädesiniň ýüzüne seredýär, emma onuň nurana keşbi beýle aýyl-saýyl görnenok.Magtymguly ilkinji gezek ýetişen gyz maşgala seredip, harabadan çykan gyzyň çakdan aşa owadanlygyna, eýjejikden näzeninligine aňk boldy. Ol zyba gyzyň ýöne gyz däl-de, gudratdygyna ýürekden ynandy.

-- Owallar gorkýadym agam… indi gorkamok… Indi menden gorksunlar - diýip, golundaky gol boýy taýagy mazamlap, gyz şelaýyn ýylgyrdy, emma Magtymguly ol owadan ýylgyryşyň aňyrsyndaky natuwan gussany gördi. Syrly gyzy synlaýardy, ýok,onuň göwnüne dagy däl,hakykatdan-da gyzyň aýaklary ýere degmeýärdi. Atlaram nämälim bir zatdan tebil tapýan ýaly häli-şindi gulaklaryny gaýçylap, töwerege garanýardy. Magtymguly onuň ýöne gyz däldigine ýürekden ynandy,emma şeýle mähriban, şeýle görmegeý, şeýle eziz gyzy al-albasdy,jyn-arwah sanybam bilmedi. Ol ýaş oglan halyna ýetişen gyza beýle tiňkäňi dikip seretmeli däldigini bilýärdi, utanýardy,emma gyzdan gözüni aýryp bilmese nätjek! Gyz Magtymgulynyň özüne bendiwan bolanyny bilip, ýylgyryp hasam näzenin nazar salýardy… Olar obanyň orta gürpünde ýerleşýän metjidiň deňinden geçip, gojaman çynaryň duşuna baranlarynda, gyz saklanyp:

-- Agam, Alla ýalkasyn, ynha, men öýümize geldim. Possunyňyzy bolsa ertir alarsyňyz, emma possunyňyzy goýup gidiji bolaýmaň! Umydym sizdir agam-- diýip, gapyny açdy. Gapydan çykan köpek gyza üns bermän atlylara üýrüp başlanynda hem ol gyz «agam, umydym sizdedir»--diýip, ýanjap-ýanjap aýtdy…

Olar ýassynlar daýysy Annagylyç aganyňkyda düşlediler. Obanyň kethudasy Annagylyç aga Döwletmämmet aganyň daşkynrak daýysydy. Kethuda ýegeni Döwletmämmet aga bilen ýaşajyk ýegençisiniň gelenine hoş boldy. Ertesi daňdan olar oba metjidine baryp köpçülik bolup jemagat namazyny okadylar. Metjitden gaýdyp gelýärkäler Döwletmämmet aga:

-- Daýy, şu öýde meniň amanadym bolmaly, şonam alyp geçeli - diýip, äpet çynaryň ýanyndaky jaýy görkezdi. Annagylyç aga öňe düşdi. Öý eýesi horja, keselbent ýaşuly egnine köne içmek atyp jaýyň ykyşynda mekge-jöweniň golçuryndan däne söküp, towuklaryny iýmlejek bolup oturan eken. Olar salam-helik etdiler, hal-ahwal soraşdylar. Öý eýesi Pälwan aga myhmanlary myhmanlajak boldy. Gapydan çykan ýaş ýigit bilen garry aýalam myhmanlary synlady.Ýaş ýigit salam berdi, Annagylyç aga dagy salam aldy. Şondan soň Döwletmämmet aga agşamky gyzly wakany aýdyp berdi. Pälwan aga serim-saz:

-- Sakaldaş, biziň öýde gyz maşgala ýokdur – diýdi.

Döwletmämmet aga:

-- Ýaşy ýigrimä-de ýetmedik sag ýaňagy peşehordaly, başy otagaly, egni ýukajyk ýüpek köýnekli, ýaşyl daraýy donly gyzdy, üşäýme diýip possunymy berdim… Ol gyz agam ertir öýümize gelip possunyňyzy alyp gideweriň—diýip, siziň öýüňize girdi--diýdi.Magtymguly:

-- Sol eliniň külembikesem ýok eken, sag gaşynyň ýanynda owadan meňem bar, özem uzyn boýly görmegeý gyz… - diýip, gyzy suratlandyryp başlady, gapynyň öňünde duran garry aýal özünden gitdi, oglan ony gujaklap öýe saldy. Annagylyç aga:

-- Pälwan aga aýyp-syn etmäweri. Myhmanymyz gijelikde jaýy ýalňyşypdyr -- diýip, desbi-dähil öý eýesi bilen hoşlaşyp ýola düşdüler. Bir salym dymşyp, jaýdan arany açansoňlar Annagylyç aga:

-- Ýegen, olaryň Dürjemal atly bir gyzy bardy, siziň salgy berýän gyzyňyz ýaly… Ýöne bir ýarym ýyl mundan ozal duşman dökülip ýowuz uruş bolanda, biçäre ýa öldi, ýa duşman goluna düşüp ýok edildi, garaz diri ýitig boldy-da-- diýdi. Döwletmämmet aga bilen Magtymguly birek-birege bakyp sessiz düşünişdiler. Döwletmämmet aga:

-- Boldy… boldy… ynha, indi göwnüme jaý boldy. Ol ýöne gyz däldi, garaňka garamazdan nurana ýüzi ýalkym saçyp durdy… Gören badyma bildim, ýüregim syzdy, ýöne Magtymguly gorkaýmasyn diýip biparhlyga saldym…

Annagylyç aga alysdan myhman gelen ýegenini söwüşsiz goýbermedi, Döwletmämmet aga-da gaty bir gidermen bolmady, çünki gyz oňa «Possunyňyzy goýup gidiji bolaýmaň, agam» diýip ýanjap-ýanjap aýtdy ahyry… Olar öýle namazyna üýşeninde metjidiň agzynda bir çopan peýda boldy, ol köpçülige salam berip:

-- How jemagat! Men irden mal bakyp ýörkäm Gaýtar galanyň harabalygynda täzeje possun tapdym. Beýijek ýerde eplenip goýlan eken. Eýesi geler diýip kän garaşdym, emma hiç kim gelmedi. Täze possun eýesi tapylýança metjide dursa ýagşy bor diýip alyp geläýdim -- diýdi. Döwletmämmet aga:

-- Ýanynda gol boýy kerkaw taýak bar ekenmi? -- diýip, sorady. Çopanyň gözleri ýşyrap gitdi.

-- Howwa, ynha, içinde,possuna doladym -- diýip, ol eplengi possundan taýagy çykardy.

-- Ýegen, possun seniňkimi?

Döwletmämmet aga possuny barlaşdyryp:

-- Possun meniňki, ýöne birewe amanat berlen possun Gaýtar galasyna nädip düşüp ýörkä? - diýip, ol Magtymgulynyň ýüzüne köpmanyly nazaryny aýlady.

Berdimyrat han, Annagylyç kethuda dagy daýysynyňka gelýärkä, Döwletmämmet aga:

-- Daýy, bi ýerde bir pynhan hikmet bar. Obanyň kazysy bilen iki sany namazly-täretli kişini Gaýtar gala ugradyň. Olar çopanyň possuny tapan ýerini gazyp görsünler. Ýalňyşmasam, öten agşamky biçäre gyzyň jesedi şol ýerdedir. Ol görgüli perişan halda «agam, umydym sizdedir» diýip gaty kän özelendi…

Döwletmämmet aga ýalňyşmandy. Possunyň goýlan ýerinden Dürjemalyň jesedi çykdy. Gyzyň hossarlary aýakgabyndan, ysyrgasyndan, gupbasyndan, jonnuk barmagyndan, ýüzüginden Dürjemaly tanadylar. Dürjemal çagaka barmagyna okuma çykyp, külembike barmagyny hekim kesip aýrypdy. Jesediň diri ýiten Dürjemalyňkydygyna şek-şübhe ýokdy, emma gadymdan gelýän türkmen dessuram bardy. Jesede eýe çykýan süňk hossarlary—ýagny ata tarapy süňküň üstüne öz ganyny damdyryp görmelidi. Atanyň, doganyň gany jesede siňip gitse, jeset şol tohumdandy, üstünde damjalap dursa, jeset başga biriniňkidi…

Pälwan aga guşagyndan pyçagyny alyp, goşarynyň ýanyndan dözümli salyp, gyrmyzy ganyny gyzyň agaryp ýatan süňküniň ýedi-sekiz ýerine damdyrdy. Gan damjalary gyzyň süňküne göni siňip gitdi. Soň Pälwan aganyň iki ogly goşarynyň ýanyndan kesip, dädesiniň edenini gaýtalady. Iki doganyňam gany süňke siňdi gitdi. Gyzyň daýysy hem jesede ganyny damdyrdy, emma daýy gany agaryp duran süňke siňmän damjalandy durdy. Indi onuň Dürjemalyň jesedidigine asylha şek-şübhe galmady. Pälwan aga ýüzüni penjeläp, iniňi düýrükdiriji ses edip aglady.

Magtymguly aňk bolup synlaýardy, sebäbi ol ata-babalaryň jesediň süňküne gan damdyryp kimdigini takyklaýan dessury barada eşidipdi. Häzir bolsa gözi bilen görüp, türkmeniň dana parasadyna haýran galdy. Dürjemal gyzy şehit hökmünde şol ýerde bir depäniň üstünde depin etdiler. Döwletmämmet aga gyssanýandygyna garamazdan, gyzyň ýanjanlysyny özi berdi, üçüni, ýedisini sowuşdy, çünki Dürjemal oňa ýanjap-ýanjap «agam, umydym sizdedir!» diýipdi ahyry…

Berdimyrat han, Annagylyç aga,obanyň ýaşulylary oturyp Dürjemala kimiň kast edendigi barada kelle döwdüler,emma gyzyň ölümini kimden görjegini bilmediler,sebäp güman imandan aýyrýar ahyry!..

hhh

Döwletmämmet aga bilen Magtymguly iki aý diýlende Hajygowşanyň alkymyna geldi. Olar hezreti pirden ak pata almaga alys ýola gidipdiler, emma olaryň bagtyna pir ýedi-sekiz gün öň Kaýserä giden eken. Eger olar Dürjemal sebäpli Argamak obasyndan saklanmanynda, hezreti pir bilen duşuşyp biljek eken. Pirden pata alyp bilmese-de, Magtymguly gören zatlaryndan hiç bir baýlyga çalşyp bolmajak täsir alypdy. Indi Magtymguly on bir ýaşly oglan däldi. Ol Kolumb ýaly täze bir dünýäni açypdy: şol mahallar dünýäniň iň uly, iň beýik,iň ösen şäheri--Bagdat Magtymgulyny başga bir Magtymgula öwüripdi. Ol dädesi bilen adyny sena edinip ýören ençeme pirleriniň, welileriniň,şahyrlarynyň mübärek guburlaryna sejde edip, iki aýda ömründe gören gözelliklerinden kän zatlary gördi. Iki aýda dädesi bilen ömründe etmedik söhbetini edip, mollalaryň on ýylda berip bilmejek sapagyny aldy.

Döwletmämmet aga bilen Magtymguly gara daňdan ukudan oýanyp, ýuwunyp-ardynyp, namazyny okap, ümüş-tamyşda ata atlandylar… Ynha, hä diýmän Magtymguly mähriban obasyna - Hajygowşana barar, hä diýmän ol Giňjaýyň baýyrlaryny görüp, ýüregi giňäp, kalby aram tapar. Magtymguly öz ýanyndan hoşhal ýylgyryp,hyýalynda hä diýmän boljak duşuşykdan lezzet alyp gelýärdi. Hajygowşana golaýlaşdygyça göwni telwas urup, şähdi açylyp, keýpi kökelýärdi. Hanha, Gündogar ilki mawymtyl gök,soňra al öwüsip, jahan ýagtyldy. Daňyň ýelleri öser-ösmez näz edýärdi. Bady sabanyň näzijek ýelleri onuň ýüzünem, ýüreginem sypalap öwüsýärdi. Birden ol kimdir biriniň yzyndan diken nazaryny duýup, gaňrylyp ýeňsesine seretdi. Eý-ho!...

Magtymguly gözlerine ynanman,gözlerini birküç gezek açyp-ýumdy. Hanha, Dürjemal gyz owadan ýylgyryp sag goluny çalaja bulaýar. Magtymguly haýran galdy, ara on bäş-ýigrimi ädim bolsa-da ol gyzyň görejindäki ýyldyraýan begenjem gördi. Hamana saba-säheriň al howasyndan ýaradylan Dürjemal howada durdy, onýança dädesi çasly «Magtymguly!» diýdi. Magtymguly ýüzüni öwürip, ýene aňk boldy, hanha taýak atym öňde-de Dürjemal ýylgyryp, sag goluny ýuwaşja bulaýardy. Magtymguly ýalpa yzyna seretdi, yzda hem Dürjemal ýylgyryp garap dur. Birden yzdaky Dürjemal jadyly ýylgyryşa öwrülip, howada owaz ýaly, ýaň ýaly eräp gitdi, ol aljyrap öňe seretdi, öňdäki Dürjemalam näzenin bakyp durşuna heserli ýylgyryşa öwrülip gaýyp boldy gitdi. Döwletmämmet aga:

- Gördüňmi, oglum? - diýdi.

- Gördüm, däde…--Magtymguly gursagynda möwç uran tolgunmadan ýaňa uçganaklap durdy! Ol gözlerine ynanyp bilenokdy! Ýüregi kükregine syganokdy! Dürjemalyň belent husnyjemaly howanyň ýüzünde peýda bolanynda ol ilkinji gezek Gudraty, Allahyň gyz keşbinde görkezen gudratyny gördi. Ol ömründe birinji gezek gudrat gördi, gudrat!..

--Ölüme dagy dözer ýaly maşgala däl eken - diýip, Döwletmämmet aga başyny ýaýkady. -- Magtymjan, pahyrjyk bizden diýseň hoşal bolupdyr… Gördüňmi, bizi görner-görünmez belalardan gorap, obamyza çenli ugradypdyr… Anha, ýalan dünýäniň çyn gudraty!..

--Anha, ýalan dünýäniň çyn gudraty! –Bu jümle ömür boýy Magtymgulynyň ýadynda ýaşar, Dürjemal gyz hyýalynda ýaşar!

--Anha, ýalan dünýäniň çyn gudraty!..

## ÝARADANYŇ DIWANY

Magtymgulynyň ýaşlygy münder-münder diwanlaryň, sandyk-sandyk kitaplaryň içinden geçdi. Tamam ýonaçylar, mekdebiň mugallymlary oglagyň düşbiligine, üşükliligine, üýtgeşik zehinliligine, pähim-paýhaslylygyna buýsanýardy, emma ýyl geçdigiçe, olary haýsydyr bir näbelli gorkam howsala salyp ugrady. Aýratynam, Arazgül eje, Nurjahan ene dagy gijesi-gündizi bagryny ýassyga berip, ýassyk ýaly diwanlary okap ýatan Magtymgulyny «ylym uraýmagyndan» heder edip, uly alada, hossa galdylar. Gara bagyr ene-dä, Arazgül eje onuň tahýasyna, telpeginiň, donunyň içinden, köýneginiň kibtiniň aşagyndan doga baryny dakyp, gije başujuna gurhan goýup, otursa-tursa balasyny gözden-dilden, görner-görünmez bela-beterlerden, howp-hatarlardan gorawer diýip Biribara mynajat edip doga okaýardy. Magtymgulyny ala-böle eziz görýänini bildirmejek bolup, oňa nähili doga-tumar daksa, beýleki çagalaryna-da şeýle dogalary dakýardy. Ene biçäre häli-şindi adamsy Döwletmämmet agadan doga-tumar alyp ýörmäni birhili görüp, aram-aram Kynyş begi Selim magtymyňka ýollap ýedi-sekiz çagasy üçin birnäçe doga buýrýardy…

Bir gün Selim pir doga-tumar baryny alyp Döwletmämmet agalara geldi. Ol Arazgül ejäniň buýran dogalaryny onuň alnynda goýup, ullakan tumary oňa ejä uzadyp:

--Dogan, ynha bu tumary bolsa özüň dakyn, sen halys waswasy bolup, perzentleriňi diňe doga-tumar bilen goraýjak bolýaň! Perzentleriňi beýik Biribar gorap, öz penasynda aman saklasyn. Onsoňam ýonaçylar göze-dile aw boljak nebere däl, Hudaýly kişiler—diýip, ýylgyryp ýagşy doga-dileg etdi. Elbetde, Magtymguly ejesiniň elewräp ýörmesini ýokuş görýärdi, emma ýagşydan-ýamandan hiç zat diýmän ýylgyryp oňaýýardy. Arazgül eje çagalarynyň üstünde kökenek gerýärdi, çagalaryny ezizle-ýärdi, mähribandy. Ýadamany-ýaltanmany bilmeýän jansebil Arazgül eje han gyzy däl ýalydy, işsiz oturyp bilmeýärdi, özem diýseň arassaçyldy. Öýdäkileriň geýim-gejimi kirlemek beýlede dursun, der ysy çykdygy ýuwýardy. Bir gezek Döwletmämmet aga Gürgenden oňa bir geýimlik päkize ibrişim ýüpek mata getiripdi. Ol:

--Arazgül, saňa niýetläp täzeje ýüpek geýimlik aldym, ýuw-da köýnek tikinäý—diýipdi… Bir günem kethuda ogly Guljany gerekläp, adyny tutup gygyrdy. Magtymguly “Gulja kir ýüpde” diýip jogap berdi.

--Nirede?

--Kir ýüpde.Ejem ýaňyja ony sabynlap ýuwup ýüpe serdi—diýdi. Oglunyň ýeser gepine kethuda-da, ejesi-de güldi. Döwletmämmet aga:

--Ejeň Gürgeniň suwunam ýuwup, soň kir ýuwýar—diýip güldi.

Magtymguly dokuz-on ýaşyndan parsça ýazylan diwanlary pars, on iki-on üç ýaşyndan başlap arap dilinde ýazylan diwanlary arap dilinde okaýardy, ýaş başyndan o dillere suwara bolup barýardy. Nowaýynyň, Nesiminiň, Rumynyň, Nyzamynyň türki dilde ýazylan eserlerinde oňa düşnüksiz söz, jümle ýokdy, sebäbi ol köne türki ylmy dilinem gowy bilýärdi. Magtymguly diwan yzyna diwan okaýardy. Indi oňa oýun-tomaşanyň-da, Nurjahan enäniň hezil gürrüňleriniň-de gyzygy ýokdy. Ol real-aýan dünýäden daşlaşyp, diwanlar dünýäsine ymykly girip, söhbet-deşi gadymy alymlar-aýdyňlar, aryflar-akyldarlar, rawylar-şahyr-lardy. Uly il mekdebe beren çagasyny okatjak bolup heläkdir, emma ýonaçylar neberesi Magtymgulyny okatmajak bolup, hiç bolman, okuwynyň arasyna bäş-üç gün dynç almaga wagt saljak bolup gara görgä galýardy. Ol gara daňdan ukudan turup, ýuwunyp-ardynyp namazyny okap bildigi kitaba ýapyşýardy. Çaý-çöreginem kitap okap otyrka iýýärdi. Gün dogup-dogmanka Abdylla, Mämmetsapany, Magtymguly, Selim Magtymgulynyň ogullary Arslan, Hanjar, Janaman dagy teblehanadaky atlara atlanyp, çapyşyp, ok-ýaý atyşyp, gürzidir naýza zyňyşyp göwün

solpudan çykýardylar. Agşamara-da bu edähet gaýtalanýardy, emma günüň galan döwri Magtymgulynyň işi-pişesi kitap, ýazuw-bozuwdy. Ol dädesiniň öwredişi ýaly, her bir kitabyň manysyny yhlas bilen tirýärdi. Danalaryň eseri bolsa ýagly-şekerli gatlama ýaly gatlak-gatlak. Ol kitabyň setirleriniň, assarlarynyň aňyrsynda ýatan manysyny almak bilen çäklenmän, diwany ýazan adamyň akyldarlar üçin bukan pynhan manysyny hem agtaryp okaýardy. Ahyryna saman-sypala arpa garylyp berlen bedewiň tumşugyny nowanyň düýbüne ýetirip arpany agtarşy ýaly, Magtymguly kitaba çümüp, has takygy kitaba çomup aýan hem pynhan maňyz-manyny gözleýärdi. Owadan dünýäniň manysy --Allatagalanyň pynhan syr bolşy ýaly, gowy kitaplaryň manysy hem pynhandady, çuňlukdady, beýiklikdedi. Az gürleýän, köp pikirlen-ýän Magtymgulynyň oglanlykdan ynanjy şeýledi: çümdüňmi?—düýbüne ýet! uçduňmy?—çür depesine çyk! gitdiňmi?—aňyr çägine bar! Gözleýäňmi?—tap!

Magtymguly rowaýaty naryňçdan ( apelsinden) ugr alýardy. Naryňç ýylyň ähli paslynda gülläp, miwe getirip, garran ýapraklaryny täzeläp oturarmyş. Ol mydama özüne «men ýaş diýme, gülle hem miwele» diýip pent edýärdi. Onuň çagalygy dumanly Elburz daglaryndan gaýdan çeşme ýaly kertden kerte towsup, kümüş owazly ýaňa öwrülip, kötellerden aýlanyp-towlanyp, kem-kemden suwy köpelip, daşgyn çasly çaýa aýlanyp, çar tarapa başyny urup, ýollaryň arasyndan ýol agtarýardy. Magtymgulynyň bagtyýar bolmazlyga çeresi ýokdy, beýik Biribar oňa şazadalara bap kaddy-kamat, görk-görmek, ýagşyzadalara kybap nur, mähir-muhabbet beripdi. Onuň bedbagt bolmazlykdan gaýry alajy hem ýokdy, sebäbi Biribar oňa welilere bap pähim-parasat, nebilere bap wyjdan hem iman beripdi, Zandy şahyr ýetginjegiň duýgurdan eziz, ýukadan näzik, owadandan ýalaňaç ýüregi bardy, aslynda ýüregi bardasyz, sowutsyz doglan diýilýänlerdendi. Bu ajaýyp dünýäniň gözelliklerine bolan söýgi halys nowjuwan Magtymgulynyň kalbyny ýalaňaçlap, ýüregini gözelleşdirip, näzikleşdirip, ýukaldyp barýardy. Ol görer gözleri bilen görýärdi, eşder gulagy bilen görýärdi, duýgudar ýüregi bilen görýärdi. Haýsydyr bir ýetimejik çaganyň garaža gözünden katra-katra döküän ajy ýaşlary Magtymgulynyň ýüregine damýardy. Al asmanda pelpelläp ýören guşuň ganatlarynyň ýolgini onuň ejir çekýän ýüregini ýolpese, bir garyp biçäräniň ahy-nalasy, gelip-gelip Magtymgulynyň ýüreginde sorkuldaýardy. Şikesli, maýyp-müjürip biçäreleri nalasy onuň ýüregini sypjyryp gyrmyzy gan edýärdi.... Eýýäm on iki, on üç ýaşyndan başlap, onuň derdi diňe obasy däldi,ili- ýurdy däldi, ol dünýäniň derdini çekýärdi. Dünýäniň bolsa bir ýeri-hä bireýýäm bişip düýbi ýanyp barýar, başga bir ýerem çigdi. Birnijeler rysgalyny-baýly-gyny göterip hem göternip bilmän, meslikden dälirese, birnijeler açlyk-gallaçlyk zerarly başyny daga-daşa urýardy. Ol garyp-gasar-gallaçlaryň arasynda baý ýaşamagyň aýypdygyny, bedibagt biçäreleň arasynda bagtly ýaşamagyň agyr jezadygyny wyjdany, ynsaby, imany, bütin süňňi-süýegi bilen syzýardy…

Magtymguly daýysynyň inji beren Sakarguşuna atlanyp ýaşyl ýaýlalarda ýüzin saldyryp gideninde, meger wagty ýetip geçýärdi, bedew aty bilen asman sary uçýardy, emma däli göwnüne ýetip bilmeýärdi…Ol agşam-ara ýa irden deň-duşlary bilen gylyçlaşyp-gürzileşip türgenleşeninde özüni Isgender şahly saýyp, gylyjy–gürzini hyrçyny dişläp dergazap urýardy… Ol umga ýaly daşdan-daşa, kertden kerte zyrmyrlyp daglara däl-de, dünýäniň depesine çykyp, jümle-jahanyň manysyny göresi gelýärdi. Altmyş başly ala daglaryň gerşindäki lemmer-lemmer bulutlary egnine geýip, Burkut baba ýaly gykuwlap, jümle-jahanyň depesinden çasly çagbalary ýagdyrmak isleýärdi. Mirhaýdar baba ýaly apy-tupan turuzyp, dünýäni lerzana getirip, däli şowhuny bilen öz göwnüne, köne dünýäniň göwnüne ýetesi gelýärdi. Beýik Biribar Magtymgulynyň bikenar gursa-gyny nämälim syrdan dolduryp goýberipdir, ol kalbynyň çuňlugynda ýer titremesi ýaly nägehan bir güýjüň-gudratyň amatyna garaşyp ýatanyny aňýardy, syzýardy, duýýardy. Ol algyr penjesini Günorta uzadyp, geçmişiň ebşidinden tutup, alkymyna getirip, synlamak isleýärdi, algyr penjesini Demirgazyga uzadyp, gelejegiň ýakasyndan tutup, alkymyna getirip synlamak isleýärdi. Gijesi-gündizi okap-ýazyp karar tapmaýardy, okaýan diwanlaryndan, edýän işlerinden kanagatlanmaýardy, bikenar göwnüniň çuňlugyna aralaşyp, tüweleýli howalasynyň beýikligine çykyp bilmeýärdi. Dünýä Magtymgulynyňkydy, emma ol dünýäni näme etmeli-digini, özüniň bu ajaýyp dünýäde näme etmelidigini bilmeýärdi… Ol ýurtdaky, dünýädäki bolýan adalatsyz ýagdaýlara çydaman, dädesine sowal bereninde, Döwletmämmet aga:

--Magtymguly, oglum, Perwerdigär soltan däl, kimdir biri jenaýat ýa günä etse, dessine oňa temmi berer ýaly. Biribar dünýäniň patyşasy däl, haýsydyr bir garyp kişiniň açlygyny-gallaçlygyny görüp,oňa hazyna-dan baýlyk berip goýberer ýaly--diýdi.

--Onda Hudaý kim, Hudaý näme?

--Oýlan, pikir kyl, akyl ýetir! Gyssanma, her bir dana adamyň ömri aýandan pynhana, ynsandan Ylaha uzaýar. Gözle! Ýaşaýşyň manysy gözleg-dedir! Oglum, Allatagala keremdir, ol Gudrata mynasyp adamy Gudrata, Keramata mynasyp adamy Keramata, akyl-parasada mynasyp adamy Akyldara, ýalan dünýäniň baýlyklaryna mynasyp adamy baýlyga, şöhrat-şana mynasyp adamy şöhrada, içi tilkili adamlary bolsa Şeýtana duşurýar. Onsoň şeýtan akylsyz bendeleri nädeýin diýse şeýdip ýör-dä! Hezreti Muhammet aleýhessalamdan ozal adamlar köphudaýly eýýamda ýaşap, köp hudaýlara uýupdyrlar. Indi Hudaý bir-de adamlar köpadamly boldy: her bir adamyň içinde birnäçe adam bar…

--Düşünmedim däde.

--Oglum, bir zaman Türkmensährada Mäkäm baý atly Karun ýaly uly baý bar eken. Pakyr garradygy saýy nebsi artyp ynsabyny ýuwudyp, otur-sa-tursa tükeniksiz baýlyk, genji-kän dilär eken. Günleriň bir güni oňa ýagşyzada duşýar. Mäkäm baý ýagşyzadanyň aýagyna ýykylyp, gözlerinden ýaş saçalap baýlyk dileýär. Ýagşyzada:

--Geregiň baýlyk bolsun, ýöne seniň gursagyňda birnäçe Mäkäm baý bar: sen hanlaryň-begleriň, baýlaryň ýanynda ýaranjaň, towşantüý, busajyk baý, garyp-garamaýagyň, talaban-garabaşlaryň ýanynda gamçysyndan gan syçradýan zalym baý, aksakallaryň arasynda mysapyrsyrap ýören baý, uly baýlygyňdan hüşür-zekadyňam ýarpy-ýalta berýän ýalançy, husyt baý! Tükeniksiz baýlygy haýsy Mäkäm baýa bermeli?—diýipdir. Mäkäm baý pikirlenip:

--Mysapyr Mäkäm baýa beräý—diýen. Ýagşyzada bolýar diýip gözünden gaýyp bolýar. Ýaňky baý şondan soň Hudaýdanam, ýagşyzadadanam hoş bolup, namazynam doly okap başlaýar. Hepde geçýär, aý geçýär. Bir gün ol mülkü-ne aýlanmaga gidýär. Barsa, talabany ýaş nahal ekip ýören eken. Ol çukur gazyp durka, bir sandyk tapýar, içi tylladan doly. Talaban begenjinden uçaýjak bolýarmyş, emma Mäkäm baý "Sandyk meniň mülkümden tapyldy, sandygam, altynam meniňki" diýýär. Talabanam "Erem-gögem Hudaýýyňky, baýlygy Hudaýýym maňa tapdyrdy, sandygam, altynam meniňki!" diýip dawalaşyp başlaýar. Pis baý oýlanýar: eger ol talabany bilen kazylaşsa kazy, hiç bolmanda, baýlygyň ýarsyny talabana berjek. Mäkäm baý baýly-gyň ýaryny berenden talabanyny öldürenini gowy görüp, hanjaryny syryp topulýar onuň üstüne! Şol pursat Allanyň gudraty bilen sandyk-da, talaban-da gözden gaýyp bolýar… Şol wakadan soň Mäkäm baý zyýan tapynyp, ahyram jynlyrap ölüpdir—diýdi. Magtymgula bu rowaýat diýseň ýarady. Döwletmämmet aga uludan dem aldy—Ekarda Hudaýýyň bir bolşy ýaly aşakda her bir adam içindäki dürli adamlary ýoklap, bir kişä öwrülmese, Hudaý beýlede dursun, perişdelerem, ýagşyzadalaram olara nazar aýlamaz! — Ol Magtymgulyny dowamly synlady.—Oglum, daşyň bir adam bolşy ýaly, içiňem mudama bir adam bolsun! Düşündiňmi! Akylly adam garyplykdan-gallaçlykdan, bedibagtlykdan, hassalykdan, ajaldan gorkmaz, hapalykdan gorkar! Gursagyň bir ýerinde hapaň boldumy—melguna aw bolarsyň! Tüýkesme ogrynyň hammama baryp, suwa düşüp ýörenleriň geýim-gejimini çilip, geýip gidişi ýaly, Melgun hapa adamlary geýim-gejim geýen ýaly geýip, pis işleri gaýyrýar! Gork, gork, Melguna gäp bolmakdan, geýim bolmakdan gork! Ýaramaz adamlar Melgunyň egin-eşigi, gäbi bolýandyr!

… Magtymguly durmuş mekdebinem geçýärdi…Gije-gündiz oýlanýardy, pikir kylýardy, çünki Biribar oňa oýlan,pikir kyl diýip kelle beripdir, aýlan, synla,gör diýip göz beripdir, söý diýip yşkdan doly ýürek beripdir, ýaşaýyşda dürs ýoly saýla diýip dana pähim-parasat beripdir.

Bir baýguş: "Allajan,ýazyňy gördüm,tomsuňy gördüm, güýzüňi gördüm, gyşyňy gördüm,indi sen maňa nämeler görkezjek?" diýenmiş. Allatagala her ýyl şol dört paslyň aýlanyp durýandygyny aýdanynda baýguş:"Şol bir pasyllar aýlanyp durjak bolsa,maňa ýekeje ýyl ömür bolýar,ýöne rysgalym agzyma geler ýaly eýle" diýipdir…Emma beýik Biribaryň yşkyndan-söýgüsinden, mähir-muhabbetinden, pähim-parasadyndan, röwşen nurundan-nepesinden, mübärek arzuw-hyýallaryndan ýaradylmyş bu owadan dünýäde şol bir Gün dogup-ýaşyp, şol bir pasyllar aýlanyp duran ýalydyr. Emma dünýäde her bir Günüň dogşy başgadyr., Ilki Gündogary gögümtil, soňra melewşe öwüsdirip, älemiň soltany Günüň arşa-kürse nurana şowhun salyp, başyna tyllaýy şuglalary lowurdap nur saçýan göwher jygasyny geýip gelşi ajaýypdyr! Guşlaram her gün jümle-jahany heýjana salyp, her dogan Güni täzeden täze owazy bilen garşy alýandyr! Ýaşaýyş her gün täzeden başlaýar! Biribar her säheriň gaý talan-majak gözelligi bilen her bir bendesiniň kalbyna päklik, ruhy dünýäsine gözellik, ýüregine hyjuw-hyruç, bedenine güýç-gaýrat, serine täze pikirleri berip, nesibesine rysgal-döwlet paýlaýar. Allatagala bendelerimiň kalbam, kaddy-kamatam dünýä ýaly owadan bolsun diýip, owadan dünýäsini ynsan akly çatardan ajaýyp ýaradypdyr.OL her bir bendesiniň çagalygy, ýaşlygy,arzuw-hyýallary läle-reýhan ýazlar ýaly owadan, ýyldyrymly çagbalar ýaly göçgünli bolsun diýip läle-reýhan ýazlary,çasly jalalary, baranlary ýagdyrýar. OL aklyňa sygmajak, oýuňa-hyýalyňa gelmejek datlyja iýr-iýmişler, näzi-nygmatlar, dürli-dürli şirin-şeker miweler, müňde bir tagamly önümler bilen adam ogullarynyň ýaşaýşyny, ömrüni, dahanyny süýjetjek bolýar.OL bol rysgal-bereketli tomuslary, barly-baýlykly güýzleri bilen bendeleriniň rysgal-döwletli bolmaga ymtyl-magyny isleýär.OL her bir bendäniň kalbynyň,päli-pyglynyň päk bolmagyny isläp gözleriňi gamaşdyrýan ak garlaryny, ak ýagyşlaryny ýagdyrýar, her bir perzendiniň däli-mejnun bolup söýmegini isläp jadyly yşky bagş edipdir. OL dünýä getiren her bir perzendini enäniň ak süýdi, ak bugdaýyň ak nany bilen, ak gündizleriň mährinden, aýly gijeleriň muhabbetinden ine-gana gandyryp, her bendesiniň yşkdan-söýgüden, röwşen nurundan nur almagyny isleýär. Beýik Biribar her bir bendesiniň mährem, mähriban bolmagy üçin,uzyn gün Arşdan mähriban Güni bilen, zeminden nurana topragy bilen mähir berýär, nur berýär. OL adam ogullarynyň arzuw-hyýallarynyň gijeler asmanyň pyşyrdaşýan syrly ýyldyzlary ýaly syrly, tükeniksiz bolmagyny isleýär. Biribar ähli perişdeleri, jümle-jahanyň baýlyklaryny adam ogullarynyň gullugynda goýupdyr: Yrsgal-döwlet perişdesi yrsgal-döwlet, bagt perişdesi bagt,ylham perişdesi ylham paýlaýar, garasaý, beýik Biribaryň emri bilen tükeniksiz älemler,bikenar yşk-söýgi, düýpsiz mähir-muhabbet, bimöçber baýlyklar, tamam jümle-jahan adam ogullaryna hyzmat edýär. Biribar:

--Men sizi adam edip ýaradandyryn, ýagşy dünýäde ýagşyzada bola-weriň!—diýip, umyt edermiş. Emma bu ajaýyp asmanyň astynda,bu owadan zeminiň üstünde bolýan käbir zatlary gulakly bolup eşider, gözli bolup görer,ynsan bolup aklyňa sygdyrar ýaly däl! Hezreti pygamber Adam atanyň perzentleriniň käbir gaýyrýan işini göreninde hatda haýwan ýaly haýwanam utanyp tersine bakýar. Magtymguly içini gepledýär:

--Eý, Adam ogullary, biz pygamber nebereleri ahyry, bize hezreti Adam atamyz ýaly pygamber bolmak başartmaýan eken-dä, Allamyzyň isleý-şi ýaly ýagşyzada bolmak başartmaýan eken-dä, ADAM bir bolup bolar ahyry.

hhh

Nedir şa ençeme ýyllar daşary ýurt basybalyjylarynyň talap-tozduran Eýrany kuwwatly, baý, berkarar, abadan ýurda öwürmegiň ýoluny bilýärdi.Eýran ummasyz uly ýurt, ekmäge-tikmäge ýer tükeniksizdi.Diňe şyr takyrlary däl, baýyrlaram, källerem, dereleri, deştlerem ekip bildigiň bol hasyl berýärdi. Suwarmagyň geregi ýokdy, suwy asmandan Alla berip durdy.Er kändi, ýeriň eýelerem kändi. Emma hanjak garasaň ekilmän ýatan boş meýdanlar tozap ýatyrdy. Ekilmän ýatan ýerleri işlejege, ekjege, zähmet çekjege bermelidi.

Şahynşanyň perman çykaryp, ýüzlerçe ulamanyň, müňlerçe metjitleriň wakf mülkleriniň uly bölegini alyp, döwlet emlägine öwürip, ýersiz-suwsuz daýhanlara, garyp-gasarlara ömürlik kärendesine berip, müňlerçe-müňlerçe garamaýagy ýerli edip, halkyň göwnüni awlady. Ikinjiden, safa-wylar döwründe hülli-hülli edilip, döwletiň, halkyň depesine çykarylan ruhanylary ýerinde oturtdy. Ilaty kän, emma ekmäge ýeri az uly taýpalaryň ýersizlerini ekilmän ýatan ýerlere göçürip, ýerli etdi. Gumda-sährada, dagda-deştde ýetde-gütde güzeran görýän çarwalary-da ekilmän ýatan ýerlere getirip, ýerli-suwly edip, çomrulaşdyryp,olary çomry aň basgan-çagyna göterdi. Uly-uly tireleri-taýpalary güýjünden gaçyrdy, üstesine Eýranyň dürli dilli, dinli halklarynyň bir uly halka öwrülmegine ýol açdy. Şahynşa ýörite wekillerini ugradyp, ulug arbaplaryň, mülkdar-laryň ýüzlerçe ýyllap ekilmän ýatan ýerlerini diýen bahasyna satyn alyp, döwlet emlägine öwürip, olary ýüz müňlerçe ýersiz daýhanlara ömürlik kärendesine paýlatdy. Döwletmämmet Azadynyň diwanynda"Ýurtda el ýaly ýer ekilmän ýatan bolsa, oňa patyşa günäkärdir"diýen sözlerini bilýän ýaly, ol ýurtda boş ýatan ýer,ersiz daýhan goýmady.

Ýerli-suwly bolan ilat işleýärdi, gara garynja ýaly gije gündiz gars kakýardy, sebäbi garyp gurplanyp, daýhan baýap, baýlar genji-hazyna edin-ýärdi. Ekin ýeriň bahasy çaksyz gymmatlapdy. Halk baýasa ýurt baýaýar! Eýran kuwwatly döwlete öwrülip, şahynşanyň ady dillerde sena boldy.

Şahynşa mülküne el urlan ulamalaryň özüni ýigrenýänini, Ymam Sadygyň mezhebine geçmek islemeýänlerini bilýärdi. Eýran okumyş ýurtdy, mollasy-ahuny, ulamasy piri, mekdebi-medresesi kändi. Iki asyrlap safawylar şaýy ulamalaryny arzylap, sylaglap sarpalap, olara ak ýol açypdy. Netijede musulman ýurtlaryndaky şaýylardan ýüzlerçe-ýüzlerçe şaýy ulamalaram göçüp gelipdi. Watikan ýaly özbaşyna döwlet bolup oturan şol ulamalaryň, özbaşyna şäher bolup oturan metjit-medreseleriň ummasyz giň wakyf mülkleriniň alynmagy ruhanylaryň kalbynda şahynşaha elhenç ýigrenç döredipdi. Sebäbi olaryň birentegi gelmişekdi, olaryň mülki ýurdudy, mülki milletidi, mülki mezhebidi, mülki röwşen gelejegidi!

Şahynşa gyssanmaýardy, dessine bäşinji mezhebe geçiň diýip ruha-nylary-da, halky-da gyssama-ýardy, sebäbi ol towşany araba bilen kowalap tutýan şalardandy. Nedir şa mydama "Akylly awçy bir okda iki towşan urmany oňarsa, akylly şa bir okda üç towşany urmalydyr" diýmäni halaýardy. Islendik işe başlamazdan ozal, ondan geljek peýda, zyýana, netijä seredýärdi. Ýurtda jenjel-jeň mydama diýen ýaly mezhep zerarly bolýardy. Şaýylaram, sünnülerem şaýy-sünni jeňlerinden tükeniksiz pida berip, mezhep dawasyndan halys ýadapdy, emma barybir müň ýyllap şaýylaryň, sünnüleriň süňňüne guýlan ýigrenç, öç, gahar-gazap iki ummatyň arasynda ýalynly-ataşly gorp bolup ýatyrdy.

Eýranyň Gilýan, Töwriz, Mazenderan, Türkmensähra… ýaly welaýatla-rynda ýüpekçilik, pagtaçylyk ösendi. Soňky ýyllar Efrenç, ors, ermeni, jöhit, gürji söwdegärleri pile, pagta satyn almaga gelýärdi, pagtanyň, aýratynam pilänïň bahasy gaty galypdy. Halkyň arasynda "Bir döwletli myhman gelýär, oňa baý-da-beg-de, garyp-gasar-da öz oturan jaýyny berip, bala-çagasyna seretmeýänem arzyly myhmany bir kemsiz bakyp-bejerýär!" diýen jümle ýörginlidi. Ýaz pasly başlanyndan baý-garyp diýmän, han-beg diýmän her kim ýüpek gurçugyny tutýardy, tut bolsa kändi. Baýlar, gurply adamlar ýörite gurçuk saklar ýaly jaýlaram gurunýardy. Jaýlary kän ýonaçylaram agzybirlik bilen gurçuk saklap, ummasyz köp pile alýardylar. Pile gymmatdy, ol açlary doka, doklary baýa öwürip barýardy. Her bir öýde tara dokalýardy, ýüpek matanyň ýüze golaý, mahmalyň onlarça görnüşi öndürilýärdi. Ýüpek haly çitýänlerem kändi… Netijede, Eýran baýap Ýewropa ýüpege çolanýardy.

hhh

Mirhaýdar aganyň ýaşaýan jaýynyň arkasyna Kynyş beg dagy üýşüpdi. Garry öýüň ýokarsyndaky pürslere sarygarynja ýol eden eken. Mirhaýdar aga bilen Kynyş beg dagy ony ýok etmegiň pikirini edýärdi. Magtymguly bilen Janaman agalarynyň gürrüňine diň salýardy. Kynyş beg:

--Mir däde, sarygarynjalaryň pirine Kynyş beg al Attary diýýäler! Garaş, men bularyň üstüne ýag garynjalaryň leşgerini sürerin! Häý, işi-gaýdan janawerler ýanaşmaly kişisini bilmändir —diýdi. Olar arka tarapdan Çowdur hanyň geleninem duýman galdy. Salam-helik edildi.

--Mir dädemden gorkusyna apy-tupan-harasatlar Hajygowşandan sowlup geçýär, Kynyş begden gorkusyna derdi-belalarTürkmensährадan sowlup geçýär! Janaman, bar ýag bilen sapak getir—diýdi. Çowdur han:

--Kynyş beg, bularyň üstüne ýygyn dartmazyňdan ozal bir synag edeli. Mugan sährasynda Nediri şahynşa saýlap gelýärkäk, ýolda men Döwletmäm-met agamdan:"Nedir şa niçiksi şahynşa bolar"--diýip soradym.Ol:

"—Nedirguly dana, pähim-parasatly, ynsaply, ynanjaň, göwni gözünde, ýüregi aýasynda diýilýän türkanadan tutumy uly ýigit. Emma tylla tagt, tükeniksiz genji-hazyna, serhetsiz hökmürowanlyk men-men diýen şalary tagtynda aparýar. Şahynşanyň işi şowlap, ýoly rowaç bolsa halkynam, ýurdunam, döwletem düldüreder, emma ýurt bulaşyp, öz üstüne howp abansa, garnyna iňňe sanjylan şa sarygarynja öwrüläýmese biridir!.. --diýdi. Men şonda şa sarygarynjanyň garnyna iňňe sünjülse nähili bolýanyny çintgäp oturmadym, kethuda-da düşündirmedi. Janaman, keşde iňňe-de getir, synap göreliň! Kynyş beg, sen usullysyň, garynjalaryň şasyny tap---diýdi. Janaman:

--Şaaryny tapdygyň, jygasyny saňa alyp berýän Kynyş däde!—diýip, ýumşa ugrady. Çowdur han mylaýym ýylgyrdy. Işe çulum attar pyçagyny çykaryp, garynjanyň hinini gazyp ugrady. Sarygarynjalar täze göçüp gelen eken, şagarynjanyň ýerasty köşgi-galasy ötlem-ötlem bolsa-da, çuň däl eken. Pah-pah galasyna hüjüm edilen şagarynja bolmajysy boldy. Ol adaty garynjalardan ençe esse ullakandy, kellesi kiçi-di, pisse ýaly gabaraly garny bu gün-erte bolmaly çagasyndan doludy.Şa garynjanyň ozalky dogran san-sajaksyz çagalary—sarygarynjalar ibirt-de-zibirt, şasyna hyzmat edýärdi. Kynyş beg usul bilen şagarynjanyň garnyna keşde iňňäniň ýiti ujuny dürtüp aýyrdy. Ohow, oho-how! Onsoň boldy bir tomaşa! Janawer şagarynja guduz açyp, ýakynda dünýä inmeli çagalaryna kast edilenini ozalky dogran garynjalaryndan görüp, olary parçalap, gyran-jyran edip, pürreläp-paýhynlap barýar. Çowdur han "hä" diýip pikire batdy, Mirhaýdar aga, Magtymguly, Kynyş beg dagy bu wakany synlap haýran galdy. Çowdur han bolsa şa garynjada Nedir şahynşanyň gelejegini görýän ýaly başyny ýaýkady durdy. Dana han ýene sanalgy ýyldan Nedir şa öz halkyny şeýdip, gyran-jyrana salyp, öz ýurduny ýumurjakdygyna ynanyp bilmedi, emma ynanmaly bolar! Weli Döwletmämmet pir saman-sypal gep aýtmaýar.

Şol gün öýlänara Selim dädesi Magtymgulyny dükanyna çagyrdy. Magtymguly Kynyş beg bilen tirkeşip dükana ýöneldi.Olar dükana girip keçä çökdi. Selim zergär basyrylan çaýyny sarkyryp , inisine uzadyp, dünýäniň ýalpy-ýazy ýaly Kynyş bege çyny bilen:

--Kynyş beg, bi owadan dünýäni ýaratmak seniň kelläňe geldimi ýa Biribaryň?—diýip, henekdigi bildirmeýän henege başlady. Kynyş begem gaty çyny bilen gürledi:

--Selim däde, Hudaýym bilen arama çöp atjak bolma!

--Bütüki, zenan diýen milleti ýaratmak seniň kellaňe geldimi ýa Biriba-ryň?

--Selim däde, boýuňy menden satyn aljakmy ýa Şeker ýeňňem bilen it-de-pişik boljakmy?

Selim zergär tisginip, gapa seretdi, hum çäýnek göterip gelen aýalyna gözi düşeninden aljyran boldy.

--Kynyş begim, boýymy satyn alaýyn, kesiber bahaňy!

--Şeker gelneje, seniň gulagyň agyr bolanam allanäme,egsam Selim agamyň ýaňky aýdan sözüni eşidäýseň…oho-ho-ho!

--Näme diýdiň, ýüwürjim?—diýip, aga-iniň oýnuna düşbi Ogulşeker eje hakykatdan ker bolan boldy. Kynyş beg, Selim beg pakyrdy bolup gülüşdi, Magtymguly bolsa nurana ýylgyryp otyr. Selim aga Magtymguly ýonaçynyň ogly, Döwletmämmet kethudanyň doganydy. Ol gyrpa, gyzma, gaharjaň adamdy. Agasy kethuda bolmazyndan owal Selim beg ile sygmaýan nekgendeleri şarpyk bilen düzedip, ýola salyp goýbererdi. Emma Döwlet-mämmet pir ilki Hajygowşanyň, soňra tamam Türkmensähranyň kethudasy bolaly bäri, oňa sene-mene etmek, urmak, uruşmak bolmaýardy. Haýsydyr bir düpbozany uraýmaly bolanynda ol agyr haşlardy-da:

--Perişdeler, ýazyň meniň boýnuma bir sogaby! Hanha, tultuk suw bolaýmaly haramzadany uran däldirin—diýerdi.

Ogulşeker eje getiren çaýyny basyryp, boşan çäýnegi alyp gitdi. Selim Magtymguly çaýyndan bir owurt içip:

-- Magtymjan, men seniň islendik hatdatdan haty owadan ýazýanyňy, nepis-nepis surat çekýäniňi bilýän - diýip, Magtymgula dikan bakdy -- Sen maňa şägirt bolaýsaň näder?

Magtymguly ör-gökden geldi, hatda gözleri tegelenip gitdi, Selim zergär ony görmedikden boldy.

-- Bilýän, seniň wagtyň ýokdur…

-- Hakykatdan-da wagtym ýok, Selim däde…

-- Aý, zaňňar, menem şägirt tapman kösenip ýöremok. Seni şägirt tutunsam Ogulşeker ýeňňeň «Öz ogullaryň durka, Magtymgulyny şägirt tutunyp, seniň aklyň nirede?» diýip hoňňul-hoňňulam eder entek-- diýip, çyna berimsiz oýun edip güldi. -- Magtymjan, saňa okap-okap ýadanyňda kelläňi açmak üçin zergärlik ýaly bir kär gerek…

-- Men at münüp, türgenleşip kellämi açýan Selim däde.

-- Aý, zaňňar, görmeýämiň, gelnejem seniň tahýaňdan geýim-gejimiňe çenli doga-tumar daksa, Döwlet dädem bir ýerde uly işan-pir bolsa, äkidip aýlap ýör. Hudaý köp görmesin, sen gaty okumyş, ummasyz akylly! Biz seni ylym uraryndan gorkýas, Magtymjan. Atań seni aryf etjek bolýar, biz seniň ata çykyp, serdar bolmagyňy isleýäs. Emma kim hem bolsaň, hökman bir kesp-kär gerekdir ýigide. Aýdaly, ýene üç-dört ýyldan Yspyhan-Tähran diýip, Rum-Şam diýip, Hywa-Buhar diýip gidersiň okuwa. Ol ýerde saňa kelläňi açmaga atań teblehanasy ýokdur bedewleri kişňeşip duran, Atańyň bihasap pulam ýokdur sowup ýatmaga. Şeýle gerek? -- ol çaýyndan ýene bir owurtlap -- Eger zergär bolsaň, diwan-depderiň gapdaly bilen zergär şaý-esbaplaryňam alyp gidersiň, bolany. Wagt tapyp günde birki sagat düka-nynda gydyrdansaň, jübiň mydama pullyja bor, eliňem uzadan ýeriňe ýeter - diýdi -- Düşündiňmi?

Magtymguly uludan dem aldy, ol Selim dädesinden sypmak üçin:

-- Dädeme bir sala salaýyn, Selim däde -- diýdi.

-- Dädeň ikimiziň gelen netijämiz şol!

-- Onda başda şeý diýmeli ekeniň-dä Selim däde.

-- Aý, zaňňar, başda şeý diýenimde sen gümmi-sümmisiz hoş diýerdiň, maňa bolsa seniň zergärligi ýürekden söýüp, şägirt bolmagyň gerek. Töwerek-daşyňy synla, Magtymjan. Heý Perwerdigäriň ýaradan otunda-çöpünde, gülünde-çeçeginde, dagynda-düzünde, janly-jandarynda gözel däl närse barmy? Gurbany boldugym Ýaradanyň ýaradan ähli zatlary aklyňy haýran kylyjy, bendiwan ediji gözellik, kämil gözellik, syrly gözellik! -- Ol Magtymgula tarap boýnuny uzadyp, ýuwaşja -- Zergärem ýerde kämil gözelligiň Hudaýy - diýdi. Sesine birneme dabara berip: -- Özem bilip goý, keremli Allatagala ýaradan ähli gözellikleriniň şasy -- gyz-gelin-leri, päkize bedewleri bezemegem zergärlere bagş edendir…

Selim Magtymguly oňa bakyp nurana ýylgyrdy. Şeýlelikde, Magtymguly ýetginjekliginden başlap zergärlik kesbinem öwrenip başlady…

hhh

Magtymguly arzuwçyldy, hyýalbentdi, badyhowady, emma ýöntem-ýöne-keý däldi. Ýaş başyndan müňlerçe diwan okan ýigdekçe durmuşyň aýna däldigine bilýärdi, ol dünýäniň, durmuşyň düýbüne seredýärdi, oýlan-ýardy, akyl ýetirýärdi. Datly aşa ajy burçuň derkar bolşy ýaly, ýagşy dünýä ýamanlygam gerekdi. Sebäbi: pany dünýäniň maňzy baky dünýäde, barlygyň manysy ýoklukda, ömrüň manysy ölümde, baýlygyň manysy garyplykda, doklugyň manysy açlykda. Kesel, derdi-bela üstüňe abanyp durmasa saglygyň gadyry ýok. Ýamanlar ýagşy ýaşaýşy bulap ýörmese, ýagşylaryň ähmiýeti näme? Uruş-gowga bolmasa parahatlygyň arzysy kaýdan bolsun! Bu ajaýyp süýjüni ýaradan beýik Biribar, emma ýaşaýşy herekete getiriji Melgun! Ýaşaýşy aýlap-dolap ýören duran altyn-kümüş, baýlyk! Ot almak üçin daşy daşa urmaly, agajy agaja süýkemeli. Ýaşaýşyň süýjemegi üçin kesel, ömrüň süýjemegi üçin ölüm bilen ýüzbe-ýüz bolup görmeli. Möjegiň ysyny alyp durmasa goýunlar köpelmeýär. Daglar goduklamasa beýgelip bilmeýär, ýaşaýyş uruş-ewlarda gyrlyp hyjuwlanýar. Abadanlyk urşy, uruş abadanlygy dogurýar. Adam ogullary uruldygyça güýjeýär, kynçylyga uçradygyça akyllanýar, horlandygyça kämilleşýär, gyryldygyça köpelýär, ýaşamaga ýol berilmedigiçe ýaşaýyşa hyjuwy-hyrujy artýar... Gyş bolmadyk bolsa adamlar jaý gurmazdylar, dünýä ýalaňaç gelmedik bolanda mata-marlagam dokamazdylar, kesellemeseler melhemem agtarmazdylar. Aslynda mugt berlen dünýäde kim ýaşamak islär? Derýalaryň akmagy üçin onuň suwuna päsgel gerek, böwet gerek, bent gerek. Ýaby göni gazyp görüň, onuň suwy uzak akyp bilmeýär, sebäbi suw akmak üçin iki ýana bulanmaly. Ýaşaýyşam iki ýana çaýkanyp, geçmişden geljege akyp barýar. Adam pakyr möýüň kerebini derýa atyp duşmanyny awlaýar, möý adamyň toruny howa gurup, iýjek nesibesini awlaýar. Bularyň dünýäniň mizemez kanunydygyna ol ýigdekçekä akyl ýetirdi...

Magtymguly agyr oý-pikire batyp gelşine gynanýardy: sebäbi obanyň garyp-gasarlarynyň,pakyr-pukaralarynyň ählisi diýen ýaly örän gowy adamlardy. Belki, olar halys garyp düşeni, gallaç galany zerarly mejbury gowy adam bolandyr…Pislik, peslik,meslik,hebeslik, ýaramazlyk, azgynlyk adalatsyzlyk çyksa, baý-barly adamlarlardan çykýardy.Belki, baýlar,barly adamlar zandynda gowy adamlar bolup, olary soň baýlyk azdyrýan bolaýmasyn? Gowy adamlaryň kalby baý, ýaramazlar bolsa mala, hana-mana baý. Beýik Biribar näme diýip miwesiz daragtlara asmana ýetip duran boý,belent kaddy-kaamat, owadanlyk, ýüzlerçe-müňlerçe ýaş berip, miweli daragtlary bolsa ejiz, pessejik edip ýaradyp, sanalgy ýyl ömür beripdir? Näme diýip ýaramaz adamlar şagal-tilkiler ýaly köpelip, şir ýaly ýagşy adamlara birki çaga berilýär? Ýagşy adamlar, ýagşyzada ýaly adamlar jahanda az ýaşap, deýýuslar bolsa baky getirilen ýaly uzak-uzak ömür sürüp, dünýäni doýurman ölmeýärler?.. Magtymguly şu zatlara akyl ýetirjek bolup, dünýä näme üçin öz zyýanyna çapýarka diýip, soňsuz pikirlere gark bolýardy.

Ol ulaldygysaýy derdi-aladasam ulalýardy, gördügisaýy ýüregi ezilip, kalbynda adalatsyzlyga garşy pitne möwjeýärdi. Ol bu zatlaryň düýbüne-teýkaryna akyl ýetirip, hemmeleri gowy ýaşatmagyň alajyny agta-ryp, gije-gündiz kelle döwýärdi. Sebäbi eşek ýaly eşegiň ýüki ýeteninde hem gaty gidýär, hem gyldyrgan galyňlygyndaky pes ýoly saýlap bilýär. Akylly adam dünýäniň agyrdan agyr ýüküni gerdenine alyp, gyldyrganyň beýikligi ýalam bolsa beýiklige ymtylýar.

Magtymguly ýalan dünýäniň çyn, telper dünýäniň çuň, aýan dünýäniň pynhan ýerine barýar.

hhh

Ol dünýä-de, döwrüne-de, adam ogullaryna-da aşykdy, emma gaýnap duran ýaşaýşy synladygyça,öwrendigiçe gynanýardy, sebäbi... sebäbi hany dünýäde, durmuşda ýaşajak bolýan kişi? Hany ýaşajak bolýan adam?.. “Alha-al, berhä ber” dünýäde her kim aljak, berleninem aljak, berilmediginem aljak! Sebäbi beýik Biribar olaryň elini içine tarap goýupdyr! Her kimiň eliniň egrisi özüne! Her kim baý boljak,toplajak,maýa edinjek! Işläp aljak, talap aljak, gyrlyşyp aljak, garaz aljak! Her kim han boljak,şa boljak, soltan boljak! Ýeser kişiler geçmişe gidip Süleýman pygamberiň tükeniksiz genji-hazynasyny, gelejege gidip, geljekki soltanlaryň-şalaryň hazynasyny-depinesini, hany-manyny getirip duluna basjak! Her kim oglunyň-gyzynyň, agtyklarynyň-çowluklarynyň, ýuwluklarynyň-gowluk-larynyň sowurjagyny toplajak! Hamana her saba-säher rysgal-bereket paýlaýan perişde olaryň rysgal-döwletini paýla-majak ýaly…Bir çarwa dünýäniň ýaýlalary, bir çomra dünýäniň düzleri az görünýär. It ýaly it hem şu gün iki süňk tapsa,birini ertire gömýär! Ýogsam Isa pygamber janyny ýakyp “Er siziňki däl,siz ýeriňki” diýip gygyryp dur... Ýaşaýyş ýaşaýyş däl-de, baýlyk toplamakda ýaryş ýaly.Adam baýlyk üçin nebsini ýuwudýar, gara nebisem ahyry ýuwdarha aýlanyp günleriň bir güni onuň özüni ýuwudyp goýberýär. Bu soňsuz ýaryşa goşulan köplük, olaryň bir entegine asmandaky Alladan aýasyndaky altyn arzyly! Elbet-de, köplügi açgözlük-de, bedinebislikde aýyplap bolmaýar...

Saýa bolar bir mähtäje nan berseň,

Bir ajy doýurmak haçdyr ýaranla!

Ýüz ýyllyk tetärik(alapa—zapas) bäş günlük ömre,

Akyl eýläň, niçik işdir, ýaranlar!

Diýip, ol janyny ýakyp şygyr ýazýar, emma pygamberlere gulak gabartmadyk beşerler şahyry diňlärmi?!.. Magtymguly oýlanyp, pikirlenip onuň asylky sebäbini gözleýär. Sebäbi soňsuz uruşlarda, duýdansyz gelýän açlyklarda, ýowuz kesellerde gyrlyp göz gören adamlar ertesiniň aladasyny edýär! Erte, nämälim Erte näme boljak? Ertir näm boljagyny diňe Alla bilýär! Emma Alla diýýän kän, Alla ynanýan diýýän kän, emma ýürekden ynanýan az, metjitlere, ybadathanalara, buthanalara gatnap dini parzy bitirýän kän, emma ynanýan az!

Ilinden aýra düşen,

Ah urur, ili gözlär.

Ýolundan aýra düşen,

Jäht edip ýoly gözlär.

Gökde pelek gerdandyr,

Halk ýerde sergerdandyr,

Ne bazygär jahandyr,

Göz açan maly gözlär.

Kimlerde altyn täçdir,

Kimler saýyl mähtäçdir,

Kimler düýpden gallaçdyr,

Kim parça, haly gözlär.

Kim nan tapmaz iýmäge,

Kim ýer tapmaz goýmaga.

Kim don tapmaz geýmäge,

Kim tirme şaly gözlär.

Heňňam uzyn, ömür az,

Çahar pasla başdyr ýaz.

Gökde ganat ýaýan gaz,

Gark urar, köli gözlär.

Magtymguly, huş eýläp,

Gezgin didäň ýaş eýläp.

Däli köňül joş eýläp,

Ýüz müň hyýaly gözlär.

Magtymguly synlaýar,görýär, dokmädelerden gözleri açlar, kalby açlar köp. Sahawatly şalar-soltanlar jümle-jahanyň açlaryny-gallaçlaryny doýrup biler,emma ähli şalar-soltanlar jem bolup ýekeje garagy ajyň aç gözlerini doýrup bilmez! Hudaý ýaly Hudaýam kalby ajy,garagy ajy doýrup bilmeýär! Ýyllar geçer,Magtymguly janyny ýakyp ýazar:

…Er ýüzi doldurmaz gözüň hanasyn!…

Karun kimin näçe gaznaň köp bolsa.

Tüýs söýüp-söýlüp,lezzet alyp,kalbyňa ganat bagladyp,aýyş-eşret içre ýaşap ýörmeli dünýä! Emma hany ýaşamak isleýän kişi! Ýaşamak isleýän azlygam, dünýäniň baýlygyny toplamaga jan edýän köplüge goşulýar… Magtymgulynyň ýadyna dädesiniň gürrüň beren bir rowaýaty düşdi.

”Gadym-gadym zamanda bir beglerbegi bolupdyr, onuň köşke gaýra dur diýdirýän galasy,köşki-saraýy,sandyk-sandyk altyny-göwher-lagyly,dür-merjeni,hakygy-zümerredi bar eken.Onuň saýlap-seçip öýlenen periga-tanç aýaly, dereleriň şiri ýaly gerçek ogullary,owadan,asylzada gyzlary, bagtyýar döwletment agtyklary, ýaýlalarda agyp-dönüp ýören ýylkylary, goýunlary, sygyrlary bolupdyr.Onuň wepaly dostlary, göwnüniň küýseýän zadyny bitirip duran begleri daşyny gallaşyp duranmyş. Ol döwletli-döwranda ýaşap,ýaşy bir çene baryp, derdi köpelip ugraýar. Ol hemme çaga-laryny, ilen-çalanlaryny, dost-ýarlaryny çagyryp, köşküň içinde ähli baýlygyny,hany-manyny sergi edýär. Oňa hemmeler dykgat bilen gulak salýar.Beglerbegi öz ýüregi,şirin jany bilen gürleşip başlaýar:

“--Eý,şirin Janym, seniň jandan söýen söýgüli ýaryň ýanyňda delmirip dur, senden önen perzentlerim—ogullarym-gyzlarym daşyňy gallaşyp, agzyňdan gaçjak söze garaşýar,hanha wepaly dostlarym,hanha seni bütin ömrüňe bagtyýar eden sandyk-sandyk gyzyllaryň, göwher-lagyllaryň, hanha teblehanada göwün guşlaryň—gamyşgulak bedewleriň kişňeşip dur, hanha ýaýla doly mallaryň süri-süri agyp-dönüp ýör,hanha boz ekin meýdanlaryň bol rysgal-döwlet getirýär. Dünýä gelip ezizlän,söýen närseleriň ählisi seniň daşyňda! Ýeri, sen şulary taşlap niräk höwes eder sen?.”

Niräk höwes eder, niräk gider? Jan—ynsan ruhy-- Watanyna gider! Allatagala hezreti Adamy arşy-aglada ýaratdy ahyry! Adam atanyň bäş gün bagtyýar ýaşan uçmahy arşy-aglada ahyry! Gumy ýerden alynsa-da Adam oglunyň dogduk depesi asmanda ahyry! Şol sebäplem Adam ogullarynyň göwresi zeminde ýaşasa-da,göwni arşy aglada! Arşy agla bolsa begler-beginiň zeminde toplan baýlyklaryny äkidibem bolanok, derkaram ýok! Şol sebäplem ruh asmany, beden zemini-- hersi öz watanyny küýseýär! Adam ogly bolsa iki islegiň arasynda germesatan!..

Gije-gündiz söwer ogluny nazar ýaýlasyndan sypdyrmaýan janserek Arazgül eje-de, Nurjahan ene-de ýigdekçäniň bekemedik beýnisine aşa agram salmazlygynyň aladasyny edip, Kynyş begden inilerini bäş-on gün seýli-seýranda dynç aldyryp gelmegini haýyş etdiler.Kynyş bege bolsa o meselede haýyş gerek däl: onuň mydama göwni dagda-düzde, mydama-da Bozdumanyň guýrugy düwük. Ol Magtymgulynyň dükanynda ýaňrap,ony işden goýup oturan Janamana:

--Berebekgeýim, eliň boşmudyr?—diýip,kinaýaly sorady.

--Janamanyňmy? Janamanyň elem-dilem bir günde ýigrimi dört sagat, hepde-de ýedi gün, aýda dört hepde, ýylda üç ýüz altmyş bäş gün boş, Kynyş däde, şuny alyp gitseň serpaýyň menden!—Magtymguly jogap berdi.

--Haý, garagenjim,senem diňe kitap-diwan diýip ýatma, men siziň iki-ňizem entek görmedik jadyly ýeriňize äkideýin, hem däri-derman ot-çöpleri ýygnarys hem Allanyň ýaradan owadan, pynhan syrly dünýäsine zyýarat ederis -- diýdi. Magtymguly:

-- Ýaradanyň diwanyna diýsene, Kynyş däde - diýdi --Älemleriň iň kämil, iň owadan, iň ajaýyp, iň bir pynhan syrly diwany Allatagalanyň döreden dünýä atly diwanydyr.

Kynyş beg gözlerini höwlendirip, bir salym Magtymgula tiňkesini dikip ,soňam nurana ýylgyrdy, tebigata «Ýaradanyň diwany» diýmegiň öz kellesine gelmändigine haýran galdy, sebäbi ol dogup-döräp Ýaradynyň şol kitabynyň içindedi.

-- Ras aýtdyň, Magtymjan, Ýaradanyň kitabynyň içine gideris. Ol diwan pynhan-pynhan syrdan, adam nazary degmedik gözelliklerden, kerem-keramat-dan, gudratdan doly. Ynha, men bärden bardygym otlar-çöpler «Kynyş beg, men pylan derdiň melhemi, men pismidan derdiň derma-nydyryn!» diýip, gygyryşyp başlarlar. Bu sapar gurbany boldugym Gürgen derýasynyň agdarylyp-düňderilip Gürgen (Hazar-Kaspi&yacutewink deňzine guýýan ýerine gideris. Hazar ummanyny görseňiz, gursagyňyzda başga umman dörär…

Olar dördünji gün guşluklar kerwen gurup Gürgen derýasynyň Hazara guýup ýatan ýerine bardylar. O mahal Magtymguly on üç, Janaman on bäş ýaşyndady. Magtymguly uly-uly deňizler, ummanlar barada köp okapdy, suhanwerleriň, ahunlaryň- mollalaryň gürrüňini diňläpdi, emma aňyrsy-bärsi ýok, gözýetimsiz, bikenar Hazar deňzi Magtymgulynyň kalbyny sars-dyrdy. «Eger deňiz şeýle uly bolsa, umman dagy nähilikä?" diýip ol içinden pikir etdi. Janaman ikisi gaba agaçdan gaba agaja dulanyp, deňziň kenaryna golaýlaşdygysaýy oglanlaryň kalby heýjana gelýärdi, çünki deňziň içi süri-süri ak guwlardan, gazlardan, ýaşylbaş sonalardan, görülmedik gaýry guşlardan dolydy. Deňziň depesinde bolsa ganatlaryny ýaýyp, naýynjar çyrlaşyp, öz adyny aýdyşýan çarlaklar käte bir suwa özüni urup, aw edýärdi. Guşlaryň owazy aklyňy çaşyryp barýan simfo-niýady. Magtymguly bir gyrymsy agaja dulanyp, agdarylyp-düňderilip deňze guýup ýatan derýany-da, deňzi-de bendiwan bolup synlaýardy. Derýanyň, deňziň içindäki jowur ak guwlar, boýny birneme gyzylymtyl guwlar, gaýry guşlar ony haýran eýledi. Kynyş begiň ýekegöz dürbisi bilen guşlaryň uçmahyna öwrülen Gürgen deňzini, oňa ýykdarylyp ýatan Gürgen derýasyny synlady. Magtymguly şindi beýle owadan gözelligi görmändi, ol görüp, synlap doýup, göwnüni gandyryp bilmeýärdi. Gursagyňa sygmaýan bu gözellikler onuň üçin ýöne bir gözellik däldi, görer gözleriň aňyr-synda beýniniň bolşy ýaly, bu gözellikleriň aňyrsynda syrdan doly ylahy mekdep, dünýäniň manysy-maňyzy ýatyrdy. Başda Janamanam gözelliklere aşyk bolupdy, emma şol bir görnüş dessine ony ýadatdy. Ol Magtymgulynyň däli derýanyň perrendeleriniň guş bazaryna aňkaryp, galpyldap syn edişini görüp, oňa päsgel bermejek bolup goşa gaýtdy. Kynyş beg eýýäm atlaryň eýerlerini, düýeleriň howutlaryny aýryp, köne çatmanyň gapdalynda goýupdyr. Atlary, düýeleri derýanyň ýakasyndaky ota kowup, üç-dört ýyl mundan ozal ýasan çatmasynyň içini-daşyny süpüriş-dirip, goşlary ýerleşdirip, düşek ýazypdyr. Janaman töweregine garan-jaklady, hiç ýerde agasyna gözi düşmänsoň suw küýzesini, iki jürdegi derýanyň suwundan dolduryp geldi. Soňam tokaýdaky guran agaçlardan odun daşap başlady, sebäbi ol bu ýerde hiç bolman,dokuz-on gün boljaklaryny bilýärdi.

Magtymguly derýanyň kenarynda durup agyr pikire batdy: «Hanha, Gürgen derýasy Hazar deňzine guýup ýatyr! Honha ýaşaýyş derýasy gabrys-tanlara guýlup ýatyr! Derýa ummanlaryň goýnunda bugaryp, bulut bolup asmana göterilip, ýene zemine ýagyş bolup, gar bolup ýagar, ýene daglaryň başyna ýagar, ýene çeşme-çaýa, derýa öwrüler! Gabrystanlardan hem ynsan ruhlary asmana göterilip, bakylyga – ol dünýädäki Ylahy ýaşaýyşa goşular!..»

Ol «gara daşdan gara gyly saýlan» gara gözlerini alyslara dikip, deňziň aňyr kenaryny görjek boldy, emma ummanyň aňyr kenaryny görer-den algyr nazarlarynyň ejizdi. Dürbiledi. Gözýetimden aňyrda deňiz birhili beýgelip, soňam o kenaryny görkezmejek bolup peselýän ýalydy. Depesine mawy asman düňderilen umman onuň göwni ýaly bikenardy, biserhetdi, bimöçberdi. Magtymgulynyň göwnüne ullakan umman Gadymy dünýäden Magtymgula çenli uzap, tükeniksizligini güjeňläp owsunyp ýatyrdy. Ýigdekçe haýran: Allatagalanyň Wagtam tükeniksiz, älemlerem tükeniksiz, asmanam tükeniksiz, gelejege uzaýan ýyllaram tükeniksiz, tükeniksiz närse bolsa diňe Magtym-gulynyň däl, adamzadyň akyl-paýha-syna-da sygmaýardy. Ol öz ýanyndan:

—Eýse tükeniksizligiň aňyr serhedi ýokmy? Tükeniksizligem haýsy-dyr bir ýerde tükenmelidir ahyry? Başlanýan zat gutarman bilmez ahyry?—oýlandy, dürbini gözüne tutup alyslarda mawy tümlük bolup ýatan gözýetimi synlady. Birdenem ol özüne—Aý, akmak, her bir dünýä gelen Magtymguly ýaly kişi düşünip ýörse, ondan ylahy paýhas esasynda gurlan dünýä boljakmy?!—diýdi... Ol ummany dürbileýärdi: ak guwlar, jowur ak gazlar onuň gözüniň ýagyny iýip, kalbyny heýjana getirip, göwnüni bendiwan edip taşlady. Onuň göwnüne, häzir-häzir Bähri melike kenizlerini-- suw peri-lerini yzyna düşürip, mawy ummanyň goýnundan tyllaýy çägeli çaýlyma çykaýjak-çykaýjak ýalydy. Alyslardaky jowur ak bulutlar deňziň depesinden iýnip gelýän ýolkenli gämiler kibi deňze gonaýjak-gonaýjak bolýardy. Ol mawy asmandaky lemmer-lemmer bulutlary, gök ummanda ýüzüp ýören jowur ak guşlary synlap durka, kellesine birden Hudaý hem şol jowur ak bulutlaryň arasynda kalbyňa sygmaýan bu gözelligi synlap duran bolaýmasyn diýen pikir gelip, bölek-bölek lemmer-lemmer bulutlara içgin nazar aýlady… Hawa, Hudaý hem bolsaň goýny jowur ak guwlardan, gazlardan doly mawy deňziň gözelligi bendiwan edip biljekdi. Ol öz ýanyndan:

--Aklyňy çaşyryp barýan zyba gözellikleri ýaradan Alla, seniň kalbyňyň gözelligi dagy nähilekä?—diýdi. Ol owadan dünýä erk-ygty-ýaryny aldyryp --Dünýä, goýnuňa men geldim, sen bolsa meniň gelenimem bilmediň. Emma ki men saňa gelenimi bildirermen!—diýip, göçgünli gygyrdy. Ýyllar geçer, jümle-jahanyň ençe-ençe ýurtlaryny aýlanyp, dünýäni öwrenip, “altmyş alty deňiz-derýadan geçip, Hindi ummanynyň kenarynda aýaklaryny suwa sallap, mawy tükeniksizligi synlap, goşgy ýazar:

Üç essesi däli derýa,

Bir esse ýerde müň gowga,

Kim biler ki köne dünýä,

Ýa,Reb,niçe ýaşyndadyr?!

Häzir bolsa bikenar Hazar ummany Magtymgula albaý bulap, göçgün göwnüne telwas urduryp,pynhan syrly nämälimlik bolup, onuň kalbynda çaýkanýardy. Magtymguly:

--Eý, Allam, gudratyňa kaýyl, şu ajy ummandan süýji çagbalary ýaradar sen, şu köne ummandan ýaş ýagmyrlary ýaradar sen!—diýip, asmanyň astyna sygman çyrpynyp öwç urýan deňziň bugu-bulut bolup göge göterilip barýanyny synlaýardy. Ol entek “Bug bolup göterler ulug ummanlar” diýip ýazar häzir bolsa, beýik Biribaryň ullakan ummany joşduryp bal ýaly ýagyş-ýagmyrlary döredişine haýrana galýardy. Hawa-da, Biribar her dürli tymsal bilen dünýäň syrlaryny ýol açýar. Magtymguly gara gyşyň aňzagynda hatda şor kölleriň doňýanynam görüpdi, ony haýran edýän zat: kölüň harsaň buzuny tasa salyp eretseň, bal ýaly suw bolýardy. Diýmek, ajy ummanlar bugaryp ýa-da doňup süýji suwa öwrülýärdi.

Haka düýrmegi bilen berlen Magtymguly bu akyldan daşgary owadan dünýäniň deňzinde-derýasynda,dagyndan-düzünde beýik Allatagalanyň bimöçber yşkyny, mähir-muhabbetini, ruhuny, nuruny,kerem-keramatyny, gudratyny görýärdi, syzýardy, duýýardy. Eýse, ol garry atasy Magtymguly ýonaçydan miras galan eýerlerde atasynyň mährini, ýüreginiň goruny duýar-da, beýik Ýaradanyň ýaşaň diýip ýaradan ajaýyp dünýäsinde ýaşap Eýesiniň mährini duýmazmy, söýgüsini görmezmi?! Ol hatda beýik Biribaryň reňk saýlaýşyna-da haýrandy: gök asman, mawy umman, gara daglar, ynsanmeňiz nurana toprak, ýaşyl ýaýlalar, tokaýlar, tyllaýy Gün, göwher ýyldyzly owadan gara gijeler, bulgurlary müşki-enwerli dürli-dürli reňdar güller aňyrsynda beýik güýjüň, gudratly syryň ýatandygyny äşgär edýärdi.

Janaman çatmanyň ýanyna odun baryny üýşürip, tüňçeleri oda goýanynda Kynyş beg ýetip geldi. Onuň egninde ýaňyja ýylgyndan ýasan ok-ýaýy, elinde hamyndan çykarylan towşan, ýanynda ýalmanyp duran Aždary bardy. Işine çulum Kynyş beg eýýäm towşanyň iç-goşuny aýryp, derýada ýuwup gazana atybermeli edipdir. Aždaryňam agzy gandy, çaky olam aw edinen borly. Kynyş beg:

- Al, ýonaçynyň agtygy, dessine derini duzla - diýip, towşanyň hamyny Janamana oklady. Ol içýakgyç:

- Eýläýinemmi?... - diýdi. -- Hany, duz nirede?

- Päheý, seniň ýonaçy bolaýşyňy! Dünýäniň ilaty deňziň kenaryndan kerwen-kerwen duz alyp gidýäkä, ýonaçy bolup duz soramaň näme?

Towşanyň ysy janyňy alyp barýan datlyja börtmesi bişensoň, Janaman Magtymgulynyň aňyna-maňyna bakman, köne çatma alyp gaýtdy. Magtymguly:

-- Kynyş däde, Gürgen derýasyndan çümüp, Hazar deňzinden çykaýma-sam, göwnümde arman galar-- diýdi. Janaman çyna-berimsiz oýun bilen:

- Gürgenden çümüp Hazar deňzinden çykmasaňyz, Hazardan çümüp Häzirbegjandan çykmasaňyz--sizden ýonaçy bormy?-diýdi.

- Köpeý ogly, sen näme ýonaçy dälmi? - Kynyş aga çyny bilen Jana-mana çiňňerildi. Ol:

- Menmi? Men siz ýaly aýy ýa arslan görse, duztorbasyny alyp «durawer janawer, allanäme deriň bar eken, duzlap bereýin» diýip yzyndan ylgap ýören ýonaçy däl. Men häki sypaýy, sahypkyran ýonaçy! – diýip, güldi-de, nakyssyrap süýem barmagyny burnuna sokup dyrmalap başlady. Magtym-guly:

--Haýt, çykar barmagyňy! Beýniňi oýaryp dünýä iş borsuň!

--Oýarar ýaly beýni barmy bi pekgede! Ýöne bir ýerde hapaň bolsa çykar diý muňa! –diýip, Kynyş beg inisine tiňkesini dikdi.--Janaman,sen nädip beýle akmak bolduň-aý?

Ol ýüzüniň ugruna gepi Magtymgula kakdyryp:

--Okap-okap—diýdi. Magtymguly:

--Kynyş däde, Janaman hakyky akyldar! Akylly baýlaryň il gözüne köne-küşül geýim-gejim geýip,pukara ýaşap,uly baýlygyny bukuşy ýaly, Janamanjan düýpsiz pähim-paýhasyny akmaklygyň aşagynda bukýar! Mundan dana-dana gep eşitjek bolsaň ilki garnyny otarmalydyr!--diýdi. Janaman:

--Janaman han, akmagyň alty agasy bolýar, ýedisem ondan akylly, sekizisem oňa akyl berýär, dokuzysam ony oýnaýar,onusam oňa iş buýrýar—diýip, öýkelänini duýdurdy…

Olar tolkunlaryny pagşyldadyp ýatan deňziň ýakasynda aw etinden  nahar edindiler. Işdäsi gurat Janaman garnyny sypalap, gyşarmak isledi. Magtymguly:

--Janaman, tirsek uraryn diýseň, Kemerli dagyny getirip bereýin—diýip degsindi.

--Dag gaty bor, gowusy Gürgen deňzini iki epläp ýassyk edeýin… Pah, pah, Kynyş däde, heziller edip gara garny-ha gözedim! Şu  mahal maňa aňňyryp, agnar ýaly kül gerek-dä!

--Jork-batga näder?.. Indem sadagasy boldugym deňze suwa düşeliň!

--How-how, Jahan şanyň körekeni, Görogly soltanyň bajasy Kynyş dädem, gara gyşda hem suwa düşmek bormy?

-- Deňze gelip suwa düşmeseňiz,gelinalyjylap toý edip öýlenmedik ýaly borsuňyz! Sowuk bolanda näme, ojagyňyz içiňizdedir, suwdan çykyp ikiýana ylgaberseňiz hem janyňyz gönener, hem egniňizdäki balagyňyz gurar - diýip, ol suwa düşme meselesini çözdi. Magtymguly, Janaman, Kynyş aga deňziň kenaryna gelip, ellerini ýuwdular. Gürgen deňzi Bakylyk bolup pagşyldap ýatyrdy. Onuň suwundan dadyp gören Magtym-guly:

-- Beh, aklyňdan aýlanaýyn Allajan, deňziniň suwy porsamaz ýaly maza-ly duzlan eken-ä!—diýip, kinaýaly ýylgyrdy.

-Baý-baý öte duzlapdyr-ow! Ýonaçy däldigi bildirip dur. Kynyş däde, deňziň balyklaryny duzlaman bişirip iýibermelimi?..

Olar beýik gaýadan gözýetimsiz ummany synlap,göwün guşlaryny telwas urdurýardy. Hazar deňzi ylla aýnady, üç-dört aý bäri gyşyň sowugy zerar-ly goýnunda suwa düşen kişi bolmansoň, deňiz tolkunmany ýadyndan çykaran ýalydy.

--Kynyş däde, çüşşş, häzir ummanyň suwperisi meni görgeý, aşyk bolup, genji-hazynasyny alyp kenara çykar.

--Garaş, Janamanjan, belki, deňiz bile genji badawert geler!—diýip, Magtymguly ýylgyrdy.

--Belkem, alnyňa asmanyň göwher ýyldyzynyň biri gaçar!

Gürgen derýasynyň ýakasynda ese-boýa galan Magtymguly beýik gaýadan özüni dik başaşak oklady. Deňiz «o-o-o!» diýip, şatlanyp şowhun kyldy, şol dem ýylgyryşy ýüzüne halka-halka tolkun bolup ýaýrady. Yzyndan Janaman, soň Kynyş begem towusdy, dilsiz deňiz begen-jinden «O-o-o! Ýonaçylar!»diýip gygyryp şoh bolup suwlaryny asmana pürküp güldi!..

Garaňky gije Magtymguly aýna ýaly ummanyň kenarynda ýaşyp barýan Aýy synlaýar. Doluşyp barýan Aý ummanyň o başyndan Magtymgula çenli kümüşsow şuglasyndan paýandaz ýazyp, ony ýanyna çagyrýar. Her hili öwşün atýan paýandazdan ilki Magtymgulynyň nazary, yzyndan göwni, göwnüniň yzyndanam özi ýöräp gitdi…

Olar deňziň kenarynda ýedi gün boldular. Gürgen derýasynyň suwy bilen gidip deňizdenem çykyp gördüler. Deňziň ýalpak ýerlerinde suwa çümüp, suwasty deňiz otlaryndanam ýygnadylar. Kynyş aganyň görkezen derman ösümlikleriniň ençemesiniň tohumyndan, ençemesiniň kökünden halta-halta topladylar. Deňziň çäge kenarynda dürli guşlaryň san-sajaksyz höwürtge-lerindäki ýumurtgalaryndan hem ençeme suw kädisini doldur-dylar. Kynyş aga iki-üç düwlen awlap, ýörite gazanynda olaryň ýagyny eredip golça-golça ýagam aldy. Ýedi-sekiz gotan awlap olaryň ýagyndan ýedi-sekiz holtum hem doldurdy. Kynyş beg:

--Bek, belläň, dünýäde gotanyň ýagy ýaly ýiti ýag ýokdur. Ony küýzede, golçada, mis gapda, hatda çüýşe gapda-da saklap bolýan däldir. Syzyp daşyna çykaýýandyr. Gotanyň ýagyny diňe onuň öz hamynda saklap bolýar…

--Pynhan syram adam pakyr diňe öz hamynda saklap bilýär…eger hamy mazaly eýlenen bolsa…-- diýip, Magtymguly netije çykardy. Kynyş beg awlan gotanlarynyň holtumyny oglanlara ynanman özi duzlady… Olar halta-halta dermanlyk ot-çöpleri ýygnapdylar,emma Kynyş beg barybir azyrganýardy. Janaman:

-- Aly hezretleri Kaýsar şa, süýtli külçeler gutaryp barýar, indi oba köwlenäýsek näder? - diýdi.

-- Aç ölen türkmeniň mazaryny gördüňmi, garagenjim? Deňze gelip onuň gaýlaýşyny görmän gitmek bolmaz!

-- Deňiz haçan gaýlajakmyş?

--Gyssanmasaň ertir,gyssansaň birigün…

--Jahan şanyň körekeni,Görogly begiň bajasy Kynyş dädem, bol, onda meniň gulak düýbüme ýapyp goýber! Magtymguly, senem dessine maňa derek utanyp gyzaryp-bozar!—diýip, Janaman ýaňagyny şarpyga taýyn-lady.

--Begim,men seni näme diýip uraýyn?—Kynyş beg geň galdy.

--Ur diýlende uraýsana Kaýsar şahym! Allanäme çekge, çekip goýber ýagly şarpygy! Sen maňa urup-urup akyl berseňem zor boldugyňdyr!

Kynyş beg şindem gözüni ýumup duran Janamanyň ýaňagyna ýelmedi.

--Şondanam bir şarpyk bormaý! Heý şojagaz şarpyk bilen maňa akyl berip bilermiň? Ýaňadan ur, özem gözlerimden çykan ot, hiç bolman-da, Hazar deňzini otlasyn! Allajan maňa beýni goýan bolsa pyşbaga ýaly gyş ukusyndan oýansyn!—diýip, Janaman janykdy. Kynyş beg mölerip esli wagt durdy-da:

--Garyn etini iýdiňmi?—diýip sorady. Janaman baş atdy:

--Aýtmadymmy, uranyňa degýän pislik edendirin diýip.

--Baryny iýdiňmi?—Kynyş beg geň galdy.

--Hezreti şahynşahym,sen Allanyň mülküne girip,ördek-gaz,sülgün-käkilik awlamaga rugsat bermeseň,iniň seniň mülküne talaň salaýýandyr!..

Ertesi gün ümüş-tamyşda Magtymguly bilen Janaman gitdi deňziň ýakasyny syryp. Jahan ýagtyldygyça umman ulalyp, oglanlaryň şähdini açyp, göwünlerini ganatlandyryp, hyjuwyny-hyrujyny gylawlandyrýardy. Ürgün çägeli kenarda dürli-dürli guşlaryň höwürtgeleriniň sany-sajagy ýokdy. Eýýehaçan göge galyp naýynjar çyrlaşýan çarlaklar oglan-lardan höwürtgelerini gabanyp, olaryň üstüne gorka hüjüm edýärdiler. Öňden barýan Magtymguly bir öwrümden öwrüleninde gözlerine ynanman doňup galdy. Onuň ozalam ullakan gara gözlerinden ataş çabrap, haýýady göterildi. Garalyp ýatan myžžyk çäge kenarda onlarça-onlarça gazlar, guwlar, ýaşylbaş sonalar moýmudaklaşyp kä sagyna, kä soluna ýykylýardy. Janawerler sermest: gaçmanam, uçmanam, gorkmanam bilenok. Hanha, bir ýetginjek bolsa ak bulutlar-dan ýaradylan ýaly ak guwlaryň, gazlaryň kellesini jonnuk pyçagy bilen kesip ganaryna gapgarýar. Gahar-gazapdan garagy gapylyp gany depesine uran Magtymguly atylyp barşyna özünden üç-dört ýaş uly ýetginjegiň ýakasyndan ebşitläp:

--Eý iblis döli,bu janawerler Allanyň göze görünýän perişdeleri ahyry!—diýip, gulagynyň tözüne doňdurdy.—Eý,melgun,bu janawerler Allanyň yşkyndan ýaradan azyzlary ahyry! Bu janawerler mawy asmanyň, mawy ummanyň ýaraşygy ahyry! Bu janawerler jümle-jahanyň aýdymy-namasy ahyry! Bu janawerler külli adamzadyň köňül guşlary ahyry!—Magtymguly gazabyna bäs gelip bilmän,

sazanaklap-saňňyldap duran oglany ýene urjak boldy, emma saklandy, sebäbi ol kethudanyň ogly ahyry! Magtymguly ahyry! Ol gapyllykda üstüni basdyryp, aljyran oglany itiberip goýberdi, oglan entiräp-tentiräp ýykyldy. Bu pajygaly wakany gören Janamanyňam haýyady göterilip, ylgap gelşine ýetginjegi ýerinden galdyryp, çaşy oglana eýmenç nazaryny dikip, haýran galdy:

- Eý, eý, ýekeje şarpykda gözüň çaşaraýdymy? Häzir men seniň gözüňiň çaşysyny düzedip bereýin - diýip, sag golunyň tersi bilen oglanyň kempaý galan gulak düýbüne çekip goýberdi, oglan dogabitdi çaşydy. Bir gözi ýerinde, beýleki gözüniň garasy ýaňak jikgesine dykylyp durdy. Janaman onuň ebşidinden tutup, ýene gözlerine dikan seretdi.—Baý-bow, Allajan başdan seniň haramzada boljagyňy bilip gaty urupdyr-a! Birki şarpykda çaşyňy düzedip bolmaýar!-- Uruş-döwüş bolsa göhi gelýän Janaman oglany urup eýini çykardy, neresse arasynda aglap bir zatlar diýýärdi, emma «gulagyna gökleriň gümmürdisini dykan» Janaman ony nädip eşitsin? Magtymguly sermest guwlaryň birini gujagyna alyp, janaweriň ýüpekden näzik perlerini sypalap, hem guw, hem özüni köşeş-dirjek bolýardy. Gözgyny guwlaryň, gazlaryň moýmuldaşyp, sermest halda ýykylşyna onuň ýüregi awap:

--Allajan, perişdeleriňi gaýypda görünmez ýaly edip ýaradanyňam ýagşy zat, ýogsam iblisden bolan haramzadalar olaram paýhynlap pürre-lärdi!—diýip, hyrçyny dişledi. Goh-galmagala ýetip gelen Kynyş aganyň hem imany öçüp, gözleri tas hanasyndan çykypdy.Ol agzy-burny gan ýalan ganjygyňky ýaly çaşy oglanyň ýakasyndan ebşitläp:

--Eý, orramsy-ograşyň ogly, agta azgynyň agtygy, çöpdüýbi wenez-zynaň çowlugy, ýelem-ýüwlediň ýuwlugy, gurrumsagyň gowlugy, doňuzyň dogany, ýekcurunyň ýegeni!..—diýip, goluny göterdi, çaşy oglan gorkusyna tas çaşypdy:

-- Jan, agalar, men ýetim! Ejem-de ýok, dädem-de ýok, doganym-da ýok,garyn-daşym-da ýok - diýip, zaryn aglady. Kynyş beg iki ýana çaýkanyşyp, ýykylyşyp-sürüşip ýören her biri tokly ýaly guwlary, gazlary synlap:

-- Seniň ýaly doňuzda eje bormy, däde bormy, dogan-garyndaş bormy? Seniň özüňem bolmaly däl bu dünýäde! – diýip gygyrdy. Her hal onuň ýetim diýen sözüne ýüregi ýumşap, göteren goluny goýberdi.-- Eý,gurrumsak,bi janawerlerde näme kasdyň bar seniň!Heý sende ýürek diýlen zat bol-mazmy?

-- Agajan, men şulary satyp günümi görýän-dä… aç ölmejek bolup…

-- Bulary beýdip paýhynlap, ýaşaýýşy başyňa ýapjakmy sen! Gör-de, duruber, seniň el-aýagyňam şel bolar, garaklaryňam gapylar! Sen galan ömrüňe bazaryň gapysynda gedaý oturarsyň eger päli-pyglyňy düzet-meseň!…-- Kynyş aga awyly suwa ýatyrylan mekgejöwen dänelerini çöpläp -- Däligöjelä gaýnatdyňmy?—diýip sorady.

-- Ýok, çakjagunduza!

Kynyş aga, Janaman, çaşy oglan deňziň çäge kenaryna seçilen awyly mekgejöwenleri çöpleýärdi, Magtymguly bolsa ganardaky kellesi kesilen janawerleriň urunyp - urunyp, jan berşini synlap bagryny paralap oturşyna gujagyndaky guwy sypalaýardy.Günortana golaý gazlar, guwlar, ýaşylbaş sonalar awynyň täsirinden açylyp, mawy ummana garşy uçup gitdiler. Kynyş aga dagam kenara sepilen awyly mekgeleri ýygnap ýere gömdüler. Magtymguly Kynyş bege üm bilen çaşy oglany görkezdi:

--Kynyş däde, muny nädeli?

Janamanyň göhi geldi, ol:

--Pahaý, ýonaçy bolup berýän sowalyň näteňet? Hamyny al-da kowup goýber, halan ýerine gitsin!—diýdi. Çaşy oglanyň zähresi ýaryldy, bolsa-da Kynyş beg oňa:

-- Ýetim bolsaň, saňa hossar çykýan, iş tapyp berýän, emma mundan buýan otursaň-tursaň toba et - diýdi…

Olar üç kişä netlenen külçäni dört bolup iýdiler. Emma üç adamlyk çatma göwünler sygsa-da, dört göwre ýerleşjek däldi. Janaman oýlugyny egnine atyp ugrady. Kynyş beg geň galyp:

--Sen niräk?—diýip sorady. Janaman garalyp başlan murtuny sypa-lap, Gürgen derýasynyň sag tarapyndaky gugaryp ýatan harabalyga seretdi. Magtymguly:

--Oňarýaň Janaman, oňarýaň! Gurbany boldugym Halatnebi dagynyň daşyn-dan üç ýola aýlanyp, keramatly tümmeklere ýykyl, belki Allam saňa akyl beräýedi-dä—diýdi.

--Janaman han Jynly haraba gider! Öten agşam bir şaýly gelin düýşüme girip «Erte agşam gel, meniň owadan hüýr-peri baldyzym bar» diýdi.

--Bir kemiň şoldy-da! Garaş göherd-ä Hanharabadaky şaýly gelne öýlenip, Selim magtymyň hassahanasyndan çykypdy -- diýip,Kynyş beg güldi. Magtymguly:

--Arkaýyn gidiber,sende zeper tapar ýaly närse ýokdur!—diýdi.—Halat-nebi gonamynda ýatyp geläýseňem bolar.

--O Garaş göhert diýýäniň niräniň güjüjegi! Akgaňlar garadan-gaýtmaz Oguz hanyň gylyçgemren gerçegidir! Men dergazap bolup bir haýkyrsam Hindistanyň ajdarhalary çaga taşlaýar! Men gözlerimi çarhlap garasam, heleý geýimli garantgalar hamyla bolýar!..

Çaşy oglan Janamanyň bolşuna daşyndan gorkdy…

Magtymguly:

--Janamanyň hamyndan deprek ýasasaň, bu dünýädäki gümmürdisinden o dünýädäki ölüleriň zähresi ýarylar—diýdi.

Bolsada tebigat -- Ýaradanyň kitaby Kynyş begi ýalançy etmedi, ertesi gijäniň bir wagty turdy bir apy-tupan, gopdy bir harasat! Magtymguly bilen çaşy oglan ukudan syçrap galanda Kynyş aga äpet agajyň pürdelen sütünini çatma direg etjek bolup gara başyna gaýdy. Janamanam şaýly gelniň baldyzyna duşan bolmaly, galdyrap,galpyldap harabalykdan gaýdyp geldi. Magtymguly uçuryp barýan abyrsyz güýçli gara ýeli birinji gezek görýärdi. Asmany jaýryp-jaýryp ýyldyrym çakyp, gökler gümmür-däp, ýerler lerzana gelip çagba-da ýagyp başlady. Bir ýerde dag bolsa, deňiz bolsa entäp görmedigi görde galan Kynyş begem entek beýle kyýamat belany görmändi. Aždar ýaly aždaram gorkusyna çyňsap, çatma dykylyp janyna jaý tapmaýardy.Kynyş beg bu nägehan apat apy-tupany çaşy oglanyň düýnki etmişi üçin Allanyň gahar-gazabydyr öýtdi. Magtymguly möwç urup ýatan ummanyň golaýyna baryp, çugudyp synlamaga başlady:

--Ummanlar bikenar bolaýmaly, çünki dünýäniň ýaşaýşy şu umman-lardan başlanýar. Ummanlar bimöçber bolaýmaly,çünki uly-uly ummanlar apy-tupanly çagbalary, ýagyşlary, baranlary doguryar. Gara daglar bimöç-ber uly bolaýmaly, çünki äpet-äpet daglar derýalary,çeşme-çaýlary doguryar, derýalardyr çeşme-çaýlaram ýaşaýyşy döredýär—diýip, ol için-den oýlanýardy.—Tebigatyň baky aýlanyşygy!..Tebigatyň baky aýlanşy-gy esasynda ajaýyp ýaşaýyş pajarlaýar. Emma ýaşaýşyň depesinden garly-gaýly daglardaky Nuhuň apy-tupany bakyp ýatsa, ýeriň ýedi gat aşa-gyndaky dowzah aram-aram kükräp iru-giç owadan ýaşaýşa çykyp görmäni arzuwlap ýatyr…Hawa,ýaşaýşyň depesinde Nuhuň tupany, ýedi gat aşagynda pynhan howp bolup kyýamat ýatyr!..

Apy-tupan gitdigiçe güýjeýärdi. Bu mahal daň atan bolmalydy. Aýaklaryny ýere sallaşyp, sürlenişip gelýän lemmer-lemmer garamy, çalmy bulutlar burugsaýardy, gaýnaýardy, asyl asman deňze çöküp,deňiz göge göterlipdi. Bulutlaryň galyňlygyndan ýaňa asman bilen zemin tapyşypdy. Işine bek Kynyş aganyň diregiňem peýdasy bolmady. Çatma ahyry çagşap, weýran bolup her synasy bir ýana uçup gitdi…

Kynyş aga çatmanyň golaýyndaky gabadan ýaýbaň agajyň ykyşynda çugudyp otyrdy. Ýeriňden turup bilseň - ýol ýykjak! Deňziň golaýyndaky gyrymsy agaja dulanyp Magtymgulynyň howp-hatarly töwekgellik küýseýän kalby ýer bilen gögi gapyşdyryp taşlan apy-tupandan heýjana gelýärdi. Şabrap-şabrap ýagýan çagba-da keýpine keýp goşýardy. Birden onuň gözlerini gamaşdyryp çakan ýyldyrymyň howry ýüzüne çabrap, aýagynyň aşagynda ýer yranyp gitdi. Magtymgulynyň on-onki ädim öňýanynda mähnet ýyldyrymyň ýalaw ýaly tygy ýeriň gursagyna girdi. Çagbanyň suwlary ýyldyrymyň girip giden köweginde jazyrdaýan sesem eşdilen ýaly boldy. Lemmer-lemmer bulutlar deňziň depesinden hüjüm etse, garalyp ýatan ummandan göterilýän çalymtyl tolkunlar asmana hüjüm edýärdi. Hamana kyýamat gopduran apy-tupany deňiz asmandan, asman bolsa çyrpynyp ýatan deňizden görýän ýaly, mojukdan-mojuk owaz bilen uwlaşýardylar. Şaglap-şaglap ýagýan çagbada süllümbaý bolup, däli dünýäniň oýnuna tomaşa edýän Magtymguly ýerinden galyp, ýol degirmeniň peri ýaly uzyn gollaryny gerip, jümle-jahana bakyp gygyrýardy:

--Eý,däli dünýä, sen maňa arşy-kürsi lerzana getiren apy-tupanyňy ber! Sen maňa däli ummanlaryň ýer-gögüň arasynda çyrpynýan möwjüni ber! Sen mana kükräp-kükräp, gökleri gümmürdedip gelen ýyldyrymly çagba-laryňy ber, men olardan otly aýdym,datly aýdym ýaradaýyn!

Magtymgulynyň däli göwni göterilip, birdemde jalanyň-çagbanyň, gök gümmürdileriniň piri Burkut diwana öwrülip, bir pursatda apy-tupanyň piri Mirhaýdar diwana öwrülip, dünýäň depesinden çagba

bolup eňterilesi geldi…

Beýik Biribar şahyr etjek perzendi Magtymgulyny aklyňy çaşy-ryp barýan ajaýyp tebigatly Türkmensährada dünýä inderipdi. Mejnunyň sallançakda ýatan çagajykka Leýli gyza aşyk bolşy ýaly, Magtymguly çagalygyndan Türkmensähranyň uçmaha gaýra dur diýdirýän owadan baýyr-laryna,däli düzlerine, seri gowgaly daglaryna,aklyňy çaşyryp barýan ýazlaryna bendiwan bolupdy. Allanyň yşkyndan ýaradylan tebigat oňa jadyly husnyjemalyny, näzenin kaddy-kamatyny,ýalaňaç ýürejigini görkezip, ony söýüpdi, oňa özüni söýdüripdi…Hakyky şahyr diňe tebiga-tyň jadyly söýgüsinden döreýär, başga halda dörän şahyrlar uly şahyr, filosof şahyr,akyldar şahyr, beýik şahyr, genial şahyr,halk şahyry bolup biler,emma HAKYKY ŞAHYR bolup bilmez!

Uçuryp barýan abyrsyz ýolde ýapyrylyp, büküdip Magtymgulynyň ýanyna gelen Janaman gardaşynyň keýpi çag halda ummana gygyrýanyny görýärdi, emma sesini eşitmeýärdi. Gözýetimden aňyrda nähilidir bir güýç Gürgen deňzini ýorgan kakan ýaly kakýardy, silkeleýärdi. Hamana ol dünýäniň gujagynda ajap ýatan deňzi agdaryp, derdinden dynjak bolýan ýalydy. Gaba agajyň düýbünde çugudyp, dünýä syn edýän Kynyş begiň birden haýýady göçüp, imany öçdi. Ol aýylganç gygyryp, büküdip kenara tarap ylgady. Emma gara ýol, apat apy-tupan onuň owazyny agzyndan çykyp çykmanka alyp gidýärdi. Onuň eýmenç haýkylygyny dört günlük ýoldan aňyrda böwrüni diňläp oturan Nurjemal gelin eşidäýmese,oglanlaryň eşitjek gümany ýokdy. Bu mahal Magtymguly bilen Janaman ümüdikläp deňziň kenaryna baryp, iki-üç adam boýy gaýa bolup gelýän tolkun bilen garpyşypdy. Kynyş aga wagşyýana gygyryp, ähli güýjüni edip ylgady, emma boljak iş bolupdy, mähnet gaýa ýaly tolkun oglanlary uçuryp goýberdi, emma olaryň düşen ýeri näbellidi. Kynyş aga-da ylgady, emma tolkun yzyna gaýdanynda inileriniň ýokdugyny görüp, akly başyndan uçdy. Ol gaty ylgap deňze golaý baranynam, ölüm pellesiniň geleninem dik depe-sinden abanan wagşyýana janly gaýany göreninde duýdy, emma giçdi. Pahyr «bary gutardy!» diýip oýlanybam ýetişmänkä, tolkunyň ýoňsuz urgusy ony seňseledip, uçuryp goýberdi. Görgüli bu dünýä düşdümi, o dünýä düşdümi - belli däl! Amat pursatyň bolanyny bilen çaşy oglan ýeliň gujagynda ýolgamak bolup gaçdy gitdi. Elhenç-elhenç ýyldyrymlar çakyp, ýerler-gökler lerzana gelip, dünýä agdarylyp, düňderilýärdi. Her hal, Magtymgulynyňam, Janamanyňam Hudaý diýen ýeri bar eken. Äpet tolkun ala haşşyldy bolup yzyna gaýdanynda tolkundan sypyrylyp galan Magtymguly bilen Janaman emedekläp, dört aýak bolup kenara gaçdy. Olar seňseläp serlip ýatan Kynyş agany görüp, hersi bir golundan tutup süýräp gaçdylar. Şol zaman ah, urup nagra dartyp gelýän äpet tolkun awuny aldyran wagşy mahluk ýaly olary zarbasyna urup ýykdy, emma holtumyna dolap, özi bilen süpürip yzyna alyp gaýdyp bilmedi. Taryhdan aňyrdan gelen gorkunç mahluk ýaly umman gadym dünýäden haşşyldap gelşine ýene olara topuldy. Magtymguly bilen Janaman Kynyş begi howpsyz ýere getirip, ýaňaklaryny gursagyna goýup diňläp gördüler. Emma apy-tupanyň gohy-gowgasyndan başga dünýäde ses ýitipdi. Bir zamandan özüne gelip, aklyna aýlanan Kynyş beg durşuna gahar-gazaba öwrülip oglanlara haýkyrdy, gygyrdy, olary alyp gaýdan gününe lagnat okady…

Günortanlar apy-tupan köşeşip, ummanyňam jany aram tapyp başlady. Kynyş aga bolsa şindem inilerine gaharlanýardy, gygyrýardy, käýinýärdi. Apy-tupandan göwni galkan oglanlara oýun gerek! Magtymguly gözlerini höwlendirip:

--Eý, eý, Kynyş däde,sen gahardan-gazapdan ýaňa ulalyp-ulalyp Pil-mahmyda öwrülip barýaň-la! Aý-ho!Eý-ho! Sesiňem tamdyryň tüssesi ýaly burum-burum burugsap barýa-la!—diýdi. Janaman bolsa Kynyş begiň gaharyny böjetjek bolup öňünde maýmyn boldy. --Kynyş däde, lowlap ýanyp ýatan guýa girip gara döwüň genji-hazynasyny alyp gelýän…

--Magtymguly ýaly iniň barka…--Janaman Magtymgulynyň başlan sözlemini agzyndan kakyp aldy--Sülgünleriň-käkillikleriň sesini bükdürip kak, çişligiň tüssesini bükdürip sök edip oturan Janaman ýaly iniň barka, nämä gahar edýäň!—diýdi.—Kynyş däde,ýaňkyja apy-tupandan gorkup, sesiň gaçyp Semnandan çykaýdymy?..O çaşy gurrumsagyňam-a gümüni alyp ýok bolupdyr.

Kynyş beg garyljak sesi bilen:

-- O doňuz ogluny bazaryň derwezesi çekýändir - diýdi.—Ene bäş-alty ýyldan telpegini öňüne atyp oturandyr Gürgen bazarynda, eger neti-pälini düzläýmese…

Deňziň kenarlaryna aýlanan Kynyş begiň keýpi dag ýarýardy, çünki apy-tupanyň tolkunlary entek onuň ömründe görmedik otlaryny, balyk-gulaklary, gaýry närseleri çäge çaýlyma taşlap leýs edipdi. Kynyş beg olaryň arasyndanam geregini ýygnaşdyryp, iki günden soň düýeleri, atlary mas ýükläp nirdesiň Hajygowşan diýip ýola düşdi.

--Haý, dälibaş beglerim, göwnüňizde arman galdymy?

Magtymguly:

- Galdy, şol apy-tupanda Hazar deňzinde çümüp, Gürgen derýasyndan çykaýan bolsadym… - diýdi.

-- Allanäme… Göwnüňizde bir armanyň galany ýagşy, sadagasy boldu-gym bu sahawatly deňze ýene gelerimiz ýaly…

Magtymgulynyň keýpi galady, şähdi açykdy, sebäbi dünýäni agda-ryp-düňderen apy-tupan, gökleri gümmürdedip, ýyldyrymlaryny çakdyryp, kükräp-kükräp ýagan çasly jala, çaýkanyp ýatan Hazar ummany bilen onuň kalbyna girip, gursagynda çyrpynýardy…
Nedir şanyň göreni gulçulyk,uruş-gowga, harbylyk, gödek durmuş: onda daşyna ýag çalnan köşk edep-ekramy, edim-gylymy, sypaýy ýylmanaklyk, ýülmeklik ýokdy. Wezir-wekiller turuwbaşdan ony gündogar edähedi-ne görä wazaňladyp, magtap arşa göterip ugrady. Şahynşa bäş gün çydady, on gün çydady, asyl iş on ikinji derejä geçip,ähli gep-gürrüň şahyn-şanyň adatdan daşary belentligi baradady. Ol sypaýylyk bilen şahyn-şa-da bolsa özüni öwmeli, magtamaly, wasp etmeli däldigini düşündirdi. Gündogar şalary-soltanlary barada onlarça-onlarça diwan waraklan emeldarlar serpmeden gaýtdy: o nähili şahynşany magtamak bolmaýar? Müňlerçe ýyl bäri müňlerçe şalar ýaşap, şalyk sürüpdir, hemme zaman-larda hem wezir-wekiller şalary magtapdyr! O nädip Nedir şanyň wezir-wekilleri şasyny magtaman biler!.. Emeldarlar Nedir şa synaga salyp, sypaýylyk edip görýändir diýip kynam bolsa bäş-on gün garaşdylar. Emma şahynşanyň ýüregine diňe söýüp, tabyn bolup, ýaranyp baryp bolýar, köşkde iň ygtybarly orun şahynşanyň ýüregi! Şahynşanyň kalbyndan orun almak bolsa mertebe, baýlyk, hökmürowanlyk! Garasaý, ýeser wezir-wekiller ýuwaş-ýuwaşdan ýene ony magtap ugrady. Nedir şa eşitmezlige saldy. Nobatdaky köşk mejlisinde tapbiler ýeser wezirleriň biri soralan zady soňa goýup, wazaňladyp şahynşany magtap, wasp edip, öwüp durar ýerde durmady. Şaynşa ähmiýet bermedik boldy,sebäbi ol hemişe-de uçuryp atýardy. Birinji wezirden kem galmajak bolup ikinji wezirem sözlerine bal çalyp,şahynşany arşa göterip, ýagşyzadalaşdyryp, Hudaýyň dere-jesine çykardy…

Ertesi şahynşa ýalňyz çagy iki weziri dergähe çagyrdy, olar baş egip, tagzym kylyp sandyrap, saňňyldap onuň gaşyna bardy.

--Siz türkmen gerek?

--Hawa, türkmen kyblaýy älemim?

Nedir şa goltugyndan iki sany towuk ýumurtgasyny çykaryp, birinji wezire berdi:

--Pylan wezir, sen o tükini götermäge endik eden bolsaň, häzirlikçe şu iki ýumurtgany göteriber!—diýdi. Beýle gödek, emma jaýdar söze garaşmadyk wezir gyzaryp-bozaryp tas çaşypdy. Şahynşa ikinji wezire-de algyr nazaryny dikdi.—Siz meni heleý diýip eşitdiňizmi? Siz meni gyz-gelin diýip eşitdiňizmi? ÝA men gyz-gelinleri wasp edip näme edilýänini bilmeýänmidirin? ÝA meni arşa göterip, götümi görjek bolýa-ňyzmy?…—Ikinji wezir agaç ýaly duran ýerinde gurady, dem salymda jesede öwrüldi, reňňi-roýy sap-sary bolup dyrnaklary gögerdi. -- Ýene bir ýola meni magtap, ýaranjaňlyk etseňiz ikiňiziň sakgalyňyza-da syrtymy süpürerin… kelläňizi elime alyp! Eşitdiňizmi? —diýdi. Elhenç jümle köşgi sarsdyrdy. Bir wezir gorksa-da Nedir şanyň hajatyny bitirip, ikinji sakallak weziriň ýeňsesinden tutup, syrtyny süpürişini göz öňüne getirdi Dessine-de:

--Kyblaýy älemim, kellämizi özüňiz aljakmy ýa mejimä salyp eltip berelimi?—diýdi. Nedir şa gulagynyň eşidýän sözlerine ynanyp bilmän gözlerini petredip, diýere söz tapman seretdi durdy. Diri jesetleriň sazanak-laşyp durşuna dözmänem, gidiberiň diýdi. Olar yra-dara ýöräp köşkden çykdylar. Nedir şa olary gaty gorkandyr öýdýärdi, emma ol entek gorkmagyň, sandyrap, saňňyldamagyň hem gündogar ýaranjaňlygynyň bir görnüşidigini bilenokdy…

Ertesi Muhammet Türkmen mys-mys ýylgyrýar. Nedir şa onuň bukuly gözlerine seredip:

--Nämä ýyrzaýyp otyrsyň bişirilen goýun kellesi ýaly?—diýdi.

--Pylan weziriň sakgalyna nemäňi süpürşiňi göz öňüne getirýän…

--Sen ony eýýäm nireden eşitdiň?

--Päheý şahynşahym, ol iki wezir "Şahynşahymyz bize şeý diýdi" diýip, görenine gürrüň berip, buýsançdan ýaňa ýer bilen gögüň arasynda uçup ýör. Maňa düýn aýdyp berdiler.

Nedir şa ýakasyny tutdy, özi bilmezden toba esssagpyralla diýdi. Bu gödek jümleler ýyldyrym çaltlygynda ähli welaýata ýaýrady. Halk Nedi-riň hakyky halk şahynşasydygyna ynandy… Emma Gündogar Gündogar bolýar! Gündogar mertligiň, ynsabyň, päkligiň simwoly, şol bir wagtda adatdan daşary namartlygyňam, hapalygyňam, heleýligiňem, ýaranjaň-lygyňam görülip eşidilmedik derejä ýeten ýklymy! Entek Nedir şa nädip, nireden, neneňsi gelenini duýman galar: ýaranjaňlar öwlady ony öz köşgünde basyp alyp, ýaşy giden owadan jelebiň wazaňa, waspa, öwgä, maýyl bolşy ýaly, waspa garaşyp oturan şahynşaha öwrüp taşlarlar. Şahynşaha syrtyny süpürmäge günde üç kelle geregem bolsa, sakgalyny ýuwup-ardan emeldarlar kellelerini mejimä salyp meýletin eltip berer-ler!.. Nedir şahynşa kimmiş, ýaranjaňlaryň alnynda durar ýaly! Heý köşk emeldarlary beýik Nedir şany halka berermi!

hhh

Günlerde bir gün Döwletmämmet aga Magtymgulyny gözläp, oglunyň jaýyna girdi. Ony bolsa ýaňyja bir iş bilen Janaman alyp gidipdi. Kethuda golaýa baryp, oglunyň okaýan kitaplaryna nazar aýlady, dik duran ýerinde sünnä ýazylan kagyza göz gezdirdi. Kagyz onuň ünsüni çekdi, ol oturyp entek syýasy goşgynyň birki bendini okap gördi. Ol Magtymgulynyň goşgy ýazýanyny aňýardy, sebäbi adaty adam derejesinden göterilip, özüne sygmaýan adamlaryň ählisi diýen ýaly goşgy ýazýar. Döwletmämmet pir ymykly oturyp goşgyny okap ugrady, goşgynyň wakasy onuň aňynda janlandy:

Hanha, al asmanda bir kepderi dünýäniň keýpini-sapasyny görüp, agyp-dönüp uçup ýör, birden ýaýyň oky bolup gelýän laçyn guşy görýär. Kepderi gaçýar, laçyn ala şuwwuldy bolup kowýar. Heý, laçyn guş awuny sypdyrarmy? Biçäre kepderini şum ajal ýetip barýar. Janam bir şirin närse, janawer janhowluna howalanyp duran metjide girip gidýär. Metjitde bolsa arkasyny mähraba berip, külli musulmanyň şahymer-dany, Allanyň şiri hezreti Aly sahabalara wagz edip otyr. Kepderi Alynyň alnynda gonup, ynsan dilinde salam berip, arzy-halynyny aýdyp başlaýar.

Sen-sen dinim-imanym,

Saňa gurban bu janym,

Pylan ýerde äşýanym,

Ýaş çagam bar ýa Aly!

Aly Murtuza onuň pajygaly ahwalyny diňläp, kepderini ýeňine salýar, şol mahal algyr laçynam gelşine metjide girip, hezreti Alynyň gaşyna gonýar. Ulug-kiçik sahabalar bu waka haýran galyp seredip otyrlar. Laçy-nam ynsan dilinde sözläp başlaýar:

Dermendeýem, mähtäjem,

Şermendeýem, gallajam,

Şu gün üç gündir ajam,

Awym bergil, ýa, Aly!

Şiri-Perwerdigär Ganbara hanjar getirdýär. Laçynam, sahabalaram haýran galyp hezreti Alynyň etjek bolýan işine garaşýar. Aly ýalaw ýaly hanjary mübärek gollaryna alýar.

Görüň indi ne kyla,

Istär ol -- kerem kyla,

Laçyn diýdi Alyga:

« - Siz nädersiz hanjary!»

Hezreti Aly: - Eý, laçyn, men Haýdaram,

Sahyby-lutfy kerem,

Öz budumdan et berem,

Sen dileme kepderi!

-- diýip, budunyň ýumry ýerinden hanjary saljak bolýar, şol pursat laçyn ganaty bilen onuň mübärek gollaryny saklap:

Laçyn saýmaňlar meni,

Kepder diýmäňler ony,

Synamak üçin seni,

Gelipdik siziň sary!

diýip, hezreti Ala tagzym kylyp, kepderi bilen laçyn uçup metjit-den çykyp gidýär.

Dädesi uzyn goşgyny öwran-öwran okady, onuň kalbyna buýsanç ýaýra-dy, üstesine-de gaty geň galdy. Döwletmämmet aganyň özem uly şahyr, uly-uly şahyrlar bilen hem gatnaşykdady, okamadyk kitaby-diwany ýokdy. Emma ol şeýle tebigy hem ýönekeýden şirin dilde goşgy ýazylşyna ilkinji gezek gabat gelýärdi. Türki dilli edebiýatyň taryhynda ol entek beýle goşgy ýazylanyny görmändi. Şahyrlar ylmy türki dilde goşgy ýazýardylar,çünki goşgy alymlar, akyldarlar, ylymly adamlar üçin ýazylýardy. Türki ylmy dile bolsa türkmeniň, özbegiň, gazagyň-garagalpagyň, osmanlynyň-gyrgyzyň, häzirbegjanyň-tataryň alymlary, aryflary, akyldarlary, sowatly adamlary düşünýärdi. Umuman, ylmyň, goşgynyň, kyssanyň umumy türki dili bardy. Emma Magtymgulynyň bu goşgusyna gaýry ýurtly alymlar, aryflar düşünip biljek däldi. Goşgy türkmen halk dilinde ýazylypdy.Durşuna owazdan, dana pähim-paýhasdan çeşme-çaý ýaly akyp barýan şygry Döwletmämmet aga ýene bir ýola okady, şol mahal otaga Magtymguly girdi, ol dädesiniň ýaňy ýazan goşgusyny okap oturanyny görüp, gaty utanyp yzyna ýöneldi, emma oglunyň gelenini duýan Döwletmämmet aga ýeňsesine öwrülip, ony ýanyna çagyrdy. Ol mahal Magtymguly ýaňy on dört ýaşyny dolduryp, ýaňy sesi gor-gor bozulyp ugran oglandy. Dädesi uýalyp, başyny aşak salyp duran ogluna mähriban nazaryny aýlap, sowal berdi:

- Oglum, haçan ýazdyň muny?

- Ýaňy.

- Başga-da ýazan goşgyň, gazalyň barmy? -- Magtymguly baş atdy. -- Hany olar?

- Ýyrtdym…

- Näme diýip ýyrtdyň?

- Däde, men aryf bolmak isleýän…

- Aryflaram goşgy ýazýar, aryflaram şahyr bolýar.

- Howa, emma hemme şahyr aryf bolup bilmeýär-dä.

- Bi rowaýaty nireden eşitdiň?

- Öz serime geldi, däde?

- Gaty gowy, gaty gowy. Emma mundan buýan näme ýazsaň ýyrtmagyn, eşit-diňmi?

Oglan uýalyp, başyny aşak salyp durşuna kelam agyz söz diýmedi. Emma Magtymguly «Gökje kepderi» atly şol goşgusy bilen dünýä diýmeli sözüni diýipdi. Şol goşgy bilen türki halklaryň dünýäsinde halk dilinde ýazylýan dünýewi halk goşgularynyň eýýamy başlapdy. Döwletmämmet aga buýsanç bilen ogluny synlady-da:

-- Oglum, indiki çarşenbede Bagdada gideris, sadagasy boldugym, hezreti Haali Zaman Kaýseri pirden ak pata almaga. Gaýdyşyn, nesip bolsa, Yspyhany-da göreris. Taýynlyk görüber --diýip, otagdan çykdy. Garaşylmadyk habardan ýaňa Magtymgulynyň çyragly gözleri ýşyrap, ýüzüne ýyldyrymyň ýalkymy ýaly şatlyk çabyrady. Onuň ruhy galkyjak-lap, göwni al-asmanda telwas eýledi! Gör-ha, Magtymguly dädesi bilen ýene iki aý ýoldaş bolar. Gije-de, gündiz-de! Magtymguly iki aýlap dädesi bilen söhbetdeş bolar! Iki aýda dädesi Döwletmämmet aga oňa kyrk ýylda aljak akyl-paýhasyny, parasadyny berer! Iki aýlap Magtymguly ýalan dünýäden çykyp, kerem-keramatly dünýä gider! Haali Zaman Kaýseri pir ýedi yklymyň keramatly ulug piri. Üstesine onuň dädesi hem keramatly, diýmek ol iki aýlap ýalan dünýäden arany açyp, keramatly dädesi bilen ýoldaş bolup, keramatly, gudratly piriň dergähine barýar. Döwletmämmet aga gökleňiň, ýemudyň kethudasy bolansoň, bir gün ol obadan, bir gün bu şäherden çykmaly bolýardy. Ol iliň kethudasydy, welaýatyň adyndan dini hadymlaryň mejlislerine, şa maslahatlaryna gidýärdi. Garaz, Magtym-gula dädesi bilen söhbet etmek seýrek miýesser edýärdi. Onsoňam ilkinji gezek Bagdada gidenlerinde Haali Zaman Kaýseri pire duşup, haýyr pata-syny alyp bilmänine puşeýman edip ýördi. Ynha,indi ol nesip bolsa beýik piriň ak patasyny alar. Belki, oňa ýene Gaýtar galasynyň haraba-çylygyndan çykyp, sallanyp, seýkin basyp sahypjemal Dürjemal gyz görüner! Eýse, ol gyz hem keramatlymyka? Meger, keramatlydyr, Allanyň azyzlanydyr, ýogsa heý bir ýarym ýyl ozal ölüp ystyhana öwrülen şehit gyz jana gelip, direleriň günäden doly dünýäsine gelip bilermi? Allanyň eradasy bilen Dürjemal gyz o dünýäden çykyp, bu dünýäniň işine garyşýar ahyry… Dürjemal kakasyna, agasyna, Argamak obasynyň ymamyna-da duşup bilerdi ahyry! Emma ol Biribaryň gudraty-güýji bilen Döwlet-mämmet aga, Magtymgula duşýar!.. Birden Magtymgulynyň aňynda «men hem keramatly bolaýmaýyn?» diýen pikir ýşyrap gitdi. Ol pikir-oýundan utanyp toba etdi. Emma Hudaý halasa Magtymguly ylym-bilimden, pähim-parasatdan ýüküni tutup, Hakyň ýoluna düşüp, ömrüni keramatly ýola bagş eder! Adam oglunyň beýnisi hem açylmadyk dünýä, Magtymguly diňe Bagdady, Yspyhany däl, gatlak-gatlak daglar ýaly beýnisiniň täzeden täze gatlagyny açar! Adam oglunyň kalby hem tükeniksiz älemler ýaly açylmadyk älem. Magtymguly iki aýlap çöl-beýewanda, sährada-tokaýda gören gözelliklerini kalbynda ýerleşdirer, täze dünýäni açar.

Çarşenbe gününiň daňdanlar Döwletmämmet aga, Kynyş beg, Magtym-guly dagy atlanyp ýola düşdi. Ertesi agşamara bolsa Gaýtar galasynyň harabaçylygyna bardylar, emma Magtymgulynyň arzuwy haýyp, lapy keç boldy. Görmegeý gyz Dürjemal o dünýäden sallanyp-seýkin basyp bu dünýä gelmedi. Olar şehit gyzyň guburyna golaý ýerde düşlediler.Naçaryň mazarynyň başynda Döwletmämmet pir aýat-doga okady. Gijäni şol ýerde geçirip gara daňdanam ýola düşdüler.

Ýol uzak, günler gysga, dünýä giň, adam pahyr dar, ömür sanalgy, wagtyň bolsa hasaby ýok. Olar at ýanaşdyryp Deşti-Kebir çölüstanynyň içi bilen barýardy. Döwletmämmet aga Magtymgulyny ikinji gezek Bagdada Haali Zaman Kaýseri piriňkä, Kynyş aga bolsa entek adam aýagy sekmedik çölüstanyň jümmüşine aralaşyp, däri-derman ösümlikleri ýygnamaga ugrapdy. Ýaş oglan soňsuz oý-pikirlerinden, şol bir tukat, gamgyn görnüşi bilen gursagyňa perişanlyk salýan ymgyr çöl-beýewandan ýadap:

-- Hudaýym, bi tükeniksiz çöl-beýewanyny näme diýip ýaratdyka? - diýip, töweregine ser saldy. Pah-pah, dymyşlyga sygman gelýän Kynyş beg gürlemäge zerar tapylanyna hoş bolup:

-- Päheý, garagenjim, sandyk-sandyk diwan waraklap, şony-da bilme-ýämiň? Bilmeseň,diňle aýdyp berberin: Hudaýjan bir gün atan-satan, büdür-südür, egri-bugry, Janamanjan ýaly, tagaşyksyz bir janaweri--düýäni ýaradyp, ony daga-derä goýberip görüpdir, ýöräp bilenok, ýumşajyk dabanyna daş çümýär. Düzlüge-ýaýla goýberip görüpdir, ýagyş ýagyp, ýerler taýga bolsa, taýyp çaty aýrylaýýar. Ine, onsoň şol janawerler üçin suwsuz-sölsiz iňläp ýatan çölleri ýaradypdyr gurbany boldugym Biribar-- diýip, öz sözüne hoş bolup güldi. Gamçysy bilen yzyna tirkelen düýeleri Magtymgula görkezip -- Synla, çölüstanyň jümmüşine aralaşdygymyzça, atasy öýünden gelýän gaýtarmalar ýaly keýpleri çaglanýandyr.

Döwletmämmet aga inisiniň pikir ýöredişine hoş bolup ýylgyrdy.

-- Oglum, Perwerdigäriň çöl-beýewany näme diýip ýaradanyny-ha biljek däl, ýöne bir zady welin aýan: adam çölüstanda dünýä bilen, özi bilen, ölüm bilen ýüzbe-ýüz bolýar. Iňläp ýatan çölüstan hatda akmaklaram oý-pikire batyryp, akyldarlary bolsa pikir ummanyna gark edýär. Meger şondandyr, pygamberlerimiziň ählisi diýen ýaly çöl-sährada dünýä gelip, jebri-jepaly çölüstanda ejir çekip, çöl-beýewanda pygamberlige göterilipdir - diýdi. -- Çöl diýeniň keramatly ýerdir…

--Men bir zady takyk bilýän: çölüň-sähranyň ot-çöpüniň däri-derman-lygy-ha gaty güýçli - diýip, Kynyş beg üzeňňä galyp, sag goluny gözle-rine kölege edip, alyslara nazar saldy. -- Goşa guýa ýetiberipdiris…

Goşa guýy kerwen ýolunda menzilhana bolany üçin, gyşda gardan-gaýdan, tomusda yssydan, ýolden goranar ýaly taşaly-tamlydy. Kerwen düşleginiň ilersinde bir guýy bardy, ylla suwy ylla çeşmäniň suwy ýaly süýjüdi, gaýrasyndakynyň suwy şeýlebir ajydy, hatda düýelerem ýüzüni kürşerdip, tumşugyny talawladyp, zordan içýärdi. Ýogsa guýylaryň arasy kyrk-elli ädimem ýok. Döwletämmet aga içi iýer-içerli horjunlary alyp, bassyrmanyň kölegesine bardy. Magtymguly süýji suwly guýynyň kiçi-jek gowasyny guduga goýberip, suw çykaryp, dädesine ýuwunar ýaly suw akydyp berdi, çaýjoşy, jürdegi, meşikleri doldurdy. Kynyş aga bolsa işe werziş inerine ajy guýynyň çarhynyň urganyny daňyp:

-- Haýt, git janawer! - diýdi. Guýudan suw çykarmaga öwrennekli düýe tä eýesiniň sesi çykýança mytdyldap ugrady. Ahyry Kynyş beg «Haýt, jana-wer, saklan!» diýip gygyrdy. Ol guýynyň agzyna golaýlan gowanyň erňe-ginden bir eli bilen ýapyşyp, beýleki goluny uzadanda Magtymguly «Kynyş däde, ýylan!» diýip jynssyz gygyrdy, emma giçdi. Guýynyň gowasyna dolaşyp çykan ýylan Kynyş begiň aýasyndan şatladyp aldy, emma ol çakmaly kişisini ýalňyşypdy. Jyn ýaly çalasyn Kynyş beg bir eli bilen ýylanyň bokurdagyndan, beýleki eli bilen bilinden tutup, pilsapy ýaly ýogyn maryň ýagyrnysyndan üç ýola agyz urup, oňurgasyny syndyryp, agzy ganly jerhetden dolýança dişläp, soňam ony eliniň tersi bilen itiniň öňüne zyňyp goýberdi. Meýdanda ýabany gezýän adamlar «ýylan çakan badyna onuň arkasyndan üç ýola dişläp bilseň ýylanyň zäheri ýöremeýär…” diýip ynanýardylar. Ol hakykatdanam şeýledi. Soňra ýylanyň çakan ýeriniň ganyny üç ýola sorup tüýkürdi. Düşbi Magtymguly Kynyş dädesiniň iýer-içerli, däri-dermanly horjunyny, jürdegi alyp ylgap gelşine:

-- Kynyş däde, ýylandan ar alşyň näteňet-äý! Ony iki üzüp taşlaýsaň bolmadymy? - diýip degsindi. Bu mahal Kynyş beg agzyny çaýkap, töweregine seredip, kellesi kiçi, ardy gaba çöl tomazagyny tapyp, takyr ýerde basyp mynjyratdy. Magtymgulynyň ýüregi bulanyp gitdi. Çöl tomzagy kakap ýetiş-medik garaly kişdesi ýaly ýenjilip, suwy-sülekeýi syçrady. Kynyş beg ýenjilen tomzagy ganap duran aýasyna mazaly owkalady, soňra ikinji tomzagam mynjyradyp, ýylanyň çakan ýerine basdy. Onýança Magtymguly horjundan agasynyň aýdýan düwünçegini tapyp, çözüp Kynyş bege uzatdy. Onda ýüzärligiň uny bar eken. Magtymguly ýüzärlik ununy agasynyň aýasyna guýup, şol düwünçek bilen onuň elini mäkäm sarady. Başga bir uzyn zolak mata bilen Kynyş begiň aýasyny çaga gundan ýaly gundady. Bassyrmadan gelen Döwletmämmet aga:

-- Näme, Döwlet dädeň bir ýylanyň zäherinem çykaryp bilmez öýdýä-miň?-- diýdi.

-- Ýok, Döwlet däde, men Magtymgula ýylan çakaýsa etmeli işini öwredip otyryn.

Döwletmämmet aga Kynyş begiň horjunyndan çykan kendir ýüp bilen onuň goşaryndan, tirseginiň ýokary ýanyndan mäkäm dartyp daňdy.

-- Magtymjan, ýylan çakan badyna, ýaňky meniň edişim ýaly ýylanyň bilinden üç ýola agyz ursaň, çöl tomzagyny ýenjip ýapsaň, soňam Döwlet dädemiň edişi ýaly mäkäm daňsaň, ýylanyň zäheri ýöremez. Ýogsa-da, hanjak gitseň, dädeňi ýanyňdan goýma – diýip,Kynyş beg gülümsiredi.

-- Magtymjan ýylan-içýanyň dogasyny alty ýaşynda hatym edip goýdy.

Kynyş beg horjundan gökje düwünçegi çykaryp, gara un ýaly zady agzyna atyp, gäwüş gaýtaryp ugrady. Magtymgulynyň getiren jürdegi bilen üç ýola agzyny çaýkady:

-- Ýylanyň arkasyndan üç ýola dişläňsoň, atgulak otundan edilen derman bilen agzyňy çaýkaýmasaň, ähli dişiň dökülýändir. Indem ýaşyl düwünçekden aşgar ununy çykaryp, sag golumy ýuwuş -- diýip, ol goltuk jübüsinden bir hili derman çykaryp, agzyna atdy. Kynyş beg sag goluny ürgün çägä sürtäp-sürtäp eline ýokaşan-ekaşmadyk hapany aýyrdy, Magtymguly oňa suw akydyp, sag goluny aşgar bilen ýuwdy.

-- Indi ajyja çaý gerek bor!

-- Öň seni näçe ýola ýylan çakdy?—Kethuda sorady.

-- Sanamandyryn.. Dört-bäş gezek dagy çakandyr...

--Hüşgärräk bolaweri, neşäniň, dürli keýpleriň aňyrsyna çykan hindi terkidünýäleri ýaly, öwrennekli bolup, ýylana çakdyryp keýp edip ýörenlere öwrüläýme!—Döwletmämmet aga ýylgyrdy. Magtymguly dädesi oýun edýändir öýtdi, emma ýene on ýedi-on sekiz ýyldan Hindistana baranyn-da ol tirýegiň, beňiň, beteliň ,gaýry keýpleriň aňyrsyna çykan,daşyna ham syrdalan süňk-saňk terkidünýäleriň ýylana dilinden çakdyryp neşe-dir keýp alýanyna haýran galar. Geň dünýäde taň närse kän-dä!..

Şol mahal gökden eýmenç şaggyldy eşdildi, olaryň üçüsem ses gelen tarapa ýalta seretdi, görseler hanha bir äpet garaguş gulaçdan uzynrak ýylany asmana alyp gitdi...Döwletmämmet aga bassyrmanyň saýasynda Kynyş begi okady, Magtymguly gowa çekip, ajy guýynyň suwuna süýji guýynyň suwundan mazaly goşup düýeleri suwardy, atlary arzylap süýji guýynyň suwundan gandyryp, janawerleri ota kowdy. Şondan soň ot ýakyp, tüňçäni gaýnadyp demledi. Çaýy gaýtaryp, demine goýup iki käse bilen Kynyş begiň ýanynda goýdy. Döwletmämmet pir ýylan dogasyny üç ýola okady. Magtymguly guýynyň sowuk suwuna gurtdan çal etdi. Kynyş beg burçak-burçak derläp, käse-käse ajy çaý içdi. Dädesidir Magtymguly çal bilen çörek iýip, ikisi günortanyň tüp yssynda salkyn saýada gözüniň awusyny alyp turdy. Kynyş beg bolsa,suw-sil derläp çaý süzüp otyrdy. Agşamlyk Kynyş beg inisine ynanman, gowurdakdan nahar etdi. Üç bolup göwnejaý nahar edindiler. Magtymguly haýran galdy, Kynyş dädesi hamana ýylan çakmadyk ýaly, keýpi çagdy... Ertesi gara daňdan attar:

-- Döwlet däde,indi sizem ýoluňyza gidiň, menem işim bilen bolaýyn.-- diýdi. Jandurmaz,jansebil kethuda:

-- Ýok, biz seni munda ýalňyz galdyryp gidip bilmeris - diýdi.

-- O nähili men ýalňyzmyşym? Hudaýym näme?

Barybir Döwletmämmet aga ýene bir gün Goşa guýuda galyp, Kynyş begiň derdinden hirret galmandygyna ymykly göz ýetirip, ertesi saba-sabalar ýola düşdi. Kynyş begem öz pişesi bilen boldy...

hhh

Nedir şa Gandagary gaban döwründe goşunyň, harby ýesirleriň, ýerli halkyň kömegi bilen täze şäher gurup, ilatyny şol şähere göçürip, oňa Nedirabat diýip at berdi. Şahynşa boýun sunman heläk eden Gandahar şäherini bolsa top okuna tutup, ýer bilen ýegsan eýledi. Soňra Balh wela-ýatynyň şäher-kendini alyp, Garabaga ýöriş etdi. Şazada Nasryllah bolsa on iki müň ýygny bilen Lagmany, Hezarajetiň aýmaklaryny, Zahak galasyny basyp aldy... Gala yzyndan gala, şäher yzyndan şäher synýardy. Birni-je şäher-gala-kent söweşsiz tabyn bolsa, birniçesine Nedir şa şir penjesini görkezýärdi. Ol uruşda gaçan goşunyň yzyndan kowgy ibermeýärdi, akyl-paýhasly şa ýeňlip gaçan gulamlaryň taýýar dowul-çydygyny, baran ýerinde özlerini aklamak üçin “Nedir şanyň dişine çenli ýaraglanan goşunynyň sansajaksyzdygyny” aýdyp dowul ýaýratjakdygyny bilýärdi. Şahynşanyň ýüzi Hindistana tarapdy. Ol söweşsiz tabyn bolan gala-şäherleriň genji-hazynasyny alyp, häkim-lerine, serkerde-sypahsalaryna serpaý ýapyp, ozalky ornuny—wezipesini berýärdi. Söweşip ýeňlen serkerdeleriň hem günäsini geçip, ozalky ornuny bagş edip, olaryň ýygnyny goşunyna goşup gidip barýardy. Sähel salymdan Mahmyt soltanyň paýtagty Gazna şäherem alyndy.

Şahynşa ýakyn dostlarynyň,serdarlarynyň biri Muhammet Türkmeni çagyryp:

--How, Ylaýhor zaňňar, gürleseň-güpüleseň şahynşa Nediri alýaň! Agzyňy açsaň ajaly aparýaň! Sen Dählä git-de, şahynşasynyň köşgüni özüne zyndan eýle!—diýdi.

--Ho-ho-ho! Tüýs, meniň başaraýjak pişäm ekeni! Muhammet şa akylly-danamydyr?

--Akylly bolsa akmak, batyr bolsa, gorkak , edermen bolsa ederini bilmez et, ugrtapyjy bolsa ugruny ýitirt, badyhowa bolsa, ruhuny öldür!

--Göwher jygasyny mejimä salyp, genji-hazynasy bilen alnymda goýsa nädeýin?

Ikisi hezil edip gülüşdi, soňra olar bir gije oturyp, Hindistanyň şasy Muhammediň niresinden baryp, nähili gürrüň etmelidigi hakda kelle döwdi, her dürli, her kysmy ýoly seljerdiler, ölçerdiler, dökdüler. Ertesi şahynşa mürzesine Şahjahanabadyň—Deliniň şasyna nama taýynlatdy. Ol Muhammet Türkmene gol çekilip, şahynşany möhüri basylan bir petde ak kagyz berip, gerek wagtynda öz adyndan hindi şasyna nama ýazmaga rugsat berdi. Ilçi Muhammet Türkmeni ýola saljak wagty:

--Hudaý diý! Muhammet şa namany okan badyna ilçimi öldürse...—diýip, dostuna köpmanyly nazar saldy.

--Ölüp goýbereýinmi?..

--Ölüp goýber, akmak! Muhammet şanyň dul oturan ýaşajyk bajysyny ärsiz goýmaga dözseň, ölüp goýber!

--Pah-pah! Şahynşa, akyl-paýhasyňdan aýlanaýyn—diýip,Muhammet Türkmen ýaşajyk gelne öýlenene döndi.

--Muhammet şa namany okan badyna seni öldürse, uruşmaly borus. Eger öldürmese --onuň her tarapyndan baryp, enterpelegini aýla! Eger ol seni bir hepde-on günde öldürmese, Hindistan biziňki!

--Bir aý öldürmese nädeýin?

--Bir aý öldürmese, ýurduny özi getirip berer ýaly ederis enşalla!

Hakykatdan-da Muhammet Türkmen agzyny açdyrsaň, ajaly asmanda awlaýan suhanwer, okumyş, akylly, hilegärden dana kişidi. Ol bäş-alty atlysy bilen Hindistanyň paýtagty Şahjahanabada Muhammet şanyň ýurduna baryp, Eýran şahynşasynyň namasyny gowşurdy. Nedir şa nama-synda Dähli soltanyna “sen meniň duşmanlarymy—gaçgak owganlary ýurduňa goýberýärsiň! Sen ençe ýyllar bäri owgan hanlaryny Eýrana küşgürip halys ýurdumyzy tozdurdyň!... Hindistanyň şasy halyňa ulug ummandan gelýän iňlislere, ýefrençlere ýurt üstüne ýurt berýärsiň!” diýip ýazgarýardy. Muhammet şahynşa namany okap, ilçä:

--Bu nä nama?—diýdi. Bethaýbatdan daýaw, syratlydan nazarkerde, türk-mensorroýdan keleňgir Muhammet Türkmen:

--Weý, şonam bileňokzokmy? Şahynşa Nedir uruş kylmak üçrip buz üstünden tozan araýar, kyblaýy älemim!—diýdi. Muhammet soltan heziller edip güldi-de:

--Nedir şa goşun dartyp gaýtdygy, bagtynyň ýatdygy! Men onuň ýygnyny-ýygynçagyny gabrystan, özünem gonambaşy edýän!—diýip, hyýrsyz haýkyrdy. Muhammet Türkmen:

--Merhemetli şahynşahym, eliňizdäki nama uruşmaga bahana! Diýmek, ullakan uruş eýýäm taýýar dur!

--Eý, kişi meniň bilen beýle erkin gürleşer ýaly aslynda sen kim?

--Menmi? Men Nedir şa diýsem ynanmarsyňyz! Emma ynanaýyň kyblaýy älemim! Men pikir edýän, Nedir şa perman berýär! Men aýdýan, Nedir şa gürleýär! Has takygy men Nedir şa!--Muhammet şa-da, wezir-wekiller-de oslanylmaýan gepe geň galdy.—Şahynşahym, biz dünýäniň garamatyny göterip ýören akylly-başly adamlar, üstesine, sizem, menem, Nedir şa-da türkmen! Biz indi üç türkmen bolup, dil tapyp, pajygaly urşy ýaraşyga, ahy-pygany aýdyma, duşmançylygy dostluga öwürip bilmerismi?– diýdi-de, diwardan asylan dünýä jedweliniň ýanyna baryp taýa-jygy kartanyň üstünde ýöretdi. – Kyblaýy älemim, döwür döwür kimiň döwri, köpeý ogly türkmeniň döwri! Külli türkmeni arşdan Allam, ýerden ýagşyzadalar ýalkaýar! Ynha, şahynşahym, osmanly Mahmyt soltanyň ýurdy. Osmanly türkmenler Ýemenden Müsüre çenli tutuş Arabystany, Yssambyldan iňlisleriň ýurduna çenli, tamam Efrenji basyp alanyny siz bilýäňiz. Nedir şa Owganystany, şazada Nasryllа şazada Mawren-nahry basyp alyp gelýär. Bir aý mundan ozal bolsa osman soltany Mahmyt bilen şahynşa Nedir doganlyk şertnamasyny baglaşdy! Maksat—dünýä dalaş edýän iňlisleri, pereňleri, saklaplary kül-peýekun edip, dünýäniň depesine türkmen tuguny dikmek!.. Ýok, soltanym, Nedir şaga siziň pukara ýurduňyz gerek däl, onuň maksady Hindistany bir çetinden basyp alyp gelýän iňlisleri, efrenjileri, pyrtykallary kül-peýekun edip, sizi tutuş Hindistana soltan etmekden ybarat! Ynha, merhemetli şahynşahym, ikinji namany hem okap gör –diýip, Muhammet Türkmen oňa ýene bir nama berdi. Muhammet şa namany okady. Soňra ilçini ugradyp, namalary ýaňadan okadylar, geňeş kyldylar. Bäş-alty aý bäri Nedir şanyň jansyzlary, dowulçylary diwana-derwüş jindesinde Hindistanyň çar ýanyna ýaýrap “Nedir şa ýöne-möne şahynşa däl, ol ýerden çykan Mäti, asmandan inen Isa! Gursagynda Muhammet pygamberiň, ýagyrnysynda hezreti Alynyň bäş barmagynyň yzy bar... Ol haýsy ýurda barsa halklar onda Hakyň Halasgärini görüp, dessine raýat bolýar! Tabyn bolman, uruş eden ýurtlar onuň gahar-gazabyndan weýrana gelýär! Ol tabyn bolan ýurtlarda patyşasyndan başlap ähli emeldarlaryna öňki wezipesini

berýär” diýen ýaly gürrüňleri ýaýradýardy. Şol bir wagtda-da olar, nirede geçip bolmajak derýa bar, haýsy şäheriň daşynyň galasy berk, ilat nirede gür, nirede selçeň—öwrenip ýördi. Olardan başga-da Owganystandaky uruşlardan gaçan-tezen gaçgaklar özlerini aklajak bolup: “Çöpde-çörde san bar, Nedir şahynşanyň goşunynyň sany-sajagy ýok” diýip gep baryny ýaýradýardylar. Köşke-de şol myş-myşlary howsala hem dowul bolup dolupdy.

Birki hepdeden soň wekiller ilçi Muhammet Türkmeni Muhammet şanyň bargähine alyp gitdi. Hindi şasy:

--Nedir şanyň enesi gyz bolsa gelibersin!—diýdi. Ilçi nurana ýylgyryp, Nedir şadan gelen täze namanyň okamaga başlady. Namada:

“--Doganym, dostum, Muhammet, sen-de, men-de, Mahmyt soltan-da türkmen! Biz üç şahynşa türkmen soltany bolup, dünýäniň gylla ýarynyň eýesi bolup, Hudaýyň hakyna, pygamberimiz Muhammet aleýhessalamyň hakyna, musulman halklaryň hakyna-hatyrasyna birleşip, musulman ummaty bolup dünýäni bir başyndan basyp alyp gelýän iňlisleriň, pereňleriň, pyrtykallaryň, saklaplaryň garşysyna göreşmek mukaddes borjumyzdyr! Eger sen dogan bolmak isleseň, biz saňa diňe ýurduňy däl, tutuş Hindistany bagş ederis! Eger duşman bolup uruş kylsaň, tohum-tijiňi gyryp, ýeriňe wezirleriň ýa sypahsalaryň birini şahynşa götereris! Ýurduň ähli wezir-wekillerine, serkerde-sypahsalaryna, häkim-hukkamlaryna, rajlaryna sylag-serpaý ýapyp öz ornunda oturdarys, olar täze şaga gulluk kylarlar!.. Muhammet şa, pikir kyl, oýlan! Hindistanda san-sajaksyz eýranlylarymyz: parslarymyz, lurlarymyz, gilýanly-larymyz, türkmenlerimiz,häzirbegjanlarymyz bar! Sen efrenjilere ýurt berseň-de, biz ildeşlerimizi kapyrlara bakna etmeris!..

Şahynşa Muhammet tarsa ýerinden turup “tüket!” diýip dergazap gygyrdy. Muhammet Türkmen namany okamany bes etdi. Muhammet şa:

--Eý, urşuň dykysy, sen bolmanyň bilen uruş beýle-de dursun, kyýamat gopýanam bolsa, ýurduňa ýok bol!—diýdi. Muhammet Türkmen başyny iki ýana ýaýkap-ýaýkap:

--Eý, Allam, hindi şasyna özüň akyl beräýmeseň meniň-ä aklymy almady!—diýdi. Şahynşa ilçä azgyrylyp gapyny görkezdi,Muhammet Türkmen gitdi, emma ol etmeli işini edipdi. Uly uruş Hindistanyň, wezir-wekilleriň, serkerde-sypahsalaryň, köşk emeldarlarynyň üstünden aýrylyp, diňe şahynşa Muhammediň üstüne düşüpdi. Zalda oturan onlar-ça emeldarlaryň ýüzleri ýagtylypdy. Olaryň ozalky kän eşiden myş-mişleri: “Nedir şanyň basyp alan ýurdundan diňe-paç-hyraç alyp, wezir-wekillere, emeldarlara ozalky wezipesini berýäni”rast eken. Hanha, ony ilçem tassyklady. Wezir-wekillere, emeldarlara tagtda kim oturanynda näme? Olar şaha däl-de, göwher tagta gulluk edýär ahyry!..

hhh

Ataly-ogul nije-nije ýol söküp, çölleriň-sähralaryň, dereleriň-düzleriň, soňsuz söhbetleriň, gürrüňleriň,manyly-manysyz dymyşlyk-laryň içinden geçip ahyry Bagdada bardylar. Uly şäherleriň daş-töweregi gonamçylyk bolýar. Hamana ýaşaýyş galasyny gonamçylykdaky ölüler gabap ýatan ýaly. Magtymguly bilen Döwletmämmet aga şähere golaý-lap, ullakan gonamçylygyň ýanynda atdan düşüp, jahandan gaýdan bendele-riň hakyna doga okadylar. Aňyrsy-bärsi ýok gonamçylygy göreniňde dünýäde adam galan däldir öýtdürýärdi. Magtymguly öz ýanyndan:

«--Bir zamanlar arşy aglada zeminiň boz topragyndan Adam atany ýaradan Allam indi adamdan toprak ýaradýar» diýip oýlandy hem küpür oý-pikiri üçin içinden toba etdi.Ýöne onuň «indi adamdan toprak ýaradýar» diýen pikiri aňynda aýlandy durdy. Ýyllar geçer Magtymguly ýazar:

Ne düşekdir, aňa basan ýarymaz,

Ne kiştidir,derýa batar,ýörimez,

Ne enedir,ölmez,ýitmez,garrymaz,

Öz balasyn özi ýuwtup durupdyr.

Adam ogly toprakdan bina bolan-da, ol bütin ömrüni toprak bilen bagryny badaşdyryp, toprakdan önen iýr-iýmişleri, miwe,bakja,ak-gök önümleri,janly-jandarlaryň etini,ýagyny, süýdüni iýip ýaşaýar.Günleriň bir günem onuň läşini şol toprak ýuwudýar,ruhunam asman!

Ikinji saparam Döwletmämmet aga bilen Magtymgulynyň nije-nije menzil ýol söküp barany haýyp boldy. Haali Zaman Kaýseri pir hyrkasyny geýip Ýemen ýurduna giden eken. Magtymgulynyň ýene lapy keç boldy, emma köpi gören Döwletmämmet pir munam ýagşylyga, bähbide sandy, çünki haja gidileninde, ulug pire muhlys bolup, onuň dergähine barlanynda näçe köp jebir-jepa çekilse, şonça-da ýalkanmaga yhlasy uly sanylýardy. Piriň özi ýok bolany bilen metjit, hanakalar piriň özi baryndaky ýaly gelenden-gidenden, derwüşlerden-galandarlardan, zyýaratçylardan, müritlerden, sopulardan dolydy. Piriň aýal dogany ýaşy ýetmişiň onundan giren Seýýara eje Döwletmämmet piri gowy tanaýardy, gardaşy bilen bile okandygyny, ikisiniň meslekdeş kişilerdigini bilýärdi. Ol Döwletmämmet aga bilen Magtymgulyny ezizläp piriň iň ýagşy görýän sopusyna tabşyrdy. Şonuň üçinem olara günde-günaşa piriň hanakasynda düşläp geçýän aryfdyr alymlaryň, derwüşleriň mejlislerinde hormatly ýerden orun berildi, sylanyldy, sarpalanyldy. Şeýlelikde, olar bir hepde ulug aryflaryň mejlisinde bolup, ýagşy senalary diňlediler, alymlaryň-aryflaryň söhbetine gatnaşdylar.

Magtymguly Haali Zaman Kaýseri piriň köne medresiniň öňünde günüň-güni iki uly gazan nahar atarylyp gedaý-mysapyrlara, açlara-gallaçlara nahar berlip, geýim-gejim paýlaýyşlaryny görüp haýranlar galýardy. Beýle tutumy beýik hanlar, hökmürowan şalar edip bilýärmi?

Olar Bagdada aýlandylar, soňam Yspyhanyň kerwenine daklyşyp , ençe günden Yspyhana geldiler. “Şäherleriň enesi” saýylýan Bagdadam, jahanyň ýary hasaplanýan Yspyhanam nowjuwan Magtymgulyny aňk etdi, emma Bagdadyň waspyny soňa goýalyň, çünki Magtymguly entek ol şäherde okar, üç-dört ýyl biz onuň bilen şähere köçeme-köçe aýlanarys…

Safawy şalygyny esaslandyran şahyr hem şa Ysmaýyl Hataýydy. Magtymguly onuň diwanlaryny okapdy. Ol döwürler safawylaryň paýtag-ty Töwrizdi, soňra paýtagt Kazwin şäherine göçürilipdi. Adyl şa ady bilen taryha hem dessanlara, abbasy şaýlyk pul çykaryp dilere giren Şa Abbas döwletiniň paýtagtyny Yspyhana geçirdi. Yspyhan şäheri owadan-lygy, ululygy, howalaly-howalaly ymaratlary, köşki-saraýlary bilen Magtymgulyny haýran galdyrdy. Nedir şanyň paýtagty Maşada geçire-nine garamazdan şäher ozalky gözelligini saklap oturdy. Baryp şumerler Babyl siwilizasiýasyny döreden eýýamynda Eýranda-Turanda dünýäni tagtlan beýik döwlet bardy. Pyrgawunlar bu dünýäde ýaşap o dünýäsiniň hormatyna äpet piramidalary guryan zamanlary Eýranda-Turanda gurlan beýik imperiýa jümle-jahanda tug parladýardy. Olar tirkeşip Nagşy-jahan çarbaglygyna, Kyrk sütün köşgüne, şa Abbasyň metjidine, Zaýenderud derýansynyň üstünden gurlan Allaberdi han köprüsine baryp gördüler. Magtymguly aňk boldy. Eýran-Turan mydama dünýäniň beýik siwilizasiýalarynyň mesgeni bolup düýpli medeniýetiň, ylymyň-bilimiň, edebiýatyň-sungatyň sallançagydy. Şumeriň, Babylyň kitaplaryn-dan pyrgawunlaryň papir kitaplaryna çenli, ellinleriň gön kitaplaryndan, hindileriň-hytaýlaryň kagyz diwanlaryna çenli münder-münderdi. Yspyhanyň kitap dükanlarynda näçe ýola jahana gelseň, şonça ömrüňe okamaga ýeterlik diwanlar dolydy. Müňýyllyklaryň dowamynda beýik şalar, dana wezirler, ulug ulamalar gadymy ýunan, hindi, rum, çyn, maçyn, Müsür, Babyl ýurtlarynyň kitaplaryny pars, arap dillerine terjime etdiripdiler. Işewür kitabetler--hatdatlar bolsa geçgel kitap-lary owadanlap göçürip, daşyny jiltläp, jezwerläp, kitap edip dükanlara ugradýardy. Haýsydyr bir ermeni Ýefrençden kitap çykarýan daşbasma abzalynam getirip kitabam çykarýar eken. Ataly-ogul onam baryp gördi.

Döwletmämmet aga Magtymgulyny hatdatlaryň, kitap dükanlaryň syrgynlaryna aýlap, gerekdir öýden kitaplaryny satyn alýardy. Ýogsam olar Bagdatdanam ummasyz köp kitap alypdy, emma kitaphon kişi kitap görse durup bilýärmi! Kethuda haýrandy, ol bir zaman bahasyny gymmat görüp, özüne satyn almaga puluna gysganan kitaplaryny Magtymgula satyn alyp berýärdi. Özem öz ýanyndan:

“--Çorbasyny özüň iýip, etini ogluňa, ýülügini agtygyňa iýdirilýän dünýädä bi!»--diýip, pikir öwürdi. Magtymguly san-sajaksyz kitap dükan-larynda özüne gerekli diwanlaryň gaty kändigine begenýärdi, öz ýanyndan Hudaý ömür berse, okabermeli diýip oýlanýardy.Kethuda:

--Magtymguly, bek belle, beýik edebiýat, akyl ýeterden çuň pelsepeli şygyrlar, yşk ýaly jadyly goşgy-gazallar parsdadyr! Hindiniň,arabyň-ajamyň läheň-läheň şahyrlaram ýa parsdyr, ýa pars dilinde ýazandyr! Pähim-parasadyň genji-hazynasy parsdadyr!—diýip, ogluna pendi-nesihat edýärdi. Döwletmämmet aga ony Yspyhan şäherine syrgynma-syrgyn aýlady. Çakdan aşa owadan metjitleriň iki ýüze, medreseleriň ýüze golaýy, san-sajaksyz hammamlar, kerwensaraýlar ýaş Magtymgulyny haýran edýärdi.

Hünärmenleriň dükanlary syrgyn-syrgyn bolýan eken.Bir köçäniň ilaty ýörite kärhanalarda haly-palas dokasa, ikinji köçäniň halky ýüpek-ibrişim matalary öndürýärdi, üçünji köçäniň senetkärleri gyz-gelinlere şaý-sep taýynlasa, dördünji köçäniň ussalary atlaryň şaý- esbaplaryny ýasaýar eken. Ýüpek matanyň ýüzlerçe görnüşi öndürilýärdi. Her kärhanada işleýän hünärmenleriň sany iki ýüzdende artykdy.Ataly ogul hanjardan gylyja,gürziden naýza çenli ýasap oturanlaryň syrgynyna aýlanyp ýörkä, Magtymguly «Görogly soltanam şu dükanlaryň birinden meşhur yspyhan ýaýyny alandyr» diýip töweregine nebsewür nazar saldy, hamana dükanlaryň birinden Görogly beg çykaýjak ýaly. Olar ýönekeý hyrly tüpeňinden sapançalary öndürip satyp oturanlaryň syrgynyna, agyr-agyr top guýýanlaryňam köçesine aýlanyp ussalaryň ussatlygyny synladylar. Garasaý, Magtymguly dünýä gelip görmedigini gördi. Döwletmämmet aga ony şahyrlaryň şuarasyna-da alyp bardy. Magtymguly ullakan jaýda yzly-yzyna goşgy okap, her okalan goşgy barada jedel-leşýän şahyrlary içgin synlady.

Iki aý dört gün diýlende Döwletmämmet aga bilen Magtymguly Arga-mak obasynyň duşundan geçip, Gaýtar galanyň harabaçylygyna geldi. Magtymguly gugaryp ýatan gala intizar nazar salyp, Dürjemal gyzyň o dünýäden çykyp, bu dünýäde görünmegini isledi. Emma ýylgyryp duran görmegeý gyzyň ornuna ýeriň ýüzünden dömüp çykan baş ýaly yzaly pajyga bolup Dürjemalyň şehit gubury ýatyrdy. Dädesi bilen Magtymguly çöküne düşüp ýaňadan jaýlanan şehit gyzyň guburynyň başynda aýat-doga okady. Şol mahalam üç atlysy bilen obanyň hany garşydan geläýdi. Berdimyrat han heý külli Türkmensährанyň sylagly-sarpaly, keremli-keramatly kethudasyny söwüşlemän, serpaýlaman goýberjekmi? Döwletmämmet aga ýokuş görse-de, syr bildirmän yzyna dolandy. Hanyň özi olary gonaklady, Annagylyç aga bilen bäş-alty oba aksakalyny çagyrdy. Ol gürrüňçiligiň arasynda:

-- Şol naçar gyzyň janyna kast eden gurrumsagyň kimdigini bildik Döwletmämmet aga -- diýdi.Kethuda:

-- Kerkawmy? -- diýip sorady, Berdimyrat hanyň geň galmakdan ýaňa gözleri höwlendi.

-- Siz ony şol mahalam biläýdiňizmi, Döwletmämmet aga?

-- Possunyň içindäki taýak näme? Kerkaw taýagy! -- Döwletmämmet aga hana soragly bakdy.Berdimyrat han Dürjemal gyz bilen bagly ähli wakany boýdan başa aýdyp berdi.

Pälwan aganyň gyzy Dürjemal goňşy ýigidi Kerkaw bilen hak aşyk-magşuk bolup söýüşýän eken. Gulmyrat aganyň ogly Kerkaw Nedir hanyň ýygnynda gulluk edip ýörkä, bir söweşde ýaralanýar, gullukdan boşap, obasyna gaýdyp gelýär. Ol ogluny Pälwan aganyň gyzy Dürjemal bilen geleşdirip, toýyň sähedi bellenýär. Erte-birigün toý diýleninde hem Pälwan aganyň ölemen awçy ogluny gaplaň atyp, parçalapdyr. Türkmen edähedine,edebine görä toýy alty aý yza süýşürýärler. Gulmyrat aganyň ýene bir goňşusy gaty baý täjir eken. Täjiriňki argyş bilen, oňa pul-mal gerek. Öýe düşenine dört-bäş ýyl bolanyna garamazdan önelgesiz oturan ýaş gelin Gülziba gullukdan gelen daglaryň gaýasy ýaly Kerkaw bilen arany sazlapdyr. Ynha, şol döwürlerem obanyň üstüne ýagy dökülip, elhenç uruş turýar. Dürjemal şol uruşda ýitirim bolýar. Uruşdan soň hossarlary Dürjemaly gözleýär, emma ol ýaradarlaryň arasynda-da, ölenleriň arasynda-da ýok. Gaçyp-tezenler oba gelýär, olaryň arasynda-da ýok. Pälwan aga öweztölegini alyp, ýagynyň alyp giden ýesirleriniň içindenem gyzyny tapmaýar. Duşmanyň eline diri düşmejek bolup çölüstana gaçyp giden gyz-gelinlerem bolupdyr, Dürjemalam şolaryň biridir, ölmedik bolsa bir ýerden çykar, ölen bolsa jesedi çykar diýip geziberýärler. Şol nägehan uruşda täjirem duşmanlara garşy söweşde ölýär. Aradan birneme wagt geçensoň Gulmyrat aga Pälwan agadan rugsat alyp, ogly Kerkawa täjiriň dul galan gelni Gülzibany alyp berýär, Döwletmämmet aga Bagdada şu ýoldan geçmedik bolanda, bu waka pynhan syr gara ýeriň gursagynda agyr ýara bolup galyberjek eken.

Possunly wakany, Dürjemalyň jesediniň tapylanyny eşidip, Kerkaw bilen Gülzibanyň gonjuna gor guýulýar, sebäbi geleşikli gyzyň ölümi Kerkawdan görüljek! Dürjemalyň ölümi Kerkawyň boýnuna goýulsa, onuň başy ölümli, maly talaňly! Ýigit bilen Gülziba dessine dilleşýär: Kerkaw täjirden galan altyn-kümüşi, göwher-lagly, dür-merjeni, puly alyp ýat illere gaçýar. Iki-üç aý geçip, wakalar könelişensoňam Kerkaw bir gije gelip, Gülzibany alyp ýat ýurda, ýat illeriň arasyna gitmelidi. Emma iki aý geçýär, üç aý geçýär, ýyl geçýär,ol yzyna köwlenmeýär! Heý, janta-ýyna onça baýlyk düşen Kerkaw janyny tөwekgellige salyp yzyna gelermi? Ol haýsy ilde onça baýlygy bilen Gülzibadan has ýaş, has owadan gyz tapmaýar!.. Gülziba Kerkawyň çoçgaryna çolaşanyna akyl ýetirip, kazy-nyň ýanyna baryp, Dürjemaly öldüreniň Kerkawdygyny aýdyp, ähli günäni gaçgagyň üstüne atýar! Gülziba daglaryň gaýasy ýaly Kerkawdan, şala-ryň hazynasyna barabar baýlykdan aýrylyp, ullakan howluda gugaryp ýeke galyp, il-ulusyň lagnatyna sezewar bolup, aklyndan azaşýar...

Çaý-nahardan soň, Berdimyrat han, obanyň aksakallary Döwletmämmet agadan şol bagty ýatan maňlaýy gara görgülini okap, açyp bermegi haýyş etdiler. Ýeri, Döwletmämmet aga nädip ýok diýsin!

Ojagy ýumrulan ullakan howly göçülen ýurt ýaly matama gark bolup ýatyrdy. Gülzibany hossarlary saklap oturan eken. Geýim-gejimi persala, gyňajynyň astynda hüwjük saçlary tüsseläp duran gelni göreninden Magtymgulynyň endam-jany düýrügip, ýagyrnysynyň gözi üşüdip gitdi. Persi üýtgäp, adam ysyny, ynsan tüýsüni ýitiren zandy görmegeý gelin örän gorkunçdy, gorkynam gorkuzyp biljek gorkunçdy. Gelin şakäse ýaly ullakan jynssyz gözlerini Döwletmämmet aga dikip, çiňerilip-çiňerilip seretdi. Kethuda aga çöküne düşüp, labyzly, kalbyňa aram beriji owazy bilen gelni okap başlady.

Gülziba aram-aram gülýärdi, emma onuň gülküsi agydan aýylgançdy, aram-aram aýalaryny dyzyna patladyp urup, aglaýardy, onuň garaçygy ulalyp giden gözlerinde ýaşa derek ýyldyrymyň parçajygy ýaly eýmenç yşyk bardy, ol şol pursat wagşyýana mahluga öwrülip «Waý iller-eý, waý-waý doganlar-eý, meniň göwrämdäki öli çagamy alaweriň-eý! Ol meni öldürip barýar-eý!» diýip efgan urup uwlaýardy. «Dad-eý,bidad-eý! Meniň gursagymdaky öli bäbegimi alaweriň-eý!» diýip ol dyrnaklary ösüp giden elleri bilen garnyny persala edip ýyrtjak bolýardy. Aram-aram köşeşip, Döwletmämmet agany synlaýardy. Birdenem ýene gygyryp-bagyryp «Waý, men öldüm, men maslyk, men jeset, göwrämdäki çagam diri! Anha, ol aglaýar! Meniň göwrämdäki çagajygymy alaweriň-eý, ol diri, diri! Waý, anha ol däbşenekleýär! Ony meniň bilen gömmäweriň-eý!» diýip bozlap bagyrýar-dy. Ýogsa Gülziba gelin hamyla-da däldi. Döwletmämmet aga gelni uzak okady, ol bolsa ýokarky jümleleri gaýtalap, gygyryp-bagyryp özüni öldürjek bolýardy... Ahyry kethudanyň dogasy üstün çykdy, gelin ýatyp galdy. Döwletmämmet aga, aksakallar bilen howludan çykyp:

--Ýaşulylar, o biçäre gelni doga-tumar bilen açyp bolmaýar. Onuň derdi, duşmany aňyrdan! Pälwan aganyň gyzynyň ruhy onuň ruhuna girip, jebri-jepa çekdirýär. Kasas kyýamata galmaýar-da! Obanyň barjamly adamlary bolup Dürjemal gyzyň guburynyň üstüne aramgäh galdyraýyň, belki,  gyzyň ruhy köşeşip, ol gelniň günäsini geçer - diýdi.

Magtymguly ruhuny sarsdyryp, kalbyny lerzana getiren bu pajygany ençeme aýlap unudyp bilmedi, hanha onuň gözüniň öňünde, hyýalynda, haky-dasynda «Waý iller-eý, waý-waý doganlar-eý, meniň göwrämdäki öli çagamy alaweriň-eý! Ol meni öldürip barýar-eý!»... «Dad-eý,bidad-eý! Meniň gursagymdaky öli bäbegimi alaweriň-eý!» diýip, aram-aram bolsa «Waý, men maslyk, men jeset, meniň göwrämdäki çagajygym diri, diri çagajygymy meniň bilen gömmäweriň-eý!» diýip Gülziba saçlaryny ýolmalap, geýim-gejimini persala edip, dady-perýat gygyryp-bagyryp ýör...

Etmiş daşyňda däl, ony ýylanyň gowy ýaly taşlap gidip bolmaýar!

Ertesi Döwletmämmet aga, Berdimyrat han, oba ýaşulylary bilen ýene Gülzibany okamaga baranynda, ýüze çykan garaşylmadyk waka ýene nowjuwan Magtymgulynyň kalbyny lerzana getirdi. Gije Kerkaw gelip,eluna garaý-garaý aklyndan azaşyp, däliräń Gülzibany alyp gaçyp gidipdir. Obadaşlarynyň lagnatyna sezewar bolan, dogan-garyndaş-larynyň, hossarlarynyň bizar bolan gyzyl jynly Gülzibasy Kerkawa nämä gerek bolduka? Bu sowal Magtymgulynyň aňyndan köp mahallap çykmady?..
Nedir şa Käbile golaýlanynda serkerdeleri Hanaly gökleň bilen Kasym beg gajary alty-edi müň goşuny bilen öňe barlaga- razwedka, duşmanyň taryna kakyp görmäge  ugratdy. Ençe ýyl bäri Nedir şa bilen egin-egne berip söweşip ýören Hanaly gökleň garadangaýtmaz batyrdy, içinden ot-ýalyn geçip, döwüşlerde taplanan hakyky serkerdedi. Nedir şa mydama diýen ýaly duşman bilen tutluşyga onmüňbaşysy Hanaly gökleň bilen bäşmüňbaşy Kasym beg gajary ýollaýardy,  sebäbi ilkinji ýeňiş esasy ýeňiş bolýar. Olar dil alyp,esir alyp,Käbiliň güýjüni-goruny bilip, esasy gala golaýlady. Käbiliň serdarlarynyň biri Şahnawaz han Hanaly han bilen Kasym begiň ýygnyny Nedir şanyň goşunydyr öýdüp, beýleki goşunbaşylara-da “dabarasy dag aşan goşunyň on-onki müňdügini aýdyp urşa girdi. Gazaply söweşde Hanaly gökleňiň hem Kasym han gajaryň goşuny rüstem geldi. Haçanda owgan serkerdeleri yzdan gelýän Nedir şanyň esasy goşunyny göreninde, söweş meýdanyny taşlap, gala girdiler. Käbil galasy berkdi, asylha basyp alar ýaly däldi. Şahynşa serkerde Muhammet seýistanynyň tüpeňçileri, jezaýyrçylary, mergen-leri galanyň minaralaryndaky goragçylar bilen atyşyp başlady. Käbiliň daş-töweregi berk daglardy. Şahynşanyň goşuny galanyň daşyny gabady, topçularbaşy Ýarbeg han toplaryny daglara çykaryp, galany top, gumrak okuna tutdy. Galanyň eteginde humbaraçylar humbara ýaryp, ahyry galany syndyrdylar.

Käbil syndy. Galadarlar, serdarlar, hekim-hukkamlar, sypahsa-serkerdeler boýnuna tabynlyk kemendini atyp, ýurduň genji-hazynasynyň açaryny şahynşaga berdiler. Nedir şa uzaga seredýän şady, ol galadarlara, emeldarlara öňki wezipelerini berip, şahynşa serpaýyny ýapyp, olaryň birniçesini goşuny bilen ýanyna alyp, Peşewera, Jelal-abada ýöriş etdi. Ýeňiji goşunyň dabarasy dag aşýardy. Gala yzyna gala synyp, Peşewaram, Lahoram alyndy. Ahyry Şahjahanabatdan kowlan ilçi Muhammet Türkmenem ýüzüni sallap geldi..

Deli--Şahjahanabat imperatory Muhammet şa üç ýüz müň goşuny, iki müň söweş pili, üç müň topy, gumragy bilen Karnal galasynda söweşe taýynlanýardy. Galanyň bir gapdalyndan Aly Merdan derýasy akyp ýatyrdy, goşun geçerden  giňdi. Bir gapdaly ok geçmez jeňňeldi. Nedir şa Muhammet şaga kömek geläýjek ýere alty müň esgeri gözetçi ugradyp, fewral aýynyň başyna Karnal galasynyň alaň-açyk tarapyny gabady. Muhammet Türkmeniň inçe syýasaty, Eýranyň-Turanyň ýeňilmez goşunynyň daw-dawasy Muhammet şanyň halys aňkasyny aşyran eken.. Ýogsam  onuň  üç  ýüz  müň  goşuny  bardy ahyry, emma ol serkerde-sypahsalaryna jan ynanyp bilmeýärdi. Muhammet şanyň agyr ýygnynyň bir ýany derýa, bir ýanam gür jeňňel, bir ýanam Nedir şanyň goşuny! Şeýlelikde, emelsiz Muhammet şa berk galasynda gabawda galyberdi. Üç ýüz müň goşuny azyk-suwluksyz nädip saklarsyň!..

Audyň hökümdary Sagadat han otuz müň goşuny, topy-tophanasy bilen Muhammet şaga kömege gaýtdi, emma Hanaly gökleňiň goşunynyň bir bölegi Sagadat hanyň yzyndan kerwen gurap gelýän aşhanasyny basyp aldy, azyk-suwluksyz galan goşun aşhanasyny halas etjek bolup yzyna döndi. Kasym beg gajaryň, Hanaly gökleňiň, Nedir şanyň ýygny Sagadat hanyň daşyny gabap, özünem ýesir aldylar. Muhammet şa baş sypahsasy Döwran serdary dessine kömege ýollady, emma olam şowsuzlyga uçrap, ilkinji söweşde agyr ýaralanyp wepat boldy. Muhammet şa hindi goşu-nynyň çep ganatynyň goşunbaşysy Nyzamelmülk hany kömege ýollajak boldy, emma ol Sagadat hana kömege gitmekden boýun towlady. Muhammet Türkmeniň ýeserlik bilen goýberen dowly etmeli işini edip, dünýäni dowul ýykar diýleni bolupdy. Muhammet şanyň sypahsa-serkerdeleri, goşun-başy serdarlary, hanlary urşanyndan tabyn bolanyny amat bildiler, sebäbi olar Nedir şa ýurdy basyp alanda-da öz wezipelerini ýitir-mejegine bek ynanýardy. Eýranyň-Turanyň şahynşasynyň ýeňilmez goşuny bilen urşup ölüp gider ýaly olar akmak däl ahyry!.. Uruş, kyýamat diňe Muhammet şanyň depesindedi. Ol goşunbaşy Nyzamelmülki Nedir şa bilen gepleşige ýollady. Şahynşa onuň bilen gepleşik geçirdi. Ertesi Nedir şanyň ordasyna Muhammet şanyň özi bardy, emma indi Nedir şa paç-hyraj alman yzyna dolanjak däldi. Muhammet şa-da namartja bolam, sagja bolam edip, täjini, tagtyny, ýurduny Nedir şaga berdi.

hhh

Her bir beýik akyldar bilen dünýä täzeden başlaýar.

Her bir beýik akyldary dünýä dünýä ýaly köne sowallary bilen garşy alýar. Magtymgulynam köne dünýä köne sowallary bilen garşy alypdy. Ol «Pikir kyldym Ýer-Göge,Biakyl jan içinde» diýip oýlanýardy: Eýse adam kim, näme? Ol näme üçin dünýä inýär? Eýse Hudaý kim, Hudaý näme? Onuň mesgen-mekany nirede? Onuň adam ogluny ýaratmakdan maksady näme? Eýse bu owadan dünýäniň bar manysy ýagşy bolup ýagşylyk edip, o dünýäde uçmaha düşüp, hüýr-periler bilen döwran sürmekmi? Ýaman bolup, ýamanlyk edip, dowzaha düşüp kyýamat ahyra çenli ýanyp ýatmakmy? Eýse ýagşa ýagşy bolup, ýamana ýaman bolup ýaşamak kyrk günlükde takdyryna ýazylmaýarmy? Eýse beýik Biribar hemme adamy ýagşyzada ýaly ýagşy edip ýaradyp bilme-ýärmi? Näme diýip gudraty güýçli Allatagala baky dünýäsini pany dünýäden soňda goýupdyr? Eýse bu ajaýyp zemine Melgun nämä gerek bolduka? Eger dünýäniň manysy—ýaşap-ýaşap ölmek bolsa,onda bu owadan ýaşaýşyň miwesi gabrystan bolýar-da?! Ýok, ýaşaýyş her bir adamyň jesedini bu dünýäniň goýnuna tohum deý ekýär! Ol niçik miwe berer?—onuň hasyly ol dünýäde aýan bolýar. Gabrystan ýaşaýşyň ekin meýdany!..

Haýran galmaly ýeri -- akyldar juwan çagynda dünýäniň örän düýpli sowallaryna, kämil çykyp beýik pikre galansoňam kiçi sowallaryna jogap agtarýar. Magtymgulynyň dädesiniň uly alym, beýik aryf, akyldar bolanam gowy. Ol dädesine sowal berýär, dädesi jogap gaýtarýar, dädesi sowal berýär, Magtymguly jogap agtarýar.

Allatagala tükeniksiz älemleriň pynhan syry!

Ýene birnäçe ýyldan Magtymguly:

“Dostlar-a, DOSTUM meniň şirin jandan söýgülidir,

JAN kibi pynhan jahanda älemle belgilidir.”--

diýip ýazar. Jan göwrede pynhan, beýik Biribar älemlerde pynhan. Alla-tagala akyl ýetirmek üçin ilki Adamzada akyl ýetirmeli, Adamzada akyl ýetirmek üçin özüňe akyl ýetirmeli, özüňe akyl ýetirmek üçin pynhan-pynhan syrlardan ybarat tebigata, tükeniksiz älemlere akyl ýetirmeli. Pynhan-pynhan syrlardan ybarat dünýä, tükeniksiz älemlere akyl ýetirmek üçinem Allatagala akyl ýetirmeli. Akyl baryp ýene Hudaýa direýär!

--Tükeniksiz älemleriň düýp manysy Allatagala, dünýäniň düýp many-sy bolsa adamdyr, oglum. Hudaýa söýgüden, ynamdan ýaşaýyş many tapýar. Allatagala bizi özüňize akyl ýetiriň, dünýäniň manysyna akyl ýetiriň, Allatagala akyl ýetiriň diýip ýaratdy. Allatagala bolsa akyl ýetirip bolmaýar -- diýdi.

-- Onda adam näme diýip ýaşaýar?

-- Akyl ýetirmek üçin ýaşaýar! Adam Adam diýen belent derejä göteril-mek üçin ýaşaýar.

-- Sen oňa iru-giç akyl ýetirip bilermiň?

-- Ýok! Oglum, eger men Allatagala, dünýä akyl ýetirip bilsem, tükenik-siz älemleriň, ýaşaýşyň manysyny açyp bilsem, ýaşaýyş saňa, dünýä ýeneki geljek ulug alymlara gyzyksyz bolar-da. Biribar müňlerçe-müňlerçe syrlardan aňyrdadyr, her bir dünýä gelen akyldar, ulug şahyr öz akyl ýetiren pynhan syrlaryny açyp gidibermelidir… Magtymguly, çarhy-pelek aýlanyp duran bir jykyr, her adam onuň bir golçasy. Her bir adam bütin ömrüne eden ýagşylygyny, gowy işlerini, akyl-paýhasyny ýaşaýyş derýasyna guýýar. Dünýä gelen her bir adam zemin ýaşaýşyny ozalkysyndan azajyk-da bolsa owadan, baý, parasatly, kämil, mähriban, ygtybarly, gowy edip gidibermelidir, sebäbi dünýäde ýaşaýan her bir adam dünýädäki öz ornuny özünden has eziz perzendini goýýar ahyry!—Döwletmämmet aga ogluny içgin synlady,onuň göwnüniň şahyrlykdadygy, aryflykdadygy üçin:

--Oglum, nazarlar çakyşsa, ýyldyrymlap yşk çykar, pikirler çakyş-sa lowurdap hakykat çykar! Yhlas bilen uruberseň daşdan ot, sykyberseň suwdan ataş çykar! Seniň kalbyňda Allanyň yşky bardyr, seniň gursagyňdan çykýan şygyrlarda ataş bolsun! Bu sowuk hem gaflatly garaňky dünýäde adam ogul-lary oduň başyna üýşen ýaly yşkly, ataşly goşgularyň daşyna jemlenip, kalbyny ýyladyp,gelejegini ýagtyltsyn!

Magtymguly dädesi bilen ikiçäk galsa, öýde bolsun, ýolda bolsun, parhy ýok, sowal-jogaplar başlanýar.Döwletmämmet aga ogluna öz bilýän-lerini öwredýär, onuň bolsa bilmeýän zady ýok!

-- Oglum, Allatagala her bendesini bir köýe salyp, her kimi bir yşka sezewar kylandyr. Ol seni niçiksi köýe salypdyr, sen nämä aşyk, sen nämä-niň yşkynda? Biribar seni dünýäsine näme diýip getiripdir? Seniň dünýä gelip bitirmeli işiň näme, borjuň näme, maksadyň-matlabyň näme? Ynha, şu sowallara takyk jogap tapyp bilseň, özüňe barýan ýola düşersiň, özüňi gözlemegiň, özüňi tapmagyň yşkyna düşersiň, şonda seniň bütin ömrüň aşyklykda, yşkda geçer! Sen göräýmäge sensiň, emma beýik Biribar seni kim etmek isleýär? Ynha,şoňa akyl ýetirmek, özüňden ylahy özüňi tapmak esasy işdir! Oglum, bek belle, Allatagala ynha şu taýyňda - diýip, ol goly bilen gursagyny görkezdi, -- sen bolsa ynha şu ýerdesiň!-- kelläni görkezdi. -- Seret, Kynyş dädeňe! Eýranda-Turanda, Rumda-Şamda, Hindide-Owganda barmadyk dagy-deresi, görmedik sährasy-çöli, aýlan-madyk deňzi-derýasy ýok, däri-derman närseleri agtaryp sergezdançylyk çekip ýör. Eýse, ol baýlyk, pul-mal diýip ser-sepil sermenýärmi? Ýok, Kynyş begi Nurjemal gelin haly-palas dokabam bol-elin ekleýär! ÝA Selim dädeňi synla, günüň güni daň atandan garaňky gatlyşýança körügini gyzdyryp, demir-dümür ýenjip oturandyr. Onuň bagtyna Ogulşeker duşa-ýypdyr, ýogsam ol wagtly-wagtynda nahar-şoruny iýip, namazynam okamaýar.—Döwletmämmet aga güldi.--Selim beg toýa-ýasa-da Ogulşe-keriň hüňürdisine çydaman gidýär. Anha, «ussa gabyz keselinden öler» diýilýän gepiň manysy. Selim dädeň toýa-da barjak, keýpem çekjek, emma onuň wagty ýok! ÝA bolmasa synla, Çommat agany, görgüliniň gijesi ýok, gündizi ýok depesinden gum sowrup, ýeriniň içinde sütüni süýnänçä gydyrdanyp ýör, ýogsam beg ogullarynyň—Perman dagynyň ýollap ýatan pullaram onuň ýedi puşduna ýetýär ahyry!.. Olar Hak Allanyň bir köýe salan bendeleridir! Oglum, oýlan, pikir kyl, gudraty güýçli Perwerdigär seni niçiksi köýe salyp, neneňsi yşka düşüripdir, nämäniň yşkyna düşüripdir? Şony takyklap bilseň, her bir günüň many-maňyzly, her bir günüňi kesbiňe, durmuşyňa, ýaşap ýören dünýäňe, Hudaýyňa aşyk bolup, ömrüňi yşkda geçirersiň! Ýaşaýşyň manysy özüňi söýýän käriňe bagş etmekdir!..

Magtymguly agyr pikire batdy.Döwletmämmet aga ogluny synlap:

--Magtymguly,ene bir zady bek belle! Selim begiňem,Kynyş begiňem, seniňem,umuman,enaçy neberesiniň aglabasynyň aňyrsynda atamyz Magtymguly ýonaçynyň ruhy bar. Dädem pakyra ýetginjek oglanka «Däli-baş», »Tüweleý», »Garagaý» diýer ekenler. Ýaş gödekkä oba ulukjyn aldyrypdyr. Nirede uruş-goh, jeňňe-jüňňe, gowur-gowga bolsa, bir ýanynda hökman atаňyz bar eken. Yňan ugruna düýrmegi bilen yňýan,ugran ugrundan urup çykýan yňdarmady-da pakyr. Haýsy işe berilse, düýrmegi bilen berlerdi. Agalaryň Selim bege, Kynyş bege, Abdylla, Muhammetsapa, Hanjar bege, Arslan bege, özüňe syn kylyp gör,näme işe ulaşsaňyz lükgeligiňiz bilen berilýäňiz,ol gowy zat,emma aşa yňdarmalyk ýagşy närse däldir. Adam her hili ýagdaýda-da özüne erk etmegiň hötdesinden gelmeli, adamyň özüne ygtyýary ýetmeli!.. Türkmen ogly atyny janyndan eý görýändir, gardaşym diýip, gardaşyndan ýeg görýändir,emma gardaşyndan ýeg görýändigine garamazdan,janaweriň agzyna polat agyzdyryk salýandyr! Biziň ruhumyz çar ýana çyrpynyp duran dal bedew, Magtymguly!

--Düşündim däde…Atam pakyra namaz okadyp bilmedigiňiz çynmy?—diýip, Magtymguly ýylgyrdy. Döwletmämmet aga dädesini gözüniň öňüne getirip, esli salym oýa batdy,ýüzüne mähir çaýyldy.

--Men-ä ogly, dädeme pylan zat et diýip bilmeýän. Obamyzyň molla-sy Amanguly aga Hamyt sopy bilen bir gezek dädemiň ýanyna oturmaga gelip, ondan-mundan gep urup ahyry:

“--Magtymguly,seniňem ýaşyň bir çene bardy,indi namaz okap metjide gatnaberseň näder?—diýdi. Dädem pakyr gülüp:

--Amanguly, men ozalam Biribardan öýkeläp ýörün, çaýy-nahary dagy hepdede ýeke ýola iýmeli edäýmeli dälmi, hepdede ýeke gije ýatmaly edäýmeli dälmi diýip. Görmeýämiň, men çaý-çöregimi iýmäge wagt tapamok, senem maňa namaz okatjak!—diýip, sypaýylyk etdi.Amanguly aga:

--Bäş wagt namaz her bir musulmanyň parzy-da! Hudaý her bir bende-sine bäş wagt namazy buýrupdyr-da!

--Buýrandyr,buýrandyr,emma her bir musulman buýrulan işi berjaý edende goýun bilen gurt, gumry bilen gyrgy bir güzerden suwlardy!.. Men aram-aram içimden bilýän dogalarymy-aýatlarymy okaýan, Hudaýym şony az görmez menden…

Hamyt sopy wajyp ardynyp:

--Magtymguly, höçjetligiňi goý, ynha, men nije ýyl bäri bäş wagtyna namazymy okap,üç ýyl bärem ýyl orazamy tutup ýörün. Dogry, kyn, özem meniň ýaly keselbent halyňa bäş wagtyna namaz okamagam,oraza tutmagam kyn —diýdi. Dädem oňa içgin seredip:

--Sopy, beýdip heläk bolup ýöreniňden başdan adam bolaýsaň bolma-dymy?—diýdi. Sopy aganyňam, meniňem imanym öçdi, sebäbi obanyň atly-abraýly adamsy Hamyt sopynyň adamçylygyna dil ýetirildi. Onuň gany depesine urdy, saňňyldap dädeme dikan bakdy,soňam uludan haşlap oňaýdy biçäre.—Men saňa ir zamanlar aýtmadymmy, Hamyt, goý bu pisli-giňi diýip!..—Hamyt sopy beýle ýakymsyz ajy gepi ýuwudyp goýbermeli adam däldi, emma ýuwutmaly boldy. Syrtyňda pohuň bolsa bir kişi bilme-se, bir kişi bilýä-dä, diliňem gysga bolýa-da! Ters tarapyňda müýnüň bolsa, dürs tarapyňdan ses-üýn çykmaýa-da! Amanguly aga dartgynlygy ýumşatjak bolup, güldi:

—Magtymguly, janyňam soragy bardyr, gije-gündiz aranyňa-ýadanyňa bakman iş diýip çakdan aşa gynaberseň,o dünýäde jana jogap okamaly-dyr! Jan amanatdyr!

Dädem pahyr Kynyş beg ýaly agzyny ýokary tutup heziller edip güldi.

—Perişdeler o dünýäde meniň janymy görüp "Ahaw,enaçy, Allanyň beren eziz janyny nädäýipsiň-how?! Ýeri, jan amanat diýip muny azap bilen, güzap bilen,jebir-jepa bilen beýle harlaýmak bormy?!" —diýip, elewleşibersin-le!..Hah-hah-ha. Bize berlen bir amanat jandyr-da, özümi aýamaýan halyma amanat jany aýap akmakmydyryn men?!. Adamlar, unutmaň, siz jany gynamasaňyz, iru-giç jan sizi gynar! Unutmaň, çapylmaýan at bilen münülmeýän aýal çalt harap bolýandyr—diýdi.Emma Amanguly aga-da tutanýerli adamdy, häli-şindi gelip, pakyry gününe goýmady. Bir gün dädemiň gahary gelendir-dä, gaty çyny bilen:

--Amanguly, meniň namaz okap ýülüner ýaly etmişim-de ýok, günäm-de ýok!--diýdi. Molla aga:

--Magtymguly,aýdyp duran gepiň näteňet? O nähili günäň ýok seniň?

--Molla, görmeýämiň gündogardan günýaşara men dükanymdan çykmasam näme? Günä gazanmaga wagtym bolmasa näme?

-- Heý, adam borsuň-da günäň bolmazmy?—diýip,molla ör-gökden geldi.

--Hany adam? Men adammy? Mendenem bir adam bormy? Magtymguly adamdy, är adamdy, şir adamdy, emma ol ýigrim bäş ýaşynda öldi! Düşün-diňmi, Magtymguly söweşde şehit öldi!..»—Men dädemiň gözlerini görenimde imanym öçdi: onuň gözlerinde ýa wagşyýana gazap ýa-da ýaş bardy. Dädem ýumruklaryny düwüp, düýrügip köp oturdy, soňam-- Men adam bolsam, şeýdip eýer ýasap oturjakmy özümçe ýok ýelem-ýüwletlere!—diýip, dergazap boldy. Amanguly aga-da bozuldy.Dädem onuň hapa bolup oturşyny synlap:

--Amanguly, şu günden başlap,tä ölýänçäm ýyl orazamy tutaýyn, senem şoňa razy bolaý» –diýdi. Şol günden başlabam jahandan gaýdýança ençe ýyllap ýyl orazasyny tutdy pakyr…

hhh

Şahjahanabatda--Delide Hindistanyň soltany--şasy Muhammet şa bilen Eýran şasy Nedir şahynşa dost-dogan boldy, bu bolsa Nedir şanyň beýikden beýik maksatlaryna barýan ýolda ygtybarly badalga-basgançakdy. Ruhy göterilip, göwni galkan şahynşa Nedir ýöriş döwründe öz ornuna Eýran tagtyna çykaryp gaýdan şazada ogly Ryzagula Hindistany, Mogol soltanlygyny bakna edip, Eýranyň bir welaýatyna öwürendigini "Mogol şasy Muhammet şa-da biziň ýaly Alla tarapyn ýalkanan asylzada türkmendigini" ummasyz genji-hazynasyny şahynşaga bagş edendigini, özüniňem Muhammet şany Hindistana dikme goýup ýaňadan tagta çykarandygyny" beýan edip, hoş bolup nama ýazdy. Deňsiz-taýsyz, gan-koksuz ýeňişden keýpi çag-çag bolan şahynşa köşge Eýranyň ähli halkyny üç ýyllap san-sajaksyz salgytlaryndan boşadýandygy baradaky permanyny hem iberdi. Muhammet soltan ullakan imperiýanyň tas ähli genji-hazynasyny, dünýäniň iň uly, iň owadan Derýaýynur göwherini, deňsiz-taýsyz Tawustagtyny hem Nedir şaga bagş eýledi. Şahynşa Nedir hem gadymy şalaryň edähedini ýöredip, Muhammet şanyň gyzyny ogly Nasrylla mürzä alyp berdi. Ýöne hindi şalarynda bir dessur bar eken: durmuşa çykýan melike gyz bilen şazada ýigit biri-biriniň boýnuna çemen halkasyny geýdirmezden ozal ýedi arka ata-babasyny sanamaly eken. Toýda melike gyz ýedi arkasyny sanady, ählisem şalar-soltanlar. Şazada Nasrylla aljyrap dädesine seretdi, eýse ol atam Ymamguly aga possun tikýädi diýsinmi? Nedir şa ogluna kinaýaly seredip:

--Aý, zaňňar, nämä säginip dursuň, seniň on dört arkaňam şa-soltan ahyry—diýdi. Nasrylla şazada dessine ekezlenip:

--Men şazada Nasrylla, atam şahynşa Nedir, atamyň atasy Sagdak şahynşa, onuň atasy Gürzi şahynşa, onuň atasy Naýza şahynşa, onuň atasy Galkan şa …—diýeninden Nedir şa:

--Haý, zaluwat şazada saklanawer, ýogsa gelin bilen doganoglan bolup çykýaň. Ikiňizem bir ýaýlanyň perzendi ekeniňiz-- diýdi. Muhammet şa-da, wezir-wekilleri-de, Nedir şanyň sypahsalary-da hezil edip gülüşdiler.

Şahynşa Nedir Hindistanyň imperatorlarynyň onlarça-onlarça ýyllap ýygnan genji-hazynasyny öz dogduk galasy Kelata ugratmaga otuz müň düýe, müňlerçe pil, gatyr, eşek gerek boldy. Sap altyn pul ýüz harwar, her harwaram üç ýüz kile. Muhammet şanyň altyn eşrepileri alty müň düýä, platini, zer-kümüş şaý-sepler ýigrimi müň gatyra ýüklenildi. Dört patyşanyň tas ýüz ýylda ýasadan ähli ýeri zerden gymmatbaha göwher, dür-merjen daşlaryndan bolan tawusy tagtynyň bahasy hasaba sygmaýardy. Onuň depesinde goýlan dünýäde ýeke-täk hasaplanýan towugyň ýumurtgasy ýaly derýaýy nur atly göwher daşy, aýnal-hüýr daşlary bahasyzdy.Eger-de şol gymmatbaha altyn-kümüş gençleri, gymmatbaha daşlary Kelatyň ýanynda üýşürilip goýlanda Göwher, Altyn, Kümüş daglary döremelidi. Olja alnan piller, düýeler, atlar, sygyrlar, gatyrlar Horasana, Kesearkaja sygmaly däldi. Emma syrtlandan sapak alýan adam genji-hazynasyny ýeriň astynda gömýär… Ine şol ummasyz baýlyk, genji-hazyna Nedir şany başga şahynşaha öwürdi. Baýlyk göwräňi mahmala-ýüpege çolap, syrtyňy açýar-da!…

Nedir şa kyýamat apy-tupanyna öwrülip Buhara ýöriş etdi, emir wezir-wekilleri, sypahsa-serkerdeleri bilen boýnuna tabynlyk kemendini atyp, şahynşany paýandaz ýazyp garşylady. Buharanyň genji-hazynasynam Kelata ugradyp, emir Abulfeýzi ýaňadan tagtyna çykaryp, dikmesi belledi. Buharanyň hünärmenlerini, senetkärleriniň müňlerçe-müňlerçesini Maru-şah-jahana göçürdi, sebäbi Mary Çynmaçyna ýöriş üçin top-tüpeň, ýarag öndürýän gorhana şäheri bolmalydy…Soňra Hywa goşun çekdi. Nedir şahynşa nije ýyllar ejesi-ikisini gul-gyrnak eden, gursagynda adamzada, dinlere, gudrata, keramata ynamyny öldürip, ýonaçyny gazap atyna çykaran Hywa barýar! Hywa hany Ilbars han döwşe çykdy, sebäbi ol şahynşa Nedir Hywanyň günäsini geçjegine ynanmaýardy. Şahynşaga geregem şoldy. Hywada onuň basgylanan ar-namysy ýatyrdy. Ol Hywanyň goşunyny gyrdy, paýhynlady, pürreledi. Aýratynam Eýrana, Abuwerde, ýygyn dartan, basybalyjylyk eden serkerde-leri, onbaşylary, ýüzbaşy-lary, müňbaşylary garrandygyna garamazdan gylyçdan geçirdi. Hywa hany Ilbarsyň kellesini syryga geýdirip, onuň ornuna Buhara emiri Abylfeýziň inisi Tahyr hany han tagtyna çykardy. Ol Allanyň alnynda eden ähdine wepaly bolup elhenç ar aldy, emma barybir namysy ölen ýüregi ýerine gelmedi, masgaralygyň astynda ýatan ejesiniň jesedem diril-medi! Onuň eden taryhy beýik işi—Hywa zyndanlarynda ýatan otuz müň guly-gyrnagy, ýesiri-bendini boşadyp illi-iline ugradyp, ýüz müň, ýüz müň adamyň alkyşyny aldy. Hywanyň hünärmenlerini, baýlaryny-beglerini maşgalasy bilen Abuwerdiň ilersine—dag etegine göçürip getirdi, sebäbi olar Eýranyň täze paýtagtyny gurmalydy.Ol ýerde gurlan şähere Hywaabat diýip at berdi.

Şondan soň şahynşanyň pikiri-zikiri, otursa-tursa gepi-gürrüňi Mogolystanda, Çynmaçynda Jeňgiz handa köýüp ýatan ary almak boldy. Dosty Muhammet Türkmen bir gezek ony pälinden gaýtarjak bolup:

--Üstünden alty ýüz ýyl geçen gyrlyşygyň aryny almak birhili dälmi, şahynşahym—diýdi. Nedir şa:

--Elbetde, birhili. Nätjek-dä, alty ýüz ýyllap köýüp ýatan ary almaga namysjaň şa bolmady-da! San-sajaksyz gyrlan bigünä biçäreleriň ýanyp ýatan ruhy alty ýüz ýyllap, ýeriň astynda däl, namys astynda galdy-da—diýdi.—Dostum, aňyrrak seret, aňyrrak!..

hhh

Gijesi ýok, gündizi ýok, Magtymguly diwan yzyna diwan okaýardy, ol diňe okamagyň, öwrenmegiň, köp bilmegiň hatyrasyna däl, okaman bilmeýäni üçin okaýardy, ol ýazýardy, ýazman bilmeýäni üçin ýazýardy. Ol däli tüweleý bolup, tornado bolup çar tarapa başyny urup, beýik şahyrlaryň ýoluny ýöredip, goşgy-gazalam, akyldar alymlaryň ýoluny ýöredip traktatam ýazýardy, rawylar ýaly rowaýatam dörediýärdi, emma ol ne goşgy-gazala, ne traktata sygýardy. Magtymgulynyň soňsuz oý-pikirleri ne gijelere, ne gündizlere sygýardy. Ol beýik Ýaradanyň ýaradan dünýä atly diwanynam okaýardy, emma aryflaryň, akyldarlaryň diwanyna-da, Ýaradanyň diwanna-da sygmaýardy. Ol gijäniň gijesi şöwür çekip, öz özi bilen gürleşip, dünýä bilen gürleşip, Biribar bilen gürleşip usurgaýardy. Saba-sabalar boz baýyrlara aýlanyp özüne, dünýä, Perwerdigäre sowal yzyna sowal berip, jogabyny agtarýardy.

Magtymguly ýalan dünýädäki Hakykata, pany dünýädäki Bakylyga, başy ölümli adamzadyň dünýäsindäki Jawydanlyga imrinip, batyllaryň arasynda görer gözli, gapyllaryň arasynda oýa, garaňky-gaflatly dünýäde röwşen nur saçyp ýaşamagyň ýoluny gözleýärdi. Eger onuň Hak Atasy Ýaradan bolsa, ol näme diýip zeminde ýetim-esir bolup ýaşamaly?.. Magtymguly gurhany öwran-öwran okansoň, ony ýatdan bilýärdi, emma entek ýaş gelip, gurhandan öz sowallaryna jogap tapman her ýana başyny urup, ahyry hem öz ýanyndan:

«--Men dünýä ýaňy geldim, emma men kimligimi, näme üçin dünýä getirilenimi näme diýip düýnki aryflardan, alymlardan soraýan, düýn ýaşap ötüp giden danyşment danalar meniň kimligimi nireden bilsin?! Magtymguly, Magtymguly, sen akyl bolsaň, sowallaryňa jogaby şu günden, erteden agtar, geljekden agtar, özüňden agtar, asmandan agtar, Allaňdan agtar!» diýen netijä geldi.

Magtymguly gözleýärdi, emma tapmaýardy, synlaýardy, seredýärdi, emma gözleýän zadyny görmeýärdi. Magtymguly ullakan umman gämisidi, ýeri ol durmuş atly dar derýa nädip sygsyn?! Ol asmanda ýüzmeli arş gämisidi, ýeri ol zemine nädip sygsyn? Magtymguly Ylahy dünýäniň perzendidi, ýeri ol bu ýalan dünýäde nädip ýaşap biler? Däli umman ýaly düýpsiz ýaşaýyş bolsa asman bilen zeminiň, gelejek bilen geçmişiň, aýan bilen pynhanyň, ynam bilen şübhäniň, ýagşylyk bilen ýamanlygyň, günä bilen sogabyň, şowhun bilen dady-peýadyň, uruş bilen parahatlygyň, mahluklar bilen perişdeleriň, Allah bilen melgunyň arasynda möwç urup, çaýkanyp ýatyrdy. Pynhan-pynhan syrlardan ybarat goja dünýä Magtymgulynyň golundan tutup ýollaryň hem sowallaryň çatrygyna getirip taşlady. «Hudaýa akyl ýetirjekmi? Ony gursagyňdan agtar, Hudaý seniň ýüregiňde oturandyr, özüňe akyl ýetirjekmi? -- kelläňi işlet, sen kelläňiň için-desiň!» Magtymguly Döwletmämmet aganyň dana sözlerinden ugur alyp, pikir kylyp, oýlanyp ulug aryf bolmaly diýip aýgytly karara geldi! Ol hökman ulug aryf bolar! Hak Alla ony azyzlap, ulug aryf etmek üçin ýagty jahanyna getirenine Magtymguly halysalla ynanýardy.

Mydama beýik siwilizasiýanyň,medeniýetiň, ylmyň-bilmiň, edebiýatyň, ynsan ruhunyň kämilliginiň watany-- Eýran-Turan keramatly aryflaryň, gudratly pirleriň, ulug ulamalaryň, ýagşyzada derejesine göterilen şahyrlaryň mekanydy. Eýranda-Turanda howalaly kaşaň ymarat, beýik bina, köşk ýaly jaý bolsa ol hökman Allanyň bir azyzynyň aramgähi, türbeti, kümmedidi! Magtymguly ýaş başyndan dädesi bilen Bagdadyň, Türkmen-sähranyň, Mazendaranyň, Horasanyň Semnanyň, Yspy-hanyň, Tähranyň kerem-keramatly pirlerine tagzym kylyp, haýyr pata-syny alypdy, ýagty jahandan gaýdanlarynyň mübärek guburyny düýnäp, seždе edipdi. Pygamber mugjyzasyny görkezip bilýän ulug ulamalaryň söhbetini diňläpdi:

Ulug pirler, keramatly aryflar -- Allanyň azyzlary, olaryň ölüsi-dirisi ýok, çyn yhlas bilen ýykylsaň, delalatyny degrip, hajatyňy bitirýär.

Ulug pirleriň, gudratly aryflaryň dili, dini, milleti ýok, haýsy dilde derdiňi beýan eýleseň, diliňe, milletiňe, dini ynanjyňa garamaz-dan, derdiňe dowa eýleýär.

Ulug aryflaryň, gudratly pirleriň alysy-ýakyny, eýýamy-zamany ýok, ýüregiň bilen sygynsaň alysdadygyňa garamazdan, başga eýýamda dünýäden ötendigine garamazdan delalat eýleýär.

Magtymguly aryflaryň ýolunyň gylsyratdan-da inçe, çylşyrymly, hupbatly, azaply-güzaply, jebri-jepaly ýoldugyna, oňa ömrüňi tutuşly-gyna bagş eýlemelidigine düşünýärdi. Onuň kenarsyz kalbynda hyjuwy, hyrujy, zehini,höwesi, söýgüsi çyrpynyp, tüweleýli ruhy,ýaşlyk joşgu-ny umman bolup möwç urýardy: oňa alyp bolmajak gala,çykyp bolmajak beýiklik, ýetip bolmajak maksat-matlap derkardy,ol Adam oglunyň başar-majak işini bitirip özüni synasy, özüni barlasy gelýärdi. Magtymguly hökman gudratly pire ýykylyp, mürid bolup bu ýalan dünýäde Hakykata, Haka barýan ýola düşer! Oňa başga ýol ýok!

Beýik maksat Magtymgulynyň ruhuny ganatlandyryp, göwnüni telwas urdurýardy. Ol eýýäm on bäş ýaşyna çenli türki, pars, arap dilinde bolan beýik aryflaryň diwanynyň ählisini diýen ýaly okapdy, käbirlerini gaýtalap-gaýtalap okapdy, düşünmedik ýerini dädesinden sorap düşü-nipdi. Ýady çakdan aşa ýiti bolany üçin okan,öwrenen diwanlary hakyda-syndady, hakykatda onuň hakydasy kitaphana aýlanypdy. Magtymguly hökman beýik aryf bolar, ol geljekden şugla saçýan maksadyna tarap aýgytly ýola düşmelidi, ol ulalmaga gyssanýardy, tükeniksiz günleriň, aýlaryň, ýyllaryň içinden parran geçip, beýik pirlige çaltdan çalt ýetmek isleýärdi. Aýlar aýlanyp, ýyllaram geçip dur. Her ýyl suguna bir şah çykaryp, daragtyň göwdesine bir halka aýlasa, adam oglunyň aklyny goýal-dyp, gözýetimini çuňaldyp, dünýägaraýşyny, pikirlerini hem giňeldip, hem üýtgedip barýar. Emma Magtymguly ulug aryf bolmagy halysalla göwnüne düwüpdi.

Ol aryflygyň yşkyna düşüp asmandan-zeminden, jümle-jahandan, tükeniksiz älemlerden ýeke-täk Hakykaty -- Haky -- Hudaýy agtaryp, ulug aryflara öýkünip goşgy ýazdy. Şol pursadam Gara bagşynyň ogly Gaýyp bagşy geldi. Ikisi mekdepde bile okapdy, dostdy. Gaýyp goşgy ýazypdyr, ol goşgusyny Magtymgula okap berdi. Magtymgulam goşgysyny Gaýyp bagşa okap berdi. Ýaş bagşa dostunyň goşgysy gaty ýaran bolmaly, ol iki ýola goşgyny labyzly okap gördi. Soňam ony göçürip aldy. Magtymguly:

-- Ol saňa nämä gerek? -- diýdi. Gaýyp gözlerini höwlendirdi:

-- Magtymguly eşitmeýämiň, bu goşgyň durşuna owaz bolup, çasly çaý ýaly owsunyp gelýär ahyry. Bu goşgy owadan gyz ýaly sallanyp-seýkin basyp gelýär ahyry! diňle! diňle!synla! Ajaýyp aýdymyň sazy älemgoşar ýaly görünip gelýär ahyry!

Gaýyp bagşy duýdy.Her bir beýik şahyryň ajaýyp goşgusy öz owazy, gözelligi,heňi,hörpi,ruhy bilen dünýä inýär.Beýik Biribar adamy çyplak dünýä getirýär,emma beýik şahyryň her bir ajaýyp goşgusy owadandan owadan geýimli,bezemen halda dogulýar. Goşgynyň geýimi--aýdym! Her bir beýik bagşy hakyky goşgyny ýüregi bilen okanynda onuň owadandan rwsunjy owazyny, heňini, ruhuny tapýar. Şol sebäpdenem gelejekde Magtymgulynyň ýazan goşgularynyň ählisini dessine bagşylar aýdyma öwürerler, çünki onuň her bir goşgusy öz owazy,öz heňi bilen dünýä inen hakyky beýik goşgudy.

-- Eý, eý, ol aryf goşgusy!...Ol Hudaý hakyndaky goşgy ahyry...

Gaýyp bagşy goşgynyň tüweleýläp gelýän owazyny görüp, heýjana gelip, dünýäni unudyp, gözlerini süzüp aýdyma hiňlenip başlady.

Sen-sen araýşy jahan, hem jan Senden bihabar,

Sen jahana dolug Sen, jahan Senden bihabar.

Ýaş bagşy heserli hiňlenip, Magtymguly bilen hoşlaşmanam unu-dyp, şygryň dünýäsine girip, täze aýdyma öwrülip gitdi... Magtymguly onuň yzyndan garap esli durdy, soňam goşgynyň owazyny agtaryp ýaňadan okady.

Endişe derýasynda sürdüm sepinesini,

Ýüz tarapa ýüz berdim, seýran Senden bihabar...

Ger diýseler küfr olar, äşýa Senden haalydyr,

Menzil Senden mustagrak, mekan Senden bihabar.

Zemin-asman, garbu-şark bir tüýüňde gerdandyr,

Zamanaga Sen gerdan, zaman Senden bihabar.

Istäp seni deňizler, ýaýkanyşyp şowkuňda,

Sen olar içre mälim, umman Senden bihabar.

Asman diýrler zeminde, zemin diýrler asmanda,

Bir-birine gümanda, güman Senden bihabar.

Magtymguly, gör indi, aşnalara ne işdir,

Ýok, imiş bu äşýada, heman Senden bihabar!

...Zandy şahyr ýigit oglanlygyndan jümle-jahanyň gözelliginiň bendiwanydy. Ol ýaz aýlary ýazlaga göçüleninde gözýetimsiz ýaýlalarda ýaşyl gyrtyçlaryň gözüniň öňünde paşyrdap ösüşine ölemen aşykdy. Ýagyşly-ýagmyrly Nowruz gelip, ýagyş ýaly gyrtyçlar galkyp, zenanbeden owsunjy baýyrlaryň alu-ýaşyl maýsalary, gözüň ýagyny iýip barýan dürli gülleriň, güläleklериň müşki-enwerini kükedip, heserlije ýele owsun atyşy onuň serini sämedip akyl-huşuny çaşyrýardy. Kuhurud, El Burz, Sünt, Kemerli, Hasar, Soňudaglarynyň Hudanyň ýaňyja ýaradan uçmahy jülgelerinde seýli-seýran edip, başy çal dumanly gerişlere çykanynda onuň oglan kalby lerzana gelip, sarç-sarç duýgulary ýeldirgedip barýardy. Pörňül-deşip akyp ýatan çeşme-çaýlar onuň zehinini tutaşdyryp, ylhamyny tüweleýldeýärdi, kalbyndaky

möwç urýan wagşyýana heýjandan ony diňe söz halas edip bilýärdi. Gursaga sygmaýan agynyň hykga bokurdaga dolup, gözlere hüjüm edişi ýaly, duýgular zybanyna hüjüm edip kalbyn-dan çyrpynyp, ýyldyrymlap şygyr çykýardy. Ol dädesi Döwletmämmet Azadynyň, Sagdynyň, Rumynyň, Hafyzyň, Haýýamyň, Hakanynyň, Dehle-winiň, Ferdöwsiniň, Nowaýynyň, Nyzamynyň, Rudakiniň, Bediliň, Baba Tahyryň, El-Maarynyň,Jamynyn, şahyrlaryň pygamberi adyny alan Enweriniň goşgularyny okanynda sözüň gudratyna haýran galýardy. Hezreti Arastunyň, Gorastunyň, Bukratyň, Sokratusyň, Eflatunyň, Ahikar halypanyň eserlerini, gadymy ýunan hem Rum şahyrlarynyň goşgularyny okanynda bu pany dünýäde sözüň Bakydygyna, real dünýäde sözüň Keramatdygyna,arşdan berlen şygyrlaryň gudratdygyna akyl ýetirdi. Gör-ha, müň ýyl, iki müň ýyl,üç müň ýyl mundan ozal döredilen şygyrlar, pähim-parasatlar ýas-ýaňy ýazylan ýaly, ataşy çabrap dur, sebäbi olarda Allahyň gudraty, keramaty bar. Isaýýalaryň Injili ýönelige Söz-- Hudaý diýmeýär! Söz—Gudrat, keramat! Gudrat, keramat bolsa garramaýar, könelmeýär, ölmeýär, sebäbi olar Alladan…

Magtymguly gören, eşiden zatlaryndan netije çykaryp, okan diwan-larynyň çäjini ammaryna atýardy. Ammary baýadygyça köp oýlanýardy, köp oýlandygyça pikirleri röwşenleňýärdi. Dünýä gelen çaga birki ýyldan dil çykarýar, ene süýdi bilen ene mährine, ata gany bilen ata ruhuna eýlenen çaganyň kalbyna, aňyna, emer-damaryna üç müň, dört müň ýyl bäri ata-babalarynyň dahanyndan-- dat, ýüreginden-- ot alan sözler, jümleler ata-babalarynyň ruhy bolup ornaýar. Biziň ene dilimiz turkmen halkynyň ençeme müňýyllykda toplan ruhy kuwwaty, ruhy taryhy, ruhy diýary, ruhy watany, ruhy genji-hazynasy! Her bir söz göwher-lagyldan gymmat hazyna. Öz ene dilini ýitirip, başga dile geçen kişi milletiniň çygryndan çykyp, müňýyllyklarda kemala gelen Ruhy Watanyny ýitiren bedibagt-dyr. Watanyny ýitiren aglar,aýlanar, dolanar, gaýdyp gelip ýene watanly bolup biler. Ilini ýitiren eňrär, efgan dartyp,ahyry yzyna gelip, ýene iline goşulyp biler. Emma dilini ýitiren kişini başga diliň ruhy-ha kabul etmeýär, öz ýitiren diliniň ruhuna bolsa gaýdyp gelip bilmeýär. Ol kişi ruhy gatyr!..

Söz! Onuň Aly hezretleri Söz!

Gudraty güýçli Allatagala bir söz bilen tükeniksiz älemleri, asmany-zemini, Aýy-Güni, jümle-jahany ýaradyp, gudratly, keramatly sözem Adam ogluna bagyşlapdyr! Kyýamat ahyr bolanynda Biribar bi akyldan daşgary äleminde ýekeje söz bilen kyýamat gopdurmaly!

Magtymguly gije-gündiz oýlanýar, pikir kylýar, seriniň içini agdar-düňder edip netije çykarýar: dünýäniň beýik-beýik daglaram, däli-däli ummanlaram, tereň-tereň derýalaram, çölleri-sähralaram, gorgan-gorgan şäherlerem baky däl. Gerdanlaram, heňňamlaram, eýýamlaram baky däl! Jümle-jahanda diňe söz baky! Adamyň akyl-paýhasyndan, Allanyň bagş eden zehininden çyrpynyp çykýan dana setir, beýt, goşgy, pähim-paýhas baky! Läheň-läheň akyldarlar, beýik-beýik şahyrlar setire girip, pähime girip, goşga girip Bakylyga öwrülip galypdyr!

Läheň-läheň şahyrlar,beýik akyldarlar halklaryň kalbyna, paýhas-parsadyna girip, dünýäniň kämilligine basgançak bolupdyr!

Asmanda Allatagala baky! Zeminde aly hezretleri Söz baky!

Allanyň ýaradan pany, ötegçi dünýäsinde diňe söz baky!

Allatagala başy ölümli adam ogluna söze girip, Baky galmaga,jawudan bolmaga yş goýupdyr!

Ýalan dünýäde göweçden çykan zer ýaly,göwünden çykan jümle, ýürekden heserläp çykan goşgy çyn hem baky! Eýýamlar, heňňamlar, zamanlar sözüň gudraty bilen hekaýata, rowaýata girip, ulug aryflar, beýik akyldarlar, Hakdan içen şahyrlar akyl-paýhasyny, pähim-parasadyny, göçgünli duýgularyny, heýjanly şygyrlaryny kitaba jemläp, Bakylyga öwrülýär!

Şahyr ýüregi kaknus guşuň höwürtgesi.Daglaryň astynda adaty kömü-riň ýanyp göwhere öwrülişi ýaly,şahyryň yşkyna sataşan sözler süýnen ýyldyz ýaly jümle-jahana şugla saçyp, keramata öwrülýär!..

Magtymguly ymykly akyl ýetirdi. Pul-mal,genji-hajyna—dünýäniň baýlygy. Adam ogullary gözel ömrüni nagt berip, dünýäniň karz baýly-gyny, altyn-kümşüni ýygnaýar, ölübem goýup gidýär.Kime? Nesip edene!.. Dünýäniň hakyky baýlygy, genji-hazynasy söz, onuň aly hezretleri söz! . Sütün-sütün ata-babalar eziz topragyň goýnuna girip, Watany mukad-desleşdirse, olardan miras galan dana sözler, pendi-nesihatlar, nakyllar, parasatly tymsallar, rowaýatlar ruhy genji-hazyna öwrülip, röwşen Gelejege paýandaz ýazylýar! Her bir maşgalany mukaddes ojak bilen perişdeli saçak, halky-halaýygy keramatly watan birleşdirýär. Ol ajaýyp aýdymyň—şygryň-dessanyň diňe milleti däl, halklary däl, Geçmiş bilen Geljegi hem birleşdirýän mukaddes, keramatly, gudratly ojakdygyna ynandy. Aýdymyň mekany ýürek, ýüregiň mekany yşk! Bagşylar bir gije aýdym aýdyp, agyr märekäni aýdymyň pähim-parasadynyň derejesine göterip, kalplaryny baran ýaly ýuwup, yşk bilen päkläp, ruhuny tüweleýledip, olary asylzada adama öwürýär.Ol goşgy ýazmaly! Halkyň aýdymyna aýlanjak goşgy ýazmaly!..

Emma Magtymguly ulug aryf bolmaly ahyry! Ulug aryflaram goşgy ýazýar, beýik şalar-soltanlaram goşgy ýazýar! Hatda pygamberlerem goşgy ýazýar! Hezreti pygamberimiz Muhammet aleýhessalam şahyrlara, şygra kän bir pitiwa etmedik-de bolsa, oňa inderilen gurbany boldugym Kurany-Kerimiň ençeme ýeri goşgy bilen ýazylypdyr ahyry! Keramatly aýatlaram, gudratly dogalaram goşgy ýa saj (rifmaly kyssa) bilen beýan edilipdir ahyry! Magtymguly «Injiliň» täzesinem, könesinem, beýleki asmandan inen kitaplaram öwran-öwran okapdy, olar hem goşgy bilen, goşga gaýra dur diýdirýän saj kyssasynda ýazylypdyr ahyry!

Arşy-agladan iberilen kitaplar goşgy bilen ýazylan bolsa, Alla-tagala hem şahyr bolaýmasyn?… Allatagala şahyrmy, şahyr dälmi, belli däl, emma onuň ýaşyl ýaýlaly sährasy-çöli, degresi ala garly daglary, owsunjy deňizleri, parlak-parlak ýyldyzly asmany, uçmahdan akyp gelýän çeşme-çaýlary, jümle-jahany şahyrana akyl-paýhasdan, heserli-husurly poeziýadan ybarat!

Magtymguly oýlanýar: her obada, kentde, galada, şäherde ençe-ençe attarhana,san-sajaksyz hekim,tebip bar. Bir kişiniň baldyry syzlap, başy agyrsa,onuň derdini bejerip, keselinden gutarmaga döwtalap tebip, hekim kän, emma kalby ýaradar bendäniň uçran derdini bilýänem ýok, halyny soraýan ýok. Ýüregi ýaradar är derdini ilden bukup, ýaraty bolan keýikleriň, aýraklaryň ganyny sarkdyryp,daglara çykyp,mumyýa agtarşy ýaly, akylly kitaplardan, dana diwanlardan ýarasyna melhem agtarýar. Olaryň derdine diňe hümmetli söz, keramatly söz, ýürekdeş mährem söz melhem bolýar. Bir awuly söz bilen adam ogluny öldürip bolýar! Oňa türkmenler “Är ärden bogaz boldy” diýýär.Ene bir söz bilen ony jana getiribem bolýar! Ýürekden çykan söz gudrat!

Gözüň iýmiti owadan-owadan gözellik, gulagyň iýmiti ýakymly, labyz-ly owaz, diliň iýmiti dymyşlyk,bedeniň iýmiti hereket, ýüregiň iýmiti owadan goşgy,beýniniň iýmiti jaýdar aýdylan parasatly jümle,pähim-parasat.Ýaramaz naharyň ajygýan ýeriňe barmaýşy ýaly,sadyr atan suwuň teşne ýeriňi gandyrmaýşy ýaly ýürekden çykmadyk söz ýürege baryp bilmeýär. Ýürege ýürekdeş söz gerek!

Emma barybir Magtymguly goşgy ýazmaz, şahyr bolmaz!..

Ýöne ol şygyrdan, şahyrlykdan gaçdygyça zehini ot alyp, ylhamy tüweleýläp, tutuş dünýäsi poeziýa aýlanyp, sözler, jümleler, setirler zybanyna hüjüm eýläp, goşgular çagbalap gelýär!..

Magtymguly görer gözleri bilen okan,eşder gulagy bilen eşiden zatlarynyň ýagşylaryny gara kellesine atyp kämillige barýar. Çarhypelek jykyr kimin aýlanyp, her güni bir golça ýaly dünýäden alanyny Magtym-gulynyň kalbyna, serine guýýar. Günler,hepdeler, aýlar,ýyllar oňa basgan-çak bolup beýiklige göterýär. Ol basgançakdan basgançaga çykdygyça gözýetimi, pikir ediş çygry, akyl aýlaýan örüsi giňeýär. Şeýdip ol adamzadyň akyl çygrynyň aňyrsyna-- akyldar Magtymgula tarap barýar!

Magtymgulynyň dädesi onuň ulug aryf bolmagyny islese, käbesi Arazgül eje, agalary Kynyş beg, Selim Magtymguly dagy, inileri onuň ata çykyp beg, han, serdar bolmagyny isleýär. Selim Magtymguly aram-aram Hanjary, Abdyllany, Mämmetsapany, Arslany, Magtymgulyny, Janamany, Janeseni, Gaýrygulyny, Guljany, Seýidi…jemläp:

--Köpeý ogullary, sizden-de bir han-beg bormy, ähliňiziň piki-zikiriňiz Nedir şaha han bolup, beg bolup gulluk etmek! Haýsydyr bir ýonaçynyň ogly tagta çykyp şa bolanynda siz şunça ýonaçy bolup, heý birden biriňizde ulug serdar bolup, şa bolup, soltan bolup halkyňyzy, ýurduňyzy düldüretmek maksadyňyz bolmazmy?!-- diýip, çyny bilen käýinýärdi.

Akly goýalyp, ýülügi dolup, bili-bilegi bekäp ýetginjekligiň gyra-syndan girdigiçe Magtymgulynyň aryflyk, şahyrlyk möwji köşeşip, ata çykyp serdar bolmak arzuwy alyp gaçýardy. Näme diýip ol babasy Atanyýaz Kadyr ýaly, daýysy Döwletaly han ýaly han bolmaly dälmiş?! Keremli Allatagala Magtymgula şalara-soltanlara mynasyp akyl-paýhasy, şasuwar kaddy-kamaty, berdaşly daýaw göwräni, gujur-gaýraty, adalatly ýüregi näme diýip berendir eýse?! Ol özüne: «Eýse, seniň gursagyňda Magtymguly ýonaçynyň tüweleýläp duran ruhy ýokmy?! Eýse seniň arkaňda dünýäni düldüreden Görogly soltan ýokmy?! Eýse sen şu şasuwar kaddy-kamatyň, gujur-gaýratyň,pähim-parasadyň bilen egniňe haýsydyr bir aryfdan galan ýama-ýama hyrkany geýip, obadan-oba,kentden-kende «Huw-Hak!» diýip entäp ýörjekmi?!» diýip käýinýärdi. Nije müň ýyl mundan ozal Oguzhan ýaly pygamber serdary dünýä berip, dünýäniň depesinde tuguny pasyrdadyp, ençeme-ençeme döwletleri gurup, ençeme ýerleri-ýurtlary basyp alyp, jahany tagtlan türkmeniň her biriniň ganynda, aňynda, ruhunda, emer-damarynda dünýäde bäş gün ýaşasaňam han bolup, beg bolup ýaşamak duýgusy ýaşaýar. Han-beg boljak bolsaň, at münüp, ýarag dakynyp söweşe girmeli! Jeň görmedik ýigitden beg bolmaz. Türkmen aga gadym zamanlardan bäri bedew atyny uçmahdan çykan behişdi bedew diýip keramatlaşdyrypdyr.

Magtymgulynyň owsarsyz fantaziýasynda Oguz hanyň aty Buz dagla-ryna gaçyp ýagşyzadalara duşup, nowjuwan Göroglynyň Gyratynyň erenlere sataşyp ak pata alşy, Göroglynyň perzent dilemän Gyraty dileýşi janlanýar!.. Türkmen aga atyny pirli saýyp, Baba Gambar pir bolup, bedewlerini saz bilen seýisleýändir. Has takygy, Gilgamyş aýtmyş-laýyn,türkmen öýüni ýykyp gämi ýasaýan, mülküni satyp at alýan halk… Gadym zaman bir türkmen mülküni satyp, bedew at edinýär, şonda onuň dana pars goňşusy: »Eý, pylany, seniň rysgal-döwletli mülküň bardy, sen oňa ders bererdiň, ol saňa arpa-bugdaý bererdi. Sen indi bir närse satyn aldyň, sen oňa arpa-bugdaý berýäň, olam saňa ders berýär» diýenmiş.

Türkmen aga «Eýer—tagtym, döwletimdir bedewim!» diýip ýaşaýan halk. Bir saýry dana wezir:

«--Şahym, şahym, şu hikmete düşüngin,

Eger gul eýlejek bolsaň turkmeni,

Ony öňi bilen atdan düşürgin!..»

Emma türkmeni atdan düşürip bolýamy? Magtymgulynyň hyýalynda begleriniň goja Oguz hana gop berip ata mündürişleri janlanýar. Ony gören saýry han:

«--Pahaý, biziň gorkup ýören hanymyzy goldap ata mündürýän ekenler!--diýýär, Oguz han:

«--Hawa, meni goldap ata mündürýärler, emma atdan düşürmäge müň gerçek ýigit gerekdir!—« diýýär…

Türkmen aganyň ynamy, «Atly öý,döwletli öý». Atyň-ýaragyň gurat bolsa, hak-heşdek berip ýygnyna aljak şa-da, soltan-da, beglerbegi-de, han-da, beg-de tapylýar. Şonuň üçinem köp ogully türkmen çagalarynyň arasyndan üşüklisini saýlap ylym-bilim berer, körpe ogluny öz ýanynda alyp galyp, hojalygy tabşyrar. Galan ogullary bolsa, at münüp gider gulluga! Maşgalada bir kişi şanyň-soltanyň goşunynda gulluk etse, dessine onuň yzda galan hossarlary gurgun hem mertebeli adama öwrülýär. Nedir şa bolsa halkdan çykan şady, üstesine şaýy bolsa-da türkmendi. Oňa nöker bolmak geljegiňe açylýan röwşen ýoldy, beýik hem berkarar döwlete barylýan basgançakdy. Abdylla-da, Muhammetsapa-da on ýedi-on sekiz ýaşap Nedir şanyň goşunyna gulluga gidipdi. Köp söweşlere gatnaşyp, özlerini görkezip, at alyp beg derejesini edinipdiler. Ýigdekçe Magtymguly hem ata çykanynda şahyrlygam, aryflygam unudýardy. Ol näme diýip bedew ata çykyp, gylyç syryp adalaty dabaralandyrmaly däl, näme diýip ol Görogly bolmaly däl!..

hhh

Hajygowşan obasy gudrat bilen birdemde Çardagly Çandybile, hajygow-şanlylar Çandybil halkyna öwrüldi. Gamgyn hem gaflatly asyrlardan aşyp, Gyratyny segredip, Görogly beg geldi. Kyrk däli begi, Agaýunus perisi, Sapar kösesi bilen. Ulllakan oba toýçulykdy. Heý kyrk begi bilen Görogly soltan geler-de hajygowşanlylar toý tutmazmy!

Wasdan ýaýanda-göýendesi bilen gelen aýdyjy bagşy ilkinji gün Çowdur hanyň öýünde “Görogly” dessanyny aýtdy. Magtymguly ozal bagşylardan dessanynyň hemme şahasyny diňläpdi, ýöne ýaýanda-göýendeli aýdyjy bagşyny weli ilkinji gezek diňleýärdi, has dogrusy aýdyjy bagşynyň, ýaýanda-göýendäniň janlandyrýan dessanyna ilkinji gezek tomaşa edýärdi. Bagşy Göroglydy, sazandasy ýaýandady, gyjakçysy göýendedi, olaryň biri Köse bolmaly bolsa Köse,ikinjisi Agaýunus peri bolmaly bolsa,Agaýunus peri, kempir bolmaly bolsa kempir bolýardy. Garasaý,tamam Hajygowşan halky Göroglynyň janly durmuşyna-- teatra tomaşa kylýardy. Magtymguly aňk bolup diňleýärdi, aýdym-namalar gudrat bolup onuň kalbyna, ruhuna, emer-damaryna, süňňüne, hakydasyna-ýadyna girýärdi. Ol aýdyjy-bagşyny, ýaýanda-göýendäni diňläp uçganaklaşyp oturan obadaşlarynyň Çardagly Çandibil halkyna aýlanşyna haýran galdy: gojalar “Görogly” dessanyna girip, Magtymgulynyň gözleriniň öňünde ýaş ýigide, beg ýigide aýlansa, jahyllar hyjuw-hyruçdan ýaňa garaklaryndan ataş syçradýardy. Şumat bagşy “Atlanyň-aý beglerim!” diýdigi –olar geçmişe gidip Baly begiň köşki-saraýyny, galasyny-kendini weýran etjek-ler. Gör-ha, Hajygowşanyň gelin-gyzlary hem Agaýunus perä öwrülip barýar. Magtymguly diňe Göroglyda däl, onuň her bir namasynda hem gudrat görýärdi. Öz ýanyndan atasy Magtymguly ýonaçyny Jygalybege, Kynyş dädesini Sapar Kösä, Selim dädesini Handan batyra meňzedýärdi. Magtymguly ilkinji gün Çowdur hanlarda bagşy diňläninde dädesi Döwletmämmet aganyň pirdigine, dädesiniň bagşylary öýünde aýtdyrmajagyna gynandy. Emma Selim beg bilen Kynyş beg Döwlet dädesinden idin alyp, bagşylaryň hatyrasyna Kynyş beglerde toý tutarmen boldy. Kynyş bege ýedinji gün toý nobatyny berdiler.

Magtymguly bagşylaryň şiwe diline-de, göçgünli-göçgünli jümle-lerine-de,tüweleýli howalasyna-da aşyk bolup, düýrmegi bilen diňleýärdi, dessan hamana wideokamera ýazylan ýaly onuň hakydasyna ýazylýardy. Gaýyp bagşy uly bagşy bolansoň şu dessanlary hökman aýtjakdygyny, şonuň üçinem hakydasy güýçli Magtymgula ony ýat tutup ýazyp bermegi haýyş edip elewräpdi. Ol dostunyň sözüni ýykman, toýdan soň bir aý iş edip, tutuş dessany ýazyp berdi, Gaýyp bagşy onuň daşyny Gulmuş hatdata jiltletdi.

Hajygowşan obasynyň depesinde asman bilen zemin arada Görogly begiň namalary ýaňlanýardy. Magtymguly Görogly begiň pähim-paýhasdan, hyjuw-hyruçdan doly badyhowa aýdymlaryny görýärdi, namalar gudrat bilen lowurdaşyp owsunyp gelýärdi. Ol Göroglynam, Sapar Kösänem,kyrk däli begem, Agaýunus perinem ýanynda duran ýaly synlap, bagtdan ýaňa uçup ýördi, sebäbi ýene iki günden bagşylar Kynyş beglerde, Magtymguly-laryň howlusynda dessan aýtmalydy. Ýyllar geçer,ol ýazar:

Şerap içip,serhoş bolup,segresem,

Ganym janyn gyýym-gyýym dograsam,

Görogly dek dagdan-daga ugrasam,

Ýa,Reb,habar bilerinmi Ýar Senden!

Gudrat bilen nowjuwan Görogla öwrülen Magtymguly Çardagly Çandy-biliň adatdan daşary owadan jülgesi bilen barýar. Ol depesi ak garly, degresi hozly-çynarly daglara aşyk bolup nazar salýar, hanha Çandybil—Çaňlybil çaňjaryp, alyslardan baran gelýär. Magtymguly jülgeden öwrülýär weli, alnyndan Görogly beg çykýar. Gyratam, Göroglam zer-zerbap-dan geýnipdir. Ol uçaýjak bolup oňa tarap ylgaýar, barşyna-da gygyryp salam berýär:

Görogly uçganaklap duran Gyratyň başyny çekýär:

--Waleýkim,Magtymguly.

--Görogly beg,sen meni nireden tanaýaň?

--Heý,men gudratly Görogly beg bolup,seni tanamanmy? Bu gün men seni tanaýan,ertir tamam ýurt tanar,birigün seni dünýä tanar, Magtymguly!

--Görogly beg, halk hor düşdi, ýurt eýesiz galdy, türkmen serdarsyz galdy, külli türkmeniň başyny jemlemäge sen gerek!

--Sen näme diýip Görogly beg bolmaýarsyň? Hä?Görogly beg hökman Geçmişden ýa Geljekden gelmelimi? Ýok, Magtymguly, Görogly topragyň, halkyň, ýurduň Gursagyndan çykýandyr!

--Sen nädip Görogly beg bolduň,Görogly?

--Men Watanymy mukaddeslige, topragymy keramata, il-ulsumy ýagşy-zadalyga göterip, diňe ýurdum üçin göreşdim, diňe halkym üçin ýaşadym, ömrümi halkyma sarp etdim, halkym hem maňa jawudanlygy bagş eýledi.

Şol mahal Magtymgulynyň arka tarapyndan Janaman geldi. Ol:

--Görogly beg,salawmaleýkim!—diýip haýkyrdy. Magtymguly begen-jinden tas uçupdy:

--Görýäň gerek!Göroglyny görýäň gerek?

--Elbetde görýän, senem görýäň gerek?

--Görýän,görýän!

Birden Görogly gözden gaýyp boldy, Janaman kinaýa bilen ýylgyrdy:

--Eý, jijuş! Sen bu gün Görogly soltany görseň, ertir ýagşyzadalary, perişdeleri görersiň, birigün bolsa Selim magtymyň bimarhanasyndan çykarsyň!—diýip, Magtymgulynyň maňlaýyna pitikledi. Gaty gahary gelen Magtymguly guduz açyp: "Janaman, men seniň aman janyňy jähen-neme iberýän!" –diýip topuldy… Janamanyň ýüregi ýarylyp arkan serpildi, ol ukuda meýmiräp ýatan Magtymgulyny oýarmaga gelipdi. Magtymguly ukudan, owadan düýşüniň içinden iki penjesini gerip, gygyryp turdy, gözlerini elek-çelek edip Janamana seretdi:

--Hany Görogly?

--Eý, eý, agam ogly, bu bolup ýörşüňe, sen ahyry Selim magtymyň bimarhanasyna düşýäň! Ýör, eýýäm öýle bolup barýar, "Görogly" dessanyny diňlemäge gideli. Magtymguly entegem ukudan hem düýşünde gören waka-syndan aýňalyp bilmän serim-saz dur…

Aýlar aýlanyp, ýyllar geçdigiçe Magtymgulynyň kalbynda ata çykyp, adalat gylyjyny syrmak höwesi apy-tupan bolup galkýardy. Kesewiňi dürtseň gögerdip duran sahy-sahawatly, rysgal-bereketli boz topragyň üstünde ulus-iller näme diýip aç-gallaç, garyp-kaşşak ýaşa-maly?! Ýaradanyň uçmahdan zyýada abadan, owadan dünýäsinde tükeniksiz uruş-gowga kime gerek, nämä gerek?! Beýik Biribaryň bagtyýar ýaşaň diýip ýaradan ajaýyp jahanynda bir atadan, bir eneden ýaýran Adam ogullary näme diýip birek-birek bilen duşman bolup ýaşamaly?! Eýse adam ogullary birek-birek bilen dogan-dost bolup bagtyýar ýaşamaga mynasyp dälmi?!…

Eýse ýüz ýigrimi dört müň pygambere-nebä-mursala, müňlerçe-müňler-çe ýagşyzadalara, alym-aryflara, ulug ulamalara düzetdirmedik dünýäni akyl-paýhas bilen, adalat gylyjy bilen düzedip bolmazmy?.. Ylahy akyl-paýhas, adalat gylyjy Adam atanyň ogullaryny bir saçagyň, bir ojagyň başyna jemläp, bagtyýar edip bilmezmi?!

Nädip, nädip zeminde Adalaty Hudaý edip bolar?..

hhh

Giňjaý--Hajygowşan bir Allanyň nazar salyp, ýalkan ýeridi. Ullakan obanyň degre-daşyndaky baýyrlaryň ýüzlerinde, källerde, saýlarda, alalarda, boz düzlerde düme ekilen güýzlik ak ekin Hydyr gören ýalydy. Düme ekilen arpa bolsa eýýäm halta-halta edilip, teblehanalaryň duluna basylypdy. Hajygowşanyň ýerden ýöräni baýyrlaryň arasyndady. Ak ekin orlup, harman döwülýärdi. Ýonaçylaryň neberesiniň harmanlaryna Kynyş beg esewan edýärdi. Hanha, alty harman döwlüp dur. Ýene on iki harman döwülmäge taýýar. Her harmanda ýanaşdyrylyp kökerilen iki garry ýaby bilen ýaşajyk ýonaçylar döwek döwýärdi. Biriniň başynda Magtymguly başyna jir ýaglyk aýlap, harmanyň daşyny agaç ýaba bilen gaňtarýardy, beýle-kisiniň daşynda Janaman agaç ýabaly güýmenip ýördi. Harmanlary synlap gözleri dokunýan Kynyş beg olaryň berekellasyny berýärdi. Gün günorta bolup, jöwza yssy jokrap beýniňi gaýnadyp barýardy. Janaman:

-- How, Kynyş däde, sen näme samany pide, bugdaýy un etdirjek bolýamyň? Gör-ahyr, dag ýaly harman ýere siňip barýar - diýdi. -- Seýitjan agşam ýatanynda hem çarhypelek ýaly aýlanyp, ýatyp bilmeýär.

Kynyş beg Janamanyň gaňtaryp duran harmanynyň ýanyna gelip, her ýerinden bir gysym samany alyp synlady:

-- Döwüberiň, entek döwüberiň.

-- Äl-aýt dymdaý… Heý bir öwüsgin dagy ösäýmeli dälmi? - diýip, Janaman derini ýeňine çalyp ýylgyrdy. -- Kynyş däde, günäsi meniň boýnuma, şemal tarapyňa bak-da, Mirhaýdar pire hüjüre-hüjüre sözleri paýratsana, ýogsa bu gün-de-ertede sykylyklap harman atyp bilmersiň!

-- Harmany sen atarsyň, sen! Baý-baý sykylyklap, harman atarsyň-a! -- diýip, Kynyş beg ýylgyrdy. -- Düýn agşam Gün ümeze batdy, ynha, nesip bolsa giç öýlänler, harmanyňy atyp başlarsyň!

Tüp yssy dymýardy, Magtymguly dymýardy, Kynyş aga-da dymýardy, gepläýmese içini it ýyrtyp barýan Janaman ahyry dymyşlyga çydaman:

--Magtymguly, gürläp otursana—diýdi.

--Näme gürläýin?

--Içim gysýar-ow, meniň bilen gürleşäý-dä.

Magtymguly gaty çyny bilen gürledi:

--Hezreti pirim Sagdy, sen azajyk tagapyl eýle, men Janamanjanyň samahyllylaryny diňläýin.

Ýerine düşen söze Kynyş beg agzyny asmana tutup, heziller edip güldi, soňra Magtymgula öýkünip:

--Nurjemal baý, senem azajyk garaş, men ýelem-ýüwlediň patarrakylaryny diňläýin, bendäniň çagasynyň akmaklygy içine sygman, ýarylyp barýar—diýdi. Janaman öýkeli:

--Aý, howwa-da, aly hezretleri Görogly soltanyň bajasy başyna jir ýaglyk daňyp, harman gaňtarsa, Allanyň azyzy Magtymguly harman döwse, nähili gürrüň bolup biler?

Şol mahal bir atly ýigdekçe gelip salam berdi:

-- Magtymguly, Döwlet dädem saňa derrew gelsin diýdi…

-- Yklymjan, sen ýalňyşýan dälsiň-dä… Döwlet dädem inim Janaman gelsin diýen bolaýmasyn? -- diýip, ol atla ýylgyrdy. Atly ýigdekçe ýylgyryşa ýylgyryş bilen jogap gaýtaryp ilerligine gitdi. Magtymguly üsti-başyny kakyşdyryp, çatmanyň kölegesinde asylan meşikden suw içdi. Kynyş beg:

-- Magtymguly, Seýit janyň gök eşegini münüp gidiber -- diýdi. Janaman Kynyş aga bir aýtmasyz zady aýdan ýaly çynaberimsiz gahar-lanyp:

-- Näme? Näme diýdiň? Magtymguly indi eşek münmelimidir? Heý, Magtymguly ýaly gerçek eşek münmelimidir?..Hanha, bir ýonaçynyň ogl-a tagta münmeli, beýleki ýonaçynyň ogly bolsa eşek münmelimi? Haý-haý, Görogly soltanyň bajasy-ha kep tapdow!-- diýip zowzanaklady…

-- Näme, eşek münmäge utanýaňyzmy? Gök eşegi hezreti Isa pygamber hem münendir han!

-- Hezreti Isa pygamberi eşek müneni üçin haja çüýläpdirler-dä. Eger Isa pygamber ata çykyp, eli gylyçlyja pygamberlik edeninde dünýäni düldürederdi…

-- Eý, Allam, bu ýelem-ýüwlediňe iki barmak dilden gaýry zat berme-diňmi?-- diýip, Kynyş aga başyny ýaýkady. Janaman:

-- Hudaýjan, ähli pähim-parasady, danalygy Magtymgula, geplemäni bolsa maňa beripdir-- diýip güldi-de, çatmanyň saýasyna çökdi. Kynyş beg oňa dowamly seretdi, Magtymguly:

--Janaman, Kynyş dädemiň saňa diýip duran geplerini pyşbaga eşitse utanjyndan gara der bolup ýere girerdi!—diýdi.

--Kynyş dädem maňa hiç zat diýeňog-a.

--Kynyş dädeň dili bilen diýmeli sözlerini tükedip, ýüzi bilen, gözi bilen, ümi bilen, ýüregi bilen aýdyp dur!—diýip, Kynyş beg gaharlandy-- Tur harmanyňa bar, ýanbaşa ýatmaga, syrta oturmaga ýurt agta-ryp ýörme-de!

Janaman nägile halda harmana bakan ugrady. Magtymguly:

--Neresse sarç atdan ýykylansoň telbe-tentegräk bolaýdy-da!—diýdi. Kynyş beg:

--Bi tentegi atam ýykyp ýörmi?

--Ek. Dogabitdi kelesaň diýeniňden, atdan ýykylanda ýa at depende akly-na zeper ýetdi diýseň sypaýyrak bolýa-da!

Jüpüne düşen size Kynyş begem, Janamanam güldi.

Magtymguly öýe gelip, dessine ýuwunyp-ardynyp, sypaýy geýimlerini geýdi. Ol çakdan aşa tolgunýardy, Allasyndanam, ýagşyzada ýaly atasyn-danam, çüwen bagtyndanam, ykbalyndanam müň kerem razydy, sebäbi ol yslam dünýäsiniň iň beýik, iň sylagly-sarpaly,iň keramatly aryfy, pirleriň piri Seýit Syrajeddin Arşaýy pir bilen duşmalydy. Kimem bolsaň Allatagalany görmek mümkin däl, onuň resulyny görenlerem müň ýyldan aňyrda mübärek gubur bolup ýatyr. Ynha, Magtymguly şolardan soňky ägirt ulama bilen duşuşmaly! Onsoň ýaňy on alty ýaşap ýören ýigdekçe nädip tolgunmasyn? Ol ähli erkini jemläp, özüni ele alyp dädesiniň jaýyna girip, törde oturan ýagşyzada ýaly nurana kişä gözi düşeninden aňk bolup, edep bilen salam berdi. Segsen ýaşandygyna garamazdan, göwresine erk edýän berdaşly goja pir ýerinden gobsunyp, Magtymguly bilen elleşip salamlaşdy. Pir röwşen ýüzünden nur dökülip duran ýaş ýigdekçäni içgin synlap, tüweleme diýdi. Magtymguly ozal goja piri alty ýaşynda görüpdi. Döwletmämmet aga arapça:

--Magtymguly, Allanyň azyz myhmanyny tanaýarmyň? - diýdi. Magtymguly arapça:

-- Hezreti pirimiz Seýit Syrajeddin Arşaýyny jümle –jahan tanaýarka, men pederimiň mürşidini tanamanmy? - diýip, tolgunyp, buýsanç bilen aýtdy. Magtymguly dädesiniň otagynda nähilidir bir nämälim owsuny duýdy. Ýigdekçe şeýle owsuny ozal dädesinde-de duýýardy. Ol tüp yssyda salkyn saýa giren ýaly ahwala düşdi. Döwletmämmet aga kitaphanasynda Seýit Syrajeddin Arşa-ýynyň seteran goýlan diwanlaryň arasyndan birini alyp, ortarasyny açyp ogluna görkezdi. Kitap arapçady. Magtymguly sahypanyň başyndan birki sözlemi okap, soňra gözlerini süzüp, gyssanman, hamana, diwany özi ýazan ýaly aýdyp berdi. Döwletmämmet aga başta bir diwanyň gabat gelen ýerini ýerini açyp görkezdi. Magtymguly birki sözlem okap, göýä sapak aýdýan ýaly, sakynman, säginmän gürrüň berip . başlady. Kethuda ýene iki-üç kitap açyp ogluny synady. Seýit Syrajeddin Arşaýy pir diwanlaryny bir ýanyndan aýdyp duran ýigdekçä haýran galyp, buýsanç bilen synlady:

-- Aperin, tüweleme, oglum, tüweleme.

Döwletmämmet aga beýleki diwanlaryňam gatlaryny açyp, Magtymgula görkezýärdi. Ýigdekçe ýaly aýdyp berýärdi. Goja pir arap dilinde suwara gürleýän ýaş Magtymgula birnäçe sowal berdi, Magtymguly jogap gaýtardy… Ýöne wagt geçdigiçe Döwletmämmet aga-da, ýigdekçe-de nurana piriň gam-gussa batyp barýanyna haýran galýardy. Olar goja piri gaty ýadan-dyr öýtdüler… Seýit Syrajeddin pir uzyn ömründe her hili üýtgeşik-üýtgeşik zehinli kişileri görüpdi, emma on alty ýaşynda goja piriň bütin ömründe ýazan diwanlaryny hatym edip bilen oglan ony gaty geň galdyrdy. Döwletmämmet aga:

-- Hezreti pirimiz, Magtymguly siziň ähli diwanlaryňyzy öwran-öwran okady, ol siziň ýoluňyzyň aşygy… - diýdi.

Goja pir edähedine görä pessaý ses bilen:

-- Magtymguly, mundan ýigrimi ýyl ozal garry ataň Bagdada baryp, sen-men ýok meniň iň gowy, iň arzyly, iň umydymy baglap ýören müridimi --- Döwletmämmedi alyp gaýdanynda bil oňurgam syndyrylan ýaly, öserim ýolnan, geljegime talaň salnan ýaly elhenç hala düşüpdim. Garry ataňyzdan bijaý ynjapdym, emma indi akyl edip otursam, ol garry ataňyzdan däl-de, keremli Allatagaladan eken!… Sen meni çakdanaşa hoş etdiň. Magtym-guly, men saňa dädeňiň keramatly ýoluny dowam etmegiňi, dädeňiň barma-dyk belentliklerine barmagyňy beýik Biribardan dileýärin! Bek belle, ýollaryň aýdyňy, ýollaryň hakykysy Hakyň ýoludyr! - diýip, goja pir gijäniň bir wagtyna çenli dogaýy gürrüň edip, ýaş oglana ak pata berdi, hiç haçan elinden goýmaýan tesbisini Magtymgula sowgat etdi. Magtymgulam, Döwletmämmet aga-da musulman dünýäsiniň uly piriniň gitdigiçe gama batýandygyny, gitdigiçe gum-gussa öwrülip barýandygyna düşünip bilmeýärdiler. Goja piri näme gulgula salýarka?…

Segsen ýaşy arka atan goja pir Seýit Syrajeddin Arşaýynyň asly Şirazdandy. Ol ölmezden ozal dogduk mekanyna aýlanyp, ata-babalarynyň mazaryna zyýarat etmäge barýardy. Goja pir uzak ýola garry ýabyly, idegçili çykypdy. Ertesi irden Döwletmämmet aga, Magtymguly, obanyň aksakal-lary hezreti piri ýola uzatdylar. Hoşlaşyk pursaty goja piriň gözlerine sereden Magtymgulynyň ýüregi gyýym-gyýym boldy. Piriň gözlerinde şeýle bir perişan gam-gussa, pajyga-pygan bardy, Magtymguly “dünýä-niň ähli gam-gussasy derwüşleriň gursagynda jemlenýärmiş” diýlen söze ýürekden ynanyp, içinden pikir öwürdi:

“—Beýik daglaryň depesini dumanu-bulutlaryň basyşy ýaly hakyky aryflaryň—derwüşleriň serinde jümle-jahanyň gam-gussasy, derdi-aladasy mesgen eýleýär. Beýik daglardan gaýdýan derýalaryň dumly-duşunda ýaşyl tokaýlaryň mesgen tutuşy ýaly hakyky aryflaryň, derwüşleriň zybany ýagşy senalaryň,keramatyň, gudratyň mekany.”

Magtymguly ýene birnäçe ýyldan ýazar:

Nirde derwüş görseň baryp alkyş al,

Derwüşden ýeg hiç kim ýokdur Hudaýa…

Başga bir şygrynda şeý diýer:

Bu jahanyň sermaýasy,

Ryzk sebäbi, Hak saýasy,

Ýer diregi, Gök paýasy,

Derwüşleriň dogasydyr.

Aksakallar,Magtymguly dagy hezreti piri esli ýere çenli ugradyp, hoşlaşyp oba dolandylar. Döwletmämmet aga bolsa ýabynyň irişmesini idegçä bermän, piriniň jylawdary bolup ençe menzil ýola elin uzatdy… Hezreti pir hoşlaşjak mahaly Döwletmämmet aga gamgyn nazaryny salyp kän dymyp durdy:

--Döwletmämmet, Hudaýym seni ýalkap, döwletment ajap perzent berip-dir, emma ki Magtymgulynyň alnynda görüner-görünmez howp-hatar, bela-beter köp, ony ozaly bilen keremli Allatagala gorasyn, sen hem gije-gündiz beýik Biribara ýykyl, mynajat kyl, Magtymgulyny gora! Eger ol akyl-huşuna zeper ýetmeýen, ölmeýen on sekiz ýaşyny doldursa, tamam Eýra-nyň-Turanyň, Rumuň-şamyň,arabyň-ajamyň keramatly aryfy, beýik akul-dary bolar! Emma ki on sekiz ýaşy dolýança öýeräýme!—diýip, soňky jümläni hasam zynharlady. Hezreti piriň sözleri Döwletmämmet agany seňseletdi, ol çaýkanyp duran zeminiň üstünde zordan ýykylman saklandy. Kethuda hakydasynda aýlady: düýnden bäri ol hezreti piriniň perişanlygyny, gaýgy-gamyny, hasrat bolup oturyşyny kalbyna sygdy-ryp bilmändi, goja piriniň dünýäsini alan nämälim howsala Döwletmämmet aganam ynjalykdan gaçyrypdy. Emma kethuda beýle elhenç pajygaly habara weli garaşmandy. Ol pirine belentdi: aňyrsynda çökder belany görmese, piri Döwletmämmet aga beý diýmez.

Ýykylmyş-ýumrulmyş bu dünýäde garaşmaýan zadyň bolýar-da! Namart pelek mymama ejiz ýeriňden gelýä-dä! Kethuda duran ýerinde jan berýärdi, ýene jana gelýärdi. Her hal ol merdi-merdana halda hezreti piri bilen hoşlaşyp, allaýarlaşyp oba dolandy.Uly şahyr Döwletmämmet aganyň beýnisi sarsyp, näzikden eziz ýüregi elhenç iňňildeýärdi, ýok, şahyryň ýüregi çat açyp, Ýer titremesiniň öňündäki eýmenç iňňildi eşidilýärdi.

«--Eý, şahyryň näzijek, owsunjy duýgulary, derhal onuň kalbyny terk edip, gözlerinden ajy ýaşa öwrülip çykyň! Eý, lemmer-lemmer hasratu- ahu-pyganlar, dady-peýatlar tamdyr tüssesi ýaly burugsap derhal aryf şahyryň gursagyna giriň! Eý,bulutsyz asmandan çakyp, kethudanyň geljegini ýakan ýyldyrym ýaly ýalaňaç hakykat, sen goja şahyryň jiger-bagryny özüňe gyn eýle! Eý, şahyryň ýalaňaç hem eziz ýüregi, kethuda häzir seni diriligiňe gursagyňda jaýlap, merdi-merdanalygyny mazar daşy edip depäňde goýar, sebäbi onuň ejizlemäge haky ýok, eziz perzendiniň agysyny aglamaga haky ýok, sebäbi ol beýik aryf, il kethudasy! Eý ýyldy-rym ýaly hakykat, sen şahyryň jiger-bagrynda ýan-da ýat,ýak-da ýat! Ony gorenem kethuda bolsun, eşidenem kethuda bolsun, ýananam kethuda bolsun!..

Magtymgulynyň on sekiz ýaşynyň dolmagyna çenli iki ýyl wagt bar! Iki ýyl Döwletmämmet aga içinden aglap, içinden ölüp, içinden dünýäniň jepasyny çekmeli!.. Garasaý, kethuda görgüli ençe ýola ölüp, ençe ýola jana gelip, gursagyndan gyrmyzy ganyny saçyp, Allasyna ýalbaryp, mynajat eýläp ikindinara öýe geldi. Ol gursagyndaky dowzah oduny ýasama-da bolsa şähdaçyk ýylgyryş bilen basyrdy.

Ýonaçylar neberesi ikindinara kethudanyň gapysyna üýşüpdi. Döwek döwlüp, harman atylýan günler bolany üçin döwekçilere teýlije nahar bişirilýärdi, üýşüp, jem bolup işleýän ýonaçylar jem bolubam

nahar edinýärdiler. Arazgül eje ullakan gazanda palaw atarypdy. Zübeýda bilen Nurjemal elleri küýzeli töwerek-daşy suwlap ýördi. Körpeje ýonaçylar bolsa derwezäniň golaýynda aşyk oýnaýardy. Hezreti piri alys ýola ugradyp gelen Döwletmämmet agany gören çagalar oýnuny goýup, gözlerini höwlen-dirip aňk bolup, gorkup yza-yza süýşdiler. Dädesine gözi düşen Zübeýda «hiýh!» diýeninem duýman galdy. Sypada mesawy gürrüň edip oturan Nurjahan enäniň, Arazgül ejäniň, Ogulşekeriň ini tisginde. Agasyny gören Kynyş begiň, Selim begiň depesinden gaýnag suw guýuldy. Irden goja piri uzatmaga çal sepip başlan kümüşsöw sakgally giden Döwlet-mämmet aga agşamlyk ak sakgally gaýdyp gelipdi. Nurjahan enäniň gözlerine ýaş çaýyldy, Arazgül eje sag elini agzyna ýetirip:

-- Döwletmämmet, saňa näm boldy? -- diýip, aglamyşlap başlady. Kethuda töweregindäkileriň bolşuna aňk bolsa-da, göwni giňlik bilen hoş hal ýylgyryp, olara haýran galyp:

-- Ýeri, maňa näme bolanmyş? -- diýip sorady…

-- Oglum, seniň saçyň-sakgalyň juw-akla!

Döwletmämmet aga göz ýaşlaryny ýaňagyndan syrykdyryp aglaýan eje-sine seredip:

--Gözüňizedir…Göwnüňizedir—diýdi.--Ejem, käbäm ejem! Elli ýaşap ýören adamyň indi saç-sakgaly hem agarmasynmy?

Ola sag aýasy bilen sakalynyň uçlaryny göterip synlady. Aýallar, Kynyş beg, Selim Magtymguly ýeke günüň içinde saçy-sakgaly agaran Döwletmämmet agany dowamly synlap pikire batdylar: niçiksi howp, nähili hadysa, neneňsi bela-beter dünýä ýaly giň, Allanyň welisi kethudanyň ýaňy çal sepip başlan saçyny-sakgalyny ýeke günde, ýekeje günde agardyp biler? Dana Döwletmämmet aga ýonaçylaryň kalbyna apy-tupan bolup aralaşan nägehan sowaly, düşnüksiz dowly aňyp uludan dem aldy.

--Eje,hezreti Syrajeddin Arşaýy meniň ylmy atam:men batyldym, ol görer gözli etdi, kerdim,eşder gulakly etdi, zemin adamsydym, ol maňa ganat berip, asmana çykaryp Hakyň hikmetine duçar eýledi. Anha, men şol beýik pirim bilen allaýarlaşyp, yrzalaşdym… Indi biz birek-biregi ýa göreris, ýa..

## YŞK MEKANY ATAŞ

Pähim- parasatly kethuda ýonaçylara dowla düşer ýaly hiç närsäniň ýokdugyny, ýüregi ýuka, başy gowgaly, aladaly şahyryň-aryfyň saç-sakgalynyň ir agarýandyny deliller bilen düşündirdi. Jiger-bagryny gyn edinen ýyldyrym ýaly pajygaly habary pynhanda saklap, maşgalasyny dowuldan, howsaladan, nämälim gorkudan halas eýledi. Emma dowul kethu-danyň öz gursagynda kyýamat apy-tupanyna aýlandy…

Il kethudasy, sylagly-sarpaly, ömrüne ýalan sözüň golaýynda barmaýan Döwletmämmet aga heý hossarlary ynanman biljekmi? Magtymguly bolsa düýrmegi bilen ynandy, sebäbi ol dädesini tanaýardy, haýsydyr bir gudrat zerarly saçy-sakgaly agaraýmasa, bu dünýäniň külpetlerem, şumluklaram, bedibagtlyklaram onuň umman ýaly giň, gara daglar ýaly beýik hem dana dädesiniň saçyny-sakgalyny ýekeje günde agardyp bilmeli däldi. Döwletmämmet aganyň ýeke günde saçynyň-sakgalynyň agarmagy diňe Hajygow-şanyň däl,tamam Türkmensähranyň ilatynam howatyrly iňkise batyrdy. Ýönekeý adamlar "Döwletmämmet weli alym, bendäniň maşgalasyna bir aýylganç howp abanýandyr, ony aýan bilibem görgüliniň saçy-sakgaly agarandyr" diýse, dana kişiler "Döwletmämmet Türkmensährany̆ň, uly iliň kethudasy, öz maşgalasynyň depesinden howp abanýany üçin, sakgalyny-saçyny agartmaly weli däl, haý görersiňiz, ulus-iliň üstüne bir nägehan bela howp salýan bolaýmasa" diýip, pikir girdabyna gark boldular. Garasaý, il-ulusa Döwletmämmet aganyň saçy-sakgaly iş boldy.

Ertesi Döwletmämmet aga Kynyş begi ýanyna çagyryp, sypaýy halda:

--Kynyş begim, ylma-bilime düýrmegi bilen berlen Magtymgulynyň gijesi-gündizi ýok, atyna atlanyp ýekeje özi gidiberýär. Nä wagt, nä zamana, göz bar, dil bar, dost bar, duşman bar. Sen Magtymgulyny göz astynda saklaweri—diýdi. Kynyş beg:

--Döwlet däde, mundan bir ýyl ozal Selim dädem Janaman ikimize "Magtymguly niräk gitse, kölegesi ýaly yzyndan galaýmaň, oňa görünmän goraň! Onuň kölegesi ynjaýsa, ikiňiziňem kelläňi alaryn" diýip berk tabşyrypdy. Şondan bäri Magtymguly hanjak gitse ýa men, ýa Janaman onuň yzyndan galman, penalap ýörüs—diýdi. Döwletmämmet aganyň inisi Selim Magtymgulydan göwni bitdi.

Magtymguly näçe giç ýatsa-da, barybir daň horazy gygyrmazdan has ozal oýanyp, ýuwunyp-ardynardy. Öýleri obanyň çetinde bolanam taň zat, ol boz meýdanlara aýlanyp, balkyldaşyp gözlerini gyrpyşýan pynhan syrly ýyldyzlary, ümüş-ta myşda heserlän dünýäni synlap, şöwür kylardy. Gör-ha Allatagala ony owadan dünýä getirip, Magtymgulynyň gursagyna sygmaýan ullakan bagt beripdir. Onuň tutuş Türkmensähra kethudalyk edip oturan ýagşyzada ýaly dädesi, ýüzünden-gözünden Hakyň nury ýagyp duran perişde ýaly ejesi, daglaryň arslany-şiri ýaly mähriban gardaşlary, çigildem güli ýaly eziz uýasy bar. Göreniňde ýalpy-ýaz bolup göwnüňi açýan Kynyş agasy, gökleňde-ýomutda arzylanýan kümüşçi ussa Selim Magtymguly, daşyny gallap duran doganoglanlary bar. Abdylla-da, Mämmetsapa-da, Magtymguly-da, Janesen-de babasy Atanyýaz hana çekipdir. Atanyýaz hany görenler «han ata dagy artlap münäýerdi, aýaklaryny üzeňňiden goýberse, ýere degýärdi» diýýärler. Magtymguly Hudaýdan müň kerem yrza, sebäbi ol oňa suw boýlap, syryga towsup ýörmeli syrdamdan uzyn boý, berdaşly göwre, şasuwar kaddy-kamat beripdir. Ol Hudaýdan müň kerem yrza, oňa tüweleýläp duran howalaly ruh, göçgün göwün, şamçyrag ýaly ýanyp duran zehin, parlak akyl-paýhas beripdir. Ol ýaş başyndan müň-de bir kitap okap, ahun-pirleriň sapagyny geçip, kämilligiň bir gyrasyndan girip, özüni Allanyň azyzlanyny, san-sajaksyz jemendäniň içinden saýlap, haýsydyr bir belent maksada ugrukdyrýanyny syzýardy, duýýardy, aňýardy. Ol ýaş başyndan Türkmensährany̆ň uçmah ýaly owadan tebigatyna aşyk bolup, ruhuna ruhy, göwresine beden terbiýesini berdi. Ol bu görünýän hasu-aamlar dünýäsinden çykyp, müňde bir syr bolup albaý bulaýan hikmetler, gudratlar, syrlar dünýäsine aralaşyp, Haka barýan ýola düşmelidi. Ýalan dünýäde çyn ýaşap, gapyl garagyny açyp, gaflatda ýaşap ýören halkyň-halaýygyň görmeýänini görüp, eşitmeýänini eşidip, duýma-ýanyny duýup, dünýä akyl ýetirmelidi!Magtymguly ýaş başyndan özüni uly uçuşlara taýýar-laýardy. Ol häli-şindi özüne:

--Magtymguly, işiň agyryna ýapyş, aňsadynyň eýesi kändir, gije-gündiz oka, ylym-bilim al, nadanlygyň eýesi kändir, il-ulsuňyň adyny-abraýyny arşa galdyr, sensizem il-ulsa iş bolup at ýitirip ýörenler dolydyr, ýurduňy depäňe göter, sensizem ýurduňy owsarlap münüp,ýük bolýanlar ite dökündir, ýürekleriň soltany bol, ýurduň soltany boljak bolýanyň san-sajagy ýokdur, aýlan, dünýäni gör, sensizem dünýä özüni görkezjek bolýanlar süri-süri —diýip, ýapyşan her bir işine ataş bolup ýapyşýardy. Günler oňa basgançak, aýlar binýat bolup, günsaýyn, aýsaýyn onuň gözýetimi giňäp, dünýägaraýşy çuňalyp barýardy. Bir gije ol soňsuz oý-pikirlerinden halys usurgap, daňyň öňýany ýatyp galdy. Has dogrusy, uka däl-de, ýa gudratly, ýa jadyly düýşler dünýäsine gitdi. Magtymguly o mahal on altydan geçip on ýedi ýaşdan alyp ugrapdy, emma boýy, göwresi-gabarasy on sekiz-on dokuz ýaşlylaryňkyça bardy…Eý-ho! Hanha, Magtymguly Perwerdigäriň gudraty bilen arşy agladan zemine düşen uçmahyň ajaýyp jülgesine aýlanyp ýör. Ol dogup-döräp görmedik gözelligine bendiwan bolup, dumly-duşuna nebsewür nazar salýar. Aý-ho! Hanha, şeýle bir owadan hüýr kaddy-kamatly sahypjemal gyz sallanyp, seýkin basyp, göz güldürip gelýär, göni onuň ýanyna gelýär! Magtymguly entek düýşünde-huşunda beýle owadandan zyba, näzeninden eýjejik gyzy görmändi. Al-elwan sabadan, şirin ýaňly owazdan, älemgoşarly howadan ýaradylan melek gyz şelaýyn ýylgyryp Magtymgulyny nazarlap gelýär! Sahypkyran gyzyň şakäse ýaly ullakan kirpikmen ala-ala humarala gözleri pynhan syr bilen, yşk-heser bilen, jadyly bark(ýyldyrym) bilen, seýirli nazar bilen ýaş ýigidiň janyny alyp barýar. Ýigdekçe akyl-huşundan, erk-ygtyýaryndan aýrylyp, gyzyň ümüş-tamyş ýaly nerkes gözlerine bendiwan bolup, näçe mahal garap duranyny hem bilenok, Hüýr gyzyň gözlerinden gözlerini aýryp hem bilenok, neresse düýşünde-de essi aýylyp, özünden gidip barýar. Perizat gyzyň näzijek gülüň ýapragy ýaly eýjejik lebleriniň ýokary ýanynda laçyn guşuň gözleri ýaly şar gara meň bar. Sahypjemal gyz kä gyýk garap, kä owsunyp näz-kereşme bilen jilwe taşlap, jadyly garaýşy bilen Magtymgulynyň jigerini jigledip, endam-janyny dygladyp, gursagynda ýer titredip, enterpelegini aýlady. Hüýr gyzyň ýaýylyp goýberilen tolkun-tolkun saçlary jadyly şaglawuk ýaly owsunyp aşak akyp ýatyr. Uçmahdan çykan jadyly gyzyň syh-syh kirpikleri şeýle bir uzyndy, hatda uçlary Magtymgulynyň ýüregine girip barýardy. Hüýr gyzyň nerkes gözleri şeýle bir ulydy, hatda Magtymguly gaýybana gark bolup barýardy. Owadan gyz oňa şeýle bir golaýlady, hatda gyzyň ýürejiginiň gürsüldisi Magtymgula degip, degip gidýärdi. Ýol ýaly ýukajyk ibrişim ýüpek köýnekli üzümiň suwy ýaly gyzyň yşk bilen gürsüldeýän ýürejigi gelinbarmak üzüminiň çigdiniň görünşi ýaly görnüp durdy. Humarala gözleriň agy ak şugla, garasy gara şugla saçýardy. Ýaş ýigit haýran galýar: owadan jülgäniň ýaşyl maýsasy ýaşyllygy bilen gözleriň ýagyny iýip barsa, penje-penje güller owadan jadyly ýylgyryş bolup gözelligine bendi edip,müşki-enwerini kükedip, beýhuş eýleýär. Ýalçy gaýadan şaglap inýän şaglawugyň çisgin-jybaryndan dörän älemgoşar öser-ösmez ýele näz eýläp olaryň ýüzüni ýolpeýär. Görülmedik dal-daragtlar perwana bolup, Magtymguly bilen Hüýr gyzyň daşynda raks oýnap, üýtgeşik-üýtgeşik güllerini ysgadyp, miwelerini, näzi-nygmat-laryny hödür edýär. Şindi görülmedik, owazy eşidilmedik guşlar saýraşyp, kah-kah uruşyp, hoş owaz eýleşip, dünýäni göçürýär! Äpet-äpet toklytaýlar ýaly, tawus guşlar ýaly, durnalar ýaly owadan guşlar olaryň daşynda raks oýnaýar. Owadan serwi daragtlar gelip, Hüýr gyz bilen Magtymgula tagzym edýär. Magtymguly ömründe birinji gezek ýöreýän, raks oýnaýan agaçlary, güllerini güjeňleşip ýylgyryşýan jadyly bägülleri gördi. Hüýr gyz bolsa husnyjemalyny güjeňläp, kä owadan ýylgyryp, kä pitneýi gaşlaryny oýnadyp, jadyly gözlerini güldürip, Magtymgulynyň elinden tutup, messan-messan ýöräp beýik dag gerşinden şaglap inýän şaglawugyň aşagyna girip gitdi. Depesinden al-ýaşyl şaglawuk inen Magtymguly syçyrap ukudan oýandy, uludan dem aldy, gözlerini höwlendirip, töwerek-daşyna garandy. Ol ýene haýran galyp, ullakan gözlerini petretdi: eý-ho, onuň düýşünde gören Hüýr gyzy bilen başta bir Magtymguly ala şowkun bolup şaglaýan şaglawugyň aşagynda şalpy-şaraň ezilip ýylgyryp dur. Magtymguly ýaňaklaryna urup, endamyndan çümmükläp gördi. Ol oýa! Ol Hüýr gyz kimly kim? Ol Magtymguly kim? Şol pursat Hüýr gyz bilen Magtymguly huşdaky Magtymgula gollaryny çalaja

bulady. Bir salymdan uçmah jülge-de, şaglawuk-da, Magtymguly-da, Hüýr gyz-da salgym ýaly onuň gözleriniň öňünde howa hem owaza öwrülip gitdi.

Bu hikmetli düýşüň ýene bir geň ýeri: Magtymguly tä ölinçä zeminiň ýüzünde aram-aram şol heserli düýşi gördi ýördi. Rowaýatlara görä, Magtymgulyny depin eden gölegçiler hut şol gün gabrystanyň golaýynda uçmahdan zyýada jülgede hüýr ýaly gyz bilen juwan Magtymgulynyň özlerine seredip duranyny görüpdirler. Häzirem ikisi kalby, niýeti-pygly, içki dünýäsi tämiz zyýaratçylara aram-aram görünýämiş.

hhh

Haý-haý, tersine-dürsüne aýlanyp duran pelegeý! Haý-haý, terslin-oňlyn öwrülip duran dünýä heý! Sende bolýan işler akyllynyň aklyna sygmaýar! Sende kylynýan işlere daşdan ýürekliler, demirden bagyrlylar ýyglaýar!..Tebigy ýiti akyl-paýhasly Nedir şa köşkde ýeser-eser kişi-leriň atasyny ogluna, ogluny atasyna, dogany-doganyna, aýalyny ärine duşman edip, öldürdip bilýändigine beletdi. Ol şa Abbasy ýadyna saldy. Bir gezek birnäçe wezir-wekil, sypahsa-serkerde şazada Safany şa Abbasyň ornuna şahynşa götermek üçin ýer astyndan dil düwüşýär. Ýöne olaryň arasynda şa Abbasyň "gözi hem gulagy"--şugulbeçje bar eken. Ertesi şa Abbas şol wezir-wekilleri, sypahsa-serkerdeleri dergähine çagyrýar-da, düýnki gizlin maslahaty aýan edip, hantagçanyň üstünde duran ýaglygy serpip goýberýär. Dildüwşük guranlaryň imany öçüp, zähresi ýarylýar. Ýaglygyň astyndaky mejimede şazada Safa mürzäniň kellesi ýatan eken.

Depesinden haram siňek uçurylmaýan şazada Yrzagulynyň ýekeje permanda gözleri çekildi! Perman beren kim? Eziz dädesi! Nedir şa! Nedir şa Yrzagulyny uly ogly bolany üçinem, akylly-parasatly bolany üçinem, garadangaýtmaz dogumly bolany üçinem aýratyn gowy görýärdi. Ol şahynşanyň başdaş aýalyndandy, görgüli ir ýegalypdy. Babaguly han körekeniniň başyna düşen külpeti deň çekişip, ýaňy ýetişip gelýän gyzy Göwherşady Nedire durmuşa çykarypdy. Göwherşat aýaldoganynyň ogluny ezizläp öz ogullaryndanam ilerleýärdi, ýetim neressäniň göwni ynjaýmasyn diýip. Ynha, şol şazada ogluň gözleri çekildi. Yrzagulynyň iki gözüniň damary hem Nediriň şagyň ýüreginde eken! Oglunyň gözleri bäbeneginden sogrulyp, jigerinden jany giden Nedir şa aklyna aýlanyp, pis iş edenini bildi. Emma giçdi.

Ol içki jaýyna girip, dört janpenasyny gapyda goýup:

--Hiç kimi meniň ýanyma salaýmaň!—diýdi. Onuň içki jaýynyň bir gapysyndan Göwherşat melikäniň haremhanasyna baryp bolýardy. Onuň ýanyna diňe Göwherşat girip bilýärdi, emma olam häzir heder edýärdi. Bir gün, iki gün, üç geçdi… Şum habary eşidip onuň ýakyn egindeşleri, doganoglanlary, daýy-egenleri şahynşanyň dergähine geldiler. Olar onuň başyna düşen pajygany, agyr hasraty deň çekişjekdi, emma wepaly janpenalar hiç kimi şahynşanyň ýanyna goýbermeýärdi. Ogullary Nasrylla mürze, atasynyň adyny göterýän Ymamguly mürze şahynşa dädesiniň ýanyna girjek bolýardy. Emma janpena Perman beg diýleni diňlemeýärdi. Heý, ol şasynyň permanyny ýerine ýetirmän bilermi? Janpenalary gylyçdan geçiräýmeseň, Nedir şanyň ýanyna girmek mümkin däldi. Bir hepdeden Nedir şanyň dogany—Azerbaýjanyň, Ermenistanyň, Gürjüstanyň beglerbegi Ybraýym han geldi. Ony ikinji şahynşa saýýar-dylar. Olam janpenalardan geçip bolmajagyna şöz ýetirdi…

Nedir şa ýedi gije-gündiz ne ýatdy, ne ýanyna adam goýberdi. Ol söwer ogly Ryzaguly hanyň gözüni çekdirensoň görüp, eşidip, dury pikirlenip ugrady. Sada, türkana, çakdanaşa ynanjaň, ýyňdarma Nedir şa oýlanyp, söwer ogly barada gep berenleriň, köşkde gep-gyýbat, hile-pirim bilen meşgullanýan emeldarlaryň bir toparyny dardan asdyrdy. Ol oglunyň gözlerini çekdirensoň duşmanlaryň gaýry ýurtlarda däl-de, köşkküniň içindedigine, gujagyndagyna göz ýetirdi.. Nedir şa aklyna aýlandy, emma onuň gursagynda şübhe, müňkürlik bilen Melgun höwürtge gurdy. Şonda şanyň dosty Keýmir körem Nediriň ýanyna baryp, näme diýip oglunyň gözüni çekdirenini sorady. Nedir şahynşa:

--Ol meniň ornumy aljak boldy—diýdi. Dana Keýmir serdar:

--Päheý, il-ä ornuny berer ýaly serdar ogul tapyp bilenok, senem serdar ogluň gözlerini çekýämiň?!—diýýär. Nedir gözýaşyny saçalap:

--Wah, kör teke, är gardaşym, sen ozal nirdediň?..

hhh

Ylym-bilim gory ýetik Magtymguly düýşleriň hikmetli, gudratly dünýäniň gapysydygyny, gudraty güýçli Perwerdigär azyzlan bendesine düýşünde hikmet görkezip, gudrata sezewar edýändigini bilýärdi. Ol ozalam ylahy düýş görüp, gudratly ýagşyzadalaryň, erenleriň golundan pyýala-pyýala şerabun-terahum içip sermest bolup ýördi. Eýse ol hikmetli, pynhan syrly gyz kim bolup biler? Magtymguly Göroglynyň düýşünde Agaýunus perä aşyk bolanyny bilýärdi, emma kämilligiň bir ujundan giren ýigdekçe dünýäde Kap dagynyňam, periler ýurdunyňam ýokdugyna beletdi. Periler ýurdy ýokka bi gudratly perizat kimkä? ÝA Allatagala Magtymgulyny ýalkap, ol hüýr gyzy arşy-agladaky uçmahyndan çykaraýdymyka? ÝA ol ummanlardan çykan suwperisimikä?…

Magtymguly hakyky derwüşleriň ylahy düýşünde Hakyň didaryny görüp, Hak Alla aşyk bolup, pany dünýäniň hany-manyndan, bagty-baýlygyndan, keýpi-sapasyndan, aýyş-eşretinden,haýu-höwesinden geçip, Hakyň bargähine barýan ýola düşüp derwüş bolup, diwana öwrülip gidýändiginem, derwüşleriň Hakyň didaryny söwer ýaryň didary hökmünde wasp edýäninem bilýärdi. Elbetde, Magtymguly derwüş bolar, ol ýalan dünýä-niň alyna aldanardan has akylly ahyry! Haýsy ýana garasa hikmetli nazaryna gark edip, aklyny çaşyryp barýan ol pynhan syrly, jadyly dideli Hüýr gyz heý indi Magtymgulyny derwüş-diwana etmän goýjakmy? Şol düýşden soň onuň ýaşap ýören dünýäsem, durmuşam, gijeleri-gündiz-lerem, ýazýan goşgularam, dem alýan howasam süýjedi. Kümüşçi ussanyň kümüşe zer çaýyşy ýaly şol düýş Magtymgulynyň dünýäsine heser çaýdy, yşk çaýdy, jadyly owaz çaýdy.

Döwletmämmet aga ýumuşa iberer ýaly inisi Selim Magtymgulynyň ýedi oglunyň ýekesinem tapman, nalaç oglunyň jaýyna girdi, ol onuň mydama kitap-diwan bilen gümrahdygyny bilýärdi. Kethuda:

-- Oglum, şu diwanlary Medet Hudaýgula eltip ber. Ol bu-gün erte Etrege gidýär. Medet agaň bu diwanlary hezreti Baky pire eltip bermeli, men gürleşip goýupdym -- diýdi. Magtymguly daşyna mahmal çolanyp, sünnä daňlan kitaplary alyp boýurgandy. -- Medet aga Gara bagşynyň duldegşir goňşusydyr…

Magtymguly diwanlary alyp ugrady, Döwletmämmet aga onuň boýuna-syratyna,kaddy-kamatyna buýsanyp,oglunyň yzyndan seretdi durdy, seretdi durdy. Kethudanyň gözlerine ýaş, gursagyndaky nägehan dowul apy-tupana aýlandy.Hezreti piri Seýit Syrajeddin Arşaýynyň hoşlaşyk pursaty aýdan sözleri gulagynda ýaňlandy. Kethuda töweregine hüşgär garap, hiç kimiň ýokdugyny bilip, gözleriniň ýaşyny sylyp, jaýyna girdi. Döwletmämmet aganyň jaýyna bolsa, özi çagyraýmasa, hiç kim girip bilmeýärdi. Kethuda ozalam Magtymgulynyň şasuwar kaddy-kamatyndan, zirek akyl-parasadyndan, ýanyp duran zehininden gorkýardy, sebäbi şabrap gelen çasly jalalar gelşi ýalam geçip gidýär, petde-petde ýagýan gar dessine ýagmasyny goýýar, ýiti gyzyl tiz solýar…Eri şasuwar kaddy-kamatly, çakdan aşa pähim-parasatly, adatdan daşary ýiti zehini ýanyp duran Magtym-gulyny ol nädip howp-hatara, bela-betere dözüp biler, nädip?

Döwletmämmet aga kyblagöý oturyp,gözleriniň ýaşyny suw sil akdyryp, aglap Allasyna mynajat kylyp başlady…

Giňjaý diýeniň giň jaý, ilersinden derýa akyp ýatan Hajygowşan bolsa çakdan aşa uly obady. Magtymguly obadaşlarynyň ählisini tanabam baranok, ana ýöne ony weli, hemmeler tanaýardy. Sebäbi ol sylagly-sarpaly kethudanyň ogly, serkerde Abdyllanyň, pälwan Muhammet-sapanyň inisi. Üstesine obanyň atly bagşysy Gara bagşynyň ogly Gaýyp bagşy Magtymgulynyň birnäçe goşgusyny aýdyma öwürip, toý-tomguda aýdyp ýördi. Uly obada haly-palas, tara dokalmaýan öý ýokdy, baýlar, gurby barlar öz haly-palasyny dokasa, mazlumlar baýlaryňkyny dokap gazanç edýärdi. Töwerekdäki öýlerden çykýan şowhunly dokma daraklarynyň owazy çapyp barýan bedew atlaryň güpürdisini ýatladýardy. Magtymgulynyň göwnüne, Hajygowşan obasy garyp, gamgyn, pukara hemizamanyndan röw-şen hem baý gelejegine at çapdyryp barýan ýalydy…

Ykbaly,ene-atasy,hossarlary Magtymgulyny ezizleýärdi, läliksired-ýärdi, emma ol özüni läliksiretmedi, çagalykdan başlap, obalylaryň edýän ähli işlerini edýärdi. Çyrpysyny şarpyldadyp, jöwenem gorap-dy, depesinden gum sowrup ýer depip ekinem ekipdi, goýun-geçi güýlüp malam gyrkypdy, dükanynda gündizler kümüş ýenjip, gijeler ýigitler bilen göreş tutup, türgenleşip-türgenleşip, endamyny gatadyp, aýalaryny pyşbaganyň arkasy ýaly gabarçakladypdy. Ruhy tüweleýläp duran Magtym-gulynyň töwekgel kalby, owsarsyz duýgulary, ýanyp duran hyjuw-hyrujy, däli köňli, göwresine sygmaýan gujur-gaýraty ruhuna ruhdaş, gaýratyna garşydaş gözleýärdi. Onuň aýy bilen tutluşan, gaplaň bilen garpyşan, ýolbars bilen dikleşen obadaş batyrlaryna gözi gidýärdi. Ol nähilidir bir elhenç howp- hatarly, gorkunç ýagdaýa uçrap, özüniň güýjüni-gaýratyny, batyrlygyny,synap göresi gelýärdi, edermenlik küýseýärdi, emma gadymy dünýä gidip gözläýmeseň görnüp duran dünýäde döwem ýok, ajdarha-da. Tüpeň çykyp, dünýä namart bolup, ýolbars, gaplaň, aýy ýaly janawerlerem gaty azaldy, olara duşaňdan Hydyr ata duşan asan. Ol derýa gyzyl läbik bolup agdarlyp-düňderlip akýan çagy ýüzüp geçibem, gaty howply Ýolbarsly jeňňeliniň ol başyndan bu başyna pyýadalap gidibem gördi. Indi ençeme ýyl bäri gijeler ýabany jülgelerde, adam-garasyz daglarda ýeke-ýalňyz aýlanyp ýör. Emma agtarsaň gorkunç bela-da tapdyrmaýar eken! Gursagynda owsarsyz ruhy möwç urýan Magtymguly üçin alyp bolmajak gala,çykyp bolmajak beýiklik, ýetip bolmajak maksat ýokdy.

Ol salgy berlen jaýy tapyp, bag-bakja bürenip oturan howla girdi. Daşarda adam-gara bolmansoň jaýyň gapysyna golaýlap, öý eýesiniň adyny tutup üç ýola gygyrdy. Ses berýän ýok. Magtymguly kaşaň eýwanyň gapysyny açyp içe girdi, şol dem jaýyň gapysy açyldy, ýok, jaýyň däl, hikmetli düýşüň, batyn syrly hikmetiň gapysy açyldy! Eý-ho!..Eý-ho! Magtym-gulynyň hikmetli düýşünde gören pynhan syrly Hüýr gyzy içki jaýdan eýwana çykdy. Magtymgulyny gören Hüýr gyzam «hiýh» edip alla-niçiksi tisgindi. Ýigdekçe oslagsyz duşuşyga haýran galyp, gözlerini ýumup-açyp, açyp-ýumup kellesini silkeledi. Duýdansyz duşuşykdan ýaňa tas neressäniň essi aýylypdy. Düýş däl, huş, hakyky huş! Magtymguly aňk bolup «Aperin!» diýeninem duýman galdy.

Gör-ha, Hudanyň gudratyny! Gör-ha, pynhan syrly dünýäniň oýnuny! Magtymgulynyň kyrk gün mundan ozal düýşünde gören ahuw gözli hüýr-melegi gaşynda dur! Ol gözlerine ynanman, sahypjemal

gyzyň serwi boýuny, sahypkyran kaddy-kamatyny, gülüp duran giň maňlaýyny, uçjak-uçjak bolup duran pitneýi gaşlaryny, läle-läle gyrmyzy leblerini synlady. Uçmahdan çykan hüýr gyzyň humarala nerkes gözleriniň syh-syh kirpikleri şeýle bir uzyndy, hatda tir kibi uçlary Magtymgulynyň jigerine girip barýardy, seredeniňden essiňi aýdyrýan heserli gözleri şeýle bir ulydy, hatda Magtymguly oňa golaýlamanka gark bolup barýardy. Hüýr gyzyň kirpikmen gara gözleri lälä-läle lebli dahanyndan has uludy. Ol gyzyň daglaryň garyndan ak, sabalaryň alyndan al hurmaýy ýaňagyndan, balkyldap duran humarala nerkes gözlerinden birhili janyny ezip, jadylap barýan şugla saçylýandygyna haýran galdy! Gör-ha, ony hatda hikmetli, gudratly düýşi-de aldapdyr.Bu hüýr gyz düýşündäkisindenem müň mertebe owadan eken! Meger, näzenin gyzyň sahypjemalyna Hudaýyň özem aşyk bolandyr: beýik Biribar gyzyň ýalkym saçýan didarynyň,al ýaňaklaryňyň aklygyny aýratyn nygtamak üçin, lebleriniň ýokary ýanyna laçyn guşuň gözi ýaly şar garaja meň goýupdyr.Eýjejik gyz Magtymgula gabak astyndan gyýk garap, ýeser ýylgyrdy, şonda onuň al öwsen ýaňagynda dörän çah -- guýganak tereň derýanyň aýlagy ýaly Magtymgulynyň başyny aýlandyryp goýberdi. Düýşden çykan gyz ýaňadan badam gabagyny göterip eda bilen:

--Magtymguly -- diýdi. Gyz uýalyp, ýene bägül ýaly al öwüsdi. -- Men seni düýşümde gördüm…kyrk gün mundan owal…

Ýaş ýigidiň beýnisi, süňňi-süýegi sarsyp, dünýäsi çaýkandy gitdi. Diýmek, Magtymgulynyň gören gudrat düýşüni bu gyz hem görüpdir! Üstesine-de, sahypjemal hüýr gyz ony tanaýar. Magtymguly takyk bilýär: ol bu gyzy düýşünde gördi, emma huşunda weli hiç haçan görmändi, ömründe görmedik gyzy ony tanaýar! ÝA bu hem beýik Biribaryň hikmetimikä?

--Meňli, sen Hakyň gudratymy ýa men zyýan tapynyp ýörünmi? Sen meni nireden tanaýaň Meňli?

--Ýaňy aýtdym-a, düýşüme girdiň diýip. Ikimiz uçmah ýaly owadan jülgede seýran etdik. Sen adym Magtymguly, goşgy ýazýan, men şahyr diýip öwündi-ňem!..—Hüýr gyz näz-kereşme bilen ýeser ýylgyrdy.--Arada Gara bagşylara geleniňde, seni huşumda görüp, tas çaşypdym. Gara bagşynyň gyzy joram Dürlüden adyňy soradym. Seniň adyňyň Magtymgulydygyny bilip, ençeme gün zyýan tapynyp ýörendirin öýtdüm-- Hüýr gyz uýalyp, näzeninden näzenin ýylgyrdy. Magtymgulynyň kalby jünbüş eýläp, dünýäsi heýjana geldi -- Sen meniň adymy nireden bilip ýörsiň Magtymguly?

-- Hudaýym seniň al ýaňagyňa owadan meň bilen adyňy dakyp goýbe-ripdir, Meňli -- diýip, Magtymguly gyzyň gözlerine dikan bakdy. Ol Hüýr gyza özüniňem ony düýşünde görenini, şondan bärem onuň huşuny, tamam ýaşaýşyny heýjana getirip, nämälim syr bolup kalbynda ýaşap ýörenini aýtmak isledi, şol pursat gyzyň humarala gözlerinde çakan ýyldyrym onuň ýüregin-den parran geçip, aýagynyň astyndaky ýeri yrandyryp, asmany çaýkandyrdy gitdi.Eý-ho! Balkyldap duran şar-gara ataş gözler! Buldurap duran şar-gara jadyly gözler! Pynhan syrly, ýyldyrymly-barkly gözler!.. Magtymgulynyň berdaşly göwresi sarsyp, seri sämäp, akly çalam-çaş oldy. Bolsa-da ol essinden aýylyp, özünden gidäýmänkä gyz janalgyjy jellat nazarlaryny sowaýdy. Gyz halky yşkyň Hudaýy bolýar. Sahypjemal gyz keýerip, şikara çykan saýýadyň awuny nyşana alşy ýaly, Magtymgulynyň dumanlap duran ullakan gözlerini nyşana alyp, ýene gyýk garady. Eý-ho! Ýene-de hüýr gyzyň jadyly gözleriniň ýyldyrymy Magtymgulynyň akyl-huşuny, erk-ygtyýaryny, berdaşly göwresini pagş-para lagşadyp, ýşk bilen lowlap duran ýanardaga öwürip taşlady. Gujur-gaýratyna bäs gelip bilmän ýören Magtymguly görülmedik bir apata uçranyna, ýanaýmakdan gaýry çäresiniň ýokdugyna haýran galdy. Ol Hüýr gyzyň alkymynda gamyş ýaly galdyraýardy, damagy çalnan mal ýaly sandyraýardy. Özüne gaty göwni ýetýän ýigdekçe saňňyldap durşundan utanyp, göwresine erk etjek boldy, emma.. Meňliniň gara gözlerinden çakýan ýyldyrym Magtymgulynyň jiger-bagryna sanjylyp, gyrmyzy ganyny saçdyryp, ýşk atly gudraty, söýgi atly keramaty onuň gursagyna salýardy. Meňli gyzyň apat ýşky ýaş ýigidiň ozalky ýaşap ýören dünýäsini ýakyp-ýandyryp goýberdi. Ol damarlarynda ganyň ornuna ýyldyrymlap ýşk ataşynyň akýandygyna ynandy. Gyz bolsa düýşünden çykan melek ýaly, kä ýeser ýylgyryp gyýk garap, kä dikan bakyp, kä näz-kereşme bilen jilwe taşlap, ala-ala gözlerinden ýyldyrym çakdyryp, ony öz gurbanyna öwürişinden, ýşk heserinden lezzet alýardy…

Bu mahal daşarda apy-tupan gopup,lemmer-lemmer şar gara bulutlar gara goçlar ýaly garpyşyp, ýyldyrym yzyna ýyldyrym çakyp, gökler gümmürdeýärdi. Ol pynhanda dörän yşkyň aýandaky ýaňydy!..Dana, suhanwer Magtymguly geplemekden, pikirlenmekden, hereket etmekden mahrum bolup, şamaryň jadysyna duşan guşa döndi. Owadan gyz şelaýyndan syrly ýylgyryp, jadyly bir bakyşda onuň janyny alýardy, ýene bir bakyşda jan berýärdi. Meňli ýaş ýigidi öldürip-dirildip heser bilen ýylgyryp keýp edýärdi. Magtymguly edenli ýigitdi, emma ol bir gyzyň öňünde gara der bolup, pynhan syrly gyzyň gutulgysyz gurbanyna öwrülenine utanyp, gujur-gaýrata galjak bolýardy, emma demirden bedeniniň, daşdan synalarynyň mum ýaly eräp barýanyna, gursagyndaky polatdan erkiniň ýyldyrymlap ýanyp duranyna haýran galýardy.Ol häzir Hüýr gyza nämedir bir zat diýmelidi. Magtymguly aly hezretleri sözüň gudratdygyna, keramatdygyna ynanýardy, emma jadyly gözleriň ýanynda sözüň—keramat sözüň, gudrat sözüň hiç zatdygyna düşündi. Ol sözüň ylahdandygyna ynanýardy, emma ylahdan sözem özünden zor gudrata sataşanyny bilip, Magtymgulyny terk etdi. Yşk, apaty yşk ony dilinden-dahanyndan jyda düşürdi. Ol ýene Meňliniň humarala gözlerine, Meňli Magtymgulynyň ullakan gara gözlerine gark boldy. Bu pursat yşk pursadydy, bu apaty yşk hakyky aşyk-magşuklara miýesser edýän uly haaldy! Magtymguly Biribaryň yşkyna uçran aryf ýaly, asmana bakyp Alladan alamat gören dindar ýaly, alawlap duran apat yşky gördi. Meňli pynhan syrly, heserli gözlerinde ýyldyrym çakdyryp, aşyga yşkyň aklyňa sygmaýan güýjüni, gudratyny görkezýärdi. Şol pursat al-ýaşyl-mawy ataşdan-ýalyndan tüweleý Magtymguly bilen Meňlini gujagyna alyp pyrlanyp başlady. Aşyk-magşuk gökleriň ýyldyrymly, gümmürdili apy-tupanyna öwrülip gitdi arşy-agla sary!

Magtymguly asmandan agtarýan gudratyna zeminde sataşdy!

Her hal eýwana giren ýaş gyzyň sesi Magtymgulyny halas eýläýdi. Meňli-niň on üç—on dört ýaşly gyz jigisi Göwher doganynyň ýat oglan bilen duranyny görüp haýykdy:

--Meňli, ejem gelýär!—diýip, tasanyp jaýa girdi. Magtymguly hoşlaşyk pursatynyň gelenini bilip, ähli erkini jemläp:

--Meňli, Meňli, sen gudratmy, sen jadymy? Sen uçmahdan gelen hüýr-melekmi?! Sen ummandan çykan Bähri-melikemi?! Sen arşy-aglanyň Humaýymy?! Mundan kyrk gün ozal men hem seni düýşümde gördüm. Sen düýşümde ala-ala gözleriň bilen tas meniň janymy alypdyň! Ynha, huşumda bolsa meniň janymam-jigerimem aldyň, aklymam-huşumam, erkimem-ygtyýarymam aldyň! Sen meni neýlediň Meňli?—diýdi, emma onuň daşyndan aýdýan sözleri içinden aýdylýardy.

Meňli heserli gözlerini Magtymgula dikip:

--Sen nämeler diýip dursuň?—diýip, näz-kereşme bilen öýkeledi.

--Wah, men diýere söz tapman durun! Meňli, sen sözden beýik, waspdan owadan, bagtdan eziz ekeniň, Meňli! Sen Allanyň Gudraty, Meňli! Sen Allanyň Keramaty Meňli! Sen arşyň Humaýy, Meňli!—diýip, Meňliniň gaty golaýy-na baryp pyşyrdady —Seni maňa, meni saňa kerem-keramaty çoh Allajan duşurdy. --Meňli uýalyp, owadan ýylgyryp aşak bakdy.—diýdi. Magtymguly gyza dowamly bakyp, yzyna öwrülip, eýwandan çykdy. Ol uly ýulusdan dynanyna begenip, derwezä ýöneldi. Meňli eýwandan çykyp:

--Mag-tym-gu-ly, eliňdäkileri yzyna alyp barýamyň?—diýip, onuň adyny heser bilen şeýle bir süýjedip aýtdy weli, Magtymguly öz adynyň şeýle ezizdigine haýranlar galdy. Meňli gyýk garap, näz-kereşme bilen Magtymgula jadyly nazar saldy. Şol pursat asman ýarylan ýaly, dar howluda şa top atylan ýaly, eýmenç ses edip gök gümmürdedi, hatda Magtymguly bilen Meňliniň aýagynyň astynda ýerem titräp gitdi. Magtymguly syrly ýylgyryp, elindäki mahmala çolanan diwanlary Meňlä berip, dädesiniň sargytlaryny zordan aýdyp, derwezä bardy, howludan çykyp barýarka gaňrylyp, yzyna seretdi, şol pursat Meňli jadyly nazaryny ýene Magtymgula dikip, näz-kereşme bilen jilwe taşlady…

Yşk asmandan! Yşk Alladan! Yşkyň mekany ataş, ataş mekany arş! Yşk aşygyňam-magşugyňam garagyny gapyp, dilini lal, gulaklaryny ker edip,aklyny aparýar. Yşk olaryň ozalky ýaşap ýören dünýäsini ýakyp-ýandyryp, başga bir heserli, heýjanly,jadyly dünýä äkitdi. Ol jadyly dünýäniň ady Meňli! Ol owadan planetanyň ady Yşk. Ol dünýä, ol planeta humarala gözleri heserli Meňli ýaly çakdan aşa owadan! Ol dünýä Meňli ýaly eýjejik, näzeninje, süýjüje,heserlije, datlyja, otlyja, jadylyja…

Ýerler ýaşyl öwsüp ýaz ýetip gelýärdi. Gyşda, ýagyş-yrslanda, garda-gaýda toý tutmany oňlamadyk kişiler, toýa başlaýardy. Hajygowşan obasynyň atly baýlary arly ýyl dagda-deştde,çölde-sährada elkin gezen gylýal sürüsini obanyň ilersindäki nawlardan edilen berk agyla gabaýardy. At satyn aljak hyrydarlar, alys ýerlerden gelen söwdegärler, at satýan täjirler, uzyn kementli atbakarlar bir ýerde jemlenip, adam garasyny görmän halys ýabanylaşyp, wagşylaşyp giden sarç-sarç atlary synlaýa-rdylar. Bu ýyl ilkinji bolup Ýagşymyrat baý atlaryny agyla gabatdy. Hajygowşanyň ýerden ýöräni agylyň daşyna egele bolup, Hudanyň sünnä ýaradan owadan-owadan ganatly guşlaryny görüp göwnüni gandyrýardylar. Müňlerçe ýyl bedewler bilen bagryny badaşdyran türkmen at görse durup bilýärmi?

Dünýä sygman ýören tez bedewler dar agylyň içinde tüweleý kimin aýlanýardy. At seçiliş dabarasynda bir däp bardy: kimde kim serdar atdan çekinmän, ilkinji bolup agyla girip at alyp çykyp bilse, şol at şol oglana serpaý berilýärdi. At alyp çykmak dessuryna on dört ýaşdan on ýedi ýaşa çenli ýigdekçeler gatnaşdyrylýardy. Şondan soň at söwdasy başlaýardy. Jarçylar dabara şüweleň berip, aldygyna gygyryşýardylar, emma ilkinji bolup agyla girmäge döwtalap ýokdy. Obada güýjüne-gaýratyna, hyjuwyna-hyrujyna bäs gelip bilmän ýören guduman-guduman ýigdek-çelerem süriniň serdar atynyň waşyýana sypatyny synlap,ilkinji bolup agyla girmäge het edip bilmän durdylar. Babaly seýis:

-- Ahaw, gödekler, däli ganlylar, päkize bedewler size garaşýar! Näme mugt atam agyla girip dädeňiz alyp bersinmi indi?! -- diýip, ýaş-eleňlere gyjalat berýärdi. Emma sürüsini del jemendeden gabanyp, wagşyýana çarp urup, haýkyryp kişňeýän serdar atyň mülkine aralaşmaga atyň kellesi ýaly ýürek gerek! Obada göreş bolsa sypdyrman baýrak alyp ýören Täçberdi ilkinji bolup agyla girdi.

At seçilişine tomaşa etmäge gelen gyz-gelinleriň arasynda jorasy Dürli bilen Meňlem bardy. Serwi boýly,hüýr kaddy-kamatly,näzenin görk-görmekli Meňli topar-topar gyzlaryň-gelinleriň melikesi ýaly, aýratyn saýlanyp durdy. Ol gabak astyndan märekä nazaryny gezdirip Magtymgulyny gözleýärdi, emma han bar, beg bar, kel bar, kör bar, Magtymguly ýokdy. Täçberdiniňki paşmady, serdar at toýnaklaryny ýere urup, gamyş gulaklaryny ýapyryp, eňdi onuň üstüne, neresse at almak beýlede dursun, zordan özüni agyldan alyp çykdy. Gülki-şowhun göge göterildi. Meňli gyz bolsa dünýäni unudyp

heserli nazary bilen Magtymgulyny agtarýardy,ol onuň golaýdadygyny syzýardy, duýýardy. Nerkes gözli Meňli gyz birden ýylan gören ýaly düýrügip, seňrigine ýygryp, eýlesine öwrüldi. Ol Küremiş hanyň ogly Şanazary görüpdi, Şanazaram Meňlini gördi. Şanazar Gaýymgala ýaly daş ýerden ýörite Meňlini görmäge gelipdi, ynha, indi oňa özüni Meňlä görkezmäge-de amat pursat bolaýdy. Onýança Şanazaryň golaýynda duran Babaly seýis:

-- Haý, agam ogly, hany Hajygowşanyň ýigdekçelerine hanzadanyň kim bolýandygyny görkez! -- diýdi. Ol Şanazaryň ýaşynyň ýigrimiden geçendigine-de seretmedi. Hanzadanyň göhi geldi. Şanazara at gerek däl-di, a:t gerekdi, Meňli gyza gaýratyny görkezmek gerekdi. Ol at seçiliş dabarasyna hem Meňlini görerin, hem Meňlä özümi görkezerin diýip arzuw-hyýallara atlanyp gelipdi. Ynha, allanäme, han ogluny seýisler sylady. Şanazar apaň-apaň basyp agyla ýöneldi, mähelle gygyryşyp şowhunyny ýetirýärdi. Agylyň kese nawlaryna münüp, içine towsan Şanazary görüp, serdar at toýnak kakdy, emma gelýän pyýadanyň garadan gaýtmajagyny bilip, gulaklaryny ýapyryp, haýkyryp, agzyny hatap ýaly açyp gaýtdy Şanazaryň üstüne! Ol-a ýabany atmyş, Meňli gyz synlap durka, Şanazar aždarhadan gaýtjakmy, ajaldan gaýtjakmy? Ýigit eýläk towsup, beýläk towsup, serdar ata hile edip gylýallaryň sürüsine golaýlajak bolýardy. Serdar at bolsa haremhanasy galtamanlaryň arasyna düşen gabanjaň han ýaly dergazap halda bolmajysy bolup guduz açýardy, mähelläniň şowhunyna seri göterilen Şanazar ahyry agylyň içinde tüweleýläp aýlanyp ýören ýabany ýylkylaryň biriniň ýalyndan ýapyşdy, arman şol pursat başga bir at omzy bilen ony kakyp geçdi, ozalam penjesi mazaly ilmedik Şanazar entiredi. Serdar at haýkyryp gelşine kellesini talawladyp, ony kakyp goýberdi. Garadangaýtmaz batyr, berdaşly Şanazar atyň kellesiniň urgusyna bir gapdala zyňylyp, özüni dürsäp bilmänem ýykyldy. Ajal ýaly agzyny açyp gelýän serdar at ony parçalamakdan gaýtjak däldi. Ölüm bir erbet zat, janam süýji. Şanazar kirpi ýaly düýrülip, tomalanyp kese nawlaryň aşagyndan çykyp, masgaraçylygyň gujagyna düşdi. Märeke wahahaýlaşyp gülüşýärdi, şowhun turuzyp gygyryşýardy, ellerini çarpyp heşelle kakýanam kändi. Bu tomaşaly waka zerarly hiç kim Magtymgulynyň geleninem, agyla gireninem duýman galdy. Meňli gyzyň haýýady göterilip, allaniçiksi halda:

-- Magtym! Magtymguly! - diýip, duýdansyz gygyranyny bilip, gaty utandy. Töweregine garap, boz-ýaz boldy.Emma şowhunyň arasynda Meňliniň sesini eşiden bolmandy.

Meňli gyzyň yşkyndan däliräp düze çykyp, arşu-kürsüň arasynda göwnüne karar, göwresine jaý tapman, gara başyny nirä urjagyny bilmän ýören Magtymguly serdar atda ruhuna ruhdaş, gaýduwsyz güýç-gaýratyna garşydaş gördi. Ol hälden bäri köpçüligiň arkasynda çiňirik ýaly uzyn bir kişä dulanyp, heserli nazaryny gezdirip Meňliniň özüni gözleýä-ninem, Şanazaryň masgara bolşunam synlapdy.Agyla giren Magtymguly awuny abaýyna getirjek bolup garaşýan gaplaň ýaly nazaryny özüne tarap atylyp gelýän serdar ata dikdi. Ajdarha ýaly agzyny açyp gelýän bedew at golaýlanynda, ol terse zyňdy. Magtymguly Täçberdi bilen Şanazaryň ýalňyşyny gaýtalamady: ol gara ýol bolup agylyň içinde aýlanyp ýören ýylky sürüsine seretmän, saga towsup, sola towsup, ahyry serdar aty amatyna-abaýyna getirip, ýalyndan ýapyşyp, bir towsanda onuň üstüne gondy. Ençe-ençe ýyllar bäri Soňudagyň jülgelerinde, derelerinde adam garasyny görmän ýabanylaşyp giden serdar at, entek ýol bilen ýagmyrdan gaýry zada arkasyndan sypaladyp görmedik buýsanjaň serdar at ýylky ordasyny goramakdan geçen, özünem gorap bilmedigine namys edip elhenç kişňäp, zyňdy özüni göge! Emma onuň ösgün ýallaryndan ajal bolup ýapyşan Magtymguly at bilen bile biten ýalydy. Janawar serdar at gaty namys edip, çyrpynyp özüni saga-sola oklaýardy, aldygyna jyzzynlap,çarpaýa galyp ýagyrnysyna gonan masgaraçylykdan dynjak bolýardy, kellesini arkan silkip, agzyny hatap ýaly açyp dişlejek bolýardy. Agylyň içinde aýlanyp ýören sarç ýylkylar serdaryň düşen halyna keýerip seredýärdiler.

Namys astynda galan serdar at ýürek kimin ýarylaýjak bolup, dikine zyňyp, jyzzyn atyp arkasyna ajal bolup gonan beladan dynmajagyny duýdy. Magtymgulam serdar ata däl-de, arşyň çyrpynyp duran ýyldyrymyna münen ýalydy, emma şonda-da bir pursatlyk onuň nazary Meňliniň buýsanjaň ýylgyrýan nazaryna sataşdy. At aýylganç haýkyryp, giň agylyň içinde tüweleýläp, mazaly bat alansoň towusdy tas adam boýy agylyň depesinden! Tutuş mähelle aňk bolup galdy. Serdar at namysa çydaman gitdi Magtym-gulyny alyp däli düzlere!

Goja seýis:

--Anha, Garagaýyň agtygy atasynyň ogly boldy!—diýdi.

--Tüweleýiň agtygy tüweleý boldy!

--Dälibaş dirilip gelipdir!

Janaman agzyny açyp, gözlerini höwlendirip bu aýylganç wakany dem alman synlapdy. Onuň haýýady göterilip, gapdalynda duran Kynyş begiň çignine penjesini urup:

-- Ýör, depdik! - diýdi. Emma Kynyş beg ör-gökden gelip:

-- Niräk? - diýip, gözlerini höwendirdi.

-- Görmeýämiň, Magtymgulyny at alyp gaçdy!

Kynyş beg lahlah gülüp, aljyrap duran inisini gujaklady:

-- Ýo-o-ok, ýo-o-ok, Janamanym, dädem dirilip gelipdir,dädemjan! Hah-hah-ha! Magtymjan serdar aty alyp gaçdy! Hah-hah-ha!

Emma olaryň ikisi-de ýalňyşypdy. Serdar atam, Magtymgulynam Meňli gyzyň yşky alyp gaçypdy…Serdar at Magtymgulyny hem heläklär öýdüp janynda jan galmadyk Meňli gyz buýsanjaň başyny belent tutup, nazary bilen Şanazary gözledi, ol nazary bilen Şanazara gyjalat berjekdi, ýöne at aljak bolup at ýitirip, masgaraçylyga sezewar bolan Şanazar bu mahal ýeňsesini tüňňerdip Gaýymgala tarap barýardy.Agylyň daşyndaky mähelle ala şowhun bolup gygyryşyp heşelle kakýardy.

hhh

Yşk -- jümle- jahan apaty! Yşka düşünibem bolmaýar, düşün-diribem! Yşk-- Allatagalanyň azyzlan kişisiniň sataşýan gudraty! Yşk nämälim dünýäniň, poeziýanyň, ajaýyp sungatyň gapysy, ondan aňyrda Ylahy dünýä başlaýar. Islendik ýaş oglan-gyz yşka uçrasa, hüwläp, dünýä sygman goşgy-gazal ýazmagyň kül-külüne düşer, sebäbi ol hiç bir şahyryň diwanyndan öz yşkyny beýan edýän goşgy-gazaly tapyp bilmez! Eger-de şahyr, onda-da geljekde dünýäniň iň beýik şahyry apaty yşka uçrasa näder öýdýäňiz?!

Buýsanjaň başy belent, päli pes, kalby uçursyz baý, köňli garyp, pähim-paýhasy umman ýaly giň, ruhy asman ýaly howalaly Magtymgulynyň gursagyna däli tüweleý, damaryna guduz gany girip, onuň wagşyýana yşky ylhamyny tüweleýledip, arşyň-kürsüň arasynda gaýdyryp-gaýdyryp uçursa, ylham onuň yşkyny apy-tupana öwürip, depesinde kyýamat gopdurýardy. Magtymguly Meňli gyzyň görlüp-eşdilmedik yşkyndan seňse bolup, beýnisi pikirlenmekden, zybany gürlemekden, gözleri görmekden jyda düşüpdi. Okumyş Magtymguly ozal yşky dessanlaryň ählisini okapdy,olarda wasp edilýän söýgini ol şahyrana ulaltma hasap edýärdi. Onuň pikiriçe, beýle apat gudraty diňe beýik Allatagala ýa-da onuň ýalka-nan azyzlary görkezip bilmelidi! Emma hanha tanamaýan-bilmeýän bir gyzy oňa yşkyň gudratyny görkezip, serpmeden gaýtaryp akyl-huşuny, erk-ygtyýaryny çalam-çaş, telbe edip taşlady!..

Magtymguly asmandan agtarýan yşkyna zeminde sataşdy!!!

Aşyk didara zar! Aşyga didar derkar! Magtymguly ölmeli-ýitmeli Meňlini görmeli! Meňli gyzyň didaryny görmese, ol ölüp-ýitip barýar! Emma Meňlini göreýin diýeniň bilen görüp bolýamy? Gadagan! Gadagan, Meňlini görmegem, öýleriniň töwereginde görünmegem gadagan! Ol birewüň apalap oturan gyzy, maşgala namysynyň tugy! Meňli bilen Magtymguly bir obada ýaşasa-da, aralykda Deşti-Kebir ýaly äpet hijran,pyrkat ýatyr. Magtymgulyny hijran hupbatlaryndan diňe düýş, diňe düýş halas edip bilýär! Uklap bildigi düýş görýär, huşunda-da düýş görýär, hatda düýşünde-de düýş görýär. Asyl onuň owadan dünýäsi, heserlenen ýaşaýşy, hüýlenen gijesi-gündizi düýşe öwrüldi.

Iki aşyk-magşuk üçin Wagt, giňişlik diýen düşünjeler manysyny ýitirdi. Öýleriniň arasynyň ýarym menzildigine garamazdan, Magtym-gulynyň pyşyrdap aýdan sözlerini Meňli eşidýär. Meňliniň üstüne sepinen müşki-enweriniň hoşboý ysy Magtymgulynyň gaňşyrawugyny tütedýär. Magtymguly ah ursa, ýalny Meňliniň ýüzüne çabraýar. Meňli uludan dem alsa, mübärek demine Magtymgulynyň sermes başy sämäp gidýär. Meňli Magtymgulynyň jaýynda kapasa salnan guş ýaly pelesaň kakýanyna çenli görýär. Ol garaňky gijeler gögüne garasa nazary süýnen ýyldyz bolup,jahany ýakyp,Magtymgulynyň kalbyna şugla saçýar.Meňli gyz zemine baksa dal-daragtlar gülleýär, asmana baksa dilsiz-dahansyz gökler gürleýär. Meňlini gören ýeller ýeldirgeýär, Meňliniň dem alan howasy hüýlenýär, gözlerinden akýan katra-katra gözýaşlar Magtymgulynyň ýüregine damýar! Gözýaşlar -- ýüregiň geýim-gejimi, aşyklaryň gözle-rinden akýan ýaşlar halys olaryň ýüreklerini ýalaňaçlap barýar!

Beýik Biribar Magtymgulyny şindi adam oglunyň sataşmadyk yşkyna uçratdy. Asmanyň ak guwlary, çal durnalary Magtymgula ak ýelegini bagş eýledi. Magtymguly gijeler ýelegini ýyldyzlara batyryp, Meňliniň adyny heserlije ýelleriň ýüzüne ýazdy, ýeller ýeldirgäp ony Meňli gyza gowşurdy. Magtymguly gijeler süýnen ýyldyz bilen Meňli gyzyň heserli düýşüne yşky çabrap duran şygyrlaryny ýazdy. Meňli olary huşunda ýat tutup, ýürejigine ýazdy…Aşyklaryň aýnasy asman,olar Aýa bakyp, asmana bakyp, uzyn gije biri-biriniň husnyjemalyny synlady. Aşyk-magşuk tüm gijeler biri-birine pynhan syryny ýyldyz-laryň pyşyrdysy bilen aýdyşýar. Daňdanlar Meňli gyz uýala-uýala heserli gijeden hem owadan hyýalyndan çykýar, al-elwan säher ýaly bolup…

Aşyk-magşugyň duşuşygy bir pursat, aýralygy weli tükeniksiz! Biserhet aýralyk aşyk-magşugyň jiger-bagryny parçalap, gyrmyzy ganyny syçradýar. Hijranyň hasraty, gam-gussasy aşyk-magşugy

hopukdyryp gark edip barýar. Magtymgulam, Meňlem yşk oduna ýanmagyň, ah urup-efgan dartmagyň, gijeler gözlerden sil kibi ýaş dökmegiň nähili eziz bagtdygyna göz ýetirdi. Aýralykda gan aglap pygan çekmek -- lezzetdi, eşretdi, bagtdy!..

Eý, Allam! Yşk atly gudrat ýarym-ýaş agladyp, dady-perýat bilen jiger-bagryňy dagladyp bagtly edip bilýär! Aýralygy, hijrany bagtdan ýaňa hüýlendirip barýan yşkyň wysaly dagy nähilikä?!

Magtymguly heserli hesret çekýärdi, özem geň galýardy: sebäbi täzeje, terje, müşki-enwerlije, heserlije hesretden Meňli gyzyň hüýlendirip barýan ysy kükeýärdi. Ol gaýgy-gama batyp pygan dartýardy, emma owadan, eziz, eşretli, lezzetli, şirin-şeker gaýgy-gamdan,ahy-pygandan Meňli-niň yşkynyň dadyny alyp, odundan ýanýardy.

«Yşka uçrap görmegenler,

Yşk apatyn ýalan biler.

Söýgi näme? Hasrat näme?

Ony diňe ýanan biler.

Didede ýaş,jigerde gan,

Bijede ah,perýat-pygan,

Gijelerne parçalap jan,

Yşk goşgusyn ýazan biler.

Ýaşlyk, senden hezl etmedim,

Çekip yşkyň ezýetlerin.

Bagyrmagyň lezzetdigin,

Dadyn dünýä ýaýan biler.

Böri deý al ganym ýalap,

Ýara-ýara bagrym ýamap,

Segparaz deý dartyp azap,

Läşin oda ýakan biler.

Demim ýalyn,ýürek ataş,

Tutaş,yşkyň ody tutaş!

Jiger-bagryn edip tutaç,

Yşky bagty ýatan biler.

Hakyky Şahyr beýik yşkdan başlaýar! Nowjuwan şahyryň Söýgisi näçe apat, näçe uly, näçe beýik bolsa, şonça-da ol Hakyky şahyr bolýar! Hakyky yşka uçraman şahyr bolýanlaram kän: hawa, olar uly şahyr bolup biler, beýik şahyr bolup biler,akyldar şahyr bolup biler, genial şahyr bolup biler, halk şahyry bolup biler,emma Hakyky şahyr bolup bilmez! Eýse Hakyky şahyr kim?

Hakyky şahyr—ataşy çabrap duran yşk, hüýlendirip barýan heser! Il-ulus, halk onuň goşgy-gazallaryny okap didelerini ýaşlap yşka sataşýar! Durnalaryň dünýä aýlanyp mydama läle-reýhan ýazlarda ýaşaýşy ýaly, hakyky şahyr yşkdan möwç urýan heserli ýüreklerde mesgen tutup, Yşkyň ýüreginde ýaşaýar, yşk bolsa hüýlenen aýdymda ýaşaýar!  Hakyky şahyr yşk ýaly jawudan!

Magtymguly yşk bolup alawlap duran Meňli gyza duşaly bäri dilden-dahandan aýrylyp, pikirlenmekden mahrum bolupdy, ýetişen göknaryň endam-janyny  päki bilen çirtişleri ýaly Meňliniň pynhan ala gözlerinden çakan ýyldyrymlar onuň ýüregini gyýym-gyýym, dilim-dilim edip taşlapdy. Meňliniň yşkyndan kükräp gelen ylham Magtym-gula şeýle bir goşgy-gazallar ýazdyrýardy, ol hatda olary özüniň ýazýandy-gyna-da ynanyp bilmeýärdi. Beýik Biribaryň arşy-aglada Adam atamyzyň palçykdan sulbasyna mübärek nepesi, demi bilen jan berşi ýaly, Magtym-gulynyň yşk bolup çabraýan deminden sözler, jümleler, setirler, bentler, goşgular jana gelýärdi, güpläp-güpläp ot alyp heýjana gelýärdi…

Aşyk bilen magşuk nämä zar? Didara zar! Aslynda Magtymguly Meňlini, Meňli Magtymgulyny »ene bir görsem, ölsem armanym ýok« diýip ýaşaýardy. Olaryň arzuw-hyýallary-da, oý-pikirleri-de, doga-dilegleri-de, maksat-myratlary-da birek-biregi görüp, odundan ot alyp,birek-biregiň mährinden mährini gandyrmakdy. Beýle yhlas eden kişini Taňry Hydyr ata duşurmaýarmy?! Emma olara duşuşmak hyllallady, sebäbi Meňli gyz köçä çykyp, dar basyp, uz ýörişläp gelýän çagy, Wagt-da, dünýä-de oňa durup-durup seredýärdi. Ýaş-eleňler uçmahyň hüýrüni aňkaryp synlaýardy, Meňli duşundan geçensoňam yzyna gaňrylyp-gaňrylyp,tä büdüräp, awusyna ençe ümlükleri paýradýança gözlerini aýyryp bilmeýärdi. Meňli owadandy, çakdanaşa owadandy, näzijekdi, näzenindi, eýjejikdi, ezizdi. Geljekki beýik şahyry-nyň aklyny çaşyraýyn diýip Allanyň mübärek nazaryny salyp, ýörite nepes edip, ezizläp ýaradan gudratydy. Allanyň mübärek nazary düşen hüýrüni bolsa görüp gözüňi, synlap göwnüňi dokun-dyrmak, didarlaşyp mähriňi gandyrmak mümkin däl.

Günleriň bir güni Meňli üç ýaşly jigisi Eziziň golundan tutup Gaýly daýylarynyňka ugrady. Ol uly ýoldan çykyp, metjidiň bagynyň içinden geçýän ýoda düşdi.Eý,Alla! Meňli gyz gelýär, sallanyp seýkin basyp Meňli gyz gelýär, ol ýerden däl-de howadan ýöräp gelýär, aýajyklarynyň yzy bolsa, Magtymgulynyň ýüreginde galýar. Meňli gyz heserli owazdan ýaradylandy, kölegesi bolsa älemgoşardan! Meňlini gören bägüller ýylgyryp gunçasyndan çykýar. Meňlini gören gunçalardan güller al-elwan ýalyn bolup parlaýar. Meňliniň yşk çaýylan owadanlygy, heser çaýylan zybalygy jadyly gudrat bolup islendik ýigidi şahyr edip biljek, indi ol beýik şahyr ýigidi neýlär?! Magtymgulynyň ýadyna bir bent pars goşgusy düşdi:

Gel, saňa uçmahy bagyş eýläýin,

Al, şirin janymny söwüş eýläýin.

Nesimi deý şu dem hamym sypyryp,

Ýalaň aýajygňa köwüş eýläýin.

Meňli gyz birden çarbaglykdan çykan Magtymgulyny görüp tisginip gitdi, ýogsam ol onuň owsunyny duýup, hä diýmän oňa duşjagyny bilip gelýärdi. Meňli gyz owsunyp duran yşkdy, ýyldyrym çaksa alawlap, süýnen ýyldyzdan güpüläp ýanýan yşkdy.Gyz dessine özüni ele alyp, ýalpy-ýaz jadyly ýylgyryşa öwrülip, ýigidiň dumanlap duran gözlerine seretdi. Gözler gözlere gark boldy. Metjidiň howalanyp oturan baglaryndaky bilbiller şeýle-bir şady-horram saýraşyp aşyk-magşugyň yşkyny dünýä ýaýaýjak bolýardylar.Meňli bilen Magtymgulynyň yşkyndan ýaňa guş janawerler tas adam dilinde gepläpdiler. Aşyk ýigit birden kellesini silkeledi, ol hüýlenip, ýeldirgäp barýardy. Meňli:

-- Magtymguly, sen gije-gündiz meniň ýolumy saklap ýörmüň? - diýip, näz eýläp, ala-ala gözlerini güldürdi… Eý-ho! Magtymgulynyň Meňlä aýdaryn diýip ýadynda timarlap, söýgüsine, mähir-muhabbetine eýläp ýat tutan sözle-riniň ählisi bag başyndaky guşlar ýaly güsürre uçdy gitdi! Ýaş ýigit näme diýjegini bilmän, ýuwdunyp Meňlä seredip durşuna ýene haýran galdy: ol dünýäde sözden hikmetli, sözden gudratly, sözden keramatly, sözden hümmetli, sözden jadyly zadyň ýok ýokdugyna ynanýardy, çünki söz Ylahdandy!.. Söz Hudaýdy! Emma hany Hudaý söz?! Eý-ho! Onuň ýat tutan sözleriniň huşundan uçanam gowy bolaýypdyr,sebäbi Meňliniň heser bilen, bark bilen balkyldaýan pynhan syrly garaýşynyň ýanynda ol sözleriň, sözlemleriň ählisi manysyz, ähmiýetsiz boş jümleler! Her hal Magtymguly nämedir bir zat diýmelidi. Ol:

--Meňli, meniň kalbyma ýanardag ýaly alawlap duran heserli, hüýli, hikmetli bir gudrat girdi. Men ol gudraty goşga saldym, emma kagyz öz-özünden güpläp ýanyp, küli ýele sowruldy gitdi. Men ol hikmetli gudraty aýdyma saldym, aýdym aglap, ah urup efgan dartyp, tüweleýläp hüýlendi gitdi! Meňli, o heserli, hikmetli gudraty saňa aýdaýmasam, däliräp barýan!.. Häzir-häzir ol gudraty aýdaýyn!—diýdi. Meňli gyz niz bilen ýylgyrdy.

--Aýdaý, ýöne içiňden aýdaý.

Magtymguly gyzyň owadan didesine dikan seredip köp durdy. Bir salymdan—Eşidýämiň?—Meňli syrly ýylgyryp, başyny yrady.—Onda men gudraty gözlerim bilen aýdaýyn, Meňli! Ýürejigiň bilen diňle.—Magtymguly ýene gara gözlerini çarhlap Meňliniň didesine dikan bakdy.—Görýärmiň? -- Meňli gözlerini süzüp, ýene lezzet bilen başyny yrady.—Görme-diňmi?—Meňli owadan ýylgyryp, şol hereketini gaýtalady. Magtymguly alaçsyz galan ýaly haşlap agyr dem aldy—Onda men ol heserli,hikmetli, gudratly sözi daşymdan aýdýan…

Meňli aljyrady, pähim-parasatly Magtymguly gyzyň garaşmaýan ýerinden gelipdi. Hamana aşygy aýtmasyz zady aýdaýjak ýaly, hamana aşy-gy özüne söýýän diýäýjek ýaly :

--Ek, ýok! Eşitdim, eşitdim, içiňden aýdanyňda eşitdim, gözleriň bilen aýdanyňda men o gudraty gördüm, emma ki daşyňdan aýdaýma!—diýip, Meňli uýalyp al-elwan öwüsdi. Magtymguly syrly ýylgyrdy. Bu mahal Meňliniň jigisi Eziz metjidiň bagynda kebelekleri kowalap ýördi… Aşyk Magşugynyň owadan gözlerine bakdy: ýene gözler gözleriň gudratyna uçrady. Janalgyjy yşkyň jadyly, gudratly öz dili bar! Ol dünýäniň iň ajaýyp dili! Meňli diýesi gelen sözleri didesine diýdirip, dili bilen bolsa başga zat diýýärdi. Magtymguly haýran: onuň jiger-bagryny ýakyp-ýandyryp gursagynda yşk ody lowlap ýanýar, göwresi bolsa gagşap barýar: Magtymgulynyň gursagyndan çasly yşk çaýy akyp ýatyr, daşy bolsa alaw-lap maşal ýaly ýanyp dur! Eý-ho! Meňli gyzda, ynsan yşkynda şeýle gudrat bar bolsa Perwerdigäriň yşky dagy nähilekä?!.

Magtymguly bilen Meňli peýwendi erigiň aşagynda duşuşypdy, peýwendi erik olaryň atap yşkyndan ýaňa birdemde jowur-ak güllere basyryldy. Olaryň golaýyndaky ýaşajyk ülje Magtymguly bilen Meňliniň apaty yşkyny görüp, depesine ýyldyzly gijäni geýen ýaly bir demde pajarlap gül-pürçüge öwrüldi, beýleräkdäki şetdaly agajy al-gyrmyzy feerwerk ýaly şowhun bilen asmana atylyp,olaryň yşkyny dünýä ýaýdy. Ýazyň heserlije ýellerine tänýän güller aşyk-magşugyň üstünden nowruz gary ýaly ýagyp durdy.

Magtymguly Meňlä bakyp:

--Meňli synla,men seniň şanyňa ajaýyp ýazy getirýän, hol üljeler, erikler, alma-şetdalylar seniň şanyňa gülleýär! Ertir öýlänler Bagdadyň durnalary toýnuk gurup saňa bendiwan bolup, gudrata zyýarat eden ýaly, seniň depäňden aýlanyp, saňa zyýarat ederler!—diýdi.Meňli ýylgyrdy.—Eger sen käte bir duşaýmasaň, men asmanda ah urup, efgan dartyp kalbymy ýaryp barýan yşkymy jümle-jahana ýaýaryn, soňam Selim magtymyň bimarhanasyna düşerin…

Meňli gyz ozal beýle gürlenilýänini eşitmänsoň geňläp Magtymgula bakdy, Magtymgulam öz gürläp duran zadyna haýran galdy.Meňli heserli gözlerini güldürip:

--Eger duşaýsam näme?—diýdi.

--Eger duşaýsaň…--Magtymguly ataş çabrap duran nazaryny gyzyň humarala gözlerine dikip, oňa golaýlap ugrady.—Eger duşaýsaň asmany ýyrtyp, dünýäniň lowurdap duran ýürejigini alyp boýnuňa tumar edip dakar men, eger duşaýsaň asmanyň jadyly älemgoşaryny ýaglyk edip egniňe atar men! Hol gül-pürçük açylan üljäni bir desse ter çemen edip, saňa berer men! Asmanyň ülkerini belent başyňa göwher jyga edip geýdirer men! Gögüň ýyldyrymyny sogrup,biliňe zerrin kemer eder men! Ýörejek ýoluňa Akmaýanyň ýoluny paýandaz ýazar men!

Meňli Magtymgulynyň ullakan gubarly gözlerine, şasuwar kaddy-kamatyna,adatdan daşary sözleri aýdyp duran zybanyna bendiwan bolup, näz-kereşme bilen owsunyp, gyýk garap jilwe eýledi! Meňliniň al ýaňagyndaky guýganak ýene Magtymgulynyň başyny aýlady gitdi! Olar bir meýdan biri-biriniň otly nazarlaryna, datly nazarlaryna, jadyly nazarlaryna ýüreklerini dagladyp, birek-biregiň gudratly gözlerine, heserli gözlerine garap, yşka maýyl boldular.Didar didary tapdy, gözler gözlerden öpdi…Bir akyldar «Sözüň gutaran ýerinden saz başlaýar» diýipdir, ýöne sazyň tamam bolan ýerindenem yşk başlaýar eken,Gudratly yşk, pynhan syrly yşk!

--Meňli, Meňli…,meniň saňa kän-kän zatlary aýdasym gelýär…

--Sen maňa düýşüňde aýdyber Magtymguly, men baryny eşidýän. Düýşüňde aýdýanyňy huşumda eşidýän, huşuňda aýtjagyňy düýşümde eşidýän—diýip, Meňli owadan gözlerini süzüp ýylgyrdy--Biri gelýär—diýip, kebelek kowalap ýörşüne golaýyna gelen Eziziň golundan tutup daýylaryna ýöneldi, birdenem yzyna dönüp –Haçan duşjagymy düýşüňe girip aýdaryn…

Gitdi, Meňli gyz gitdi, dünýäniň owadan düýşi gitdi! Magtymguly töweregine syn kyldy, görse hiç kim gelmeýänem eken…

hhh

Ertesi öýlänara al-ýaşyl parçalardan şahana geýnen Meňli seýkin-seýkin basyp owadan ýaşyl maýsaly meýdandan barýardy. Ol serdar durna ýaly buýsanjaňdy, derýadan ýüzüp gelýän şamar ýylan ýaly belent başy dim–dikdi! Meňli haýsy ýana seretse, dowamly nazar salýardy. Birden ol ýakymlydan heserli ses eşidip, gögüne garady.Eý-ho, kyrruw-kyrruw ses edip owadan durnalar toýnuk gurup gelýär! Allanyň görer göze görünýän perişdeleri--DURNALAR ýaşyl ýazly zemine gujak açyp, pelpelleşip gelýär! Biribaryň bir setir hikmetli, heserli şygry Meňliniň ýüre-jigini nyşanalap, yşkyň peýkamy bolup gelýär! Gözelligiň soltany durnalar zemindäki yşkyň melikesi Meňlini görgeý, owadandan heserli owaz edip, onuň depesinde aýlanyp, gözelligiň melikesine zyýarat edip, Meňliniň gözlerinem, göwnünem alyp gitdiler ýazlar dünýäsine! Meňliniň barkly gözleri, bagtly gözleri buýsançdan ýaşaryp balkyldady. Magtymgulyny Ýaradanyň kitaby ýalançy etmedi. Birden gögüň ýüzi gara-lyp, şuwlap-şuwlap gelýän ýellere atlanyp Hazar ummanynyň öýlänçisi ýetip geldi. Ertekilerdäki gara döwüň gelşi ýaly, öýlänçi ýerleri-gökleri gümmürdedip, ýyldyrymdan naýzalaryny çar ýana sanjyp, Magtymgulynyň yşkyny diňe Meňlä däl, jümle-jahana ýaýyp başlady. Şahana geýnen Meňli gyz heserli ýylgyryşa öwrülip, yşkdan hem bagtdan ýaňa uçaýjak–uçaýjak bolup asmana garady.Ol kowçum-kowçum şar gara bulutlary däl-de, asmanda ah urup, alawlap nagra dartýan Magtymgulyny gördi. Hakykatdanda asmandaky çal-gara bulutlarda nagra dartýan Magtym-gulynyň sudury bardy. Ol kirpikmen gözlerini süzüp, lezzet bilen gögüne seredip, »Magtymjan! Mag-tym-gu-ly!»-diýdi.Ol o jümläni içinden aýdanynam, daşyndan aýdanynam aňşyrman ýalta töweregine garady. Meňli tisginip gitdi: gör-ha nirden, nädip peýda bolany nämälim Magtymguly Meňliniň alnynda dyzyna çöküp, gül-pürçük açylan ülje bagyny bir desse çemen edip Meňlä uzadýar. Meňli ýeser ýylgyryp ter çemeni aldy, şol pursat örän owadan ýyldyrym çakdy, Magtymguly çalasyn margiriň ýylan tutuşy ýaly ýyldyrymyň ýere golaýlan ujundan penjeläp, şarpyldadyp bir silkdi, ýyldyrym şol dem melikeleriň lowurdap duran zünnar kemerine aýlandy. Aşyk zerrin kemeri Meňliniň inçe biline guşady, Aşygyna çakdan aşa golaýlan Meňli uýalyp näz-kereşme eýledi. Magtymguly bulutlaryň aňyrsyna gollaryny uzadyp, gökden Ülker ýyldyzlaryny aldy: ýyldyzlary lowurdap ýanyp duran Ülker ylla şa jygasy ýalydy.Magtymguly ony Meňliniň buý san-jaň başyna geýdirdi. Şol pursat ýene gökde ýyldyrym çakdy, Magtymguly iki goluny uzadyp, ýyldyrymyň çat açdyran asmanyny atlaz ýyrtan ýaly iki ýana ýyrtyp, dünýäniň göwher şamçyrag ýaly ýanyp duran ýürejigini alyp,ony tumar edip, Meňliniň boýnuna dakdy. Magşuk owadan ýylgyryp lowurdap duran tumaryny sypalady. Aşyk bilen Magşyk biri-biriniň golundan tutup, biri-biriniň gözlerine dikan bakyp,şabrap başlan çagbanyň aşagynda şalpy-şaraň ezilip aýlandy. Aşyk-Magşugyň başy aýlanýar, asmanyň başy aýlanýar, zeminiň başy aýlanýar! Bir salymdan Magtymguly asmanda endiräp duran yşkyň ýaňy ýaly älemgoşary alyp, Meňliniň egnine atdy. Magtymguly bilen Meňliniň depesinden al-ýaşyl, melewşe, mawy, sary ýagyşlar ýagýardy,olar baranyň aşagynda aýlanyp-öwrülip, yşk raksyny oýnap, jadyly sazdan ýaňa, yşkdan ýaňa, bagtdan ýaňa heýjana geldi! Magtymguly golaýda duran äpet çynary saýawan ýaly göterip, çagbaly bulutlary asmana göterdi. Meňliniň ýaz ýagşyna ýuwulan al ýaňaklary, kirpik-lerinden aslyşan göwher damjalar,läle-läle gyrmyzy lebleri Magtym-gulynyň janyny alyp barýardy. Edil şol pursat ejesiniň sesi Meňlini ýyldyrym uran ýaly etdi:

--A gyz,sen näme sowuklajak bolýamyň? Dessine öýe gir!—Bir demde Meňli gyzyň owadan hyýal-heser dünýäsi ýyrtylyp, yşk düýşi gaýyp boldy. Meňli gyz allaniçiksi aljyrady. Ol hamana Magtymguly bilen pynhan duşuşykda tutulan ýaly,sag eli bilen ýüzüni penalap,uýalyp öýe girip gitdi…

hhh

Derýanyň ýakasyndaky jeňňelliň ýitigsije ýedasyndan dört pyýada gelýärdi. Tokaý şeýle bir gürdi, içinden ne ýol geçýärdi, ne depesinden Gün şöhlesi düşýärdi. Ne guş-gumursylar jürküldeşýärdi. Gündiziň güni gara basan ýaly doňup oturan tokaýda gorkunç dym-dyrslyk gözlerini höwlendirip otyrdy. Gelýänleriň dördüsem kyrk-elli ýaşlaryndady. Sal-sal eginbaşlary ýamag üstüne ýamakly, ýarlykly garyp-kaşşaklar eňňere bolan ekinden çykyp gaýdan garantga meňzeýärdi, hut kesek-läberesiň gelýärdi. Dördüsem Kengana gidip şa boljak, at gazanyp dünýä ýaň saljak diýip dürli ýyllarda obasyny terk edip,

uly dünýä çykan adamlardy. Olaryň biri Hajygowşandan,Magtymguly ýonaçynyň ogly Bada begdi. Beýleki üçüsiniň ady, obasy hökmanam däl, sebäbi olar bir at ýitiren zaňňarlar. Kaşşaklaryň hersiniň bir şäherde uly baý bolup, depesinden döwlet ýagyp, at-owazasynyň arşa galşy, ýöne pelek çarhyny terse çalyp, garyp-gallaç galyşy hakynda gyzykly, pajygaly, dartgynly rowaýaty bardy, ýöne rowaýat ynanardan has ynandyryjydy. Görgüliler indem gedaý halda Türkmensähra barýardy. Öňden gelýän Bada beg sakga saklanyp, başyny talawladyp howany ysgady, del ys alyp, ýolçekerleri öz-özünden her hili hereket edip, tamşandy:

--Şepi, sen adamdan mahluga has ýewuk, hany aslyňa aralaş-da bir ysyrgan!—diýdi. Jonnuk kaşşak ilki sümgürip, topaz ýaly bitgin burnu-ny süpürişdirip:

--Eý, mahluk aslymdan aýlanaýyn! Eý, gurt ganly ata-babamdan aýla-naýyn!—diýip, yhlas bilen howany ysgady, birden ýüzi üýtgäp gitdi. Ol gözlerini höwlendirip ýoldaşlaryna seretdi.—Joralar, ýa meniň aklym üýtgedi, ýa çişligiň, şaranyň, kebabyň ysy gelýär!-- Jonnuk kaşşak sazanaklap başlady --Joralar, garakçy-galtamanlardyr! Gaçalyň!..

--Äl-äýt şepi, nädip beýle züwwetdin bolduň? ÝA okuwyny dagy oka-dyňmy?— Bada beg soky ýaly ommuk pyýadanyň ýüzüne seretdi. Jonnuk:

--Näme diýip towşan-tilkileriň san-sajagy ýok: sebäbi olar gorkmany, gaçmany bilýär—diýdi. Agajet kaşşak:

--Oho-ho-how, kişdelije, kişmişlije, käşirlije, käkiliklije hezreti palawyň ysy gelýär, özem sarymsaklyja!.. Ýaňyja tamdyrdan çykan çöregiň ysam janymy alyp barýar, özem ak bugdaýdan!—diýip, dodaklaryny ýalady. Jonnuk kaşşak gözlerini erew-berew edip, galpyldaýardy, häh diýseň, ýüregi ýarylyp jan beräýjek neresse!

--Doganlar, biz Jynly tokaýa gelendiris! Ýogsam bu ýabany jeňňelde, çişligiň, palawyň ysy neýlesin?—diýip, jonnuk pyşyrdady. Dört pyýada tilki ýaly ysyrganyşyp, ýodadan çykyp gür tokaýa girdiler, bir-biriniň yzyna düşüp, ýakymly ysy yzarlap, alaň-açyk meýdana çykdylar. Kaşşaklar kellesini silkeleşdirip, gözlerini açalak-ýumalak etdiler.

--Begler, sadaka aýdyberiň, biz ýa Allanyň mülküne girdik, ýa melgu-nyň?—diýip, agajet kaşşagam gözlerini höwlendirip, gorkýandan boldy. Giň meýdana düşelen haly-palasyň üstündäki saçak ertekilerdäki ýalydy. Tylla mejimelerde syh-syh çişlikler, şaralar-kebapdyr gutaplar, ullakan çanakda bugaryp duran palaw ysy bilen janyňy alyp barýardy. Okara-okara nazy-nygmatlar, iýr-iýmişler, altyn-kümüş jürdekler, pyýalalar hatar-hatar. Saçagyň üstünde guşuň süýdüne, serçäniň buduna çenli bar. Bada beg:

--Şepiler, Hudaý berse guluna, getirip goýar ýoluna! Pah-pah! Urşuň geňeşi bolmaz, geçiň saçak başyna!

--Garakçy-galtaman gelse näderis?

Bada beg dünýäden doýgun halda sag goluny salgady:

--Garakçy-galtamanlar ýagşy etse öldirler-dä!.. Ýaman etse-de öldürler-dä! Kyrk ýyl bäri kyrk garnymyzyň kyrkysam aç, endam-janymyz ýalaňaç, beýdip garyp-gallaç ýaşap ýörenimizden ölenimiz bähbidimiz! Alyň zaňňarlar, pah-pah datly palaw ekenow!—diýip, çanaga penjesini urmanka palawyň waspyny etdi-- Allajan, bu päkize saçak seniň sahawatyň bolsa, onda seniň barlygyň çyn! Eger melgunyň oýny bolsa, onda melgunyň zorlugy çyn!— Dört aç pyýada geçdi saçagyň başyna. Kimsi eliniň göterdiginden palawdan alsa, kimsi syhyň bir çetinden tutup syryp goýberýär aňyrsy görünmeýän hokurdana garşy.—Haý ederini bilmez Allam-eý, işlemäge iki el berip, iýmäge ýeke agyz bermäň näme?

Agajet kaşşak:

--Ahaw, azajyk çeýnänem bolaý!—diýdi.

--Meniň aňrym böri! Senem çeýnemän ýuwudyber samahyllap otur-man! Hah-hah-ha! Agşam gäwüş gaýtararsyň!—diýdi.-- Oglanlar, poha batsaň boýuňça diýlendir! Altyn pyýaladan şerap hem göndereliň! Geleweri atdaşym badajan!

--Eý, joralar, biz namaz okaýas ahyry!

--Aý, akmak, şerapmy şüý? Heý altyn jürdekden altyn bada guýlan al şeraby ömrüňde gördüňmi?! Pah-pah, gözüňe söweýin, bular erenleriň-pirleriň içýän şerabun—terahumy!—diýip, Bada beg altyn badany ogşap, başyna çekdi.—Hah-hah-ha! Indi enesi gyz bolsa gelibersin şol garakçy-galtamanlaryň! Iýiň begler, iýiň, ýaman etseňiz ýyrtylarsyňyz!-- Olar aldy-gyna symyşlaýardy, pyýala-pyýala al şerapdan goýberýärdi. Kaşşaklar gyrymsy agaçlaryň aňyrsynda Nedir şanyň, mürze Muhammet Kazym dagynyň bukulyp, özlerini synlap oturanyndan bihabardy. Aňyrsyna il gonansoň agajet kaşşak:

--Haý, şu mahal maňa Nedir şa duşagaýsady. “How Nedir şa, ber maňa bäş-alty tanap boz ýeri. Men bir gysym mis ekip, bir çuwal kümüş almasam, bir çuwal kümüş ekip, bir harwar altyn almasam, bir harwar altyn ekip, ýedi düýe göwher-lagyl almasam çal garladyp damagymy!” diýerdim. How, Ommuk batyr, sen näme dommarylyp otyrsyň? Şumat aýdanymyz bolup, diýenimiz gelip, ykbalymyzyň gülüp duran çagy Nedir şa duşaýsa näme dilejek?

--Aý, kaşşak zaňňar, bidöwlet şa diletdirip berýändir. Nedir şa döwletli şahynşa ahyry, ol meni gördügi, genji-hazynasyny alnyma süýşürip, alaweri dogan diýer!.. ÝA Allam, biziň garnymyz doýan çagynda ýa arşdaky Allaga duş eýle, ýa zemindäki Nedir şaga!—diýip, Jonnuk kaşşak töweregine bakdy. Gyrymsy agaçlaryň aňyrsynda tomaşa edip oturan Nedir şanyň keýpi kökelýärdi. Muhammet Kazymam, beýlekilerem hezil edip sessiz gülýärdi. Üçünji:

--Haý Taňrygarganlar! Belent başyna döwlet guşy gonan, tylla tagty arşy-agladan inen, maňlaýyndan Hak sypalap, nazar kylan Nedir şahynşa bize duşar ýaly bidöwletmidir? Sadagasy boldugym Nedir şa duşsa mydama ýagşyzadalara duşawersin! Hydyr ata, Ylýas ata, Kowus-Kyýas ata duşawersin!—diýip, doga edibermeli senaly sözleri sanaşdyryp başlady. Nedir şa gazap bilen mürzesi Muhammet Kazymyň ýakasyndan ebşit-läp, ýuwaşja:

“--Ýörite gurnadyňmy, köpeý ogly!”--diýdi.Ýüregi ýarylan Muhammet Kazym Alladan ant içdi…

Eýse, bu niçik waka? Erteki saçagy nireden geldi ýabany jeňňele, Nedir şa nädip peýda boldy?

Iki gün mundan öň Nedir şa Näheň galanyň etegindäki tokaýda şa bezimini edermen bolupdy, hemişe bir bada iki-üç işi bitirip ýören şahynşa arasynda şalyk geýim-gejimini pukara eşikler bilen çalşy-ryp, özüni tanatman galanyň metjidine baryp, raýatlarynyň permanyny berjaý edişini görmegi niýet edinipdi. Olar Näheň galanyň eteginde ýabany jeňňelde düşläp, derýanyň ýakasynda iýip-içmegi müwessa bilip-diler. Mydama bir henek-hokga tapyp, şahynşanyň göwnüni awlap ýören Muhammet Kazym galadan tokaýa girýän ýedanyň ýanynda gözetçi goýup, oýny-henegi halaýan Nedir şaga tomaşa görkezmegiň kül-külüne düşüpdi. Gözetçi dört sany pakyr-pukaranyň tokaý ýedasyna ýetip gelýänini görüp, eňdi mürze Muhammet Kazymyň ýanyna. Mürze-de dessine beglerine ýedanyň ýakasynda, datly naharlaryň ysy ýeter ýaly ýerde düşek atdyryp, saçak ýazdyryp kaşşak görgülileri oýnap, Nedir şaga tomaşa taýýarlapdy…

Kaşşak senasyny tükedip, Bada bege:

—How-how, şepi, sen näme ýüz-gözüňi bürjeşdirip, tüweleýläp baş-ladyň-la? Saňa Nedir şahynşah duşaýsa nädersiň?—diýdi. Bada beg:

--Wah, hany men pakyrda çüwjek-çüwjek-çüwjek bolup duran maňlaý! Şumat şol galtaman zaňňar Nedir şa duşaýsa, döwlet guşy gonan depesine bir doňdurardym ýetim çaganyň kellesi ýaly ýumrugym bile! Häh! –ol edil Nedir şany urýan ýaly äpet ýumrugyny düşege patlatdy. Gyrymsy agajyň aňyrsyndaky Nedir şa-da depesine urlan ýaly düýrükdi—Onsoň şahyn-şanyň hykyrtmagyndan alagada, Taňry sypalan ýüzüne ine şeýdip gülçüldederdim! O gurrumsak zaňňar şumat dagy duşaýsa janyny jähen-neme iberip, Eýrany-Turany şahynşasyz goýýan!.. –diýip, öz-özünden ot aldy. Muhammet Kazymyň imany öçdi, ýüzi gara-ört bolup, galpyldady. Nedir şanyň bolsa keýpi göterildi, göhi geldi. Keýpi daş ýarýan üçünji kaşşak aňk bolup:

--How-how, janyny jähenneme iberer ýaly Nedir şa saňa näme ýamanlyk etdi?—diýdi.

--Joralar, biz ýa Allanyň mekanyna, ýa melgunyň mülküne geldik! Hany men ýene bir dileg edeýin. Eger şol dilegimem bitse, işimiziň gaýtdygy, maňlaýymyzyň ýatdygy!..—diýip, Jonnuk kaşşak molla oturşyny edip, ilki gysgajyk doga okady, soňra göge ellerini uzatdy—Eý, Allajan, gara başym saňa gurban bolsun, munça gudrat görkezeniňe görä, alnymyzda dört-bäş sany hüýr gyza-da raks oýnatdyraweri!..

--Eý,eý! Hüýr gyzy dilemäň näme? Bize enesi oýnaş, atasy ograş paýyşalaram köp bolýar!

Bir salymdan gür tokaýyň içinden ylla düýşden çykan ýaly bäş-alty hüýr-peri gyz çykdy, olaryň hersiniň sag elinde tylla jürdejik bar. Oturanlar hem aňkaryp, hem gorkup, götin-götin süýşdiler. Hüýrleriň ählisi ýukajyk ýüpekden al-ýaşyl geýnipdir, manysy, mazmuny görnüp dur. Olar sallanyp, seýkin basyşyp, agzyny açyp oturan kaşşaklara näz-kereşme bilen jilwe taşlap, süýnüp-sarkyşyp gelýär. Jonnuk kaşşak gorkusyna elden-aýakdan aýrylyp, elewräp başlady.

--Joralar, bagtymyz ýatdy, biz jynlyrapdyrys. Serediň o gyzlara!

--Ommuk batyr, gorkma! Ojagaş gyzlar ýaman etse bize günä gazandyrlar-da! —diýip, Bada beg hoş boldy. Gyzlar gözlerini oýnadyp, gaşlaryny kakyp raks oýnady. Kaşşaklaryň biri aňk bolsa, biri aglap, biri doga okady. Bada beg ýerinden turup gyzlaryň ýanyna baryp, biriniň golundan tutup, golaýyna çekip ysgap gördi, sypalap gördi:

--Päheý, Ommuk batyr, dilemeli gyzlaryňy-ha bilipsiň-ow!.. Hakyky hüýr gyzlar!—diýdi. Gyzlar jakjak gülüşip, hersi tylla jürdekden bir pyýalany al meýden dolduryp, dört kaşşaga berdi. Aglap oturan jonnuk kaşşak:

--Doganlar, biz ölüpdiris! Biz ölüpdiris-eý! Nädip ölenimizem bilmän ölüpdiris-eý!—diýip gygyrdy. Owadan hüýr gyz oňa püre-pür pyýa-lany uzatdy. Gorkak kaşşak almajak boldy. Bukulyp olary synlaýan Nedir şa bolsa agzyny tutup gülýärdi... Bada beg akyl berdi:

--Jonnuk beg, çek başyňa pyýalany! Ölsegem sermestkäk öleliň!

Jonnuk kaşşak birde ýoldaşlaryna, birde gyza garap, pyýalany başyna çekdi. Dört pyýada bir salym mölerişip oturdy, gyzlar pessaýdan hüwdi ýaly näzijek aýdyma başlady. Kaşşaklar meýmireşip gapdala gyşardylar, sebäbi gyzlaryň getiren jürdeginiň şerabyna güýçli uky dermany goşulypdy...

Ertesi kaşşaklaryň gorkagy ukusyndan ir oýandy. Ol gözlerini açalak-ýumalak edip, töweregine garandy. Beýleki üç kaşşak gara gumda çalam-çaş serlişip ýatyr. Jonnuk zaňňar gözlerini ýumup gördi, açyp gördi. Birde-nem jajajaýlap şeýle bir çirkin gygyrdy. Jynssyz gykylyk ukuda ýatan kaşşaklaryňam, gyrymsy agaçlaryň aňyrsynda bukulyp oturanlaryňam zähresini ýardy. Bada beg:

--Nämäý, gyzlygyňy aldyrdyňmy?-–diýip azgyryldy. Jonnuk kaşşak gözlerini erew-berew edip:

--Töweregiňe gara, sen entek jynlyrarsyňam! Hany düýnki saçak? Hany düýnki gähnäp-gähnäp iýen naharlarymyz?—diýdi. Gara guma bulaşyp ýatyp galan kaşşaklar atylyşyp turdylar, gözlerini elek-çelek edip töweregi synladylar, emma ne saçak bardy, ne şa zyýapaty. Kemteresinden olaryň gemrip, dumly-duşa zyňan süňk-saňklaram ýok. –Aýtmadymmy, Jynly tokaýa geldik diýip? Eý, Allajan-eý! Howpdan-hatardan, beladan beterden özüň gorawer-eý! Jynlar biziň gözümizi baglapdyr!

Bada beg gözlerini çerreldip, ýatan ýerini, daş-töweregi synlady, garny-ny sypalady.

--Ek, jynlar gözümizi baglan bolsa, garnymyz beýle dok bolmazdy, kellämizem sämäp durmazdy!—diýip, gorkak kaşşagyň alkymyna baryp, onuň geýim-gejimini barlaşdyrdy,öz üstüne seretdi. --Päheý, şepiler, garyp ýaşanam bolsak, baý ölüpdiris! —ol birden aklyna aýlandy. –Eý, zaňňarlar, bizi kim geýindirdi?.. Ohohow! Kim bizi ýalaňaçlady? Hany biziň köne şylhamyz?—Kaşşaklaryň gözleri hanasyndan çykara geldi. Bada beg endam-janyndan çümmükleşdirdi—Doganlar, biz ölüpdiris diýsek diri, jynlyrapdyrys diýsek aklymyz ýerinde.

Birden olar alysdan eşdilýän çygşylda tisginişip, tokaýa seredip hasam haýran galdylar. Hanha, dört-bäş sypahsasy-emeldary bilen Nedir şa gelýär. Bada beg beýlesine öwrülip, Jonnuk kaşşagyň gulagynyň düýbüne çekdi. Jonnuk ýaňagyny tutup uwlady. Bada beg:

--Diýmek, sen ukuda däl! Hany, meniň gulagymyň düýbüne-de ýapla! –Ol zor bilen gysga boýlynyň eli bilen ýüzüne urdy. –Diýmek, menem ukuda däl. Eý, Allam!—diýdi. Onýança Nedir şa dagy ýetip geldi. Kaşşaklar iki eglip, tagzym kylyp, salam berdiler. Bada begiň imany uçdy, ol bezemen geýnen Perman begi tanady. Sada Perman pil Bada begi görenden agzyny açyp, aňk boldy. Perman beg heý gardaşy bilen salamlaşmazmy? Emma ol şahynşanyň janpenasydy—keşikçisidi, ýöne oňa geplemek gadagandy. Bada beg oňa dikan bakyp, sag penjesiniň barmaklary bilen öz açyk agzyny ýumdurdy. Nedir şa ýylgyryp:

--Begler, gorkmaň, siz jyna-jada däl-de, hokgabaz mürze Muhammet Kazymyň pirimine duşduňyz! Men Nedir şa! Bular wezir-wekillerim!—diýip, ol düýnki ýer istän agajet kaşşagyň alkymyna bardy.—How, bradarym, seniň doga-dilegiňi arşda Alla eşitmese-de, ýerde Nedir şa eşitdi. Hanha, saňa pul, halan ýeriňden boz ýer satyn al, öýlen!—Muhammet Kazym golundaky haly horjundan çykaryp oňa gabarasy gala pully haltany berdi.—Emma aýdyşyň ýaly bol hasyl algyn!— Ömründe şahynşa görmedik kaşşak iki epilip, başyny silkeläp, näme diýjegini bilmän saňňyldap dur. Nedir şa jonnuk kaşşagyň alkymyna bardy.

--Hak aýtdyň, Nedir şa bidöwlet şahynşa däldir, diletmän berýän şahynşadyr, ynha saňa baýlyk, ýeriň bolmasa ýer satyn al! Mal-hal edin!—diýdi. Muhammet Kazym oňa-da pully halta berdi. Jonnuk kaşşak eplem-büklem bolup tagzym kyldy. Şahynşa üçünji kaşşagyň alkymyna bardy:

--How, gardaşym, men ömrümde ýagşy doga-dilegleri, senalary kän eşitdim, emma seniňki ýaly ýagşy dilegi eşidip görmändim. Al saňa-da! Senem duşsaň mydama ýagşyzadalara, Hydyr ata, Kowus-Kyýas ata duş!—diýdi. Mürze oňa-da bir pully haltany berdi. Nedir şa ýaşkiçi kaşşa-gyň—Bada begiň alkymyna bardy. Kaşşaklar galpyldaşyp Bada bege seretdiler. Nedir şa onuň gözlerine dikan bakdy:

--Howwa, Görogly beg, düýn sen nämeler ataladyň, bol gaýtala! Ynha, alnyňda şahynşa Nedir dur!—diýdi. Bu dünýäde görmedigi görde galan Bada beg owarrama urup, şahynşanyň gözlerine dikan bakdy, emma dessi-ne ýöwselledi, her hal özüne erk edip:

--Siz Nedir şamy?—diýdi. Nedir şa başyny atdy.—Eger Nedir şa bolsaňyz, sizem düýnki zyýapatyňyzy gaýtalaň!

Nedir şa-da, wezir-wekilleri-de wahahaýlaşyp gülüşdi. Şahynşa oňa mürähet etdi. Mürze Muhammet Kazym öňe düşdi,kaşşaklaram yzynda. Olar esli ýöräp, başga bir giň meýdana bardylar. Hemmesi aňk boldy, düýnki şa zyýapatyndan has baý saçak ýazylypdyr, üstünde näme diýseň bar. Bada beg gögüne garap hüňürdedi:

--Eý, Allam, men Isa pygamberiň eşegini ogurladymmy? Bu zaňňary nireden tapyp maňa duşuryp ýörsüň?! Indi mundan ölüp sypsamam zor boldugymdyr!—diýip, sen-men ýok, alagada altyn jürdekleriň birini başyna çekdi. Perman pil aňk bolup synlaýardy. Bada beg jürdegiň ýaryny içdi, emma şerap degmedi. Nedir şa hoş bolup ýylgyrýardy --Kyblaýy älemim,men özümi erkek saýýardym weli, aý ýok, gatybir erkegem däl ekenim!.. Hany ýene birini içeýin!– Ol jürdegi boşatdy.—Wäh, şerap maňa degmese näme? Şahym, şerapda derek ýok!..

--ÝA şerap gönderýände derek ýok!—Nedir şa ýylgyrdy.—Hany düýnki diýenleriňi gaýtala!--Bada beg şahynşaga naýynjar seretdi:

—Şahym, men düýnki diýenlerimi içimden aýdaýaýyn-la!— Nedir şa-da, wezir-wekilleri-de, Perman pil-de hezil edip güldi. Gülkiden göwni-göwrümi giňän Bada beg birden merdemsiredi. --Şahym, kyblaýy älemim, men erkek bolaýyn-da çynymy aýdaýyn! Ýaman etseňiz öldürdersiňiz-dä!..Mundan ýigrimi-ýigrimi bäş ýyl ozal men atamyň baýlygyndan ogurlap-dogurlap tüpeň, gylyç-gürzi satyn alyp, gijäniň bir wagty atymyzy ogurlap güw gitdim obadan çykyp! Maksadym Nedir hana gulluk edip, beg boljak, han boljak! Obadan birki menzil daşlaşyp, atymy çaýa goýberip, özümem çaý jogabyny edeýin diýip, ýylgynlyga dulandym weli, şahym, size örän meňzeş bir kişi atymy ogurlap gaçdy.

--Ek, maňa örän meňzeş kişi atyňy alyp gaçdy!—diýip, şa synçy nazaryny dikdi. Baly beg:

--Howwa. Şahynşahyma örän meňzeş biri atymy alyp gaçdy, maňa meňzeş alasamsygam atyny ogurlatdy. Garaz, atsyz-ýaragsyz galan Bada beg neýlesin? Obama dolanyp bardym. Gahary gelen atamam galanja baýly-gyna meni öýerip öldi gitdi... Howwa, şahym, bir zaman bir aç möjegiň alnyndan ak guýruk çykypdyr. Aç möjek görgülem guýrugyň eýlesinden bir baryp, beýlesinden bir baryp :"El ýatyra ýol ýatyr, Ýol başynda il otyr. Bir emmasy bolmasa, Guýruk munda nä ýatyr?" diýip iýipdir-de, göre-bile gapana düşüpdir. Atamam maňa alyp berdi bir ak guýruk gyzy, menem höňküräp giden zaňňar, saklan-da saklanyp bilseň! Gelnem ýylaşa bir gara kelläni dogrup ýatyr. Ynha, han bolmaly, beg bolmaly Bada beg güzeranyň guly, çagalarynyň gyrnagy boldy—diýdi.

Nedir şa wezir-wekillerine bir zaman ýüz atlysy bilen duýdansyz üstüni basdyranyny, ýigitleriniň aglabasynyň duşman bilen söweşip gyrlanyny, atyna ok degip, özüniňem ýaradar bolup tokaýa siňenini, maýyna getirip birewiň atyny alyp gaçyp, şähere aşanyny gürrüň berdi. Ol gülüp:

--Sen gaty tangyr ekeniň!—diýdi.

--Atyňyzy ogurladan bolsaňyz sizem tangyr borduňyz, şahynşahym!

--Men seniň atyňa derek päkize iki at berýän. Razymy?

--O nähili razymy? Birinjiden meniň onym baýtaldy, özem ýagyr-nysyndan ýagşyzadalar sypalan, ýylda ekiz gunanlaýan tohum baýtaldy, şahynşa münensoň üçemden gunanlajagam hak! O baýtaly alyp gaça-nyňyza-da ýigrimi-ýigrimi bäş ýyl boldy… Şahym, siz şol atlaryň arkasyndan tagta çykdyňyz. Indi özüňiz hasaplaberiň ýa men hasaplaýynmy?

--Ek, zaňňar, sen hasaplasaň täji-tagtymy, hany-manymy beremde-de bergidar çykararsyň! Mürze Muhammet, ber muňa-da, beýlekilere bere-niňiň iki, ýok üç essesini! Indi boldumy?

--Pahaý şahym, men ölmän sypsam-da razydym! –diýip, Bada beg asmana bakdy-- Eý, Allajan, birdenkä men ukymdan oýanaýsam, bu bolup geçen närselerem düýşüm bolup çykaýsa, gaýdyp namazyňam okaman, orazaňam tutman, sadaka-da bermen!—ol kaşşak ýoldaşlaryna garady-- Eý, zaňňarlar, birdenkä dälirän bolsam, meni ahuna-pire okadyp açaýsaňyz, ähliňi pürrelärin!

Bada beg Nedir şanyň hoşuna geldi. Perman pilem obadaşyna buýsa-nyp ýylgyrýardy. Şahynşa:

--Bada beg, sen bir tomaşa ýigit ekeniň! Sen meniň mähremim bolaýsaň näder?!—diýdi. Bada beg ör-gökden geldi:

--Şahym, kyblaýy älemim, heý meniň ýaly akylsyz zaňňaram tagta çykaryp bormy? Men-how ata çykamda howlap-heserläp ýören kişi men!

--Men saňa mährem wezirim bol diýýän!

--Kyblaýy älemim, köşge baryp, mährem weziriňiz boldugym, dessine baş weziriň ornuny alaryn! Onsoň siziň tylla tagtyňyza tiňkämi dikibem kellämi aldyraryn! Ýok, şahym, men obama gideýin! Ol ak guýruk gelin töweregin-den geçseňem gunanlap ýatyr! Onuň töwereginden geçsemem özüm geçeýin!—diýdi. Olar wahahaýlaşyp gülüşdiler. Nedir şa kaşşaklar bilen şa zyýapatyny iýip-içip, göwün açyp, kaşşaklary baý hem mes edip ýola atardy. Perman pilem Bada bege ogryn nazary bilen ugratdy…

Kaşşaklar Jynly tokaýdan baý bolup çykdylar. Olar ýol boýy arzuw eden-- baýlykdan, bagtdan lowurdap duran röwşen Geljegine barýardy. Bada beg geň galyp:

--How-how, siz näme öýüňize barýaňyzmy?—diýdi. Olar baş atdylar. Bada beg ýoldaşlaryny içgin synlap, başyny ýaýkady.—Begler, heý munça genji-hazyna bilen öýe gidip bormy,,heý munuň ýaly gulanalma keýp bilen öýe gidip bormy? Munça baýlyk bilen obaňyza gidip akmakmy siz? Häli-şindi öýe baryp ýörseňiz heý at-abraýyňyz bormy? Öýe bäş-on ýyldan bir barmalydyr! Öýe baraňyzda ataň pakyr aglap Hudaýoly edip, eneň pişme paýlap, çagajyklar pylan dädem gelipdir diýip buşluga aýlansyn-la!

Baý kaşşaklar oňa aňk boldular. Bada beg bir tyllany eline aldy-da:.

–Jikge düşse, Bada beg Bulgura gidip hüýr gyz-gelinleriň hezilini görer, bükge düşse Çynmaçyna gidip—diýip, tyllany göge oklady! ÝA pelek!

hhh

Gijesi ýok, gündizi ýok, ukusy ýok, oýalygy ýok -- Magtymguly yşkyň hem hijranyň oduna ýanyp, hüýlenip barýardy. Meňli gyzyň yşky onuň garak-laryny gapypdyr, ol jümle-jahanda Meňliden gaýry hiç kesi görenok! Meňli gyzyň yşky ony lal kylypdyr, ol «Meňlim, Meňlim» diýip delmirmekden gaýry hiç bir sözi aýdyp bilenok! Magtymgulynyň Meňlä aýdasy gelýän sözleri yşkyň howruna kalbynda kişde bolup kakap barýar-dy. Magtymgulynyň Meňlä aýdasy gelýän jümleleri kalbynda ýaýyla-ýaýyla gaýmak bolup barýardy. Magtymgulynyň jiger-bagry yşk oduna ýanyp, gursagyndan şaranyň ysy kükeýärdi. Magtymgula jümle-jahan gerekmes, oňa diňe Meňliniň didary gerek! Oňa jümle-jahanyň baýlygy-bagty, hany-many gerekmes, oňa diňe Meňliniň didary gerek! Ol gözle-rini açsa-da Meňlini görýär, ýumsa-da Meňlini görýär! Dünýäniň ähli ýollary, ýedalary Meňlilere tarap uzaýar!.Meňli bolsa gudrat bilen ajaýyp aýdyma öwrülip, mawy asmandan messan-messan ýöräp gelýär. Gün onuň ýörejek ýoluna tylla şuglasyny, Aý kümüş şuglasyny paýandaz ýazýar!..

Ozal ylahy düýşünde pyýala-pyýala şerabun-terahumy içen, indem apat yşka düşen Magtymguly seri dumanly sagatsaýyn ulalyp, göge galyp bar ýar, gursagynda ýanardag goduklap, gara daglar jünbüş eýläp, uçmah jülgeden Meňli gyz yşk derýasy, aby-haýýat derýasy bolup, birde ataş derýasyna öwrülýär.

…Dünýä düýşe dönüpdi: arzuwçyl,hyýalbent,şahyrana fantaziýasy älemden giň Magtymguly owadan hyýala batyp dur: hanha şar gara bulutlar bilen ak ýagyşlar gelýär, ak ýagyşlaryň yzy bilen ýaşyl maýsalar galkynyp, ýaşyl ýagyş ýaly göge göterilip barýar! Hanha, sallanyp seýkin basyp Meňli gyz gelýär, yzyndan owsunyp, tolgunyp jadyly poeziýa gelýär! Hanha,Meňli gyz ýyldyrym bolup, yzynyň gübürdisi, gümmürdisi ajaýyp goşgy bolup gelýär! Meňliniň nazar salan ýerinden ak kömelekler ýaly ter hem datly pikirler dömýär! Meňli gyz jümle-jahana ýaň salyp, älemgoşardan ýaradylan aýdym bolup gelýär!

Meňli hanym golun dişläp.

Bizden ki uýat eýleýir.

Kä daranyp, uz ýörişläp,

Bizden ki uýat eýleýir.

Magtymguly Meňliniň eýjejik elinden tutup, nerkes gözlerine seredip, pyşyrdap goşgy okady.

Geýipdir gyzyl-ýaşyly

Bilmen nadir, ýar hyýaly,

Göz edip, ýomut-ahaly,

Bizden ki uýat eýleýir.

Görüşeli,Meňli hanym,

Istihanym,şirin-janym,

Pyragy diýr,din-imanym,

Ýetdirmez uýat eýleýir.

Meňli yşkyň ajaýyp aýdymyna meýmiräp,Magtymgulynyň gubar-lap duran heserli gözlerine gark boldy! Olar uçmahdan zyýada yşk dünýäsinde, Bakylyk dünýäsinde bagtyň goýnuna düşüpdi. Magtymguly Meňlini--Jeýla güli ysgady, essi aýyldy, Jeýla gül oňa gysymyljyrap näz-kereşme eýledi. Magtymguly:

--Goşgymy haladyňmy Meňlijan?—diýdi.Meňli:

--Magtymguly, seniň bilbilgöýäniňki ýaly owadan owazyň bar eken-ä! Ýaňky aýdan aýdymyň meni tas däliredipdi.

--Men saňa goşgy okap berdim ahyry!

--Ol maňa ajaýyp aýdyp bolup eşidildi.Magtymguly,sen gudratly goşgy…men onuň heserli owazy! Ikimiz jümle-jahanyň gudratly,keramatly aýdymy!

Magtymguly guşagyndaky hannjaryny gynyndan sogrup, göni gursa-gyndan urdy. Meňli allaniçiasi halda çirkin gygyryp, penjelerini ýüzüne tutdy. Magtymguly zarp bilen hanjaryny sogurdy. Meňli barmak-larynyň arasyny açyp ýaş ýigide seretdi-de hasam haýran galdy. Ýigidiň gursagyndan sogran gamasy gyrmyzy gan däl-de, hakyýt gyzyl ýalyn bolup, çbrap, çar ýana uçgun syçradyp ýanyp dur. Haýýady öçen Meňli gyz birdemde Kaknus guşa aýlanyp gyzyl-ot bolup Magtymgulynyň guja-gyna doldy, şol pursat ol syçyrap ukudan oýandy, gözlerini açyp-ýumup töweregine nazar saldy. Magtymguly aňk boldy: Meňli gyzyň yşkam, müşki-enwer ysam, lezzetem bardy, emma özi ýokdy, onuň gujagy boşdy. Magtymguly haýran galdy… Eý-ho,ol ilkinji gezek düýşünde goşgy ýazypdy: hanha onuň düýşünde ýazan goşgusy asmana söýolen älemgoşardan merdiwan ýaly owsunyp dur. Ol düýşünde ýazan goşgusyny huşunda gaýta-lap-gaýtalap aýdyp gördi.

--Gudratyňdan aýlanaýyn Allajan! Sen maňa düýşümde-de goşgy ýazdyraýdyň!—diýip, goşgyny lezzet bile öwran-öwran gaýtalady.-- Eý,Allam, Sen gudrat,maňa bagyşlan Meňli gyzyňam gudrat, Yşkyňam Gudrat! Gudrat! Gudrat!

hhh

Magtymguly söýgüsini bukýardy, çünki agasy öýlenmänkä «yşka düşüp, ýanyp-bişip ýör» diýilmegi ýagşyzada ýaly kethudanyň asylzada ogly üçin aýypdy, utançdy. Emma onuň söýgüsi bukardan uly, çekerden agyrdy. Magtymguly ýakyp-ýandyryp barýan yşkyny bukýardy, gije alawlap ýanýan ody, gündiz burugsap buluda öwrülip barýan tüssäni bukup bolmaýanyny bilse-de, bukýardy. Magtymguly asmany parçalap çakýan ýyldyrymy gylyjyň gyna salynşy ýaly edip, setirine dykyp bilýärdi. Magtymguly kükräp-kükräp gelen apy-tupany penjesi bilen düýrläp bendine dykyp bilýärdi, emma apat yşky bukdugyça güýjeýärdi, gizledigiçe guduz aç ýar-dy, ýaşyrdygyça möwç urýardy.

Eger bukup bolýan bolsa,eger pynhan saklap bolýan bolsa,oňa söýgi diýiljekmi!

Magtymguly--güpläp ot alan aşykdy, ol hopugyp yşkdan gaçýardy, gaçdygyça-da oduň şemaly ýetip, äpet ýangyna öwrülip barýardy.Eger ümürsin tokaýlar ot alyp ýangyn dörese, gözýaş bilenem öçürip bolar, däli derýalary tanap bilenem jylawlap bent edip bolar, gara daglary dyrnak bilenem ýykyp-ýumrup bolar, emma Meňli gyzyň yşky Magtymgula buk durmaz! Her hal ol yşkyny bukýardy. Ol öýde, il içinde kişi bilen ýüzbe-ýüz bolmasyny, söhbet kylmasyny goýdy, çünki yşk heseri dumanlap duran gözlerini gören kişi Magtymgulynyň hüýlenip ýörenini görjekdi. Ol öýden iç-daş çykmasynam goýdy, sebäbi onuň diňe gursagy däl, tutuş göwresem Meňliniň yşky bilen alawlap ýanýardy. Ol Perhat bilen, Mežnun bilen, Sadydyr Jamy, Rudakydyr Rumy bilen yşk derdini paýlaşýardy. Halys derdi gursagyna sygman hüýlenip ugranynda bolsa ýanyna ýarym horjun kitap alyp, Sakarguşuna atlanyp daglaryň goýnuna giderdi. Magtymgulynyň yşky sokur körem bolsaň görünýän yşkdy!

«Yşk dagyn assalar gögüň boýnundan, Gök titreýin çeke bilmez bu derdi!» diýilýän derdi Meňlem merdi-merdana çekýärdi. Maýa-maňyzly, edep-ekramly hüýrzada Meňli il içine «söýüşýämiş» diýip ady çykan-dan, öýden tabydynyň çykanyny ýagşy görýärdi. «Yşk derdinden gaçyp uçmah arşy-agla çyksa, dowzah yşk odundan gorkup ýeriň ýedi gat assyna girse, yşk derdinden ýaňa zemin jünbüş eýläp ýerler lerzana gelse», biçäre Meňli neýlär, Magtymguly neýlär?

Magtymgulam,Meňlem apat söýgüsini bukýardy,emma olaryň habary ýekdy, entek Magtymguly Meňli gyza duşmanka, pynhan yşklarynyň aýana çykyp, il içine ýaýranyndan. Sebäbi ölüp görmän, ölümden aňyrdaky boljak ähli işleri bilip ýören, ýeriň astynda gäwşeýän ýylanyň içindäki ýumurtgasyny sanap, näçesiniň erkekdigini bilip oturan ýeser-eser adamlar diňlemän eşidýär, seretmän görýär, oýlanmanam bilýär! Aýyň topragynyň şordugyny dilini uzadyp barlap gören, ýyldyzlaryň ataşdygyny biljek bolup dilini daglap gören Heýjan heýwere entek Magtymguly Meňlini, Meňli Magtymgulyny görmänkä bu syry çakalla bilipdi. Çakam çyndan çyn çykdy…

Magtymguly Döwletmämmet aganyň mahmala dolap beren kitaplaryny alyp, Medet agalaryň howlusyna girip barýarka, ony Heýjan heýwere görüpdi. Aýýar çykyp giden Heýjan heýwere öz ýanyndan «obanyň ýokary başynda ýaşaýan Magtymguly obanyň aşak başynda ýaşaýan Medetlere näme diýip gelip biler?» diýip oýlandy. Ol şasuwar Magtymgulynyň nurana kaddy-kamatyny, hüýrzada Meňliniň sahypjemal keşbi-keşmerini aňynda janlandyryp «Elbetde Magtymguly bilen Meňli söýüşýändir!» diýen netijäni çykardy: »Elbetde, Meňli bilen Magtymguly söýüşýär, sebäbi diňe yşk-hesere sataşan nowjuwanlar şeýle owadan bolýar ahyry! Heý,uçmahdan çykan hüýr ýaly Meňli ýagşyzada ýaly Magtymgulyny söýmezmi?!» diýip öz çakyny özi tassyklap, möhürini basyp, etek alty, ýeň ýedi, il içine myş-myş bolup aýlanyp,myş-myşa zar kişilere jar edip çykdy. Heýjan heýweräniň ýeke gepine ynanmaýan hajygowşanlylar onuň bu gepine ýürekden ynandylar, çünki uly obada şasuwar kaddy-kamatly Magtymgula taý boljak Meňliden başga hüýr gyz,hüýr ýaly jadyly Meňlä taý boljak Magtymgulydan başga mynasyp şasuwar ýigit ýokdy! Garasaý, keriň eşidenini kör gördi, körüň görenini lal buşlady.

Heýjan heýweräniň goýberen myş-myşy syrgynma syrgyn, köçeme-köçe, öýme-öý aýlanyp Ogulgerek ejäniň gulagyna-da ildi. Emma Meňliniň ejesi ol şum habara ynanmady, çünki Meňli maýa-maňyzly, asylly gyzdy. Ol öler-ýiter, emma ene-atasynyň abraýyna çirk ýetirmez! Onsoňam Meňli gyz göze görnüp başlaly bäri Ogulgerek eje «han gyzyny han ýigide» durmuşa çykaryp, bagtyny açjak bolýanyny Meňlä häli-şindi ýaňzydyp ýördi. Medet aganyň doganoglany Küremiş hanyň ogly Şanazaram Meňliniň görk-görmegine, kaddy-kamatyna daşyndan aşykdy. Şanazar ýaly han ogly yşkyna düşüp ýörkä haýsydyr bir garamaýagy söýer ýaly Meňliniň garagy gapyk däldir!

Garaşylmaýan habar ýonaçylar neberesiniňem gulagyna ildi, emma Arazgül eje gyýbata ähmiýet bermedi, sebäbi. agasy Muhammetsapa durka yşka düşer ýaly Magtymguly akmak däl ahyry!

hhh

Magtymguly şindi görülmedik yşkyň gudraty bilen gara başy asmana barýan, seri mydama dumanlap duran garly daga öwrüldi. Gursa-gyndan Meňli şaglap-şaglap aby-haýýat- yşk derýasy bolup akýar. Yşkyň gudraty bilen Magtymguly birdemde bikenar ummana öwrüldi, Meňli gyz gara gaýly harasat bolup, apy-tupan bolup, Magtymgulyny möwç urduryp, onuň goýnunda heýjan bolup ýaşaýar. Yşkyň gudraty bilen Magtymguly birdemde pynhan syrly bimöçber asman boldy, Meňli gyz bolsa onuň goýnunda gökleri gümmürdedip, ýyldyrymlaryny çakdyryp çasly çagbaly baran bolup ýaşaýar!..

Magtymguly Meňli gyzyň yşkynda däliräp düze çykýar!

Eý, Alla, gör-ha Magtymgulynyň uçrap ýören derdi-belasyny!

Ol başyny silkip bir pursat özüne gelip, serini dumanladyp, gursagyny tüweleýledip, arşyň-kürsüň arasynda uçuryp ýören yşkyndan, özüniň bolup ýörşünden erbet utandy. Ol müňlerçe-müňlerçe diwany ylahy ykbala göterileýin diýip okamanmydy näme?! Ol müňlerçe-müňlerçe gijeler Hakyň yşkynda şöwür çekip, ah urup perýat kylmanmydy näme?! Gel-gel dünýäniň albaý bulap çagyrýan beýik maksatlaryna barýan Magtymguly şeýle pes ykbala uçramalymy eýse?! Onuň Hudaýy agtaryp, beýik-beýik matlaplara barýarka tapanam bir gyz boldumy indi?! Ol Allanyň yşkyna, asmanyň yşkyna düşüp ýördi ahyry, gel-gel indi ol zeminde bir gyzyň yşkyna düşüp, pikirlenmekden mahrum bolup ýörmeli ýigitmidir?!

«Eý, Allam, görha meniň düşüp ýören günlerimi! Bar, bar, akmak, indi «Meňlim, Meňlim!» diýip uwlap, Mežnunyň yzy bilen çöle çykyp, awara-lyk çek! Sen eýse müň bir syrdan ybarat dünýä, gijeler ýyldyz bolup göz gypyşýan tükeniksiz älemlere, çarhypelegiň oýunlaryna akyl ýetirip, Hakyň dergähine barýardyň ahyry!» diýip özüne käýinýärdi.

Ol asman yşkyna aşykdy, emma zemin yşkyna uçrady!

Ol Ylahy yşkyň gedasydy, emma ynsan yşkynyň pidasy bolup barýar! Ol öz-özüne:

« Magtymguly,jahana ýaň salýan çagbaly apy-tupanlar bikenar ummanlarda döräp, teşnelikden ýanyp ýatan ýerleri suwarýandyr!

Magtymguly,tereň-tereň däli derýalar gerişleri asmana çümýän depesi gat-gat garly daglardan gözbaş alýandyr!

Magtymguly, uly-uly guşlar asmanyň iň belent gatlagyndan uçýandyr!

Magtymguly, läheň-läheň balyklar ullakan ummanlaryň iň çuň ýerinde ýaşaýandyr!

Magtymguly, Allanyň uçmahy arşyň iň ýokarky gatlagyndadyr!

Magtymguly, çyn göwherler ýeriň ýedinji gatynda bukulandyr!

Magtymguly, göteril, göteril, hiç bolmanda gije-gündizleriňi bagş edip okan diwanlaryňyň derejesine göteril! Hiç bolmanda ahunlaryň-pirleriň beren sapagynyň derejesine göteril!» diýip özüne pent ber-ýärdi…

hhh

Yşk dünýäsi dünýä içre başga bir dünýä!Yşka uçrap aşyk bolanlar dilsiz saýrap, gözsüz görüp, gulaksyz eşidip, ganatsyz uçup, otsuz ýanyp, aýazsyz doňup, zerarsyz aglap, sebäpsiz gülüp ýörendir. Yşka uçranlar,bir görseň aglap oturandyr,emma olaryň agysy bagtlylaryň bagtyndan beýik-dir! Yşka sataşanlar, bir görseň öz-özi ýylgyryp,gülüp oturandyr,emma olaryň gülkileri pajygadan pajygalydyr.

Magtymguly öýden çykan badyna, doganoglanyna pete-pet duşdy. Janaman gözlerini höwlendirip, hamana ajdarha gören ýaly hopugyp:

--Wäh, gardaşym,saňa näm boldy? Dessine öýe girewer—diýip, Magtym-gulynyň golundan tutup öýe saldy.—Gardaşym, sen heserläp, hüýlenip, asyl däli-mejnun bolaýypsy-ňa!—diýip pyşyrdady.

--Sen meniň şerabun-terahum içenimi bilýäsiň ahyry.

--Şerap-serabyň işi däl ol, sen sermest aşyk!

--Elbetde, men Hudaýyma aşyk!

--Eý-ho!Aý-ho, sen eýýäm Meňli gyzy Hudaýam edindiňmi?

Ol Janamanyň ýakasyndan ebşitläp, dergazap,emma ýuwaşja:

--Meňli nireden geldi bu iki ara?

--Eý,gardaşym, Meňli bilen Magtymgulynyň aşyk-magşuklygyny tamam Giňjaý bilýär.

Ol hasam aljyrady,ol pynhan syrynyň açylanyndan elheder aldy.

--Goýber-how ýakamy, ýogsam nobatdaky hakykaty hem aýdaryn!

--Bu samahyllap duranlaryň näme?

--Heleýleriň myş-myşy. Nobatdaky hakykatam aýdaýynmy?—Jana-man oňa has golaýlap pyşyrdady—Magtymguly, sen heserli arzuw-hyýal-lara gark bolup, arasynda “Meňlim! Meňlijan!” diýip daşyňdanam aýdýarsyň!

Magtymguly aňk bolup Janamana seretdi

--Indi hakyky hakykatam eşitjekmi?

Magtymgulyny der basdy, Janaman ýuwaşja gürledi:

--Gardaşym, başyňy alyp daglara gideweri, ýogsam körler seniň yşka düşüp ýeldirgäniňi görýär, kerler eşidýär, lallar aýdym edip ýör!

hhh

Ogulgerek eje öýleriniň öňündäki ullakan çynaryň saýasynda çynmaçyn çaýyndan keýpini çaglap, gül-gül açylyp otyrdy. Gapdalynda Meňli yşkyny hem gam-gussasyny bukup, gaýma gümrady.Ol jigisi Gwher btlen tikin tikýärdi. Goňşusy Gaýyp bagşy Magtymgulynyň golaýda beren şygryny aýdyma öwüripdi, ol şony aýdyp başlady:

Şükür, alhamdililla!

Janana gözüm düşdi.

Meýhanada meý içdim,

Messana gözüm düşdeý… düşdeý… düşdi.

-- Baý-baý, Hudaýjan Gaýyp bagşa owaz-a berip bilipdir-ow! - diýip, Ogulgerek eje hem aýdym diňleýärdi, hem göz astyndan Meňlini synlaýardy. Meňli uýaldy, aýdymy Gaýyp bagşy däl-de Magtymguly aýdýardy… Meňli gyz nowruz gary ýaly pagyş-para eräp barýardy…

Eý jady-jeren gözli,

Eý şady-şeker sözli,

Eý şemsi-kamar ýüzli,

Tabana gözüm düşdi.

Gaýyp bagşynyň ýüregiňi ezip barýan owazyndan, her jümlesinden, her beýdinden yşk heseri çabrap duran aýdymdan Ogulgerek ejäniň kalby heýjana gelip,gursagyndaky janguşy perwaz urýardy.Owadandan heserli aýdym Ogulgerek ejäniň ýüreginiň daşyndan ýeldirgän ýol kimin aýlanyp, ony owazyna bendiwan eýledi. Bagşy bolsa belent perdelere galyp, älem-goşar ýaly şugla saçýan aýdymy asmana gaýdyryp, dolup-daşyp, agyp-dönüp aýdýardy. Ene gyzyny synlap haýranlar galdy: eý-ho! ozalam perizat Meňli ejesiniň gözleriniň alnynda jadyly hüýr-melege öwrülip barýar! Meňliniň säher-sabadan ýaradylan hurmaýy ýaňaklary al şugla,daglaryň ak garyndan ýaradylan ak alkymy ak şugla, balkyldap duran jadyly gara gözleri gara şugla saçýar! Meňli ejesiniň gözleriniň öňünde owadan älemgoşar bolup owsunyp otyr.Ol gyzynyň apatdan apat gözelligini synlap: «Gadymda ata-babalarymyz çakdanaşa owadan gyzlara, adatdan daşary görmegeý ýigitlere ýönelige nikap geýdirmeýän ekenler. Meňli-jany görenem aşyk bolar, görmedigem» diýip oýlandy. Gaýyp bagşynyň ajaýyp aýdymy Meňlini al asmana uçursa, Ogulgerek ejäniň kalbyny tereň derýa öwüripdi. Ol:

--Owazyňa döneýin Gaýypjan, aýdymyňdan janym gönenäýdi —diýip, Meňlä seretdi.—Ajaýyp aýdym eken!

Bagşy ahyrky bende başlady:

Bu derdime ýok derman,

Köýüňde bolam gurban,

Magtymguly diýr, eý jan,

Janana gözüm düşdeý… düşdeý… düşdi.

Ogulgerek ejäniň zähresi ýaryldy. Onuň ýüregi jünbüş eýläp, beýnisi sarsyp,birdemde seňseledi. Ol gaýma gaýap oturan Meňliniň jadyly yşka öwrülmesiniň sebäbini bilip, haýýady göterildi. Esli salym gyzyny synlap birdenem, ot alyp jabjynyp başlady:

--Derhal gir öýe! Ýaş gyzam melgunyň owazasyny diňlärmi! Owarra bol jaýyňa, saçy kesilmiş diýse!

Meňli ala gözlerini balkyldadyp, naýynjar delmirip, bukjasyny alyp öýe ýumlukdy. Ogulgerek eje iliň içinde eşiden gyýbatynyň çyndy-gyna göz ýetirip, otly köýnek geýdi. Bolsa-da onuň bagtyna bu gün

erte Şanyýaz hanyň toýy bardy. Ozal ol toýa diňe adamsy bilen gidermendi, ýokarky aýdymdan soň ol, heý yşk bolup alawlap duran gyzyny öýde galdyryp gidip biljekmi? Ol tutuş maşgalasy bilen toýa gitdi. Peri-peýker Meňliniň toýlaryna baranyny gören Şanazaryň yşky başyna urdy, Ogulgerek eje han aýalyna Meňliniň ýetişip barýandygyny, sözaýdyjydan, sawçydan ýaňa gün ýokdugyny aýdyp, gudaçylyga özi yş açdy. Han hatyny Meňli gyzy synlap, hamana törüne geçiren gelni ýaly buýsandy.Toýdan gelen günem Ogulgerek köçeden tüweleýläp tüwdürilip barýan Heýjan heýweräni çagyryp, onuň bilen çaýlaşyp, gürrüňiň arasynda Meňliniň adaglanandygyny, on ýedi ýaşyny doldurdygy Meňli bilen Şanazaryň toýynyň tutuljakdygyny aýdyp berdi…

hhh

Siz heý depesi ak garly, degresi dumanly geriş-geriş daglara ýyldy-rymly çabgalaryň gelşini görüpmidiňiz? Görmedik bolsaňyz, haýyp siziň ýaşan ýaşyňyz!…

Meňli gyzyň yşkyndan heserläp-husurlap, däliräp-düwläp ýören Magtymguly daglara, jylgalara, jülgelere, derelere aýlanyp ýördi. Owsunjy bulutlar asmany büräp, Nuhuň apy- tupanyny turup, gara ýeller dar jülgelere sygman çar ýana başyny urup, wagşyýana uwlaýary. Jülgelerdäki çynarlar, hozlar, gaýry agaçlar ýaşyl bulut ýaly lemmerlenip, harasat bilen uçup gidäýjek bolýardy. Asmanda Burkut baba gökleri gümmürdedip, arşda kyýamat tomaşasyny gurdy. Magtymgulynyň göhi gelip, ylhamy tüweleýläp, kalby heýjan urýardy! Onuň göwnüne bolmasa, nije wagtdan bäri kalbyna sygman, çaýkanyp çyrpynýan Yşky ahyry giň dünýä çykaýan ýalydy!

Asmany çat atdyryp, ýyldyrym yzyna ýyldyrym çakdyryp, elhenç-elhenç gümmüdileri bile ýeri-gögi, gara daglary lerzana getirip, şabrap-şabrap ýagýan güýzüň çasly çagbasy şady-horram bolup, ala şowhun bilen uçmahy jülgä doldy. Gitdigiçe ýyldyrymlar güräp, ýerler gümmürdäp, asmanyň aňyrsyndaky haýsydyr bir gudrat yşkdan ýaňa heýjana gelen zemini görjek bolup, çar ýandan gögi ýyrtýardy. Eger daglaryň goýnundaky ruhuňy galkyndyryjy keýpiçaglyk, şady-horram şowhun bolmasady, onda adam pahyr kyýamat gopandyr öýderdi. Ýer bilen gök tapyşyp, arşdan paýrap-paýrap jala ýagýardy, daglaryň gerişle-rinden şaglap-şaglap bulaklar tüwdürilişip gelýärdi. Al-ýaşyl daglara aşyk bolan asman dünýä yşkyň gudratyny görkezýärdi. Magtymguly apy-tupana gujagyny gerip, çapgyn ýeliň güýjünemi ýa duýgularyň güýjünemi, nämälim, ýöne iki ýana yraň atyp daglaryň jümmüşine, jalanyň gelýän ýerine tarap barýar.

Türkmensährada çagba kän ýagýar. Türkmensähralylar "Ýagşyň piri Burkut baba biziň ildeşimiz, Soňudagda ýaşaýar" diýýäler. Türkmensähra dabaraly, şowhunly çagbalaryň mekany.Çagba asmanyň zemine söýgüsi. Hanha al asmanda gara bulutlaryň çasly çagba öwrülýän ýerinde ýylgyryp duran Meňli hana tarap barýar, dahanyndan bolsa «Ýürek yşkdan doly,dide nem bile» diýen ýaly setirler gaçýar. Magtymgulynyň ýüzüni-gözüni ýazyň çasly jalasy, kalbyny şowhun turuzýan çagbanyň owazy ýuwýar. Soňa-baka ýyldy-rymlar şeýle bir güredi, hol daglaryň kert ýalçy gaýasynyň ykyşynda galpyldap Magtymgulyny synlaýan Janamanyň janynda jan galmady gardaşyny ýyldyrym urar öýdüp. Magtymgulynyň kä sagynda, kä solunda, kä öňünde ýyldyrym ataşdan naýzasyny daglara sançýardy! Saýýadyň sümme jeňňelde elleri bilen alnyndaky şahalary, pür-pudaklary iki ýana aýryp geçişi ýaly, Magtymguly hem ýyldyrymlary, jalanyň çüwdürimlerini öz ýolundan aýryp ýöräp barýar. Ol jalanyň çüwdürimlerine ýapyşyp göge çykyp, jahanyň ýüregini görmek isleýär. Janamanyň gözleri petredi gitdi, çünki arşy jaýryp göni Magtymgulynyň gursagyny nyşana alyp urlan ýyldyrym ýylçyr gaýa degen ok ýaly çawup gitdi mojuk owaz edip.

Belki, ol özüniňkiden ýeser oda sataşandyr!

Bu hadysany gözi bilen gören Janaman Magtymgulynyň gudratlydy-gyna kemsiz ynandy.

Magtymguly hut şu pursat jümle-jahanyň Meňli gyzyň yşkyndan ýaradylandygyna şeksiz ynandy, dünýäniň depesinde kyýamat tomaşasyny turuzyp çakýan ýyldyrymlarda, dünýä sygmaýan gümmürdilerde, güwläp-güwläp ýagýan jalada ol hut Meňli gyzyň yşkyny gördi. Şaglap-şaglap akýan çeşme-çaýlarda, kertden-kerte towsup gelýän däli bulaklarda Meňli gyzyň yşkynyň owazyny eşitdi. Owsunjy şar gara bulutlaryň ak çagbalary Meňli gyzyň yşky bolup ýagýardy, ýyldyrymlar Meňli gyzyň yşky bolup ýanýardy. Meňli gyzyň yşky kalbyňy lerzana getiriji owaz bolup ýaňlanýardy. Asman elhenç nagra dartyp, gökler gümmürdäp, onuň golaýynda äpet ýyldyrym çakdy. Magtymguly sag penjesini uzadyp şamar gysymlan ýaly ýyldyrymy gysymlap alnynda goýdy: ýyldyrym silki-näge-de Meňli gyza öwrüldi. Magşuk Meňli aşygyna jilwe taşlap, Magtymgulynyň ataş çabrap duran gözlerine seretdi…

Duýdansyz apy-tupan bolup gelen dag çagbasy duýdansyzam geçip gitdi. Hanha,çasly çaý,däli-horram bulaklar,garagy gapyk siller,sallam-sajak ýeller çapyşyp Garajara sary barýar.Dag gerşinden seredeniňde läbik sili çyrpynýan egri-bugry Garajar şeýle bir giňdi, oňa hatda gökleri gümmürdedip çakan ýyldyrymyň nagrasy-da ýerleşip biljekdi… Daglaryň heserli baranyna, Meňliniň ataşly yşkyna ýuwulan geriş-geriş gaýalar, gatbar-gatbar kemerler, al-ýaşyl bossanly jülgeler, mawy asmana ýüzüp gelen lemmer-lemmer jowur ak bulutlar, owadan dünýä -- ýaňyja yşkdan ýaradylan täzeje dünýä kalbyňy heýjana salyp, gözleriň ýagyny iýip barýardy. Süllümbaý bolan Magtym-gulynyň geýim-gejimem, bedenem, kalbam, ruham, yşkam ýazyň çagbasyna ýuwulypdy. Magtymguly odun çöpläp, ot ýakynmagy müwessa bildi, sebäbi aşyga ataşdan ýakyn söhbetdeş ýok! Ol odun baryny üýşürip üfledi, öl agaçlar tüsseledi, ýaňadan y üfledi, odun şol demde güpläp ýanyp başlady.Ol oda syn edip otyr, onuň geýim-gejimi burugsap, birden güpläp ýanaýjak ýalydy. Magtym-guly lowlap ýanýan otda Meňliniň yşkyny görýärdi.

--Eý, Allam, Meňlijanyň yşkynda şeýle gudrat bar bolsa, Seniň yşkyň dagy nähilekä?Adam ogullaryna bagş eýlän ýekeje zerre yşkyňda şeýle gudrat bar bolsa, Seniň yşkyň gudraty dagy nähilekä? Men Meňli-miň yşkyndan ýaňa ah ursam, agzymdan ataş çabraýar, eger Seniň Yşkyňa uçraýsam nämelere sezewar bolaryn? - diýip, oýlandy. Onuň serine setirler gelip başlady:

Keşt eýleýip gezdim yşkyň dagynda,
Ne beladyr? Kimse çeker bu derdi.
Yşk dagyn assalar Gögüň boýnundan,
Gök titreýip çeke bilmez bu derdi.

Yşk heser etmese ýanmaz çyraglar,
Yşka düşse guşlar eňrär, gurt aglar.
Egiler haýbatly, kuwwatly daglar,
Daşlar erip çeke bilmez bu derdi.

Kimdir yşkyň ýükün çekan merdana?
Pelek görüp, gorkup düşdi gerdana.
Zemin jünbüş (titräp), geldi lerzana,
Çöller-düzler çeke bilmez bu derdi.

Behişt gaçyp çykmyş Arşyň üstüne,
Tamug (dowzah) gorkup girmiş Ýeriň astyna.
Gaçdy derýa, adam aldy destine…

Magtymguly uludan dem aldy. Ol ody bakyp oturşyna mazaly tuta-şan pilsapy ýaly kesindini eline alyp, bir salym ony synlady. Birdenem sag penjesi bilen kesindiniň alawlap ýanýan ýerinden gysymlady, soňra sol penjesi bilen gysymlady. Onuň aýalaryna közler ýelemşip, elleriniň arkasyna ýalyn dolaşdy. Kert gaýanyň ykyşynda görünmän gardaşyny synlap duran Janamanyň haýýady göterilip, tas gygyrypdy. Magtymguly ýanyk ysy alyp, elleriniň ýanyp barýanyna göz ýetirip, alawly kesindini oda taşlady. Ol biraz ýanan aýalaryna seredip gynandy.

--Aýdym mekany yşk! yşk mekany ataş! ataş mekany arş!.. Ot--zeminiň myhmany!… Belki, ot hem Allanyň gudrat yşkyndandyr?… Ybraýym pygamberi oda atýarlar, ot bolsa reýhan güllere, ter çemenlere öwrülýär. Hindi küffarlary beýik derwüş Hekim ibn Beýdi tüweleýläp ýanýan gyzyl oda atýarlar, ol bolsa, «eý garagy gapyk batyllar, dünýäden gapyllar, siz meni oda ýakýas diýip heşelle

kakýaňyz, men bolsa, synlaň, Hudaýymyň gujagynda otyryn!» diýipdir… Meniň bolsa ellerim ýanýar! Diýmek, meniň ýşkym kämil däl, diýmek, men kämil däl!… - diýip, Magtymguly başga bir kesindini alyp, ýaňadan ody penjeledi. Kert gaýada wakany synlap duran Janamanyň haýýady göterildi. Gardaşy kesindini taşlar ýerde taşlamady. Janaman Magtymguly zyýan tapynyp ýören bolaý-masyn diýen gorky bilen oňa garşy ylgady, dik gerişden tüwdürilip gelşine jülgä inen ýerinde äpet kerkaw agajyna urlup, onuň göwdesinden gujaklap zordan saklandy. Magtymgulynyň ýanyna barmaga onuň bogny ysmady. Ol bolsa şindem alawlap ýanýan kesindini gysymlap durdy.
Magtymguly dädesiniň gapysyndan girdi, öýde kethuda aýasyna maňla-ýyny goýup, agyr oý-pikire batyp oturan eken, ol pikir girdabyndan çykyp ýetişmedi.

--Däde, nämäniň pikirine batdyň?

--Aý, Magtymjan, oý-pikirler içre gurlan dünýädä bi?..—diýip, esli salym oturdy. Dädesini şeýle lapykeç halda gören Magtymguly heý onuň sebäbini bilmän goýjakmy? Gardaşlary, ogullary bilen arada buky saklamaýan kethuda ogluna derdini gürrüň bermegi müwessa bildi. Kethuda Gandahara şahynşanyň geňeşine-maslahatyna gitmelidi, emma aýagy çekmeýärdi. Magtymguly dädesiniň mundan öňem ulamalaryň iki-üç gezek Nedir şanyň huzuryna gidendigini, her gezegem şahynşa “Pirler, aksakallar azajyk tagapyl eýläň, ilki Eýrany depseň deprenmez berkarar döwlete, halkymyzy dok halka öwüreliň, onsoň sünnüler bilen şaýylar diňe dost däl, dogan bolar ýaly ederis” diýýärdi.

Magtymguly oglanlygyndan bäri ýurtda bolup geçýän wakalara dykgat bilen nazar salýardy. Kethuda dädesem, il-ulusam Nedir şaha uly hormat goýýardy, onuň her bir ýeňşine buýsanýardy. Nedir şanyň tagta çykmagyny, şaýylary bäşinji mezhebe geçirip sünnüler bilen birikdirmek piki-rini köpler halysalla makullap, ony Eýranyň-Turanyň Alla tarapyn ýalkanmagy hasap edýärdi. Magtymgulynyň Nedir şaga sylagy-sarpasy ummasyz uludy, emma onuň şahyrana hyýalynda janlandyrýan şasy Görogly soltan ýaly ýalkymly soltandy. Onuň pikiriçe, Eýranda mydama uly şahynşalar bolupdyr, ýene bolar, emma onuň isleýäni—tamam türkmen taýpalarynyň agzyny bir edip, olary birleşdirip, beýik bir döwlet edip biljek şady-soltandy. Magtymguly gabak astyndan pir dädesini synlady, birden o ýylky ýaly hakykaty aýdyp dädesini ynjydaýmak gorkdy.Iki-üç ýyl mundan ozal ataly-ogluň arasynda şeýle gürrüň bolupdy.

“--Däde, Nedir şanyň keseli pis.

Döwletmämmet aga tisginip gitdi:

--O nähili kesel?

--Nedir şa däri-dermansyz kesele uçrapdyr. Awşar keseline!..

Kethuda ogluny dowamly synlap, uludan dem aldy:

--Nätjek, ol dert külli türkmeniň, umuman Gündogaryň keseli! Aňymyz telper, gözýetimimiz dar, geljekden ugr alman, geçmişden sapak alýas.

--Şonuň üçinem bir türkmen tiresi döwlet bina edýär, ikinji, üçünji tiresi ýykýar…”

Magtymguly:

--Däde, sen Nedir şanyň şaýylary bäşinji mezhebe geçirip biljegi-ne şindem ynanýamyň?—diýip sorady.

Umyt edýän, oglum, ýagşy umyt edýän. Bir gün Allam nazar salsa, Eýra-nyň halky tamam sünni bolaýar.

Ataly-ogul ikiçäk gürrüň etdi, kän meseläň başyny agyrtdy. Ertesi Döwletmämmet aga ýola şaýlandy. Arazgül eje adamsynyň garşylygyna garamazdan, Abdyllanyň getiren iň gowy matalaryndan tiken geýim-gejim-lerini geýdirdi. Pir kişi beýle sypaýy geýimleriň içinde özüni diýseň oňaýsyz, amanat duýýardy. Şol pursat gapydan Janaman geldi, mydama ýönekeý geýinýän Döwlet dädesini synlap, agzyny açyp, gözlerini mölerdip:

--Baý-bow, Döwlet däde, sen ýaş ýigit bolaýypsyň-a, sen şahynşa bolaýypsyň-a!—diýip, henek etdi, soňra çyny bilen—Döwlet däde, gelne-jemi yrza edip bilseň, owadan bir gyrnak getirmek meniň bilen!—diýdi. Döwletmämmet aga heziller edip güldi-de:

--Arazgül, Janamanjanyň diýip duran sözlerini eşidýämiň? Onuň parsylap aýdýan sözlerini türkmençä öwüreniň-de,”Döwlet däde, meni haçan öýerjek?”diýdigi bolýar!.. Janamanjan, gyssansaň-da seni geljek güýzden bäri öýermeýäs—diýdi. Olar alaşowhun gülüşdiler. Az salymdan Maşada gidýän wekilleri obanyň ýaşulylary, han-begler ugratdy..

hhh

Ýaz gelýär, sallanyp seýkin basyp, Magtymgulynyň on sekizinji ýazy gelýär. Ýalaňaç dal-daragtlar al-ýaşyl geýinse, adam ogullary agyr-agyr geýim-gejimini çykarýar. Baýyrlar, daglar älemgoşar parça dolanyp, ýyldyzly asman deý gül-çeçeklere basyrylýar. Ýazda jümle-jahanyň janly-jandarlary tüýüni täzeläp, hatda ýylanlaram gowundan çykýar, gara daşla-ram gögerip, gara garynjalar ganat baglap uçýar.Pasly bahar ýaz guşlary—gyz guşlary, gök kerrekler, hüýpüpikler ýaz geýimini geýip, hersi öz gaýy-na atlanyp gelýär. Kyrruw-kyrruw ses edip, toýnuk gurup durnalar gelýär, beýik Biribaryň bir setir şygry gelýär! Arşa-kürse şowhun salyp gökler gümmürdäp, asman-zemin-zybana gelip çasly çagbalar gözýetimsiz düzlerde deprek çalýar, şabrap-şabrap ýagýan şady-horram jalalar zemin-den ýaşyl maýsa bolup göterilýär. Läle reýhan ýazyň gudraty bilen köne dünýä, näzenin gelne öwrülýär. Zenanbeden baýyrlar al-ýaşyl geýindigi saýy ýürekler ýalaňaç-lanýar! Başyna al-ýaşyl kürte atynyp, egnine al-ýaşyl puşeş geýip, dähedem –dessem ýöräp, sallanyp,sülmüräp Magtym-gulynyň on sekizinji ýazy gelýär!

Ylahy durnalaryň menzil-menzil ýol geçip, mydama ýazlary mesgen tutup, ýazlaryň goýnunda ýaşaýşy ýaly, depesinden dabanyna çenli şahyr, kyrk pyýala şerabun terahumy içen şahyr, Meňli gyzyň ýşkynda däliräp düwläp ýören şahyr minewwer ýaza seýli-seýrana çykypdy. Ýazda däli siller jarlara, derýalar giň hanalaryna, adam ogly öz kalbyna sygmaýan çagy, şerabun-terahumdan ganan şahyr neýlesin? Giňjaýa sygman, Hajygowşana sygman, ýazlara sygman ýören Magtymguly jümle-jahanyň ýazdan däl-de, Meňli gyzyň ýşkyndan minewwer bolanyna ynanýardy. Çar ýandan Meňli gyzyň heser basan dumanly gözleri seredip durdy. Arşu-kürsden Meňli gyzyň müşki-enweri kokaýardy. Magtymulynyň ýşky möwç urup, ylhamy tüweleýleýärdi, onuň duýgulary kalbyny ýaryp barýardy, emma hany derdiňi egsere söz? Hany ýşkyň dadyndan dat, odundan ot alýan ýyldyrymly sözler, hany ülker ýaly ýanyp duran jümleler, hany toýnuk gurup gelýän durnalar ýaly setirler?

Söz ýok, zybana söz gelenok, Magtymguly kalbynda köwsar urýan ýşkyny beýan edip bilenok. Sözüň piri söz tapanok!

Hajygowşanyň hany-begi,baýy-garyby,mallysy-malsyzy ir bahar-dan köne obasyny wagtlaýyn terk edip, ýaşyl ýaýlalara ýazlaga çykyp, çadyr-lysy çadyryny,çatmalysy çatmasyny,öýlüsi öýüni dikip ýaýlalarda türkmeniň ýaz ýaşaýşy başlapdy. Ýazlaga çykan mähelle obadaky köne ýaşaýşynam, gam-gussasynam, dert-aladasynam, garyp-gasarlygynanam, baýu-begliginem, algy-bergisinem, öýke-kinesinem unudyp, ýazyň goýnunda ýaz bolup ýaýnap,tebigatyň sazlaşygyna goşulýardy, ýazyň kükräp duran boz ruhuna garylýardy. Owuz bile aklyk iýip, goýun-geçiniň süýdi bilen päklik içip, ýagmyrlara ýuwunyp, ýellere süpürinip tebigat ýaly päklenýärdi, gözelleşýärdi. Mallylar öz goýun-geçilerini, malsyzlar,maly azlar baýlaryň süri-süri goýun-geçilerini, sygyrlaryny sagyşyp, sargan edip, peýnir edip, ýanlyk- ýanlyk ýag alýarlar, onam gaýnadyp zire-zire saryýag edýärler. Hajygowşanyň beýikli-pesli zenanbeden baýyrlary al-ýaşyl öwsüp, maýsaly umman bolup tolkunyp, heser bolup owsunyp söz bilen beýan edip bolmaýan gözelligine bendiwan eýleýärdi. Onda-munda oturan howalaly dal-daragtlar lemmer-lemmer ýaşyl bulut ýaly, al-ýaşyl ýangyn ýaly,dünýä şowhun salýardy. Hajygowşanyň uçmah ýaly läle-reýhan ýazyny görjek bolup, ençe gije-gündiz uçup,ençe ýurtlardan geçip gelen durnalar kyrruw-kyrruwlaşyp ýaşyl ýaýlalaryň ýşkyna uçrap, keramatly ýeriň daşyndan aýlanýan zyýaratçylar ýaly baýyrlaryň depesinden aýlanyp, ahyram düşleýärdiler. Durnalaryň mesgen-mekany ýazlar, ýazlaryň mesgen-mekany şahyrlaryň kalby, şahyrlaryň mesgen-mekany ýşk, ýşkyň mesgen-mekany aýdym!..

Giňjaýyň gözüň ýagyny iýip barýan ýaşyl baýyrlaryny, däli düzle-rini, läle-reýhan ýazyny synlap owadan durnalaryň başy aýlanýardy, şeleplije durnalary synlap jümle-jahanyň başy aýlanýardy. Beýik Biribar jümle-jahany ýalpy- ýaz eýläp ynsa-jynsa owadan kalbyny görke-zip, görer gözliniň gözlerini gamaşdyryp, gulaklynyň kalbyny jadyly aýdym bolup elendirip, ýürekliniň ýüregini heýjana getirip, ýşkyna bendiwan eýleýärdi. Bu akyldan daşgary owadan, jadyly jümle-jahan Allanyň ýşky ahyry! Ýalpy-ýaz bolup jahanyň başyny aýlaýan Allanyň ýşky adaty adamlary şahyr kylanda, däli jeýhun ýaly joşgunly şahyr Magtymguly neýlär! Magtymguly Allanyň ýaz fantaziýasyna bendiwan bolup,”Peri mekan näzigärdir” diýip pyşyrdaýar…

Şol mahal Meňli gyzyň seýle çykanyny görüp, asmanyň aňkasy aşyp, bolmajysy bolup, küregenläp-boraganlap gar ýagdyryp başlady. Hajygow-şanlylaryň aksakaly-garasakaly entek beýle gary görmändi. Arşdan-kürsden torgaýlap ýagýan gardan ýaňa gözüňi açyp bolsa nädersiň. Süri-süri mally baýlaryň dünýäsi daralyp, kysmatyna gar ýagýardy, emma garyň howasy maýyldy, öwzaýy gowudy. Ol petde-petde ýagýan gara ýüzüni ýuwup, içini gepledip: “Meňlim, Meňlim, gel men saňa bu gün dünýäň bar zadyny bagyş eýläýin, ertir ýok zadyny bagyş eýläýin, seniň ýşkyň bilen apbak garlary, birdemde jadyly ýagyş eýläýin, seniň ýşkdan lowlap duran ýüregiňi, para-pagyş eýläýin” diýip samraýardy. Gar ýarym sagatda ýaşyl baýyrlaryň, ýaşyl ýazlaryň, ýaşyl maýsalaryň depesini

pamyk ýaly gar bilen basyryp taşlady.Gözleriň ýagyny iýip barýan ýaşyl maýsa, jowur-ak gar aklyňy çaşyrýardy! Magtymguly gidip barýar, Meňliniň müşki-enwer ysy kokaýan ýerlerine sary!..Ol ynanýar: ynha şu baýyrdan aşaram weli, Meňli gyza duşar. Onuň kalby syzýar, ýüregi duýýar,haýsydyr bir gudrat welilik bilen oňa ynandyrýar: häzir-häzir Meňli gyz jümle-jahany endiredip, uçmahyň hüýri bolup,sallanyp- seýkin basyp geler.Heý,bu jadyly ýazlaryň goýnuna Meňli gyz messan-messan basyp gelmese,ýazlaryň ýüregi ýarylaýmazmy? Heý däli-porhan bolup möwç urýan bu jadyly ýazlaryň goýnuna Meňli gyz gelse, jümle-jahan akyl-huşundan aýrylaýmazmy?!

Magtymguly iki-üç baýyrdan aşdy,ol Medet agalaryň ýazlaga göçüp gelen ýerini bilýärdi. Ýaş ýigit säginip diňşirgendi, birden ol ajaýyp aýdymyň owazyny eşidip, töweregine diň saldy. Serediň-le, bir ajaýyp aýdym jahana ýaň salyp, älemgoşar ýaly lowurdap gelýär:

Ýörseň ýarym guwana men,

Serwi-kamat boýlaryňa.

Gülden puşeş ýaraşypdyr,

Ajap rahat boýlaryňa.

Asman bilen zeminiň arasynda ajaýyp aýdym küregenläp-boraganlap ýagýan garyňam, Magtymgulynyň serinem sämedip, kalbyny heýjana getirip, jümle- jahany heýjana salyp ýyldyrymlaýar. Magtymgulynyň gara-şyşy ýaly, hanha owsunjy aýdymyň yzy bilen Meňli gyz messan-messan basyp gelýär. Magtymguly onuň müşki-enwer ysyny görýär. Callanyp seýkin basyp gelýän gyz belent baýra çykyp, dem salym säginip, serdar durna ýaly töweregine hüşgär seredýär. Serwi boýly, hüýr kaddy-kamatly Meňli gyz egnine ýaşyl keteni bilen gözüň ýagyny iýip gelýän çym gyzyl hülle don geýip, ajaýyp aýdym bolup dünýäni elendirip gelýär! Giňjaýyň jowur ak gar bolup gözleriňi gamaşdyrýan baýyrlary bir-de ýaşyl, birde jo-gyzyl,birde sary, bir-de mawy,bir-de gyrmyzy öwüsip, Magtymgulynyňam, Meňliniňem aklyny çaşyrýar. Meňli bilen Magtymguly Yşk atly planetada Gelejegiň astronawtlary ýaly howadan gaýmalap bir-birine tarap uçýar.

Görsem roýuň ýok armanym,

Sensiz hazan ursun janym.

Ykbalym,dinim-imanym,

Kylsam hormat boýlaryňa.

Beýik Biribar aşyk-magşuklaryň ýörejek ýoluna ýaşyl maýsalardan ýazan paýandazy, ak gardan ýazan halysy emaý bilen owsunýar. Gözelligiň Humaýy, yşkyň Hudaýy Meňli gyz ajaýyp aýdym bolup,saz bolup,heýjan bolup,yşk bolup,jümle-jahan apaty bolup gelýär!

Gören aşyk pida bolar,

Il-gününden jyda bolar.

Magtymguly,geda bolar,

Din-keramat boýlaryňa.

Meňli Magtymgulyny görüp jadyly ýylgyrdy, onuň seteran ýyldyz-lar ýaly dişleriniň şuglasy kalbyny ýagtyldyp,humarala gözleriniň jadysy Magtymgulynyň janyny aldy. Meňli gyzyň al ýaňagynda dörän guýganak--çah tereň derýanyň aýlagy ýaly ýene Magtymgulynyň başyny aýlady. Gyzyň terezilenip duran eginleri, galbaň döşünden towusýan goşa şamary, göwresini birýana burup , töweregine esewan edeninde ýitip gidýän inçe bili ýigidiň essini aýyp barýar! Häzir bu owadan dünýä jadyly, heserli-heýjanly bagtdy, şol bagtam häzir-häzir Magtymgulynyň gujagyna dolar!.. Jümle- jahanda jadyly yşk höküm sürüp, arşyň-kürsüň arasynda yşk aýdym bolup ýaňlanýar. Beýik Biribar torgaýlap ýagdyrýan ak gary bilen aşyk-magşugy gözliniň gözünden bukup, olaryň daşyna gar perdesini aýlady. Aşyk-magşugyň yşkyndan başy aýlanyp seri sämän gar küregenläp,boraganlap ýagmasyny goýup, her biri penje-penje bägül ýaly ak garyny olaryň üstünden toýluk seçip başlady.

Magtymguly Meňliniň eýjejik elinden tutup, gözlerini gyzyň gözlerine dikip:

--Jümle-jahan biziň toýumyzy toýlaýar! Toýuň tomaşaly bolsun,toýuň mübärek bolsun Meňli hanym!—diýip, Magtymguly owadanja ýaglyga dolanan göwher gaşly tylla ýüzügi Meňliniň eýjejik barmagyna ötürdi. Meňli näz bilen aşygyna bakdy. Magtymguly Meňliniň läle ýaly gyrmyzy leblerine seretdi. Meňliniň dahany dahan däl-de, datly posalaryny güjeňläp duran posady, jümle-jahan birdemde Meňliniň posasy ýaly datlandy, yşky ýaly jadylandy, balkyldap duran didesi ýaly heserlendi. Birden Magtymguly başyny silkeledi.Eý, Allam, bu niçiksi-neneňsi gudrat! Hany Meňl? Ajaýypdan jadyly söýgi aýdymy ýaňlanyp dur! Meňliniň heserli aurasy owsunyp dur, müşki-enweriniň hoşboý ysy kükäp dur, emma Meňli ýok! Hatda ak garda onuň aýakyzam ýok! Magtymguly gyssanyp, goluny goltugyna sokdy: Eý, Alla! Ýüpek ýaglyk bilen göwher gaşlyja tylla ýüzük-de ýok!!! Gudrat!!!

Elbetde,gudrat! Heý, Yşk dünýäsinde bolmajak gudrat bolarmy?…

hhh

Günler, aýlar geçip Meňli gyz Jeýla gülüniň gunçasy ýaly açylyp, jahana minewwer nuruny saçyp, gözellik perişdesine öwrülip barýar… Günler, aýlar geçip, Meňli gyzyň görki kämillige ýetip, yşky-heseri güýjäp, ol gözelligiň Hudaýyna—asmanyň Humaýyna öwrülip barýar. Gadym-gadym zamanlar beýik ýunanlar çakdan aşa zyba gyzlary hudaýlaryň Gudraty,Keramaty hasap edip,olara zeminde sejde eder ekenler. Şugladan bina bolan Meňli gyz sejde edibermeli Gudratdy, Jeýla gülüdi. Jeýla güli bolsa ysgan kişini öldürýär, öliniň burnuna tutsaň jana getirýär!..

Gyzlar Yşk-hesere uçrasa olaryň owadanlygy jadyly owadanlyga, gudratly gözellige, keramatly zybalyga öwrülýändir!

Günleriň bir güni Ogulgerek eje Meňlini ýanynda oturdyp,gyzynyň kaddy-kamatyny magtap, ýaşlygyny ýatlap:

-- Meňlijan, gyzym, seniň keselbent babaň, biçäre mamaň ýer-urup ýerde galan ýarlykly garypdy. Il-ulusyň-da, Hudanyň-da unudan bendeleridi. Tä men durmuşa çykýançam, babaňyz, mamaňyz, Gaýly daýyňyz doýa garyn nan iýip, syrdambitin eşik geýip gören däldir. Hany synla meni, menem seniň ýaşyňda perigatanç gyz diýilýänlerdendim, emma… emma özümden on iki ýaş uly,aýaly ölüp dul galan dädeňize durmuşa çykdym. Eger men halan ýigidime baramda babaňyz, mamaňyz dünýäden aglap, daýyňyz jahandan müjerret ötüp gitmelidi. Görýäňizmi, daýyňyz at münüp atam gomlap, at üstünde satan somlap ýör… Ýogsam, ýogsam dädeňizi şumadam görenimde keýpim bozulýar, emma men peri-peýker halyma şony söýdüm!Düşünýämiň, Meňli jan, söýdüm!-diýdi.—Döwletmämmet aga mydama: «Ýaşaýşyň manysy—özüňi beýik maksada gurban brmekdedir!» diýýändir gyzym!

--Düşünýän ejejan, düşünýän. Allaha şükür, indi biz gurgun ahyry…

--Düşünmänsiň gyzym, düşünmänsiň! Men mamaňyzy, babaňyzy, Gaýly daýyňyzy garyplykdan gutarmak üçin özümi gurban bermedim! Ýok, men siziň baý çagalary bolup dünýä gelip, bigam ýaşamagyňyz üçin özümi gurban berdim!..Men siziň gelejekde baý hem barly,han ganly bolmagyňyz üçin ýürejigimi Medet hanyň puluna gapjyk eýläp, perigatanç kaddy-kamatymy,görk-görmegimi siziň ýörejek ýoluňyza paýandaz ýazdym… Gyzym, seniň-de özüňi gurban bermeli çagtyň geldi!

--Waý, eje, baýlygy başyňa ýapjakmy? - diýip, Meňli ör-gökden geldi. Ogulgerek eje ýylgyryp, Meňliniň başyny gujagyna gysyp:

-- Didäm, men seni jümle-jahanyň baýlygyna-bagtyna çalyşjakmy!.. Ýok, gyzym, sen özüňi geljekki nesliň üçin gurban bermeli! Sen özüňi özüň üçin gurban bermeli! Ynha, durmuşa çykarsyň, ertir Küremiş hanyň han hatyny borsuň! Senden önjek perzentler dünýä han bolup gelerler, beg bolup gelerler! - diýip, gyzynyň maňla-ýyndan ogşady! -- Gyzym, periş-deler sypan maňlaýyňdan aýlanaýyn, meniň däl-de Hakyň öpdügi bolsun!… Meňlijan, dünýäniň manysy özüňi gurban bermekdir!..Gyzym,gözellik Allanyň bagş edýän iň beýik bagtydyr!.. Bir zaman bagtdan “seniň mesge-niň nirede?” diýip sorapdyrlar.Bagt “meniň mesgen-mekanym hüýr gyzlaryň gujagynda!” diýip jogap berenmiş… Meňlijan, “gyz kişi maşga-lasy” diýýändirler, emma ýeserje bolsaň, kişi maşgalasy seňki bor! Men saňa köneden galan bir tymsaly gürrüň bereýin.Gadym zamanda bir ýurtda kim şa tagtyna çykyp patyşa bolmaly diýip jedel bolupdyr. Garadan-gaýtmaz serkerde ýigit orta çykyp: “Men barkam kim şa

tagtyna çykyp biljek?” diýip gylyjyny keserdip öňünde goýupdyr. Emma tüçjar baý: “ Men durkam kim şa tagtyna çykyp, ýurdy dolandyryp biler? Dünýäniň ähli genji-hazynasy mende ahyry?” diýipdir. Şol dem akyldar: “Men akyldar, ýurdy diňe akyldar adyl-adalatly dolandyryp biler! Diýmek, men patyşa bolmaly!” diýipdir. Garasaý, tagt ýeke, başyna jyga geýip, patyşa bolasy gelýän kän! Şonda hüýr-melek bir gözel gyz ýylgyryp: “Haýsyň tagta çyksaňyz-da, täji-tagtyňyz bilen meniň sadyk gulum bolarsyňyz, sebäbi Alla gözelligi dünýäniň şasy-soltany eýländir! Sebäbi uçmah ýaşaýyş meniň goýnumdadyr” diýipdir…Gyzym, hüýr kaddy-kamatyň, perizat gözelligiň bilen han maşgalasy bolmasaň, Allanyň beren bagtyny pida etdigiň bor! Ertir Şanazar han Gaýymgalanyň hany bolar, emma sen hanlyk edersiň! Ol han bolup gürlär, emma seniň aýt diýen sözleriňi aýdar! Ol han bolup gazanar, baýlyk seniň alnyňa akar! Tutuş Gaýymgalanyň halky Şanazar hana baş eger, Şanazar han bolsa seniň guluň bolar! Düşündiňmi?

Meňli uludan demini aldy, onuň gözleri balkyldap, owasyna owadan agy doldy. Ogulgerek eje daşy demir gurşawly ullakan sandykdaky onlarça düwünçekden bir düwünçegi alyp çöşdi. Düwünçekde goýnuň çöri ýaly birnäçe derman bar eken, olary Meňlä somlap:

-- Gyzym, Meňlijan, aýtdy-aýtmady diýme, meniň ýüzüme gara çekip, ojagymy ýumuryp gaçyp gidiji bolaýsaň içerin şu awulary! Ogulgerek masgara bolandan maslyk bolanyny ýeg görýändir! Şäherden getirden awym bular!… - diýdi. Meňli ejesini gujaklap, ses edip aglady.-- Onsuzam seniň haçan ölse ölüp gidibermeli ýürekagyryly ejeň bardyr, unutma! – diýip, sözüni berçinledi.—Gyzym, gyzymjan, görer görejim, men seni dünýä getirendirin, ýalňyşdygyň… meni öldürip, gandarym bolarsyň!

hhh

Türkmençilikde guda barmazdan ozal gyzyň ejesiniň ýa kakasynyň agzy ysgalyp görlüp barylýar. Magtymguly bilen Meňli söýüşýämiş diýen kep ile dolansoň, tutuş il Magtymguly bilen Meňliniň biri-birini söýýä-nine ynanyp, olara daşyndan buýsanyp ýörensoň, Arazgül eje bilen Selim Magtymgulynyň aýaly, agyz ysgajagam bolman, saçak göterip, sözaýdyjy bardylar. Ogulgerek eje gülüm-ýalym bolup, olary güler ýüz bilen gujak açyp garşylady. Kethuda pirden başlap ýonaçylaryň ýerden ýöränine çenli ählisiniň adyny tutup, saglyklaryny, hal-ahwallaryny soraş-dyrdy. Ogulşekeriň keýpi çag-çag bolup, Meňli gyzy beýlesine geçi-rendirin öýtdi, emma parasatly han gyzy Arazgül eje bolsa Ogulgeregiň şatlygynyňam, gülüm-ýalymynyňam ýasamadygyny duýup, gitdigiçe ini düýrüldi. Ogulşeker:

-- Ogulgerek, biz-ä Meňlijan diýip geläýendiris -- diýip, söze başlady. Ogulgerek eje äm-säm bolup, gözlerini mölerdip, haýran galdy. Ol Arazgül ejäni, soňra Ogulşekeri içgin synlap:

-- Waý, siz näme habarsyzmy? Meňlijan entek dokuzam ýaşamanka han agasy Küremiş han Medediň eýlesine bir geçip, beýlesine bir geçip, adaglap goýupdy. Meňlijanyň maňlaýy açylsyn-da, Küremiş hanlar bilen guda-da bolduk- - diýdi.

Ogulşeker jan diýip janyňy alyp, pamyk bilen damak çalyp oturan aýalyň ýalan sözüne haýran galdy.

-- Ogulgerek, biz seniň guda bolmandygyňy eşidip geldik - diýdi. Ogulgerek eje ýene şelaýyn ýylgyryp:

-- Siziň öýüňiz daşyrak, o habar entek baryp ýetişen däldir - diýdi. Ogulgerek eje Döwletmämmet aganyň tutuş Türkmensährada sylagly-sarpaly kethudadygyny, keramatly kişidigini, Arazgülüňem obanyň keýwany aýalydygyny, olara ýok diýmeli däldigini bilýärdi, şonuň üçinem -- Arazgül jan, sadagasy boldugym Döwletmämmet aga bilen garyndaş bolsam armanym näme? Meňli janyň başyny çatmadyk bolsadyk, heý men siziň ýaly abraýly ýer bilen guda bolmazdymmy?

Ogulşeker eýlesine-beýlesine nazar aýlap, hamana biri eşidip barýan ýaly pyşyrdap:

-- Gerekjan, Magtymguly bilen Meňli halaşyp ýör-dä… Magtymguly bilen Meňli tüýs biri-biri üçin ýaradylan nowjuwanlar-da!… Sen nädip Meňlijanyň jiger-bagryny parçalap, halamaýan kişisine berip goýber-jek!… Onsoňam biz Magtymjan üçin hiç zadymyzy gaýgyrmarys. Küremiş hanyň berjek galyňyndan iki, üç, dört, bäş esse artyk bermeli bolsa-da biz bar - diýdi. Ogulgerek ejäniň içine ataýry giren ýaly hopukdy.

- Mende halaşyp, Leýli-Mežnun boljak gyz ýokdur! Heýjan heýwere ýaly iblis heleýiň bolgusyz çypdyrmasyny çyn bilip ýörmäň… - diýip, Ogulşekere dikan bakdy -- Şekerjan, men Meňlini jan-jigerimden eziz görüp, apalap saklap ýörendirin. Heý gyzym halaşyp-söýüşýän bolsa, men onuň jigerini daglajak daşýürekmidirin?… A gyz maňa müňkür bolýan bolsaň, garaşyň, hanha Göwherjanam ýetişip gelýär. Görki-görmegem, asyl-lylygam Meňliňkiden artyk bolmasa, kem däl. Wagty geleninde daşyny dolaňda alyp gidiberiň… zady başyma ýapaýynmy men?

Gudaçylyk uzaga çekdi, Ogulşeker Ogulgeregiň her tarapyndan baryp, her hili hüjüm edip gördi. Han gyzy Arazgül eje bolsa ýeser heleýi aşak-lyk bilen synlap, diş gysdy oturdy, ol Ogulgerege çenli peselip biljek däldi. Ogulgerek nahar bahanasy bilen daş çykdy, ol içki otaglaryň birine girip Meňli bolup hat ýazdy. Hatda «Meňli» söýüşmek beýlede dursun, hatda Magtygulyny ömründe görmändigini, tanamaýandygyny, myş-mişlere ynanyp ýörmeli däldigini ýazdy.

Ogulgerek haty Ogulşekere tutduryp:

--Şekerjan, özüm okap bereýinmi ýa okap bilýämiň? - diýip, ýeser ýylgyrdy.

--Okap bilýän -- diýip, Ogulşeker haty okady. Ogulgerek ýene ýeser ýylgyrdy:

--Meňlijanyň hatyna ynanýaňyzmy ýa özüne aýtdyraýynmy?..

… Göwni çykyp giden ýedi ogully Ogulşeker ýolboýy tilki bolup gelişlerine namys edip, didelerini ýaşlap, gargynyp-sögünýärdi. Arazgül eje:

-- Şekerjan, goý aglama! Belki, bizi Hudaýyň özi sowan bolsa bildiň-mi o aýýardan…. - diýdi. Ogulşeker hamsygyp:

-- Magtymgulynyň jigeri parça-parça bolar-da!..—diýdi.

Arazgül eje saklanyp Ogulşekere dikan bakyp:

--Şekerjan «enesini gör-de, gyzyny al» diýendirler! Oho-ho-ho! Asyl o heleý aýyrha çykyp giden oguşýa… Ogulgeregiň üç ýüz altmyş damaryn-dan ýekejesi Meňlide bar bolaýsa, ol Magtymgulyny her gün däliredip, her gün öldürer ýörer…

Şol günüň ertesem Küremiş hanyň sözaýdyjylary gelip guda boldylar. Şeýlelikde Meňli Küremiş hanyň ogly Şanazara geleşdirildi. Şowsuz gudaçylykdan soň ýüzüni garaňka tutup Selim Magtymguly Medet agalara bardy. Ogulgerek şelaýynsyrap, adamsynyň dostuny hezzetläp-hormatlajak boldy, emma Selim aga:

--Ogulgerek, nahar-şoruň geregi ýok, ýöne çaýy çep eliň bilen atyp, içýanyň zäherinden aňry, ýylanyň zäherinden bärrek edip, bize bir çäýnek çaý ber, men ýörite Medet han bilen çaýlaşaýyn-çilimleşeýin diýip geldim—diýdi. Ogulgerek eje ýalpy-ýaz ýylgyryp:

--Belkem, könäni ýatlap, süýjüje, lezzetlije günä-de gazanarsyňyz, kakasynyň bukup goýan meýi-şerab-a bardyr!—diýdi.

--Ogulgerek, şeraby ýeneki toý-tomaşaly güne goýaly. Medet, al bir çilim otlanaly. Abdylla begiň Hindistandan getiren ysly temmäkisi—diýip, keşdelije temmäki haltajygy çykardy. Medet aga nargili otlady. Olar gezekleşip çilim çekdiler. Çaýam geldi, Ogulgerek çaýy gaýtaran bolup, düşegiň bir gyrasyna çökdi. Selim zergär gabak astyndan gysylyp oturan Medet agany synlady. Bendäň sussy basykdy, howy-howalasy pesdi. Selim aganyň ýadyna ir zaman bolan bir waka düşdi. Bir meýlisde Popuş baý Medet aga heleýguly diýipdi. Köpi gören Medet aga:

“—Popuş baý, guş bar etini iýmeli, guş bar et iýdirmeli! Meni tylla tagta çykaryp, ulug Eýranyň şahynşasy goýup, seniň heleýiň ýaly heleýden üç ýüz altmyş bäş sanysyny jemläp, haremhana edip,”günüňe şol aýallaryň biri, sür däli dünýäniň döwranyny, Medet şa” diýseler, Hudaýkessin, tylla tagtdan geçip, haremhanadan gaçyp, Ogulgerege gul bolaryn!”—diýipdi. Selim aga gözüniň gyýtagy bilen Ogulgerege nazar salyp, Mededиň müň kerem mamladygyna ynandy. Ogulgerek “Perizat enesi bardyr Senemiň” diýip Garybyň wasp eden zenanlaryndandy. Selim aga ysly tüsseden gursagyny dolduryp, çilimiň keýpini görüp:

--Ogulgerek, Medet han ikimiz ýaş ýigit çaglarymyz ýegre dostduk, häli-şindi oturşar-turşardyk, iýenimiz aýra gitmezdi, emma ýyllar geçip, çaga basyp, durmuş gerdenlere münüp herimiz bir işe mübtela bolduk. Her hal häli-şindi duşuşyp durmasak-da, meniň Mededi, tutuş maşgala-syny eziz görýänimi sen bilýänsiň. Medede çümen tikeniň awusynyň meniň ýüregime batýandygyna, Medede degjek gepiň

ilki meniň ýüregimi ýaralaýandygyna ynanýansyň. Gardaşym, Medet,men size inim Magtymgulynyň diwanyna ýazan bir dana rowaýatyny aýdyp bereýin, birdenkä rowaýat bilen göwnüňize degäýsem,köne dostlugyň hatyrasyna meni bagyşlaweriň!

--Selim beg,senem köne dostlugyň hatyrasyna biziň göwnümize degmejek bol!—diýip,Ogulgerek şelaýynsyrady.

--Heý, men siziň göwnüňize degerinmi? Ýöne ýanyňyza ýaglyk-saglyk alaweriň,gözleriňden ajy ýaşyňy, jigeriňden gyrmyzy ganyňy seçelemän diňlär ýaly däl, çökder pajygalydyr!—diýip, Selim Magtymguly ardyn-jyrady, pessaý ses bilen gürrüňe başlady. Gije uzak,gürrüň wajyp: gepe çeper Selim zergär rowaýaty şeýle bir gynançly,şeýlebir gam-gussaly, dady-peryatly edip aýdyp berdi, rowaýatyň pajygasyna çydaman Medet aga bilen Selim zergär ençe-ençe pyýala meý-şerap içdi, dünýäni oýun bilýän oýunbaz Ogulgerek bolsa ýa ýalandan,ýa çyndan,ýa Selim zergäriň göwni üçin , garasaý pyýala gözlerinden ajy ýaşyny dökdi oturdy. Barybir Ogulgeregiň Magtymgulynyň bir dana rowaýatyna yrylyp gyz bermejegi hakdy, şol sebäpli biz rowaýaty gysgaldyp beýan etmegi makul bildik. Selim zergär:

-- Gadym zamanda Oguz-türkmen ilinde Garadag atly pähim-parasatly bir patyşa bolupdyr. Onuň iki sany atyň dişi ýaly saýyrdaň şazada ogly bar eken.Oglanlaryň ulusyna Tarhan şazada,körpesine Duman şazada diýer ekenler.Patyşanyň körpe ogly pähim-parasat,kaddy-kamat,görk-görmek, mähir-muhabbet babatda agasyndan saýlanyp, parhlanyp durmuş,şol sebäplem Garadag patyşa körpe şazadany mirasdar belläpdir.Günleriň birinde iki şazada begleri bilen awa-şikara çykýar. Aw awlap,guş-guşlap, kelleleri göçüp, sähranyň jümmüşine aralaşypdyrlar.Bir gün begler süri keýige gabat gelip, hersi bir jereniň yzyndan kowalap gidýär, emma keýik janawerler atla ýetdiräýýämi! Şol mahalam çölüstanda turýar bir apy-tupan,gopýar bir harasat,çaň-tozandan ýaňa gözüňi açyp bilseň nädersiň! Mirasdar Duman şazada harasatda ýitip gidýär,bir näçe günden soň apy-tupan ýatýar. Suwsuzlykdan ýaňa şazadanyň aty ölýär,özem tebsiräp teşne halda şehit bolup barýarmyş. Neresse göterip bilmän her ýaragyny bir ýerde, donuny bir ýerde, telpegini-ädigini bir ýerde taşlap, soňky deminde özüni kerwen ýoluna atyp, essinden gidipdir. Şol zaman şäher-şäher, gala-gala,oba-kent aýlanyp ýören jögüler ordasy ýoluň üstünde jeset bolup ýatan Duman şazadanyň üstünden gelip, ýüzüni ýuwup, gursagyndan, kellesinden suw akydyp,neressäni özüne getirýärler. Şazada ölmesine ölmändir, emma tomsuň jöwzasyndan, teşnelikden ýaňa kakap, kişde bolup, dilden-agyzdan galan eken. Jögüleriň ordabaşysy oglanyň şasuwar kaddy-kamatyny, hapalananam bolsa gymmatbaha geýim-gejimini synlap, onuň ýöne-möne ýigit däldigini bilip, suw ýerine çal,et ýerine ýülük berip,oglana hezzet-hormat baryny edip,garaz ony ajalyň penjesinden alyp galýar. Jögü-leriňki täleý bilen, pal bilen. Ordabaşynyň täleýnamaçy hatyny gepläp-sözläp bilmeýän çalajan oglanyň täleýine seredip, aňk bolýar. Soňra özüne göwni ýetýän täleýçi jögi aýallar ýeke-ýekeden oglanyň täleýine seredip, hemmesi serim sal bolýar, sebäbi olar süňke dönen oglanyň şazadalygyna ynanyp bilmeýärler.Täleýde bolsa ol şazada bolup görünýärmiş…

--Ýigit,sen ýa baý,ýa beg,ýa şazada! Biziň aramyzda seniň täleýiňe bakyp, seni uçran derdiňden açyp,seniň haýsy ildendigiňi takyk aýdyp biljek ýeke-täk gyz bar,ol ýaşam bolsa biziň ählimizden zor!—diýip,getirýärler bir peri-peýker gyzy! Ölüm bilen ömrüň çatrygynda ýatan şazada daralyp goýberilen desse-desse saçlary sagrysyndan geçip duran deňsiz-taýsyz owadan gyzyň husnyjemalyny göreninden agzyny açyp, aňk bolup jana gelýär, kalby heýjana gelýär. Deňsiz-taýsyz owadan benezir jögi gyzam şasuwar kaddy-kamatly şazadany göreninden oňa bendiwan bolýar.Olar ilkinji bakyşda ylahy yşka sataşýarlar.Owadan täleýnamaçy gyz--Dileram ýigidiň gara gözlerine seredip, täleýine bakýar, Duman şazada bolsa alnynda müşki-enwer demi ýüzüne çabrap duran gyzda owadan TÄLEÝINI görýär. Sahypjemal gyz şazadanyň geljeginiň ajaýyp-dygyny, hüýr-melek gyzyň yşkyna uçraýandygyny aýdýar, şazada gudrat bilen dirjenege galyp,dik oturyp dil açýar:

--Eý hüýr-melek gyz, men eýýäm şol gudrat YŞKA uçrap, AJAÝYP GELJEGIMI synlap durun! Hakykatdan-da men Oguz ýurdunyň miras-düşer şazadasy,seniň hem AŞYGYŇ!—diýýär.Jögüler ölüm halda ýatan oglanyň birdemde jana gelip, jögi gyzyna aşyk bolşuna haýran galýar-lar.Täleýnamaçy gyz bolsa jögüleriň ordabaşysynyň ogluna adaglanan eken! Tutuş jögüler ýaş gyzyň bolşuny ýazgarýarlar.Her murty heleýlere bir pişge boljak ordabaşy dergazap bolup, dessine şazadany öldürmegi karar edýär.Täleýnamaçy Dileram goluna hanjar alyp:

—Eger siz şu şasuwar ýigide kast etseňiz,men gursagymdan hanjar dikýän!—diýip,göwsüne hanjaryny goýup durmuş. Ordabaşy jögi oglunyň adaglysynyň ýada gideninden ölenini ýeg görýär. Ol:

--Biz siziň ikiňizi-de öldüreris!—diýip,gylyjyna ýapyşýar. Şazada:

--Öldüriň, men Dileram üçin ölmegi bagt bilýän! Emma men ýurduň mirasdar şazadasy, erteki gün patyşa atam Dileram ikimizi jögüleriň öldürenini bilip, Eýranda-Turanda jögi tohumy bolsa gyrar!—diýýär, emma Ordabaşy bilen ogly dile düşünýän deýýuslar däl eken! Hernä asmandaky Hudaýym halasgär bolup aşyklaryň dadyna ýetişýär. Şol pursat inisini agtaryp Tarhan şazada begleri bilen ýetip gelýär. Yzýany harasatda ýitirim bolan şazadalaryň gözlegine çykan ýigrimi-otuz atly-ýaragly garry wezir hem gelip ýetişýär. Aşyk-magşuk ajaldan gutulýar, garry wezir şazadanyň garşylygyna bakman, şazadanam, jögülerem şähere sary alyp gidýär.Patyşanyň dergähine baryp,bolan wakalary gürrüň berýär. Parasatly patyşa görüp gözlerine, diňläp gulaklaryna ynanyp bilmeýär!Asyl akyl-paýhasly körpe şazada owadan jögi gyzyna hak aşyk bolup, akyl-huşdan jyda düşen bolsa nätjek! Mirasdar şazada höre-köşe edip görýärler, ýalbaryp-ýakaryp,hemle atyp,gorkuzyp görýärler, dürreläp görýärler, emma oglan şirin janyndan geçjek, gyzdan geçjek dälmiş. Paýhasly patyşa ertesi tutuş halkyny köşküň alnyndaky jeza meýdanyna jemleýär. Körpe şazadany jenaýatkäriň ornunda oturdyp, şazada Tarhana:

--Oglum Tarhan şazada, sen mirasdar körpe şazadanyň agasy, dosty, dogany! Men ýaşlykdan körpe oglumyň ykbalyny saňa tabşyrdym,emma sen iniňden bihabar gezipsiň,onuň elhenç apy-tupanda ýitip gitmegine, şeýdibem çykalgasyz çoçgara çolaşmagyna ýol beripsiň. Mirasdar körpe şazadanyň düşen çykgynsyz agyr ýagdaýy üçin men saňa jeza berýän: sen eneň-ataňdan, dogan-garyndaşlaryňdan geçip, ýurtdan çykyp, gaýry ýurtlarda mysapyr bolup ýaşamaly!—diýýär.Tarhan şazada:

--Atam, men hakykatdanam inimden bihabar gezip,onuň harasat-da ýitmegine ýol beripdirin, men elhenç etmişimiň jezasyny çekmäge taýýar, ýöne enem-atamdan, dogan-gardaşlarymdan,ata-baba ýurdumdan geçip, ýat ilde mysapyr ýaşanymdan,maňa öz mähriban ýurdumda ölmäge rugsat ber!—diýip, dar agajynyň astyna baryp oturyberýär. Patyşa körpe şazadanyň üç söwer dostuny alkymynda dikläp:

--Oglanlar, men sizi ýaş başyňyzdan beg derejesine göterip, arzylap-abraýlap mirasdar Duman şazadanyň ykbalyny ynandym. Siz körpe şaza-danyň beg dostlary bolup köşkde ýaşadyňyz, şazada näme iýse iýdiňiz, näme geýse geýdiňiz, nirä seýle gitse bile gitdiňiz,siz mirasdar şaza-danyň dostlary hökmünde aýba-aý aýlyk hak aldyňyz,emma siz körpe şazadanyň gaýnap duran ummana özüni uranyndan bihabar bolupsyňyz, şonuň üçin men size ýeke-ýekeden temmi berýän!—Patyşa ýaş begleriň birine ýüzlenip:—Sen etmişiň üçin musulman dininden çykyp, başga dine girip,— ikinji ýaş bege seredip:--sen milletiňi üýtgetdip, başga millet bolup,—soňra üçünji bege bakyp:—sen bolsa ene diliňi unudyp, başga dilde gürläp, halan ýeriňizde ýaşaberiň!—diýýär. Ýaş begleriň üçüsi üç ýerden:

--Kyblaýy älem, biz milletimizi, dinimizi, mukaddes dilimizi üýtgte-dip, ýaşap bilmeris,şonuň üçinem bize-de öz ilimizde merdi-merdana ölmäge rugsat ber! Bizi dara çekdir,şahym!—diýip, üçüsem dar agajynyň aşagyna baryp, sellelerini boýnuna atypdyrlar.Patyşa mirasdar körpe şazada ýüzlenip:

--Oglum,gördüňmi,seniň şazada agaň ene-atasyndan,dogan-gardaşyn-dan,ýurdundan geçip, başga ilde ýaşanyndan ölenini ýeg gördi.Ynha,seniň eziz dostlaryň musulmanlygy terk edip,başga dine geçeninden, milletini üýtgedip,başga millet bolanyndan, ene dilini ýalňaryp, başga dilde gürläp ýaşanyndan ölenini gowy gördüler.Emma sen bir jögi gyzy diýip mirasdar tagtyňdan, eneň-ataňdan,dogan-garyndaş-laryňdan,mähriban diýaryňdan- ýurduňdan, mömin musulmanlygyňdan, beýik milletiňden, mukaddes ene diliňden geçip, bir gyrnagyň yzyna düşüp ýurdy terk etjek bolýarsyň! Heý, bir gyz diýip seniň etjek işleriň öz aklyňa sygýarmy?—diýipdir. Mirasdar şazada:

--Sen mamla kyblaýy älemim,müň mertebe mamla,emma meni söwer ýarym- dan aýra salanyňdan dardan asdyr, piliňe basgylat, lagnat daş atdyryp öldürt, men islendik jeza, islendik ölüme taýýar! Emma dirikäm şol gyzy terk et diýme! Ol gyzsyz maňa ýaşaýyş-da,tylla tagt-da, dil-de, din-de, ene-ata-da,ýurt-da,il-ulus-da gerek däl!—diýipdir. Patyşa dergazap bolup:

--Bir gyz diýip mirasdar tagtyndan,mähriban ene-atasyndan, dogan-garyndaşyndan,eziz ýurdundan,ata watanyndan, ene dilinden, dininden-imanyndan, pygamber-Hudaýyndan geçýän ogul maňa-da gerek däl, ýurda-da gerek däl! Derhal dardan asyň!—diýip haýkyrýar. Şol mahal san-sajaksyz mähelläniň arasyndan çykyp, egnindäki ýüpek ýaglygyny ýolpeselendirip perişan ala gözli owadan gyz zaryndan-zaryn aýdym aýdyp jeza meýda-nyna gelýär. Onuň aýdymy şeýle bir gaýgyly eken,gözi bar gözünden ajy ýaşyny,jigeri bar jigerinden gyrmyzy ganyny saçyp başlapdyr. Ýylanyň damagyndan dalmynyp çykan deňsiz-taýsyz owadan gyz gara şaglawuk ýaly ýaýyp goýberen desse-desse saçlaryny şemala oýnadyp, okara ýaly ala gözlerinden ýaşlaryny akdyryp, ahy-nalaly, dady-peryatly aýdymy bilen san-sajaksyz mähelläniň jiger-bagryny gyýym-gyýym edip, mirasdar Patyşanyň alnyna gelýär.Ol:

--Hezreti şahym, Arşda Hakyň hormatyna, Ýerde tagtyň hormatyna meniň ýekeje dilegimi bitiriň! Meni Duman şazada bilen daryň bir kemendinden asyp, bir gabyrda hem jaýlaň!—diýip, Duman şazadanyň ýanynda oturýar. Jögi gyzyň görlüp-eşidilmedik gözelligine, jiger-bagyrlary paralaýan pajygaly aýdymyna, merdi-merdana sözlerine bendiwan bolan il-uluslar, halklar-halaýyklar sesli-sessiz aglaşyp başlaýar.Körpe şazadanyň agasy Tarhan şazada-da,ýaş begler-de:

--Hezreti şahymyz,ynha,bizi dardan asdyr,oda ýakdyr, lagnat daş etdir, emma ki aşyk-magşugy biri-birine gowşur! Biz şirin janymyzy şol iki juwana—aşyk-magşuga gurban berjek—diýýär. Dana wezir patyşanyň alkymyna baryp:

--Şahym, bular hakykatdan-da, hak aşyk-magşuk eken! Bulary bir-birinden aýran şa Hudanyň lagnatyna galar! Yşk Alladandyr! Hakyky aşyk-magşuklaryň nikasy Arşda gyýlandyr, olar Allanyň azyzlarydyr!--diýipdir. Parasatly Garadag şa şeýlelikde,Tarhan şazadany mirasdar şa belläp, Duman şazada bilen owadan jögi gyzyny wysala ýetirýär…

Selim Magtymguly gam-gussa batyp,gözlerini ýaşlap oturan Medet aga, Ogulgerek ejä seretdi:

—Ogulgerek,islendik adamy öldürip bolar,emma hiç kimi zor bilen, güýç bilen dininden çykaryp, milletini, dilini-dinini üýtgetdirip bolmaýar! Emma ki yşk, gudratly yşk, jadyly yşk, nämedigi nämälim pynhan syrly yşk, Ylahy yşk ata-baba ýurduňdan, mukaddes watanyňdan, buýsanyp ýören milletinden, mähriban diliňden, diniňden-imanyňdan meýletin geçirdip bilýär!!!

Emma Ogulgerek eje synmaz galady. Selim zergär:

--Ogulgerek, ýurt sora! Nedir şanyň alyp bilmän ýören Dagystanyny, ýonaçylar dagy-deryasy bilen getirip, alnyňda goýýar! Çynmaçyn şasynyň göwher jygasy gerek bolsa, kellesi bilen getirýäs!Süleýman pygamberiň genji-hazynasyny sora, döwlerine ýükläp alnyňda dik edýäs—diýdi --Siz biziň maşgalamyza-da, asylzada Magtymgulada belet, biz sizi ynjy-danymyzdan ölenimizi müň paý gowy görýäs. Emma ki... bir bolmasy iş bolaýsa, bizden gaty görmäweriň. Sebäbi sermest serhoşuň, gyzyl jynlynyň, guduzyň näme iş gaýyrjagyny öňünden bilip bolar,emma aşyk-magşugyň näme iş kyljagyny hiç kimse bilip bilmez! Gardaşym Medet,seniň namysyň, meniň namysymdyr!..

Medet aga agyr haşlady.Görgüli abadan maşgalasyna abanyp gelýän apy-tupany, kyýamaty duýup haýykdy. Ogulgerek suw-sil bolan gözýaşlaryny süpürip sessiz aglady. Barybir ol guda bolaýdykda diýip öz diýenine tutdy oturdy.

hhh

Gijäniň ýarymynda Selim Magtymguly bezenip-beslenip, gylyjyny-hanjaryny dakynyp, obadan çykýança atyny iýdip, garaňka siňdi gitdi. Onuň niräk, näme üçin barýanyny ýonaçylar tohumyndan ýekeje kişi-de, hatda aýaly Ogulşeker-de bilmeýärdi. Emma aýallaryň bilmeýän zady barmy? Ogulşeker adamsynyň nirä, näme maksat bilen barýanyny çak edýär-di, şonuň üçin adamsyna kaýan barýaňam diýmedi. Emma ol adamsynyň yzyndan uzak wagtlap, natuwan seredip durdy-da, gögüne garap:

--Eý, Allam, Selim begi özüň günäden goraweri—diýip, doga baryny okady. Ömründe dükanyndan çykyp görmedik Selim aga aýtjak sözlerini aňynda aýlap, ölçerip-döküp barýardy. Ol daňdanlar bir alaňdan iýndi, görse hanha bir kişi ot ýakyp, tüňçesini oda goýup ýör. Ol Kynyş begi görüp aňk-taňk boldy:

- Ahaw, Kynyş beg, bezenip-beslenip kaýan barar sen? –

Kynyş beg ýylgyryp oňa öz äheňinde:

- Agyr ýoldan aryp-ýadap agam Selim beg geler, oňa çaý-suw bereýin diýdim-dä - diýdi. -- Agam sen kaýan barar sen?

--Pah,pah,inim Kynyş beg,göwnümemi,sen şa Apbas şanyň ilçisine ogşap barýaň-la. Ilçilige barýamyň beglerbegim?

--Selim däde, sen-de ilçisine ynanman özi ata çykan şa Apbas şaga ogşap barýaň-la!

Ikisem hezil edip gülüşdi, salamlaşdylar. Çaý-nahar edindiler. Selim Magtymguly Kynyş begi synlap:

--Kynyş beg, bi etjek bolýan işimiziň pis işdigini bilýämiň?—Kynyş beg baş atdy.—Erteki gün kethuda gelse bize näme diýer? Ol hakda oýlandyňmy?—diýdi. Kynyş beg:

--Selim däde, meniň bary-egy ýarym penje beýnim bar: ol-da maňa «Kynyş beg, her et, hesip et, Magtymguly ýaly ajaýyp ýigidiň söwer ýary-ny bir gurrumsaga aldyraýma! Gyrlyşmaly bolsa gyrlyş,uruşmaly bolsa uruş diýýär!» diýdi. Selim beg:

--Diýmek, meniňem ýarym penje beýnim bar eken! Men hem şol pikir-de.Hany indi ikimiz ýarym penje beýnimizi goşubam oýlanyp göreli. Biz Meňlinem elden gidirmeli däl, kethudanyň abraýynam ýitirmeli däl! Çişem köýdürmeli däl, kebabam--diýdi. Olar oýlandylar, ölçerdiler, dökdüler, emma bary-egy bir penje beýniniň gelen netijesem şol boldy.

--Kynyş begim, buýsanjaň başyňy belent tut, iki ýüz ýyllap külli Eýrany tagtlan Safawy şalarynyň täji-tagtyny bir ýenaça, gul Nedire alyp beren Hudaýym şahyr ýenaça magşugyny alyp berip bilmezmi?!

Olar Allany çagyryp ýola düşdüler, günortanlar Küremiş hanyňka bardylar.Emma olaryň azaby reýgan boldy, Küremiş han ýok eken. Ol ir bilen gidipdir, nirä gidenini bolsa bilýän ýok...

hhh

Meňli gyza geleşdirilen Şanazar birneme ynjalypdy, emma ýolden ýüwrük,ýyldyrymdan tiz diller “Magtymguly bilen Meňli aşyk-magşuk, Leýli-Mejnun bolup söýüşýär”diýip çişirilen habar gije-gündiz bardy durdy. Gadymy dünýä gidip Sokratyň aýaly Ksantippadan sapak alyp, geljege gidip,ene bäş ýüz ýyldan dünýä injek täze Sokratyň heleýine gaýybana sapak berip ýören Heýjan heýweräniň, onuň iki-eke şägirtleriniň ýanynda Gaýymgala ynhajykga! Dilini uzatmanam ýetirip bilýärler!..Dünýä geleli bäri ýagşy zady iýip,ýagşy zady geýip, göwnüniniň söýlänini amala aşyryp ýören hanzada Şanazar geleşikli gyzyny wejera edip ýören aşyksumaga göz görkezäýmese gijeler namysdan ýatyp bilmedi, ahyry ar-namysyna tokunýan kişiniň tumşugyna kakyp göz görkezmek pikirine mündi.Heý Şanazar geleşiklisine dil ýetirdermi!

Ogulgerek eje toýa taýynlanýardy. Ol bagtlydy, çünki ol gyzyny bagtly edipdi. Ol dylym-dylym ýylgyryp, dünýä sygman ýörse-de, gursa-gyndaky gorkusy ulydy. Birinjiden, Magtymguly agzyny açyp, awuny aldyrjak gerçeklerden däl, ikinjiden Meňli gaty akyllydy, ol baýlyga-hanlyga aldanjak gyzlardan däl, üçünjiden «Meňli Magtymguly bilen halaşýamyş» diýen myş-mişleriň Küremiş hanyň gulagyna iläýmegi hem mümkindi. Emma Ogulgerek eje oýunçydy, özem utmak üçin oýnaýardy.Ol geleşdirileli bäri Meňliniň içine urup aglaýanyny bilýärdi, şol sebäplem ala möý ýaly gyzynyň daşynda pelesaň kakyp, ony toruna dolaýardy. Ol gyzyny höre-köşeläp:

-- Meňlijan, bu gün giç boldy. Ertir daýzaňlara oturmaga git, Mahym-jan, Senemjan dagy bilen oýnap-gülüşip, göwnüňi açyp gel -- diýip, gyzyny göz astyndan içgin synlady. Meňli daşyndan syr bermese-de, içinden şatlandy. Ol duşuşyp, Magtymgula hiç bolman toý sähediniň ýetip gelenini aýtmalydy. Meňli Magtymgulynyň hökmandan-hökman bir çykalga tapjagyna ynanýardy. Ertesi Meňli bukjasyny alyp daýzalaryna ugrajak boldy, şol pursat ejesi:

--Gyzym, sen ertir gidäý. Meniň wajyp işim çykdy. Daýzaňlara men gidip geleýin -- diýdi.Meňli gyz serpmeden gaýdan ýaly boldy. Onuň uzyn gije eden owadan arzuwlary puç boldy.Ogulgerek eje gyzy Magtymguly bilen duşuşýan bolaýmasyn diýip, şol pirimi gurupdy.Eser heleý ýalňyşmandy. Ol dogany Gaýlylara gidişin gönüläp, metjidiň bagynyň içinden geçip barýarka,pete-pet Magtymgula duşaýdy. Ogulgerek ejäniň ýagyrnysynyň gözi üşüdip gitdi. Magtymguly hem Meňliniň deregine onuň ejesine sataşanyna allaniçiksi boldy. Her hal aljyraman salam berdi. Ýüzünden-gözünden Hakyň nury ýagyp duran serdarkybap Magtym-gulynyň kaddy-kamatyny, şasuwar görk-görmegini golaýdan gören Ogulgerek ejäniň dünýäsi çaýkanyp, depesinden kyýamat indi! Ol Meňliniň elden gidenine ynandy, çünki görküň perişdesi ýaly şasuwar ýigit durka Şanazary söýer ýaly Meňli akmak däl ahyry!.. Ogulgerek eje töweregine garanyp, Magtymgulynyň salamynam alman:

-- Magtymguly, Meňlini gününe goý! Küremiş hanyň han ogluna geleş-dirilip,durmuşa çykjak bolup ýören Meňli seni söýer ýaly akmak däldir! Maňa ynanmasaň, Meňlä bir ynan! Ynha, onuň saňa ýollan haty! -- diýip, Meňliniň adyndan ýazan hatyny Magtymgula berdi. Magtymguly haty okap ýylgyrdy:

--Gerek eje, bi molla -- mekdep görmedik sowatsyz adamyň haty. Meňliniň haty keşde ýaly...

Magtymguly duýdansyz halda Meňliniň syryny açanyna puşeýman etdi, Ogulgerek eje bolsa olaryň hatlaşyp ýörenini bilip,tas däliräpdi.

-- Saňa Meňli ýok, Magtymguly! -- ol gyňajynyň ujuna düwen zäher-lerini aýasyna goýup, Magtymgula görkezdi. -- Ynha, bizi ile wejera edip ýörseň, şularyň birini Meňlä içirerin, birinem özüm içerin! Onsoň bu dünýäde ganhor bolup özüň ýanyp geçersiň, o dünýäde bolsa seni sakar dowzahda ýakarlar!

-- Gerek eje, olar näme?

-- Zäher! Ýekejesini içseň janyňy jähennemden çykarýar! Keramatly ataňa gurban bolaýyn Magtymguly! Meňlä kast etdirmejek bolsaň, biziň öýümize gan çaýkatmajak bolsaň, Meňliniň töwereginde görünme! Meňlini gününe goý!

-- Zäher? - diýip, Magtymguly çör ýaly awyny eline alyp synlady. -- Ogulgerek eje, men barybir Meňlisiz ýaşap bilmeýän! -- Awyny agzyna atyp, jüýjäniň suw içişi ýaly ýuwduna-ýuwduna zordan

bokurdagyndan ötürip, ýüzüniň garap duran tarapyna gitdi. Haýýady göterlen Ogulgerek eje agzyny alakanyň hini ýaly öweldip, gözlerini höwlendirip aňk boldy. Onuň saňňyldaýan aýaklary göwresini götermän, ýodanyň üstüne çöküp, serim-sal bolup galdy…

Ogulgerek eje gandar boldy. Onda-da uly iliň kethudasynyň ogluna, ýaş başyndan halkyň buýsanjyna öwrülen Magtymgula kast etdi, özi bilmezden, tötänden…Ol näderini bilmän galpyldap otyrka metjit tarap-dan Çommat aga geldi, ol:

-- Ogulgerek, gyranyňy ýitirdiňmi? Ýedi ýoluň üstünde nädip otyrsyň? -- diýip güldi.

-- Ölüp otyryn, ölüp! -- Ogulgerek eje azgyryldy.Çommat aga lah-lah gülüp:

-- Oňarýaň, oňarýaň! Senem şeýdip ömrüňde bir ýola ibaly iş et! - diýip, ýoluna ugrady. Ogulgerek eje eşdiler--eşdilmez gargamaga başlady. Çommat aga hyrra yzyna öwrülip, onuň golaýyna gelip--Ogulgerek, Alla-nyň Arşda gyýan nikasyny sen Ýerde bozup bilmersiň! - diýip, ýone ýoluna gitdi…

Magtymgulynyň gursagynda ýer goduklap, beýnisi çaýkanyp gidip barýar… Alla bilsin niräk barýar, matlaby näme? Magtymguly gidip barýar. Ol Meňlisiz ýaşaýşy hyýalyna-da getirip bilenok.Kellesinde pikirleri agdar-düňder bolup barýan Magtymguly erbet büdüredi. Başga mahal bolanynda awusyna çydaman birnäçe ümlügi aýdaýmalydy,emma bu mahal agry-yza duýmaýardy. Ol gaharyna gara daşy penjesine alyp gysyp ugrady, ylla nar sykan ýaly edip. Abyrsyz ýowuz güýje çydaman topaz ýaly çagyldan şaralanyp suw akyp başlady. Gany depesine urup gelýän Magtymguly hem gahar-gazabyny bir ýerden çykarmaly ahyry! Ol dişle-rinini gaýrap,bar gazabyny daşdan çykarjak bolup gysýardy, mäjum bolan daşyň suwy gutarandyr-da,bir salymdan daşdan çabrap ot çykyp başlady. Ahyry Magtymguly gara köýük bolan daşy ýoluň gyrasyna zyňyp goýber-di. Birden ol Ogulgerek ejeleriň öýüniň ýanyna gelenini, haýatyň iç ýüzünde alma agajynyň astynda gözlerinden boýur-boýur ýaş döküp duran Meňlini gördi. Owarrama urup göni onuň alkymyna baryp, gyzyň ýaşly gözlerine dikan bakyp:

-- Meňlim, men ölerin, öldürerin, gyraryn, gyrlyşaryn, emma seni hiç kese bermez men! Goý, goý, aglama Meňlijan! – diýdi.Meňli gyzam dodajyk-laryny kemiş-kemiş etdirip:

-- Menem ölerin-ýiterin, emma …-- diýip aglady.

Magtymguly köçe bilen üç-dört ýaşulynyň gelýänini görüp, Meňlä ynamdar wada berip, ýola düşdi. Ogulgerek eje Çommat aga, çarhypelege, özüne, gyzyna gargap, elem-tas bolup öýüne geldi. Daşarda adam-garanyň ýokdugyny görüp, bir okara aýrana çör ýaly awynyň birini owradyp, tamyň arkasynda daňlan Boýnagyň ýanyna bardy. Heýjan heýweräniň myş-myşy ýaýran badyna işine ykjam Ogulgerek pul seçip, Gerdan gatyrdan üç aýlyk ýortmança köpegi alypdy. Gurgun öýde ýaly ýetik Boýnak atlyny atyn-dan agdarýan, düýelini düýesinden düňderýän tüýs türkmen iti bolup ýetişip-di. Boýnagy gije boşadýardylar, onsoň şol köçeden adam-gara näme, jyn-arwah geçäýse nädersiň! Ogulgerek eje şeýdip Meňliniň goragyna ymykly çykypdy. Boýnak eýesiniň elindäki ýaly görüp, ýalym-ýulum edip, Ogulgerek ejäniň elini ýalaşdyryp, mährem gözleri bilen minnetdarlygyny duýduryp gürläýjek bolýardy. Janawer nireden bilsin eýesiniň özüne ajal berýänini, ol şalpyldadyp aýrany dessine içdi.Ogulgerek eje öýe girip Göwheriň demlän çaýyndan göwünli-göwünsiz içen bolýardy, durky bilen bolsa diňşirgenýärdi. Ol Alladan özüniň zäher diýip alan awusynyň awy bolmazlygyny, Magtymgulynyň ölmezligini dileýärdi.Bir salymdan Atageldi bilen Eziz ylgaşyp geldi:

-- Eje, itimize bir zat bolýar! Boýnak kakynyp-silkinip…

Ogulgerek eje olaryň ýüzüni aldy:

-- Itdir-dä! Siňekländir janawer! Ýanyna barmaň!

Pikirlenmek ukybyndan mahrum bolan Magtymguly öýlerine obanyň içinden däl-de, obanyň gaýrasyndaky selçeň tokaýlygyň içi bilen ugrady, sebäbi ol beýle halda obadaşlaryna nädip görünip bilsin. Ol agyr-agyr oý-pikirleriniň içinden gidip barýar! Sebäbi jigerinden jany gidip barýar! Uçmahdan gelen hüýr-melegi elden gidip barýar! Namysy-ary gidip barýar! Ylhamy aglap, ýüreginiň gyrmyzy ganyny syçradýar! Magtymgulynyň gursagynda Nuhuň tupany turup, kyýamat gopýar! Ol Ogulgerek ejäniň ýüzündäki gahar-gazaby, ýalaňaç hanjar ýaly sowuk gözlerindäki aýgydy görüp, onuň ölse-de Meňlini özüne bermejegine göz ýetiripdi… Ah, şumat Magtymgula dyzdan garly gara gyş gerek, gary-pary bilen ýuwudyp goýberer ýaly! Emma hany gyş!

…Dowzah Medet agalarda başlady. Boýnak janaweriň eýmenç-eýmenç çyňsaýardy, zynjyryny süýräp gazygynyň daşynda aýlanyp,pelesaň kakýardy. Öýdäkileriň Meňliden başgasy daşardady. It janawer naýyn-jar nazaryny diňe Ogulgerek ejä dikip, uzyn-uzyn uwlap dünýäniň inini düýrükdirýärdi. Göwher bir okara süýt getirdi, gatyk getirdi,bir bölek et getirdi, emma Boýnak ýalyň ýüzüne seredäýse nädersiň! Janawer elhenç-elhenç uwlap, gazygynyň daşynda pelesaň kakyp, aram-aram Ogulgerek ejä günäsiz gözlerini balkyldadyp seredýärdi. Ol Boýnagyň yzaly gözlerine bakyp, janaweriň akylly gözleri bilen gürläp duranyna aňk boldy.It Ogulgerek ejäniň görejine dikan garap: «Men gije-gündiz siziň öýüňizi goradym, köçeden del adam geçirmedim,asmandan haram guş uçurmadym, meniň günäm näme?» diýip delmir-ýärdi. Ogulgerek eje ýarym-ýaş aglady, Janawer gazygynyň daşynda aýlanyp, uwlap-uwlap, ahyry jan berdi. Göwher, Atageldi,Eziz dagy aglaşdy. Medet aga:

-- Ogulgerek, imansyzyň biri itimizi awylapdyr! Janawere kast edeniň ojagy ýumrulsyn-da!..-- diýip, gargap başlanyndan Ogulgerek eje onuň al-petinden aldy.

-- It näme ölmeli dälmişmi? Itiň başynda ajal ýokmuşmy?! Alladan gelen ajal üçin umytly ojagyňda gargap ýörmezler! Gel, maňa söýget bol, ýogsam menem şo janawer ýaly uwlap-uwlap jan berýän!—diýdi. Medet aga aýalynyň goltugyna girdi:

--Dilsiz-agyzsyz janawere awy beren gurrumsak kyýamat ahyra çenli göründe dik otursyn-da, sakar dowzahda kül bolsun-da ylaýym…

--Gargama diýýän saňa yşaradyň biri yşarat!

Medet aga aýalynyň goltugyndan gop berip öýe girip barşyna jaýyň iç ýüzünde asylgy dürräni aldy. Ogulgerek ýere özüni goýberip iki ýana yra-nyp, ýňranyp başlady.Medet aga:

--Haram heleý! Men handym,men hanaandym,sen meni gul eýlediň! Men gullugyma kaýyl, emma sen meniň ömrümi kül eýlediň! Men oňa-da kaýyl, emma sen ,zalym, wagşy jiger-bagryňdan önen perzendiňiňem ömrüni kül etjek, oda atjak bolup çarp urýarsyň!—diýip, äm-säm bolup özüne bakan aýalynyň depesinden inderdi dürräni. Ilkinji gamçydan endam-jany çawlanan Ogulgerek ne gawun-ne mawun ärinden beýle zada garaşmaýardy, ol ýerinden atylyp turjak boldy, emma Medet aganyň kuwwatly goly onuň kibtinden basyp, ýerinden butnatmady. Ogulgerek adamsynyň peträp duran däli gözlerindäki wagşyýana gahar-gazaby görüp, el-aýagyny ýitirdi. Ol dergazap jellat bolup aýalyny dürreleýärdi. Atageldi, Eziz, Göwher dagy yzan-da-çuwan aglaşyp, elewreşýärdi, jynssyz seslere otagyndan atylyp çykan Meňli, gamçynyň öňüne özüni oklap, ejesini gujaklady. Ýedi-sekiz gamçy çalyp ýetişen Medet aga dürresini alyp öýden çykdy gitdi. Meňli gyz ýarym ýaş aglap, ejesini bagryna basyp, oňa ezizden eziz sözleri aýdýardy, çünki öýde duýdansyz gopan kyýamat üçin ýene biçäre Meňli günä-kärdi. Ogulgerek eje bolsa aglamanam unudyp, çagalaryny bagryna basyp, doňňara daş bolup galdy. Ýüreginden gyrmyzy gany saçalanýan Ogulgerek eje Medet hanyň han bolup saýgylan dürrelerini duýmadyk ýalydy. Hawa-da,jigeriň parça-parça bolup agyr-ýarka, beden agry-yzany duýmaýar!

Bir meýdan daşarda aýlanan Medet aga köşeşip bilmedi,ol alma agajynyň kölegesinde maslyk bolup ýatan itine seretmejek boldugyça, beter seredýärdi. Oňa Boýnagyň ölümi maşgalasynyň başyndan abanan belanyň öňatlysy bolup göründi…Medet aga ýaňadan öýe girip:

--Balalarym,hany aglamaňyzy goýuň! Dady-peryat edip otyrkaňyz öýe biri gelse nädersiňiz!.. Ogulgerek,senem şerraýlygyňy tüket!.. Ogulgerek, Ogulgerek,men seni ezizläp,kelläme göwher täç edindim,sen bolsa depäme çykyp, başyma towky bolduň!.. Men akmak başda seni şeýdip dürrelänimde allanäme aýal bolaýjag-a sen!—diýdi.—Göwher jan, bar maňa tamşanmaga bir zat taýynla! Atageldi, senem Ezizjany ýanyňa al-da, oýnamaga git oglum! Meňlijan,senem dessine jaýyňa geç! Ýok ýerden kyýamat gopduryp otyr ýaly biz bidöwlet maşgala däl ahyry!

Çagalar boýurganyşyp durlar,Ogulgerek eje yh-çohlap:

--Baryň dädeňiziň aýdany bilen boluň! Maňa bolan zat ýok—diýdi. Çagalaryň ählisi çykansoň,Ogulgerek gözlerini ýeser güldürip—Medet han,walla, saňa göwnüm ýetdi! Başdaky söýen Medet hanymy göräýdim sende!—Ol adamsyna garap ýeser ýylgyrdy. Medet aga ýeser ýylgyryşyň aňyrsyndaky goh-gowgany görüp,dessine eýwana çykdy…

Magtymguly syr bermejek bolup, hoş hal ýylgyryp öýlerine geldi, dalbaryň astyndaky kölegede Zübeýda gaýma gaýaýardy.

-- Zübeýda, jigim, maňa bir süzme çal edip ber - diýip, Magtymguly zoraýakdan ýylgyryp öýe girdi. Onuň gursagynda ýüregi parça-parça bolup çar ýana gyrmyzy gany saçalanýardy, onuň kalbynda ylhamy çyrpynyp, çar ýana goşgy setirleri syçraýardy. Zübeýda çal getirýänçä kagyz-galam alyp ýazyp başlady.

Zübeýda, naçarym aglaň,

Aglap Meňli hanym galdy,

Gözlerimden akdyrdym gan,

Jeset içre janym galdy.

Bilbilem, çekmişem zary,

Sowuldy yşkyň bazary.

Uruldy hijran hanjary,

Aglap Meňli hanym galdy.

Zübeýda bir şakäse çal getirip, soňra tikin-çatynyny alyp, öýe girdi.

Öten günlerim düýş bolup,

Gezdim ilimden daş bolup,

Bakyň,jesedim boş galyp,

Lahat içre janym galdy.

Magtymguly pajygaly goşgusyny tamamlady. Ol täze,sypaýy geýim-gejimlerini geýip, gylyjyny, hanjaryny gyrmyzy donunyň içinden görünmez ýaly edip dakyp, şakäsedäki çaly aýak üste owurtlap içip, teblehana ugrady. Daşyndan seretseň ol toýa barýana meňzeýärdi…

Meňli gyz öz jaýynda alyslara gara doňup galypdy,okara ýaly ullakan gara luw gözleri ýarym-ýaşdy, ajy ýaşlar syh-syh kirpiklerden syrygyp, saba-säher ýaly al ýaňaklaryny ýuwýardy.Ol ters gelen kysmatynyň agysyny aglaýardy. Ýas-ýaňam öýde Meňli zerarly kyýamat gopdy, ömründe gaharlanyp görmedik dädesi Meňli zerarly dergazap boldy, Meňli zerarly eziz ejesi dürrelendi. Ýöne kyýamatyň ulusy Meňliniň kalbynda gopýardy. Ol sähelçe günden uçmahdan çykarylyp,dowzahyň goýnuna atylmalydy, ajalsyz öldürilip, kepensiz gara ýere süssürilmelidi! Yşkyň goýnundan sogrulyp, ýigrenjiň gujagyna dolmalydy! Meňli ertire garap gorkýardy: eýse ulus-iliň buýsanjy, daglaryň arslany Magtymguly heý söwer ýary Meňlisini haýsydyr bir gurrumsaga berermi?! Bermez! Gyrar, gyrlyşar, başy dikkä ol Meňlini adam ogluna bermez! Yşk oduna alawlap ýören Magtymguly Şanazaryň içegesini boýnuna çolar, Magtymguly gollaryny gana bular! Magtymguly ýonaçynyň dälileri Magtymguly üçin gyrmaga-da, gyrylmaga-da taýýar! Üstesine tamam Gerkeziň hany Döwletaly hanyňam nebereleri Magtymgulynyň arkasynda!.. Eýse ullakan Gaýymgala obasynyň zarkly hany heý galyň baryny geçiren gelinligi Meňlini kesekä berermi?!. Bermez! Küremiş hanam,onuň gözi gyzaryp giden gylyç-gemrenlerem agzyndaky awy aldyrýan kişilerden däl, özlerem köplük, arkasynda-da tutuş gökleňler dur, sebäbi Küremiş han gökleň. Meňli hyýalynda däl,hakykatda Türkmensähra abanyp gelýän elhenç gyrgynçylygy, ýowuz urşy görüp dur! Asyl hanha, aýylganç uruş Şanazar bilen Meňliniň toýunyň öňüne düşüp gelýär! Magtymguly öldürse-de, Meňli günäkär! Şanazar beg öldürse-de, Meňli günäkär!.. Ganly gyrlyşyk bolsa, Meňli günäkär, baryna Meňli günäkär! Maşgalasam ile masgara bolar! Oňa-da Meňli günäkär! Leýli-saçyň teli ýaly Meňliniň bolsa söýgüsinden başga günäsi ýok!

Meňliniň günäsi ýokdy, emma günäkärdi, Meňli diňe söýüpdi, onda-da ol öz meýline söýmändi ahyry. Hut kerem-keramaty çoh Biribar Magtymgulyny Meňliniň düýşüne, Meňlini Magtym gulynyň düýşüne girdirip, olary Leýli-Mejnun edipdi ahyry! Eýse Allatagalanyň beýik söýgüsi üçin ýerde ganly gyrlyşyk bolmalymy? Bolar! Beýik yşk üçin, owadan gyz üçin beýle gyrlyşyklar bola-bola gelýär! Meňli haýykdy,beýle çökder meseläni çözerden—uly gyrlyşygyň öňüni alardan ol ýaşdy. Naçar biçäre gündizler gam-gussa batyp, içine urup sessiz aglamakdan, gijeler gara kysmatyňa ýanyp, hünübirýan aglamakdan başga näme edip bilsin! Meňliniň ýadyna ejesiniň nygtan sözleri düşdi: "Gyzym, durmuşyň manysy, ömrüň manysy özüňi gurban bermekdir!" Ol jümle ýaňa öwrülip jaýyň içinde ýaňlandy durdy, ýaňlandy durdy…

Jansyz jesede öwrülen Meňli oýaka düýşürgeýärdi: hanha,Meňli gyzyň gelinaljy kerweni ala-şowhun bolup, öňatlylary asmana pöwhe-de-pöwhe tüpeň atyp gelýär.Çykgynsyz ýagdaýda galan Meňli ýaşyl ýellere atlanyp gaçýar.Ony gören gelinaljylar topary dessine ajdarha öwrülip kowalap başlaýar. Meňli uzyn saçlaryny ýaýyp şum ajaldan gaçýan ýaly gaçýar. Sil ýaly towlanyp gelýän ajdarha agzyndan ýyldyrym oklaryny atyp Meňlini ýetip barýar. Ajdarhanyň kellesi Şanazara meňzeýär. Meňli gyz bukjasyndan aýnasyny alyp yzyna oklaýar, aýna gudrat bilen ullakan deňze öwrülýär. Şol dem gelinaljylar äpet tüwelee öwrülip, deňziň üstünden uçup gyzy alarlap barýar. Meňli aljyraýar, ol bukjasyndan daragyny alyp, yzyna zyňýar. Şirmaýy darak birdemde gudrat bilen gür tokaýa öwrülýär, gelinaljylar taryhdan aňyrda galan äpet-äpet guşlara münüp gyzy kowalaýar. Ol guşlaryňam kellesi Şanazara çalymdaş. Meňli çölüstan bilen gaçyp barýar, gökdäki görülmedik guşlara atlanan gelin-alyjylar gyzyň depesinden inip onuň daşyny gallaýar. Meňliniň alnyndan çuňňur guýy çykýar. Ol Allany çagyryp guýynyň içine towusýar. Äpet guşlara atlanan gelinalyjylar guýynyň başyna gonýarlar. Birden… birden…guýudan çykan gyzyl ot olary ýakyp-ýandyryp,asmana göterilýär!..

Ýok!.. Meňli üçin ýekeje çykalga bar, ýekeje çykalga: Magtymguly Şanazary maslyk edip taşlamanka,ol awy içmeli, Magtymgulyny gonhor bolmakdan halas etmeli! Ýonaçylar bilen Küremiş hanlar garpyşyp gyrlyşmanka awy içip, urşuň sebäbini aradan aýyrmaly! Eger Meňli gyz awy içse, Magtymguly neýlär?..Gije-gündiz aglap, jiger-bagryny daglap goşgy ýazar,aýdym ýazar,merdi-merdana Meňli gyzyň waspyny eder,beýik yşkyň waspyny edip dessan ýazar, Meňliniň söýgüsi, gahrymançylygy dilden dile, ilden ile geçip, Meňli gyz aýdymlarda,ýüreklerde, rowaýatlarda baky ýaşar!..

Ol bir salym dymyp, ozal ýaşap geçen aşyk-magşuklary ýatlady. Leýli, Zöhre, Şasenem…heý olaryň gan-koksuz maksadyna ýeteni, asla maksadyna ýeteni barmy?! Meňli Selim zergäriň Şazada hem jögi gyzy hakdaky rowaýatyny hem jigisi Göwher bilen ol jaýda diňläpdi. Meňli gyz ynandy. Beýik yşk, ylahy yşk ölüm bilen tamam bolaýmaly! Sebäbi Allanyň beýik yşky hapa zeminde ýaşap bilmeýär! Ol yşk uçmahda dowam etmeli! Meňli beýik yşkyny,söwer ýary Magtymgulyny halas etmek üçin awy içäýmeli!

Depesinden kyýamat howpy abanan Ogulgerek eje öz jaýynda alyslara seredip, hyýalynda pajygaly wakany janlandyryp jebir çekip, ses-selem-siz gözýaş edýärdi. Hanha, Magtymguly giň howluda Boýnak ýaly agzyny asmana tutup uwlaýar, penjeleri bilen garnyny ýyrtaýjak bolup, wagşyýana gygyryp-bagyryp çar ýana çarp urýar. Ýonaçylar ýerli-ýerden ondan näme bolanyny soraýar. Magtymguly bolsa hiç zat aýdyp bilmän,howlynyň içinde zowzanaklap urunýar…Ogulgerek ejäniň göwnüne bolmasa, onuň gulagyna uwwuldam gelýän ýaly, ol diňşirgendi… Ýonaçylar neberesi Magtymgulynyň daşynda elewreşip, Magtymgulyny gujaklap sorag-ideg edýär-ler, aýal-ebtatlar yzan-da-çuwan.

Ogulgerek eje haşlap dem aldy: «Ogulgerek, Ogulgerek, ojagyň ýumrulaýdy gerek! Magtymguly saňa Boýnak däldir, uwlap-uwlap sessiz ölüp gidibiýr ýaly» diýdi, ýöne içinden aýdanynam, daşyndan aýdanynam aňşyrmady…

Magtymgulynyň atam, özem gara suw bolup derläpdi. Göwnüne bolmasa, ol hä diýmän Şanazara duşaýjak ýalydy. Şanazara duşmasa, Gaýymgala-- göni öýlerine barar, Meňlisine gözüni diken Şanazar beg bilen bellisini eder: ýa öler, ýa öldürer! Emma…

Emma Magtymguly tamam Türkmensähranyň kethudasynyň ogludy, dädesinden bigeňeş beýle söwdalara baş goşmaly ýigit däldi! Ol bir gyzyň yşkyna aklyny aldyryp ýagşyzada ýaly dädesiniň adyna-abraýyna kest etmeli däldi. Emma geňeşäýmäge dädesi ýokdy, ol ilçilikden gaýdyp gelýänçä Meňli elden gitjekdi. Magtymgulynyň ýadyna günä hakynda bir tymsal düşdi: «Eger adam bilen haýwan uruşsa adam günäkär!adam bilen adam uruşsa,olaryň asylzadasy günäkär! ikisi-de asylzada bolsa, ýaşulysy günäkär! ikiside gözlije ýaşyt bolsa ylymly-bilimlisi günäkär! ikisi-de ylymly-bilimli bolsa,at-abraýlysy günäkär!» Magtymguly haşlap agyr dem aldy. Eger ol ölse-de, öldürse-de barybir urşa Magtymguly günäkärdi! Emma günä başga, Meňli başgady!Meňli… Allanyň Magtymgula bagş eýlän göwher jygasy, ol kellesini berer, emma Meňlisini bermez! Meňliniň yşkyndan sermes bolup haýkyranynda ýerleri gökleri godukladyp ýören Magtymguly heý haýsydyr bir hansumaga Meňlisini berermi?! Meňliniň yşkyndan ýaňa haýkyranynda gökleri jaýryp ýyldy-rymlaýan Magtymguly arşy-kürsi ýakar-ýan dyrar, emma Meňlisini özgä bermez!Guduz gany çyrpynýan Magtymguly ýyldyrymdy, ol gynyna giräýmese dünýäde kyýamat turzar! Gyn bolsa Meňlidi!

Onuň gulagyna dädesiniň:"Suw gaýnasa-da özüne sygýan däldir, doňsa-da, adam gaharlansa-da özüne sygmaýar, şatlansa-da. Dana boljak bolsaň şeýle pursatlarda özüňe syg!.." diýen sözleri eşidildi. Emma gahar-gazap onuň garagynam,gulagynam gapypdy! Iki tarapyny deňlän Magtymguly häzir ýa ajalyň, ýa Meňli gyzyň gujagyna düşmelidi!

Ol alyslardan gelýän ýalňyz atlyny görüp, atyny ýuwaşatdy. Atla golaýlaýança özüni raslap, atyna dem bermekçi bolup, maýdalyna sürdi. Onuň aňynda:

Pyragy diýr, mert menem, ile äşgär mertligim,

Diri gitmez gaşlarymdan, degen namys-aryma!

diýen setirler aýlanýardy. Iki atlynyň arasy ýakynlady. Birden Magtymgulynyň gam-gussadan kakan ýüzüne ýylgyryş çaýylyp gitdi. Gör-ha, ýene onuň duýgusynyň duýduryşy rast bolup çykdy. Ol atly-ýaragly ýigit Şanazardy. Magtymguly gyzma, gyrpa däldi, emma gaharjaňdy. Ol Isgender şahlynyň gara döwüň el-aýagyny gandallap gurruk guýuda gömüşi ýaly,ol ýaş başyndan müňlerçe-müňlerçe diwan okap akyl-parasat,pähim-paýhas bilen gahar-gazabyny kalbynyň çuňunda gömüp taşlapdy…Emma şol gahar-gazap birdemde gara ýeri godukladyp, gara döw ýaly müňzäp daşyna çykdy. Şanazar aňk boldy, ol alnynda ýaş oglany däl-de,gahar-gazapdan ýaňa garaklaryndan ataş syçradyp duran elhenç wagşyny görüp, ýagyrnysynyň gözi üşedip gitdi.

-- Seni Hudaýym maňa aňsat duşurdy!

Şanazar daýawdan söweşjeň ýigitdi, ýigrimi üç-ýigrimi dört ýaşap ýören hanzadanyň süňki gatap, bilegi bekäp,ýülügi dolup, ýüňi ýeten goç ýigitdi,emma barybir hinine suw gitdi, her hal syr bermän:

-- Hah-hah-ha! Indi seni kyn öldürer men! -- diýip, Magtymgula gylyç saldy, Magtymguly gylyç tutdy. Iki arly arslan-şir garpyşdy. Söweş türgenleşigi ýetik gerçekler agyp-dönüp söweşdi. Ençeme-ençeme döwşi gören atlaram haýkyryşyp, birek-birege agyz salyp, depişip, gapyşyp jeňe girdi. Eger urşa owadan diýip bolýan bolsa, häzir olar diýseň owadan uruşýardy. Eger söweşe kämil söweş diýip bolýan bolsa, Şanazardyr Magtymguly diýseň kämil söweşýärdi. Döwüş uzaga çekdi, ikisine hem gyltyz-gyltyz kän ýara düşdi. Göwni göwresinden çykyp giden han ogly Şanazar beg dişini gaýrap, haýsydyr bir şahyryň awuna tokunany üçin, namys edip döwüş kylsa, Magtymgulynyň gursagyndaky yşky lowlap-güwläp ar-namys bolup ýanýardy, Meňli bilen bagtynyň ortasynda duran Şanazar begi öldürmese, söwer ýaryna gowşup bilmejekdigi üçin döwüş-ýärdi. Söweşe polat ýaly polat çydamady, Magtymgulynyň haýkyryp uran gylyjynyň zarbyna Şanazar begiň gylyjy uçdy. Ol golundaky jonnuk gylyjy görüp aljyrady, Magtymgulynyň ataş çabrap duran ojak ýaly gazan atarybermeli gözlerini gözi düşüp, gaçmaga hyýallandy. Magtymguly Şanazara seňrigini ýygryp, öz gylyjyny eliniň tersi bilen oklap goýberdi.Magtymgulam, Şanazaram hanjaryna ýapyşdy. Hanjarly, dürreli söweş başlady…

Ogulgerek eje gözýaşdan şire bolan ýüzüni ýuwup, öýe girdi. Medet aganyň gäwüş gaýtaran bolup oturşyny synlap:

--Göwher jan, dädeňde diş barmy? O görgülide diş goýdummy men. Dessine dädeňe gowurdak çorba edip ber,egsam ynha awulygyndan gähnäp ýene gyzyl däli bolup gamçysyny bulaýlap, gara döwe golaýlap duran dädeňiz Medet han bardyr!—diýip, öýde tukatlyk bolup höküm sürýän dartgynlygy ýok etjek bolup, bolsa-bolmasa ýylgyrdy.Dädesiniň gülenini gören Göwherem hoş bolup, nahar-şoruň ugruna çykdy.Ogulgerek eje eýwanda adamsy bilen ikiçäk galanyny bilip, Medet hanyň ýüzüne degnaňa degiji kinaýa bilen seretdi.Medet aga onuň gülümsireýän durudan sowuk gözlerinde gowundan towlanyp çykan ýylan ýaly kitüwi görüp, allaniçiksi haýykdy, şol demde sermestligi dag başynyň dumany ýaly göterildi gidiberdi, howalaly hanlygy guýrugyny ýamzyna gysyp süzüberdi. Sebäbi Ogulgerek düzdi, özem ýaşdy. Ýaňy kyrk ýaşap zenanlygyň heýjanyndan bilniksiz esräp ýören Ogulgerek bilen gül ýaly ýaşaşmak üçin altmyş ýaşan Medet han diňe ýapja bolmalydy, diňe gul bolmalydy. Görgüli uludan haşlap aýalynyň gözüniň öňünde ýeli giden tulum ýaly myşşaryp ozalky gullugyna gaýdyp geldi.

--Dädesi, birneme köşeşdiňmi ýa?..

Ýeser heleý Ogulgerek diňe ýürege ýara salman,ýaňadan gursagyňy ýaryp, salan ýarasyna zäherli-awuly gepden ýama salyp, tikibem berýärdi.Ol äriniň sadyk gula öwrülenini görüp, Meňliniň jaýyna geçip,üç-dört jümle hoş söz aýdyp, gyzynyň ýanynda çökdi. Göwheriň getiren çaýyndan käsesine guýundy, ýöne pakyr sary sadyllady. Indi onuň hyýalynda has eýmenç waka janlanypdy: metjidiň ýanyndaky giň meýdançada obanyň ýerden ýöräni Ogulgerek ejäni orta alyp, ony saňsardaş edipdirler. Aýallar-erkekler, garrylar-gurtular, ýaşlar-eleňler Ogulgerek ejä gargap, lagnat okap,saňsar daşy bilen daşlaýarlar. Onuň töwerek-daşy lagnat daşlardan ýaňa harman bolup barýar. Çar tarapdan ýumruk ýaly daşlar, sapan göjekleri ýagýar. Görgüliniň geýim-gejimleri pers-ala,lagnat daşlarynyň salan ýaralaryndan gan akýar. Ahyry onuň ýazzy maňlaýyna degen ýumruk ýaly daş dünýäsini sarsdyryp,hyýaly dünýäsini weýran etdi. Ol silkinip, özüne gelip «Ölse ölüp geçsin! Men näme awyny oňa zorlap içirdimmi? Men nä Meňlijany onuň üçin dogurdymmy?» diýip, içinden hüňürdedi..

Bu mahal elleri dürreli, hanjarly ýigitler biri-birini dürreläp, hanjar salyp aldym-berdimli söweşýärdi. Ahyry Magtymguly Şanazary abaýyna getirip, towusdy onuň üstüne! Badyna ikisem Şanazaryň aty bilen agdarylyp gitdi. Olar biri-birini gujagyndan sypdyrman, haýkyryşyp biri-birine hanjar salýardy. Kä Şanazar Magtymgulynyň üstüne çykyp, kä Magtymguly Şanazaryň üstüne çykyp hanjar urýardy. Olaryň ikisi-de halys ysgyndan gaçyp usurgapdy. Öl-myžžyk geýimleriniň derleri, maýdaly-irili ýaralaryndan akýan gyrmyzy ganlary gara guma garyşyp, olar gorkunç ýşarada öwrülipdi. Güýçler deňeçerdi. Magtymgula gursagynda lowlaýan yşky gurbat berse, Şanazaryň kalbyndaky gahar hem gazap onuň ölenini-galanyny bildirmeýärdi. Olar eýläk togala-nyşyp, beýläk togalanyşyp, ahyry bir dik eňňide gabat gelip, ikisi-de gitdi togalanyp aşakdaky käle. Şol barmaşa Magtymgulynyň ýalaňaç başy daşa degip seňseledi, dogrusy tas özünden gidipdi. Şanazar pursat-dan peýdalanyp, sag dyzy bilen Magtymgulynyň garnyndan basyp saldy ýalaw ýaly hanjaryny Magtymgulynyň sol gözünden!

Gamgyn pikirleriniň girdabyna gark bolup oturan Meňli Şanazaryň Magtymgulynyň sol gözünden salan hanjaryny haýsydyr bir gudrat bilen duýup «Waý!» diýip jynssyz gygyrdy! Birdenem ejesiniň ýanynda çirkin gygyranyndan utanyp ýüzüne penjelerini tutdy. Meňliniň jynssyz gykylygy ejesini oýaka basan garabasmadan halas eýledi. Ogulgerek ejäniň zähresi ýarylyp:

--Näme, Magtymguly öldümi? -- diýip, gözlerini bakraýdyp, agzyny öweltdi. Birdenem aňyna aýlanyp, öz düşen ýagdaýyna utanyp:

-- Saňa özem dälirejek, bizem däliretjek gyrnak diýerler! -- diýip, ýakasyna tüýkürdi. Meňli bişeýkel ýagdaýyna uýalyp aglady. Biçäräniň elinden başga näme gelýär!

Magtymguly Şanazaryň göge göteren hanjarynda ajalyny gördi, ol çalasynlyk bilen kellesini bir ýana sowdy. Soňra janajygyna eýmenç haýkyryp, Şanazary honda zyňyp goýberdi-de, dessine garşydaşyny aşagyna alyp, sol tirsegini onuň hykyrtmagyna goýup, ýoňsuz güýji bilen basyp ugrady. Hanjarly sag goluny göge göterip, haýkyryp urjak mahaly bir jynssyz ses ýyldyrym ýaly çawlanyp gitdi.

-- Saklan! Haý, saklanawer, Magtymguly!

-- Saklanma, sal hanjary Magtymguly! Men gelendirin!

Magtymguly Şanazaryň peträp hanasyndan çykyp barýan gözlerinde onuň naýynjar ýalbarşyny, naçarlap, natuwan özelenişini gördi. Emma ol Şanazaryň hykyrtmagyndan basyp doňup galan sol garysyny aýryp bilmedi. Ol ýüzüni galdyranynda eňňidiň depesinde duran iki atlyny gördi. Olaryň biri Küremiş han, beýlekisi Janamandy.

-Sal hanjary Magtymguly, men gelendirin!

--Saklan, Magtymguly, sen Allanyň azyzysyň! Goluňy haram gana bulama!

Magtymguly ýeňsesine gaňryldy: ol baýryň depesinde gylyjyny göterip duran Selim begi, atyndan dikine towsup özüne tarap tüwdürilip gelýän Kynyş dädesini gördi…

hhh

Eý, Allam, eger pany dünýäň baky, ýalan dünýäň uçmah bolaý diýseň, ber,eger arşda ak palçykdan ýaradan bendeleriňi zeminde bagtyýar kylaý diýseň, ber, ýyldyrymlap duran yşk, dumanlap duran heser ber! Eý, Allam, goç ogullaryňa köşki-saraý, tagt bile bagt bereniňden ýüregini ezip barýan söwer ýar ber! Gyz-gelinleri şa-soltan edip, tükeniksiz genji-hazyna bereniňden şahbaz ýigitleriň kalbyna soltan eýle! Aýyň-Günüň şuglasyndan ýaradan gyz-gelinleriňe yşk-heseriň gudrat oduny, mähir-muhabbetiň baadyny, uçmahyň-behişdiň dadyny berip, olary yşkdan owadan, bagtdan belent, gudratdan gudratly eýle! Hakyky uçran aşyk-magşugy görgeý gara daglar darka ýarylyp, goýnunda ýatan altyn-kümüşini, lagyl-göwherini, zerini-zümerredini, ýerler darka ýarylyp ýüz müň ýyl bäri goýnunda gömlen hazyna-depinelerini, ummanlar gyra serpilip gujagynda ýatan dür-merjenlerini olaryň alnyna atar. Gadym dünýäde suwa-ele höküm eýlegen Süleýman pygamber hakyky aşyk-magşuklary görgeý hazyna-depinesini, uçýan tagtyrowanyny olara bagş eder. Erteki-lerdäki gara döwler, ak döwler ertekiden çykyp ury-ury baýlyklaryny getirip, olaryň alnyna döker.

Eý, Allam, zemin perzentleriňi nämede bedbagt etseň et, emma ki söwer ýarda bedbagt eýleme! Söwer ýardan, ýaneldaşdan ýalkanmadyk ýigit-leri— jümle-jahana şa eýle, soltan eýle, barybir olar ýaşap, ýaşaýyşdan gönenmez! Ýaneldaşy duşmadyk ynsanlaryňy Hydyr ata, Kyýas ata, Kowus ata duş eýle, barybir olaryň dişleri ýyrşarmaz!

Eý, Allam, sen Yşk ahyry, yşkyňdan ýaradan bendeleriňi perişdä öwüreý diýseň, olaryň dinini-imanyny yşk eýle, Hudaýyny yşk eýle!..

Iňrik garalyp başlanynda Küremiş hanyň attutarsyz, ýanbegisiz ýalňyz özüniň gelenini gören Medet aganyň ini üşüdip gitdi. Hanyň ýerden göterip bilmeýän gara-ört ýüzüni synlan Ogulgerek ejäniň-de dünýäsi çaýkanyp, haýýady göterildi. Han gudaçylygy bozmaga gelipdi. Aýalyna-da, ýeňňesine-de, agasyna-da, inisine-de ynanman, özi gelipdi, çünki ol Gaýymgalanyň uly hany halyna elhenç masgaraçylyga sezewar bolanyna göz ýetiripdi. «Asyl onuň apalap han ogluna alyp berjek bolup ýören perizat gyzy, söýüşip ady ile dolan bolsa nätjek!» diýip ol ynsabyny köşeşdirýärdi. Küremiş han oglunyň bagty üçin oňa göz ýumsa-da ýumardy, ýöne gelinligiň halaşýar diýilýän ýigidi hana-bege awyny aldyrjak goç ýigitlerden däl eken. Ýaňya ol han hatyrasyny kiçeldip, dyzyna çöküp, gudaçylygy bozjakdygyna äht edip, zordan ogluny ölümden halas edipdi. Yşkdan hem gahar-gazapdan garagy gapylan Magtymguly, gylyçgemren däli Janaman, Selim Magtymguly, Kynyş beg-- Küremiş hanyň ogly näme, onuň özünem maslyk edip taşlamakdan gaýtjak däldiler… Küremiş han Medet aga bilen iki agyz gürleşip, atdanam düşmän gelşi ýaly yzyna gitdi.

Ogulgerek ejäniň ýele çekdirip arşa çykaran tylla tagty, owadan arzuw-hyýallaryndan bina bolan köşgi-saraýy birdemde weýran boldy. Ol aýagynyň astynda goduklap ýatan ýeriň badyna iki ýana yraň atyp, içki jaýa zordan girdi, gözlerini bir nokada dikip, doňňara daşa öwrülen gyzyna ähmiýet bermän, uly ili bilen bagyryp, dükge düşüp ýer ýumruklap aglamaga başlady. Ogulgerek eje dady-perýat edip, jiger-bagryny parçalap,ýüzüni ýyrtyp, gara saçlaryny ýolmalap aglaýardy. Adamsy Medet-de, gyzy Göwher-de bu mahal jaýa girip, ony köşeşdirmäge milt edip bilmedi. Ol hünübiriýan aglap, ýer ýumruklap, arasynda pelege-de, gyzyna-da, özüne-de gargaýardy:

-- Waý, waý, haram gyrnak! Hanha, allanäme gudaçylygyňam bozuldy! Saňa öz bagtyna depen akmak diýerler! Saňa asylzada han ogly durka diwana-ny saýlan samsyk diýerler! Saňa öz eli bilen maňlaýyna gara çekip, kör düýesini küle çökeren kemyrsgal diýerler! Hudaýym senem, menem ýerler ýuwutsyn-da! - diýip, uwlaýardy. Meňli bolsa gyrpylmaýan gözlerini diwara dikip, doňňara daşa dönüp otyrdy. Dili şerebeden, sözleri awydan-zäherden Ogulgerek eje saçlaryny geýim-gejimlerini ýyrtyp jynlyrap barýardy.Eýwanda söm bolup duran Medet aga heleýiniň dälirejegine ynanyp, içinden Hudaýa ýalbarýardy.

Meňli bolsa hamana ejesiniň dady-perýadyny eşitmeýän ýaly, hamana bu dünýäniň adamsy däl ýaly, hamana oturan ýerinde gözlerini açyp ölüp galan jeset ýaly diwara garap otyrdy. Ogulgerek eje ýatan ýerinden dikelip, Meňliniň doňup galan şakäse ýaly ullakan gözlerine seredende imany uçup, haýýady göterildi. Gyzynyň gözlerindäki jan ýşygy öçüp, ondan öwüsýän şum ajalyň aýazy Ogulgerek ejäniň endam-janyny jümşüldedip goýberdi. Meňli -- jansyz jesetdi, gözlerini açyp ölüp galan ölüdi. Ogulgerek eje gara bagryny paralap:

-- Gyzym! Meňlijan! Men seni maksadyňa ýetirjek bolup ýörün ahyry! Men seni Magtymgula berjek bolup ýörün ahyry!-- diýip, delmirip, dady-perýat edip gyzyny gujaklady. Emma Meňliniň gözleri ýaly, göwresem daşdandy,doňdandy,buzdandy. Ol ejesine nazar salman pessaý ses bilen gürledi:

-- Eje! Ejejan, meni bagyşla, men günä iş etdim…

-- Waý perişdeden päk balam, sende günä näm işlesin?

-- Eje, ejejan, men pis iş etdim…

--Näm iş etdiň balam?

--Men zäher içdim..Meni bagyşla,ejejan!

Ogulgerek eje gözlerini höwlendirip, iki penjesini ýüzüne urup, yranyp, birdenem jabjynyp başlady:

-- Waý, waý, seniň bizi öňki ýüzügara edeniň azmydy! Heý bir diwana-derwüş diýip şirin janyňa kast eder ýaly aklyň nirede seniň! Entäp ýören bir şahyrsumak diýip heý şirin jana kast ederlermi! Waý, toýly-tomaşaly öýümizi gabrystana aýladyňmy? Waý-waý,tagtyrowanly toýa gitmeli balam tabytly görüstana gider bolduňmy? Waý,waý,ojagymy ýere hopdurdyňmy?- diýip, Ogulgerek eje şeýle bir dady-perýat edip, orlap aglady. Daşky otagda Göwher,Medet aga, ogullary hamana öli ugradýan ýaly dady-perýat ses edýärdi…

## AGRAP

Nedir şa ýurda ortalyk diýip Eýranyň şaýy-sünni ulamalaryny, ermeni arhiýereýlerini, Isaýy katolik ýepiskoplaryny, jöhit rawwinlerini çagyryp, olara Zebury, Töwrady, Injili pars diline terjime etdiripdi. Musulman ulamalary gezekleşip şahynşaha Töwradyň, Zeburyň… terjimesini okap berdiler. Şahynşa onlarça salgytdan boşan halkynyň, garyp-gasarlaryň, daýhanlaryň, han-begleriň, häkim-hukkam-laryň, galaba ruhanylaryň baý hem berkarar ýurduna, sahawatly şahyn-şasyna buýsanýanyna ynanýardy. Ol synçy nazaryny dikip, özüni, dini öwrülişigini ýigrenýän ruhanylary hem daşyndan tanap otyrdy. Ol pygamberleriň halka bagş eden dinini şa bolup, soltan bolup gylyjyň-gürziniň güýji bilen düzedip bolmaýandygyny bilýärdi, ýöne dünýä baky gelen ýaly, mukym işini tutup gaty uzaklara seredýärdi. Ok atman Hindistany alan Nedir şa hä diýmän Mogoldan- Hytaýdan ar almaga dört ýüz müň ýygyn jemlär. Kimde-kim Ymam Japar Sadygyň mezhebine meýletin geçen iki paý bolup, Çynmaçyndan ata-babalaryň aryny almaga gider, ARYŇ aňyrsynda bolsa tükeniksiz olja, gul-gyrnak, baýlyk, hanyman ýatyr. Çynmaçynyň ähli hazyna-depinesini, genji-känini, mal-garasyny sürüp getirip, bäşinji mezhebe geçen şaýylara iki, sünnülere bir paý paýlar. Baýlyk, pul, tylla adamdan melgun, melgundan adam ýasaýar! Heý şaýylar genji-hazynany, san-sajaksyz gul-gyrnagy görüp durka sünni bolmazmy! Şahynşanyň şol beýik maksatlarynyň öňünde bolsa osman soltanyň ýekeje möhüri bilen goly bent bolup dur!

Döwletmämmet aga hem şol terjimeçileriň arasyndady. Gynanýardy, gün geçdigiçe ruhanylar bilen şahynşanyň arasyndaky gorp giňäp barýardy. Kethuda içinden:" Eý, pelek, zalym pelek, sen Nedir şany neýlediň? Eý, tükeniksiz genji-hazyna, sen halk ogluny, ýurduň halasgärini neýlediň? Owsarsyz hökmürowanlyk, howalaly tylla tagt, sen pähim-parasatly Nedir şahynşany neýlediň? Hany ol "wäk!" diýseň, "waheý!" diýip duran Nedir şa? Hany gözlerini açsa göwni, agzyny açsa ardy görnüp duran türkana Nedir şa?

Nedir şa ýene musulman dünýäsiniň halyfy osman soltanyna nama taýýarladypdy. Köşk ulamasy jemagatyň öňüne çykyp namany okady. Ulamalar ýeke-ýeke çykyş edip namany oňlaýardy. Nedir şa sol gözüni süzüp, tüpeňiň nili ýaly sag gözüni kethuda dikip:

--Hany sünni piri Döwletmämmedem diňläliň—diýdi. Emma kethuda bu saparam düýbünden tersden gopdy.

--Kyblaýy älemim, hezreti pirler, ulamalar meniň pikirimçe, osman soltanyna nama-da ibermeli däl, wekilem, sebäbi? Sebäbi ulug ýurdumyzyň şaýylary Hudaýyň hakyna, pygamberimiziň hakyna, ulug Eýranyň, agzy-birligiň hatyrasyna bäşinji mezhebe geçjek bolýar, ýurdumyzyň şaýylarynyň-sünnüleriniň dost-dogan bolmagynyň hatyrasyna Ymam Sadygyň mezhebine geçjek bolýar! Meniň pikirimçe, Osman soltanynyň—ýagny halyfyň ony tassyklamagynyň geregi ýok. Birinjiden, osman soltanlary halyflygy basyp alan basybalyjylar, olaryň hiç biri hakyky halyf däl! Kurany-Kerimi okap çykmadyk soltanyň fetwasy nämä gerek! Eýranyň beýik tutumyny, döwletli işini diňe asmanda Allatagala kabul eýlesin! Bolany!

Döwletmämmet piriň sözleri şahynşany oýurgandyrdy. Bir şaýy ulamasy ardynyp, ýerinden gobsunyp:

--Sünni piri dogry aýdýar. Biz osman soltany üçin däl-de,ulug Eýra-nyň ýaňadan beýik döwlet, berkarar ýurt, halkymyzyň agzybir, abadan ýaşamagy üçin bäşinji mezhebe geçýäris!—diýdi. Bir dargursak ulama:

--Ek, hezreti pirler, ulamalar! Näme diýip osman soltany halyf halyna biziň döwlet namamyza fetwa goýmazmyş! Goýar, islese-de goýar, islemese-de! Osmanlylar hiç haçan Eýranyň öňünde durup bilen däldir, indem durup bilmez! –diýdi. Jaýy dolduryp oturan ulamalar şahyn-şanyňam ikinji pikiri goldaýanyny duýup, Yssambyla ulamalary ýollamagy dogry tapdylar.

Nedir şa ýene Yssambyla ilçiler toparyny ugratdy.

hhh

Kyýamat Medet agalarda gopýardy.Ol içine urup, sessiz aglasa Göwher, Atageldi dagy möňňürip hünübiriýan aglaşýardy.Ýüzi-gözi çişip giden Ogulgerek eje birden agysyny ýolup, gara daş ýaly doňup şum ajala gara-şyp oturan Meňlä seretdi:

--Sen awyny nirden tapdyň gyzym?

--Sandykdan aldym…baryny içdim…

Birdemde Ogulgerek ejäniň ýüzüne nurana şatlyk bilen yzaly ýylgy-ryş çaýyldy. Birdenem dälirän ýaly ol ýaňadan bir aglap başlandyr-ow, onuň ozalky agylary dagy wiçjik eken. “ -- Waý, waý meniň akmajyk gyzym diýse! Waý, waý, saçy-kesilmiş diýse…» --diýip, ol hem aglaýardy, hem gülýärdi, hem gyzyny gujaklaýardy. Meňliniň buz ýaly jansyz nazarlaryna gorky inip, ejesi dälirändir öýtdi. Beýleki otagda söm bolup, perýada-pygana öwrülip duran Medet aga, Göwher dagy Ogulgerek ejäniň hem aglap, hem wahahaýlap gülýändigini eşidip, onuň aklynyň üýtgändigine—dälirändigine ynandylar. Ogulgerek eje ajy ýaşlaryny, begenç ýaşlaryny seçeläp, gülüp-aglap Meňlini bagryna basyp:

--Gyzym, gyzym, gyzynyň yşka düşüp, hüýlenip ýörenini bilýän ejeň öýde zäher saklar ýaly samsykdyr öýdýämiň? Perizat gyzynyň yşka düşüp heserläp, Leýli bolup ýörenini bilýän ejeň heý sen tapar ýaly ýerde awy goýarmy? Men ol awulary äkidip zibilhanada gömdüm…

--Onda sandykdaky näme? -- Meňli zordan gepledi.

--Gyzymjan, sen ejeň ýürekagyry dermanlaryny içipsiň, gyzymjan! -- diýip, Meňliniň ýaňagyndan, maňlaýyndan ogşaşdyryp, ejeli gyz biri-birini bagryna basyp, ýaňadan bir aglaşdylar,ozalky agy dagy ýalan eken, eneli-gyz heziller edip aglaşdylar…

hhh

Asmany-zemini çaýkandyryp, agdarylyp-düňderilip, wagşyýana möwç urup ýatan däli umman birdemde togtap, daglaryň gerişleri ýaly örküç-örküç tolkunlar howada doňup galdy. Kyýamat suruny uwladyp, asmany-zemini elendirip, haýýady göterilen apy-tupan birdemde togtap, aýylganç harasat howada magallaklap galdy. Ýerleri-gökleri lerzana salyp,arşdan gara ýere sanjylan ýalaňaç ýyldyrymlar dünýäniň oňurgasyny söken elhenç gümmürdisi bilen doňup galdy. Däli bedewini ýüzin saldyryp owzahy göterilen dünýäsinden çykyp barýan Magtymguly birdemde togtap, töwere-gine nazar aýlanynda, özüniň düýbünden ýat dünýä düşenine haýran galdy. Gözlerini höwlendirip duran ümsümlik, ýadyrgap duran imisalalyk gulak-laryny gapara getirip şaňlaýardy…

Munuň ýönekeýje sebäbi bardy: ýonaçylar ýeser Ogulgerek eje bilen guda bolup, Magtymgulyny Meňlä, Meňlini Magtymgula geleşdiripdiler. Magtymgulynyň dünýäsini godukladyp, golundan çykyp barýan Meňli indi onuňkydy! Magtymgulynyňkydy! Indi jümle-jahanda Meňlini Magtym-gulydan, Magtymgulyny Meňliden aýryp biljek hiç hili güýç ýokdy! Diňe şondan soň Magtymguly aklyna aýlanyp, yzyna seredip, özüniň neneňsi bişeýkel, niçiksi göz-gülban ýagdaýa düşenine akyl ýetirdi. Ol oýlandygyça utandy, pikir kyldygyça uýaldy, zandy hanzada, asylzada, salyhatly, il içinde sylagly-sarpaly şahyr Magtymguly gör-ha, bir gyzyň yşkyna aklyny aldyryp nähili ýagdaýa düşüpdir! Ol Meňli gyzyň yşkyndan däliräp-düwläp gör nämeler etmändir! Ol Meňliniň yşkyna düşeli bäri başyndan geçen wakalary ýatlajak boldy, emma suwytly zat ýadyna düşenok! Ol indi ýagşyzadakybap kethuda dädesiniň, perişdekybap Arazgül ejäniň gözüne nädip görner? Ol indi toýda-ýasda eteginde namaz okabermeli nurana aksakallaryň gözüne nädip görner? Ol daşa çyksa, agalaryndan-eňňele-rinden utandy, öýe girse kitap tekjelerinde özüne syn kylýan Hapyzdan, Haýýamdan, Rumydan, Jamydan, Sagdydan utandy. «Haý, akmak, dünýäde sen ýaly aşyk bolan görülmedimi?!» diýip, başyny ýaýkap hapa boldy:

ÝA yşkyň zyýada şeýle güýçlimi?

Heddiň bilmeý aşa-aşa düşüp sen…

Iller saňa haýran,sen hem illere,

ÝA aklyň aldyryp çaşa düşüp sen..

Emma entek dünýä Magtymgulynyňky ýaly akyldan daşgary beýik yşky görmändi, Ýer ýasalyp gök bina bolaly bäri Biribar heýjanly hem heýhatly dünýäsine ençe-ençe läheň şahyr getiripdi, ýöne Magtymguly ýaly çakdan aşa uly, gudratly hem keramatly, Hakyň hak, halkyň halk şahyrynyň weli, meger, dünýä ilkinji gezek gelşidi. Dünýä Magtymgulynyň dünýä inmegine million ýyl garaşypdy!…

Beýik Allatagala tükeniksiz älemleri, milliard ýyldyzly, milliard syrly asmany, diňe aşyk bolup, diňe söýüp-söýlüp ýörmeli owadan dünýä-ni ýaradyp, ýyldyrymy bilen arşdan zemine Arş oduny peşgeş berenin-den soň, adamzadyň haýwanlaryň arasyndaky mahluk ýaşaýşy tamam bolup, adam ogullary gara gyşyň gursagynda ot ýakyp, sowukdan-tümlükden gora-nyp, ojak başynda jemlenip, lukmasyny bişirip,höregini oduň tagamyna daglap, gündiz Güni, gijeler alawly ody Hudaý saýyp, ynsan ýaşaýşyna göterilipdi…

Allatagala hezreti Adam atanyň ogullaryna gudratly, syrly, jadyly Yşky peşgeş berip, olary hakyky Adam derejesine göteripdi…

Magtymgulynyň çakdan aşa uly şahyr bolmagy üçin zemine çakdan aşa owadan gyz gerekdi. Onuň gursagyndaky harsaň zehini alawladyp goýbermek üçin adatdan daşary owadan, hüýr jemally, peri kaddy-kamatly Meňli gyz gerekdi! Şygry aýata-doga öwürip, sözi keramata, gudrata, şahyrlygy pygamberlik derejesine göteren dünýäniň beýik şahyry Magtymgulyny dünýäniň ýangynly şahyryna öwürmek üçin ynsan yşkyndan has beýik, Ylahy Yşka barabar YŞK gerekdi! Biribar Meňli-ni Magtymgula, Magtymgulyny Meňlä duşuryp, entek görlüp-eşdilmedik yşka-da sezewar eýläp, Meňlini yşk mülküniň melikesi, Magtymgulyny jümle-jahanyň kalbynyň soltany edip, olary ýagşyzada, perişde dereje-sine ýokary göterdi…

Pygamberlerimiziň daglara gidip şöwür çekenem bir gowy zat. Ulug şahyrlaryň, ulug aryf-sopularyň daglara gidip şöwür çekýänem bir gowy zat…Yşka aklyny aldyran Magtymguly gijeler gijä sygman, gündizler gündize sygman, daş çyksa asman astyna, öýde öýüne sygman,özi özüne sygman “Gaçgynym köplükdir,gözlegim hylwat” diýip, gijäniň bir wagty ýarpy horjun kitap alyp, atyna atlanyp daglara tarap güw gidip barýar. Türkmen aga ýöne ýere “Gudrat göreý diýseň,daglara bar!” diýmeýär! Daglar, goja daglar, hatda peslerem öz belent derejesine göterip, beýikleriň bolsa aklyny çaşyrýar! Daglar, gudratly daglar! Garyp göwünleriň göçgüni daglar, däli ýürekleriň guşguny daglar! Goja bolup barsaň nowjuwan edip, nowjuwan bolup barsaň şahyr edip goýberýän keremli daglar, Kowusly,Kyýasly, erenli daglar! Garyp bolup barsaň baý edip,baý bolup barsaň beg edip, ýaramaz bolup barsaň ýeg edip goýberýän keramatly daglar! Pir bolup barsaň pygamber edip, şahyr bolup barsaň Hudaý edip arşy-agla çykaryp, heýjana getirýän gudratly daglar! Daglar, gara daglar Magtymgulynyň ýeke-täk syrdaşy, dertdeşi, meslekdeşi, şöwürdeşi!..

hhh

Anna güni jemagat bolup namaz okan Döwletmämmet aga metjitden öýe gelip, ýektaýyny çykaryp, göwşüllän donuny geýdi.Ol bir salym böwrüni diňläp, diňşirgenip durdy, öýden çykyp, howlynyň derwezesini açyp, gözlerine ynanyp bilmän, açalak-ýumalak edip aňk boldy. Ýol bile ýagşy senalary sanap hezreti pir ýetip gelýärdi. Buýra-buýra sakgalyna,saçyna mazaly çal sepen başy külahly, goly hümmet hasaly, agajetden uzyn pir nurana nazaryny kethuda dikip, mähriban ýylgyryşa öwrülip, öý eýesini synlady. Birden Döwletmämmet aga «hezreti pirim!» diýip onuň aýagyna ýykyldy, emma piriň kuwwatly gollary ony saklady.

-- Hezreti pirim, siz nire, Hajygowşan nire?

Hezreti pir ýylgyryp durşuna kuwwatly gollary bilen Döwlet-mämmet agany bagryna basdy. Döwletmämmet aga piri gujaklap durşuna:

-- Hezreti pirim, siz nire, biz pakyryň umytly ojagy nire? – diýip, şatlygy kalbyna sygman elewredi. Olar biri-birini goýberip, biri-birini dowamly synlap, ýene biri-birini gujagyna basdy. Döwletmämmet aga çaga ýaly uçaýjak-uçaýjak bolýardy:

-- Hoş gelipsiz hezreti pirim, sapa getirip siz!

Döwletmämmet aga arzyly myhmanyny öýe saldy. Arazgül eje sygyr sagyp duran Nurjemala:

-- Nurjemal, şol süýt bessir! Dessine gap-gajyňy mazaly ýuwup, süýdi atar…Hezreti pirimiz gelipdir – diýdi. Ol ojagyň oduny gallap, tüňçeleri oturtjak bolup ýören Zübeýda – Gyzym, melleklere aýlan, bägülleriň ýagşysyndan ýagşysyny saýlap, üç sany çemen bog!… - Özi bolsa öňňün Muhammetsapanyň bazardan getiren nazy-nygmatlaryny mazaly ýuwup, gaba salyp, içerik girdi. Ençeme ýola uly mertebeli myhmanlary garşylap gören obanyň keýwany aýaly Arazgül eje dürli naz-nygmatlardan saçagyň üstüni doldurdy. Alma, narynç, turunç, hoz-pisse, bugaryp duran süýt, çiggaýmak, garaz hezreti piriň hezzetini ýetirdi. Zübeýda öz gapyla-ryndaky, Kynyş dädesiniň, Selim dädesiniň gapysyndaky güllere aýlanyp, penje-penje açylan bägüllerden üç sany çemen baglap, ejesine getirip berdi, emma ejesi:

-- Bar gyzym uýalma, gülleri suwly gaby bilen birini hezreti piriň, birini dädeňiň öňünde, birinem tekjede goý. Hezreti Haali Zaman piri görmegem sogapdyr, bar, ulug piriň alkyşyny alarsyň – diýdi. Ýaňy on üç-on dört ýaşyna girip bägül ýaly gunçalap başlan Zübeýda uýalyp öýe girdi. Çemenleriň birini hezreti piriň öňünde, beýlekisini tekjede, üçün-jisini dädesiniň öňünde goýup gapa ýöneldi. Pir:

-- Alnyňy Hak açsyn gyzym, ine piriňize şundan uly serpaý bolmaz – diýdi. Hezreti Haali Zaman Kaýseri pir Eýranyň – Turanyň, arabyň – ajamyň, Rumuň-şamyň ulug piridi, aryfydy. Ýedi yklymyň ilaty oňa ýykylýardy, sygynýardy, azyzlaýardy. Döwletmämmet aga ýaş ýigit çaglary Haali Zaman Bagdatda hezreti Seýit Syrajetdin Arşaýy piriň medrese-sinde ýedi ýyl bile okapdy. Ikisi hem musulman dünýäsiniň beýik piri Seýit Syrajeddin Arşaýynyň müridídi. Ikisi bile haj parzyny biti-rip, Medinede – Pygamber şäherinde Hakyň resulynyň mazaryny düýnäp, bile mynajat kylypdy. Ulamalaryň arasynda dostluk bolýan bolsa, ikisi ýegre dostdy…

Hezreti Haali Zaman Kaýseri piriň atasy Izmiriň, kakasy Kaýse-riniň beglerbegisi bolupdy. Onuň ata-babalarynyň arasynda Osmanly soltanyna wezir bolany-da, sypahsa-serkerde bolany-da bardy. Has dogrusy, olaryň neberesi at üstünde at alyp, abraý gazanyp, han-häkim bolýan hanzadalardy. Diňe ýaşajyk Genç bäş-alty ýaşyndan kitaba ýapyşdy, şondan soňam onuň göreni mekdep-medrese boldy. Beglerbegi beýik Arşaýy pir bilen pir oglunyň hormatyna Bagdatda uly medrese, metjit, hanaka saldyrypdy. Piriň hakyky ady Genji Zamandy, Arşaýy pir ýaş başyndan ulug pir çykan müridine « Sen Genji Zaman däl, sen Haali Zaman!» diýip, belent at beripdi.

Ýedi yklymdan hezreti Haali Zaman pire ýykylyp, onuň medresesinde sapak alýan sopularyň sany ýetmiş-segsene bardy. Garasaý, onuň medresesi Eýranyň-Turanyň, Rumuň-Şamyň, arabyň-ajamyň meşhur medresesine öwrülipdi. Metjidiň hanakasyna günde telim derwüş gelse, telim derwüş pirden pata alyp gidýärdi. Eýran-Turan,arap-ajam ulamalary oňa yklym eýesi diýýärdiler, çünki ol gudratly, kerem-keramatly pirdi, gyssanan çagyň çagyrsaň dadyňa ýetişýän pirdi.Eýranyň-Turanyň, arabyň-ajamyň iň hatyraly piri Haali Zaman piriň kethudanyňka gelmegi, tutuş obany haýran galdyrdy. Hajygowşanyň aksakallary hezreti pir bilen didar-laşmaga geldi. Barlynyň bazary ýanynda diýlenini edip, Selim Magtym-guly ir bilen bir öweji öldürdi, ol öz ýanyndan agasynyň abraýy üçin pire söwüş etdigidi. Emma hezreti pir bilen kethudanyň gürrüňi alşypdy.Olar kä arap,kä pars,kä türkmen dilinde danyşýardylar. Hezreti pir Döwletmämmediň juw-ak saçyna-sakgalyna geňem galmady, ol barada dilem açmady.

-- Döwletmämmet, Magtymguly öýde ýokmudy?

Ulug aryfyň Magtymgulyny soramagy Döwletmämmet agany geňir-gendirdi. Ony aňan pir:

-- Hä, Magtymgulyny bilýänime geň galdyňmy? – Pir nurana ýylgyr-dy – Tüweleme, ömri rowaç bolsun, ýaş başyndan Magtymgulynyň ady ile zahyr bolupdyr…

Azady piriň sözlerine monça bolup:

-- Magtymguly öýdedir tagsyr – diýdi.

-- Magtymgulyny çagyr, onuň bilen gürrüňim bar, Döwletmämmet…

Kethuda bu gezek hasam haýran galdy. Ýeri, ýedi yklymyň eýesiniň ýaş ýigdekçe Magtymguly bilen näme gürrüňi bolup biler? Kethuda pikire batyp daşaryk çykdy, bir salymdanam yzyna gaýdyp geldi. Ol:

-- Hezreti pirim, obamyzyň aksakallary siziň bilen didarlaşaýsak diýip gelipdirler. Onsoňam… - diýip, Azady pire Ýagşymyrat baýyň haý-şyny nädip aýtjagynyň ebeteýini gözledi. Pir:

- Magtymguly bar ekenmi? – diýip, ýaňadan sorady.

-Magtymgulynyň daglara gidäýmesi bardy… Düýn daglara gidipdir ýatymlyk, yzyndan oglan ýolladym, derrew alyp gelerler hezreti pirim…

Haali Zaman pir bilen Azady daşaryk çykdy. Üzüm dalbarynyň öňünde döwre gurup duran aksakallara pir salam berip, ýeke-ýeke elleşip görüşdi. Ady-awazasy jümle-jahana dolan pir derwüş geýim-gejimindedi. Düýe ýüňünden bol biçilen hyrkasy ýama-ýamady. Buýra-buýra sakgaly döşüne düşüp durdy, külahyň aşagyndan çogup çykan tütün ýaly saçlary egnin-denem geçýärdi. Aýagynda mesi-ädigi, elinde tesbisi bardy. Derwüş-ler ýama-ýama hyrka geýýärler, ýöne olaryň köne hyrkasy, täzeden päkize bolýar. Haali Zaman pir bolsa pygamber edähedini ýöredip müşk hem sepinerdi, gyşy-ýazy ýok, suw görse düşmän geçmezdi. Hakyky derwüşiň geýim-gejimem, on iki synasam, kalbam namazlyk ýaly mydama päkize bolýar. Hakyky derwüşler mydama Haka duşaýjak ýaly tämizdir, päkizedir, ölse jesedini ýuwup-päkläp oturmagyň hem geregi ýokdur!

Obanyň aksakaly:

-- Hezreti pirimiz, biz siziň hormatyňyza obanyň barjamly adam-lary bolup sadaka beräýsek diýýäs…

-- Biziň hormatymyza däl, Hudanyň hormatyna beriberiň sadaka-ňyzy…

-- Sadakany metjidimiziň ýanynda edelimi ýa Döwletmämmediňkide?

-- Aksakallar, gazan-gazan nahar ataryp,dok adamlary doýranyňyzdan, göwnüňizden näme çykaran bolsaňyz, obaňyzyň garyp-gasaryna, ýetim-esirine, mähtäjine-gallajyna beriň… Şondan uly sadaka bolmaz!..

hhh

Magtymguly baýyrlaç daglaryň etegindäki gadymy harabalykdan geçip barýarka geň bir waka duşdy. Öňden eşegini ýorgasyna goýberip, Şyhym Harpyk çekenedäki mallaryny görmäge barýardy. Aňyrdan bolsa inerli Ak gojuk gelýän eken. Birden onuň düýesi esräp, başyny talawladyp, patanaklap eýesine baş bermän, gaýtdy ok bolup eşekliniň üstüne! Her towsanda ýarym menzil böküp, atylyp gelýän ineri görüp gözleri hanasyn-dan çykan Şyhym aga eşeginden towsup berdi paýyrdygy. Emma hany gaçyp çykaýmaga dag barmy, münäýmäge belent daragt barmy? Pakyr janhowluna gaçdy, düýe kowdy, hatapda köje döwýän Ak gojugam bir öwrüm-de düýesinden düňderildi. Şyhym Harpyk jajajaýlap gygyryp, tüweleýläp gaçdy, Ak gojuk walalaýlap, düýesiniň yzyndan kowalady. Rejäniň geň däldigini gören Magtymgulam basdy Sakarguşa gamçyny. Patanaklap, ýerleri sarsdyryp gelýän däli ineriň öňünden Şyhym aga gaçyp gutuljak däldi. Jan süýji, ajal ajy! Şyhym Harpyk iner ýetiberende emel edip, hyrra yza öwrülip, beryär ýazzyny. Äpet janawer bolsa badyny saklap bilmän esli gidip, soň onuň söbügine düşýär. Magtymguly içinden “ Haý işigaýdan bir zaman esrik ineri urandyr-ow! Ýetdigi bendäni bagyrtlar!” diýip, Sakarguşa uçuryp gelşine Şyhym aganyň dadyna ýetişdi. Ol dälirän ineriň öňünden çykyp, gamçysyny bulap, gollaryny daldalap, esrik ineri gaýtardy.. Aňyrdan ala gykylyk bolup ylgap gelýän Ak gojuk:

--Çilimiň taşla, çi-li-mi-ňi!—diýip zowladýardy, emma janynda jan galmadyk Şyhym aga gep eşidýärmi? Magtymguly saňňyldap, sazanaklap duran Şyhym Harpygyň penjesinde ala tüsse bolup duran çilimi gördi. O zamanlar Eýranda iňlis, ermeni, pereň, ors söwdegärleri temmäki ýapragyndan düýrlenip ýasalan bir garyş çilimi— pereň sigaryny satýardylar. Üşükli eýranlylar dessine ýerli ak temmäkiden pereň çiliminden has gowy, tüssesi ýakymly sigary ýasap başlapdylar. Ak gojuk paýynç sözleri paýradyp gelşine Şyhym aganyň elinden çilimini alyp, aldygyna sorup, tüssesini ineriň burnuna üfledi. Arasynda:-- Bi akmak çilimkeş, düpkeş bolupdyr.Örküjini gaplaň awlamyş! Ak gojukdan mal bakmany öwrenme sen, mähnet çekmäni öwrenme sen! Gör-ha, çilim çekmäni öwrenýär-ä! Häý şahyňa gurt düşmüş!”

Birneme özüni dürsän Şyhym aga Ak gojugyň penjesine seredip, ýüzüni büruşdirdi:

--How, Gojuk beg, eliň çory dagy näteňet?—diýdi. Ak gojuk owurdyny çilim tüssesinden dolduryp, düýäniň burnunyň aşagynda ala burugsy tüsseletdi, gerdenlerini gerip, magtandy:

--Sen entek meniň aýagymyň çoruny görsediň…

--Senem adam çagasy ahyry. Ýuwunaýsaň, suwa düşäýseň bolmaýamy?

--O gün düşdüm suwa…

--Suwa günde-günde düşmeli! Günde-günde ýuwunmaly!

Ak gojuk garşydaşynyň diýip duran gepine haýran galdy:

--Aýrylsanaý, men näme dünýä suwa düşmäge geldimmi!.. Sen obanyň baba-lysy gerek? Gidem-de kör bolup ýuwarsyň!...

Magtymguly ýylgyrdy, ol ömründe birinji gezek çilimkeş düýäni, çilim tüssesini düýäniň burnuna üfleýän Ak gojugy synlap başyny ýaýkady.

...Aşakdan seredeniňde Goşa gümmez gerşi beýle beýikdir öýtme-ýärsiň. Awçy çarany aýlanyp-öwrülip, kä aşyk inip, kä ýokaryk çykyp, kä terse, kä dürse gidip, ahyry Goşa gümmeziň depesine çykýar. Beýikligiň ýoly şeýle-dä! Magtymgulynyň adalatly ýüregi, romantik kalby, möwçli zehini, hyjuwy-hyrujy, göçgünli ruhy berdaşly göwresine sygmaýan güýji-gaýraty gorkunç, töwekgel garşydaş küýseýärdi, jümle-jahany endiretjek gudrat, dünýäni düldüretjek keramat isleýärdi... Gara dań bilen Kemerli dagyna dyrmaşyp barýan Magtymguly birde özüniň nämälim gelejegine çykyp barýan ýaly, birde ata-babalarynyň şanly taryhyna çykyp barýan ýaly, birde pynhan syr bolup ýatan beýik dünýä çykyp barýan ýaly, birde keramatly daglaryň keramatyna aralaşyp barýan ýaly duýgyny başdan geçirýärdi.Şeýlelikde,ol hem geçmişe, hem geljege aralaşyp, tas günorta bolup barýarka Goşa gümmeziň çür depesine çykdy. Beýikden aşaky jülgä seredeniňde, Magtymguly dünýäniň depesine çykanyna ynandy. Hanha jülgede uzyn örklenen Sakarguşy atgarynja ýaly bolup görünýärdi. Ol gaýanyň gerşinde oturyp hähini aldy. Magtymguly dag gerişleriniň iň beýigine çykypdy, emma onuň göwni hanha ýene al asmanda! Göwnüň derejesine ýetmek ýok borly...

Demirgazyk tarapdan şeýle bir jana şipaly şemal öwüsip, ruhuňy galkyndyryp, şähdiňi açyp, göwnüňi uçuryp barýardy. Dünýä döräp zeminiň çaňyna-tozanyna bulanyp görmedik asmanyň arşaýy ýellerini başyňa çekip, doýar ýaly däldi, Allanyň arşy-aglasyndan gelýän heserlije ýeller göwnüňi ýeldirgedip, seriňi sämedip sermest edýärdi. Magtymguly gara daglara däl-de, gudratyň, keramatyň, pynhan syrlaryň belentligine çykanyny jany bilen, ini bilen, gany bilen, ruhy bilen duýýardy. Ol goja daglaryň goýnuna geleninde gadymy ata-babalarynyň huzuryna gelen ýaly ynjalýardy. Gojaman ýaňly daglarda Gorkut atanyň, Jygaly begiň, Görogly soltanyň,atasy Magtymguly ýonaçynyň keşbini görüp, olaryň bakylykdan gelýän owazyny eşidýärdi. Ol depesi garly daglara, degresi injirli-narly jülgelere seýli-seýran edeninde düýbünden başga bir dünýä düşenini duýýardy. Ol häzir düýbünden başga Magtymgulydy. Ses-selemsiz sary güýzleriň gelşi ýaly, döredijilik hesretiniň gelşi ýaly, bulutlaryň kölegesiniň sessiz-selemsiz gelşi ýaly, onuň dana kellesine ygym-sagym hydyraýy,hyrawa pikirler gelýärdi.

Ol Kynyş dädesiniň ýekegöz dürbisi bilen çarýany dürbiledi. Hanha, gara dagyň gaýasyndaky äpet gowak agzyny açyp, jaýryk-jaýryk owazy bilen Gadym dünýäden günlenç-günlenç gygyrýar. Magtymguly ol gowaga birnäçe gezek girip görüpdi, her gezegem gowaga däl-de, geçmişiň gam-gussaly, ahy-pyganly dünýäsine giren ýaly bolýardy. Gamgyn gowak hamana gadym-gadym zamanlarda Adam ogullarynyň sülsadyny dünýä çykaranyna puşeýman edýän ýaly perişandy.

Pähim-parasatly Magtymguly zemindäki ýaşaýşyň ýedi gatdandygyna akyl ýetiripdi. Ýaşaýşyň birinji basgançagy—daglar-daşlar,toprak: ikinji basgançak otlar-çöpler, dal-daragtlar, ösümlikler: üçünji basgançak mör-möjekler,janly-jandarlar: dördünji basgançak Adam ogullary: bäşinji basgançak--ýagşyzadalar,erenler: altynjy basgançak perişdeler, melaýkalar: ýedinji basgançak—gudraty güýçli beýik Biribar! Aşaky alty gatlagam ösüşde, arzuw-hyýalda: hemmesiniň ümzügi, ümüdigi öňe, hemmesi ösmegiň, kämilleşmegiň yşkynda! Daglar, düzler, çöller,toprak:--ot-çöp,dal-daragt bolup gögermegi, otlar-çöpler:-- janly-jandarlar ýaly jana gelmegi--ýöremegi, uçmagy--janly-jandarlar:-- akylly-başly adam bolmagy, adam ogullary:-- ýagşyzada öwrülip arşa-kürse akyl ýetirmegi, ýagşyzadalar, erenler:-- perişde bolmagy, perişdeler bolsa Hudaýa garyl-magy arzuw edýär! Magtymgulynyň pynhan arzuw-hyýallary, pikiri-zikiri, maksady-matlaby, doga-dilegi-- ýagşydan ýagşy, beýikden beýik, danadan dana bolup keramatly, gudratly ýagşyzada öwrülmekdi.

Meňliniň Magtymgula geleşdirilenini eşiden Şanazar beg däli-räp ugrady. Onuň Meňlä bolan söýgüsi, arzuw-hyýallary dowzah oduna öwrülip, içinden ýandyryp, daşyndan köýdirýärdi. Şanazar beg namysa galypdy, han ogly atdan ýykylana dönüp, gijesi-gündizi ah urup,efgan dartyp, gahardan-gazapdan ýaňa näme ederini bilmeýärdi. Gör-ha, han oglunyň awuny kimse kakyp alyp ýör!... Garyndaş Şanazar begiňki, Meňliniň ene-atasam Şanazary köreken edinmegi arzuwlap ýör, Şanazar begiň baýlygy çaşyp ýatyr, dünýäniň eýesi Şanazar beg, emma... Ol uzyn gije ah urup, perýat çekip gijäniň bir wagty hiç kese duýdurman, ýaragla-nyp, atyna münüp Magtymguly bilen ýaňadan bellisini etmegiň kül-külüne düşüp, ýola çykdy. Beýik Biribar birewüň bagtyny ýatyrjak bolsa, ilki onuň aklyny alarmyş... Şanazar Magtymgulynyň Garajaryň daglara sapýan ýerinde şöwür çekýändigini bilýärdi. Ol ýa özüni öldürmeli, ýa Magtymgulyny! Ýogsam ol ýagty jahanda ýaşap bilenok! Şanazar beg iki tarapyny deňläp at gamçylap, gün öýlä aganynda Garajaryň daglardan gözbaş alýan ýerine geldi. Ol töweregine algyr nazar salyp, Magtymgulyny agtaryp ýörşüne, ahyry onuň atyny gördi: bedewini hüşgär sürüp, belent bir baýra çykdy, onuň ýüzüne ajy ýylgyryş ýaýrap gitdi. Ol ýaňadan töweregine ser saldy, bagtyna adam-gara-da ýok. Hanha, onuň duşmany bolsa ullakan gara daşyň üstünde oturyp, bir işe mübtela. Şanazar beg serdar bürgüt ýaly güberip oturan Magtymgulyny synlady, onuň gahar-gazaby böjäp, gursagy ot goýberilen tamdyra döndi. Onuň gijeler perýat dartyp, gündizler gözlerini ýaşlap, jigerini daglap söýen ýary güberip oturan şol kişiniň goýnuna girmeli! Uly hanyň han ogly bolsa hijranyň-pyrkatyň goýnunda uwultyrap Meňliden katumyt galmaly! Ömründe edenine däl diýilmän halys göwni göwresinden çykyp, gözleri gyzaryp giden han ogly heý Meňlini gezip ýören ykmanda berermi! Ol Meňlini gara ýere rowa görer, özüni gara ýere rowa görer, emma aýatda amanka Meňlini hiç kese bermez! Ol öler, öldürer, emma maksadyna ýeter!

-- Çyk döwşe, şahyr! – diýip, ol gylyjyny gynyndan çykardy.

Şanazaryň çak edişi ýaly Magtymguly tisginmedi, gorkmady, gaýta äwmezeklik bilen ýeňsesine gaňryldy. Magtymgulynyň ornunda Magtym-gulydan has daýaw Mämmetsapany gören Şanazar allaniçiksi hala düşüp, gözleri gorkudan hem geň galmadan höwlenip gitdi. Serdar bürgüt ýaly güberip, käkilik ütüp oturan ýigit ýerinden galyp, epeý-epeý basyp, Şanazara dikan bakyp golaýlady. Mämmetsapanyň durkunda, ýüzünde-gözünde gazaply ýowuzlyk bardy. Şanazar her zada garaşýardy, emma bu ahwala weli, garaşmandy. Ol Mämmetsapanyň mundan bir hepde ozal gulamlykdan-nökerlikden boşap gelenini eşitmändi. Bir ýarym ýyl Nedir şanyň goşunynda gulluk edip, ençe-ençe döwşe-söweşe gatnaşyp, ençe ýola ölüm bilen ýüzbe-ýüz bolup, içinden ot-ýalyn geçen, ot-ýalnyň içinden geçen Mämmetsapa Şanazara dergazap bakdy:

-- Bigaýrat, asyl sen Magtymgulyny aňtamaga milt edip ýörmiň? Düş atdan!

Iki tarapyny deňläp ata çykan Şanazar beg özüni ele alyp:

-- Gaýratyň bolsa, sen ata atlan! – diýdi, emma sandyrap çykan sesin-den özi utandy.

--Düş atdan, seniň ýaly gurrumsak bedew atyň üstünde ölmäge mynasyp däl!

Şanazar beg Mämmetsapanyň sowuk ýarag ýaly sowuk gözünden gözüni aýryp bilmedi. Neresse hakyky äre duşdy, şire duşdy. Ol ýa öleýin ,ýa öldüreýin diýip ata çykypdy ahyry, emma Mämmetsapanyň algyr nazaryna uçrap, erkinden aýrylyp, nädip atdan düşeninem duýmady.

-- Men saňa Hanharabadan bäri geçäýmegin! – diýipmidim?

Şanazar ysgynsyz «ýok» diýdi...

--Gurrumsak! Indi ony Mämmetsapa beg saňa aýtmalam boldumy? – diýip,Muhammetsapa dergazap halda onuň gursagyndan urdy penjäni, ol bir penjede Şanazar begiň ýüregini sogrup zyňaýjak ýaly,çaňňaly gaty gazap urdy. Şanazar köýneginiň içinden gäwmiş gönünden sowut geýeni üçin, Mämmetsapanyň penjesine onuň göwsi, ýüregi däl-de, eýlenen gaty sowut doldy. Mämmetsapa dergazap bolup:

-- Asyl sen Magtymgulynyň kastyna çykdym diýsene, it ogly! – diýdi. Ol onuň alkymyna dykylyp, gözlerine dikan garady—Sen Magtym-gulynyň kimdigini bir bilýämiň?! Sen haram baýlygyňa garaklaryňy gapdyryp, ýonaçylara duşman bolup ýörmüň?!-- Ol elhenç penjesini onuň bokurdagyndan urdy. Şanazar gözleriniň peträp hanasyndan çykyp barýa-nyny, janynyň babyrbilek Mämmetsapanyň janalgyjy penjesine düşenini duýdy. Gözleri bilen ýalbaraýyn diýse, gözlerine erki ýetmeýär, merdi-merdana öleýin diýse, onuň gözgyny öläýmekden gaýry çäresi galmady. Mämmetsapanyň ýüzünde rehim-şepagat görmedik han ogly namart ölmeli bolandygyna ynandy. Şanazar özüni daglaryň şiri, ärleriň äri saýýardy, emma ol entek bili bekemedik sypaýy ýaş oglanyň ýanynda şir eken! Hanha,neresse hakyky şiriň penjesinde gara gan siýdikleýär! Hakyky şiriň dergazap garaýşyndan Şanazaryň gursagyndaky gerçekligi, şirligi, ärligi öldi. Birden bethaýbat ajal penjesi dem salyp onuň hykyrtmagyny goýberdi, ýöne dem almaga howa ýokdy. Mämmetsapa ýaňadan onuň hykyrtmagyndan alyp, itiberip goýberdi. Şanazar beg arkasyndaky daşa urulyp, agdarylyp, arkanlygyna ýykyldy. Mämmetsapa jikge ýatan ýigidiň bokurdagyndan edikli aýagy bilen basdy:

-- Gaýdyp Hanharabadan bärdäki toýda-ýasda görnäýseň, ordaňa gan çaýkaryn! Gaýdyp Magtymgulynyň oýuňa-hyýalyňa getiräýseň obaňa gan çaýkaryn! Gaýdyp Magtymguly hakda pikir edäýseň, diriligiňe ýere gömerin! Eşitdiňmi?

--Eşitdim,jan aga eşitdim!

--Bilip goý, Mämmetsapa diýýän zadyny iki esse edýän gerçekdir! – diýip, bar güýji bilen bokurdagyna basdy. Şanazaryň bäbenegi atylyp çykara geldi—Indem güm bol!

Şanazar ölümiň öýünde ýerinden galyp,emedekläp,ýykylyp-sürşüp gaçyp başlady. Mämmetsapa onuň ýerde ýatan gylyjyny alyp yzyndan zyňyp goýberdi. Ota güýmenip ýören atynyňam syrtyna göwnejaý depdi. Janawer eýesiniň yzyndan berdi paýyrdyny…Mämmetsapa hamana hiç zat bolmadyk ýaly, ýene daşyň üstüne çöküp, serdar bürgüt ýaly güberilip, käkiligiň ýelek-perlerini ütmäge başlady. Magtymguly daglara gide-ninde oňa görünmän mydama Janaman ýa Kynyş beg goraglaýardy, bu gezek bolsa Janamanyň işi çykyp, ýerine Mämmetsapa gaýdypdy…

Bir geriş aňyrda, jülgede şöwür çekip ýören Magtymguly ýaňky goh-galmagaly eşidip, sesiň çykýan ýerine ýöneldi. Ol hezreti Seýit Syra-jetdin piriň dädesine aýdyp giden howp-hatarly sözlerinden bihabardy, ýöne ol hanjak şöwür çekmäge gitse, ýa Kynyş begiň, ýa Janaman, ýa Çaňlynyň özüne görünmän ony goraglap ýörenini syzýardy, duýýardy, bilýärdi. Olaryň ýigit çykan Magtymgulyny oglansyradyp, hamana öwlüýä ýyky-lyp alnan ýeke dikrar ýaly penalap ýörmekleri onuň degnasyna degýärdi, gaharyny getirýärdi…Inisine gözi düşen Mämmetsapa:

-- Inim bilen käkilik şarasyny iýäýeýin diýip awa çykypdym-da… Gel inim – diýdi. Magtymguly agasyny synlap köp durdy:

-- Gardaşym, Janaman ikiňiz Hudaýa bir ynanýaňyzmy?

--Howwa ynanýas…

-- Onda näme mydama meni goraglap ýörsiňiz?

-- Ýokarymda Hudaý bar, Magtymjan, men awa-şikara çykdym. Men seniň bi daglardadygyňy bilmesem näme?

-- Mämmetsapa, Magtymguly özüni çybyn-çirkeýden gorap bilýä! Daşymda pelesaň kakyp, kökenek bolup ýörşüňiz meniň mertebämi pesel-dýändir öýtmeýäňizmi!

Mämmetsapa sapalaga ýer galmady, ol inisine dikan bakdy:

--Beg ýigit, sen buz üstünden tozan arap durmuň ýa göwnümemi?

-- Buz üstünden tozan araýan, beg ýigit!

-- Onda men seniň tozanyňy kakyp beräýerin! – diýip, ol gollaryny köne esgä süpürip,gaplaň ýaly apaň-apaň basyp, Magtymgula tarap ýöneldi.

--Tozanymy,çaňymy kakdyrmaga amatly bir gul agtaryp ýördüm-dä!—diýip, Magtymgulam dessine döwşe häzirlendi. Olar büküdip, gollaryny gowaldyp, birek-birege algyr nazaryny dikip, biri-birine topuldy. Olaryň gylyk-häsiýetine näbelet kişiler iki dogan uruşýandyr öýder, emma gara güýçlerine göwni ýetýän gardaşlar oglanlykdan bäri mahal-mahal güýç synanyşyp, birek-biregiň gylawuny-gaýratyny barlaýardy. Mämmetsapa bilen Magtymguly girdi ýakalaşa! Girdi basalaşa! Olar biri-birine gaýratyny görkezip, baýyrlaryň üstünde çynlakaý garpyşdylar. Kä Mämmetsapany Magtymgulyny aşagyna bassa, kä Magtymguly Mämmetsapany aşagyna alýardy. Mämmetsapa:

--Zaňňar, bolsaň bolupsyň-da atamyň söwer ogly! Toý gezegimi alany-ňy az görýämiň sen! Men saňa Şanazar beg däldirin! – diýip gižželedi.

-- Sen birki ýyl gulam bolup, asyl Görogly beg bolandyryn öýdüp ýörmidiň?! – diýip, ikisi sözem uruşdyrýardy. Magtymguly bilen Mämmetsapa gara suw bolýança ýakalaşdylar, basalaşdylar. At gamçylap Çaňly gelmedik bolsa usurgaýança gidişerdiler.

-- Haý-ha, begler, döwüş kylýaňyzmy?… Salam dagy alyp biljekmi siz! – diýip, Çaňly güldi. Mämmetsapany:

-- Magtymjan, sen Çaňly bege serpaý ýapaý, Gaýtarmyş ata bolup dadyňa ýetişdi – diýip, lahlahlap, özünden öňürti Magtymgulynyň üst-başyny kakyp başlady. Çaňly:

-- Magtymguly, Bagdatdan ulug pir gelipdir! Haali Zaman Kaýseri pir! Döwletmämmet agam saňa dessine gelsin diýdi.

-- Asyl sen gorkyňa pirleri, ýagşyzadalaram kömege çagyrdyňmy? – diýip,agasy ýene oňa degsinip güldi… Magtymguly oňa mähriban nazaryny salyp ýylgyrdy…

hhh

Magtymguly gapydan girip, edep bilen salam berip, hezreti pire tagzym kyldy. Ýaş ýigidi ör turup garşylan pir onuň görmegeý görküni, agajetden uzyn boýuny, berdaşly göwresini,syratly kaddy-kamatyny, nurana, nazarkerde keşbini synlap göwni dokundy, oňa oturmaga garşy-syndan ýer görkezdi. Magtymguly ýüzünden-gözünden Hakyň nury ýagyp duran peşeneli piri ozal görüpdi, emma şunça kellesine agram salsa-da nirede görenini ýadyna salyp bilmedi. Hawa, ol dädesi bilen hezreti pirden pata almaga iki ýola Bagdada gidipdi, emma keç bagtyna onuň bilen duşuşyp bilmändi. Magtymguly ady-awazasy jahana dolan hezreti piriň kitaplaryny höwes bilen okapdy, onuň pygamber däldigini, ýöne pygamber mugjyzasyny görkezip bilýändigini, alty aýlap ölüm ýassygynda ýatan hassalary sagaldyp, zynjyrlaýmaly gyzyl jynlylary keramaty bilen bejerip bilýändigini eşde-eşde gelýärdi. Ýöne ol piri huşunda gördü-mikä ýa düýşünde gördimikä? Ýadyna düşürjek bolup kösenýärdi, emma piri göreni weli hakdy.Dessur boýunça hal-ahwal soraşan pir Döwletmämmet aga seredip, çalaja ardyndy. Kethuda özünden duýup jaýdan çykdy, olar ikiçäk galdy. Magtymguly oýurgandy, ol jaýda nähilidir bi r keramatyň, gudratyň owsunyny, mähirini duýdy, emma depesinden dabanyna çenli ýanardag ýaly ýanyp duran ýaş ýigit oňa ullakan ähmiýet bermedi. Pir Magtymgula dikan bakyp:

-- Magtymguly, oglum, soňky üç…dört aýda näme üýtgeşik zat gören bolsaň, niçik hikmete duşan bolsaň, bolşy-bolşy ýaly pir agaňa gürrüň ber—diýdi. Ýigit tisginip, hamana pynhan syry açylan ýaly ýalta pire seretdi.

-- Düýş gördüm hezreti pirim…

Pir nurana ýylgyrdy:

-- Seniň ylahy düýş görüp, ýagşyzadalardan ençe-ençe bada şerabun-terahumy içeniň ýüzüňden-gözüňden görnüp dur. Onuň sermesligi seriňden gitse-de, entegem gözleriňde galan sermeslik dumanlap dur ahyry…

Magtymguly her gezek aýna bakanda gözlerindäki ýyldyrdap duran jan yşygynyň üstünde ümez dumanyny görýärdi, ol ony Meňli gyzyň yşkyndan gözlerinde galan heserdir öýdýärdi.

—Üç-dört aýyň içinde nähili hikmete sataşdyň Magtymguly?

Ol hezreti piriň ýüzüne çiňerilip bakmaga ejap etdi. Emma piriň pynhan wakany bilşine haýran galdy. Magtymguly munda üç ýarym aý ozal düşünip hem düşündirip bolmaýan hikmete uçrapdy, ol ony dädesine, hatda Meňlisine-de aýtmandy, hezreti pir bolsa aýylmadyk-aýdylmadyk syry bilýär. Ýigit böwrüni diňläp, esli salym oturdy:

-- Hezreti pirim, mundan üç ýarym aý mundan ozal zyýan tapyndym…

-- Zyýan tapyndym?

-- Howa, zyýan tapyndym… bir hili aklym üýtgedi…

-- Ony hiç ýerde hiç kime aýdan dälsiň-dä?…

-- Ýok, hezreti pirimiz…Dädeme aýtjak boldum, emma ýüregini agyrt-maýyn diýdim…

Hezreti pir hoşhal bolup Magtymgulynyň dumanlap duran didesini, nurana ýüzüni uzak synlady, ýigit bolsa, utanjyndan ýere girip barýardy.

-- Oglum, ertir ikimiz seniň zyýan tapynan ýeriňe gideris…

-- Daş ýer-dä ol hezreti pirim…

-- Bagdatdan-da daşmy? – diýip, pir mährem ýylgyrdy.

...Ertesi gara daňdan olar ýola ugrady. Magtymguly ejesiniň ýola salan azykly horjunyny aljak boldy, pir aldyrmady. Magtymguly atly gideli diýdi, pir pyýada ýola düşdi. Pir bilen Magtymguly obadan çykýança obadaşlarynyň özlerini nazarlary bilen ugradýandygyny, olaryň ählisiniň piri ýüzüne sylýandygyny synlady. Olar sümme tokaýdan çykyp, at gaýtaraýmaly boş ýere bardylar.

-- Ynha, şu ýerde zyýan tapyndym pirim...

Hezreti pir daş-töweregi mähir bilen synlap:

-- Indi bolşy-bolşy ýaly gürrüň ber – diýdi.

Magtymguly ýaýdanyp, pirine garap gürrüňe başlady.

-- Hezreti pirim, men şöwür çekmäge gaýdypdym, şujagaz depä çyka-nymda nämedir bir zatdan gorkan ýaly erbet tisgindim:bir görsem, men ömrümde görmedik jülgäm bilen barýan. Jülgäniň ortasynda ak köpük bolup çasly çaý ses edip akyp ýatyr. Gulagyma aýylganç owaz eşidilýär, ýöredi-gimçe ses güýçlenýär. Ýeňiljek ümür duman basan jülgäniň egremçesinden geçdim, görsem al asmandan şaglawuk şaglap akyp ýatyr. Äpet şaglawuk jülgäniň daşlaryna urlup, ýene göge göterilýär, ondan syçyraýan suwlar bir menzil ýerde jybarlap ýagyş ýagdyrýar. Men şaglawugyň golaýyna baryp, onuň haýsy uçutdan gaýdýanyny synladym. Göwnümemi, gözümemi, asyl şaglawuk asmanda magallaklap duran uçutdan däl-de, lemmer-lemmer ak bulutlaryň göwsünden gaýdýardy. Şaglawuk birde suw ýaly,birde ümür-duman ýaly. Suwsuzlykdan ölüp barýanym ýadyma düşüp, erk-ygtyýarsyz telbe ýaly girdim şaglawugyň aşagyna. Güýçli akym meni entiredip-tentiredip, ýykyp barýar. Men süýt ýaly janyňa şipaly şaglawugyň suwundan gana-gana içýän, hamana suw däl-de jadyly owaz içýänim ýaly, näçe içsem-de teşneligim gananok, suw suwsaýan ýerime baranok. Birden şaglawuk gaýnag suwa öwrülip depämden eňterildi, men gaçyp çykjak boldum, rowgatym ýok. Dem salymda gyzgyn suw lowlap-güwläp duran ýalyna, ýangyna öwrüldi, men özümden gidipdirin... Bir haýukdan buz ýaly sowuk suw meni özüme getirdi. Janym heziller etdi, birdenem bethaýbat batly şaglawugyň buz ýaly suwy meni gagşadyp, doňduryp taşlady. Şaglawuk gök buza öwrülip, meni goýnuna alyp doňup galdy. Men ýene özümden gidipdirin. Näçe mahal beýhuş bolanymy bilemok, bir özüme gelsem, ynha şu depede ýatan ekenim. Meni haýran eden zat: depe tozap ýatyr, üstüm-başym bolsa süllümbaý myjjyk suw.

Hezreti pir Magtymgulyny gujaklap uzak durdy, haçanda ol Magtymgulyny gujagyndan goýbereninde piriň gözleriniň ýaşlydygyny gördi.

--Magtymguly,seni Allahym ýalkapdyr! Sen Allatagalanyň azyzy! Ol saňa innel—Hak içiripdir! Gözüň aýdyň,Magtymguly!

--Innel-Hak bolanda näme bolýar,hezreti pirim?

--Gyssanma,wagty geleninde düşündirerin. Sen... sen ozal meni görüpmidiň, Magtymguly? – diýip, pir sowal berdi.Ol çala başyny atyp:

-- Hezreti pirim, men sizi ozal gördüm, emma nirede görenimi ýadyma düşürip bilmän kösenýän.

-- Howa, sen meni gördüň, menem seni gördüm. Men seni nirede, nähili halda görenimi bilýän, sen bolsa hatda nirede göreniňem bileňok... Magtymguly, sen meniň müridim borsuň!

Ýigit allaniçiksi tisginip gitdi, gözlerini höwlendirip pire garady.

-- Magtymguly, sen meniň müridim, men seniň mürşidiň! Üç ýarym aý mundan ozal saňa zyýan tapdyran hikmet maňa aýan boldy, ynha, men şondan soň Bagdatdan paýu-pyýada seniň ýanyňa geldim. Özem Allamdan aýlanaýyn, sen meniň ýürekdeş dostumyň, köp ýyllap duz-emek bolan meslekdeşim Döwletmämmet piriň perzendi bolup çykdyň...

Piriň teklibi Magtymgulyny tas uçurypdy, ol yklym eýesi Haali Zaman Kaýseri piriň adyna-awazasyna aşykdy, diwanlarynyň bendiwanydy! Gör-ha, Magtymguly şan-şöhrady ýedi yklyma dolan keramatly, gudratly piriň, nakyp piriň müridi bolmaly! Ol beýle bagty arzuwam edibem, hyýalyna getiribem bilmeýärdi! Iki ýola Bagdat ýaly alys ýola gidip, ak pata alyp bilmedik piriniň özi Bagdatdan gelip, ak pata näme, müridim borsuň diýip dur! Magtymgulynyň akly çalam-çaş bolup, göwresi guş bolup uçdy.Hezreti pir:

--Enşalla,men seni şähri Bagdada alyp giderin—diýdi. Birden Magtymgulynyň ýadyna Meňli düşüp, şol demde seňseledi, şol demde gara suw derledi, beýnisinde ýyldyrym çakyp, elhenç lakma (parali&ccedilwink göwresini iki jaýryp taşlady! Ol hut şu pursat Meňlili dünýäsinden çykyp barýan ýaly aljyrady, jadyly yşkyndan, heserli ýaşaýşyndan aýrylyp barýan ýaly hopukdy,essiniň aýylyp barýanyny duýdy, içinden Hudaýa ýalbaryp, piriniň ýanynda masgara bolmajak bolup,ähli güýjüni edip erkini ele aldy. Hezreti pir ony gabak astyndan synlaýardy...

Haali Zaman Kaýseri pir Magtymguly bilen ýanaşyp ýöräp,oba gelýärdi.

Hezreti pir:

--Magtymguly, sen aýna bakanyňda gözleriňde dumanlap duran heseri göoýäňmi?—diýip, ýaş ýigide nazar salyp, jogaba-da garaşman, sözüni dowam etdi.—Kerem-keramaty çoh Allatagalanyň göze görnüp duran gudraty gözlerdedir. Islendik kişiniň gözleri—şol adamyň kalbynyň, beýnisiniň gapysy... Beýik Biribar saňa SAŇA mynasyp GÖZ beripdir. Enşalla, sen o gudratly gözleriň bilen islendik adamyň ýüre-gine, beýnisine girip, delalat eýläbem, erk-ygtyýaryny alyp hököm eýlä-bem bilersiň! Dertlileriň derdine dowa-da bolup bilersiň...

Magtymguly Hudaýyndan hoş bolup, piriniň gürrüňiniň dowamyna garaşdy. Olar ekinligiň gyrasyndaky ýol bilen gelýärdiler. Pir ýola ýakyn ýerde gara derini saçyp işläp ýören bir daýhany üm bilen görkezdi.

--Şol kişini tanaýamyň?

--Tanaýan.Haýdar aga, talaban. Ýarlykly garyp...

--Howwa, ol ýarlykly garyp, pakyr-pukaralyk ony halys burup ýykyp-dyr. Ana şol kişi Hakyň rahmetine duçar boldy, emma ol ony şindi bilenok.

Haýdar hebeşi ýaly garady, salyhatlydan daýawdy, azapalla diýip dünýä inen jepakeş, dymmarak bendedi...Baýlygyň mesgeni diliň üsti, garyplygyň mesgeni diliň asty. Ol mydama dymar ýörerdi, agzyny açsa garyplygy daşyna çykaýjak ýaly. Haýdar käte bir degşeninde "meniň gara maňlaýym tamam göwrämem garaldyp zyňypdyr" diýerdi. Emma Hudaý diýen ýeri bar eken, o ýyl ol goňşy obadan garabaş gyrnak alyp gaçypdy, şaýy diýäýmeseň, gyrnak diýäýmeseň, ol aýyň parçasy ýaly owadan eken. Hezreti pir bilen Magtymguly golaýlanynda Haýdar hebeşi ýola çykyp, olar bilen salamlaşdy. Hal-ahwal soraşyldy. Hezreti pir:

--Eý, bende,sen kim?—diýip, mylaýym ses bilen sorady.

--Galandar aga,men bir garyp-pukara...

--Sen näme diýip pakyr-pukara?—diýip, pir sorady. Haýdar hebeşi uludan dem alyp, gamgyn ýylgyrdy:

--Bir serçe:"Bagtly boljak bolsam ejemde emjek bordy" diýenmiş. Pir aga biz bir gara gul bolup dünýä gelen-dä...

Hezreti pir bir pursat Haýdar aganyň iki gözüne dikan seretdi. Ol sazanaklap, saňňyldap, galdyrap başlady, barmaklarynyň titreýänine utanyp penjelerini berk ýumdy. Birden hebeşi titremesi, sazanaklap-saňňyldamasy bilen doňup galdy.Pir oňa dikan bakyp köp durdy. Birhaýuk-dan sag penjesini onuň ýüzüne golaýladyp, aýlap goýberdi. Görgüli ýaňadan tisginip gitdi-de gözlerini açyp-ýumup erbet utandy. Hezreti pir ýene-de:

--Eý, bende, sen kim?—diýdi.

--Galandar aga, men Haýdar Allaguly, Hudaýa şükür,gurgun adam.

--Erte däl-de,birigün sähetdir, gapyňda ojak gazyp, töweregiňi çagy-ryp bir janly sadaka ber.

Haýdar aga hoş diýdi. Pirdir Magtymguly onuň bilen hoşlaşyp ýola düşdi. Hebeşi bolsa uzak wagtlap äm-säm bolup, olaryň yzyndan garap galdy, sebäbi onuň sadaka bermäge malam ýokdy.

Hezreti pir:

--Magtymguly, gudraty güýçli Perwerdigär näme diýip ol garyby biziň öňümizden çykardy? Biribar ony bize duşurman hem gurgun adam edip bilýär ahyry! Onda näme diýip ikimize duşurdy?—diýip, Magtym-gula seretdi.--Sebäp seniň gursagyňda güman bar,sen maňa mürid boljagyňa öz ýanyňdan gynanýarsyň. Sen bu dünýäniň eziz närselerine aşyk. Nesip bolsa erteki gün seriňde aýlanýan pikirleriňden utanarsyň ...

Döwletmämmet aga hezreti pir bilen metjitde ýassy namazyny okap gelensoň, pir Magtymgulyny özüne mürid saýlaýanyny aýtdy, Döwletmäm-met aganyň begenjinden ýaňa ýüregi tas çat açypdy, her hal salyhatly kethuda özüne erk edip, Seýit Syrajeddin piriň aýdan hatarly zatlary-nyň gylyny gymyldatman Haali Zaman pire gürrüň berdi. Gam-gussa batan hezreti pir "Habarym bar" diýip nazaryny bir nokada dikip agyr dymdy. Peşeneli piriň gözündäki yzany, perişan ýüzündäki hasraty görüp, Döwletmämmet aganyň jiger-bagryndan gyrmyzy gany joralanyp başla-dy, görgüli sorag berjek,anyklajak, aňyrsyna ýetjek boldy, emma beterin-den gorkup içinden toba etdi.Hezreti pir:

--Döwletmämmet, Magtymgulyny ozaly bilen beýik Allatagala gorasyn, senem Haka ýykyl,menem Haka ýykylaýyn, Allajan rehim-şepagatlydyr—diýdi.

hhh

Hezreti pir geleli bäri Ýagşymyrat baý yzly-yzyna kethudanyňka baryp, pire ýykylyp, oglunyň zyýan tapynyp, heläk bolup ýatandygyny aýdyp zar-zelil ýalbarypdy. Hezreti pir her gezek, «Allanyň bendesi, garaşyň, özümiz bararys» diýýärdi. Ýagşymyrat baý hezreti pir bilen Magtymgulynyň öýüne tarap ýönelenini görüp, ýola ýumlukdy. Ol ylgap barşyna, piriň aýagyna ýykylyp, zarynlady.

-- Pirim, söwer balamy halas eýle! Pirim, men tamam Gürgeniň, Kümme-diň uly baýy! Hany-manym siziňki... -- diýip, gözýaş eýledi, agy damagyna dolup gepläp bilmedi. Pir oňa mährem nazaryny dikip:

-- Gürgeniň, Kümmediň uly baýy bolup, sandyk-sandyk gyzylyň bilen, hany-manyň bilen söwer ogluňy gorap bilmediňmi? - diýdi.Ýagşymyrat baý başyny ýrady.

Hakykatdanda ol Türkmensähranyň atly baýydy. Üç-dört aý mundan ozal ogly Saparmyrat zyýan tapynypdy,oglany Döwletmämmet pirem, Selim magtymam, Baky pirem okapdy,emma nepagasy degmändi.Ýagşymyrat baý ony Bagdada, hezreti piriňkä äkideýin diýip, ýol şaýyny tutup ýörkä, piriň özi üstüne geläýdi. Ýagşymyrat baý muny ýagşylyga ýordy.Hezreti pir bilen Magtymguly baranda Saparmyrat kakynyp-silkinip, gygyryp ýatan eken. Ýigidiň ýüzi, geýim-gejimi persalady. Işgilli gollaryny kelemendirip, gandally aýaklary bilen depirjikläp bolmajysy bolýardy. Onuň garaçygy ulalyp giden wagşy ýşykly gözlerini göreninde Magtym-gulynyň endamy jümşüldäp gitdi. Ol ömründe ikinji gezek şeýle wagşyýana gyzyl däli diýilýäni görýärdi.Hezreti pir oglanyň ýüzüni emaý bilen sypalap, göni garaçygyna garap:

-- Oglum, hany gykylygyňy goý! - diýip, ýuwaşdan mährem gürledi. Pir iki aýasyny däliniň ýüzüniň üstünde ýöretdi -- Köşeş, oglum, köşeş.

Saparmyrat garaçygy owasyna sygmaýan gözlerini petredip, oslanmaýan bir wagşylygy etjek bolup, onam ýadyndan çykarana meňzeýärdi. Hezreti pir uzyn dogany sesine nazym-kyrat berip okap, üç ýola hassanyň ýüzüne çüfledi. Pir tesbisini Saparmyradyň eline tutduryp:

-- Tesbini oýnaber, oglum -- diýdi. Emma Saparmyradyň piňine däl, ol gözlerini höwlendirip ýatyr. Pir:

-- Hany ýigidiň elini-aýagyny boşadyň -- diýdi. Piriň arkasynda duran daýaw üç-dört pyýadanyň biri:

-- Hezreti pirimiz,Saparmyrat örän güýçli, bir sypsa, soň bize güýldirmez!

-- Boşadyň, Hudaý ýol berse, ýigidiň güýlündiginiň soňy bolar!

Daýaw pyýadalaryň biri Saparmyradyň golundaky işgili, biri aýagyn-daky gandaly aýyrdy.

Pir ýaňadan bir doga okap bolup:

-- Magtymgulydan başga hemmäň jaýdan çykyň -- diýdi. Jaýdakylar çykdylar. Şondan soň hezreti pir gaty uzyn dogany birhili owaz bilen, birhili labyz bilen şeýlebir yhlasly okady, şonda Magtymguly doganyň hem-de hezreti piriň mährem sesiniň gudraty bilen owsun atyp jaýa keramatyň dolup barýanyna göz ýetirdi. Asyl Magtymgulam erk-ygty-ýaryndan aýrylyp, cüýşüp süýjiden süýji keramat dünýäsine gidip barýar. Haýran galmaly ýeri gyzyl däli Saparmyrat gözleri ýarym açyk ýagdaýynda uklap galdy. Pir emaý bilen onuň ýüzüni sypap, gözlerini ýumdurdy. Magtymguly bilen pir daş çykdy Ýagşymyrat baý orta hal sandykda gyzyl çykaryp:

-- Hezreti pirimiz, ynha siziň aklygyňyz -- diýdi.

-- Baý, beýik Allatagala saňa uly baýlyk beripdir, senem ber, garyp-gasara, ýetim-esire, dul hatyna ber. Sadakam diýip ber, el-gözümiň haýry diýip ber. Sogapdan, alkyşdan, minnetdarlykdan daşyňa gala sal. Berýän el Hakyň eli, «dünýäniň ähli baýlygy meňki bolsun» diýip alyp ýatan el bolsa Melgunyň eli... --diýdi.—Baý,unutma,uly baýlygy beren Allatagala seni synaga salyp ýörendir...

Hezreti piriň diýen güni Haýdar hebeşini gapysynyň öňünde ojak gazanynda içi üç müň tyllaly hum tapypdyr diýen gürrüň oba ýaýrady.Hoş habaryň yzy bilen alakjap hezreti piri gözläp, Magtymgulylara hebeşi geldi. Ol bir duran ýerinde durup bilmän uçganaklap, zowzanaklap ýördi. Magtymguly ony tanaýardy. Ol üç müň tylla tapdym diýip zowzanaklap ýörmeli adam däldi.Haýdar aga tyllaly hum üçin däl-de, gudraty güýçli Allanyň özüne nazar salany üçin, Eýrana-Turana owazasy dolan piriň özüne tyllaly humy tapmaga ýol salgy bereni üçin begenjinden uçup ýördi...

Hezreti pir bassyr üç gün Saparmyrady okady, gandallanyp saklanýan gyzyl däli ýyljyraklap duran Saparmyrada öwrüldi. Pir Magtymgula syrly seredip:

--Hudaýym ikiňizi durmuşyň bir öwrüminde ýene duşurar, Magtym-guly—diýdi.

Pir Halap aganyň aý ýarym bäri ýarpy göwresi ysman düşekde ýatan aýalynyň derdini dep eýledi. Birnäçe gezek Hajygowşanyň metjidinde jemagata wagyz-nesihat kyldy. Bir gün gara daňdan Magtymgulyny ýanyna alyp, Mir Huseýin Ybadullah pir bilen didarlaşyp, hal-ahwalyny sora-maga Mazenderana ugrady. Ol bende kesel ýatanmyş... Olar jahan mazaly ýaýrap, Gündogar al elwan öwseninde bir ýerde dynç almaga düşlediler. Hezreti pir gabak astyndan Magtymgulyny synlap:

-- Magtymguly, ynha sen-de yşkdan püre-pür... - diýip, söze başlan badyna tisginip giden ýigit özi bilmezden ör-gökden gelip, piriň sözüni kesdi.

-- Ony size kim aýtdy pirim?

Pir hoşhal ýylgyrdy:

-- Ony aýtmak nämä gerek? Sen yşk-heser bolup alawlap dursuň ahyry... Magtymguly ynha, sen-de yşkdan püre-pür, men-de yşkdan püre-pür. Sen-de meniň okan dogalarymyň aglabasyny bilýärsiň, ýöne sen kyrk ýyl okasaň-da o neressäni jynlylygyndan gutaryp bilmersiň... Sebäbi näme? Sebäbi sen ynsan yşkyndan, men Allanyň yşkyndan doly! -- pir gyssanman arasyny bölüp-bölüp gürleýärdi. --Men seni Bagdada alyp giderin, okadaryn, ikimiz derwüş bolup Rumy-Şamy, Eýrany – Turany şäherme-şäher, galama-gala, obama-oba aýlanarys. Köp-köp hupbatly ýollary geçip, men seni Hakyň dergähine barýan ýola düşürerin.Sen halklaryň-halaýyklaryň hak hossary bolup, ýetime-esire, pakyra-pukara, ejize-mazluma howandar, närowa-hassalara dowagär, dertlilere delalatgär bolup Hakyň gullugynda durarsyň!

Magtymguly hezreti piriň sözlerinden ýene seňseledi, ol piriň ýörite özüni alyp gitmäge geleninem, Meňliden jyda düşmeli boljagynam bilýärdi, emma barybir seňseledi.Hezreti pir pessaý ses bilen:

-- Magtymguly, men seniň ýagdaýyňa düşünýän. Sen apaty yşka sata-şypsyň. Häzir seniň üçin şol gyzdan eziz zat ýokdur. Şu mahal sen tutuş dünýäniň baýlygyny, şalygyny, soltanlygyny, pähim-parasadyny, kera-matyny---gudratyny şol gyzyň ýalňyz bakyşyna çalyşmarsyň! Oglum, sen ýüz ýylda bir ýola bagty çüwen şahyr ýigide berilýän beýik yşka sata-şypsyň! Beýik Allatagalanyň seni şeýle

beýik yşka sataşdyrmagynň sebäbini bilýämiň? -- diýip, ýigide dikan garady, Magtymguly başyny yrady… --Sebäbi seniň şol gyza yşkyň, Ynsan yşkyň gelejekde Ylahy yşka basgançak bolmaly! Biribar seniň gursagyňda zemin yşkyny ýakyp, seni asman yşkyna taýýarlaýar. Sen meniň bilen gidip, Hakyň hak ýoluna düşüp, gudratly, keramatly aryf bolup, ikinji basgançaga—Ylahy basgançaga çykarsyň!

Magtymguly özi bilmezden agyr haşlady.

-- Oglum, sen Hakyň hikmetine uçradyň, olam maňa aýan bolup seniň ýanyňa geldim.Seni müridlige men saýlandyr öýtme, ýok, seni gudraty güýçli Biribar saýlandyr.

Olar hemsöhbet bolup uzak ýol geçdiler. Magtymguly aýybam bolsa häzirlikçe Bagdada gidip bilmejekdigini aýtjak bolýardy, emma ol özüniň erksiz halda düýbünden başga zat aýdýandygyna haýran galýardy. Giç öýlän hezreti pir onuň bilen hoşlaşyp, allaýarlaşyp Mazenderana gitdi, ol yzyna dolandy…

Bir zaman Yşkdan sorapdyrlar:

--Eý,gudratly Yşk, seniň mesgen-mekanyň nirede?

--Hijrandan aňyrda!

--Senden aňyrda näme bar?

--Aýralyk bar,hijran bar…

Şahyryň yşky-- pisse, onuň iki gabygam pyrkat.

Magtymguly çuň pikirlere gümrah bolup yzyna gelýärkä, birden säginip, böwrüni diňledi. Ýoluň sag tarapynda hanasy atam eýýäm gömülen jar bardy. Ol kimdir biriniň özüni yzarlaýanyny duýdy. Magtymguly ylgap, ok ýaly bolup jara bardy.

--Kynyş däde,sen bärde näm işläp ýörsiň?

Duýdansyz üstüni basdyran Kynyş bege buýtar-suýtara ýer galmady:

--Magtymguly, men seni yzarlap ýörün. Döwlet dädem maňa “Kynyş beg, sen birki aý Magtymgulyny kölegesi ýaly bolup yzyndan galma,ol ýakyn günlerde ýagşyzada duşýar. O peläket Görogly ýaly päkize söwer ýar, çyrpy-nyp duran Gyrat, o dünýäsine iman baýlygyny diläp, perzent dilemäni ýadyndan çykaraýmasyn. Ýagşyzada duşdugy Magtymgula söwer ýarynyň barlygyny ýatlat—diýdi-dä!—Men seniň iki aýaly boruňdan gorkup yzyňda seňkildäp ýörün--diýip, Kynyş beg agzyny ýokaryk tutup, heziller edip güldi. Agasynyň tapan ýeser çykalgasyna Magtymgulam güldi…

hhh

Nedir şanyň şahynşa tagtyna çykanyna alty ýyl bolup barýardy.Uly il ýer ekýärdi,mal bakýardy,gurçuk tutýardy, gelin gyzlar ýüpek mata, haly dokaýardy. Iki ýyl bäri salgytdan azat bolan çarwalar, çomrular, hünär-menler, söwdegärler baýap, aýdylyşy ýaly tezegi tylla öwrülipdi. Şahyrlaryň dili bilen aýdanyňda halk düldüräp, Eýran beýikden berkarar, uludan kuwwatly döwlete aýlanypdy.Nedir şa Mary-şah-jahany Eýranyň gorhanasyna öwürdi. Merwe her gün ýurduň çar ýanyndan onlarça-onlarça kerwen demir, çoýun, mis, gurşun, däri getirilýärdi, her gün onlarça kerwen Marçakdan, Guşgudan, Bathyzdan pisse odunyny daşaýardy. Diňe pisse ody demri-çoýny eredip bilýärdi. Maryda her ýylda ýüzlerçe ululy-kiçili toplar, zembirekler, gumraklar, humbaralar guýlup, müňler-çe-müňlerçe top oklary ýasalýardy. Nedir şa Pars aýlagynda harby deňiz flotiliýasy döredip, Hazar deňzinde-de şeýle flotiliýa döretmäge perman beripdi: ol Pars aýlagynyňam, Hazar deňziniňem ýeke-täk eýesi bolma-lydy! Emma ymam Japar Sadygyň mezhebine geçiliberilmeýärdi.

Aslynda hezreti ymam Japar Sadygyň mezhebi bilen şaýy mezhebi-niň arasyndaky parh näme? Şaýy mezhebine uýýanlar Gurhanyň asmandan inmän, ýerde ýazylan kitapdygyny, Abu Bekriň, Omaryň, Osmanyň hezreti Ala degişli halyflygy zor bilen alandygyny, hadyslaryň dürli alym-lar tarapyndan döredilendigini tekrarlaýarlar. Ymam Sadygyň mezhebi bolsa Gurhanyň asmandan inendigini, ýagny Allanyň kitabydygyny Abu Bekriň, Omaryň, Osmanyň uzurpator däldigini, hadyslar diwanynyň Muhammet pygamberiň diwanydygyny ykrar edýärdi. Şaýylar Muhammet pygambere Alla tarapyn berlen gudratyň, keramatyň, güýjüň gönüden göni hezreti Ala geçendigini, hezreti Alydanam onuň neberelerine geçýän-digine ýürekden ynanýardylar. Görnüşi ýaly, müň ýyllap urşup-gyrlyşyp ýörer ýaly arada ullakan parh, tapawut, sebäp ýokdy. Onda näme diýip Nedir şa şaýylary bäşinji mezhebe geçirip bilmän ýör?.. Muňa sünni ulama-laram, şaýy hadymlaram haýrandy. Emma olaryň habary ýokdy, bu mahal Eýranyň şaýy-sünnileriniň birleşmek meselesi dünýä syýasatyna aýlanypdy. Eýran şaýylarynyň bäşinji mezhebe geçip sünnüler bilen birleşmegine birinjiden Osman imperiýasy garşydy, ikinjiden Efrenç ýurtlary, aýratynam iňlisler, orslar, pereňler garşydy. Ençe ýyllardan bäri Eýrandan, Turandan ýüpek, pagta, haly-palas satyn almaga gelýän söwdegärleriň, dünýä aýlanyp ýören jahan-keşdeleriň galabasy Ottoman imperiýasy (ewropalylar Osman—türkmen döwletini gysgaldyp Ottoman diýýärdi) bilen Eýranyň arasyna dawa-jenjel salyp, uruş oduny tutaş-dyrmaga gelýän jansyzlardy, içalylardy. Olar diňe haly-palasa satyn alman, pis maksadyna amala aşyrmaga ýardam etjek beglerem, hanlaram satyn alýardylar. Dünýä Eýran şaýylarynyň Ymam Sadygyň mezhebine geçmeginden gaty gorkýardy. Sebäbi?Birinjiden Ýewropany üçden birini basyp alan, külli Arabystany baknalyga salan ýurduň—Ottomaniýanyň--Rumustanyň soltany türkmendi, Eýranyň-Turanyň şahynşasy Nedir şa-da türkmendi, Hindistanyň imperatory Muhammedem türkmendi. Eger olar gadymy dana türkmenligini edip, bir çukura tüýkürip birleşäýse, Ýewro-panyň bagtynyň ýatdygydy! Iňlisleriň Hindistanda kowulmagydy! Onsoň Eýranyň, Turanyň, Ottomaniýanyň öňünde durup biljek güýç ýokdy. Şonuň üçinem jahankeşde, söwdegär, ilçi, wekil hökmünde gelen içalylar aşaklyk bilen Osman soltanyna eger Eýran şaýylary bäşinji mezhebe geçäýse,sünnüler şaýylar bilen dost-dogan bolaýsa Nedir şanyň öňünde durup bilmejegini, Eýranyň çakdan aşa kuwwatly döwlete öwrülendigini ynandyrýardylar… Osman soltanam Eýranyň ummasyz kuwwatly döwlet bolanyny görüp durdy. Üstesine, soltan Nedir şahynşaga ynanyp bilme-ýärdi, has dogrusy ynanasy gelmeýärdi.Söwdegär, ilçi, wekil hökmünde ýurda dolan içalylar Nedir şaha-da Osman soltanynyň hiç haçan bäşinji mezhebe pitiwa goýmajagyny, osmanlynyň hiç haçan Eýran bilen dost bolmajagyny tekrarlaýardylar.Onsoňam Osman döwleti döräli bäri Eýran bilen, Eýran Osman döwleti bilen duşmandy. Osmanlylar 1600-ýylda safawy şahynşasynyň Antoniý Şirli atly iňlis bilen Huseýin Aly begiň ýolbaşçylygynda ilçiler toparyny Ýewropa ugradandygyny, ilçi-leriň Orsýet, Germaniýa, Polşa, Awstro-Wengriýa, Fransiýa, Ispaniýa, Italiýa paty-şalarynyň, Rim Papasynyň huzuryna baryp, Ýewropa şalary bilen birleşip, osman imperiýasyny dünýä kartasyndan ýok etmek üçin guran pirimini unutmandy…
Magtymgulynyň ýedi yklymyň eýesi Haali Zaman pire mürid bolýan-dygy baradaky habar Hajygowşan obasyny gulgula saldy. Ýaş başyndan obanyň buýsanjyna öwrülen Magtymgulynyň ozalam ýöne-möne kişi däldigine ynanýan hajygowşanlylaryň depesi göge ýetdi. Bütin ömrüni sydky-sungy bilen Haka hem halka bagyşlan Döwletmämmet pir bolsa şatlygy, buýsanjy gursagyna sygman uçganaklap ýördi. Sebäbi kerem-keramatly piriň Bagdat ýaly alys ýerden Magtymgulyny agtaryp gelip, ony özüne müridlige saýlamagy--gelejekde Magtymgulynyň hem keramatly, gudratly kişi boljakdygyna kepil geçýärdi. Başda ýedi yklymyň eýesi Haali Zaman piriň Bagdat ýaly daş ýerden ogluny soraglap gelenini eşidende Arazgül ejäniňem başy asmana ýetdi, ene-dä, görgüli içinden «hezreti pir näme, Magtymgulyjanyň ady-awazasyna entek ýurduň şahyn-şasy gelmeýämi» diýip buýsanjy içine sygmady, haçanda hezreti piriň ogluny özi bilen äkidip,mürid edinjek bolýanyny eşidende ene ýüregi ýumurtga ýaly çakyldy, görgüli serpmeden gaýdan ýaly seňseledi… Ozalam Döwletmämmet aganyň ýeke günüň içinde saç-sakgaly agaraly bäri Arazgül eje hupbat ýamanyny görýärdi. Mydama onuň bagtynyň üstüne, maşgala-synyň depesine nämälim howp-hatar, nägehan bela-beter, eýmenç bedi-bagtlyk abanyp duran ýalydy. Ol Magtymgulyda han dogany Döwletalyny görýärdi. Dogry, onuň beýleki ogullary Abdylla-da, Muhammetsapa-da, Janesen-de serdar-serdar gerçeklerdi. Emma olaryň arasynda Magtymguly akyl-paýhas babatda-da, adyl-adalatlylyk babatda-da, şasuwar kaddy-kamat babatda-da aýratyn saýlanyp durdy. Arazgül eje ogluny gökleňiň-emudyň hany hökmünde göz öňüne getirýärdi, emma gör-ha ony adamsy pire mürit etjek bolýar! Uly han maşgalasynda dünýewi terbiýe alan Arazgül eje Magtymgulyny egni ýama-ýama hyrkaly diwana-derwüş edermi?! Dogry, derwüşler gudratly, keramatly bolýar,emma ene söwer oglunyň keramatly pir bolanyndan, serdar bolanyny, ulus-iliň akyl-paýhasly serdarly bolanyny ýagşy görýärdi. Ile adyl serdar gerek, külli türkmene beýik serdar gerek! Mürid boljak, mürşid boljak tapylar,emma halkyň bagtyny çüwdürjek beýik han tapylmaýar!

Arazgül eje Magtymgulynyň gijesi ýok,gündizi ýok, apat yşk zerarly ýanyp ýörenini görýärdi, syzýardy, duýýardy. Arada bir toýda ol Meňli gyzy daşyndan görüpdi: Meňlijanam yşk bolup lowlap ýanyp ýören eken! Ýeri Arazgül eje nowjuwan balasyny,yşka düşüp, ýanyp-bişip ýören balasyny nädip Bagdada iberip biler,nädip? Ýeri hakyky aşyk-magşugy nädip biri-birinden jyda düşürip bolar?.. Her hal han gyzy Arazgül eje durmuşa düýpli düşünýärdi: çaga guş höwürtgeden näçe ir uçsa, şonça-da ýaşaýyşa ukyply bolýar.Düýe ýitmese semremeýär…

Ol Magtymgulynyň bu ýyl bolmasa,täze ýyl Bagdadyň ýa Buharanyň medresesine okuwa gitjekdiginem bilýärdi, emma ol enedi,ýaňy murty garalyp ugran balasyndan aýra düşmegi aklyna-da sygdyryp bilmeýärdi. Durşuna gam-gussa, perişan hasrat bolup oturan Arazgül ejäniň ýadyna ýaş gyzjagaz wagty daşkyrak daýzasy bilen bolan bir waka düşdi: Arazgül eje gulpaklyja gyzjagazka ýurduň üstüne uly howp abanýar,on dört ýaşly gödeklerden ýetmiş ýaşly gojalara çenli ata çykmaga perman berilýär.O mahal Arazgül ejäniň dädesi Atanyýaz aga handy. Şonda Gülsün daýzasy han bilen garyndaşlygyndan peýdalanyp,eziz balasyny söweşden alyp galjak bolup ýalbarýar. Atanyýaz han bolsa:

“—Seniň iki ogluň bar, bu mahal ýeke ogullylaryň ýekedikraram ata çykdy”—diýipdir.

"—Wah,han aga,ol neneň ata çyksyn,oglum üşüdip-gyzdyryp ýorgan-düşekli ýatyr!"—diýip, Gülsün daýza sagat oglundan ýalan hassa ýasap,ýalan sözläp özelenip, zar-zelil ýalbarýar. Aksakallaram o biçäräniň bozlaý-şyna dözmän,hana töwella edýärler. Atanyýaz hanyň gaty gahary gelýär,iki serkerdesine barlap gelmegi tabşyrýar. Gülsün daýza ýalanynyň üstünde tutuljagyny, masgara boljagyny bilip, agaryp-gögerip öýüne gelýär. Serkerdeler bile jaýa girse, hakykatdan-da Gülsün daýzanyň uly ogly üşüdip-gyzdyryp, ot-ýalyn ýanyp ýatan eken. Gülsün daýza ýalanynda tutul-manyna Alladan hoş bolýar,uly howpdan ogluny halas edenine begenýär. Emma üşüdip-gyzdyryp ýatan oglunyň derdi günsaýyn beterläp, içinden lagta-lagta gan gelip,oglan gidip barýarmyş… Birnäçe gün geçeninden soň söweşe gidenler ullakan ýitgi çekmän, ýeňiş bilen oba dolanýar,şol gün Gülsün daýzanyň dag ýaly ogly bolsa dünýäden ötýär. Şonda Gülsün daýzasy,"Wah,ýurt üçin söweşe dözmedik balamy öz elim bilen,öz dilim bilen özüm öldürdim-eý! Wah, watana dözmedik balamy gara guma dözmeli boldum-eý" diýip bar-bar bagyrypdyr… Birden Arazgül eje içýan çakan ýaly tisginip gitdi, ýatlap oturan ýakymsyz wakasyndan gorkdy." Aňyma gelen alnyma gelmäwersin" diýip içinden dileg etdi. Emma Arazgül eje Magtym-gulydan aýrylybam, ýaşap biljek däldi. Magtymgulynyň Meňliden, Meňliniň Magtymgulydan aýrylyp ýaşap bilmejeginem bilýärdi.Ol dessine adamsyna töwella-tagsyr etmek üçin neberäniň ýaşulylaryny ýygnamagy müwessa bildi, emma olaryň hiç biriniň kethudanyň ýüzüne gelip bilmejekdigini aňyp, diňe aýal-ebtatlary çagyrdy. Kynyş aga bilen Selim Magtymguly bolsa, Magtymgulynyň pir bilen Bagdada gitmegine kes-kelläm garşydylar. Olar kethudanyň jaýyna baryp, döwre gurup gürrüňe başlady. Şol pursat Mirhaýdar aga gapydan girdi,ol ýonaçylar neberesiniň ýaşulysydy, Magtymguly ýonaçynyň doganydy, ýetmiş ýaşap ýören keselbent adamdy. Goja olaryň salamyny alyp, töre geçip otur-şyna, golundaky jir ýaglygy bilen çöňňelen gözleriniň ýaşyny süpürip:

--Siziň ýaşyňyzda gözüň ýaşarsa, gözüm ýaşarýar diýilýär, anha, meniň ýaşyma baraňsoň "gözüniň çorbasyny akdyryp otyr" diýýäler—diýip, güldi, oturanlary birlaý synlap, kethudada saklady.—Döwletmämmet, Magtymguly mürid bolup gidýämiş diýip eşidip geläýdim…—Ol ardynyp, Döwletmämmet aga dikan bakdy--Inim, sen, tüweleme, iliň kethudasy, seniň görmedik iliň, barmadyk ýurduň, okamadyk şäheriň, medresäň, bilme-ýän ylmyň-bilmiň ýok. Döwletmämmet, her ki zadyň bes diýen ýeri bardyr. Magtymgulyny beýdip gije-gündizi okadyp ýörseňiz, bedibagt edersiňiz. Adam ogly näçe köp okadygyça, näçe köp bildigiçe, näçe akyl-paýhasy, ylym-bilimi artdygyça ýüregi ýumşaýar, göwni ýukalýar, gözleri açylýar, wyjdany kämil çykýar, onsoň perişde ýaly Magtymguly garagy gapyk bi wagşyýana adamlaryň arasynda nädip ýaşap biler?! Men Magtymguly bilen kän söhbetdeş bolýan, siz ony gije-gündiz okadyp-okadyp çagalygyndan jyda düşürdiňiz, ýaşlygyndan aýra saldyňyz. Neressäniň çagalygy boltady, sekiz-dokuz ýaşyndan bäri ylla uly adam ýaly. ÝA men ýalňyş-ýanmy?—Ol töweregine göz gezdirdi. Oturanlar Mirhaýdar agadan arka tapynyp,ondan hoşal boldular,ýerli-ýerden makulladylar.—Döwletmämmet, Hudaýym Magtymgulyny kesbi-käri bilen bile dünýä getiripdir. Men onuň goşgularyny agtyk-çowluklaryma okadyp köp diňleýän, Hudaý ýol berse,ol uçursyz uly şahyr bolar, ol Hakdan içipdir! Elbetde, aryflar gudratly, keramatly bolýandyr, emma men köp-köp aryfyň goşgular diwanyny okatdyryp, ýüregimiň üstünden ýol öwüsdirip goýberýän goşga duşmadym…

--Haýt,aga saklan, küpür geplemäweri!—diýip, Döwletmämmet aga kynam bolsa agasynyň gepini böldi. Mirhaýdar aga:

--Inim, men size Magtymgulyny aýaň,oňa şahyrlyk,zergärlik kesbi bolýar diýmäge geldim…

Goja gaýynyndan göwni biten Arazgül eje han gyzylygyny etdi:

--Aksakal, men ene, maňa gyrgy balamyň bürgüt,gögerçin balamyň guba gaz bolup görünýän bolmagam ahmal,emma siz Magtymgulynyň şasuwar kaddy-kamatynda, howalaly göçgün ruhunda, çakdan aşa ýiti pähim-parasa-dynda, adyl-adalatlylygynda, salyhat-sahawatlylygynda onuň Alla tarapyn serdar edilip dünýä getirlenini görmeýäňizmi? Gürleşen kişisini özüne bendiwan ediji mähir-muhapbetinde, ýürekdeşliginde, ýoldaş bolan adamsynyň kalbynyň töründen orun alyp bilýän gylygynda siz onuň beýik hanlygyny görmeýäňizmi? Men-ä Magtymgulynyň arşda serdar edilip goýberlen başy ýyldyzly, gursagy perişdeli ýigitdigine halys-alla ynanýan!—diýdi.

Arazgül ýeňňesiniň gepinden göwni dokunan dünewi ussa Selim Magtymguly ilkinji gezek agasynyň ýüzüne gelip:

-- Agam, uly ile han bolup, serdar bolup ýörmäge mynasyp Magtym-gulydan sopy ýasajak bolmalyň! Heý Magtymguly ýaly Hakhalan,halkhalan gerçek ýigidem derwüş-galandar edip bormy? Magtymguly ýaly sahypkyran ýigidi ýyrtyk-ýirik jindeli obama-oba, galama-gala, öýme-öý aýlanyp ýören derwüş halda görsem, meniň-ä ýüregim ýarylar?! Agam, eger bizi ynjytmajak bolsaň, serdar ogluňdan sopy ýasajak bolma! – diýdi. Selim Magtymgulynyň sözünden gylawlanyp, Kynyş begem dürli delilller getir-di. Adamsyna gaty belet Arazgül eje bu sözleriň oňa täsir etmeýänini aňyp, onuň inçe tarapyndan baryp dady-perýat, ahy-efgan bilen ýüregini ýumşadaýmasa, Magtymguly bilen Meňlijanyň hijran-pyrkata sezewar boljagyny duýýardy.

-- Aksakal, Mämmetsapa bilen Magtymgulyny bir günde öýerjek bolup, sähedini alyp goýanymyzy ýadyňdan çykaraýdyňmy? – diýip, Arazgül eje didelerini ýaşlap, ýüz dürli delil getirip, gözýaşu-ahu-perýat etdi. Gaýny-nyň özüni aşa sylaýanyny bilýän Ogulşeker:

-- Gaýyn, dünýäde on dört aşyk bar diýilýäni çyn bolsa, şol aşyk-magşuklaryň hakykysy Magtymguly bilen Meňlijan! Magtymgulyny Meňliden aýyrsaňyz, Magtymguly dälirär…

-- Meňlijan bolsa öler, öler! Ozal nägünlikde olar bilen guda bolduk, gaýyn? – diýip, Nurjemal gelin aglap goýberdi.

Sesini çykarman ähli dogan-garyndaşyny diňlän Döwletmämmet aga oturanlary bir ýanyndan nazaryndan geçirip, agasy Mirhaýdarda saklandy.

--Agam,sen mamla,Magtymgulynyň çakdan uly şahyr boljagyna menem ynanýan. Şahyrlykdan beýik kesp ýokdugynam bilýän. Eje,Arazgül,Selim beg,Kynyş beg, siziň ähliňiziň aýdýanyňyz rast, Magtymguly uly şahyr-da, beýik serkerde-de bolup biler. Magtymguly Meňlini goýup gitse, iki-siniň pyrkat-pyganda däliremese-de,gaty heläk boljagyny, siziňem ýüre-giňiziň gyýym-gyýym gyýyljagyny bilýän,sebäbi menem siz ýaly, eýýäm-den ýüregim gyýylýar.—Ol uludan dem alyp,oturanlary ýaňadan synlady.--Eger hezreti pir Magtymgulyny äkidip Bagdada häkim goýjak ýa tamam Eýrana patyşa etjek bolýas diýip gelen bolsa, ýok diýse bolardy. Sadagasy boldugym hezreti pir ony özüne mürid saýlapdyr ahyry…

-- Näme Arabystanda,Bagdatda hezreti pire müridlige mynasyp şahyr, okumyş kişi tapylmaýamyşmy? – diýip, Arazgül eje onuň sözüni böldi. Kethuda:

-- Goý, goý, küpür gepleme! Hezreti Haali Zaman piriň gapysynda mydama ýetmiş-segsen sopusy bar. Emma ol sopularyň özleri pire ýykylyp, ylym-bilim almaga gelen kişiler.Haali Zaman pir gel diýse Bagtdatdanam münlerçe mürid boljak şahyram, alymam tapylar, ýöne her bir yklym eýesi bolan ulug aryf ýaşy paýawlabereninde özüniň ornuny tutjak, düşünýäňizmi, özüniň ornuny tutjak, ýoluny ýöretjek hikmetli, haalatly kişini özi agtaryp tapýar. Hany aýdyň, haýsyň üç-dört aý mundan öň Magtymgulynyň hikmete duçar bolup,üç günläp beýhuş bolup ýatanyny bildiňiz? Men atasy bolup, sen enesi bolup, siz agalary-eňňeleri bolup bildiňizmi? Emma Bagdatda oturan pir ony aýan bilip, Bagdat ýaly alys ýerden paýu-pyýada gelýär…

Arazgül, ýokarda biziň gözümiz ýetmeýän, aňymyz çatmaýan Ylahy dünýä bar! Magtymguly seniňem ogluň däl, meniňem! Ol Hudanyň ogly, ony başy ýyldyzly çaga edip dünýä getiren beýik Biribar Magtymgulyny azyzlap Ylahy dünýä göterjek bolýar, sizem batyl halyňyza yzan-da-çuwan bolup onuň aýagyndan ýapyşýarsyňyz. Bilýän,siz Magtymgulynyň çakdan aşa gowy görüp,oňa gowulyk etjek bolup,zyýanyna çapyp oturanyňyzy bilmeýärsiňiz! Eger-de siziň aryflygyň nämedigine akyl ýetirip biljek ylym-bilimiňiz bolsady, eger men size aryflyk ýolunyň niçiksi ýoldugyny düşündirip bilsedim, siz häzirki bolup otyrşyňyza utanyp ýere girer-diňiz! Bes ediň, arşy aglada çözlen işi siz ýerde bozup bilmersiňiz. Allahymdan aýlanaýyn, Ol biziň maşgalamyzy sylap yklym eýesine mürid bolmaga mynasyp perzendi beripdir… Siz toý bermeli, sadaka bermeli halyňyza Magtymgulyny bermejek bolup otyrsyňyz!

-- Magtymguly bilen Meňlijanyň toýy näme?

-- Hezreti pir ejaza beren güni toý ederis, enşalla…

--Hezreti pir haçan ejaza berer?

--Her bir ulug pir Allanyň kalbyna salan ýoly bilen ýöreýär. Haçan Magtymgula öýlenmäge ejaza berjegini şu mahal hezreti piriň özem bilýän däldir…

Ara agyr dymyşlyk düşdi. Ýüregi halys ýuka Nurjemal gelniň, Nurjahan enäniň gözlerinden boýur-boýur akýan ýaş maslahata agyly nokatlary goýup başlady. Arazgül eje mundan gaty gidibermäge bolsa gorkdy: şol Gülsün daýzasynyň kysmaty ýadyna düşdi durdy.

hhh

Magtymguly gitmeli, hezreti pir bilen Bagdat gitmeli! Ol hezreti piriň yzyna düşüp tasaufyň ençe gatdan ybarat ýoluna geçip, Hakyň dergähine gitmeli! Pynhan syrly, keramatly, gudratly ýola! Magtymguly adamzadyň arzuw-hyýally, haýu-höwesli dünýäsinden ýokary göterilip, Hakyň ýoluna düşmeli! Magtymguly Meňliniň yşkyndan, öz yşkyndan geçip, Hakyň yşkyna düşmeli! Ol islese-de gitmeli, islemese-de gitmeli,gara Ýer dündwithout-derilip,asman çöwrülse-de gitmeli! Sebäbi beýik aryf bolmak Magtymgulynyň baş maksadydy!..Emma ol häzir Meňlini ýalňyz galdyryp, Hakyň dergähine baryp, jümle-jahanyň patyşasy bolanyndan, Meňli bilen gabyr bolanyny ýagşy görýärdi. Ýeri, ol nädip, nädip Meňlini terk edip gidip biler, Magtymguly Meňli atly yşk dünýäsinde ýaşap ýör ahyry! Onuň ýaşap ýören dünýäsinde diňe Meňli bar ahyry! Ol ýyl ýarym bäri diňe Meňliniň ady, Meňliniň ody, Meňliniň ruhy bilen Meňli planetasynda ýaşaýar ahyry…

Magtymguly agyr oý-pikirlere gark bolup barşyna oýlanýardy: ol Meňliniň yşkyndan ýaňa tereň derýa bolup akyp ýatyr. Hezreti pir bolsa Allanyň yşkyndan möwç urup ýatan umman bolup çaýkanýar. Hezreti piriň nepesi-de, mübärek demi-de, gadamy-da keramatly. Meňli gyzyň yşky bolsa, Magtymgulynyň gursagyndan çabrap ýalynly goşgy bolup çykýar diýäýmeseň,onda hiç hili gudrat,keramat ýok.

Ýok, ol Hakyň ýoluna düşmeli!

Asman ýoly… zemin ýoly!..

Ylahy yşk…Ynsan yşky…

Içki owsarsyz ruhy çyrpynyp duran Magtymguly mydama diýen ýaly gara güýjüne garşydaş, ruhy güýjüne bäsdeş, özüni ýowuz synaglardan geçirmäge töwekgel ezmaýyş agtarýardy. Ynha,oňa allanäme ezmaýyş! Ol bu synagyň,ezmaýyşyň Alladan gelenine ynandy. Eýse Ybraýym pygamber ýalňyz ogluny, söwer balasyny gurban bereninde, Magtymguly yşkyny gurban berip bilmezmi! Eýse, Edhem diwana tylla tagtyndan geçip,tamam şalygyny Haka gurban bereninde, Nesimi şirin janyny kefarat(gurban bereninde) edeninde, gel-gel Magtymguly yşkyny kefarat edip bilmezmi? Hakyň yşkyna düşen Şiblan ata bu owadan dünýäni görmejek bolup her gözüniň garasyna bir çümmük duz guýup, gözlerini pida kylanynda, Abdy-razzak el Ukaýşir söwer ýaryny unudyp bilmän, özüni agtaladanynda, söweşde Muhammet pygamberiň iki dişiniň döwleni üçin Weýsel Kara pir ähli dişini daş bilen döwüp çykanynda, gel-gel Magtymguly yşkyny gurban berip bilmezmi? Biler! Biler!..

Emma ol Meňliniň yşkyny hem gurban bermeli ahyry! Ol serwi boýly, inçe billi, ýylgyryşy bilen jan alýan, ýylgyryşy bilen jan berýän Jeýla güli ýaly jadyly Meňlisini hem gurban bermeli ahyry!..

Magtymgulynyň kalby jünbüş eýläp gitdi! Ol söwer ýaryny terk edip Bagdada gitse, Meňlijan dälirär!... Meňlijan öler!... Jeren owla-jygy ýaly Meňliniň söýgüsinden gaýry günäsi näme! Eýse ol Allanyň eradasy bilen Magtymgulyny söýen dälmidir! Eýse, Magtymguly göre-bile Meňlisine ölüm jezasyny bermelimi?!

Ol Meňliniň ýüreginiň çakdan aşa näzikdigini, duýgularynyň inçedigini,göwnüniň ýukadygyny,ynsabynyň, ynsanperwerliginiň örän belentdigini bilýärdi.Meňli Magtymgula geleşdirilen döwri bir pynhan duşuşykda awy diýip, ejesiniň ýürekagry dermanyny içenini gürrüň beripdi. Magtymguly şol wakany ýatlady:

“--Meňlim, Meňlim, heý men seni Şanazar ýaly guduz açyp ýören gurrum-saga bererinmi?!

--Magtymjan, seniň meni adam ogluna bermejegiňe ynanýadym, ýürekden ynanýadym,ýöne…ýöne men seniň gollaryňy haramzadanyň haram ganyna bulamagyňdan gorkdum!..Gaýduwsyz ýonaçylaryň gylyçgemren Şanyýaz hanlar bilen gyrlyşmagyndan gorkdum!

--Meňlijan,unutma,sen saralsaň Magtymguly solar,sen dertleseň, Magtymguly öler! Seniň gursagyňdaky jan meniňkidir, Meňlim!..

--Magtymguly,senem unutma, sen gama batsaň gözýaşlary meniň didäm-den döküler, sen perişan bolsaň men hünübirýan aglaryn, eger saňa bir zat bolaýsa, ilki men ölerin,çünki seniň gursagyňdaky jan Mendirin!..»

Magtymguly gorkýardy, sebäbi Meňli Magtymguly diýip ýaşaýar ahyry! Meňli Magtymgulynyň beýik Magtymguly bolmagy üçin şirin janyny gurban bermäge taýýar gyz ahyry! Magtymgulynyň yşkyndan ýaňa akyl-huşundan aýrylan Meňli,yşk-heser bilen alowlap ýören Meňli Hakyň dergähine barýan Magtymgulynyň aýagyna duşak bolýanyny bilse,Magtym-gulynyň ýoluna bent bolýanyny bilse,onuň näme etjegi,nämeler etmejegi nämälimdi! Ähli derdini içine salan Meňli dälirär, däliniň bolsa näme etjegini hiç kimse bilmeýär! Aşyk-Magşugyň uly yşky ýalňyz Meňlä götertmez! Ýok, heý Meňliniň ykbalyny nämälim töwekgellige salyp, ony gan agladyp gidip bolarmy! Gitmez, Magtymguly gitmez!

Magtymguly jiger-bagryny çäk-çäk edip Agrap1 bilen barşyna häli-şindi Hudaýyna ýalbarýar:

--Öz beren janyňa jebr etme Jepbar!

Ol agrapdan barýar: sagynda uçmah, solunda dowzah…

Wagt elhenç ses edip onuň ýüreginden damyp dur,damyp dur…

Magtymguly düýpli pikirlenjek bolup näçe jan etse-de, düýpli pikir edip bilenokdy, seňse halda çuňňur oýlanyp, ymykly pikirlenip, aýgyt-ly karara gelip bilmeýänine gahar edýärdi.Egsam onuň pähim-paýhasdan, akyl-parasatdan, çyrpynyşyp duran pikirlerden doly genji-hazynasy, ury-ury akyl-paýhasy,oýlandygyça oýlanasy gelýän gatbar-gatbar gorly, giň gerimli, hüjüre-hüjüre parasatdan püre-pür dünýäsi bardy, emma Magtymguly «sim-sim, jadyly gapy açyl!» diýen syrly jümlesini--açaryny ýitiren Aly baba ýaly, şol pähim-paýhaslar dünýäsiniň gapy-syny açyp bilmeýärdi. Birden-birden şahyrlygymam ýitiren bolaý-maýyn diýip hopugyp gidýärdi. Hany, durnalar,guba gazlar ýaly hatar-hatar bolup gelýän pikirler? Hany gowrulan maňyz ýaly datly jümleler, hany noýba şeregi ýaly dadyman setirler.

Magtymguly haýran galýardy: ol hezreti piri ýatladygy düýrmegi bilen ylahy ýola—aryflyga göwün berip, asman sary ymtylýardy! Göwnüni bire baglap aýgytly karara gelip, Bagdada gitmegi ýüregine berk düwýärdi. Nedenmi, Meňli gyz ýadyna düşdügi aýgytly kararyny, röwşen maksadyny-matlabyny unudyp, Meňli gyzyň yşkyndan heýjana gelip, derhal pikirini üýtgedýärdi! Hanha onuň alnyndan sallanyp, seýkin basyp, owsunjy mar ýaly Meňli gyz howadan ýöräp gelýär. Meňli aram-aram kese bakyp, gyýk garanynda onuň nazary Magtymgulynyň diňe ýüregini däl, ýüzünem ýiti päki ýaly dilip goýberýär. Ýylgyryşdan, näz-kereşmeden, yşkdan-heserden, mähir-muhabbetden, jahanyň pynhan syrly jadysyndan, aşyklary şahyr edýän ataş odundan ýaradylan eýjejik Meňlini, jadyly Meňlini, jeýla güli ýaly Meňlini heý Magtymguly terk edip gidip bilermi?! Ol – Magtymgulynyň ýigit çykyp sataşan ilkinji zemin Gudraty ahyry! Yşk bilen alawlap duran jadyly Meňli islän mahaly Magtymgulynyň hyýalyndan çykyp, huşuna girip, huşundan çykyp düýşüne girip bilýärdi, şahyryň şahyr dünýäsinde gudratyny görkezip, heýjana salyp bilýärdi.

Ýok, Magtymguly Meňlini galdyryp gideýin diýeninde hem gidip bilmez!

Asmanda Alla atly beýik gudratly syr bar!

Zeminde Yşk atly beýik gudratly syr bar!

Magtymguly bolsa şol iki gudratyň arasynda germesatan!

hhh

Hezreti piriň Magtymgulyny mürid edinýändigi hakdaky hoş habar öýme-öý aýlanyp Meňlilere hem ýetdi. Meňli owadan gerkez halysynyň üstünde, dalbaryň astynda ýekedyz oturyp gaýma gaýaýardy. Göwheriň taýýar-laýan pişgesini ikde egrip oturan Ogulgerek eje içýakgyç:

--Bolaýdy-da saňa gyrnak diýsänim! Heý, ene-atasynyň raýyny ýykan perzendem ýalkanarmy! Hanha, Magtymguly Bagdatdan gelen pire mürid bolýamyş.Sen bolsa otyr indi dulumda gazar-da! – diýdi.

--Eje, sen bolsa-bolmasa Meňliniň ýürejigini parçalap ýadama-dyňmy?… Heý, Meňliden geçip Bagdada gider ýaly Magtymguly akmakmyş-my? – diýip, Göwher jabjyndy.

--Waý, waý, sen o sadagasy boldugym hezreti piriň kimdigini bilýä-miň? Ol arşa-perşe, geçmişe-gelejege göz ýetirip oturan keramatly, gudratly pir ahyry! Heý, kerem-keramatly pire mürid boljak bolup durka Magtymguly gitmezmi?..Gider, Bagdada gider, Meňlijan bolsa gugaryp galar eňňere bolan ekiniň garantgasy ýaly!.. Saňa akmak diýerler, Meňli! Gyz diýeniň nowjuwan çagy ýaşajyk terje hyýar ýaly arzylydyr, abraý-lydyr, garransoň item ysgamaz!..Ynha indi durmuşa çykman bir dul oturarsyň, durmuşa çykyp, ýaşaýşyň hözürini görmän iki dul oturarsyň! Hanha,Baban şahyryň heleýi ýaly ömrüňi ärli dul bolup uwlap geçersiň!

Meňli gözlerini balkyldap, elbukjasyny alyp öýe ýumlukdy. Göwher onuň yzyndan delmirip garap durşuna:

--Eje, şeýdip Meňlijanyň jiger-bagryny parçalap, agladyp-eňre-dip ýörjek bolsaň, eşitdim-eşitmedim diýme, Garaş göhert bilen gaçyp giderin! – diýdi. Meňliniň ejesi allaniçiksi bolup Göwheriň ýüzüne seredip, imany öçdi…

--Waýeý, bi jikjiki ýaly jirkildäp ýörşüňe Garaş göhert seni başyna ýapsynmy!

--Onda Mürrük müjerret bilen gaçaryn, neresse heleý eşikli garantga görse-de, aňalyp ýör!

Ogulgerek ejäniň tutgaýy tutan ýaly birden jabjynyp:

-- Waý, waý, gaçaweriň, gaçaweriň, men bir haçan ölsem ölüp gidibermeli ýürekagyrly garamaňlaý ahyry… Öldüreweriň meni – diýip, şerraý agysyna başlady…

Magtymguly gitmeli!

Magtymguly şol bir oý-pikirleriň içinde aýlanyp-öwrülip, beýni-siniň içini torç edip, aýgytly netijä gelip bilenok. Cebäbi Magtym-gulynyň dana başyny, pähim-parasatdan doly beýnisini yşk-heser basyp alypdy, onuň akyl-paýhasy yşkyň bendisidi. Magtymgulynyň beýnisi rast pikirlenýärdi, emma netije çykarýan yşkdy, beýni pikirlenýärdi, emma karara gelýän yşkdy. Bedew atyň eýerinde Beýni otursa-da, jylaw onuň ardynda oturan Yşkyň elindedi.

Howa, Meňli garaşar! Ölýänçä-de garaşar! Emma Meňli kim? Ol bary-egy maşgalanyň garamaty! Ol öýüň baýlygy, galyňy! Üstesine, ýetişen gyzy saklamagam kyn, galyň ilde uzyn-uzyn diller kän, bihaýa-bihaýa nazarly dideler kän. Meňli gyza dil degjekmi, nämährem nazar degjekmi, sergezdan ýol degjekmi—nämälim! Päkize gar ýaly garam uzak ýatsa kirleýär, suw ýaly suwam köp saklansa sadyr atýar!..Magtymguly şazada ýigit bilen jögi gyzy hakdaky rowaýaty ýadyna saldy: hakyky yşk şazadany ene-atasyndan, watanyndan, tylla tagtyndan, köşgi-saraýyndan, dininden-imanyndan, milletinden-ilinden, mukaddes ene dilinden, şirin janyn-dan geçirden bolsa, şol yşk Magtymgulynyň alnynda keserdip has uly gudraty goýdy. Ol Meňli diýip Ylahy ýoly—aryflygy terk etmelidi! Ýa-da Meňli gyzyň ykbalyny hummara atmalydy! Danabaş ýigit ömründe şeýle çykgynsyz güne düşüp görmändi! Ol süreninde tüsse berlen möjek ýaly, gara gyşda bagry bilen doňan kölüň astyndaky telperje suwda galan läheň balyk ýaly çykgynsyz ýagdaýda urunýardy, çykjak bolýan jan ýaly çabalanýardy! Ol neneň Meňlijanyň yşkyna kast eder! Ol:

«--Haý, akmak Magtymguly, Şyh Sengan ýetmiş ýedi ýaşynda haýsydyr isaýy gyzyna aşyk bolup, pirliginden, medresesinden, musulman dinin-den geçip, şol gyz üçin doňuz çopany bolanynda, sen Hakyň maňlaýyňa ýazan hüýr gyzyny taşlap, Bagdatda mürid boljakmy?!» --diýip, özüne käýindi…

Asman ýoly…Zemin ýoly…Allahyň yşky… Ynsanyň yşky…

hhh

Haýdar hebeşi Hudaýoly aýdylan ýeke janlynyň ýerine ýedi janly soýup, uly sadaka edipdi. Hajygowşanlylar bir garybyň gurplananyna begenipdiler. Hebeşiniň tapan humunda tylladan başga altyn-kümüş, göwher-lagyl şaý-sep kän eken. Haýdar olary aýaly Enjimene bagş edip-dir. Tomaşa bolsa şondan soň başlady. Gadym ataşparazlardan galan örän inçeden nepis ýasalan şaý-sepleri ýöne synlap, sypalap oturmalydy. Olary dakynmak üçin, hiç bolmanda, şa gyzy bolmalydy… Bolsa bolupdyr-da gyrnak! Eýse Enjimen gyrnagyň şa gyzyndan nämesi kemmiş. Ol bilezikleri gollaryna, göwher gaşy kişmiş ýaly kökenli tylla ýüzük-leri barmaklaryna, aşyk ýaly göwher gaşly ysyrgalary gulagyna, dür-merjen, lagyl-zümerret gaşly bukawy boýnuna, ýyldyz ýaly gymmatbaha daşlary ýanyp duran zünnar guşagy biline, sap tylladan Gün ýaly gülýakany gursagyna dakyndy. Raksçy ataşparaz perileriniň aýaklaryna dakýan düwmelije, zynjyrlyja tylla aýakbilezigini aýagyna geýdi. Ynha, saňa Enjimen peri, ataşparaz şasynyň melikesi! Zandy owadan Enjimen perä indi ýaşamaga köşk, oturmaga tagt, döwran sürmäge şahynşa är gerekdi! Heý indi ol melike halyna kesewi ýaly gap-gara ärine nahar edermi! Heý ol on barmagam göwher gaşly tylla ýüzükli gollaryny hamyra urarmy?

Enjimen peri ataşparazlaryň şa aýalynyň gymmatbaha şaý-seplerini dakynyp ile çykdy. Sallanyp, seýkin basyp obanyň köçelerinde eýläk bir gitdi, beýläk bir gitdi. Hajygowşanlylar oňa Hüýr gyrnak diýip at dakdy-lar. Munça baýlygy bolan zenan heý gyrnak adyny götерermi? Ol gymmat parçalardan geýnip, bezenip-beslenip, darajyk külbesinde sallanyp, seýkin basyp aýlandy. Haýdar hebeşi işden gelip, nowjuwan gelnini synlap:

--Perizadym, zenanlary ýalaňaçlamak üçin geýindirmelidir!—diýip, gelni bilen aýyş-eşretde boldy. Enjimen gelin hakykatdan şa gyzyna aýlandy. Ol şaý-sepiniň ählisini dakynyp oba çyksa, oňa Hüýr gyrnak diýdiler, emma onça baýlygyň bolubam, heý olary dakynman bolarmy?! Ahyry Enjimen gyrnak çäre tapdy. Ýukajyk ýüpek mata bilen ýüzükli barmaklaryny, bilezikli goşarlaryny, bukawly boýnuny, tylladan zünnar guşakly bilini, aýakbile-zikli aýaklaryny sarady. Gulagynyň ysyrgasyna ýüpekden gap etdi. Ynha, saňa endamjany sargyly Melike!Enjimen peri syrgynma -syrgyn syryp, köçeme-köçe aýlandy. Ýeser aýallar:

—A gyz, endamjanyň saralgyla, saňa näm boldy?-- diýip sorasa, Enjimen gyrnak jaýly oturyp ýeke-ýeke sargylaryny aýryp, şaý-seplerini görkezýärdi. Şeýdip, bäş-on bilesigeliji aýala şaý-sepini görkezip çykýança, agşam bolýardy. Her agşam işden sütüni süýnen Haýdar hebeşi öýüne gelse, saçak taňkyrap ýatyr. Öýde un bar, çörek ýok, et bar, nahar ýok, aýal bar, aýal işini edýän ýok. Ol Enjimene düşündirip gördi, peýdasy ýetmedi, öýkeläp gördi, urup gördi, bolmady, garaz, uly baýlyk tapan hebeşi aýalyny ýitirdi. Ýuwaş-ýuwaşdan Enjimen öýüň hojaýynyna, Haýdar hebeşem talabanyna öwrüldi. Olaryň güni bir bolsa, urşy ikilendi. Dili şerebeliler Haýdar hebeşä Haýdar hatyn, gelnine bolsa Enjimen erkek diýip lakam ýelmediler.Hebeşiniň derdinden habarly aksakallar:

--Haýdarjan, genji-hazyna Enjimen näme, hanha şahynşa Nediri nä günlere salyp ýör. Aýalyň däliremese oňaýgyn!-- diýdiler…

hhh

Selim Magtymguly, Kynyş beg, Janaman, Magtymguly dördüsi Kynyş beglerde jemlendi. Selim zergär bäş wagt namazyny okasa-da, yňdarma dindar däldi, mahal-mahal onuň aýdýan sözlerini eşideňde, onuň Hudaýa-da beýle bir ynanyp barmaýandygyny aňsa bolýardy. Ol gürrüňi gaty aňyrdan başlady:

--Oglanlar, men-ä o dünýäniň bardygyna-da ynanyp baramok. Eger o dünýä bar bolanda Mehin mürze perişdeleri satyn alardy, para bererdi, wada bererdi, Müňkür-Nekiri barmagynda aýlardy, Allany aldardy, eýder-di-beýderdi janyny alyp yzyna gelerdi! Eger o dünýä bar bolsa Amantagan galtaman uçmaha-dowzaha gan çaýkap, ýagşyzadalary-perişdeleri gyran-jyrana salyp, Heňkir bilen Müňküri paýhynlap her edip hesip edip ýaňadan bu dünýä gaýdyp gelerdi!

Kynyş beg:

--Agam o dünýä anjaýyn uçmahmyş, daglary göwher-lagyl, çölleri altyn-kümüş, deňizleri dür-merjenmiş! Kim onsoň şol ajaýyp dünýäden yzyna geler !—diýdi. Selim zergär lahlah güldi:

--Kynyş begim, eger ol dünýä şeýle ajaýyp bolsa, altyn-göwher çaşyp ýatan bolsa Popuş baýyň atasy her edip hesip edip yzyna gelip, bu dünýä-däki ogullaryny-gyzlaryny, agtyklaryny-çowluklaryny, ilen-çalanlaryny öldürip äkiderdi, öldürmän äkiderdi, garaz munda neberesiniň ýeke-jesinem goýmazdy!

Kynyş begiň gözleri höwlendi.

--How-how, aga küpür geplemäweri! Dowzahdan gorkaweri!

Selim Magtymguly:

--Päheý, Kynyş begim, sen bu dünýäde ölümden gorkmaýan Selim begi o dünýädäki dowzah bilen gorkuzjak bolýamyň?!. Magtymguly, meni men diýseň derhal öýlen! Dessine öýlen! Meňli ýaly gyz barka pirligi näm etjek, Bagdady näm etjek!

Janaman atylyp ýerinden turup:

--Anha, rast gepi, dana gepi dana dädemjan aýtdy! Magtymguly derhal öýlen! Ertiriň özünde öýlen, Magtymguly! Derhal agaň Janaman hana nobaty ber! Sen pir çykýançaň, men sakgalymy sallap sallah gezip bilmen!—diýip, ot aldy. Selim aga aňk boldy:

--Sen nämeler samahyllap dursuň, köpeý ogly!

Janaman gorkusyna atylyp, Kynyş begiň arkasyna geçdi:

--Alla kessin dädejan, samahyllap duranymyň baryny Kynyş dädem öwretdi!.. Däde, Kynyş dädeme haý diýäýmeseň ol meni molla dogmasy ýaly akylly asylzada edip taşlaýar!

Gahary gelen Kynyş beg Janamana

--Eý, eşek, doňuz, düdi, göhert, mahluk, berebekgeý, majagaý!—diýip, gygyrdy. Emma Janaman başga hörpde:

--Agajan, dädemiň ýanynda meni magtap durmasana!.. Däde, dädejan, ýene on ýyldan men seniň bilen ýaşytdaş bolýan-ow! On ýyllap maňa söýgülim garaşmaýar!

--Seniň söýgüliň kim?

--Ezraýylyň gyzy, iblisiň agtygy, hardejjalyň çowlugy! Men gije-gündiz onuň daşynda perwana bolup,seniň ýasan şaý-seplerini sowgat bere-sowgat bere, öýümizi tozduryp barýan, emma ol eýjejik gülgün ýüzi ýazdan, ýowuz ýüregi buzdan, gylyk-häsiýeti ýolden ýasalan perizat bolsa maňa aýda bir gezek zordan ýylgyryp bakýar.

--Sen öýlenseň öýleniber, Magtymguly bilen näm işiň bar? --diýip, Selim aga ogluna bakdy. Janaman mölerdi:

--Weh, Meňli durka Ogulgerek eje kiçi gyzy Göwheri durmuşa çyka-ryp bilmez ahyry!

Selim Magtymgulynyň gursagynda asuda ukuda ýatan gahar-gazap daş bilen urlan köpek ýaly ýabşynyp turdy! Dergazap ussa aýtmaga söz hem Janamany urmaga töwereginden çemel zat gözläp başlady.Janaman:

--Dädesi ölümden gorkmaýan Janaman beg şarpykdan-ýumrukdan, taýak-dan-dürreden gorkmaz! Ur dädem, ýenç dädem,ýöne on ýyl garaşmaly edäý-me!—diýip, ýaňagyny şapbada gaýymlap golaýyna geldi. Selim aga Jana-many, Magtymgulyny dowamly synlady:

--How-how, Medediň kiçi gyzy ýaş dälmidir?

--Öýlenmäge ýaş, emma halaşmaga, söýüşmäge tüýs jaý wagty. Onsoňam maňa ýaş gyz gerek, garran gyzy mülküme garantga goýaýynmy men?!—diýip, ol bir zaman atasy Magtymguly ýonaçynyň aýdan sözlerini aýtdy.

--Päheý wähergarlar, päheý peläketler, asyl Medet pakyryň okara-syny güne goýduk diýiň-de gutaryň-da! Ýonaçylara bir gyzyny rowa görme-dik Ogulgeregiň ordasyna talaň saldyk diýiň-de gutaryň-da.

Ilki Kynyş beg,soň Magtymguly,soň Selim aga bilen Janaman gülüp başlady.Jaýa gülki doldy…

Selim Magtymguly aýgytly karara geldi: Magtymgulyny dessine öýermeli! Hezreti pirden, hiç bolman, bir ýyllyk, bolmasa, alty aýlyk puryja sorap, Magtymgulyny derhal öýermeli!

hhh

Anna güni Nagym baý ata-enesine aş berýärdi. O zamanlar aş üç gün berlerdi, özem sadaka ýaly däl-de,tas toý kysmydy. Şonuň üçinem obanyň ýerden ýöreýäni-ýöremeýäni ýer süýşen ýaly bolup baýyňka gitdi. Magtymgulynyň dosty Gaýyp bagşynyň uýasy Dürli bilen Göwher aşyk-magşugy duşurdy.

Magtymguly jaýa girdi.Giň otagda uýalyp, bedeniniň galpyldaýanyny gizläp, owsunyp duran Meňli gyz başyny çalaja göterip, gyýk garap, minewwer ýaz ýaly ýylgyryp ýigide nazar saldy, şol pursat Magtymgulynyň kalbam, giň jaýam,dünýä-de röwşen nurlandy gitdi. Magşuk gyzyň ýylgyryp duran gubarly gözlerine seredeninden yşkyň gudratyna uçran Magtymguly içinden ýene «Heý Meňli gyzam terk edip gidip bolarmy?» diýenini duýman galdy. Ýaňyja Bagdada gitmegi ýüregine berk düwen ýigit töwellasyz-tagsyrsyz pikirini üýtgedenini özem haýran boldy. Magtymguly ýarynyň eýjejik akja ellerini eline alyp, yşky dumanlap duran pyýala ýaly gözlerine gark boldy. Hüýr gyzdan kükeýän müşk-enwer onuň serini sämedip, ýene Meňlisi bilen ataşdan bina bolan perişdeleriň mesgenine, arşy agla göterilip, uçup başlady.

Haali Zaman Kaýseri piriň beýleki keramatly derwüşleriňkiden parhly ýoly bardy. Onuň saýlan müridine öýlenmek bolmaýar diýen zat ýokdy, Magtymguly birnäçe ýyl pire mürid bolup, jümle-jahana, Meňlä bolan yşkyny, söýgüsini, arzuw-hyýallaryny, ýyldyrymlap duran duýgularyny, beýnisinde gatbar-gatbar pähim-paýhasyny,ury-ury ylym-bilmini ýok edip, kämilligiň ilkinji basgançagyna çykyp, piri idin berensoň öýle-nibermelidi! Emma piri haçan ejaza berjek? Üç ýyldanmy? Bäş ýyldan-my? On ýyldanmy? Ony hiç kim bilmeýärdi! Onsoňam Magtymguly ganatsyz uçuryp, därisiz göçürip ýören alawdan yşkyny nädip öldürip biler, nädip? Eýse, Magtymguly Meňliniň yşkyndan döremändimi? Gözellik bolup, yşk bolup, ullakan bagt bolup öz dünýäsine sygmaýan Meňliniň yşkyny ol nädip öldürip bilsin, nädip?..

Garyby-da haremhana salarlar,

Perileň ýanyna--

…ýöne agtalap.

Çigillem güli ýaly yşk bolup alowlap duran Meňlijana yşkyny, söýgüsini,hyjuwyny,hyrujyny,haýu-höwesini öldürensoň Magtymguly öýlendi näme, öýlenmedi näme?!

Meňli naýynjar bakyp:

-- Magtymguly, gudratly piriň raýyny ýykyjy bolaýma. Git, men saňa garaşaryn!... Dädem saňa keramatly pir bolarsyň diýýä… Beýik gudratly pir bolarsyň diýýä… Garaşmagyň nähili lezzetli, eşretli bagtdygyny sen bilýäň ahyry…-diýdi.

- Meňlim, men hezreti pire «pirim, men yşkdan ýaňa püre-pür, meniň kalbymda hatda Hudaýa-da orun ýok!» diýýän, ýöne ol sözlerim «gulluk pirim, men siziň ygtyýaryňyzda!» diýen sözler bolup ýaňlanýar. Men hezreti pire «ýok, men mürid bolup gidip biljek däl!» diýýän, ýöne ol sözlerim «hoş pirim, men siziň bilen gidýän» diýen sözler bolup ýaňlanýar.

- Sebäbi ol gudratly pir, keramatly aryf! Magtymguly men saňa hakyky aşyklar ýaly ýedi ýyl däl, ýetmiş ýedi ýyl garaşaryn.

Magtymguly Meňliniň uzyn-uzyn kirpikleri ýüregine çümüp barýan owasy owadan gözlerine seredip:

--Meňlim,men belli karara gelip, saňa hezreti pir bilen Bagdada gidýänimi aýtmaga geldim!—diýip, agyr haşyldady--Men seniň bilen hoşlaşmaga geldim, emma seni görenimden pähim-parasadym,akyl-huşum, erk-ygtyýarym çalam-çaş boldy! Meniň alawlap duran ýüregim,damarlarda çyrpynýan ganym diňe sen-sen diýip seslenýär.Men seni terk edip bilmen, bardy-geldi terk edäýsem-de dälirärin!—Meňli Magtymgula mähriban hem naýynjar nazaryny salyp,dowamly synlady durdy.

- Men bolsa ölerin, Magtymguly!-diýip, Meňli aglap goýberdi. Gör-ha,kysmatda keserip ýatan aýralykdan ýigidiň jiger-bagry parça-parça bolup gan aglasa, Meňli ýüzüni-gözüni ajy ýaşlara ýuwup aglaýar. Aşyk magşugyny köşeşdirmek isledi, emma hoşamaý sözler gyzyň dyňzap duran agy bendini ýykdy. Bu mahal daşarda Göwher bilen Dürli gezekleşip pişek urup, güp ýaýyp, serdar durna ýaly töwerege hüşgär sered-ýärdi. Olar güpüň ýagyny alyp, başga näme güýmenerini bilmän, ýene aýrany pişekläp başladylar. Aýrandan ýene esli ýag alyp üçünji gezegem ýaýyp başla-dylar…Magtymguly:

--Meňli, Meňlijan! Seniň ala-ala gözleriň maňa ogryn bakanynda meniň aklym-huşum çalam-çaş bolýar, sen heser bilen ýylgyranyňda ýaňagyňdaky guýganak, başymy aýlap yşkyň ummanda gark eýleýär. Hany, owadan ýylgyr,meniň owadandan owadanja Meňlim! Sen dünýäde-de,meniň kalbymda-da diňe jadyly ýylgyryş bolup ýaşamaly! Diňe janalyjy ýylgyryş bolup!--diýdi. Magtymgulysy golundan gidip, yşkyndan jyda düşüp barýan,jiger-bagryny paralap hünübirýan aglaýan Meňli gyz neneň ýylgyryp bilsin? Emma ol aşygynyň gaşynda gaşyny çytman jan berip biljek gyz ahyry! Ol ýylgyrmak üçin gözlerinden suw-sil akýan ýaşlaryny syljak boldy,emma Magtymguly onuň iki golundan tutdy—Ek, nerkes gözleriňden ýaşlaryňy sylman ýylgyraý-da…—Meňli kirpikmen humarala gözleriniň ýaşlaryny al ýaňagyndan akdyryp durşuna özüne zor salyp, näzenin ýylgyrdy. Eý-ho,ynha saňa jadyly, gudratly, heserli ýylgyryş! Eý,Alla! Ýarym-ýaş,pagyş-para ýylgyryşyň aňyrsyndaky pajygaly hasrat! Pajygaly hasrata çaýylan heserli yşky ýylgyryş söz bilen beýan ederden ajaýypdy! Baýyrlarda ýaşyl maýsany basan nowruz garynyň pagyş-para gök suw bolup ereýşi ýaly Meňliniň hasraty Magtymgulynyň nazaryndan ýaňa eräp barýar!..

Ýöne häzir Meňlä göwünlik däl-de Magtymguly gerekdi. Meňli ýarym-ýaş nazaryny aşygyna dikip, daraklygyna galyp,guw boýnuny süýndirip ugrady, Magtymguly Meňli gulagyna bir zat aýtjak

bolýandyr öýdüp egildi. Meňli gyz ejap etse-de, aşygynyň ýaňagyndan emaý bilen öpdi. Magtymguly hut şu pursat Meňlisinden aýrylyp barýan ýaly gyzy bagryna basdy. Ol Meňlini däl-de asmanyň ýyldyrymyny bagryna basdy. Gyz Magtymgulynyň gujagyna däl-de gudratly ýyldyrymyň gujagyna doldy. Uzyn boýly, etli-ganly, göwsi meýdanly Meňli daýawdan berdaşly Magtymgulynyň gujagynda ýitip gitse-de, dünýäsini doldurdy. Aşyk magşugynyň owadan owalaryna gezek-gezegine dodagyny goýup,ajy ýaşdan püre-pür dideleriniň ýaşlaryny içip, ajy ýaşlara ýuwlan ýaňaklaryndan öpüp, ahyry gyzyň näzijek leblerine dodak goýdy. Lebler leblere yşk möhü-rini basdy. Meňli gyzyň şorja ýaşy bilen dilleriň dady, dahanyň ody garyşdy gitdi. Dil dil bilen dilleşdi,lebler lebler bilen lebleşdi. Meňliniň dim-dik duran gyz göwüsleri Magtymgulynyň galkan ýaly döşüne girip gidişine aşygynyň gursagynda gürsüldäp başlady. Gerçek ýigidiň goýnunda Meňli gyz gudratly yşk bolup towlandy. Magtymgulynyň seri sämäp başy aýlanyp,leňňer atyp ugrady. Her hal Jeýla güli oňa özüni ysgadyp,essine getirdi. Olar biri-biriniň yşkyndan, mährinden ganyp bilmän näçe wagt durdy, Alla bilsin! Daşardan Dürliniň galagop sesi geldi.

--Meňli,Ogulgerek ejem gelýär!

Aşyk-magşugyň arasyna ýowuz eje düşdi.Magtymguly ýarym-ýaş aglaýan Meňlini soňky gezek bagryna basyp:

- Meňlijan, men Bagdatda gudratly pir beýlede dursun, pygamber bolýan-da bolsam, senden aýrylyp gitmen! Gideýin diýenimde-de gidip bilmen - diýdi. Magtymgulynyň ol sözleri Meňlä äht bolup eşidildi. Meňli aglap ýaňadan Magtymgulynyň gujagyna doldy.Ýarym-ýaş gözlerini ýaryna dikip:

--Magtymguly,seniň aklyň nirede? Hezreti pir seni Hakyň ylahy ýoluna alyp gitjek bolýar! Sen beýik Biribaryň dergähine gitmeli! Git, Magtymguly,git! Beýle uly bagt,beýle beýik bagt kime miýesser edip dur! Men saňa garaşaryn,seniň adyňy doga ýaly gaýtalap,sena ýaly gaýtalap, güýç-kuwwat alyp garaşaryn!—diýip ýuwdundy. Ol --Magtymjan, men apat yşkymdan ýaňa däliresem-de saňa garaşyp dälirärin! Apat yşkyň aýraçylygyndan ýaňa öläýsem-de,seniň üçin ölerin!..-- diýip ençe gün bäri aňynda jemlän sözlerini bolsa aýtdy.Meňli Magtymgulynyň yşkdan humarlap duran ullakan gözlerine seredip durşuna pikire batdy,oňa ýanar yşkyň aýraçylygynda ah urup, efgan tartyp, däliräp ölmek uçursyz uly bagt,tükeniksiz eşret bolup göründi…

Diňe yşk däliremegi eşrede, diňe beýik yşk ajaly ajaýyp eşrede, lezzede,bagta öwürip bilýär!

Magtymguly şeýle eziz gyzyň yşkyny gurban bermeli!..

hhh

--Eý,Allam,göter gögüňi,egsam Magtymgulynyň kellesi asmanyň aýnasyny kül-uşak eder!-- Hakykatdan-da, Magtymgulynyň ozalam uzyn boýy giperbola-da sygman uzalyp-uzalyp ýyldyzly asmana ýetdi, ol ilerik seredeninde agşam şapagyny, gaýrak seredeninde al-elwan sabany görýär-di…--Eý,Allam, giňelt dünýäňi, ýogsam Magtymguly dünýäňe sygman, asma-nyňy, saba-säher şapagyňy ýyrtar! --Hakykatdan-da, ol sagyna dolansa, egni Güne, soluna dönse, beýleki egni Aýa degýärdi…

Magtymguly göreniň-de gözlerini heýjana salyp, yşkyny tüwe-leýledýän jadyly Meňlisiniň ak alkymyndan ysgap, serini sämedip, aklyny çaşyryp gördi. Humaý guşy ýaly Meňlisini bagryna basyp läle-läle gyrmyzy leblerinden gana-gana posa alyp gördi. Dünýäniň ähli jadyly lezzedi, eşredi, dady, jennetiň aby-haýýady Meňliniň läle-läle leblerinde eken. Uçmahdan çykan Melegiň husnyjemalyna aklyny aldyryp, Meňli gyzy gujaklap dünýäsini dolduryp, nämälim lezzetlerden ýaňa ekstaza baryp gördi. Jadyly yşkyny, bagtyny bagryna basyp, Meňli gyzyň dahanyndan dat alyp,Meňli gyzyň yşkyndan ot alyp,uçmahyň miwesine penje urup, sypalap, eşretler,lezzetler dünýä-siniň gujagyna düşüp bagta gark bolup gördi! Magtymguly jadyly Meňlisini-- gudratly yşkyny, keramatly bagtyny gujaklap göterip gördi! Magtymguly:

--Mirhaýdar pirim, gara ýeliňi getirip, ýolpäwer, ýüzümi ýolpäwer!Eý, çarhy pelek aýlandyr, pyrlandyr çarhyňy! Gijäňi-gündiziň ýyldyrym çaltlygynda aýla, ok bolup gideli Wysala bakan!—diýip gygyrdy.

Ol öz-özüne:

--Magtymguly,Magtymguly däliremän şu bagtyňy,şu yşkyňy göte-rinip wysala ýetseň başga näme armanyň bar seniň?! Alla berýämiş diýip, diňe alanyňy bilmeli däl! Eý Allam,maňa şu bagtymdan uly Bagt, şu yşkymdan beýik yşk götertmez!—diýip samraýardy.

Magtymguly aýgytly ýigitdi,diýen sözüniň yzynda durýan gerçekdi, emma hezreti pir geleli bäri ol heňňam ýaly agyp-dönüp duran boldy. Belki, däliräp ýörendir? Belki,hezreti piriň hikmetindendir? Emma ol ozalky Magtymguly däldi, belli bir netijä gelip bilmän, hanha, tükeniksiz oý-hyýallara gark bolup barýar…Magtymguly pähim-parasatly dana ýigitdi,onuň dünýä ýaly beýik maksatlary bardy,onuň seri asman ýoluny saýlaýar, paýhasy asman ýoluny saýlaýar,hatda ýüregem asman ýoluny saýlaýar, emma ýaş on sekizdi! Heý ýaňy on ýedi ýaşyny dolduryp on sekiziň ýaýlasynda yşkdan hüwläp ýören ýigitde akyl boljakmy,paýhas boljakmy! Magtymgulynyň ýadyna kitapda okan bir rowaýaty düşdi: gadym zamanda durky bilen Biribara berlen bir hindi derwüşi bolupdyr.Ol öz dini düzgünini demir ýaly berk tutup, ýigit çykyp, jahyl çykyp,hiç bir gyz-gelne gabak galdyrmandyr. Ýurduň şasy beýik derwüşiň ygtybar-ygtykadyny synap,her hili owadan gelin-gyzlary,ýarym-ýalaňaç zenanlary derwüşiň ýanyna eltdirip görüpdir.Derwüşiň gözleri açyk bolsa-da,heý-keliň gözleri ýaly doň gözleri üzümiň suwy ýaly eýjejik gyz-gelinleri görmeýärmiş!Ahyry patyşa öz söwer gyzyny hem derwüşe görkezmäge perman berýär.Patyşanyň gyzy deňsiz-taýsyz perizat eken,hut gözelligiň Hudaýy Lakşmi eken. Melike gyz sallanyp,seýkin basyp,ýaňy dogan Gün ýaly gözlileriň- körleriň gözlerini gapyp barýar jahyl terkidünýä derwü-şiň ýanyna! Derwüş bolsa ygtybarlylyga dikilen heýkel ýaly otyrmyş doňňara daş bolup! Özüniň gözelligiň Hudaýy Lakşmidigine ynanýan owadan gyz näz-kereşme bilen owsunyp, ýaňky derwüşiň daşyndan aýlanyp başlaýar. Haka jany-teni bilen berlen derwüş özüne erk edip daş heýkel bolup otyrmyş, emma onuň iki gözi-de hanasyndan çykyp, Aý bilen Günüň Ýeriň daşyndan aýlanyşy ýaly,gyzy synlap derwüşiň kellesiniň daşyn-dan aýlanyp ýörmüş!..

Meňli gyz bolsa daşdan heýkele-de jan berip biljek perizat ahyry!

Magtymgulynyň ruhy Ylahy ýola, göwresi Meňli gyza barýar!

Magtymgulynyň ýüregem,beýnisem,ruham,göwnem,göwresem Ylahy ýola barýar,emma ýol-edalaryň ählisi Meňli gyza tarap barýar!

hhh

Magtymgulynyň ykbaly ony uly ýoluň aýyrdyna getirdi, ýol hut şu ýerde ululy-kiçili,manyly-manysyz,syrly-syrsyz birnäçe ýeda-ela bölün-ýärdi. Ol ýol saýlamalydy, bütin ömrüniň ykbalyny ýaş başyna —ýaňy on sekiz ýaşyna giren gökbeýni, gursagy şemally ýigdekçe çagynda çözme-lidi…

Döwletmämmet aga bu söhbetdeşlige birnäçe gün gijesi ýatman,gündizi başga zadyň pikirini etmän taýynlanypdy, çünki Magtymguly ýaş oglan,ol ýalňyşyp biler,emma kethudanyň ýalňyşmaga haky ýokdy.Aslynda dana kethuda inileri bilen dost bolşy ýaly ogullary bilen hem dost boljak bolup ýaşaýardy,olary şol ruhda terbiýeleýärdi, her hal ogullary bilen aralykda atalyk hormaty bilen ogullyk borjy daglar ýaly keserip ýatyrdy. Magtymguly dädesiniň alnynda gollaryny gowşuryp, başyny aşak salyp otyr. Ol ýüzünde dädesiniň talapkär hem synçy nazaryny duýýar.

Perwerdigär özüniň söýen,arzylan perzentlerini ýaş başyndan müň bir synagdan geçirip, otdan alyp, suwa oklaýar, suwdan alyp oda taşlaýar, depesinden müň bir külpeti inderip, ajal bilen garpyşdyryp, ýowuz söýgä uçradyp, hijranu-pyrkata sataşdyryp, gazaply tälim-terbiýe bilen kemala getirýär,kämillige ýetirýär,beýiklige göterýär.Adam ogly bolsa perzentlerini söýüp-sylap, ezizläp, läliksiredip ýagyşdan-elden, işden-pişeden gorap,ýaz ýaly ýyladyşhanalarda syrtyny gundagdan çykarman ýaşadyp, ahyry hem sandan çykarýar.

Döwletmämmet Azady:

--Magtymguly,oglum,sen ýaş,emma Perwerdigär seniň alnyňda örän ullakan borç goýdy,sen uly ýola düşmeli,sen oňa taýýarmy? -diýdi. Ol baş atdy.

--Oglum, bu owadan ýalançy dünýäden diňe ölüp gidilýär,özem näçe ýaşa-saň-da,nähili belent derejelere galsaň-da barybir armanly ölüp gidilýär! Sen mundan dirikäň gitmäge taýýarmyň?

--Taýýar,däde.

--Magtymguly, oglum,oýlan, men bu ýoldan telim ýyl ýöräp gördüm: pikir kyl, sen bu ýola düşseň, özüňde özüňi öldürip, başga bir Magtym-gulyny dünýä bermelisiň!..

Magtymguly bilýän diýdi.

--Magtymguly, oglum, sen ir kemala geldiň, ir kämil çykdyň, ir ýetişdiň, ynha bizem senden ir jyda düşýäris.Şonuň üçribem meniň saňa birnije pendi-nesihatym bar: oglum, birinjiden mydama päk

bol,päkize bol, kalbyňy, ýüregiňi, seriňi, arzuw-hyýallaryňy, niýetiňi-pyglyňy päk sakla! Haramdan doýup, döwran süreniňden, päk halda aç öleniň ýagşydyr! Perişdeler päkize ýerde gezýändirler, rysgal-döwlet päkize saçaga gonýandyr. Beýik Biribaryň dergähine päk iman bilen barylýandyr. Ikinjiden, mähir-mylakatly bol,sen ene-atañyň mähir-muhabbetinden, Allanyň yşkyndan-rahmetinden kemala gelensiň. Mydama bugdaý çöregiň bolmasa-da, bugdaý sözüň, bugdaý mähriň bolsun. Altynyň-kümüşiň, baýlygyň-bagtyň bolmasa-da, mähriň-mylakatyň,muhapbetiň bolsun! Sen ene-atañyň ak arlygyna, ak arzuw-hyýallaryna dolanyp ak ýola salynansyň,saňa eneň ak süýdüni,ataň gözleriniň ak ýagyny iýdirendir.Bu bir çaýkanyp ýatan durmuşdyr, bardy-geldi,maňlaýyň gara bolaýanda-da, göwnüň,päliň-pyglyň ak bolsun, diňe şonda ýoluň ak bolar! Üçünjiden, beýik bol oglum,sen beýik Allatagalanyň beýik dünýäsinde ýaşaýansyň! Durmuş seniň alnyňa şaýylyk atyp görer, pul atyp görer,genji-hazyna atyp görer,aljak bolup egildigiňem boýnuňa owsar, arkaňa eýer salar! Seniň belent maksatlaryň bar, sen dünýäniň pulundan-malyndan,hany-manyndan beýik bol, diňe beýik başa beýik pikirler gelýändir! Dünýäni söý,söýgä mynasyp adamlary söý. Özüňi söý,emma özüňe aşyk bolaýma! Özüňi gowy gör,emma özüňe duşmanyňa daran ýaly dara! Oglum, bu dünýäde her kim baý boljakdyr,beg boljakdyr, şa boljakdyr, soltan boljakdyr, beýik şahyr boljakdyr, keramatly aryf, gudratly pir boljakdyr, emma “Hudaýym, meni gowy adam edewer!” diýip gije-gündiz doga-dileg edip,Alla ýalbaryp ýatan adam ýokdur! Magtymguly, sen gowy Adam bol,seniň kim bolma-lydygyňy beýik Biribar çözer!

Magtymgulynyň jiger-bagry çar para bolup,başynda akly çaşyp barýardy.Ol Meňli gyza seni terk edip gitmen diýip äht etdi,ynha,indem perişde ýaly pederine söz berip otyr! Eýse,ol Meňlisini taşlap gidip biljekmi? Biljek däl,öler-ýiter,emma Meňlisini terk edip bilmez! Eýse ol ýagşyzada ýaly dädesiniň ynamyny syndyryp,”Ek,däde,men Meňlimden aýrylyp ýaşap bilmen” diýip bilermi? Bilmez! Duran ýerinde jan berer,emma dädesine hiç haçan ýok diýmez! Eýse,Magtymguly iki gepli-dä? Eýse bir Magtymgulynyň iki sözi,iki lebzi,iki ähti bar-da? Ýok, öler, ýiter,emma Magtymgulydan ikilik çykmaz! Magtymgulynyň daşynyň bir bolşy ýaly, içem hemişe bir bolar!..Ol Selim dädesiniň hiç bolman bir ýyl,hiç bolman alty aý puryja aljagyna gaty ynanýardy…

--Oglum,bu uly dünýäde uly bolmalysyň,ulug kişi bolmasaň bu uly dünýä kalbyňa ýerleşmez! Ulug kişi bolmasaň tükeniksiz ýurtlar,san-sajaksyz iller gursagyňa ýerleşmez! Cen keramatly pirleriň-ärleriň, akyldarlaryň-şahyrlaryň eserlerini okadyň, öwrendiň, olaryň ýoluny mynasyp dowam etmek saňa miýesser etsin! Mundan buýana sen diňe Ulug Allatagala tarap gidersiň, sen Ulug Allaga-da mynasyp uly ogul bolmalysyň! Sen şu agyr hem soňsuz ýola gitmäge taýýarmyň Magtymguly?—diýip, Döwletmämmet aga ogluna bakdy.

--Däde, arşda Hudaýym şeýle pikire gelen bolsa, men zeminde onuň emrine taýýar, sebäbi OL meni menden gowy tanaýar, OL meni menden gowy görýär, OL maňa menden gowy ynanýar,OL maňa menden gowy düşünýär. Allam meni söýüpdir,men hem Allamy söýýärin, OL asmandaky atamyz, zeminde sen oňlasaň, men gitmäge taýýar däde!

Döwletmämmet aga Magtymgulynyň pähimli gözlerinde gaýduwsyz hyjuwy, alawly hyrujy, synmaz polat erki gördi. Ol oglundanam, özün-denem, Allasyndanam hoş boldy. Emma geçmişe-geljege,arşa-perşe nazaryny ýetirip duran Döwletmämmet aga Magtymgulynyň jiger-bagrynyň çeşme-çaý kibi gyrmyzy ganyny akdyrýanyny hem görýärdi.

hhh

Selim zergär bilen Kynyş beg Mirhaýdar aga aýtmaly sözlerini sözlemme-sözlem ýat tutdurdylar, birden ýadyňdan çykaýsa, kagyza seredäý diýip el ýaly kagyza ýazybam berdiler. Pakyryň huşynyň ugry gaçypdy.

--Mir däde, il saňa apy-tupanyň hökümdary Mirhaýdar pir diýip ýör! Senem Aznawur hany başa-baş söweşde öldürip, Adyl hanyň syrtyndan tasma aldym, Magtymguly ýonaçynam göreşde ýykýadym diýip paraňlap ýörsüň! Şu gün öl-ýit, Magtymgulyny Bagdatdan alyp gal, hiç bolman, alty aý! Hudaýym garaşar, onuň wagty köp, Meňlini garaşdyrmazlar!—diýip, bek sargady.

Arazgül eje dagy Mirhaýdar agany öňe salyp, Döwletmämmet pire ýalbardylar:

--Kethuda, Magtymgulyny hiç bolman bir ýyl alyp gal, öýlendireli-illendireli. Hezreti pir garaşyp biler, Meňlini garaşdyrmazlar.

Selim zergär:

--Agam, bizi biz diýseň, Magtymgulyny derhal öýerýäris! Senem hezreti pirden hiç bolman alty aý puryja alýarsyň!

--Hiç bolman üç aý!—Arazgül eje didelerini ýaşlady.

--Hiç bolman ikije aý!—Kynyş beg özelendi.

Döwletmämmet aga aýalyny, inilerini mähir bilen synlap, nurana ýylgyrdy. Ýeri, kethuda hezreti piri Seýit Syrajeddin Arşaýynyň aýdan sözlerini öz ezizlerine nädip aýdyp bilsin? Hezreti pir oňa Magtymgulynyň on sekiz ýaşy dolýança öýeräýme diýip zynharlap –zynharlap aýtdy ahyry!

Arazgül eje-de, Nurjahan ene-de, Ogulşeker-de, Nurjemal-da aglady. Kethuda:

--Käbäm ejem, Arazgül, gelinlerim, inilerim, men sizi özümden ýüz esse gowy görýändirin! Men Magtymgulyny özümden ýüz müň esse gowy görýän-dirin! Wah,siz meniň bilýän zatlarymy bir bilsediňiz, wah,siz meniň görýän,göz ýetirýän zatlarymy bir görsediňiz, beýdip menem, özüňizem horlap ýörmezdiňiz! Sebäbi häzir Magtymguly üçinem, biziň üçinem onuň derhal hezreti pir bilen gitmegi möhüm, örän möhüm ,örän wajyp, dogrusy ýalňyz çykalga! Menem Magtymguly bilen Meňliniň wysala ýetmegini baý-baý isleýän-ä! Häzir oglumy öýerip bilmeýänimiň sebäbini men size aýdyp bilmeýän.Siz maňa düşüniň-de özüňizem,menem horlap ýörmäň—diýdi.

hhh

Magtymguly ýaşan ýaşyna, geçen durmuş ýoluna nazar aýlady: kyýamat gopmazyndan ozal Nuh pygamberiň janly-jandarlaryň, derrendeleriň, perrendeleriň her görnüşinden bir jübtüni gämisine basyşy ýaly, ol dünýäniň aklyňy çaşyryjy gözelliklerini, ýüregiňi heserledip, hüýlen-dirip barýan näzijekden owsunjy duýgularyny kalbynda—Nuh gämisinde jemläpdi: onuň şahyr kalbynda al-ýaşyl maýsaly ala meýdanlar ýazyň heserli ýellerine owsun atyp ýatyr. Onuň gursagynda gökler gümmürdäp, ýyldyrymlar çakyp, çasly çagbalar ýagýar, ýüreginde Hazar ummanynyň apy-tupany turup,erleri-gökleri elendirýär, kalbynda patrak ýaly ak garlar ülje güllerine, gyzyl-gök, melewşe ýyldyzlara öwrülip ýagýar, kalbyndan agdarlyp-düňderilip tereň Gürgen derýasy akyp gelýär…

Magtymguly balary ýaly dünýäniň gözelliklerini -- balyny kalbyna jemläp, Karuna dönüp dünýäniň altyn-göwherinden, dür-merjeninden, lagyl-zümerretinden müň esse gymmat pähim-parasadyny,akyl-paýhasyny, rowaýatla-ryny, tymsallaryny, hekaýatlaryny, nakyllaryny, ylym-bili-mini özünde jemläpdi. Magtymgulynyň kalby göçgünli şahyr fantaziýasynyň döreden owadan dünýäsidi. Ol dünýäniň Güni Yşkdy, gijesi pynhan syrly näzenin Meňli gyzdy, gündizi Magtymgulydy! Emma ol dünýäniň müride, mürşide, ylahy ýola gitmeli Magtymgula geregi ýokdy.

Magtymguly nädip şol dünýäsini ýykyp-ýumuryp,lagyldan-göwherden doly genji-hazynasyny ýele sowrup, gözel hem näzik duýgulardan dolduran Nuh gämisini öz eli bilen gark edip biler?! Nädip ol Meňli gyzyň yşkyny öldürip, Meňli gyza kast edip biler?

Ol Meňli gyza-da äht etdi, dädesine-de äht etdi.Heý ömründe ikilik edip görmedik Magtymgulydan indi ikilik çykmalymydyr?! Ol indi pygamberkybap dädesini ynjydarmy ýa Meňlisini?! Ol indi Allanyň yşkyna sary gidermi ýa Meňli gyzyň yşkyna sary?!. Magtymgulynyň göwnüne bolmasa keramatly pirler,gudratly aryflar oňa Geçmişden seredip, ahmyr bilen başyny ýaýkaýan ýalydy, göwnüne bolmasa,gaýypdan erenler, ýagşyzadalar hyrçyny dişläp, oňa kine bilen seredýän ýalydy, göwnüne bolmasa, asmanyň bir ýerlerinden özüne nazar salyp duran beýik Biribar Magtymgulydan göwni geçip goluny silkip barýan ýalydy.Ony gara der basdy…

hhh

Magtymguly dünýä sygman Garajaryň ýakasyna,ýabany ýerlere aýlanyp alaç agtarýardy, agyr oýlara,soňsuz pikirlere gark bolup, dünýä bilen, gelejegi bilen gürleşip barýardy:

--Magtymguly,sen arşdan inen ýyldyrymsyň!Sen bir gyzyň yşky bilen ýanyp kül bolup gitmeli ýigit dälsiň!

--Magtymguly,sen gara daglaryň gursagyny ýaryp çykan çasly çaýsyň! Bir gyza güzer bolup geçerden,seniň maksatlaryň beýikdir!

--Magtymguly,aýdaly,sen keramatlam,gudratlam,Haali Zaman pirem bolan ekeniň-dä! Saparmyrat ýaly dälini sensizem açyp bilerler, sen gitseň Meňlijan dälirär… Meňlijan öler…

Ol guşluga golaý şitir-pitir ýagýan ýagşyň güýçlenýäninem duýma-ýardy. Gara daglarda bolsa gijäniň ýaryndan bäri apy-tupan turup, ýyldyrymlar asmany çat açdyryp, ýerleri-gökleri lerzana salyp,çagba ýagýardy,has dogrusy, gara bulut jala bolup daglara çökäýipdi.Şol lemmer-lemmer şar gara bulutlar kem-kemden Garajaryň depesinem alyp,ýagyş gitdigiçe güýjäp, çasly çagba aýlandy.Magtymguly

süllümbaý bolup oturşyna dünýä syn edýärdi: dünýä nowbahar şahyr oglunyň agysyny aglaşýardy. Magtymguly dünýäde ynsapdan uly,wyjdandan dürs tereziniň ýokdugyny bilýärdi. Ol düşen çykgynsyz ýagdaýyny ynsap,wyjdan terezi-sine saldy:

--Men Meňlini hijranda goýup gitsem,olam ençe ýylyň hijranyna çydaman, yşkdan ýaňa däliräýse, ençe ýylyň aýralygyna-pyrkatyna çyda-man, birden-ikä öläýse, ynsabymyň öňünde, yşkyň öňünde men günäkär borun, Meňli bolsa öler gider! Ylahy yşka sary gitmesem bolsa,Taňry maňa gahar edip,näme jezasy bolsa, diňe maňa berer!..Diňe meni ýazgarar! Diňe maňa gargar! Men Allamyň beren jezasyny çekmäge kaýyl! Diýmek, men Meňlini terk etmeli däl-- diýip,ahyry aýgytly hem ynsanperwer netijä geldi.

Agaçdan agaja bukulyp Magtymgulyny daşyndan garawullap ýören Janaman bilen Çaňly şalpy-şaraň ezilip üşäp ugrady. Olar Garajaryň haýsydyr bir gowagyna özlerini ataýmasa ýa bir buljum,ykyş ýerde ot ýakaýmasa çapgyn çagbada hä diýmän buýjakdygyna göz ýetirdiler, emma belli karara gelip bilmän kösendiler: olar nädip Magtymgulyny taşlap gaýdyp bilsin, nädip Magtymgula «ýör, ezildik, biz üşeýäs» diýip aýdyp bilsin, aslynda olar nädip Magtymgula görünip bilsin?! Garajardan bolsa guduzlaýan däli siliň güwwüldisi gulagyňy kamata getirýärdi. Çagba gitdigiçe şeýle bir güýjedi,ylla kündügiň jüründiginden guýulýan ýalydy, hatda ýagşa dyrmaşyp asmana çykybam boljakdy. Hol etekdäki takyrlar böreň-böreň suwdy, şalpy-şaraň Magtymguly agyr oý-pikirlerine gark bolup Garajaryň ýakasyna bardy. Ol haýran galdy. Gör-le,onuň alnyndan çagba ezilip, Meňli gyz ýylgyryp gelýär…

- Meňli, sen ýagyşa ezileniňde leýlisaçyň teli ýaly,çigillem güli ýaly has-da owadan bolýaň!

Meňli pyýala ýaly humarala ala gözlerini güldürdi. Magtymguly aklynyň üýtgäp ýörenine kemsiz ynandy.Bu hyýal däl,düýş däl! Meňli gyz hakykatdanda ýagşa ezilip alkymynda dur. Ol Meňliniň çasly çagba ýuwulan ýylgyrşyny, damjalary taýdyryp duran hurmaýy ter ýaňaklaryny teşnelik bilen synlady. Meňli ýagşa ezilen leýlisaç tal ýaly eýjejikdi, duýgudardy. Onuň terezilenip duran eginleri,bir garyş guw boýny,gara şamarlary,ogryn-ogryn bakýan humarala gözleri aşygyň janyny alyp barýardy. Magtymgulynyň göwnüne Meňliniň üstünden çagba däl-de göwher, dür-merjen ýagýardy. Ol özi bilmezden aşak garady, meýdanly gursakda howsala-howp bolup dim-dik duran gyz göwüslerini görüp başy aýlanyp tas özünden gidipdi, gyz maşgala ýagşa ezileninde şeýle anjaýyn bolýar-da! Çasly çagba bolsa häzir Meňlini geýim-gejimli halda «ýalaňaçlapdy».Ýukajyk ibrişim ýüpek köýnek gyzyň serwi boýuna, endamjanyna ýelmeşip, Meňliniň beýgi beýik, pesi pes, aýlawy aýlaw synalary Magtymgulynyň huşy beýlede dursun, özünem asmana uçurdy. Magtymguly uýalyp, gabagyny galdyryp, Meňliniň gyýma gaşlaryny, göwher hünjiler asylan syh-syh kirpiklerini, owadan läle-läle gyrmyzy leblerini synlady. Meňli «Mag-tym-gu-ly» diýip süýkdirip, şahyra jilwe taşlap gyýa garady. Şol pursat ol Meňliniň jadyly nazaryndaky ýyldyryma sezewar bolup,ene akly başyndan uçdy. Heý, Magtymguly Meňlijandan aýrylarmy? Ol-a pirlikmiş, Bagdatda jümle-jahanyň eýesi-- pygamberi bolýaň,Hudaý bolýaň diýleninde Magtymguly Meňlisini terk edermi?! Ýok, olary hatda şum ajalam aýra salyp bilmez! Ikisi ölse-de bile-je öler, ýaşasa-da bileje ýaşar!

--Meňlim,men seni terk edip gidip bilmen!

--Ynanýan,Magtymjan.

--Heý, men nädip hezreti pirime ýok diýip bilerin? Meňlim, Meňlim men gideýin.

--Gidäý,Magtymjan!…

--Meňlim,men seni terk edip gitsem… Ýok,ek,men gitmen!

--Magtymjan,men seniň haýsy sözüňe ynanmaly?

--Meňlim!Meňlim! Häzir meniň diýýän sözlümiň hijisine-de ynanma! Meniň aklym gelip-gitme boldy! Men jynlyrap barýan, Meňlim!

Magtymguly suw-sil bolup ýatan baýyrlykda at toýnaklarynyň şapyr-dysyny eşidip,eňsesine gaňryldy.Atyny ýorgasyna goýberip süllümbaý ezilip gelýän Gaýyp bagşyny görüp,geň galdy.Olar salam-helik edip,hal-ahwal soraşdy.Gaýyp bagşy goltuk jübüsinden elýaglyga dolanan haty dostuna uzatdy. Magtymguly howsala düşdi:

--Gaýypjan,eýgilikmi?—diýdi.

--Men Enwerhoja,magşugyň jigime şu haty beripdir,örän gyssagly diýip. Menem çagbanyň astynda atymy gara der edip örän gyssagly geldim!—diýip, Gaýyp bagşy ýylgyrdy. Magtymguly Meňliniň bukja ýasaýşyna beletdi, ol çasly çagba arkasyny öwürip,haty ýagyşdan penalap, eda bilen ýelimlenen ýerini açyp,hata göz gezdirdi. Soňam mährli ýylgyryp:

--Saňa bir päkize ahal atyny alyp bermesem boljak däl, sen örän gyssagly haty gyssagly getirip bilmänsiň—diýdi.Olar ýylgyryp hoşlaşdy. Gaýyp bagşy oba dolandy,Magtymguly haty öwran-öwran okady.Hatyň manysy şeýledi:

“Magtymguly,eizim,men seniň meni ýalňyz galdyryp, Bagdada gitme-jek bolup,gaty örtenýändigiňi bilýän! Emma hökman git, men saňa gara-şaryn.Ikimizi hut beýik Biribar duşurdy, beýik Biribar bizi aglatmak üçin,aýra salmak üçin duşuran däldir! Men saňa garaşaryn,ölýänçäm garaşmalam bolsa, garaşaryn! Eger meni söýýän bolsaň git,eger ikimiziň irde-giçde maksadymyza ýetmegimizi isleýän bolsaň hökman git! Eger maňa dözmezçilik edip hezreti pir bilen gitmeseň,Hudaýa ynanan ýaly ynanaý, men ýa senden geçerin, ýa özümden geçerin!.. ”

Meňli şeýle kesgin,ynamdar,ygtybar sözler bilen üç sahypa ýalba-rypdyr,akyl beripdir,garaşjagyny ynandyrypdyr. Magtymguly köp oýlandy, ölçerdi-dökdi, Meňliniň çakdan aşa akyllylygyna buýsandy. Ol şaglap ýagýan jalanyň astynda öl-myjjyk ezilip,ahyry belli-külli karara geldi:

--Gitmeli,mürid bolmaly! Gitmeli! Ylahy yşka sary! Eger indi sözüňde durup bilmeseň, Magtymguly,men senden geçerin! Eşidýämiň, Magtymguly, Meňlem senden geçer,menem senden geçerin!

Çasly çagba hüýlenip-hüýlenip ýagýardy.Daragtlar uzyn-uzyn golla-ryny göge uzadyp, şaglap gelýän jalany çapak çapyp garşylaýardy. Al-ýaşyl zemine hak aşyk asman hijrandan ýaňa hünübirýan möňňürip aglaýar. Asman aglasa ýer heýjana gelýär.Niräňe baksaň böreň-böleň suw. Daga jala ýagsa düzi sil alar diýleni-dä! Magtymguly ýüzünden ýagyş suwuny syrykdyryp Garajara tarap ýöneldi. Ol serwi agajynyň ýanynda arşyň ýagşyna ýuwunyp, özüne garaşyp, delmirip duran Meňliniň ýanyna baryp, humarala gözlerine seredip köp durdy:

--Hatymy okadyňmy,Magtymjan!

--Okadym. Meňlijan,ezizim,sen maňa garaş! Sen maňa garaş, Meňli-jan! diýip, ol şalpy-şaraň ezilen hüýr-melegini bagryna basdy, şol pursat onuň gujagynda Meňli däl-de,bir desse ýyldyrym owsunyp görer gözleri gamaşyp,endamjany lowlap gitdi! Magtymgulynyň Meňli diýip gujaklan serwi agajy ýyldyrym uran ýaly birdemde güpläp ot aldy. Magtymguly alawlaýan ataşdan daragty bagryna basyp durdy…

Seýrek arçalara dulanyp Magtymgulyny synlap ýören Janaman bilen Çaňlynyň haýýady göçdi. Näme nämeleriň bolup geçeninem duýman aňkaryp durşuna aljyrap, näme ederini bilmän ikisi-de «Magtymguly!» diýip jynssyz gygyryp, oňa garşy ylgady. Magtymguly bolsa lowlap ýanýan daragt bilen ýanyp durdy, ataşu-suzan piňine-de däl. Birsalymdan Magtym-guly düýbi çapylan agaç ýaly Garajaryň raýşyna agdarylyp gitdi. Ony penalap ýören ýigitleriň ikisem ylgaşyp baryp «Magtymguly! Magtym-guly!» diýip bagyryşyp, dem-düýtsiz ýatan Magtymgulyny gujaklap, hamana ony ajala bermejek bolýan ýaly allaniçiksi gygyryşýardy. Çaňly Magtymgulynyň ýeňlerindäki ýalyny öçürip durşuna ýagşa garyşan gözýaş-laryny süpürdi.Janaman:

- Çaňly, ylga, gaýraky kälde Kynyş dädem dermanlyk ot ýygyp ýördi, bagtymyza gitmedik bolaýadyr!--diýip, gygyrdy. Çaňly ugranyndan «Ky-nyş aga-how! Kerimberdi aga-how!» diýip gygyryp,barha gaty gygyrýardy, hamana öz sesini ýetjek bolýan ýaly çaksyz gaty ylgaýardy.Janaman gulagyny Magtymgulynyň gursagyna goýup görüp, goşaryndan tutup,damaryny barlap görüp, onuň ölendigini bilip ýüzüni asmana tutup,dady-peryat ses edip orlap başlady, ol hamana sesini Magtymgula eşitdirjek bolýan ýaly barha jynssyz gygyrýardy, bagyrýardy. Alyçsyz Janaman bar-bar bagyryp Alladan delalata garaşýardy.Şol mahal Garajaryň o kenaryna hopul-sopul on-onki ýaşly oglan geldi:

--Heý, Magtymgulyny ýyldyrym urdumy?

Janaman oňa nazar aýlady, emma ýumruk ýaly oglanjygyň näme diýýä-ninem eşitmedi, golaýynda güwläp ýanýan uly serwi agajynyň özüni hem ýakyp barýanyny aňdy, agajyň Magtymgulynyň üstüne agaýmagyndan heder edip, ilki gollaryndan tutup süýrärmen boldy, emma periş-de ýaly garda-şyny süýremäge dözmän, gujagyna göterip, bir hoplanda dag ýaly pyýadany gerdenine alyp, Garajaryň raýşy bilen ýegdekläp, on-onki ädimlikde howalaly gaba agajyň ykyşyna ugrady. Oglanjyk:

--Eý, Magtymguly öldümi?—diýip, ýaňadan gygyrdy.

Eý-ho! Pelek tersine çaldymy ýa dürsüne çaldymy, nämälim, agyr ýüküň, agyr kysmatyň astynda ýegdekläp barýan Janamanyň aýagy şykgy palçykda taýyp, Magtymgulynyň agramyna leňňer atyp, gitdi dik ýapgyt raýyşdan aşak! Ýapyşara Hudaýdan gaýry zat ýok, alaçsyz galan Janaman Magtymgulyny berk gujaklady. Ikisi togalanyp ala güwwüldi, gyzyl läbik bolup akyp ýatan Garajaryň holtumyna doldy. Janaman janhowluna maý tapsa, «Çaňly!» diýip çirkin gygyrýardy, emma baýyrlyk bilen Kynyş aganyň adyna zowladyp barýan Çaňly onuň sesini eşitjekmi?! Oglanjyk çagbanyň astynda ilerligine eňdi. Agdarylyp-düňderilip akýan silde Janaman gardaşyny gujagyndan sypdyrman kä çümüp, kä çykyp, hopugyp, bogazyna suw gidip, demigip, sypal ýaly gaýdyrylyp barýardy. Janaman dädesiniň öňünde ýüzügara bolup, neberäniň buýsanjyny, gardaşyny, janajan inisini gorap bilmän, halas edip bilmän ardurja ölmeli bolandygyna göz ýetirip, hasam aljyrady, hasam özüni ýitirdi...

Türkmen aga «ot belasyndan, suw belasyndan özüň gorawer» diýip ýönelige Hudaýa ýapyşýan däldir. Däli siliň ýanynda Janaman näme, Magtymguly näme! Hanha Garajaryň içi bilen düýe ýaly daşlaram tomala-nyşyp, arly ýyl jaryň hanasyna ýygnanan çöp-çalamlaram düýrülip-bükdürilip gara öý ýaly togalanyşyp barýar. Jala gitdigiçe güýjeýär, sil gitdigiçe böjeýär. Hanha, iki gardaş gaýdyrylyp barýar, öňde bolsa iki mähnet gara daş sil suwuna bent bolup ýatyrdy, Janamanyň ýalaňaç kellesi mähnet daşa uruldy, Magtymgulynyň omzy. Ýoňsuz zarbadan Janaman seňseläp, özünden gitdi,onuň mejalsyz, erksiz göwresi iki daşa tegek boldy, wagşyýana akym Magtymgulynyň göwresini onuň golundan sypdyryp, daşyň gaýrasyndan suwlundyryp aldy gitdi. Gitdi neresse sil suwy bilen kä çümüp, kä çykyp aýylgynç kysmata sary...

Olaryň bagtyna Kynyş aga bir zamandan galan köne çopan kümesiniň agzynda ot ýakynyp, heýjana gelip ýagýan barany synlap, lezzet alyp oturan eken. Şum habary eşidip, Kynyş aganyň imany öçüp, haýýady göterilip, gyýalap eňdi Garajara! Olar jaryň ýakasy bilen ylgaşyp barşyna iki daşyň arasyna tegek bolan Janamany gördüler. Kynyş aga öz guşagy bilen Çaňlynyň guşagyny berk daňyp, guşagyň bir ujuny eline alyp, mähnet daşyň ýokary ýanyndan suwa girdi. Sil Kynyş aganam güýçli akymyna saldy. Ol mähnet daşa urlan badyna, guşagyň ujuny Janamanyň guşagyna daňyp «çek» diýip kenardaky Çaňla gygyrdy. Çaňly omzap dartyp, Janamany kenara getirdi, ýöne wagşyýana sil Kynyş agany holtumyna dolap aldy gitdi...Üşükli, akylly adam siliň goýnunda-da üşükli bolýar! Kynyş aga bolmajysy bolup akyp ýatan sile garşylyk görkezmän, gaýta onuň akymyna goşuldy: sil çümdürse çümýär, çykarsa çykýar, mähnet daşlara urulaýmaly bolanynda gollaryny, egnini pena edinip, akyp bar-şyna gözi töweregginde: aldygyna «Magtymguly!» diýip gygyrýar.Çaňly Janamany süýräp ilki kenara, soňam ölümiň öýünde taýgançak raýşa çykardy. Bir dem özüni dürsäp, ýaňadan onuň ähli synalary şalkyldap ýatan göwresini başşak silkip başlady. Onuň agzyndan gyzyl läbik suw dökül-ýärdi. Ol Janamanam ölendir öýdüp, onuň adyny tutup eýmenç-eýmenç gygyryp, silkeleýärdi. Birden ysgyny gaçan Çaňly Janamany başşak silkip durşuna elinden gaçyrdy. Şolam taň bolaýdy, Janaman agyr urga özüne geldi, Çaňly dostunyň janyny arama getirip, eňdi raýyş bilen Garajaryň ugruny syryp... Jala bolsa bolmajysy bolup ýagýardy. Çaňly kimdir biri eşidip kömege geler öýdüp, ylgap barşyna jynssyz-jynssyz gygyrýardy. Onuň söwer dosty akyp barýar! Ol Magtymgulyny şum ajalyň penjesine berip , iliň gözüne nädip görnüp biler, nädip ýaşap biler?!

Çagba çynyny edip başlanmanka sürüsini garaýataga alyp gelýän orta ýaşly çopan bilen çoluk beýikli-pesli baýyrlyklarda hopul-sopul oglan-jyga duşdy, soňra Çaňlynyň mojuk owazyny eşidip, olar ses gelýän tarapa ylgadylar...

hhh

Öýlänara Nurjahan ene, Arazgül eje, Nurjemal,Ogulşeker dagy jaýyň eýwanynda çaýlap, şowhunly çagbany synlap, ondan-mundan gürrüň edip otyrdy. Zübeýda bolsa düşegiň çetinde gaýma gaýap agalary Muhammetsapa bilen Magtymgula toý tahýasyny tikýärdi. Ir bilen çagbalap başlan ýagyş keýp edip ýagýardy. Hamana asman ýyrtylan ýaly, şady-horram jala şowhun bilen dünýäniň depesinden eňterilýärdi.Howasam maýyldy. Ýaşyl ýazlaryň düýşi ýaly owadan jala janlary heýjana salýardy...

Şol mahal atyny ýüzin saldyryp,süllümbaý bolup howla Çaňly däl-de, aýylganç şum habar girdi! Magtymgulynyň jan ýaly dosty Çaňly heý elhenç habary aýdyp biljekmi? Ol ruhy ölen,perzi üýtgän ýüzüni egşidip dommarlyp durşuna,ýuwdunyp-ýuwdunyp ýeke sözem aýdyp bilmän «Magtym-guly!» diýip aglap goýberdi! Çaňlynyň pajygaly ýüzündäki-gözündäki aýylganç habary gören Arazgül ejäniň haýýady göterilip,Çaňly »Magtym-guly!» diýeninden oturan ýerinden şalkyldap gaýtdy, hatda aýallaram saklap ýetişmedi. Döwletmämmet pir görgüli lapma ýere çöküp, gözlerini göge dikip, nädip partlajagyny bilmän, doňup galan perýada, pajyga öwrüldi! Köpi gören Selim Magtymguly bar-bar bagyrýan Çaňla nähili mojugam bolsa şum habary aýtdyrdy. Kethuda pikirlenibem bilmän,diňe içinden «Haý,pirimiň aýdany rast bolup çykd-ow,wadaryg!» diýip,hezreti Seýit Syrajeddin piri bilen hoşlaşyk pursadyny ýatlady. Ençe fersah daşdaky Garajarda gark bolan Magtymgula etjek delalatynyň ýokdugyny bilibem, bende jansyz göwresini zordan öz jaýyna atdy, hakydasynda bolsa piriniň aýdan sözleri, Magtymgula ýazylan ajal permany bolup ýaňlandy durdy, ýaňlandy durdy. Döwletmämmet aga kyblagöý oturyp, gözlerinden ajy ýaşyny,jigerinden gyrmyzy ganyny akdyryp, mynajata başlady... Birhaýukdan hezreti Haali Zaman Kaýseri piriniň sözleri ýadyna düşdi: »Magtymguly,taýynlanyber, on-onbäş günden men gaýdyp gelerin, ikimiz Bagdada gideris,sen müridim bolarsyň,men mürşidiň». Döwletmämmet aga gark bolan ummanynda ýapyşmaga sypal tapyldy. Hezreti Haali Zaman pir Allanyň azyzy bolup,Hajygowşanda Magtym-gulynyň Hakyň hikmetine uçranyny Bagdatda oturan ýerinde aýan bilip, Magtymgulynyň on-onki günden gark boljagyny bilmezmidi!--diýip derdine basalyk berip, zenanlaryň jaýyna baryp özlerini öldüräýjek bolup,ýzan-da-çuwan aglaşýan,bozlaşýan ejesine, naçarlaryna göwünlik, teselli berdi:

--Hany ahy-nalaňyzy,dady-perýadyňyzy goýuň! Bagdatda Magtymguly-nyň Hajygowşanda Hakyň hikmetine uçranyny bilip, paýu-pyýada gelen hezreti Haali Zaman pirim Magtymgulynyň gark boljagyny bilmezmi?! Toba ediň! Gümürtik habara bagryňyzy paralap, şirin janyňyza kast edip oturmaň! Allatagala sygynyň!—diýip, gaty ynamdar gürledi. Egsikler birneme köşeşdi,sebäbi olar Döwletmämmet kethuda Hudaýa ynanan ýaly ynanýardylar. Bu mahal oba tebibi görgi baryny görüp Arazgül ejäni zordan özüne getirdi,naçar ene dälirän ýaly «Wah,pirlige dözmedik şasuwar balamy özüm şum ajala aldyrdym!» »Waý,ýagşyzadalyga dözmedik serdar oglumy öz elim bilen ölüme berdim!», »Waý,Hudaýyma dözmedik hanzada balamy Garajara gark eýledim-ow!»diýip bagryny paralap, saçla-ryny ýolmalap, dälirän ýaly samraýardy.Garakly bolup bendäni görer ýaly däldi, ýürekli bolup ene perýadyna çydar ýaly däldi. Görgüli samrap-samrap ýene özünden gitdi...

Şum habar gara ýol bolup syrgynma-syrgyn, köçeme-köçe, öýme-öý aýlandy. Jaýynyň eýwanynda Magtymgulynyň «Näler görner» aýdymyny aýdyp, Gaýyp bagşa sapak berip oturan Gara bagşy şum habary eşidip, aýdymy bilen doňup galdy. Köçe bilen tüweleýläp,şalpy-şaraň bolup gelen Heýjan heýwere Ogulgerek ejäniň gapysyny açyp:

--Magtymguly ölüpdir! -- diýdi. Depesaçy üýşüp giden Ogulgerek eje:

-- O nähili Magtymguly ölýämiş? -- diýip, sorady.Jigisi Göwher bilen haly dokap oturan Meňli nädip syçyrap ýerinden galanynam bilmedi, birdenem özüniň çaşyp barýanyny duýdy, özüne erk etjek boldy, emma bolmady, biçäräniň ýa essi aýylyp özünden gitdi,ýa öldi...

Heýjan heýwere şum ýüzüni hasam egşidip:

--Näme, Magtymgula ölmek bolmaýamyşmy?..Näme Magtymguly Humaý guşuň agzyndan gaçanmyşmy?.. Garajarda gark bolup ölüpdir!..Gijesi-gündizi meýdanda ýabany entäp ýörşüne ahyry şum ajala sataşypdyr! -- diýip, gapyny ýapmanam unudyp, gitdi çagbanyň asty bilen!..

Halk şeýle pursatda özüniň beýikdigini görkezýär! Hajygowşanyň ýerden ýöräni Garajara tarap sozanguýruk bolaýdy asyl. Düýeli düýesini, atly atyny, eşekli eşegini pyýada bilen artlaşyp, Garajara çapdyryp barýar...Şum habar ullakan obany lerzana getirdi, çasly çagba asmany-zemini heýjana getirdi. Magtymguly Garajarda suwa gark bolupdyr diýen habary eşiden badyna Nurjahan ene-de, Mirhaýdar aga-da,Ogulgerek eje-de,Selim Magtymguly-da,hajygowşanlylar-da kethudanyň ýekeje günde saç-sakgalynyň agarmasynyň sebäbine göz ýetiripdiler...Garajara gitmäge ragwaty ýok garry-gurtularam:

--Döwletmämmet weli-dä, Allanyň azyzy-da! Magtymgulynyň gark bolup öljegini ýyl ýarym ýyl öňünden bilipdir! Ýyl ýarymlap şasuwar oglunyň gara kysmatyndan ýaňa özi ölüp ýörüpdir!-diýişýärdiler...

Garajar obadan birnäçe menzil daşlykdan geçip gidýärdi. Atlylar atyny gara der derledip, haslaşyp baranynda jaryň ýakasynda Janaman, Kynyş aga, çopan-çoluk ylgaşyp Magtymgulyny agtarýardy. Garajar bolsa bu mahal tereň derýa öwrülip, wagşyýana güwläp, çille mes iner ýaly kükräp akyp ýatyrdy...

Müňlerçe adam eli syrykly, aranly garaňky düşýänçä Magtymgulyny gözledi. Bolsa-da çagba goýup sil derýasam azajyk köşeşip ugrady. Obadan getirilen müňlerçe maşala ot berip, ony uzak gije agtardylar. Gije ýarymdan agansoň, güýçli, daýaw-daýaw ýigitler suwy mazaly çekilen Garajaryň içine girip gözleýärdiler. Jaryň başyndan aýagyna çenli bir parça asman gaçan ýaly müňlerçe maşallar zemin ýyldyzlary bolup ýanýardy...Hajygowşanlylar indi ýigidiň diri tapylmajagyny bilýärdiler, ýöne ýagşyzadakybap Magtymgulynyň ölüp gidiberjegine hem ynanyp bilmeýärdiler, şonuň üçinem gaty yhlas bilen agtarýardylar. Kynyş aga bolsa gözlerinden ajy ýaşlaryny saçalap «Görersiňiz, Magtymguly dirigaýyp bolandyr!» diýip özüne-de, özgelere-de basalyk berýärdi. Garajara gelen kethuda bolsa doga okap Biribara ýalbarýardy, aşakda Haali Zaman Kaýseri pire ynanýardy. Geçmişi-geljegi görüp oturan beýik pir «Magtymguly, şaýyňy tutuber, on-onbäş günden men gaýdyp gelerin, ikimiz Bagdada gideris» diýdi ahyry-- diýip,şol bir jümleleri gaýtalap, göwresini terk edip barýan janyny saklaýardy.

Gije ýaşulylar Janamany, Çaňlyny, Kynyş agany, hopul-sopul oglany jemläp, bolan wakany jikme-jik soradylar. Çaňly Magtymguly serwi agajynyň ýanyna baranda, agajyň öz-özünden güpläp ýanandygyny aýtsa, Janaman agaç bilen Magtymgulyny ýyldyrym urdy diýdi.Hopul-somul oglanam Janamanyň aýdanyny tassyklady. Ýöne Kynyş aga, çopan bilen çoluk bu töwereklerde gögüňem gübürdemändigini, ýyldyrymyňam çakmandygyny tekrarlady. Ýaşulylar näme diýjegini bilmediler...

Säher-säher gözlegçiler Garajaryň ýakasynda topbak-topbak bolup namaza durdular. Namaz okamaýanlar bolsa jaryň aşak akymyna gidip Magtymgulyny agtarýardy. Yzky hatarda bir gysym pajyga bolup namaz okap oturan Kynyş aga sag egnine bakyp «aleýkum werahmatullahi» diýip doňup galdy, ol gözlerini sansyz sapar gyrpykladyp, höwlenen gözlerini açyp-ýumup,birdenem «Magtym-guly!» diýip jynssyz gygyrdy. Ymam bolup namaz okaýan Döwletmämmet aga Kynyş begiň däliränine ynanyp, dünýäsi goduklady. Kynyş beg ýaňadan «Magtymguly!» diýip inisini gujaklap dady-peryat edip, uly ili bilen bagyryp aglady. Yzky hataryň, öňýandaky hataryň namazhonlary Magtymgulyny görüp, namazyny bozanlarynam bilmän galdy. Birnäçe jahyl ony görjek bolup, gujaklap görjek bolup, onuň üsti alamünder bolaýdy. Uly şatlyk, uly şowhun gursaklara sygman, asmanyň astyna sygman märekäni heýjana saldy. Duýdansyz ýagy çozanynda hem namazyny bozmaýan türkmen «Magtymguly!» diýip, gygyryşyp, bagy-ryşyp, kimseler telpegini göge zyňsa, kimseler biri-birini gujak-laýardy. Ymam Döwletmämmet aga bilen öňdäki hataryň aksakallary nama-zyny okap boldular, emma nädip okanlarynam bilmediler. Döwletmämmet aga Allasyndan müň kerem yrza boldy. Onuň söwer ogly diridi,ol Allasyna, Haali Zaman pire halys ýürekden minnetdardy, çünki onuň aýdan sözleri oňa düýnden bärki ahy-efgan, dady-peryat ummanynda halasgär sypal bolmadyk bolanynda, ol bu mahala bagyr awusyndan öler giderdi… Adamlar Döwletmämmet pire ýol berdi. Kethuda didelerini ýaşlap barşyna oglunyň höwlenen gözlerini görüp geň galdy. Magtymguly töweregindäki adamlaryň bolşuny geňläp:

-- Däde, siz bärde näm işläp ýörsiňiz? -- diýdi.

Döwletmämmet aga ogluny bagryna basyp, onuň gark bolanynam bilme-ýändigine göz ýetirip:

--Garly çopanyň sürüsi çagbada buýupdyr. Şoňa kömege geldik. -- diýdi. Märeke Magtymgulynyň sugry telpeginde, geýim-gejiminde gark bolanyň alamatyny görmedi. Haýran galmaly ýeri, Çaňlynyň öçürdim diýen ýeňem ýanmandyr. Dädesi ogluny bagryna basyp durşuna Magtymgulynyň bir gudrata sezewar bolandygyna, ony hut Hudaýyň gudrat bilen gaýtaryp berendigine ynandy…

Il-ulus gudrata zar! Dünýä gudrat derkar! Düýn öýleden bäri Garajaryň içinden Magtymgulyny agtaran adamlar indi onuň gark bolanyna-da ynanyp bilmän, Magtymgula Gudrata sereden ýaly seredýärdiler…

Eýse, Magtymgulyny nähili gudrat diriltdi? Nähili gudrat ony jana getirip, çykmasy mümkin bolmadyk däli silden çykardy? Magtymgulynyň özi-hä serwi agajy bilen ýananynam, gark bolanynam bilenok.

Garajarda mähnet gara daşa urlup Janaman özünden gidensoň, ýowuz akym Magtymgulyny düýrläp aldy gitdi. Şahyr ýigidiň jansyz jesedi agdarylyp-düňderilip akýan däli silde kä çümüp, kä çykyp barýardy.Awuny aparan ajdarha ýaly sil Janamany bir daşa süsdürip, seňseleden bolsa, Magtymgulyny başga bir mähnet daşa süsdürip, jana getirdi. Dirini öldürip, ölini dirildip biljek aýylganç urgy zerarly onuň on iki synasyndan başlap, üç ýüz altmyş emer-damaryna çenli elhenç sarsdy. Ýokardan eňterilýän ýagyş, garly daglardan gelýän siliň buz ýaly sowuk suwy Magtymgulyny özüne getirdi. Ol lukmanlaryň kliniki ölüm diýilýäninde ölüp, siliň ýowuz urgusy zerarly jana gelipdi. Magtymguly essine aýlanyp bir seretse, däli sil ony eýmenç urgudan soň mähnet gara daş bilen gyýçak daşly kenaryň arasyndaky gysby ýere dykypdyr. Ol ilki özüni gara basýandyr öýtdi, däliräp ýörendirin öýtdi, ahyry şum ajalyň holtumyndadygyna akyl ýetirip, kenardaky gyrymsy ösümliklere ýapyşyp, bir salym özüni dürsedi. Soňam ähli güýji bilen, gorky hem tebigy halas bolma instinkti bilen göwresini dartdy. Hudaýym halas etjek bolsa, alajyny tapýar. Magtymguly edil öňünde syrtlanyňmy, möjegiňmi, oklykirpiniňmi, Alla bilsin, bir jandaryň sürenini görüp, sümülip içine girdi. Ol sowukdan ýaňa gagşap, bagry bilen süýreniň süreniň törüne garşy süýşdi. Süren gitdigiçe belende galýardy, gitdigiçe giňeýärdi, gitdigiçe ýylaýardy. Ol süýşenekläp esli gidip, ysgynsyz halda ýene özünden gitdi. Az salymdan bolsa süreniň agzyny suw basdy. Däli sil wagşyýana tolkunlary bilen süreniň girelgesiniň topuryny ýumşadyp, opuryp, ahyram gömüp taşlady. Magtymguly uzyn gije ýyljak sürende özüni bilmän ýatdy, bir mahaldanam oýandy, ýaş ýigidiň zähresi ýaryldy: ol özüni ölendir, ýatan ýerinem gabyrdyr öýdüp, urunyp, çykjak bolýan jan ýaly çabalandy, ajal apatyndan aljyrap gygyrdy. Ol jana gelse-de, uzyn gije ýatyp ukusyny alsa-da, entek beýnisi ibaly işle-meýärdi. Her hal birneme özüni dürsedi, pikirlenjek boldy, emma pikirlenip bilmedi. Onuň göwnüne bolmasa, bir ýerden sergin howa gelýän ýalydy. Ol dar sürende bagry bilen süýşe-süýşe ahyry ýagty jahanyň eşret howasyna golaýlady. Onuň bagtyna süreniň ýene bir buky agzy bar eken. Haýwanlaryň süreniniň ätiýaç çykalgasam bolýar-da! Magtymguly süreniň ätiýaç agzyndan zordan çykyp, ýene özünden gitdi…

hhh

Dört-bäş ýetginjek Hajygowşan obasynyň içi bilen at dabradyp:

--Haý, halaýyk, söýünji-how, söýünji! Magtymguly tapyldy! Magtym-guly diri! Magtymguly diri! -- diýip, gygyryşyp buşluga aýlanýardy. Arazgül eje bu habary eşidip, başda doňup galdy, birdenem ýene essi aýylyp oturan ýerinden agdarylyp barýarka, saklap ýetişdiler.

Meňli gyz ýedi ýylyň hassasy ýaly ýorgan-düşekli ýatyrdy. Görgüliniň gabaklary ýellenip, bir gije-de ölüp-dirilip, dirilip-ölüp sary sapaga dönäýipdir. Ol golaýa gelen çaparlaryň:. «Söýünji! How, millet söýünji! Magtymguly diri!» -- diýip gygyrýan sesini takyk eşitse-de, gulaklaryna ynanyp bilmedi.Ol ýerinden yra-dara galdy, şol pursat jigisi Göwher daşardan ylgap gelşine:

--Magtymguly diri!—diýip gygyrdy. Meňli äm-säm bolup durşuna ýaňadan özünden gidip kölege ýaly ýere ýazyldy…

S O Ň Y.